**B. Basarow**

Ψ

# Sosial psihologiýa

**AŞGABAT – 2008**

**Türkmenistanyñ Bilim ministrligi**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# Sosial psihologiýa
**(Okuw gollanmasy)**

**Ýazan: B. Basarow –** psihologiýa ylymlarynyñ doktory, professor

**Syn ýazanlar:** **B. Paşalakow –**psihologiýa ylymlarynyñ kandidaty, dosent
**A.Gylyjow** - psihologiýa ylymlarynyñ kandidaty, dosent

Okuw gollanmasy Türkmenistanyñ Prezidentiniñ ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky Ýokary Geñeş we Bilim ministrligi tarapyndan makullandy.

Adamyñ topara goşulmaklygy bilen onuñ iş-durmuşynyñ guralyş we dolandyrylyşyndaky psihologik özgermeleriñ jemgyýetiñ dürli ulgamyndaky kanunalaýyk hereketlenşini yzarlaýan sosial psihologiýa ylmynyñ nazaryýet we jemgyýet–amalyýet jähtli meseleleriniñ beýany eliñizdäki gollanmanyñ mazmunyny düzýär.

Okyjy bu kitapda köpçüligiñ haýsy wagtda adama ruhy daýanç-goldaw, haýsy ýagdaýlarda bolsa onuñ işjeñligini çäklendirýän şerte öwrülişiniñ, adama topar üsti bilen ruhy-paýhas täsir etmegiñ usullarynyñ jemgyýetiñ ylym-bilim, medeniýet-syýasat, durmuş-ykdysadyýet, tehniki-tilsimat ulgamlarynda sosial psihologik gullugyñ hyzmat-wezipeleriniñ guralyşynyñ psihologik esaslary bilen tanşyp biler.

Gollanma sosial psihologiýanyñ meseleleri bilen öz iş-hünäri boýunça iş salyşýanlara, şeýle hem giñ okyjylar köpçüligine niýetlenendir.



**GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ**
**ÖMÜRLIK PREZIDENTI**
**BAKY BEÝIK SAPARMYRAT TÜRKMENBAŞY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

### *III BÖLÜM*
### TOPARLARYŇ SOSIAL PSIHOLOGIÝASY.


*9-njy bap.* Sosial psihologiýada topar meselesi…………….102
*10-njy bap*. Uly sosial toparlaryñ psihologik häsiýetnamalary……………………......……..112
*11-nji bap.* Tötänleýin toparlar we köpçülikleýin hereketler…………………………131
*12-nji bap.* Kiçi toparyñ sosial psihologiýadaky umumy meseleleri……………………..................137
*13-nji bap.* Kiçi topardaky dinamiki hadysalar………………..150
*14-nji bap.* Toparyñ ösüşiniñ sosial-psihologik jähti………....175
*15-nji bap.* Toparara gatnaşyklaryñ psihologiýasy……………………………………..186


### *IV BÖLÜM*
### ŞAHSYÝETI DERŇEMEGIŇ SOSIAL PSIHOLOGIK MESELELERI


*16-njy bap.* Şahsyýet meselesi social psihologiýada…………..197
*17-nji bap.* Sosiallaşmak……………………………………207
*18-nji bap.* Sosial gönükdirme……………………………...217
*19-njy bap.* Şahsyýet toparda………………………………….231


### *V BÖLÜM*
### SOSIAL PSIHOLOGIÝANYŇ AMALY ULANYLYŞY


*20-nji bap.* Sosial psihologiýada amaly derñewleriñ aýratynlyklary…..…………………….244
*21-nji bap.* Sosial psihologiýada amaly derñewleriñ esasy ugurlary………………………258

EDEBIÝAT……………………………………………………277







**BAKY BEÝIK SAPARMYRAT TÜRKMENBAŞYNYŇ ATALYK KITAPLARY**

**GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY**

Türkmenbaşyň guran beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Türkmenbaşyň guran beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Türkmenbaşyň guran beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Arkamdyr bu daglar, penamdyr düzler,
Ykbalym, namysym, togabym, Watan!
Saňa şek ýetirse, kör bolsun gözler,
Geçmişim, geljegim, dowamym, Watan!



**M A Z M U N Y**

Sözbaşy…………………………………………………………3

***I BÖLÜM***
**GIRIŞ**

*1-nji bap.* Sosial psihologiýanyň ylmy düşünjeler ulgamyndaky orny…………………...4
*2-nji bap.* Sosial psihologik pikirleriñ kemala gelşiniñ taryhyndan…………………….18
*3-nji bap.* Sosial psihologik derñewiñ usulyýet meseleleri……………………………...33

***II BÖLÜM***
**ADAMLARYÑ ARAGATNAŞYGYNYÑ WE ÖZARA TÄSIRINIÑ KANUNALAÝYKLYGY.**

*4-nji bap.* Jemgyýetçilik gatnaşyklary we şahsyýetara gatnaşyklary…………………….47
*5-nji bap.* Aragatnaşyk maglumat alyşmak hökmünde……………………………….54
*6-njy bap.* Aragatnaşyk özara täsir hökmünde……………….64
*7-nji bap.* Aragatnaşyk adamlaryñ bir-birini kabul edişi hökmünde…………………………....78
*8-nji bap.* Aragatnaşyk tutumynda täsir etmekligiñ psihologik usullary…………………….92

48.Социальная психология личности. Под ред. М.И. Бобневой и Е.В. Шороховой. М.: Наука, 1979. 341 с.
49.Тард Г. Законы подражания. СПб, 1892.
50.Уманский Л.И. Психология организаторской деятельности школьников. М.: Просвещение, 1980. 152 с.
51.Шибутани Т. Социальная психология / Пер. с англ. М.: Прогресс, 1968. 535 с.
52.Шихирев П.Н. Современная социальная психология в Западной Европе. М.: Наука, 1985. 174 с.
53.Ярошевский М.Г. История психологии. М.: Мысль, 1985. 572 с.



***Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan Watanymyza,***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşa wepadarlyk Kasamy***

*Eziz Türkmenistan – ata Watanym,*
*Gurban bolsun saňa bu janym-tenim!*

*Eger-de men saňa sähelçe şek ýetirsem,*
*goý, meniň elim gurasyn!*

*Eger-de men saňa dil ýetirsem,*
*goý, meniň dilim gurasyn!*

*Eger-de men Türkmenistan Watanyma,*
*Beýik Saparmyrat Türkmenbaşa*
*dönüklik etsem,*
*goý, meniň ömrüm kül bolsun!*




32.Кон И.С. Психология ранней юности. М.: Просвещение, 1989. 254 с.
33.Кричевский Р.Л., Дубовская Е.М. Психология малой группы. М.: МГУ, 1991. 194 с.
34.Лабунская В.А. Невербальное поведение. Ростов-на-Дону: РГУ, 134 с.
35.Лебон Г. Психология народов и масс. СПб., 1896.
36.Леонтьев А.Н. Деятельность. Сознание. Личность. М.: Политиздат, 1975. 302 с.
37.Методологические проблемы социальной психологии. Под ред. Е.В. Шороховой. М.: Наука, 1975. 294 с.
38.Методология и методы социальной психологии. Под ред. Е.В. Шороховой. М.: Наука, 1977. 228 с.
39.Морено Дж. Социметрия / Пер. с англ. М.: Инлит, 1958. 285 с.
40.Немов Р.С. Социально-психологический анализ эффективной деятель-ности коллектива. М.: Педагогика, 1984. 285 с.
41.Парыгин Б.Д. Основы социально-психологической теории. М.: Мысль, 1971. 350 с.
42.Петровская Л.А. Теоретические и методические проблемы социально психологического тренинга. М.: МГУ, 1982. 167 с.
43.Проблемы руководства научным коллективом. Под ред. М.Г. Ярошев-ского. М.: Наука, 1982. 315 с.
44.Поршев Б.Ф. Социальная психология и история. М.: Наука, 1966. 211 с.
45.Психологическая теория коллектива. Под ред. А.В. Петровского. М.: Педагогика, 1979. 238 с.
46.Пэнто Р., Гравитц М. Методы социальных наук / Пер. с фр. М., 1972.
47.Свенцицкий А.Л. Социальная психология управления. Л.: ЛГУ, 1986. 255с.

16.Басаров Б.Б. Психология деятельностной и ценностной опосредство-ванности жизнодеятельности коллектива. Ашгабат, 1990. с.243
17.Беккер Г., Босков А. Современная социологическая теория в ее преем-ственности и развитии / Пер. с англ. М.: Изд-во ин. лит., 1961. 893 с.
18.Беличева С.А. Основы превентивной психологии. М., 1993. 196 с.
19.Берн Э. Игры, в которые играют люди. Люди, которые играют в игры. М.:
Прогресс / Пер. с англ. 1988. 398 с.
20.Бехтерев В.М. Коллективная рефлексология // Избранные работы по социальной психологии. М., 1994.
21.Бобнева М.И. Социальные нормы и регуляции поведения. М.: Наука, 1978.
22.Бромлей Ю.В. Этнос и этнография. М.: Наука, 1973. 272 с.
23.Бронфенбреннер У. Два мира детства. Дети в США и СССР / Пер. с англ. М.,1976. 165 с.
24.Введение в практическую социальную психологию. Под ред. Ю.М. Жукова и др. М., Наука, 1994. 255 с.
25.Выготский Л.С. Исторический смысл психологического кризиса. Т. 1. М.: Педагогика, 1982.
26.Выготский Л.С. История развития высших психических функций. Т. 3. М.: Педагогика, 1983.
27.Гозман Л.Я. Психология эмоциональных отношений. М.: МГУ, 1987. 166с.
28.Дилигенский Г.Г. Социально-политическая психология. М.: Наука, 1994. 304 с.
29.Донцов А.И. Психология коллектива. М.: МГУ, 1984. 207 с.
30.Зимбардо Ф. Застенчивость / Пер. с англ. М., 1992.
31.Зимняя И.А. Психология обучения иностранным языкам в школе. М.: Просвещение, 1991. 220 с.



## Türkmen halkynyň Milli hepdenamasy

Birinji gün – Başgün
Ikinji gün – Ýaşgün
Üçinji gün – Hoşgün
Dördünji gün – Sogap gün
Bäşinji gün – Anna
Altynjy gün – Ruhgün
Ýedinji gün -Dynçgün

## Türkmen halkynyň Milli müçenamasy

13 ýaşa çenli **çagalyk** müçesi
13 ýaşdan 25 ýaşa çenli **ýetginjeklik** müçesi
25 ýaşdan 37 ýaşa çenli **ýigitlik** müçesi
37 ýaşdan 49 ýaşa çenli **kämillik** müçesi
49 ýaşdan 61 ýaşa çenli **pygamber** müçesi
61 ýaşdan 73 ýaşa çenli **ruhubelentlik** müçesi
73 ýaşdan 85 ýaşa çenli **aksakgallyk** müçesi
85 ýaşdan 97 ýaşa çenli **gartaňlyk** müçesi
97 ýaşdan 109 ýaşa çenli **Oguzhan** müçesi

## Ş Ö Z B A Ş Y

Öz ruhy-jemgyýetçilik esaslandyrmasyny Mukaddes Ruhnamadan alan Garaşsyz türkmen jemgyýeti halkyñ maddy–ykdysady hajatlarynyñ doly kanagatdyrylmagyny üpjün etmek bilen bir hatarda her bir şahsyýetiñ ruhy-medeni höwes-isleg howalasyny eşitmekligi baş ýörelgä öwürdi. Täze türkmen jemgyýetinde onuñ her bir ulgamynyñ adalatly iş – gatnaşyk tutumynyñ ylmy-tehniki ösüşiñ ýokary derejesi bilen utgaşdyrylmagy şahsyýetiñ gülläp ösmeginiñ, güýç-goruny döredijilikli gazanmalara ornaşdyrylmagynyñ esasy şertidir.

Adam gündelik synlamalarynda şol bir işi ýekelik we topara goşulyp amal etmeginiñ düýpli aýrybaşgalygyna göz ýetirýär. Kähalatlarda topar içindäki iş-hereketinde ýekelikdäkiden has gala işjeñlik we netijelilik, käbir ýagdaýlarda bolsa, tersine, iş-öndürijiliginiñ bökgençligini, pähim-paýhas, erk-duýgusynyñ gysbylygyny syzýar. Öz işinde azda - kände oñyn tejribe toplan her bir ýolbaşçy şol bir ýumşuñ topar agzalarynyñ bilelikde, başga bir ýagdaýda bolsa ony her kese ülüşleýin paýlap, aýry-aýralykda berjaý edilmekliginiñ maksadalaýyklygyny syzýar. Täze işe alnanyñ topara tanyşdyrylyşynda ol



## EDEBIÝAT


1.Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001.
2.Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama II kitap. Aşgabat, 2004.
3.Saparmyrat Türkmenbaşy. Türkmeniň bäş eýýamynyň ruhy. Aşgabat, 2003.
4.Saparmyrat Türkmenbaşy. Türkmen ilim aman bolsun. Aşgabat, 2002.
5.Saparmyrat Türkmenbaşy. Meniñ ruhybelentlik baharym.Aşgabat, 2004.
6.Saparmyrat Türkmenbaşy. Mähribanlarym. Aşgabat,2005.
7.Агеев В.С. Межгрупповое взаимодействие. Социально-психологические проблемы. М.: МГУ, 1990. 240 с.
8.Алешина О.Е. Индивидуальное и семейное психологическое консуль-тирование. М., 1994. 170 с.
9.Андреева Г.М. Социальная психология. Изд. 3. М.: Наука, 1994. 325 с.
10.Андреева Г.М. Актуальные проблемы социальной психологии. М.: МГУ, 1988. 109 с.
11.Андреева Г.М., Богомолова Н.Н., Петровская Л.А. Современная социаль-ная психология на Западе. Теоретические ориентации. М.: МГУ, 1978. с.
12.Асмолов А.Г. Личность как предмет психологического исследования. М.: МГУ, 1984. 103 с.
13.Басаров Б.Б. Гысга психологик созлук. Ашгабат, 1993.
14.Басаров Б.Б. ве бейл. Gözellik terbiýesi. Aşgabat, 2002., 144s.
15.Басаров Б.Б. Проблемы психологии устойчивости личности. Ашгабат, Ылым. 1981.

beýanetçä teklip edilýän bilen meñzeşdir. Ýöne syýasatçynyñ işiniñ aýratynlygyny, onuñ täsiriniñ möçberini nazarda tutup, maslahat bermeklik bu ýerde has jogapkärçilikli bolýar.

**4.**Işiñ dördünji ugry-**garşydaşlaryñ psihologik keşp-portretlerini döretmek, söziñ has giñ manysynda dürli gepleşikleri psihologik jähtden üpjün etmekdir.** Syýasy durmuşyñ demokratik mazmuna eýe bolmaklygy goýlan sowallary has ýitileşdirýär. Amalyýetçi psihologyñ syýasat ugrundaky işiniñ mysalynda hünärmeniñ örän sowatly we başarjañ bolmalydygy, özünde ekspertizanyñ, maslahatyñ takyk tehnologiýasynyñ düşünjelerini däl, eýsem jemgyýetçilik durmuşynyñ düýpli meselelerinden baş çykarmak başarnygyny jemlemelidigini äşgär görkezýär.



barada oñyn zatlaryñ aýdylmagynyñ onuñ gowy garşylanyp, topara çalt goşulyşyp gitmeginde ähmiýetiniñ uludygy-da tejribeli ýolbaşçylara mälimdir. Tersine, toparda önden tanyş adamlar dogrusynda iñ soñky oñyn däl maglumatyñ onuñ çetleşdirilmeginde ykbal kesgitleýji bolýanlygyny syzýanlygy üçin her kes özi barada gybatdyr – töhmetiñ döremeginden heder edýär.

Adamyñ topara goşulmaklygy bilen onuñ iş durmuşyndaky ýüze çykýan psihologik üýtgeşmeleri derñeýän ylym pudagy sosial psihologiýa diýip atlandyrylýar. Agzalan psihologik kanunalaýyklyklarynyñ adamyñ hususy tejribesinde ýüze çykarylyp, iş – gatnaşyk ulgamyna ornaşdyrylmaklygyna garaşmaklyk ýoñsuz wagt dowamlylygy we netijeliligi kepillendirilmeýän guralyşdyr. Bu kanunalaýyklary hususy ylmy derñewde ýüze çykarmak, giñ jemgyýetçilik amalyýetinde olaryñ gözegçilikli döredilişini we dolandyrylyşyny gazanmak sosial psihologiýanyñ ylmy hökmünde esasy wezipesidir. Eliñizdäki gollanma girizilen meseleler sosial psihologiýanyñ esasy we has umumy mazmun düzüjileri bolup, olaryñ özleşdirilmekligi bu ylmyñ jemgyýetçilik durmuşyñ aýry-aýry ulgamlaryna degişlilikde haýsy ýumuşlaryñ çözlüşine dahyllydygyna bolýändigine göz ýetimäge mümkinçilik berer.

**B. Basarow psihologiýa ylymlarynyñ doktory, professor**

## I BÖLÜM
## GIRIŞ.

### 1-nji bap. Sosial psihologiýanyň ylmy düşünjeler ulgamyndaky orny.

**Meselä çemeleşmek.** Sosial psihologiýa. Sözleriň bu atlandyrylyşyndaky biri-biri bilen utgaşmasy seredilýän dersiň ylmy düşünjeler ulgamynda aýratyn orun eýeleýändigini aňladýar.

Öňki sowet psihologiýasynyñ çäginde meseleleri añrybaş gödek materializme baglanyşdyrylyp esaslandyrylýan bu ylmyñ gözbaşy adamyñ mukaddes ruhy bilen däl-de, adamlaryñ özara hereketleriniñ paýhasda ýönekeý şöhlelenmesi bilen baglanyşdyrylýardy. Adamyñ "menininiñ", subýektiw dünýäsiniñ döredijі, ugrukdyryjy we dolandyryjy güýji Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyñ pelsepe-psihologik taglymatynda öz çuññur esaslandyrmasyny tapdy. "Durmuşy nähili keşpde kabul etseñ, ol şol keşpde-de bolýandyr! Owadan görüp bilseñ – owadan, betnyşan görseñ - betnyşan görner! …Durmuşa şatlyk berseñ – şatlyk, bagt berseñ – bagty gaýtaryp berýändir." (Mukaddes Ruhnama. 2-nji kitap. 367-368 sah.).

"Adam şahsyýeti ruhy şahsyýet bolup oýanar" (Mukaddes Ruhnama. 2-nji kitap. 299 sah.). Psihologiýa we sosiologiýa ylymlarynyň çatrygynda döräp, sosial



psihologyñ bu ugurdaky işiniñ özboluşly görnüşi syýasatça onuñ saýlawçylar ýa-da ilatyñ başga toparlary bilen duşuşanynda ýüze çykjak mümkingadar ýagdaý barada teklipler bermekdir. Bu ýerde syýasatçy bilen bilim beriş aragatnaşyk guramak, ikitaraplaýyn sözleýşiñ ähmiýeti we beýlekiler barada düşündiriş, öwrediş işi göz öñünde tutulýar.

**3**.Üçünji ugur-**syýasy işgärlere** olaryñ köpçülik öñündäki çykyşynyñ öñüsyrasy gös-göni **maslahat** bermekdir. Bu ýerde ýerine ýetirilýän iş mahabat-reklamadaky işe meñzeşdir: ol işgäriñ şahsyýeti barada belli bir ýakymly keşbi-imeji döretmekdir. Syýasatçynyñ keşbi-imeji –bu ýönekeý goşundy däl-de, onuñ at-abraýlylygynyñ möhüm şertidir. Keşp-imej telewideniýede, mitingde, duşuşykda has möhümdir. Bu ýerde ol gös-göni ýüze çykýar. Şonuñ bilen bir hatarda keşbiñ-imejiñ syýasatçynyñ adamlaryñ öñünde çykyş edişini, metbugatda, halkyñ ol barada aýdylmalaryny özünde jemleýän durnukly görnüşi-de döredilýär. Maslahatçynyñ syýasatçy barada keşp-imej döretmek boýunça alyp barýan işi örän çäkli we yrgadyr. Ol adamy öz bolşundan üýtgedip, düýpgöter “başga” öwrüp, sözüñ takyk manysynda “keşp-döredijі” bolup bilmez. Onuñ işi sargytçynyñ, aýdaly çykyş edýäniñ, daşky görnüşiniñ, ýüz muskullarynyñ, al hereketleriniñ, sözleýşi guraýşynyñ we ş.m. nähili kabul edilýändigi dogrusynda yza dolanýan maglumat bermekdir. Şeýle häsiýetli maslahat paýdarlar jemgyýetleriniñ, firmalaryñ, şereketleriñ ýolbaşçylaryna, mugallyma, islendik

psihologlaryñ we sosiologlaryñ, ykdysady syýasatda bolsa ykdysatçylaryñ bilelikdäki tagallasy bilen amala aşyryp bolar. Eger karara gelniş köpçüligiñ isleg-höwesinden sowa bolsa psiholog syýasy çözlüşiñ mümkingadar döräýjek gartgynlygyny öñünden görüp, ony ýeñip geçmegiñ ýollaryny ýüze çykarmalydyr.

**2.**Psihologyñ ( şol bir wagtyñ özünde sosiologyñ hem) amaly işiniñ ikinji ugry- **jemgyýetçilik pikiriniñ ýagdaýyny üznüksiz seljermekdir.** Gürrüñ takyk aýry-aýry çözlüşe däl-de, köpçülikleýin añda ol ýa-da beýleki syýasy, ykdysady we sosial hakykatlar dogrusyndaky umumy düşünjeler barada barýar. Jemgyýetçilik pikiri öwrenmegiñ sosiologiýada kabul edilen adaty usullarynyñ üsti doldurylmasy hökmünde sosial psiholog çuññur pikir soralmalary geçirip, aýry-aýry toparlaryñ aýry-aýry sowallar boýunça pikirleriniñ özboluşly "kesimlerini" alyp bilýär. Şeýle derñewde sargytçynyñ aýratyn syýasatçy ýa-da haýsydyr syýasy gurluş bolup duryanlygy üçin alnan netijäniñ ony kanagatlandyrmazlygyna psiholog öñünden taýýar bolmalydyr. Aslynda her bir syýasatçynyñ özi hem jemgyýetçilik pikiriniñ mazmuny dogrusynda belli bir garaýyş döredip bilýär. Onuñ pikir jemlemesiniñ derñew geçireniñ pikir ýöretmesi bilen gabat gelmezligi mümkindir. Syýasatçylaryñ arasynda giñden ýaýran ýoñlaryñ biri - öz islegiñi hakykat hökmünde kabul etmek bolýanlygyny nazarda tutup, psiholog-amalyýetçi öz seljermesiniñ hakykata laýyklygyny sargytça düşündirmäge taýýar bolmalydyr. Amalyýetçi-



psihologiýa aýratyn mazmuna eýedir. Şol bir wagtyň özünde "dörediji" dersler - sosiologiýa we psihologiýa ony özüniñ düzüjisi hökmünde öz düzümine goşýarlar. Bu ylmy pudagyň şeýle araçäre ýagdaýy birnäçe sebäpler arkaly döredilip, olaryň esasylarynyň biri jemgyýetçilik durmuşda diňe iki ylmyň –psihologiýanyň we sosiologiýanyň bilelikdäki tagallasy bilen öwrenilip bilinýän hadysalaryñ bolmagydyr. Bir tarapdan, islendik jemgyýetçilik hadysasynyň adamlaryň işi arkaly ýüze çykýanlygy, adamlaryň bolsa aň we erk arkaly hereket edýänligi sebäpli ol hususy "psihologik" nukdaýa eýedir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şeýle belleýär: "Adamzadyñ esasy tebigaty daşyñy gurşap alan, göze öwrenişen barlykdan gaçyp, has owsunjy, has imrindiriji özge bir barlyga geçmekdir. Adam hemişe özge äleme, başga owazlara maýyldyr. Çüñki, onda akyl bardyr. Akyl - derýa kimin kenarlaryna azm urýan barlykdyr[1]…". Başga bir tarapdan, adamlaryň bilelikdäki işi ýagdaýynda aragatnaşyk we özara täsir ýaly düýpgöter özboluşly baglanyşyklar ýüze çykyp, olary psihologik bilimleriň çäginden daşda seljermek mümkin däldir. Sosial psihologiýanyň goşalaýyn ýagdaýynyň başga bir sebäbi onuñ sosiologik we psihologik bilimleriň jümmüşinde bir wagtyň özünde

[1] .Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap. Aşgabat, 2004, sah. 306-307

kemala gelen bu dersiň döreýiş taryhy bilen baglanyşyklydyr. Bu jähtden sosial psihologiýa sözüň doly manysynda bu iki ylmyň "çatrygynda" ýüze çykýar. Bularyň hemmesi sosial psihologiýanyň dersini kesgitlemekde we onuň meselelerini anyklamakda degişli kynçylyklary döredýär. Şol bir wagtyň özünde jemgyýetçilik ösüşiň amalyýetiniň islegleri şeýle araçäk meseleleri sosial psihologiýanyñ dersiniň gutarnykly anyklanmagyna garaşmazdan, günibirin çözmekligi talap edýär. Jemgyýetiň häzirki ösüş döwründe sosial psihologik derňewlere bolan talaplar jemgyýetçilik durmuşyň ähli pudaklaryndan gelip gowşup, şonuň bilen baglanyşykda jemgyýetçilik hadysalaryny aňly dolandyrmak islegi-de artýar. Şeýle talaplar senagat önümçiliginden, terbiýäniň dürli ugur-laryndan, köpçülikleýin habar beriş ulgamyndan demografiki syýasatdan, jemgyýete garşy özüňi alyp barşa göreşden, sportdan, hyzmat ediş ulgamyndan we beýlekilerden gelýär. Umuman, amaly talaplar sosial psihologiýada nazaryýet bilimleriň ösüşünden agdyk gelýär.

Bu zatlaryň hemmesi häzirki döwürde sosial psihologiýanyň güýçli depginde ösmegine ýardam edýär. Şeýle ösüşe zerurlyk ýene-de iki ýagdaý arkaly güýçlenýär. Birinjiden, biziň ýurdumyzda sosial psihologiýanyň özbaşdak ylym hökmünde ösüşiniň taryhynda uzak wagtlaýyn arakesme bolup, sosial psihologik derňewleriň täze güýçli janlanma döwri 50-nji ýyllaryň ahyrynda, 60-nji ýyllaryň başlarynda başlandy. Ikinjiden, sosial psihologiýa özüniñ mazmuny



maglumatlar almaga oña rugsat edilmeli: syýasy çözlüşler köplenç gysga möhletlerde kabul edilip, olaryñ bir bölegi bolsa gizlin bolýar. Üçünjiden, syýasy işgäre şahsy maslahatlar berýän psiholog belli bir derejede onuñ nazaryýetini, garaýşyny paýlaşmalydyr. Başgaça aýdanyñda psihologyñ hünärmen we raýatlyk orunlarynyñ utgaşmasy meselesi ýüze çykýar. Dördünjiden, käbir halatlarda ýüze çykýan syýasatda psihologik gulluga, psihologik şübheli gatnaşygy ýeñip geçmek ( "syýasatçy kesekiniñ pikiri bilen ýaşamaly däl" we ş.m.).

Şeýle-de bolsa psihologik goldawyñ zerurlygyny añlamaklyk kem-kemden syýasy işgärleriñ ulgamyna aralaşýar. Psihologyñ bu ugurdaky meseleleri we iş usullary kem-kemden aýdyñlaşýar. Bu babatda psihologyñ işiniñ aşakdaky ugurlaryny ýüze çykarmak mümkin.

**1.Karara gelmekligiñ döredilişine we çözlüşine gatnaşmak.** Köp sanly syýasy çözgütleriñ birtaraplaýynlygy olaryñ işlenilip düzülişinde ony raýatlaryñ, nähili kabul etjekdigi ýaly şertiñ nazara alynmazlygy bilen baglanyşyklydyr. Başgaça aýdanyñ-da kabul edilýän çözlüşleriñ psihologik netijeleri göz öñünde tutulmandyr. Düzedişi psiholog girizmelidir: raýatlaryñ garaşmalaryny göz öñünde tutmak, ilatyñ dürli gatlaklarynyñ resminamalary nähili kabul etjekdigini çaklamak. Şeýle çaklamanyñ esaslandyrylandygyny gazanmak üçin köpçülikleýin añyñ ýagdaýyny öñünden kesgitlemeli bolýar. Muny

Oña sosial psihologyñ ştat işgär hökmünde goşulmagy öz-özünden düşnüklidir.

**Syýasat.** Sosial psihologyñ syýasat ulgamyndaky amaly derñewi we amaly işi biziñ ýurdumyza degişlilikde täzeräk ugurdyr. Ýöne şeýle tejribe dünýä sosial psihologiýasynda bireýýäm toplanandyr. Bu ugurdaky ilkinji işler G.Lassuelle degişli bolup, XX asyryñ 30-njy ýyllarynda geçirilendir. Psihologiýa ylmynyñ ýörite **"syýasy psihologiýa"** şahsy döredilip, onuñ düýpli işlerinde amaly ornaşdyrmalaryñ giñ toplumy ýüze çykarylandyr (M.German, N.Janns, W.Stoun, P. Şaffner). Syýasatyñ öz seljermesinde sosial psihologiýanyñ gatnaşýan meseleleri aýandyr: syýasy karara gelinmeleriñ psihologik şertleri, olaryñ kabul edilişiniñ psihologik şertleri; syýasy işgäriñ şahsy häsiýetnamalarynyñ we keşbiniñ ähmiýeti; syýasy sosiallaşma we beýlekiler. Ýöne bu meseleler köp derejede diñe nazaryýet häsiýetde işlenilendir. Bu ulgama sosial psihologiýanyñ amaly ornaşdyrmalary barada aýdylanda bolsa mesele entek öñjeýli işlenen däldir.

Uly syýasy işgäriñ ýanynda maslahatçy bolup işleýän psihologyñ özboluşly kynçylyklary ýörite üns bererlikdir. Birinjiden, syýasatçyda iki häsiýetiñ utgaşmaklygy: onuñ psihology çagyrmak **mümkinçiligi** (aýdaly, maliýe tarapdan) we muny etmäge **höwesi** (şeýle işiñ möhümdigine düşünmegi). Ikinjiden, bu derñew geçirmäge we maslahat bermäge ýagty we



boýunça ýiti sosial we syýasy meselelere, aňyýete ýakynlygy sebäpli onuň ösüşinde dürli dünýägaraýşyň bolmagy tebigydyr. Sosial psohologiýa Günbatarda özboluşly dünýägaraýyş esasynda ösüp, biziň Garaşsyzlykdan öňki döwrümiziň sosial psihologiýasy oňa çapraz bolan häsiýetli dünýägaraýyş we derňew usulyýeti esasynda guralypdy.

Şeýlelikde, sosial psihologiýa üçin başga ylymlara garanda has möhüm zat – bir wagtyň özünde iki meseläni çözmek bolup durýar: amaly derňewleriň netijesinde amalyýetde zerur bolan teklipleri, çözlüşleri işläp düzmek we ylmy düşünjeleriň bitewi ulgamy hökmünde öz dersini anyklamak, ýörite taglymatlar we ýörite derňew usulyýetini döretmek arkaly öz hususy ymaratynyň üstüni ýetirmek.

Bu meselelere seretmeklige girişmek bilen, bir bada has takyk kesgitlemelere geçmezden sosial psihologiýanyň kömegi bilen çözülýän meseleleriň toplumyny anyklamak zerurdyr. Özüniň araçäk häsiýetine garamazdan sosial psihologiýa psihologiýanýň bir bölümi bolup durýar. (Bu ýerde başga nukdaýnazaryň-da, ýagny bu dersi sosiologiýa goşýanlaryň-da bardygyny aýtmalydyrys). Şunuň bilen baglanyşyklykda, bu dersiň meselelerini kesgitlemek psihologik meselelerden hut sosial psihologiýanyň garaýşyna degişli meseleleri ýüze çykarmaklygy aňladýar. Sosial psihologiýa ylym hökmünde adamlaryň özüni alyp barşynyň we işiniň hem bu toparlaryň psihologik häsiýetnamalaryny öwrenýär. Sosial

psihologiýanyñ birbada psihologik we sosiologik kanunalaýyklyklary özünde jemleýändigi onuñ öwreniş dersini seljermekde belli bir kynçylyklar döredýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ylymlaryñ ders dürli-dürlüligi boýunça şeýle belleýär. "Adam nebsi tebigatdan bolup, tebigatyñ kanunlaryna görä-de ýaşamak isleýär. Emma, jemgyýet başga bir kanunlardyr, onda tebigat kanunlary ýöretmeýär, eger olary goldanjak bolsañ, uly ruhy-ahlak kynçylyklary we hatda betbagtlyklary ýüze çykýar" [1].

Sosial psihologiýanyñ özüniň dersine şeýle kesgitlenmekligine gelşine düşünmek üçin onuň taryhynda ýüze çykan çekişmeleriň mazmunyny seljermek örän möhümdir.

**Sosial psohologiýanyň dersi dogrusynda XX asyryñ 20-nji ýyllardaky çekişmeler.**

Öňki Sowet psihologiýanyň taryhynda şeýle çekişmeleriň iki tapgyryny görkezmek mümkin: 20-nji ýyllar we 50-nji ýyllaryň ahyry, 60-njy ýyllaryň başy. Bu döwürler diňe bir taryhy gyzyklanma döretmän, sosial psihologiýanyň ylmy bilimleriň arasyndaky ornuna çuň düşünmäge we onuň dersiniň has takyk kesgitlemesini döretmäge mümkinçilik berýär.

20-nji ýyllarda sosial psihologiýanyň dersi dogrusyndaky çekişmeler iki ýagdaý arkaly ugrukdyryldy. Bir tarapdan, guralýan täze jemgyýet döwründe hut durmuşyň özi sosial psihologik

---
[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap. Aşgabat, 2004, sah. 435



durmuş ýoldaşyny saýlamaklygy olaryñ özara gatnaşyklarynyñ psihologik guralyşyndan aýrybaşga bolup bilmez. Häzirki döwre çenli geçirilen birnäçe tejribeler “tanyşmaklykdaky” üstünligiñ şeýle gullugy guraýanlaryñ sosial psihologik sowatlylygynyñ derejesine baglydygyny görkezdi. Maşgala gullugy ulgamyndaky meseläniñ ikinji bölegi eýýäm gurlan, ýaşap ýören maşgalalara degişlidir. Bu ýerde esasy mesele maşgalanyñ durnuklylygyny ýokarlandyrmaga ýardam edýän **maşgala gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakdyr**. Soñky ýyllarda jemgyýeti aladalandyrýan esasy meseleleriñ biri nika bozulmaklygynyñ artmagydyr. Munuñ ýörite demografiki edebiýatda seljerilen möhüm sebäpleriniñ biri är-aýalyñ öz gündelik özara gatnaşyklaryny gurap bilmezligidir. Bu amaly sosial psihologik derñewleriñ möhüm görnüşleriniñ biriniñ maşgala dartgynlyklarynyñ görnüşini we gurluşyny, olary çözmekligiñ usullary bolmadygyny añladýar.

Şol bir wagtyñ özünde bularyñ ählisi diñe bir derñew “temasy” bolmaly däldir: amaly sosial psiholog maşgalada kadaly aragatnaşyk saklamagy okatmalydyr.

Şeýle okadylyşyñ serişdesi sosial psihologik türgenleşikdir. Ýöne islendik türgünleşik okuwy diñe bir kynçylykly däl, eýsem uzak wagtlaýyn işdir. Maşgala agzalary üçin ol haýsy-da bolsa bir ýerde guralmalydyr. Meseläniñ ýeke-täk çözlüşi ýörite **maşgala maslahatlaryny** guramak bolup, bu ugurda iş eýýäm geçirilýär.

agdyklyk edýän önümçilikde tebigy aragatnaşyk gurşawy garşylykly jyns bilen özara gatnaşygy kynlaşdyrýar. Iş we boş wagtyñ önümçilik düzgüni boýunça guralmagy ýekebara, maşgalasyz / öýlenmedik/ we ş.m. adamlaryñ belli bir ýaşdaky adamlar bilen aragatnaşykda bolmagyny kynlaşdyrýar. Bu ýagdaýda "kömek" sosial psihologiýa tarapyndan däl-de, dürli döwlet we jemgyýetçilik çäreleriniñ /meselem, klublary/ kärhanalaryñ dostlugynyñ dürli görnüşlerini döretmek, toparyñ agzalarynyñ agşamlara özara çakylyklaryny, bilelikdäki sport ýaryşlaryny guramak we ş.m. / ulgamynyñ üsti bilen berilýär.

Ýöne meseläniñ ýene-de bir tarapy bardyr: ýaş adamlarda dürli sebäplere görä beýleki jynsyñ wekili bilen özara gatnaşygy guramaklyga päsgel berýän belli bir psihologik päsgelçilikleriñ ýüze çykarmagy. Bu ýerde psihologyñ kömegi her bir jähtden zerurdyr. Sosial psihologiýa degişlilikde aýdylanda bolsa, ol bu kynçylyklaryñ haýsy biri dörän ýagdaýynda hem "tanyşmaklyk gullugyny" guramaklygy öz üstüne alyp biler. Bu ugurda döreýän biynjalyklyk adamyñ durmuşynyñ şeýle inçe tarapynyñ guralyşy kelle göçgün, geldi-geçer, hususy gazanç başlangyjynda "işleýän" howatyrlygy bilen baglanyşyklydyr. Şonuñ üçin her bir "duşuşyklar kluby", her bir maslahat hökmany ýagdaýda aragatnaşyk alyp barmaklyga ýörite öwredilişe, okadylyşa daýanmalydyr. "Elektron sawçynyñ" hyzmatyndan peýdalanylýan ýagdaýynda hem ol meseläni doly çözüp bilmeýär: gelejekki çatynjalaryñ öz



meseleleri öňe sürdi. Ikinji bir tarapdan, şol ýyllardaky aňyýet göreşi sosial psihologik ylmyň ulgamyna hem aralaşdy. Mälim bolşy ýaly ýiti aňyýet göreşi ol ýyllarda materialistik we idealistik psihologiýanyň arasynda bolupdy. Bütin psihologiýa ylmynyñ pelsepe, usulyýet esasynyň ykbaly üçin şol döwürde G.I.Çelpanowyň pikiri aýratyn ähmiýetli bolup, ol idealistik ga-raýyşdan ugur alyp, psihologiýany iki bölege: sosial we hususy psihologiýa bölmekligi teklip etdi. Sosial psihologiýa, onuň pikiriçe, marksizmiň çäginde ösdürilip, hususy psihologiýa bolsa tejribe-empiriki ylym bolup galyp, hiç hili dünýägaraýşa bagly bolmaly däl. Şeýle nukdaý resmi tarapdan sosial psihologiýasynyň ylym hökmünde hukugyny ykrar edýän-de bolsa, bu ykrar etmeklik psihologiýanyň beýleki böleginiň marksistik pelsepe esasdan üzñeleşdirilmeginiñ hasabyna bolýardy.

G.I.Çelpanowyň nazaryýety tutuş psihologiýanyň pelsepe esasyny üýtgedip gurmak, ony marksistik düşunjeler ulgamynda goşmak pikiriniň kabul eden psihologlar tarapyn ret edildi. Çelpanow bilen ylalaşmazlyk dürli görnüşde bolup, olaryň birinde, eger-de marksistik pelsepe nukdaýdan ähli psihologiýa sosial hasaplanýan bolsa, onda ýene-de bir sosial psihologiýany döretmek zerurlygy ýok, oňa derek tutuş psihologiýa indiwidiň we toparyñ-kollektiwiň psihologiýasyna bölünmeli diýen pikir öňe sürülýärdi. Bu nukdaý W.A.Artemowyň[1] işlerinde şöhlelenme tapdy. Başga bir çemeleşiş şol ýyllarda meşhur bolan

[1] Seret:W.A.Artýomow . Wwedeniýe w sosialnuýu psihologiýu.M.1927

reaktologiýanyň nukdaýyndan öňe sürüldi. Bu ýerde hem Çelpanowyñ garşysyna, psihologiýanyň bitewiligini saklamak pikiri öňe sürlüp, ýöne bu bitewiligi kollektiwdäki[*] adamyň özüni alyp barşyna reaktologik usuly ýaýratmagyň hasabyna gazanmak teklip edilýärdi. Bu nukdaýdan kollektiw topar agzalalarynyň gyjyndyryja birmeňzeş jogap hereketi hökmünde düşünilip, sosial psihologiýanyň wezipesi bolsa, bu kollektiwleýin hereketiň çaltlygyny, güýjüni we üýtgeýjiligini ölçemeklige syrykdyrylýardy. Reaktologiýanyň usulyýeti K.N.Kornilow tarapyndan ösdürilip, sosial psihologiýa reaktologik çemeleşiş hem onuñ esaslandyrmasy bolup durýardy.[1]

Çelpanowyń nukdaýnazaryny ret etmegiń özboluşly ugry belli psiholog P.P.Blonskiý tarapyndan teklip edildi. Onuń pikiriçe "sosiallyk" beýleki adamlar bilen arabaglanyşygy göz öňünde tutýan aýratyn iş hökmünde seredilmeli hadysa bolup durýar. Şeýle manyda seredilýan sosiallyga haýwanlaryń "işi-de" mysal bolup bilýär. Şonuń üçin-de Blonskiniń teklibi psihologiýany biologiki ylym hökmünde sosial meseleleriñ hataryna goşmaklygy göz öńünde tutýardy. Bu garaýyşda sosial psihologiýa bilen islendik beýleki

[*] ***"Kollektiw"** – düşünjesini toparyñ ösüşiniñ iñ ýokary derejesini añladýan adalga hökmünde saklamaklygyñ tarapdarydyrys. Islendik kollektiw topar bolup, islendik topar kollektiw däldir.

[1] Seret:Kornilow K.N.Uçebnik psihologii, izlozennyý ş toçki zreniýa dialektiçeskogo materializma.M-L.1929.



orunlaryñ mazmunynyndaky täze jemgyýetde bolup geçýän üýtgeşmeler, olaryñ bu täze mazmuna "uýgunlaşmagy" ýaly sowallar şol bir wagtyñ özünde sosial psihologiýanyñ dersine degişli soraglardyr. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmen maşgalasynyñ özboluşlylygyny nygtap: "Turkmeniñ iki gudasy birleşip, üçünji sagdyn maşlalany döredýär!… Emma türkmen maşgalasy, adatça, köp çagaly bolýar. Maşgala her näçe uly bolsa-da, bir gapydan girip çykmak, bir saçakdan çörek iýmek gadymdan gelýän kadadyr"[1]. Maşgalanyñ çaganyñ sosiallaşma instituty hökmündäki aýratynlyklary dogrusyndaky ýönekeýje maglumatlar diñe bir ýaş çatynjalara däl-de, nika taýýarlanýan adamlara hem peýdalydyr. Başgaça aýdanyñda, sosial psihologiýanyñ bu ugurda ornaşdyrylyşynyñ birinji görnüşi magaryfçylyk, bilim beriş, ýaşlary maşgala durmuşyna taýýarlaýan düşündiriji hyzmaty bolup durýar.

Şeýle ornaşdyrylyşyñ ikinji bir görnüşi **"tanyşmaklyk gullugyny"** üpjün etmekdir. Köp sanly ylmy çykyşlarda, döwlet, jemgyýetçilik guramalary tarapyndan guralýan ara alyp maslahatlaşmalarda häzirki zaman durmuşynyñ belli bir şertlerde adamlaryñ belli bir bölegi üçin ýan ýoldaşy tapmaklykda kynçylyk döreýär. Bu kynçylyklar ýaşlaryñ esasy köpçüliginiñ okuw, zähmet işi bilen gümra bolýanlygy esasynda döräp, olaryñ aragatnaşyk ulgamynyñ örän çäkli bolýanlygynda ýüze çykýar: dineerkegiñ ýa-dadiñe aýalyñ zähmeti

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap. 67, 216 sah.

Bu ugurdaky derñewler entek başlangyç döwürlerde bolýan hem bolsa ylmy toparlaryñ sosial psihologik kömege mätäçligi şeýle ýokary bolup, bu ýörite psihologik gullugy guramaklygy talap edýär.

**Maşgala gullugy.** Sosial psihologiýa maşgala turuwbaşdan uly üns bermek bilen kiçi sosial toparyñ tebigy görnüşiniñ mysaly hasaplaýar. Şeýle toparyñ ähli aýratynlyklary maşgalada belli bir özboluşlylygy eýe bolsa-da, kiçi toparlaryñ hereket ediş we ösüş kanunlaryny bilmek, jemgyýetiñ bu kiçi öýjügindäki özara gatnaşyklaryñ maksadalaýyk görnüşleriniñ ösüşine belli bir goşant goşup biler. Bu ugurda sosial psihologiýanyñ çözüp biljek we kähalatlarda eýýäm çözýän meseleleriniñ birnäçesini ýüze çykarmak mümkin.

Şeýle meseleleriñ birinji bölegi **ýaşlary maşgala gurmaklyga taýýarlamak** bilen baglanyşyklydyr. Soñky ýyllarda bu ugurda mekdebiñ ýerine ýetirmeli wezipeleri dogrusyndaky meseleler ýygy-ýygydan goýulsa-da, ýöne köplenç gürrüñ diñe jyns terbiýesine syrykdyrylýar. Bu meseläniñ möhümligi şübhesizdir. Ýöne nika we maşgala gurmaklyga bolan taýýarlyk psihologik taýýarlygyñ meselerini-de öz içine alýar. Bu ýaşlaryñ maşgala gatnaşyklary, şol sanda olaryñ psihologik mazmuny dogrusyndaky maglumatlary tötänleýin, adaty durmuşyñ pikir ýöretmelerinden almaly däl-de, olary ylmy esasda guralan çeşmelerden almalydygyny añladýar. Meselem, maşgala orunlary, bu



psihologiýanyń arasynda gapma-garşylyk goýulmaýar.Ỳöne gapma-garşylygyń şeýle ýeńlip geçilmegi bu ýerde psihologiýany biologiýalaşdyrmagyń hasabyna gazanylýardy.[1]

Çelpanowyń garaýşyna ýene-de bir garşy pikir ajaýyp sowet fiziology W.M.Behterewden gelýärdi. Belli bolşy ýaly Behterew refleksologiýa atly aýratyn bir ylmy esaslandyrmak teklibi bilen çykyş edipdi. Bu ylmyń belli bir pudagyny ol sosial psihologik meseleleri çözmekde ulanmagy maslahat berýärdi. Bu pudagy Behterew “kollektiwleýin refleksologiýa” atlandyryp, onuń dersini bolsa kollektiwleriń özüni alyp barşy, şahsyýetiń kollektiwdäki özüni alyp barşy, sosial birleşmeleriń döreýiş şertleri, olaryń işiniń aýratynlyklary, olaryń agzalalarynyń özara gatnaşyklary bolmalydy.[2]

Behterewiń pikiriçe kollektiwleýin refleksologiýanyń şeýle düşünilmegi subýektiw häsiýetdäki sosial psihologiýany ýeńip geçmekligi ańladýardy. Şeýle ýeńip geçmekligi ol kollektiwiñ meseleleriniñ daşky täsirleriñ, topar agzalalarynyń hereket muskul reaksiýalary bilen utgaşlykda seredilýänliginden getirip çykarýardy. Sosial psihologik çemeleşiş refleksologiýanyń (adamlaryń kollektiwlere birleşmek mehanizmleri) we sosiologiýanyń (kollektiwleriń aýratynlyklary we

---

[1] Seret: P.P.Blomskiý. Oçerk nauçnoý psihologii. M., 1921.
[2] Seret: Behterew W.M. Kollektiwnaýa refleksologiýa. Pg., 1921

olaryń jemgyýetiń ýaşaýyş şertleri we synpy göreşi bilengatnaşyklary) düzgünlerini birleşdirmegiń hasabyna gazanylmalydy.Ahyr netijede kollektiwleýin refleksologiýanyń dersi şeýle kesgitlenýärdi: "öz düzümine girýan indiwidleriń özara aragatnaşygy netijesinde bitewilik hökmünde özüniń ýygyndy işini ýüze çykarýan üýşmeleńleriń we ýygyndylaryń döreýşini, ösüşini we işini öwrenmek".[1]

Bu garaýyşda kollektiwe bitewilik hökmünde düşünilmeklik, onda dińe adamlaryń özara gatnaşyklary esasynda mümkin bolýan täze häsiýetleriń, sypatlaryń ýüze gykýanlygyny ykrar etmek ýaly peýdaly pikir bar hem bolsa, onuń umumy usulyýet esasy örän ýabygorlydy. Turuwbaşdaky niýetiń tersine, agzalýan täze häsiýetleriń we sypatlaryń ösüşi edil indiwidleriń häsiýetleriniń ösüş kanunlary jähtinde düşündirilýärdi. Bu sosial kanunlary mehaniki kanunlara syrykdyrmaklyk refleksologiýanyń içinden eriş-argaç bolup geçýän mehaniki garaýşdy.

Kollektiwleýin refleksologiýada mehaniki garaýşa ýykgynlylyk mundan başga-da adamyń gurluşynda biologik we sosial hadysalalary ýönekeý birleşdirmekde ýüze çykýardy: şahsyýet göräýmäge jemgyýetiń önümi hasaplanylsa-da, takyk seredilende onuń düşündirilişi biologik aýratynlyklaryń, sosial instinktleriń esasynda berilýädi. Üstesine-de şahsyýetiń sosial baglanyşyklary seljirilende olaryń düşündiriliş mehanizmi hökmünde

[1] Seret: Behterew W.M. Kollektiwnaýa refleksologiýa. Pg., 1921. 40-njy sah.



Maksatnamalaýyn – orunly çemeleşişiñ pikirleri gös-göni ylmy edaralarda geçirilýän amaly derñewlerde giñden peýdalanylýar: institutlarda, tejribehanalarda, ýokary okuw mekdeplerinde. Şeýle derñewleriñ esasynda sosial psiholog üç görnüşli iş alyp baryp bilýär. Işiñ birinji görnüşi her bir topardaky takyk ýagdaýy anyklamak esasynda **teklipler işläp düzmek** /meselem, ylmy toparyñ agzalary üçin aýdyñ bolar ýaly derñew maksatnamasynyñ amala aşyrylyşynyñ netijeli döwürlerini nähili ýüze çykarmak, topardaky ylmy orunlaryñ ulgamyny guramak we her bir işgäriñ orunly kesimini döretmek, şahsyýetara gatnaşyklaryny, şol sanda şahsyýetara dartgynlyklary nahili kadalaşdyrmaly we ş.m./ Bu teklipler esasan ylmy toparyñ ýolbaşçylaryna gönükdirilendir.

Sosial psihologyñ işiniñ ikinji görnüşi - **maslahat işidir.** Bu ýerde maslahat toparyñ ýolbaşçylaryna we adaty agzalaryna berlip, agzalara degişlilikde şeýle maslahat topardaky ýagdaýy, ondaky öz ornuny añlamaklyga, şonuñ netijesinde hem öz işinden kanagatlanmak duýgusynyñ ýokarlanmagyna ýardam edýär.

Galyberse-de, işiñ üçünji görnüşi - ylmy toparyñ **ýolbaşçylaryny** aragatnaşygyñ we özara täsiriñ sosial psihologik döredijilerini bilmek bilen baglanyşykly bölegi boýunça dolandyryşyñ gös-göni usullary boýunça **okatmakdyr.**

Şeýle okadylyş adaty beýanetlerden başlap sosial psihologik türgünleşik ýaly dürli görnüşlerde guralýar.

hatarda her bir alymyñ motiwasiýasyny dolulaýyn seljermek, zerurdyr, çünki-ylmy orunlaryñ netijeli utgaşmagy ylmy toparyñ her bir agzasynyñ ýokary derejede meýillenmekligini göz öñünde tutýar. Galyberse-de, alymlaryñ arasyndaky aragatnaşyk kommunikasiýa tutumynyñ özboluşlygyny derñemek, aýdaly, her bir alymyñ dürli maglumaty kabul edip, gaýtadan işläp we saklap bilmeklige psihologik taýýarlygyny seljermek hem möhümdir.

Ylmy topardaky görkezilen sosial psihologik hadysalaryñ özboluşlylygy aýdyñlaşdyryldy: şeýle topara ýolbaşçylyk etmekde birnäçe kynçylyklar döredýär. Meselem, dürli işgärleriñ "goşandynyñ" nätakyklygy olaryñ netijeliligini bahalandyrmagyñ şertiniñ aç - açanlygyny peseldýär: bu bolsa işgärleriñ öz netijeliligi dogrusyndaky düşünjeleriniñ nätakyklygyny döredip, bu esasda özboluşly dartgynlyklaryñ döremegine getirýär. Şeýle dartgylyklarda köplenç onuñ hususy işewür we şahsyýetara tarapyny tapawutlandyrmak kyn bolýar. Öz ýobaşçylyk edýän bölüminiñ işiniñ ýokary netijeliligini üpjün etmek üçin ýolbaşçy şeýle dartgynlyklary çözmegi başarmalydyr. Şol bir wagtyñ özünde ýolbaşçynyñ hut özüniñ hem topardaky orny özboluşlydyr: ylmy toparyñ ýolbaşçysy bir wagtyñ özünde administratorlyk we pikirleri dörediji hyzmatlary özünde jemlemelimi ýa-da bu hyzmatlar dürli adamlaryñ arasynda paýlanmalymy? Bu sowal hem amaly sosial psihologiýanyñ öñünde durýar.



organiki däl dünýäniń kanunlary (bütindünýä dartylma kanuny, energiýanyń saklanma we beýlekiler) ulanylýardy. Ýazaryń esasy taglymaty bolsa şeýle syrykdyrylmalary tankytlaýardy. Şonuń üçin-de sosial psihologiýanyń ösüşi üçin aýry-aýry peýdaly tapyndylara seretmezden Behterewiń refleksologik nazaryýeti tutuşlaýyn sosial psihologiýada ykrar edilen ugra öwrülip bilmedi.

Sosial psihologiýany üýtgedip gurmak dogrusynda düýpli teklipler şol döwürde ańyýete düşünmek barada dörän çekişmeler bilen baglanyşykda boldy. Meselem, M.A.Reýsner marksistik sosial psihologiýany taryhy materializmi birnäçe psihologik we fiziologik taglymatlar bilen gös-göni baglanyşdyrmak arkaly gurmaklygy teklip etdi. Bu nukdaýdan psihologiýanyń şertli refleksler hakyndaky taglymat esasynda guralýanlygy üçin sosial psihologiýanyń çäginde şertli refleksleri jemgyýetiñ añyýet ulgamy (nastroýka), şertsiz refleksleri bolsa önümçilik gatnaşyklaryń ulgamy bazis bilen baglanyşdyrmak ýerlikli hasaplanýardy.

Netijede, sosial psihologiýa sosial gyjyndyryjylaryń dürli görnüşleri we tipleri hakyndaky ylym hasaplanýar.[1]

Şeýlelikde, köp sanly psihologlaryń subýektiw meýillerine garamazdan, marksistik sosial psihologiýany döretmek wezipesi 20-nji ýyllarda başa barmady. Çelpanowyń garaýşyna üzül-kesil gaýtawul berlen-de bolsa, sosial psihologiýanyń esasy usulyýet

---

[1] Seret: Reýsner M.A. Problemy sosialnoý psihologii. Rostow –na-Donu, 1925

meseleleri çözülmän galdy. Idealistik çemeleşişe garşy durmaklyga çalşyp, alymlar köplenç pozitiwistik pelsepäniñ toruna düşýärdiler. Munuń aýdyń görnüşleriniń biri-de ýokarda agzalan mehanika ýykgynlykdyr. Mundan başga-da sosial psihologiýanyń dersini kesgitlemekde hem gutarnyklylyk bolman, bu ýerde sosial psihologiýanyń nämäni öwrenýänligine iki sany başga-başga düşüniliş gatyşdyrylýardy. Bir tarapdan, sosial psihologiýa psihiki hadysalalaryń sosial döreýşi-determinasiýasy dogrusyndaky taglymat bilen gatyşdyrylsa, başga bir tarapdan, bu ylmyń dersi hökmünde adamlaryń bilelikdäki işi arkaly döredilýan, ilkinji nobatda kollektiw bilen baglanyşykly aýratyn hadysalalary öwrenmek göz öńünde tutulýardy. Birinji nukdaýdan ugur alýanlar tutuş psihologiýany marksistik, materialistik esasda üýtgedip gurmaklygy ähli psihologiýany sosial psihologiýa öwürmek diýip düşünýärdiler. Bu ýagdaýda hiç hili aýratyn sosial psihologiýa zerur bolmaýar. Şeýle çözlüş Çelpanowyń nazaryýetini tankytlamak akymy bilen ugurdaş bolýardy. Sosial psihologiýanyń wezipesini şahsyýetiń kollektiwdäki özüni alyp barşyny we kollektiwiń hut özüniñ özüni alyp barşyny derńemekde görýänler entek psihologiýa ylmynyń ähli gazananlaryny özleşdirip bilmänligi sebäpli meseläniń takyk çözlüşini bilmeýärdiler.

Buçylşyrymlygöreşińnetijesi sosial psihologiýanyń dersini psihikanyń sosial gelip çykyşyny derńemeklige syrykdyrmak mazmunda düşünilýän nukdaýyń kabul



şahsyýetini däl-de, ylmy birleşmedäki aragatnaşygyñ häsiýetini seljermelidigini talap edýän-de bolsa, adaty çemeleşiş henize çenli ýeñip geçilmän galýar: döredijiligiñ subýekti edil öñkileri ýaly şahsyýet hasaplanylýar / bu ýerde alymyñ şahsyýeti/, kiçi gurşaw, şol sanda aragatnaşyk bolsa, döredijilik işiniñ diñe şerti hökmünde seredilýär. Sosial psihologiýanyñ wezipesi - döredijilik işiniñ tebigatyna düşünip, onuñ psihologik beýanyny bermekden ybaratdyr.

Bu sowallaryñ özboluşly çözlüşi M.G.Ýaroşewskiý tarapyndan döredilen “ylmy derñemekligiñ maksatnamalaýyn–orunly çemeleşişinde” berilýär.[1] Bu nazaryýetiñ esasy pikirleriniñ biri her bir ylmy toparda esasy "ylmy orunlaryñ" ýüze çykarylmagydyr: “döredijі- generator”, “tankytçy”, “bilgir” we ş.m. Her bir işgäriñ “orun kesimi” beýan edilip, onuñ umumy işe goşýan goşandy beýlekiniñkiden özboluşlydyr. Bu tapawutlylyk birmeñzeş diyen ýaly hyzmatlary ýerine ýetirýän önümçilik toparynyñ işgärleriniñ “goşandynyñ” tapawudyndan has aýrybaşgadyr. Aýratyn kyn sowallaryñ biri-islendik ylmy ornuñ hakyky döredijilik işine “goşant” bolup durýandygy ýa-da däldigini anyklamak bolup durýar. Eger “döredijiniñ - generatoryñ” işini gürrüñsiz döredijilik işi hasaplap bolýan bolsa, “tankytçynyñ” ýa-da “okumyşyñ” işini şeýle häsiýetlendirmek kyndyr. Munuñ üçin her bir ylmy orny endigan psihologik beýan etmek bilen bir

[1] Ýaroşewskiý M. Problemy rukowodstwo nauçnym kollektiwom/ M.,1982

garaýşyñ üýtgemegine getirýär. Munuñ sebäbi bilimleri döretmek derñew “ussahanalaryndaky” köp sanly adamlaryñ işiniñ netijesi bolup durýanlygy bilen baglanyşyklydyr.

Muña laýyklykda ylmy düşünjeleri döretmek boýunça ilkinji sosial öýjügiñ görnüşi üýtgeýär: egerde öñler şeýle öýjük hökmünde “ylmy mekdep” hereket eden bolsa, indi “derñew topary” çykyş edýär. Şeýle toparda onuñ agzalarynyñ iññän ýokary jebisliligi ýüze çýkyp, köplenç ylmy döredijiligiñ hususy toparlaýyn önümi döredilýär: toparlaýyn ekspertizalar we ş.m. Derñew işiniñ subýekti kiçi topar bolýar.

Bu sosial psihologiýanyñ öñünde birnäçe täze amaly wezipeleri goýýar: ilkinji nobatda ylmy toparyñ zähmet toparynyñ beýleki görnüşleri bilen deñeşdirilendäki aýratynlygy ýüze çykarmak, ondaky sosial psihologik ýagdaýy, klimaty, dolandyryş usullary kämilleşdirmek, onuñ işiniñ netijeliligini ýokarlandyrmak we ş.m.

Bu ugurda döreýän şeýle meseleleriñ biri **“toparlaýyn ylmy iş”** diýen işiñ özboluşlylygyny ýüze çykarmakdyr. Adaty psihologiýa üçin işiñ şeýle görnüşi gapma-garşylykly häsiýetnamany özünde jemleýär: bu iş şol bir wagtyñ özünde hem “bilelikde’, hem-de “döredijilikli” bolup, adaty psihologiýada döredijilik işi mydama indiwidual, ýekelikdäki iş hökmünde seredilýär. Ylmy öwreniş indi köp wagtdan bäri häzirki zaman şertlerinde dine bir alymyñ



edilmegi bilen tamamlandy. Şeýle düşünilişde sosial psihologiýanyń özbaşdaklyk keşbi göz öńünde tutulmansoń ony aýratyn ders hökmünde seretmek, ösdürmek synanyşygy uzak wagtlaýyn togtadyldy.

Goýlan wezipe dogrusynda aýdylanda bolsa ol üstünlikli çözüldi.Ỳone bu çözlüş sosial psihologiýany döretmek wezipesi esasynda däl-de, umuman, psihologiýa ylmyny materialistik nukdaýda guramak jähtinde amala aşyryldy. Şol bir wagtyń özünde sosial psihologiýanyń Günbatarda marksistik däl ugurda ösmegi birnäçe psihologlara dińe onuń “buržuaz” görnüşi bilen gatyşdyryp, dereginde marksistik psihologiýany döretmek mümkinçiligini şübhä almaga esas berdi. “Sosial psihologiýa” adalgasy galp, reaksion dersiń manydaşy, burźuaz dünýagaraýşynyń häsiýeti hökmünde seredilip başlandy.

Sosial psihologiýanyń ösüşindäki uzak wagtlaýyn “arakesmä” hut şu manyda düşünmelidir. Ỳöne bu adalga sözüń çäkli manysynda ulanylmalydyr. Hakykatdan-da biziń ýurdumyzda sosial psihologiýanyń özbaşdak ösüşi babatynda şeýle arakesme bolsa-da, bu dersiń aýry-aýry ugurlary boýunça ýörite atlandyrylmazdan derńew işleriń alnyp barlandygyny inkär etmek bolmaz .

Bu derńewler jemgyýetçilik amalyýetiniń islegleri arkaly ugrukdyrylyp, esasan, pedagogikanyń çäklerinde alyp baryldy. Meselem, kollektiwi öwrenmekligiń meseleleri pedagogika ylmynda jemlenip, A.S. Makaren-konyń işleri pedagogikanyń çäginden has göwrümli,

sosial psihologik meseleler bilen utgaşýardy. Şonuń ýaly-da, sosial psihologiýanyń birnäçe meseleleri marksistik pelsepäniñ çäginde, synplaryń we toparlaryń jemgyýetçilik psihologiýanyń meseleleri bilen baglanyşyklykda öwrenildi. Bu ýerde sosial psihologik düşünjelerde marksistik garaýşyń kemala gelmekligi hiç bir kynçylyksyz amala aşyryldy.

Sosial psihologik pikiriń psihologiýa ylmynyń çäginde ösüşi dogrusynda aýratyn durup geçmek zerurdyr. Bu babatda L.S.Wygotskiniń işleri aýgytly orny eýeledi. Wygotskiniń işlerinde sosial psihologiýanyń ösüşine gös-göni täsiri bolan iki toplum meseleleri nygtamalydyr.

Bir tarapdan, bu Wygotskiniń ýokary psihiki hereketler hakyndaky işleri bolup, onda psihikanyń sosial gelip çykyşyny ýüze çykarmaklyk meselesi köp derejede aýdyńlaşdyryldy.Başgaça aýdanyñda, 20-nji ýyllaryń çekişmeleriniń dili bilen aýdanyńda "ähli psihologiýany sosial psihologiýa öwürdi". Wygotskiý ýokary psihiki hereketleriń (erkli ýa-da ornaşdyrma, işjeń üns, aralaşdyrylan pikirlenme, erkli hereket) mazmunyna organizmiń çäginden daşa çykmazdan, olaryń köküni durmuşyń jemgyýetçilik şertlerinden agtarmazdan, dińe beýniniń hereketleriniń çäginde düşünip bolmajakdygyny subut etdi. Jemgyýetçilik tejribäni özleşdirmek dińe bir psihiki durmuşyń mazmunyny özgertmän, psihiki hadysalalaryń täze görnüşlerini döredýär; sońkular bolsa adamy haýwanlardan tapawutlandyrýan ýokary psihiki



düşündirmek ýaly şeyle wezipeler bilen bir hatarda sosial psihologiýa jenaýatçylygyñ üstüni açmakda hem belli bir orun eýeläp biler. Meseleleriñ ýene-de bir toplumy öñ hukuk bozanlygy üçin jogapkärçilige çekilen adamlara täsir etmegiñ netijeli serişdelerini agtarmakdyr. Hukuk psihologiýa bilen bir hatarda sosial psihologiýanyñ azatlykdan mahrum edileniñ öñki ýaşan ýurduna gaýdyp gelenden soñ şahsyýeti "gaýtadan uýgunlaşdyrmagy" gurmagyñ görnüşlerini we usullaryny işläp düzmekde hem uly mümkinçilikleri bardyr.

**Ylym**. Sosial psihologiýanyñ ulanylýan täze ugurlarynyñ biri ylmy işiñ ulgamydyr. Häzirki zaman ylmynyñ çylşyrymly ulgamynda derñew geçirmek we ony dolandyrmak hemişe bu ulgamyñ psihologik döredijileri we kanunalaýyklary bilen baglanyşykly meseleriñ çözülmegini talap edýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ylmyñ jemgyýetdäki orny dogrusynda şeýle belleýär: "Ylym ýurdumyzda umumyhalk gyzyklanmasyna, ykbalyna öwrülmelidir. Çünki XXI Altyn asyr – ylym asyrydyr. Çünki türkmeniñ Altyn asyrynyñ, altyn ruhly ýaşaýşynyñ gapysy - ylymdyr"[1].

Ylmy işi alyp barmagyñ toparlaýyn görnüşleriniñ ähmiýetiniñ artmagy köp derejede ylmy döredijilige aýry-aýry ajaýyp şahsyýetleriñ döredijiligi hökmündäki

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001, 350 sah.

degişlilikdäki ornuna bagyşlanan derñewler aýratyn gyzyklanma döredýär. Ulularyñ ýetginjegiñ “garaşsyzlygyny” gulak asmazlyk hokmünde kabul edip, oña garşy çykmaklygy, köplenç, konformizme özüñi alyp barşyñ nusgasy hökmünde garalmagyna getirýär. Şol bir wagtyñ özünde toparyñ diñe daşky tarapdan kabul edilmekligi durnuksyz adamda hukuk bozmaklyga sebäp bolýar. Ýetginjek ýagşy hukuk bozujylaryñ arasynda geçirilen derñewler bu pikiriñ dogrudygyny tassyklaýar: bu derñewler özüñi alyp baryşda konformlygyñ orny baradaky sowalyñ bir mazmunly çözlüşiniñ ýoklugyny görkezýär.

Şeýlelikde, “jenaýatçynyñ şahsyýetiniñ” seljerilişi bilen baglanyşykly ähli derñewler göni ýa-da gytaklaýyn topar hakyndaky meseläniñ töwereginde jemlenýär. Bu babatda **referent - nusga alarlyk toparlary** derñemek örän möhümdir. Hukugy bozujy özüñi alyp barşyñ döredijisi seljerilende kiçi gurşawyñ görnüşleri bolan maşgala , mekdep synpy , ýaşlar otrýady ýaly toparlaryñ haýsy şertlerde ýetginjek üçin öz ähmiýetini ýitirip, tersine “resmi däl” toparlar, kähalatlarda arakhorlar, neşekeşler ýaly “referent – nusga toparlaryñ” ähmiýetli bolýandygyny anyklamak zerurdyr. Hut şu toparlaryñ referent-nusga topar hökmünde saýlanmagy wagtyñ geçmegi bilen olaryñ şahsyýet üçin agzalyk toparyna öwrülmegine getirip biler.

Jenaýatçylygyñ öñüni almaklyga gatnaşmak, hukuk bozujy özüñi alyp barşyñ döredijilerini



hereketler görnüşine eýe bolýar. Şeýlelikde, jemgyýetçilik–taryhy işiń takyk görnüşleri psihiki hadysalaryń kemala gelşine ylmy düşünmeklikde aýgytlaýjy bolýar; jemgyýetçilik taryhy gatnaşyklar ulgamyna goşulyp, beýniniń işiniń tebigy kanunlary täze häsiýetlere eýe bolýar.Ỳokary psihiki hereketleriń taryhy gelip çykyşy taglymatyndan başlap, Wygotskiý sońra ähli psihiki hadysalalary hut öz ösüş tutumynyń medeni-taryhy gelip çykyşy dogrusyndaky pikiri ösdürýar. Wygotskiniń iki sany belli çaklamasy (adamyń psihiki hereketleriniń aralaşdyrylan häsiýeti we içki psihiki hadysalalaryń ilki başda iki adamyń arasynda amala aşyrylýan ýagny “interpsihiki” işden gelip çykyşy dogrusyndaky) ońa psihiki ösüşiń esasy mehanizmi işiń jengyýetçilik-taryhy görnüşlerini özleşdirmekdir diýen netijä gelmäge mümkinçilik berýar. Umumy psihologiýanyń meselelerini şeýle düşündirmek hususy sosial psihologik meseleleri çözmeklige düýpli ylmy esas döretdi.

Başga bir tarapdan, Wygotskiniń işlerinde sosial psihologik meseleler olara gös-göni dahyllylykda çözülýär. Meselem, onuń sosial psihologiýanyń dersi dogrusyndaky hususy pikiri mälimdir. Bu garaýyş “halklaryń psihologiýasy” taglymaty öńe süren W.Wundtyń sosial psihologiýanyń dersine düşünişini tankytlamak esasynda döreýär. Sosial psihologiýa ýa-da Wundtyń atlandyryşyça “halklaryń psihologiýasy” özüniń dersi hökmünde dil, rowaýatlar, adatlar, sungat, din ýaly hadysalalara seredip, olary Wygotskiý “ańyýetiń

toplumy”, “kristallar” diýip atlandyrýar. Onuń pikiriçe psihologiýanyń wezipesi bu “kristallary” däl-de, hut "erginiń" özüni öwrenmekden ybaratdyr. Emma “ergini” Behterewyń teklip edişi ýaly, ýagny kollektiwleýin psihikany indiwidual psihikadan getirip çykaryp öwrenmek mümkin däl. Wygotskiý sosial psihologiýanyń dersi, ýygyndy şahsyýetiń psihikasyny öwrenmekdir diýen garaýyş bilen hem ylalaşmaýar. Aýratyn adamyń psihikasy-da sosial häsiýetde bolup, şonuń üçin sosial psihologiýanyń dersi bolup durýar. Bu manyda sosial psihologiýa kollektiwleýin psihologiýadan tapawutlanýar: sosial psihologiýanyń dersi aýratyn adamyń psihikasyny öwrenmek, kollektiwleýin psihologiýanyńky bolsa kollektiw şertlerde ýüze çykýan şahsy psihologiýadyr. (meselem, goşun, buthana).[1]

Göräýmäge bu garaýyş biziń sosial psihlogiýa häzirki döwürde düşünişimizden düýpli tapawutlanýan ýaly. Hakykatda tapawut bu ýerde adalgadadyr. Wygotskiý “umumy” we “sosial” psihologiýany deńeşdirmän /adatça edilişi ýaly/, “sosial” we “kollektiwleýin” psihologiýany deńeşdirýär. “Sosial” psihologiýa onuń üçin psihikanyń medeni–taryhy gelip çykyşyny ykrar edýän umumy psihologiýa bolup durýar. /20-nji ýyllaryń adalgasynda bu “tutuşlygyna sosial bolan” umumy psihologiýa/. “Kollektiwleýin psihologiýa” adalgasy bilen Wygotskiý sosial psihologiýa düşünilişiniń ikinji jähtini göz öńünde tutýar.

[1] Wygotskiý L.S. Psihologiýa iskusstwa. M., 1987.



da, has giñ jähtde şahsyýetiñ sosiallaşmagynyñ, onuñ sosial gönükdirilmesiniñ we gymmatlyk ugrukmasynyñ kemala gelşiniñ ähli meseleleri seljermelidir.

Psihologik edebiýatda “jenaýatçynyñ şahsyýeti” adalgasynyñ ulanylma-gynyñ yerliklidigi barada çekişme gidýän-de bolsa, amaly derñewlerde hem bu mesele belli bir derejede işlenendir. Awtorlaryñ köpüsi aýratyn “jenaýatçynyñ şahsyýetiniñ gurluşy” hakynda gürrüñ etmegiñ gelşiksizdigini aýtsalar-da, hukuga garşy özüñi alyp barşyñ her bir ýagdaýynda özüñi alyp barşyñ görnüşini saýlap almak subýektiñ şahsy häsiýetleriniñ ulgamyna daýanýar: şeýle häsiýetlere W.N.Kudrýawsew “dünýägaraýşy, tejribäni, gönükdirilmeleri, gymmatlylyk ugrukmasyny, şeýly hem ahlak we sosial gözegçiligiñ içki ulgamynyñ aýratynlyklaryny, şol sanda hukuk añlamaklygy”[1] goşýar. Diýmek, sosial psihologyñ wezipesi özüñi alyp barşyñ kadalaryny berjaý edýän şahsyýetiñ häsiýetlerinden tapawutlykda her bir hukuk bozujyda ýüze çykýan gyşarmalary anyklamakdan ybaratdyr. Şeýle seljerişiñ, tebigy ýagdaýda, temmi bermek howpy näderejede netijeli bolýandygy, ilkinji hukugy bozuş hereketlerinde ulanylýan “çäklendirmeleriñ” netijeli utgaşmasynyñ nähili bolýandygy we ş.m. dogrusyndaky meseleleri anyklamaklygy talap edýär. Munuñ bilen baglanyşyklykda hukuk bozujylaryñ tabynlygynyñ - konformlygynyñ dürli görnüşdaki toparlara

[1] Kudrýawşew W.W. Prawo I powedeniýe. M., 1978, c. 23

derñelen, onuñ özboluşly wezipesine degişli bolan meseleler bilen baglanyşyklydyr. Meseleleriñ giden bir toplumy şahsyýetiñ hukuga garşy özüni alyp barşynyñ kemala geliş şertlerine degişlidir. Şunuñ bilen baglanyşykda geçirilýan amaly derñewler esasan kämillige ýetmedik hukuk bozujylaryñ hukuk bozujy özüni alyp barşynyñ seljermesinde jemlenendir. Bu ýagdaýda şahsyýetiñ kemala gelýän kiçi gurşawynyñ ilkinjileriniñ ähmiýetini anyklamak aýratyn ähmiýete eýedir: maşgala we mekdep synpy. Sosial psihologiýanyñ nukdaýnazaryndan bu babatda şu aşakdaky sowallara jogap bermek has möhümdir: Ýetginjege agzalyk toparynyñ we referent –nusga alarlyk toparỹ täsir ediş aýratynlygy nämeden ybarat /we onuñ referent topar hökmünde belli bir topary saýlaýşynyñ sebäbi/? Şahsyýetiñ ahlak psihologik sypatyny kemala getirmekde onuñ topardaky derejesiniñ /at-abraýynyñ / orny nähili? Sosial gözegçilige we sosial kadalary özleşdirmeklige indiwidual gatnaşygyñ kemala geliş döredijisi nähili? Galyberse-de, entek hukuga garşy hereket etmedik, ýöne özüniñ "kyn" ýaşynda ýa-da özüniñ ösüşiniñ "kyn" döwründe bolan ýetginjege täsir etmegiñ netijeli usullary nämeden ybarat?

Çap edilen işlerdäki salgylanmalardan ugur alynsa, bu ugurdaky derñewler has ösendir. Şahsyýetiñ hukuga garşy özüñi alyp barşynyñ kemala gelşiniñ şertleri dogrusyndaky mesele derñelende maşgala bilen mekdep synpynyñ ähmiýetiniñ seljermesinden başga-



Bu jähti 20-nji ýyllaryń köp psihologlary ýüze çykaryp bilmän ýa-da ańşyrsalar-da ońa ylmy derńew usulyýetini tapyp bilmediler.

Şonuń üçin Wygotskiniń 20-njy ýyllardaky we soń-sońlar 30-njy ýyllardaky taglymatlary psihologiýanyń hut öz jümmüşinde döräp, geljekde sosial psihologiýanyń dersini has takyk kesgitlemeklige ýardam eden zerur şertleriń biri boldy.

**Sosial psihologiýanyń dersi dogrusynda häzirki zaman garaýyşlary.** XX-nji asyryñ 50-nji ýyllarynyń aýagynda 60-njy ýyllaryń başynda sosial psihologiýanyń dersi dogrusyndaky çekişmeleleriń ikinji tapgyry başlandy. Bu meseläniń ozgalmagyna iki ýagdaý itergi berdi.

Birinji sebäp-amalyýetiń kem-kemden ýaýbańlanýan talaplaryna laýyklykda jemgyýetçilik hadysalaryny ańly dolandyrmak we edara etmek meselelesiniń ähmiýeti bilen baglanyşykly boldy . Ýurtda esasy ykdysady, durmuşy we syýasy meseleleriń çözülmegi jemgyýetçilik durmuşyń dürli ugurlarynyń psihologik tarapyny çuńńur seljermeklige mümkinçilik berdi. Jemgiýetçilik ańynyń obýektiw hadysalarynyń ösüşine işjeń täsirini derńemek häzirki döwürde, psihologik, "adam" şertiniñ (faktorynyń) ornuny barha artýan döwründe has ähmiýetlidir.

Jemgyýetiń we şahsyýetiń özara täsiriniń takyk mehanizmleri bu şertlerde dińe bir sosiologik jähtde däl-de, eýsem sosial psihologik derejede derńelmelidir.

Ikinjiden, bu meseleleri durmuş örboýna galdyran wagty hut psihologiýa ylmynyń öz mazmunynda hem düýpli üýtgeşmeler boldy. Psihologiýa bu döwre çenli düýpli nazaryýet işleri we geńeşleýin ýaýran tejribe derńewleri bolan ösen derse öwrüldi. Hünärmenleriń kär we usulyýet jähtden derejesi ösdi. Şeýlelikde, sosial psihologiýanyñ ýkbaly, onuń dersi, wezipeleri, ugurlary we ylymlar ulgamyndaky orny baradaky meseläni täzeden gozgamaga zerur obýektiw we subýektiw şertler döredi. Bu meseleleri täze şertlerde we derejelerde seretmäge hem zerurlyk hem-de mümkinçilik ýüze çykdy.

Çekişme 1959-njy ýylda A.G.Kowalýowyń "Westnik LGU" žurnalynda çap edilen makalasyndan başlanyp, sońra psihologlaryń 2-nji Bütinsoýuz gurultaýynda dowam etdirildi. Esasan, çekişme iki mesele barada bolup, olaryń biri sosial psihologiýanyń dersine düşünmek we ońa degişli wezipeleri anyklamak, ikinjisi sosial psihologiýanyń psihologiýa we sosiologiýa bilen barlanyşygy dogrusyndadyr. Garaýyşlaryń köplügine garamazdan, olary birnäçe esasy çemeleşmeleriń töwereginde jemlemek mümkin. Sosial psihologiýanyń dersi
dogrusynda üç hili çemeleşiş emele geldi. Olaryń birinjisi sosiologlaryń arasynda has rowaç bolup, ol sosial psihologiýa "psihikanyń köpçülikleýin hadysalary" hakyndaky ylym diýen düşünjäni goldady. Bu çemeleşişiń çäginde dürli alymlar ýokarky kesgitlemä dogry gelýän düýpli hadysalary öńe sürdüler



geçmeli ýa-da hünär taýýarlygynyñ başga görnüşlerini saýlamalymy ? Bu sowallara jogabyñ takygyny saýlamak ýene-de köp derejede psihologyñ kömegi bilen gazanylýar.

**Hukugy bozuş özüñi alyp barşa garşy göreş.**

Bu ugur "sap" sosial psihologik işiñ ulgamy bolman , däp boýunça hukuk ylymlaryñ garamagyna degişli bolan pudakdyr. Muña garamazdan soñky ýyllarda bu ýyrde sosial psihologik çemeleşiş has aýdyñ ýüze çykdy. Hukuk ylymlar bilen sosial psihologiýanyñ arasyndaky zähmetiñ bölünişi bu ugurda, şertli ýagdaýda şeýleräk bolýar: jemgyýetçilik düzgünini goramak, jenaýatçylyk bilen göreşmek, kazyýet işiniñ ýöredilişiniñ kadalaryny işläp düzmek, jenaýat üçin temmi çärelerini kesgitlemek, bularyñ ählisi ýörite jemgyýetçilik guramalarynyñ we hukuk ylymlarynyñ degişli bölümleriniñ paýyna düşýär. Emma hukugy bozýan özüñi alyp barşyñ öñüni alyş çäreleri meselem, kämillik ýaşyna ýetmedik hukuk bozujylar bilen öñüni alyş işi, hukugy bozýan hereketleri eden adamlary gaýtadan terbiýelemek /meselem, bu ýagdaýlarda ulanylýan täsir ediş usullary/ -bular sosial psihologiýanyñ öñünde goýulýan meselelerdir.

Bu ugurda dörän meseleleriñ toplumy psihologyñ we hukukçynyñ bilelikdäki işini talap edýär. Sosial psihologyñ bu bilelikdäki işe goşup biljek goşandy özünde nazaryýet we tejribe derejede

wezipelerini maksadalaýyk ýerine ýetirmekligini üpjün etmek üçin mekdepdäki ýagdaýy nusgalaşdyrýar (proýektirleýär). Bu ýagdaýda onuñ öñünde bir bütewi ulgama birleşdirmeli çylşyrymly we köptaraply gatnaşyklar durýar. Maslahatyñ durky hut şu ulgama gönükdirilip, ýöne ol aýratyn bir adama – müdire, okuw bölüminiñ müdirine, ders-mugallymyna, synp ýolbaşçysyna gönükdirilip hem bilner.

Başga bir tarapdan maslahat işi düýpgöter başga hili hem bolup biler: bu yagdaýda ol **aýratyn bir adama ýekebara kömek bermeklige** gönükdirilýär: okuwça, mugallyma, käbir ata-enelere. Şeýle ýagdaýda psiholog maşgala maslahatynyñ ornundaky ýaly çykyş edýär: ol aýratyn bir ýagdaýy derñäp, adama ondan baş alyp çykmanyñ ýoluny salgy berýär. Psihologyñ maslahat berýän köp sanly “durmuş” kynçylyklarynyñ arasynda hünäre ugrukmak bilen baglanyşykly kynçylyklar hem bardyr. Häzirki iññän çalt özgerýän dünýäde hünäre ugrukmak meselesi aýratyn möhümdir. Birinjiden, hünäriñ ösýän şahsyýet üçin ýakymlylygy entek onda bu hünäre laýyk ukyp-başarnyklaryñ, çuññur höwesleriñ bardygyny añlatmaýar. Şahsyýetiñ bu aýratynlyklarynyñ degişli hünäre laýyklygyny ýalñyşsyz kesgitlemek diñe psihologyñ ýardamy bilen amala aşyrylyp bilinýär. Ikinjiden, bilim berşiñ görnüşleri dürli –dürli bolup, onda öz gelejek ykbalyñy kesgitlemek ýaş ösdürimiñ öñünde ýeñil bolmadyk meseläni goýýar: mundan beýläkki bilim üçin adaty mekdebiñ ýokary synplaryny saýlamalymy, liseýe



kähalatlarda esasy üns synplaryń ýa-da beýleki sosial birleşmeleriń psihologiýasyny öwrenmeklige berilse, beýleki ýagdaýda toparlaryń jemgyýetçilik psihologiýasynyń däp-dessyr, ahlak, edep we ş.m. aýry-aýry düzüjilerine berildi. Başga bir ýagdaýda jemgyýetçilik pikirini kemala getirmäge, özboluşly köpçülikleýin hadysa bolan ýoñ (moda) ýaly zatlara aýratyn ähmiýet berildi. Galyberse-de, hut şu çemeleşişiń çäginde hemmeler biragyzdan kollektiwleri öwrenmek zerurlygyny-da ykrar etdiler. Sosiologlaryń köpüsi sosial psihologiýanyń dersini jemgiýetçilik psihologiýany öwrenmek diýip hasapladylar. Degişlilikde aýry-aýry sosial toparlara, ilkinji nobatda synplara mahsus bolan jemgyýetçilik ańynyń derejesi “jemgýetçilik psihologiýasy” düşünjesi, bu jemgyýetçilik psihologiýany öwrenýän ylym bolan “sosial psihologiýa” düşünjeleri tapawutlandyryldy.

Ikinji bir çemeleşiş sosial psihologiýanyń esasy dersini şahsyýeti öwrenmek hasaplaýardy. Bu garaýşyń çägindäki tapawutlylyk alymlaryń şahsyýeti haýsý jähtde derńemeli diýen meselede döreýärdi. Bir tarapdan, şahsyýetiń psihologik sypatlaryna, aýratynlyklaryna, onuń kollektiwdäki ýagdaýyna, tipologiýasyna üns berilse, ikinji bir tarapdan, aýratyn şahsyýetiń kollektiwdäki ýagdaýyna, ornuna, şahsyýetara gatnaşyklaryna, ähli aragatnaşyk ulgamyna ähmiýet berilýärdi. Soń-sońlar bu garaýyş nukdaýdan “şahsyýet psihologiýanyń” psihologik bilimler ulgamyndaky orny barada mesele çekişmeli boldy (ol umumy

psihologiýanyń bölümi, sosial psihologiýanyń ugurdaşymy ýa-da düýbünden özbaşdak derńew ulgamymy). Köplenç bu garaýyş psihologiýa has laýyk görlüp, sosial psihologiýany psihologiýanyń mazmunynda ösdürmäge bolan ýeke-täk mümkinçilik hasaplanyldy.

Çekişmäniń gidişinde meselä üçünji bir çemeleşiş ýüze çykdý. Sözüń belli bir manysynda onuń kömegi bilen ýokarky iki garaýşy birleşdirmeklige synanyşyk edildi. Sosial psihologiýa bu ýerde bir wagtyń özünde köpçülikleýin psihiki hadysalary we şahsyýetiń topardaky ýagdaýyny öwrenýän ylym diýip yglan edildi. Bu ýagdaýda sosial psihologiýanyń örüsi çenden gińelýärdi we dürli ugurlarda gozgalýan meseleleri onuń dersine goşulýardy. Bu garaýşyń çäginde öwrenilýän meseleleriñ möçberini B.F.Parygin tarapyndan teklip edilen ülñi has gińişleýin açyp görkezýär. Onuń pikiriçe sosial psihologiýa:

1) şahsyýetiń sosial psihologiýasyny;
2) toparlaryń we aragatnaşygyń sosial psihologiýasyny;
3) sosial gatnaşyklary;
4) ruhy işiń görnüşlerini öwrenýär.[1]

W.N.Mýasişewiń pikiriçe sosial psihologiýa:

1) özara täsir netijesinde toparda adamyń psihiki işiniń üýtgemegini;
2) toparlaryń aýratynlygyny;

jemgyýet hadysalarynyń psihiki tarapyny öwrenýär. [2]

[1] Parygin B.D. Osnowy-sosialno-psihologiçeskoý teorii. M., 1971.
[2] Seret: Mýasişew w. N. Liçnost i newrozy. M., 1960



zerurlygy hut mekdepde has aýdyñ duýulýar. Bu ýerde öz häsiýeti boýunça dürli-dürli bolan keminden üç hili topar bolýar: mugallymlar, okuwçylar we ata-eneler. Olaryñ özara gatnaşygy örän çylşyrymly bolup, olaryñ birinde psihologik bilim-düşünjeleriñ ýetmezçiligi ähli özara gatnaşygy kadadan çykarmagy mümkin.

**Öñüni alyş** - profilaktika ugurda sosial psihologiýa näsaz özüñi alyp barşyñ maşgala gurşawyndaky, deñ-duşlar arasyndaky ýa-da okuwçynyñ synpdaşlary bilen aragatnaşyk guramakdaky kynçylygy bilen baglanyşykly sebäplerini ýüze çykarmalydyr. Bu ýagdaýda maslahat işiniñ öñüsyrasynda sosial psihologik usullary ulanmak arkaly dörän ýagdaýy öwrenmek zerurdyr. Derñewde sosiallaşmanyñ öwrümli pursatlaryny (agtaryşlar we öz-özüñi ykrar etmegiñ krizisleri), mekdepdäki toparara özara täsiriñ özboluşlylygyny (mugallymyñ we okuwçynyñ keşbi, olaryñ kemala gelşi; mekdebiñ mugallymlar toparynyñ we synp toparlarynyñ özara täsiriniñ nusgalary we ş.m. ) ýüze çykarmak ýerliklidir.

Sap amaly işe degişlilikde aýdylanda bolsa, psihologik jemgyýetçilik durmuşynyñ beýleki ugurlaryndaky ýaly mekdepde hem maslahatçynyñ wezipesini, şeýle hem psihologik işiñ birnäçe görnüşleriniñ gös-göni gatnaşyjysy hökmünde iş alyp barýar. Onuñ iş salyşmaly iki “obýekti” bolup, olaryñ biri gurama hökmünde **tutuş mekdebiñ** özüdir. Şeýle ýagdaýda psihologa guramada işleýän hökmünde bildirilýän ähli talaplar degişlidir: psiholog mekdebiñ öz

mekdebiñ meseleleriniñ derñewine sosial psihologiýa hem işjeñ goşulýar. Bu ylmy meseleleriñ ähli toplumy bilim beriş ulgamynda berlendir: aragatnaşyk, toparyñ hereketlenişi, toparara gatnaşyklar, sosiallaşmagyñ meseleleri. Hut şonuñ üçin jemgyýetde düýpli özgerişler bilen baglanyşyklykda mekdep ulgamynda döredilen ýörite psihologik gullugyñ özenini sosial psihologik amaly derñewler düzýär.

Köp sanly beýleki ýurtlarda bolşy ýaly mekdepde psihologik gullugyñ esasy wezipelelerine sagdyn şahsyýeti kemala getirmeklige kömek bermek, onuñ ösüşindäki dürli kynçylyklara düzediş, hünäre ugrukdyrmak we beýleki köp sanly meseleler degişlidir. Elbetde, bu meseleleriñ çözlüşine mekdep işgärleriniñ özi, ata-eneler we dürli hünär ugrukmasy bolan psihologlar ( ilkinji nobatda ýaş aýratynlygy we kemalyýet psihologiýadan ) hem gatnaşýar.

Şol bir wagtyñ özünde mekdebiñ psihologik gullugynyñ çözýän köp sanly meseleleriniñ arasynda hususy sosial psihologik meseleler ýüze çykýar: psihologik okadylyş, psihologik öñüni alyş (profilaktika), psihologik maslahat, psihologik anyklaýyş, psihologik düzediş. Mugallymlara, ata-enelere psihologik bilim berişde sosial psiholog esasy unsi aragatnaşygyñ meselelerine, adamlaryñ bir-birini kabul edişine, jahyllyk we maşgala içindäki dartgynlyklara, dürli jynsa degişli çagalaryñ sosiallaşmak meselesine berýär. Aslynda psiholog-amalyýetçiniñ işi hökmünde **psihologik okadylyşyñ**



Käbir bölekleýin gabat gelmezlikleri nazara almasań, teklip edilen ülńüleriń esasy pkiri birdir: sosial psihologiýanyń dersi çenden giń bolup, onuń dersini kesgitlemäge iki tarapdan - şahsyýet we köpçülikleýin psihiki hadysalar tarapdan çemeleşmek mümkin. Şeýle düşüniliş amalyýetde ýaýbańlanyp ugran real derńewlere, jemgyýetiń amaliýet talaplaryna has laýyk bolanlygy üçin sońabaka durugşan häsiýete eýe boldy. Kitabyń başyndaky beren işçi kesgitlemämizde şeýle çemeleşişiń, has takygy, W.N. Mýasişewiń garaýşyna golaý jähtde getirilipdi. Ýöne sosial psihologiýanyń meşgul bolýan meseleleri dogrusynda ylalaşyga gelmek entek onuń psihologiýa we sosiologiýa bilen baglanyşygyna düşünmekde ylalaşmaklyk diýildigi däldi. Şonuń üçin sosial psihologiýanyń “araçägi” hakyndaky çekişme özbaşdak ýaýbańlandy. Bu ýerde dört garaýşy ýüze çykarmak mümkin:

1) sosial psihologiýa sosiologiýanyń bölegi;
2) sosial psihologiýa psihologiýanyń bölegi;
3) sosial psihologiýa psihologiýanyń we sosiologiýanyń “çatrygyndaky “ ylym bolup, öz gezeginde “çatryk” iki hili düşunilýär:
   a) sosial psihologiýa psihologiýanyń we sosiologiýanyń belli bir bölegini özüne birleşdirýär;
   b) ol sosiologiýa we psihologiýa degişli bolmadyk “hiç kimlik” bölegi özüne birleşdirýär.

Eger-de amerikan sosial psihologlary Makdewidiń we Harrariniń teklibinden peýdalansak, sosial psihologiýanyń ylymlar ulgamyndaky orny dogrusyn-

daky mesele amerikan psihologik edebiýatynda bizińkiden pes bolmadyk işjeńlikde gozgalýar, onda görkezilen garaýyşlaryń ählisini iki çemeleşme syrykdyrmak bolar: ders içindäki we ders arasyndaky çemeleşiş. Başgaça aýdanyńda sosial psihologiýanyń ornuny ony "döredijі" dersleriń biriniń içinden ýa-da olaryń araçäginden gözlemek mümkin. Ders içindäki çemeleşiş (biziń çekişmämiziń I we 2 orunlaryna seret) we dersara çemeleşiş (3 we 4 orunlara seret) iki hili çözlüşe eýe bolup biler.

Düýpli tapawutlylygyna garamazdan, ähli teklip edilen çemeleşişler bir meseläniń öńünde saklanýarlar: haýsy "araçäk" sosial psihologiýany psihologiýadan we sosiologiýadan aýyrýar. Sebäbi nirede "ýerleşdirilişine" garamazdan, sosial psihologiýa bu iki ders bilen araçäkleşýär. Eger ol psihologiýanyń bölegi bolsa, onda psihologiýanyń içinde onuń derńewleriniń çägi nirede? Sosiologiýa şeýle garaýyşda sosial psihologiýanyń çäginden daşda galýan ýaly bolsa-da, ol hökmany ýagdaýda onuń bilen araçäkleşýär. Hut şeýle pikir ýöretmäni sosial psihologiýanyń sosiologiýanyń içindäki ýagdaýyna degişlilikde amala aşyrmak mümkin. Ýöne dersara çemeleşişde hem biz "araçäk" hakyndaky meselä dolanmaly bolýarys: "araçäkde" diýmek näme, psihologiýa we sosiologiýa haýsy bölek bilen sepleşýär? Ýa-da "özbaşdak ders " diýmek nämäni ańladýar? Ol psihologiýanyń we sosiologiýanyń haýsydyr bir bölegini bölüp alýarmy ýa-da düýpgöter özbaşdak ugurlary birleşdirýärmi?



auditoriýa bilen arabaglanyşygynyñ netijeliligini ýokarlandyrmaga bagyşlanandyr. Bu ýerde aragatnaşygyñ "monologik" we "dialogik' atlandyrylýan görnüşleri göz öñünde tutulýar. Bu ýerde öwrenilýän meseleleriñ esasy toplumy aşakdakylardyr: beýanýet, wagzyñ netijeliligi, auditoriýanyñ özşboluşlylygy we onuñ beýanýeti kabul edişi, dilewarlyk –oratorlyk sungaty we umuman beýançynyñ ussatlygy we onuñ auditoriýa netijeli täsir etmegiñ şerti hökmündäki ähmiýeti , beýanýet auditoriyasy bilen psihologik baglanyşygy guramagyñ meseleleri we ş.m. Bu derñewleriñ esasan sesli köpçülikleýin çykyş ediş auditoriýasyna gönükdirilen teklipleri belli bir derejede köpçülikleýin habar berşiñ beýleki görnüşlerinde hem ulanyp bilner.

Tutuşlygyna köpçülikleýin habar beriş we wagyz-nesihat pudagyndaky amaly derñewlerde dörän ýagdaýy kanagatlanarly diýip hasaplamak bolmaz: şeýle derñewleriñ möhümligi häzirki zaman şertlerinde köpçilikleýin habar beriş ýokary ähmiýeti wagtynda doly hünärmenler we sargytçylar tarapyndan añlanylýar. Köpçülikleýin habar berşiñ sosial – psihologik derñewine mahabat-reklamany derñemeklik meseleleri hem gelip goşulýar. Bu soñky döwürde has-da işjeñleşýär. Bu derñew dünýä tejribesinde kadaly ýola goýlan däplere eýerýär.

**Mekdep** Däp boýunça kemalyýetiñ we kemalyýet psihologiýasynyñ çäklerinde geçirilýän

psihologik döredijileri düýpgöter aýry başgadyr we ş.m. Şonuñ üçin köpçülikleýin habar beriş we wagyz-nesihat ugrundaky amaly derñewler her bir ýörite kanala degişlilikde geçirilmelidir: psihologik gulluk bu ýerde radio, telewideniýä, çap edilişe, sesli çykyşlara (beýanýet wagyz-nesihat ugry) laýyklykda tapawutly guralmalydyr. Bu babatda sosiologik derñewlerde amala aşyrylýan işler has üstünliklidir.

Sosial psihologiýa barada aýdylanda, onuñ bu ugurdaky derñewleri entek bir bitewilige eýe däldir: aýry-aýry, bölekleýin hem-de "çäkli" derñewler bu ýerde alymlaryñ öz höwesleri, kähalatlarda aýry-aýry telestudiýalaryñ sargytlary boýunça geçirilýär. Möhüm mesele bolan kommunikatory kabul etmek dogrusyndaky derñew gyzykly netijeleri berdi. Umuman kommunikatory kabul etmegiñ, şol sanda ony köpçülikleýin habar beriş şertlerinde kabul etmegiñ aýratynlygy - kabul ediji-resepiýentiñ kommunikatordan gowuşýan habary hem-de kommunikatoryñ şahsyýetini birbada kabul edýänligindedir. Obýekti telewidenýäniñ meşhur diktorlary bolup durýan derñewler täsiriñ netijeliligini ýokarlandyrmak üçin bu şertleriñ ikisini-de göz öñünde tutmalydygyny görkezdi. Kommunikatoryñ sosial psihologiýada adaty ýüze çykarylýan "ynam" we "ýakymlylyk" ýaly häsiýetnamalary amaly derñewlerde aýratyn ähmiýete eýedir.

Derñewleriñ bir toplumy aragatnaşygyñ dürli görnüşlerini ulanmagyñ hasabyna kommunikatoryñ



Bu "sepgitleri " iki tarapdan seretmäge synanyşalyñ. Sosiologiýa barada aýdylanda, onuń bilimleri ulgamyndaky häzirki zaman gurluşy adatça üç sany derejäni ýüze çykarmak arkaly häsiýetlendirilýär: umumy sosiologik taglymat (mesele esasy), ýörite sosiologik taglymatlar (meselem,şahsyýet taglymaty), takyk sosiologik derńewler. Diýmek, nazaryýet düşünjeler ulgamynda iki dereje bolup, olaryń her biri hökmany ýagdaýda sosial psihologiýanyń meseleleri bilen baglanyşýar. Umumy taglymat derejesinde, meselem, jemgyýetçilik barlygy bilen jemgyýetçilik ańynyń arabaglanyşygy, şeýle hem jemgyýetçilik ańynyń gurluşy we görnüşleri derńelýär. Bu meseläniń bir ugrunda jemgyýetçilik ańynyń ösüşiniń, onuń iń ýokary ösen derejesi bolan ańyýet-ideologiýa bilen bir hatarda onuń ösüş üçin aşaky derejesi – jemgyýetçilik psihologiýasy seljerilýär. Hut sońky hadysa sosial psihologiýa aýratyn gyzyklanma döredýär. Diýmek, araçäkleriń biri şu ýerden geçýär.Ýörite psihologik taglymatlar çygrynda hem sosial psihologik çemeleşişi talap edýän meseleleri tapmak mümkin. Meselem, köpçülikleýin aragatnaşygyń sosiologiýasy, jemgyýetçilik pikiri, şahsyýetiń sosiologiýasy we ş.m. Hut şu ýerde "araçägi" ýüze çykarmak has kyn bolýar. Umuman aýdanyńda, dersi boýunça tapawutlandyrmasy kyn bolan derńewleriń özboluşly jähtini, şol bir meseläniń hususy serediliş nukdaýyny ýüze çykarmak arkaly seljerip bolar.

Umumy psihologiýa we sosial psihologiýanyń aralygyndaky “serhet” meselesi hasda çylşyrymly. Eger-de sosial psihologiýany adamyń psihikasynyń sosial döreýşini öwrenýän ylym diýlen nazaryýetden sowulsak, onda sosial psihologiýanyń hususy meselesi umumy psihologiýanyń şahsyýet psihologiýasy diýen şahasyna has golaý bolýar. Şahsyýetiń umumy psihologiýadan tapawutlykda onuń, hut sosial psihologiýany mazmunynda meselesini goýmaklygynyń esasy aýratynlygy-da, onuń turuwbaşdan jemgyýet tarapyndan “berlen“ häsiýetde -seredilmegidir. Belli psiholog A.H.Leontewiñ belleýşi ýaly, adatça indiwidleriń işi iki görnüşde amala aşyrylyp bilinýär: açyk kollektiwleýin şertlerde ýa-da daşky zatlar dünýäsi bilen ýüzbe-ýüz häsiýetde. Ýöne “haýsy görnüşde amala aşyrylsa-da, haýsy gurluşa eýe bolsa-da, adamyń işine jemgyýetçilik gatnaşyklaryndan, jemgyýetiń durmuşyndan üzńe seretmek bolmaz.[1]

Bu nukdaýda umumy psihologiýada şahsyýetiń isleglериniń, meýil- motiwleriniń we ş.m. gurluşy öwrenilýär. Şeýle-de bolsa sosial psihologiýanyń paýyna meseleleriń özboluşly topary galýar. Umumy psihologiýada aslynda derńelmeýän meseleleri almanymyzda hem (toparlarda şahsyýetara gatnaşyklarynyń ösüş dinamikasy, toparlarda adamlaryń bilelikdäki işiniń tebigaty we aragatnaşygyń hem-de özara täsiriń olarda ýaýbańlanýan görnüşleri), şahsyýete degişlilikde sosial psihologiýanyń hut öz garaýşy we öz

[1] Seret: Leontýew A.N. Deýatelnost. Soznaniýe. Liçnost. M., 1975, s. 82.



aşakdaky hyzmatlary tapawutlandyrylýar: a)habary döretmek we b) ýaýratmak.

Diñe kesekiniñ pikirlerini geçirijiler ornunda çykyş edýän kommunikatorlar (meselem, radionyñ we telewideniýänyñ diktorlary ) hem adamlara täsir ediş tutumynda uly ähmiýete eýedir. Köpçülikleýin habar berişde **auditoriýa** hem özboluşlydyr. Ony dürli möçberdäki we guramaçylykly toparlar düzýär: maşgala ýaly kiçi topardan başlap, köpçülikleýin mitinge gatnaşyjylara we ş.m. çenli. Ähli şertlerde diýen ýaly (lektorlaryñ uly bolmadyk auditoriýada umumy beýanyýet okaýşyny hasap etmeseñ ) köpçülikleýin habar berişde auditoriýa ady näbelli - anonim bolup galýar, munuñ sebäbi kommunikator hiç wagt özüniñ teklip edýän habaryny kimiñ kabul etjekdigini bilmeýänligi bilen düşündirilýär. Bu ýerde “yza dolanýan baglanyşyk-da” özboluşly çözülýär. Bu halatlarda onuñ şol bada gelip gowuşmaýanlygy, kommunikatiw hereketiñ ähli tutumyny güýçli üýtgedýär. Şeýle özboluşly aýratynlyklary köpçülikleýin habar beriş tutumyñ gurluşynyñ beýleki düzüjilerine degişlilikde hem ýüze çykarmak bolar.

Amaly derñewleri guramakda mundan başga-da, **kanalyñ-ýaýlymyñ** özboluşlylygyny göz öñünde tutmaly bolýar: eger kommunikator telewidenýäniñ diktory bolsa, onda onuñ kabul edişini öwrenmekde bir dürli meseleler ýüze çykyp, eger-de, ol radio diktory bolsa, onda düýpgöter başga meseleler ýüze çykýar. Edil şonuñ ýaly-da ýazuw üsti we sesli habaryñ

ylmy derñewlere şol sanda sosial, psihologlaryñ derñewine esaslanman ösüp bilmeýär. Şonuñ üçin sosial-psihologik derñewleriñ meseleleri bu ugurda örän işjeñ alnyp barylýar.

Kommunikatiw tutumynyñ gurluşyny açyp görkezýän ýokarda seredilen bäş düzüjili nusganyñ ählisi amaly derñewiñ obýekti bolup durýar: kommunikator-habar beriji, habar, diñleýjiler-auditoriýa, kanal, netijelilik. Bu derñew toparlarynyñ her birinde has möhüm meseleler we **mowzuklar** ýüze çykýar. Munuñ sebäbi köpçilikleyin habar berşiñ, ýagny wagyz-nesihat täsir ulgamynyñ adamlaryñ köpçulikleýin aragatnaşygynyñ görnüşi bolup durýanlygy bilen, bu ulgamda maglumatyñ esasan tehniki serişdeleriñ kömegi bilen (çap ediliş, telewideniýe, radio) baglanşyklydyr. Bu tutum belli bir sosial institutlar tarapyndan guralýar we ugrukdyrylýar. Köpçülikleýin habar berşiñ ýokary sosial ugrukmasy we onda aragatnaşygyñ tehniki serişdeler bilen aralaşdyrylanlygy kommunikatiw tutumyñ düzüm böleklerine we aýry-aýry taraplaryna belli bir täsirini ýetirýär.

**Kommunikator** köpçilikleýin habar berişde “ toparlaýyn” häsiýete eýe bolýar, çünki onuñ ornunda bu ýerde aýratyn indiwid däl-de , belli bir sosial topar hereket edýär. Habaryñ taýýarlanylyşyna, onuñ düzedilişine, taslamasyna köp sanly adamlar gatnaşýar. Şonuñ üçin aragatnaşygyñ bu ugrunda kommunikatoryñ



“serhedi” bar: dürli real sosial toparlarda takyk şahsyýetiń nähili hereket edýänligini anyklamak - bu sosial psihologiýanyń meselesidir. Sosial psihologiýa dińe şahsyýetiń meýilleri, islegleri nähili kemala gelýär diýen soraga jogap bermek bilen çäklenmän, eýsem näme üçin hut şeýle meýilleri, islegler, gönükdirilmeler bu şahsyýetde döräp, olaryń döreýşinde şahsyýetiñ hereket edýän topary nähili orun eýeleýär diýen sowallara-da jogap bermelidir. Sosial psihologiýanyñ dersi dogrusyndaky häzirki zaman garaýyşlary ulgamlaşdyrmakda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyñ pelsepe-psihologik esaslandyrmalary usulyýet ugrukmasy bolup hyzmat edýär. Ol şeýle ýazýar: "Marksizm taryhy gaýtgynsyz, diñe ýokary galyp barýan birtaraplaýyn döwür hökmünde göz öñüne getirýär: taýpa döredýär, taýpadan halk, halkyýetden millet we ş.m-ler. Emma taryh bütinleýin ters hadysalaram – ösüş bilen gaýtgynyñ gezekleşip gidýän pursatlarynam biziñ gözümize dikýär."[1] Türkmenbaşynyñ bu pelsepe jemlemeleri sosial psihologiýanyñ dersi dogrusyndaky garaýyşlaryñ dürli döwürlerde hakykata has golaýlaşyp, şol bir wagtyñ özünde şeýle ilerlemeleriñ pikir çökderlikleri bilen utgaşmasynyñ has umumy kanunalaýyklyga tabyndygyna göz ýetirmäge mümkinçilik berýär.

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Mukaddes Ruhnama. II-kitap. Aşgabat, 2004, sah. 159

Şeýlelikde, sosial psihologiýanyń hususy höwesleri örän gińişleýin bolup, bu onuń wezipeleriniń psihologiýanyń we sosiologiýanyń takyk keşbini anyklamaga goşmaça delil bermese-de, derńew çygryny kesgitlemäge ýardam edýär. Keşp hakynda aýdylanda bolsa, ol barada çekişmeler Günbatar sosial psihologiýasynda hem dowam edip, ýöne ol ýerde mesele özboluşly usulyýet we nazaryýet nukdaýdan çözülýär. Bu çekişmeleriń esasy ugruny fransuz alymlary Pento we Grawits düşündirýärler. Sosial psihologiýa döremezden ozal şahsyýetiń we jemgyýetiń meseleleriniń iki ugry bardy: psihologiýa adamyń tebigatyny öwrense, sosialogiýa jemgyýetiń tebigatyny öwrenýärdi we seljerýärdi. Sońra özbaşdak ylym - sosial psihologiýa döräp, ol adamyń jemgyýete gatnaşygyny öwrenýar.[1]

Sosial psihologiýanyń dersine we ylymlar ulgamyndaky ornuna düşünmek köp derejede psihologiýanyń we sosiologiýanyń dersine düşünmeklige bagly bolýar.

**Sosial psihologiýanyń jemgyýetdäki wezipeleri**. Sosial psihologiýanyń dersi dogrusyndaky şeýle gińişleýin çekişme sepgitde döreýän ähli ylymlara häsiýetlidir. Şeýle çekişmeleriń netijesi hemişe takyk kesgitlemä getirmeýär.Ýöne şeýle çekişmeler ińńän ähmiýetli bolup, birinjiden, şol bir ylmyń çözýän wezipelerini aýdyńlaşdyryp, ikinjiden, çözülmedik

[1] Seret:PentoR., Grawist M. Metody sosialnyh nauk. M., 1972. S.168



döredip, onda meseläni çözmekde döreýän kynçylyklar aýratyn ýüze çykarylýar, we onuñ esasynda mundan beýläkki hereketleriñ meýilnamasyny döretmek; galyberse-de “goşulyşmak”, ýagny ilkinji nobatda yolbaşçylary we işgärleri okatmak boýunça iş (şol sanda ýörite işlenilip düzülen türgünleşik maksatnamasy boýunça ).

Okadylyş maksatnamasy amala aşyrylýan toparlar öz düzümi boýunça dürlidir: bu guramanyñ tutuş bölümi (bölümçe, komanda) , şeýle hem dürli bölümleriñ işgärlerinden jemlenen, ýöne birmeñzeş işi ýerine ýetirýän ýörite döredilen topar hem bolup biler. Daşary ýurt psihologik edebiýatynda guramany üýtgetmegiñ giñden ýaýran serişdeleriniñ biri **ýolbaşlygyñ tärini we gymmatlyk ugrukmasyny üýtgetmek** usuly hasaplanýar. **“Dolandyryş matrisasy”** giñden ulnylyp, ol sosial psihologiýada giñden yaýran ýolbaşçynyñ ýumşuny ýa-da şahsyýetara gatnaşyklaryny ileri tutmak dogrusynda iki mümkingadar ugrukmasyna esaslanýar. Ýöne bular ýolbaşçynyñ diñe nusga görnüşleridir. Hakykatda bolsa her bir ýolbaşçyda ol ýa-da beýleki ugrukmanyñ utgaşmalary bolýar. Dolandyryş matrisasynyñ kömegi bilen her bir ýolbaşça degişlilikde onuñ usuly hasaplanylýar, soñra bolsa munuñ esasynda ony has kämilligi üçin mundan beýläkki okadylyş guralýar.

**Köpçülikleýin habar beriş we mahabat.** Kopçülikleýin habar beriş ulgamy we wagyz-nesihat

döredijisine, gymmatlyk ugrukmasyna we ş.m. laýyklykda adamlaryñ özüni alyp barşynyñ usullaryny üýtgetmek; 2) karara gelmek, topary kemala getirmek we beýleki usullary kämilleşdirmekligi göz öñünde tutýan dolandyryş tehnologiýasyny üytgetmek. 3) guramanyñ daşky gurşawyñ üýtgeşmelerine oñat uýgunlaşmagy, kommunikasiýa ulgamynyñ kämilleşmegi üçin onuñ maksadyny üýtgetmekligi göz önünde tutýan guramanyñ hut öz gurluşyny üytgetmek. Bu wezipeleriñ deñeşdirilme bahalandyrylyşy dogrusynda dürli çemeleşişler bardyr. Ýazarlaryñ bir topary psihologyñ esasy wezipesini işgärleriñ şahsy sypatlaryny üýtgetmek bilen baglanyşdyrsa, beýlekileri guramanyñ hut özüni üýtgetmegiñ baş ugurlaryny işläp düzmegi esasy hasaplanýar.

Ýöne meseläniñ islendik toplumynda psiholog "üýtgeşmäniñ döredijisi" hökmünde örän takyk maksatnamadan ugur almalydyr: ol guramanyñ ýolbaşçylaryna takyk çözlüşleri teklip etmeýär (sebäbi ol guramanyñ işiniñ mazmunyndan hünärmen häsiýetde baş çykarmaýar), ol ýolbaşçylara we işgärlere özbaşdak karara gelmekligi üçin şert döredýär. Psihologyñ guramanyñ ösüşiniñ maslahatçysy we işgärleri okatmaklyga gös-göni gatnaşyjy hökmünde wezipesi hut şundan ybaratdyr. Ähli iş birnäçe tapgyrlara bölünýär. Guramanyñ ýagdaýy, onuñ gurluşy, ondaky kommunikasiýanyñ görnüşi dogrusynda maglumatlary toplamak; maglumatlary seljermek esasynda anyklaýyş–diagnoz



meseleleri aç-açan görkezip, olaryń çözlüşi ugrunda hususy mümkinçiliklerini we serişdelerini ańlamaga ýardam edýar.

Sosial psihologiýanyń dersi dogrusyndaky gürrüńi gutarnykly hasaplamak bolmasa-da, onuń gidişinde gazanylan ylalaşyklyk derńewleri geçirmäge mümkinçilik berýär.Ylalaşyklygyń alamaty hökmünde sosial psihologiýanyń häzirki zamanda iki ugry hereket edýär: olaryń biri köp derejede "sosiologik", ikinjisi bolsa "psihologik" meseleler bilen baglanyşyklydyr. Meselem, ABŞ-da sosial psihologiýa resmi ýagdaýda "iki derejede" işleýär: Onuń bölümçesi Amerikan sosiologik we amerikan psihologik assosiasiýasynyń içinde bolup, okuw kitaplarynyń giriş sözbaşylarynda adatça ýazaryñ bilimi boýunça sosiolog ýa-da psihologdygy görkezilýär. Elbetde, şeýle iki dürlülik birnäçe ońaýsyzlyklar döredýär. Bu ýagdaý ylmyń belli bir ösüş döwründe ýerlikli bolup, esasy zat ylmyń dersi hakyndaky çekişme meseläniń gutarnykly çözülmegine ýardam etmegidir.

Sosial psihologiýanyń meseleleriniñ pajygalylygy dińe bir onuń ylymlaryń ulgamyndaky ornunyń näbelliliginde däldir. Sosial psihologik bilimiń möhüm we düýpli aýratynlygy onuń jemgyýetiń sosial we syýasy meselelerine goşulýanlygydyr (psihologiýanyń beýleki ugurlaryna garanda). Elbetde, bu ýagdaý sosial psihologiýanyń uly sosial toparlaryń, köpçülikleýin hereketleriń psihologik häsiýetnamalaryna we ş.m.

aýratyn degişlidir. Emma sosial psihologiýa adaty bolan kiçi toparlar, sosiallaşmak şertleri ýa-da şahsyýetiń sosial gönükdirilmeleriñ derñewleri dogrusyndaky meselelerde jemgyýetiń belli bir görnüşine degişli wezipeleriń çözlüşi bilen baglanyşýar. Taglymat jähtden sosial psihologik bilimler belli bir medeniýet däbiniñ ańyýet-ideologik nukdaýyń täsirinde bolýar. Şeýlelikde synpy we umumyadamzat mazmunlarynyń utgaşma meselesi döreýär. Bu ýerde psihologlar üçin keminden iki mesele ýüze çykýar.

Olaryń biri, daşary ýurt sosial psihologiýasyny seljermek, onuń nazaryýet esaslarynyń mazmunyna, şeýle hem usullaryna we derńewleriniń netijesine garaýşy salyhatly beýan etmekdir. Köp sanly günbatarly psihologlaryń işlerinden görnüşi ýaly bu ugurda geçirilen amalyýete gönükdirilen derńewler, olaryń gös-göni gündelik durmuşy talaplar esasynda ýüze çykanlygyna şaýatlyk edýär. Degişlilikde bu derńewleriń ugurlary öz döwründe dörän amaly talaplaryń usulyýeti esasynda seljerilmelidir.

Ikinjiden, sosial psihologiýada amaly derńewler meselesini düýpli işlemek wezipesi. Jemgyýetçilik ulgamynyń dürli ugurlarynda geçirilýan derńewler ony geçirýänden diñe ýokary hünärmen ussatlygyny däl-de, eýsem ýokary raýatlyk jogapkärçiligini-de talap edýär. Amaly teklipler sosial psihologiýanyń gös-göni jemgyýetçilik durmuşa "goşulýan" ulgamydyr. Diýmek, sosial psiholog üçin dińe bir hünärmen etikasy ähmiýetli bolman, onuń öz sosial ornuny kesgitlemekligi hem uly



ulanmagyñ aýratyn medeniýetini döretmekdir. Bu aýratyn hem karara gelmeklige, dartgynlygy çözmeklige, kommunikasiýa ulgamynyñ ösüşine degişlidir. Sözüñ has dar manysynda bolsa, guramalaýyn ösüş guramanyñ öz-özüni täzeleýän, özüniñ maksadynyñ üýtgeýşine laýyklykda, özgerýän ulgama öwrülmekligini üpjün edýän şertleri döretmegi göz öñünde tutýar. Şeýle özgeriş haçanda guramanyñ ösüşiniñ talabyna laýyklykda onuñ gurluşyny üznüksiz kämilleşdirmek, netijeliligini ýokarlandyrmak döredijisi işlenilip düzülen ýagdaýynda mümkin bolýar.

Bular bilen bir hatarda guramalaýyn ösüşiñ maksatnamasyna işgärler bilen alnyp barylmaly işleriñ uly möçberi girýär. Ynanjy ösdürmek, işgärleri guramanyñ işi barada maglumatlar bilen ýokary derejede üpjün etmek, karara gelmekde her bir işgäriñ gatnaşmak mümkinçiligini ýokarlandyrmak. Bularyñ ählisi dolandyryş usullaryny bir ulgama birleşdirmeklige gönükdirilendir. Bu bolsa öz gezeginde guramanyñ netijeliligini, şol sanda onuñ daşky gurşawdaky özgerişler bilen maksadalaýyk öz işini üýtgedip gurmaklygyny üpjün etmelidir.

Agzalan toplumlaýyn ýumuşlar içki we daşky "özgerdişiñ döredijileriniñ" kömegi bilen çözlüp bilner. Şu ýerden hem psihologyñ işi başlanýar: hut psihologyñ özi daşky we içki "özgerdişiñ döredijisiniñ" hyzmatyny ýerine ýetirip biler. Onuñ özünde özgerdişiñ üç görnüşini üpjün etmek ýumşy durýar:1)guramadaky täze şertlere, adamlaryñ hünär

hakyky meselelerine düşünmeklige we sosial psihologiýanyñ mümkinçiliklerini göz öñüne getirmeklige esaslanýan işjeñ orun eýelemeklige borçly edýär.

**Guramanyñ osüşi.** Dolandyryşyñ psihologiýasy

bilen baglanyşykly meseleleriñ toplumy sosial psihologiýanyñ täze ugruny düzýän **“guramanyñ osüşi”** ýa-da **“guramalaýyn ösüş”** atlandyrylýan ugurdyr. Bu mesele ilki sosial psihologiýanyñ jümmüşinde döremän, onuñ esaslandyrylyşyna görnükli sosiologlar we sosial psihologlar gatnaşdy: A.Maslou, F.Herzberg, K.Arjiris we beýlekiler. Guramalaýyn ösüş ugurdaky derñewler **dolandyryş işgärleriniñ hünärini ýokarlandyrmakdan** başlandy. Bu işiñ gidişinde işgärleriñ ýokary hünärmenligini üpjün etmekliginiñ beýleki meselelerden üzñelikde mümkin däldigi anyklandy . Daşky gurşaw iññän çylşyrymly bolup, onda hereket edýän gurama onuñ üznüksiz üýtgeýän şertlerine yzygider uýgunlaşmaly bolýar. Bu dolandyryş işgärleriniñ taýýarlygynyñ guramanyñ şeýle üýtgeýjiligini nazarda tutmalydygyny añladýar. Işgärleriñ öz-özleriniñ işjeñleşmegine laýyk şertler döredilmese guramanyñ işiniñ netijeliligini ýokarlandyryp bolmaýar. Hut şu esasda guramalaýyn ösüşiñ nazaryýeti ýüze çykdy.

Sözüñ giñ manysynda guramalaýyn ösüş adamlaryñ we toparlaryñ guramadaky özüni alyp barşyny kämilleşdirmek üçin dürli tehnologiýalary



jogapkärçiligi hem uly jogapkärçilik talap edýär. Fransuz S. Moskowisiniń belleýşi ýaly, sosial psihologiýa üçin ýumşy jemgyýetiń hut özi goýup, ol onuń üçin meseleleri kesgitleýär. Bu sosial psihologdan jemgyýetiń goýýan meselelerine çuńńur düşünip, olary hüşgär kabul edip, özüniń bu meseleleriń çözlüşine haýsy ugurda ýardam edip biljekdigini ańlamaklygyny talap edýär. Sosial psihologiýada “akademizm” we “ hünärmenlik” öz gezeginde “sosial duýgurlyk” bilen utgaşyp, bu dersiń ańyýet wezipelerine düşünmeklik bilen utgaşmalydyr.

Häzirki zaman jemgyýetinde sosial psihologik bilimleriń köp sanly ulanylýan ugurlary bardyr.

Döwletiń milli däbinde ösýäń sosial psihologiýänyń özboluşlylygy dińe bir onuń ańyýet gönükdirilmesinde, nazaryýeti we usulyýetinde däldir. Mesele şeýle däbiń jemgyýetiń täze görnüşinde täze meseleleri döredýänligindedir. Elbetde , adaty sosial psihologiýada açylan hadysalar milli özboluşly jemgyýetde öz ähmiýetini, kanunyny saklaýar: şahsyýetara gatnaşyklary, aragatnaşyk hadysalary, liderçilik, jebislilik- bu hadysalar jemgyýetiń islendik gurluşynda öz güýjüni saklaýar. Emma şunuń bilen bir hatarda iki ýagdaýy göz öńunde tutmalydyr. Birinjiden, bu ýerde adaty sosial psihologiýada açylan hadysalar kähalatlarda düýbünden başga mazmuna eýe bolýar. Görnüş taýdan hadysalar şonlugyna galýar: adamlar bir-birleri bilen sözleşýär, aragatnaşyk saklaýar, olarda belli bir sosial gönükdirilmeler kemala gelýär we ş.m., ýöne

olaryń özara täsiriniń dürli görnüşleriniń mazmuny, belli bir jemgyýetçilik hadysalaryna sosial gönükdirilmeleriń döreýänligini - bularyń hemmesi takyk jemgyýetçilik gatnaşyklarynyń häsiýeti bilen kesgitlenýar. Diýmek, ähli adaty meseleleriń seljerimi täze öwüşgin alýar. Sosial psihologik meseleleri mazmun taýdan seretmeklik usulyýet düzgüni şol birwagtyń özünde jemgyýetçilik islegleri arkaly döredilýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy diýdimzorlyk - **totalitar** düzgünden boşan türkmen halkynyñ milli ruhy galkynyşynyñ aýgytlaýjy şerti hökmünde onuñ batyp galan buýsanç çeşmesiniñ täzeden açylmak zerurlygyny goýýar. "Ine, biz türkmen taryhynda dürli nesilleriñ hem döwürleriñ üzñeligini görýäris. Hatda mahal-mahal taryhy nesiller bir-birini asla tanamaýan, bir-biriniñ diline düşünmeýän, ählisi türkmen hem bolsa bir-biriniñ öñünde ýadyrgaýan ýaly bolup görünýär. Olaryñ arasyndaky Baglanyşyk üzülipdir". Bu zerurlygyñ amal edilmekligi Beýik Serdar pähimine görä: "Pelsepe emi arkaly göwne jan bermekdir, howaýylyga dönen geçmişi türkmen tebigatynda ösüp oturan arçalar kimin janlandyrmakdyr"[1].

Ikinjiden, täze sosial ýagdaý täze meseleleri döredýär. Milli öwüşginli sosial psihologiýasynda adaty gollanmalarda bolmadyk meseleleriń ýüze çykmagy degişli hadysalaryń, esasan bu milliligiń çäginde bolýandygy bilen düşündirilýär. Şeýle hadysalara milletiń ruhy-ahlak ýörelgeleri, ruhy-medeni

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001., sah. 64



Meseläni diñe ýolbaşçynyñ “sypatlaryny”, “häsiýetlerini” ýüze çykarmaklyga baglamak, bu sosial psihologiýany nalajedeýin ýagdaýa salmakdan başga hiç zat däldir.

Bu aýdylanlar haçanda derñewe psihologiýadan hünärmen däl, meseläniñ mazmunyndan we onuñ derñew usulçasyndan baş çykarmaýan adamlar goşulan ýagdaýynda has-da howply ýagdaý döredýär. Bu ýagdaýda köplenç urtut testleri ulanmak amaly talap ýaly usuldan ýeke-täk haraý gözleýärler. Emma testleriñ köplügi, olary diñe ulanyş tehnikasyndan suwara baş çykarylýan ýagdaýda oñaýlylyk döredýär. Test kähalatlarda göýä ylmylygyñ girewine öwrülýär; olaryñ şu takyk ýagdaýa laýyk däldigi magat görnüp duran-da bolsa olary ulanmagyñ öñüni almak gaty kyn bolýar. Sosial psihologiýanyñ sargytçylarynyñ añynda diñe test ulanýan hökmünde düşünilmeginiñ sebäbine düşünmek kyn. Amaly derñewleri, şol sanda dolandyryşyñ psihologik meseleleriniñ öwrenilişini şu nädogry pikiri, stereotipi puja çykarmaklykdan başlamalydyr.

Dolandyryş ulgamynda işleýän psihologyñ wezipesi diñe teklip edilýän mowzuklar boýunça amaly derñew geçirmek bilen çäklenmän, öz meselesini añlatmak üçin sosial psihologik düşünjeleri wagyz etmek bilen utgaşmalydyr. Bu işiñ maksady sargytça sosial psihologiýanyñ hut ylmy esasda nähili teklip berip bilýändigini düşündirmekden ybaratdyr. Psihologyñ hünärmen taýýarlygy ony dolandyryşyñ

tarapyndan özüniñ nähili kabul edilýänligini bilmegi/ dolandyryşyñ netijeligindäki orny we ş.m. Şeýle derñewlerde has giñden ýaýran usullarynyñ biri ýolbaşçynyñ täzelikleri kabul etmeklige ukybyny, onuñ dürli usullary we gözegçiligi we ş.m. ulanmakdaky mümkinçiligini ýüze çykarýan başarnyklaryny özünde jemleýän psihologik keşbini ýüze çykarýan usullardyr[1]. Mundan başga-da haçan-da amaly derejede dolandyryşyñ we ýolbaşçylygyñ käbir meselelerini derñemekde dolandyryşa diñe gytaklaýyn dahylly, emma onuñ netijeliligi üçin örän ähmiýetli bolan araçäk meseleleriñ öwrenilişine amaly zerurlyk döredýär.

Şeýle meselelere, meselem, ýolbaşçynyñ dürli derejeleri üçin işewür aragatnaşygyñ netijeliligini ýokarlandyrmak degişlidir. Bu ugur diñe amaly derñewleri özünde jemlemek bilen çäklenmän, ýolbaşçylar üçin özünde işewür aragatnaşygyñ ugruny we tehnikasynyñ we onuñ düzgünlerini we kadalaryny işläp düzmekligi jemleýän amaly okuw sapaklaryny guramagy hem göz öñünde tutýar. Amalyýetçi psiholog bu ýagdaýda diñe bir ekspert-emin we maslahatçty hökmünde bolman, eýsem amaly sapaklaryñ ýolbaşçysy bolýar. Munda ýörite işewir oýunlary guramak aýratyn täsirlidir.

Bu täze öwrülmä ýüzlenmek esasy temadan daşlaşmak däl-de , derñewi häzirki zaman ylmynyñ ýagdaýynda mümkin bolan derejä çykarmakdyr

[1] Kriçewskiý R. L. Esli wy – rukowoditel. M., 1993



gymmatlyklarynyń özboluşlylygy, medeni-syýasy gönükdirilmeleriń aýratynlyklary we beýlekiler degişlidir. Sosial psihologiýanyń meselelerini jemgyýetiń hut özüniń öńe sürýänligi pikiri degişli meseleleri ýüze çykarmagyń sosial psihologyń borjuna öwrülýändigi pikiri bilen doldurylmalydyr.

Umumy nazaryýet meseleleri bilen bir hatarda jemgyýet sosial psihologiýanyń öñünde takyk amaly meseleleri–de goýýar. Amaly derńewler nazary meseleleriń çözülmegine garaşyp durmazdan, olar jemgyýetçilik durmuşyń ähli ugurlarynda öńe sürülýär. Ylmyñ durmuş hadysasy nazary we amaly ugrukmalarynyñ has umumylaşdyrylan wezipesini Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şeýle belleýär: "Jemgyýete peýdasyz ylym bimanylykdyr. Jemgyýete miwe, netije bermän, ylma güýmenmenlik sapaksyz iññe bilen eşik tikmek bilen barabardyr."[1]

Amaly derńewleriń birnäçe möhüm ugurlary sońky döwürde jemgyýeti üýtgedip gurmak bilen baglanyşyklykda goýulýar. Halk hojalygynyń ähli ugurlarynda, ilkinji nobatda senagat önümçiliginde dolandyrylyşy üýtgetmek, zähmet toparlaryny kämilleşdirmek, onda ýakymly psihologik ýagdaýy üpjün etmek, demokratiýany, aç-açanlygy mundan beýläk-de ösdürmek, jemgyýetde durgunlyk hadysalary ýeńip geçmek we beýlekiler özüniń çözlüşine garaşýan meselelerdir.

[1] Saparmyrat Türkmenbasy. Ruhnama. Aşgabat, 2001., sah. 350

Elimizdäki dersiń düzümi bu amaly bilimleriń meselelerini-de öz içine almalydyr. Tutuşlygynyna bu ders sosial psihologiýanyń ähli esasy meselelerini yzygiderli beýan etmekligi göz öńünde tutup, mowzuklaryń yzygiderlliligi seljerişiń birnäce düýpli usulyýet düzgünlerine laýyk bolmalydyr. Bütin ders bäş uly bölümden durýar:

1). giriş, onda, sosial psihologiýanyń dersiniń häsiýetnamasy, esasy pikirleriń ösüş taryhy, usulyýet düzgünleri beýan edilýär;

2). adamlaryń aragatnaşygynyń we özara täsiriniń kanunlary bölüminde şahsyýetara gatnaşyklarynyñ we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyń arasyndaky arabaglanyşyk görkezilip, aragatnaşyk olaryñ ýüze çykyşy hökmünde seredilýär, aragatnaşygyń gurluşy we hyzmatlary, şeýle hem mehanizmleri beýan edilýar;

3). sosial psihologiýada toparlar meselesi bölüminde toparlaryń görnüşleri /uly we kiçi toparlar/, hakyky sosial toparlarynda aragatnaşygyń aýratynlyklary, hem-de toparlaryń içki hereketiniń meseleleri, olaryń ösüşi, şol sanda kollektiwiń aýratynlyklary seredilýär;

4). şahsyýetiñ sosial psihologiýasy bölüminde aragatnaşygyń we özara täsiriń dürli sosial toparlarda özboluşly ýüze çykýan umumy mehanizmleriniń nähili usulda şahsyýeti belli sosial mazmunda döredýändigi we başga tarapdan, jemgyýetçilik gatnaşyklaryń mundan beýläk



amaly derejede ýolbaşçynyñ haýsy sypatlary özünde jemlemelidigini anyklamaga çalyşýarlar. Bu geñirgenmeklige jogap hökmünde köplenç durmuş meseleleriniñ “garaşmaýandygyny”, olary çözmek üçin “nämede” bolsa bir zat etmelidigini nygtaýarlar. Subutnama hakykatdan daş bolmasa-da munuñ bilen ylalaşmak bolmaz . Hakykatdan-da, durmuşy meseleler “garaşanok”, ýöne bu meseläni ylmy jähtden ýapa ýaraşmaýan usullar bilen çözmelidigini añlatmaýar. Ýolbaşçýnyñ “sypatlary” dogrusyndaky mesele, örän kyn başga bir meseläniñ çözmelidigini görkezýär: derñewi sargyt edýäne ylmyñ entek onuñ talap edýän meselesini çözmäge ýagdaýynyñ ýokdugyny mertlik bilen boýun almagy başarmaly. Şeýle orun zerur meseläniñ çözgüdinden ýüz öwürmekligi añlatman, ýok bolan mümkinçilikler dogrusynda salgyma kowalaşmagyñ öñüni alýar.

Dolandyryş meselesinde hut şu günki günde hem sosial psihologiýanyñ çözüp bilmejek meselelerini tapmak bolar: bu ýolbaşçylygyñ usuly we toparlaýyn işiñ netijeliliginiñ arabaglanyşygy meselesi, psihologik derejede dörän dartgynlyklary çözmek meselesi, toparlaýyn karara gelmek tutumyny işjeñleşdirmek meselesi we beýlekiler. Ýolbaşçylaryñ sypatlary dogrusynda aýdylanda bolsa bu ýerde hem meseläniñ nazaryýet derejede çözlüşi bilen çapraz gelmeýän käbir çemeleşişleri görkezmek mümkin: meselem: ýolbaşçynyñ we topary gabat gelşini seljermek, “yza dolanýan baglanyşygyñ” /ýolbaşçynyñ agzalar

döwlet kärhanalary bilen bir hatarda kärhanalaryñ täze görnüşleri – paýdarlar, bilelikdäki we hususy kärhanalar döräp, olarda özara gatnaşyklaryñ sypatlary çykýar. Bular öz gezeginde sosial psihologiýadan täze usulyýet we usul döredilişleri talap edýär.

**Dolandyryş.** Senagatda derñewiñ eriş-argaç mowzugy dolandyryşdyr. Bu dolandyryşyñ bilimiñ dürli pudaklaryna degişliligi, onuñ derñew işine psihologlar bilen bir hatarda ykdysadçylaryñ goşulýanlygy bilen düşündirilýär. Sosial psihologiýanyñ bu meselesinde hut özüne degişli jähti bardyr.[1]

Onuñ esasy bölüminiñ biri- **ýolbaşça zerur psihologik sypatlar** dogrusyndaky meselesidir. Köp sanly amaly derñewler şu meseläni anyklamaga gönükdirilendir. Munuñ üçin dürli şahsyyet testleri ulanylýar, ýörite usulçalar döredilýär, köplenç ussat ýolbaşçynyñ beýany häsiýetnamasy berilýär. Dogrudanam bu usulçalaryñ kömegi bilen ýolbaşça zerur bolan häsiýetler ýüze çykarylyp, olaryñ görnüşleri bolsa gündelik durmuşdan alynýar. Ýöne bu mesele dogrusynda amaly derñewler geçirilende muña degişli köp sanly meseleleriñ nazaryýet jähtde entek çözülmän galýandygyny unutmaly däldir.

Kähalatlarda örän geñ ýagdaý döreýär: hünärmen-psihologlar meselem, liderçiligi düşündirýän "sypatlar" taglymatyna garşy ähli subutnamalary bilip,
lideriñ ylmy derejede esaslandyrylan "sypatlarynyñ" toplumynyñ döredip bolmajakdygyny añsalar-da,

[1] Seret: Swaniskiý A.L. Sosialnaýa psihologiýa uprawleniýa. L.,1986.



ösüşinde şahsyýetiń işjeńliginiń nähili görnüşleriniń ýüze çykýandygy görkezilýär;

5). sosial psihologiýanyñ amaly ornaşdyrmalary bölüminde amaly derńewleriń özboluşlylygy, amaly teklipleri taýýarlamakda sosial psihologiýanyń anyk mümkinçilikleri we amaly derńewleriń has ösen ugurlarynyń häsiýetnamasy beýan edilýär.

## 2-nji bap. Sosial psihologik pikirleriñ kemala gelşiniñ taryhyndan .

**Sosial psihologiýanyń döremeginiň şertleri**

Sosial psihologik pikiriń taryhyny öwrenmek diñe bir psihologyñ bilimini ýokarlandyrmak üçin ähmiýetli bolman, eýsem bu ylmyń mazmunyna, meselelerine, galyberse onuń dersine çuńńur düşünmäge mümkinçilik berýär.Ylym hökmünde sosial psihologiýanyń taryhy nemes psihologlary G.Gibş we M.Forwergiń "sosial-psihologik pikirlenme" diýip atlandyrýan hadysasynyń taryhyndan has “ýaşdyr”[1]. Bilelikdäki işiń häsiýetini we ondan döreýän aragatnaşygyń görnüşlerini ańlamaklyga bolan isleg, edil adamlaryń bilelikdäki işi ýaly gadymydyr. Ilkidurmuş jemgyýetiń taryhynyń görkezişine görä, adamlar öz ilki döreýiş döwürlerinden sosial psihologik hadysalar bilen ýüzbe-ýüz bolup, olary mümkingadar ulanmaga çalşypdyrlar. Meselem, gadymy dürli ulgamlarynda märekäniń indiwide täsirini döredýän, adamlaryń psihologik kabul edijilige ýykgynlygy ýaly köpçülikleýin keýpiń görnüşleri ulanylypdyr. Däp-dessurlar, tabu /gadagan etmek/ ýaly hadysalar nesilden-nesle geçirilip,

[1] Cibş G. Forwerg M. Wwedeniýe w marksistskuýu sosialnuýu psihologiýu. M., 1972, sah. 31



haýsy toplumynyñ “amatly” /ýa-da amatsyz/ klimaty berýändigini henize çenli takyk aýdyp bolanok. Diñe derñewiñ dowam etdirilmegi bu meseläniñ çözülmegine getirip biler.

Senagat kärhanasynda sosial psihologik derñewiñ täze meseleleriniñ biri zähmet toparynyñ içindäki aragatnaşyk-kommunikasiýa meselesidir. Psihologik klimatyñ köp sanly derñewlerinde uly senagat kärhanasynyñ /brigada, seh, salkyn-smena /içindäki has kiçi toparlaryñ/ agzalary bu kärhanada oñyn klimat bolan ýagdaýynda “öz” brigadasynyñ, sehiniñ, salkynynyñ we ş.m. has dar çäginde bolýarlar. Bu ýagdaýda olaryñ öz tutuş kärhanasynyñ görkezijileri, bu bölümçäniñ tutuş kärhananyñ içindäki ähmiýeti, onuñ işiniñ depgini, önüminiñ hili dogrusynda habarlylyk derejesi pes bolýar. Şol bir wagtyñ özünde tutuş kärhana dogrusynda habardarlygyñ derejesi her bölümdäki umumy ýagdaýa oñyn täsir edýär. Nazaryýet jähtden bu anyk maglumat her bir toparyñ has uly sosial gurluşa goşulmagynyñ we bu goşulmaklygy añlamagynyñ işiñ goşmaça motiwasiýasyny döredýänligi we onuñ has umumy işiñ düzüjisi bolup durýanlygy bilen düşündirilýar. Şonuñ üçin soñky wagtlarda toparyñ habarlylygy, başgaça aýdanyñda kommuni-kasiýanyñ ösüşi meselesi ýörite derñew tersine öwrüldi.

Jemgyýetiñ osüşinde täze eýýämiñ başlanmagy senagat kärhanalaryñ psihologiýasy bilen baglanyşykly meseleleriñ täze toplumyny döredýar. Ilkinji nobatda

öz hususy hünärmenligiñ derejesine gatnaşygyñ görkezijisi hökmümde seredilipdir. Zähmete bolan gatnaşygyñ zähmete bolan gönükdirilmäni añladýanlygy üçin derñew usullary bu ýerde sosial gönükdirilmeleri derñemegiñ usullaryny gaýtalaýar. Zähmete bolan gatnaşyk adamyñ öz işinden kanagatlanyş derejesini añladýanlygy üçin psihologik klimatyñ möhüm häsiýetnamasy bolup durýar. Toparyñ psihologik taglymaty nukdaýdan öwrenilýän toparda şahsyýetara gatnaşyklarynyñ näderejede işe bolan gatnaşyk bilen, has takygy, zähmetden kanagatlanma bilen aralaşdyrylýandygy ýüze çykarylsa örän ähmiýetlidir.

Şeýlelikde, senagat kärhanasynda psihologik klimaty derñemek sosial psihologik meseleleriñ bir giden toplumyny öz içine alýar.[1] Klimata umumy baha bermek üçin her bir toplum boýunça aýratynlykda alnan /ýokarlaýyn- wertikal gatnaşyklar, keseleýin-gorizontal gatnaşyklar, zähmete gatnaşyk/ maglumatlara mazmunlaýyn düşündiriş berilýär. Üç hatar boýunça maglumatlary birleşdirmek henize çenli belli bir kynçylyk döredýär. Aýry-aýry alymlar sosial psihologik klimatyñ sypatlary düşunjesini girizip, onuñ dört sany mümkingadar görnüşi ýüze çýkarylýar: a) amatly, b) gapma-garşylykly; ç) ortaça amatly; d) amatsyz klimat. Üç toplum boýunça görkezijileriñ

[1] Sosialno-psihologiçeskiý klimat kollektiwa. Teoriýa I metody izuçeniýa //Pod.red.E.W.Şorohowoý, O.I.Zotowoý. M.,1979



adamyń aragatnaşygynyń ahlak dolandyryjysy bolup hyzmat edipdir. Dińleýjiler toparyna täsir etmekligiń käbir syrlary gadymy dilewarlara - oratorlara mälim bolupdyr. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy dilewarlyk, suhangöýlügiñ juda gadymy sungatdygyny belläp şeýle ýazýar: "Dilewarlyk suhangöýlük sungata örän ir zamanlarda dörän sungat...Türkmen patyşalary, soltanlary, hanlary suhangöýlük sungatyna diýseñ uly hormat goýupdyrlar. Ýiti pikirli, ýerlikli geplemegi başarýan adamlar bir jümle bilen uly uruşlaryñ öñüni almagy, ölüme höküm edileni ölümden alyp galmagy başarypdyrlar".[2] Şeýle özboluşly görnüşlerde “sosial psihologik pikirlenme” müń ýyllyklardan gaýdýan bolsa, ylmy ders hökmünde sosial psihologiýanyń taryhy has ýaş bilim pudagy hökmünde tanalýar.

Sosial psihologiýanyń ylmy taryhyny döretmegiń kynçylygy bu dersiń köp çeşmelerden kemala gelip, haýsy döwürde ol ýada beýleki ylmyń içinden sosial psihologik düzüjileriń bölünip aýrylanlygyny kesgitlemekligiń çylşyrymlylygy bilen düşündirilýär. Üstesine-de sosial psihologiýanyń özbaşdak ylym hökmünde ýüze çykyp ugran döwründe onuń ösüşinde materialistik we idealistik mazmunly iki gapma–garşylykly ugur döreýär. Diýmek, sosial psihologiýanyń taryhy bu iki ugrunda ösüşini, şeýle hem olaryń häzirki görnüşleriniń düýpli usulyýet we nazaryýet tapawutlyklaryny göz öńünde tutmaly bolýar.

[2] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap., sah

Islendik ylmy pudagyń döreýşinde bolşy ýaly sosial psihologiýanyń ýüze çykyşynda iki dürli sosial we sap nazaryýet sebäpler aýgytlaýjy orun eýeledi. oýnady. Eger-de sosial sebäplere sosial psihologiýanyń gös-göni döreýşine baglanyşyklykda seretmek zerur bolsa, onda nazaryýet sebäpleri seljermegi iki bölege bölmeli bolýar. Birinji bölek sosial psihologik pikirleriń bilimleriń başga pudaklarynda kemala gelip, onuń ösüşinde dińe özbaşdaklyk döwrüni taýýarlandygyna degişli bolýar. B.D.Paryginiń aýdyşyna görä, bu ýerde sosial psihologiýanyń "ata-babalarynyń" işleri derńelip, bu işler sosial psihologik taglymatlaryń ilkinji "nusgalaryny" döretmäge synaşyk eden "başlaýjylaryń" işlerinden tapawutlydyr[1].

Sosial psihologiýanyń şertlerini döretmek beýleki ylmy ugurlaryń döreýşine meńzeşdir. Onuń ilkinji pikirleri ilki pelsepäniñ çäginde kemala gelip, kem-kemden özbaşdak bilimler ulgamyna öwrülendir. Şeýle özbaşdaklyk tutuşlygyna bolman, onuń esasyny düzýän psihologiýanyñ we sosiologiýanyń özbaşdak ylma öwrülişiniń üsti bilen amala aşyrylandyr.

Köp alymlar sosial psihologik bilimleriń düzüjileriniñ pelsepe taglymatlaryń mazmunynda barlygyny belleýärler. Meselem, amerikan alymy O.Klaýnbert sosial psihologiýanyń köp meseleleriniń hut mesele hökmünde gadymy pelsepe ulgamlarda dörändigini aýdýar. G.Olport bu salgyny has takyk görkezýär: onuń pikiriçe bu meseleleriń gözbaşy

[1] Seret: Parygin B.D. Osnowy sosialno-psihologiçeskoý teorii. M., 1971. s. 21



edişiñ çägi we takyklyk derejesi aýratyn ähmiýete eýedir.

Keseleýin-gorizontal gatnaşyklar ugrunda adatça toparyñ agzalarynyñ arasyndaky işewür gatnaşyklaryñ /talap edijilik, özara kömek, ýaryş, bilelikdäki işi guramagyñ görnüşleri we usullary/, şeýle hem şahsyýetara gatnaşyklaryñ /däp boýunça oñyn we oñyn däl duýgy-emosional baglanyşyklaryñ ulgamy, toparyñ her bir agzasynyñ psihologik derejesi, toparyñ agzalarynyñ baha beriş we öz-özüñe baha beriş ulgamy öwrenilýär/ häsiýetini derñemek maksat edinýärler.

Senagat kärhanasynyñ psihologik kilmatyny öwrenmek jähtde zähmete bolan gatnaşyk iki derejede derñelýär: zähmetden umumy kanagatlanmak we toparyñ agzalarynyñ hut şu kärhanada işi dowam etdirmek niýetini anyklamak. Soñky ýagdaýda derñewe işgärleriñ geldi-geçerlik meselesi-de goşulýar. Zähmete bolan gatnaşygyñ derñewi haçan-da her bir işgäriñ zähmet işiniñ obýektiw görkezijileri bilen subýektiw görkezijisi - hususy "gatnaşyklar" bir-biri bilen baglanyşdyrylan ýagdaýynda üstünlikli amala aşyrylyp bilner. Birnäçe derñewlerde obýektiw görkezijileriñ ulgamy göwnejaý ýüze çykarylandyr. Meselem, W.A.Ýadowyñ[1] ýolbaşçylygynda ýerine ýetirilen "Adam we onuñ işi" derñewinde zähmete gatnaşygyñ obýektiw şertleri öndürijiligiñ, ugurtapyjylygyñ, tertip-düzgünliginiñ görkezijileri hökmünde düşündirilýär. Subýektiw şertler şu kärhanada işe bolan gatnaşygyñ, hünäre gatnaşygyñ,

[1] Çelowek I ýego rabota. M.,1967

Psihologik klimatyñ adamlaryñ özüni alyp baryşyndaky we olaryñ dürli gatnaşyklaryndaky ýüze çykyşy dürli-dürli bolansoñ klimaty derñemegiñ ýeke-täk usulçasy ýokdur. Bu ýagdaýda sosial psihologiýada mälim bolan ähli usulçalar ulanylýar. Sosial psiholog her bir takyk ýagdaýda usulçalaryñ toplumyny düzmeklige döredijilikli çemeleşýär. Ol syn etme, interwýu, sosiometriýa, polýar profilleri usullaryny, topary **psihologik seljerme** (diagnostika) etmegiñ dürli usullaryny ýüze çykarmagyñ ýörite usullaryný we ş.m. utgaşdyryp biler.

Senagat kärhanalarynda işleýän psihologyñ ýörite hünär taýýarlygy, ýörite taýýarlygy bolmadyk hünärmenden tapawudy onuñ hut özüniñ derñewe zerur bolan usuly serişdeleri saýlap bilýänligindedir.

Indi psihologik klimaty öwrenmegiñ meselelerini sosial psihologiýanyñ degişli meseleleri bilen baglanyşdyrmak mümkin. Ýokarlaýyn-wertikal boýunça gatnaşyklar ýolbaşçynyñ işewür we şahsy sypatlaryny derñemegiñ , onuñ golastyndakylara gatnaşygyny, ýolbaşçy-golastyndakylar ulgamdaky döredýän dartgynlyklaryñ häsiýeti we çaltlylygy öwrenmegi göz öñünde tutýar. Bu hadysalar öwrenilende ýolbaşçy we onuñ golastyndakylara bolan sosial gönükdirilmeleriñ kemala gelşini, üstesine-de bu gonükdirilmeleriñ akyl ýetiriş kognitiw we duýgy affektiw düzüjilerini derñemeli bolýar. Ýolbaşçynyñ golastyndakylar tarapyndan kabul edilişiniñ we tersine ýolbaşçynyñ golastyndakylary kabul edişini öwrenmek şeýle kabul



Platondadyr. Hakykatdan-da, pelsepe bilimleriń ähli ösüş zamanlarynda onuń mazmunynda sosial psihologik pikirleriń esasylarynyń işlenendigine göz ýetirmek bolýar. Gadymy pelsepede bu dińe bir Platonyń däl, Aristoteliń pelsepesinde-de duş gelýär. Täze döwrüń pelsepesinde Gobbsyń, Lokkyń, Gelwesiniń, Russonyń, Gegeliń atlaryndan sowlup geçip bolmaz. Görnüşi ýaly sosial psihologik pikirler idealistik we materialistik pelsepe ulgamlarynda ýüze çykýar. Umuman bu pikirler has umumy psihologik taglymatlary düşündirmek bilen baglanyşykly bolup, olarda "sap" sosial psihologik jähti bölüp aýyrmak ińńan çylşyrymlydyr. Başga bir tarapdan, bu pikirleri dürdäneleri ýaly dürli pikir ýöretmeleriń arasyndan agtarmaly bolýanlygy sebäpleri olaryń ýönekeý sanawyny getirip oturmazdan okyja psihologiýanyń taryhynyń pelsepäniñ çäklerinde ösüşini hertaraplaýyn derńeýän çeşmäni salgy berýäris[1].

**Sosial psihologiýanyń ylmyń özbaşdak pudagyna öwrülmegi.**

Sosial psihologiýanyń ösüşiniń ilkinji döwrün de, ýagny onuń ylmyñ özbaşdak pudagyna öwrülişine seretmek has gyzyklydyr. Munuń üçin esasan üç zada üns bermeli bolýar: ylmyń dürli araçäk ugurlarynda ýüze çykýan sosial psihologik meseleleri çözmeklik dogrusynda "talaplar"; sosial psihologik meseleleriń ony "dörediji" iki ylmyń-psihologiýanyń we sosiologiýanyń içinden bölünmegine

[1] Seret: Ýaroşewskiý M. G. Istoriýa psihologiýii. M., 1986

taýýarlyk tutumlary; ilkinji özbaşdak sosial psihologik bilimleriń häsiýetnamasy.

Gürrüńi edilýän döwür XIX asyryń ortasyna degişli. Bu döwre çenli köp ylymlaryń, şol sanda jemgyýetçilik durmuşynyń dürli hadysalaryna gös-göni ähmiýeti bolan ylymlaryń ösüşinde düýpli öńe gidişlik duýulýardy. Dil öwrenişi has uly ösüşe eýe bolupdy.

Onuń zerurlygy şol wagtky kapitalistik Ýewropadaky bolup geçýän hadysalar arkaly dörediliрdi: bu döwür kapitalizmiń gülläp ösýän, ýurtlaryń arasynda ykdysady aragatnaşyklaryń köpelýän wagty bolup, ol ilatyń işjeń göç-gonmagy, göçleri bilen utgaşýardy. Dil üsti aragatnaşyk we halklaryñ özara täsiri we oña degişlilikde diliñ halklaryñ psihologiýasynyñ dürli düzüjileri bilen baglanyşygy meselesi esasylaryñ birine öwrüldi. Dil öwreniş ylmy bu meseleleri dińe öz güýji bilen çözmäge ukypsyzdy. Edil şonuń ýaly-da şol wagta çenli antropologiýada, etnografiýada we arheologiýada köp sanly maglumatlar toplanylyp, olary düşündirmekde sosial psihologiýanyń kömegine mätäç bolýardylar. Ińlis antropology E.Teýlor özüniń ilkidurmuş medeniýeti hakyndaky işlerini tamamlasa, amerikan etnografy we arheology L. Morgan indeýleriń durmuşyny öwrenýär, fransuz sosiology we etnografy Lewi-Brýul ilkidurmuş adamsynyń pikirlenmesiniń aýratynlyklaryny döredýär. Bu derńewleriń ählisinde belli bir etniki toparlaryń psihologik häsiýetnamasyny, medeniýetiń önümleriniń adat we däp-dessur bilen baglanyşygyny we ş.m. göz



hökmünde kesgitlenip, bu häsiýetnama bolsa öz gezeginde zähmet işiniñ hakyky ýagdaýy, (zähmetiñ guralyşynyñ häsiýeti, şerti) we şahsyýetara gatnaşyklarynyñ häsiýetini şöhlelendirýär.

Şeýle kesgitleme sözüñ doly manysynda kesgitleme bolman,ol diñe hadysanyñ beýan edilmegidir. Psihologik klimatyñ giñ gerimde derñelýändigine garamazdan, bu düşünjäni derñew işiniñ maksadyna takyk laýyklykda kesgitlemek kyndyr: dürli ýazarlar psihologik klimat düşünjesine toparyñ bütewi ýagdaýynyñ dürli häsiýetnamalaryny goşýarlar. Toparyñ agzalarynyñ agdyklyk edýän duýgy-emosional ýagdaýy köplenç olaryñ hut şu kärhanadaky, şu toparyñ işlerinden kanagatlanmagynda ýüze çykýar. Diýmek, psihologik klimaty keminden üç dürli gatnaşyklary ýüze çykarmak arkaly häsiýetlendirmek mümkin:

1).toparyñ agzalarynyñ ýokarlaýyn-wertikal boýunça özara gatnasyklary (ýolbaşcylyk, ýolbaşçynyñ topar tarapyndan kabul edilişi we tersine , dolandyryşa gatnaşyk derejesi, bu gatnaşmadan kanagatlanmak);

2).toparyñ agzalarynyñ arasyndaky keseleýin-gorizontal gatnaşyk (toparyñ jebisliligi, şahsyýetara gatnaşyklaryñ häsiýeti, dartgynlyklary çözmegiñ görnüşleri we usullary);

3).zähmete bolan gatnaşyk (zähmetden kanagatlanma, toparyñ işiniñ netijeliligi we ş.m).[1]

[1] Rusalinowa A.A. Wzaimootnoşeniýe w proizwodstwennom kollektiwe. L.,1977.

dolandyryş we şahsyyetara gatnaşyklary ulgamyny kämilleşdirmek bilen baglanşykly bölümi we terbiýe bermekligiñ görnüşlerini we ugurlaryny meýilnamalaşdyrmak we öñünden çaklamak bilen baglanşykly bölüm. Senagat kärhanalaryñ sosial psihologiýanyñ ýokarda görkezilen iki toplumynyñ meseleleri sosial ösüşiñ meýilnamasyny şu iki bölümine degişlilikde işlenilýär.

Bu umumy wezipeler dürli kärhanalarda dürli-dürli amala aşyrylýanda bolsa, olaryñ birnäçe takyk ugurlarynyñ umumylygyny **senagat kärhanasynyñ psihologik gullugynyñ** umumy nusgasyny döretmek meselesini goýmaga mümkinçilik berýär. Başgaça aýdanyñda, psihologik gullugyñ senagat önümçiliginiñ ähli pudaklary, kärhanalaryñ islendik görnüşi üçin umumy bolan birnäçe guramaçylyk düzgünleri teklip edilip, onuñ işiniñ ähli ugurlaryna ýaramly bolar ýaly bu gullugyñ gurluşy, wezipesi we usuly dogrusynda teklipler işlenilip düzülýär.[1] Has umumy temalar hökmünde toparyñ psihologik klimatyny, zähmetden kanagatlanmagy, işçi güýjiniñ geldi- geçerligini, hünärmenleriñ **hünär synagyny**, täze işgärleriñ uýgunlaşmagyny, ýaryşy görkezmek bolar. Esasan hem psihologik klimatyñ meselelerini işlemeklige aýratyn üns berilýär. Psihologik klimat köplenç toparyñ bütewi ýagdaý, adaty we durnukly bolan emosional duýgusy

[1] Seret: Andreýewa G.M., Gozman L.Ý., Dergaçewa L.A. Aktualnyýe problemy deýatelnosteý psihologiçeskoý služby promyşlennogo predpriýatiýa. //Westn.Mosk.un-ta ser.Psihologiýa. 1987, N-1.



öńünde tutmaly bolýardy. Kriminologiýanyń üstünlikleri-de degişli kynçylyklar bilen utgaşýar: kapitalistik jemgyýetçilik gatnaşyklarynyń ösmegi düzgüni bozýan özüńi alyp barşyń täze görnüşlerini döredip, olaryń sebäbini düşündirmekde sosial gatnaşyklar bilen bir hatarda özüñi alyp barşyń psihologik häsiýetnamalaryny hasaba almaly bolýardy. Şeýle ýagdaýa esaslanyp amerikan sosial psihology T.Şibutany sosial psihologiýanyń garaşsyzlyk almaklygyń sebäbini dürli ylymlaryń hünärmenleriniń öz meselelerini özleriniń çözüp bilmezliklerinden getirip çykarýar. Bu pikir ýöretme degişme häsiýetde bolsa-da, şol döwürde beýleki derslere garaşly bolmadyk täze bir ders tarapyndan öwrenilmeli meseleleriń döränligini anyklaýar. Şeýle mesele isleg-zerurlyk sosial psihologiýany “dörediji” psihologiýanyñ we sosiologiýanyñ ösüşinde has-da örboýna galdy.

Psihologiýanyń XIX asyryń ortalarynda bizi gyzyklandyrýan jähtde ösüşi onuń aglaba indiwidiń psihologiýasy hökmünde ösmegidir. Onuń dińe aýry-aýry ugurlarynda, ilkinji nobatda, patopsihologiýada adamlaryń özara täsirleriniń özboluşly görnüşleri hakyndaky taglymatlaryń sudury görünýärdi. Bu ugurda aýratyn goldaw psihiatriýa amalyýetiniń ösüşi, has takygy yrmaklygyń özboluşly görnüşi hökmünde gipnozyń ulanyp başlamaklygy boldy. Indiwidiń özüni alyp barşynyń psihiki dolandyrylyşynyń beýleki bir adamyń edara ediji täsirine baglylygy, ýagny hut sosial

psihologiýanyń dersine degişli mesele aýan edildi. Şu günki günde umumy psihologiýa diýip atlandyrylýan pudakda bolsa, ol döwürde assosiazmiń pikirleri agalyk edip, birtaraplaýyn häsiýeti aýan bolandan soń ony ýeńip geçmeklige synanyşyk edilip ugrady. Assosianizmi ýeńip geçmekligiń ilkinji görnüşleri idealistik pelsepeden ugur alýan psihologlar tarapyndan amala aşyrylýardy. Bu ugurda has aýdýń şahs G.Gerbartdy. Beýan ediji psihologiýadan düşündiriji psihologiýa geçmeklige synanyşyk edip /bu ýagdaý pedagogiki amalyýetiń zerurlyklary esasynda döräpdir/, Gerbart psihologiýanyń ilkinji hadysasyny göz öńüne getirme hasaplanýardy. Onuń pikiriçe bu nukdaýdan düşündiriş nusgalaryny gurmak mümkin çaklanylýardy. Bu psihiki hadysalaryń döreýşiniń täze görnüşlerini anyklamaklyga synanyşyk bolup, ýöne özüniń düzgünleri birtaraplaýyn bolansoń, şowsuzlyga uçrady. Şonuń üçin psihologiýany adamyń özüni alyp barşyny düşündirmekligiń täze çemeleşişlerini tapmak dogrusynda üýtgedip gurmak maksatnamasy bu döwürde dińe ýañy döräp ugraýar. Umuman aýdanyńda bolsa, sosial psihologik meseleleri bolan höwes onçakly aýgytly bolmaýar. Dogrusy bu tutumlar bilen bir hatarda psihologiýanyń “sütün” böleginde psihologiýanyń dürli gapdal şahalary döräp ugraýar. Bu ýerde öńki aýdyşymyz ýaly ilkinji nobatda patopsihologiýanyń adyny tutup, şol sanda pedagogika ylymlarynyń dil görnüşlerini görkezmek bolýar. Şeýle gapdal şahalarda gelejekki sosial psihologiýanyń sudury ilkinji gezek döreýär. Onuń döreýşi psihologiýa



## 21-nji bap. SOSIAL PSIHOLOGIÝADA AMALY DERÑEWLERIÑ ESASY UGURLARY

**Senagat önümçiliginiñ sosial psihologik meseleleri**

Senagat önümçiligi şu günde amaly social psihologik derñemegiñ esasy sargytçysydyr. Senagat önümçiliginiñ ähli sosial psihologik meselelerini iki topluma syrykdyrmak mümkin: 1) önümçiligi dolandyrmagyñ we zähmeti ylmy guramagyñ meseleleri; 2) önümçilik toparlaryny kemala getirmek mesleleri. Sosial psihologyñ senagat kärhanasynda işiniñ aýratynlygy bu ýerde onuñ agzalan iki topluma degişli derñewe gatnaşmagynyñ ýörüte görnüşi işlenilip düzelenligi bilen düsündirilýär. Şeýle görnüş hökmünde kärhana toparynyñ sosial ösüşiniñ meýilnamasyny düzmek teklip edilýär. Bu meýilnamany düzmek ýeke bir sosial psihologyñ işi dädir. Ony düzmeklige tutuş topar, jemgyýetçilik guramalary, şeýle hem kärhananyñ içinde bu iş bilen ýörite meşgul bolýan ýorite bölüm gatnaşýar. Ýöne psihologyñ meşgul bolmaly bölümleri meýilnamada aýdyñ görkezilendir:

meselesini göz öñüne getirmek üçin amaly derejede alnyp barylmagy mümkin bolan sosial psihologik derñewiñ esasy ugurlaryna seretmek zerurdyr.



ylmynyń XIX asyryń ortasynda ösüşiniń şa ýolunda döremän, ýöne aýratyn gapdal şaha hökmünde bolýar[1].

Sosial psihologik bilime höwes sosiologiýanyń çäginde düýbünden başgaça
kemala geldi. Sosiologiýanyń özi ylym hökmünde dińe XIX asyryń ortalarynda bölünýär / onuń esaslandyryjysy fransuz filosow – pozitiwisti Ogýust Kont hasaplanylýar/.

Özüniń döräp ugranyndan başlap sosiologiýa buržuaz dünýägaraýyş ulgamynda birnäçe sosial hadysalary bilimleriń beýleki görnüşlerinden alnan kanunlar arkaly düşündirmäge synanyşyk edip ugrady. Sosiologiýa üçin reduksionizimiń /bilimleriń bir urundaky kanunyny beýlekä syrykdyrmagyń
/taryhy ilkinji görnüşi biologik reduksionizmi bolup, ol organiki diýip atlandyrylýan bilimler ugrunda /G.Spenser we beýl./ has aýdyń ýüze çykýar. Emma biologiki reduksionizmiń şowsuzlygy sosial hadysalaryń düşündiriş nusgaly hökmünde psihologiýanyń kanunlaryna ýüzlenmäge mejburlyk döretdi.Sosial hadysalaryń özenini psihologiýadan agtarmak, daşky taýdan has ońaýlydy:biologik reduksionizimden tapawutlykda bu ýerde jemgyýetçilik durmuşyń özboluşlylygy göz öńünde tutulýan häsiýetde bolýardy. Her bir jemgyýetçilik hadysada psihologik taýdan döredilenligi bilen gatyşdyryldy. Ilki bada bu indiwidual psihiki reduksiýa / syrykdyrylma / bolup, ońa mysal hökmünde fransuz sosiology G.Tardyń taglymatyny

[1] Seret: Ýaroşewskiý M.G. Istoriýa psihologii. II kitap.

görkezmek bolar. Onuń pikiriçe iń ýönekeý sosial hadysa beýni içi psihologiýasynyń owreniş dersini düzýän bir beýniniń çäginde bolman,eýsem ańara, paýhasara psihologiýanyń dersini düzýän birnäçe pähiminiñ sepleşmeginde bolýar. Sosiallegiń umumy nusgasy iki indiwidiń özara gatnaşygy hökmünde göz öńüne getirilip, bu tutumda olaryń biri beýlekä öýkünýär.

Haçan-da şeýle düşündiriş nusgalary özüniń netijesizligini görkezenden soń sosiologlar psihologik reduksionizmiñ has çylşyrymly görnüşleriniñ teklip ugradylar. Sosiallygyñ kanunlaryny indi kollektiwleýin psihikanyñ kanunlaryna syrykdyryp başladylar. Sosiologik bilimiñ içinde sosiologiýanyñ psihologik ugry diýen aýratyn pudak gutarnykly kemala gelýär.

ABŞ-da bu ugruñ esaslandyryjysy L.Yord hasaplanylsa-da, onuñ esasy düşünjeleri F.Giddingsiñ işlerinde has aýdyñ ýüze çykýar. Onuñ pikiriçe ilkinji sosial hadysa indiwid añy, “halkyñ ruhy“ däl-de “urugyñ añy“ diýip atlandyrylýan hadysadyr. Bu ýerde sosial hadysa sosial pähimdir diýen pikir gelip çykýar. Ol “jemgyýetiñ psihologiýasynyñ” ýa-da başgaça aýdanyñda sosiologiýanyñ dersi bolýar. Görnüşi ýaly syrykdyrmak nazaryýeti logiki toýnuga ýetirilýär.

Sosiologiýada psihologik ugruñ rowaçlygy jemgyýetçilik gatnaşyklaryna psihologiýalaşdyrmagyñ jemgyýetçilik durmuşy çuñlaşdyryp düşündirmegiñ islendik synanyşygy bilen sazlanýandygy bilen düşündirilýär. Psihologizm sosiologiýa ymykly ornaşyp, bu ýagdaý soñ-soñla sosial psihologik bilimleriñ



bilen döredijilik dostlugyñ we ş.m. esasynda alnyp barylýar. Mundan başga-da halk hojalyk we medeniýet ulgamynda ýörite guramalar döräp, olar şeýle derñewleri degişli edaralaryñ “daşyndan” däl-de, olaryñ “içinden” guraýar. Ýöne bu derñewler entek bir bütewi ulgama salynman, olar köplenç wagtal-wagtlaýyndyr. Bu mesele senagatda, sportda, jemgyýetçilik düzgünini goramakda has oñat guralandyr. Ýöne bu ýerde hem psihologik gullugy ulgamy belli bir keşbe, talaplara, ştat düzüjisine eýe däldir. Şonuñ üçin şol bir ugurda geçirilýän derñewleri netijeleri boýunça deñeşdirip bolmaýar. Senagatyñ bir pudagynda sosial psihologik häsiýetnamasy boýunça ýüze çykarylan ýagdaý senagatyñ başga bir pudagynda ýüze çykarylan ýagdaý bilen deñeşdirip bilinmeýär. Derñew geçirilýänleriñ bir toparynda ulanylýan usulçalar beýleki topara mälim bolmaýar we ş.m. Üstesine-de bu bir-birinden üžñe derñew nokatlarynyñ işgärlerine öñdebaryjy ylmy edaralar tarapyndan maslahat guramak kyndyr. Olar kähalatlarda degişli hünärmenler bilen hem üpjün bolmaýar.

Sosial psihologik gullugy döretmek bu näsazlyklary ýeñip geçmeklige niýetlenendir. Şeýle gullugy döretmegiñ ilkinji şertleriniñ biri derñewiñ meselesini ýüze çykarmak, sosial psihologyñ jemgyýetçilik durmuşyñ her bir özboluşly ugrundaky hyzmatlaryny kesgitlemekden /senagat önümçiligindäki, durmuş hyzmatyndaky/ ybaratdyr. Bu görkezilen ugurlarda amaly derñewleriñ takyk

çäginde berilmeýän köp sanly bilim düşünjeler göz öňünde tutulmalydyr.

Amaly psihologiýanyň düzüm gurluşynda umumy, medisina, pedagogik psihologiýa, sosiologiýa, dolandyryş ýaly ugurlaryň meseleleri bir-birine ilik-düwme sepleşendir. Bu ulgamyň tutuşlygyna "amaly sosial psihologiýa" adyny almaklygy psihologik bilimleriň amaly ornaşdyrylyşynyň ahyr netijede sosial durmuşa gelip goşulýanlygy, şeýle hem bu ugurlarda sosial-psihologik hadysalar bolan aragatnaşygyň we bilelikdäki işiň aýgytlaýjy bolýanlygy bilen baglanyşyklydyr.

**Sosial psihologik gullugy guramak**

Sosial psihologiýadaky amaly derňewleriň hünärmen jähtde oňat üpjün edilmegi üçin iki meseläni çözmelidir: Hünärmenleri taýýarlamagy guramak we sosial psihologik gullugyň ulgamyny döretmek . Soňky döwürlerde psihologik gullugy döretmek, ýagny jemgyýetçilik durmuşyň dürli ugurlarynda birnäçe amaly derňewleri amala aşyrýan guramalaryň ulgamyny döretmek meselesi güýçli gozgalýar. Psihologik gullugyň ýerine ýetirmeli köp sanly wezipeleriniň arasynda sosial psihologik wezipeler uly orun tutýar.

Häzirki döwürde amaly derňewler uniwersitetleriň, institutlaryň ylmy toparlary tarapyndan jemgyyetçilik esaslarda, hojalyk ylalaşygy, kärhanalar



özboluşlylygy dogrusyndaky meseläni has çylşyrymlaşdyrdy. Günbataryň däbinde sosiologiýada psihologik ugur bilen sosial psihologiýany gatyşdyrmak örän ýeňil bolupdy. Şonuň üçin sosial hadysalaryň psihologik häsiýetnamasyna degişli aýry – gyzykly tapyndylaryna garamazdan, sosiologiýada psihologik ugur sosial psihologiýanyň ylym hökmünde kemala gelmedine kóp päsgelçilik döretdi. Ýöne daşky tarapdan mesele şeýle häsiýetde bolsa-da, sosiologiýanyň öz içinde sosial psihologik bilimlere uly gyzyklanma döredi.

Şeýlelikde, psihologiýanyň we sosiologiýanyň ösüşinde bir-birlerine gönükdirilen hereket ýüze çykyp, ol tiz wagtda ylym hökmünde sosial psihologiýanyň dersi bolup durýan meseleleriň aýdyňlaşdyrylmagy bilen tamamlanmalydy.

**Sosial psihologik bilimleriň ilkinji taryhy görnüşleri**

Ylymlaryň şeýle bir-birine ymtylyşy XIX-asyryň ortalarynda özboluşly sepleşip, ilkinji hususy sosial psihologik düşünjeleri döretdi. Bu düşünjeleriň häsiýetnamasyna geçmezden öňürti ilkinji taglymatlaryň dörän döwründäki umumy ylmyň ösüş ýagdaýyna seredip geçmek zerurdyr. Bu bilimler belli bir derňew amaliýetine daýanyp bilmänligi sebäpli şol döwrüň sosial filosofiýasyna mahsus bolan ähliumumy uniwersal ensiklopediki ülňüleriň ulgamyna meňzeýärdi. Bu taglymatlar pelsepe düşünjeleriň şähtinde döredilip, esasan nazariýet pikirler görnüşde bolanlygy üçin sosial psihologiýa bu ýagdaýda beýan ediji häsiýetdäki ders

bolup galýardy.

Sosial psihologik taglymatlaryñ köp sanly ilkinji görnüşlerinden adatça üç sanly esasylaryny görkezýärler: halklaryñ psihologiýasy, köpçüligiñ psihologiýasy we sosial özüñi alyp barşyñ instinktleri taglymaty. Nemes psihologlary G.Gibş we M.Forwerg bu ilkinji sosial psihologik ulgamlary kadalaşdyrmaga mümkinçilik berýän düzgüni teklip etdiler. Bu düzgün şahsyýetiñ we jemgiýetiñ özara gatnaşygyny seljermeklige daýanýar. Bu meseläniñ adagça iki çözlüşi mümkindir: şahsyýetiñ ýa-da jemgiýetiñ ähmiýetini kesgitleýji hasaplamak. Birinji usulda çözlüşe mysal edip köpçüligiñ psihologiýasyny we sosial özüñi alyp barşyñ instinktleri taglymatyny, ikinji çözlüşe bolsa halklaryñ psihologiýasyny görkezmek bolar. Bu çözlüşleriñ ikisi-de sosial psihologiýanyñ ösüş taryhynyñ soñky döwürlerinde öz dowamyny tapýanlygy üçin bu ugurlaryñ nähili kemala gelendigine seretmek zerurdyr.

Halklaryñ psihologiýasy sosial psihologik taglymatlaryñ ilkinji görnüşleriniñ biri hökmünde XIX asyryñ ortalarynda Germaniýada döreýär.Ýokary görkezilen düzgüniñ nukdaýyndan halklaryñ psihologiýasy şahsyýetiñ we jemgiýetiñ utgaşmak meselesiniñ “kollektiwleýin” çözgüdini teklip etdi: bu ýerde “indiwiduallykdan ýokarda durýan janyñ” bardygy ykrar edilip, ol bolsa halky /milleti/ düzýän “indiwiduallykdan ýokarda durýan bütewilige “ tabyndyr. Şol döwürde Ýewropada amala aşyrylýan milletiñ döreýiş tutumy Germaniýada böleklere bölünen



paýlanylyşynyñ iki nusgasy bardyr: bir ýagdaýda emin meseläniñ çözlüşiniñ ilkinji ädimlerine ýokary derejede jogapkär bolup, müşderi bolsa onuñ indiki döwürlerine jogapkär bolýar; ýa-da (haçanda müşderi has oñaýly bolanda), H.Hornsteýniñ belleýşi ýaly, müşderi meseläniñ çözlüşiniñ ähli döwürlerinde özüniñ oña deñ goşulmagyna we ekspert bilen deñ jogapkärçilikde bolmagyna ymtylýar. Ähli ekspertizada bolşy ýaly ekspertiñ işiniñ netijesi karara gelmekdir.

Maslahatçy ekspertden tapawutlykda bir tapgyrlaýyn ekspertiza däl-de, müşderiniñ haýsydyr bir işine ýa-da onuñ öz içki meselelerini çözmekligine yzygider “gözegçilik” etmek üçin çagyrylyp bilinýär. Maslahatçynyñ orny işiniñ ugruna laýyklykda çeýe üýtgeýär: bir ýagdaýda ol adamlar bilen işleşmeli adama maslahatçy bolýan bolsa (meselem, ýolbaşçy, lukmana, kemalyýetçä), ikinji birinde şahsy meselelerini çözmekde kömege mätäç aýry-aýry raýatlara maslahatçy bolýar. Maslahatçy ekspert bilen deñeşdirilende, aýratynda ikinji ýagdaýda, müşderiñ işine has içgin aralaşýandygy üçin ýörite endikler bilen bir hatarda özünde degişli şahsy aýratynlyklary-da jemlemeli bolýar. Şeýlelikde, ekspertiñ we maslahatçynyñ wezipeleri amal edilende iki mümkinçilik ýüze çykarylýar: guramada haýsydyr bir ýagdaýyñ nusgasyny döretmek ýa-da takyk adama kömek bermek.

Öwrediji- adatça sosial-psihologik türgenlişigiñ belli bir görnüşini amala aşyrýan adamdyr. Türgenleşik

paýlanylyşynyñ iki nusgasy bardyr: bir ýagdaýda emin meseläniñ çözlüşiniñ ilkinji ädimlerine ýokary derejede jogapkär bolup, müşderi bolsa onuñ indiki döwürlerine jogapkär bolýar; ýa-da (haçanda müşderi has oñaýly bolanda), H.Hornsteýniñ belleýşi ýaly, müşderi meseläniñ çözlüşiniñ ähli döwürlerinde özüniñ oña deñ goşulmagyna we ekspert bilen deñ jogapkärçilikde bolmagyna ymtylýar. Ähli ekspertizada bolşy ýaly ekspertiñ işiniñ netijesi karara gelmekdir.

Maslahatçy ekspertden tapawutlykda bir tapgyrlaýyn ekspertiza däl-de, müşderiniñ haýsydyr bir işine ýa-da onuñ öz içki meselelerini çözmekligine yzygider "gözegçilik" etmek üçin çagyrylyp bilinýär. Maslahatçynyñ orny işiniñ ugruna laýyklykda çeýe üýtgeýär: bir ýagdaýda ol adamlar bilen işleşmeli adama maslahatçy bolýan bolsa (meselem, ýolbaşçy, lukmana, kemalyýetçä), ikinji birinde şahsy meselelerini çözmekde kömege mätäç aýry-aýry raýatlara maslahatçy bolýar. Maslahatçy ekspert bilen deñeşdirilende, aýratynda ikinji ýagdaýda, müşderiñ işine has içgin aralaşýandygy üçin ýörite endikler bilen bir hatarda özünde degişli şahsy aýratynlyklary-da jemlemeli bolýar. Şeýlelikde, ekspertiñ we maslahatçynyñ wezipeleri amal edilende iki mümkinçilik ýüze çykarylýar: guramada haýsydyr bir ýagdaýyñ nusgasyny döretmek ýa-da takyk adama kömek bermek.

Öwrediji- adatça sosial-psihologik türgenlişigiñ belli bir görnüşini amala aşyrýan adamdyr. Türgenleşik



feodal ýerlerini birleşdirmek zerurlygy bilen baglanyşyklykda özboluşly häsiýetde geçýärdi. Bu özboluşlyk şol döwürdäki nemes jemgiýeti öwrenişindäki birnäçe nazaryýet taglymatlarynda öz şöhlelenmesini tapdy. Ol halklaryñ psihologiýasyna hem öz täsirini ýetirdi. Onuñ amaly çeşmeleri hökmünde Gegeliñ "halk ruhy" diýen pelsepe taglymaty we Gerbartyñ idealistik psihologiýasy ýatýar. Soñky M.G.Ýaroşewskiniñ aýdyşyna görä, "Leýbnisiñ monadologiýasy bilen iñlis assosionizminiñ sepleşigidir"[1]. Halklaryñ psihologiýasy bu iki çemeleşişi birikdirmekçi boldy.

Türkmen halkynyñ döreýşiniñ we ösüşiniñ özboluşlylygyny nygtap, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şeýle ýazýar: "Dünýäde hiç bir millet türkmenler ýaly dürli taýpalara bölünmeýärler. Türkmenleriñ asyl birligi – dil we gan birligidir.

Bitewilik milletiñ geljegini gurnamaga esas berýär. Bitewilik bolmasa, türkmeniñ geçmişine hem düşünmek mümkin däldir".[2]

Halklaryñ psihologiýasynyñ gös-göni döredijileri hökmünde pelsepeçi M.Lasarus /1824-1903/ we dilçi G.Şteýntal /1823-1903/ bolupdyr. 1859-njy ýylda "Halkara psihologiýasy we dil öwreniş " žurnaly esaslandyrylyp, onda " Halklaryñ

[1] Ýaroşewskiý M.G. Istoriýa psihologii. s. 235
[2] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001. Sah.23

psihologiýasy dogrusynda giriş pikir ýöretmeleri” atly makala çap edilýär. Bu makala taryhyñ esasy güýji - halk ýa-da “bitewiligiñ ruhy “ bolup, ol sungatda, dinde, dilde, rowaýatlarda, däplerde we beýlekilerde ýüze çykýar. Indiwidual añ bolsa diñe onuñ önümi, psihiki baglanyşygyñ belli bir kesimidir. Bu nazaryýete laýyklykda sosial psihologiýanyñ wezipesi – “halkyñ ruhunyñ mazmunyna psihologik taýdan akyl ýetirmek, halkyñ ruhy işiniñ geçiş kanunlaryny açmakdan “ ybaratdyr.

Soñ–soñlar halklaryñ psihologiýasynyñ düşünjeleri W.Wundtuñ / 1832 – 1920 / işlerinde ösdürildi. Wundt ilkinji gezek bu baradaky öz pikirlerini 1863-nji ýylda “ Adamyñ we haýwanyñ janlary hakynda beýanýetlerinde “ beýan edýär. Bu pikir has çuññur derejede 1900-nji ýylda çykan “Halklaryñ psihologiýasy “ diýen on jiltliligiñ birinji jildinde ösdürildi. Eýýäm Geýdelbergde okalan "Leksiýalarda" Wundt psihologiýa iki bölümden – fiziologik psihologiýadan we halklaryñ psihologiýasyndan durmalydyr diýen pikiri aýdýar. Her bölüme degişlilikde Wundt düýpli işler ýazyp, ikinji bölüm "Halklaryñ psihologiýasynda" beýan edilýär. Wundtuñ pikiriçe fiziologik psihologiýa tejribe häsiýetli ders bolup, emma tejribäni ýokary psihiki hadysalar bolan sözleýşi we pikirlenmäni derñemekde ulanyp bolmaýar. Şonuñ üçin-de hut şu "pursatdan" halklaryñ psihologiýasy başlanyp, onda medeniýetiñ önümleri bolan dili, rowaýatlary, däpleri, sungaty derñemek usuly ulanylmalydyr.



4) guramaçylykly ösüş, ýa-da goşulyşmanyñ baş ugry hökmünde medeni özgermeler (guramany kämilleşdirmek üçin dürli psihologik tehnikany ulanmagyñ baş ugry, aýdaly, onda karara gelmeklik hadysalaryny, meýilnamalaşdyrmaklygy, işgärler bilen işlemekligi we ş.m.kämilleşdirmek)

Bu baş ugurlar amaly sosial psihologiýanyñ ugry bilen gabatlaşman, diñe goşulyşmagyñ derejeleri barada, hem-de amalyýetçi sosial psihologyñ orny dogrusynda käbir düşünjeleri berýär. Bu derejeleriñ her birinde amalyýetçi sosial psihologyñ işiniñ gurluşy barada aýdylanda bolsa ol psihologyñ iş salyşýan ýagdaýyna - sýužetine hem-de onuñ anyk ornuna bagly bolýar. Bu işiñ umumy sypatlaryny we nusgasyny ýüze çykarmak mümkin: meseläni ýüze çykarmak - anyklaýyş – seljerme - goşulyşmagyñ meýilnamasy - goşulyşmak netijeleri bahalandyrmak. Soñra amalyýetçiniñ ornuna baglylykda tapawutlar ýüze çykarylýar. Adatça olaryñ üç ornuny görkezýärler: ekspert-emin, maslahatçy, öwrediji (käbir gollanmalarda “mugallym” diýip atlandyrylýar). Orunlaryñ sanawynyñ yzygiderligi goşulyşyñ derejesini şöhlelendirip, şol bir wagtda derñewçi-amalyýetçiniñ ornundan hakyky amalyýetçä çenli hereketini görkezýär.

Ekspert-emin müşderi tarapyndan haýsydyr bir ýagdaýy seljermek, hem-de ol ýa-da beýleki täze girizilmelere, ol ýa-da beýleki özüñi alyp barşa baha bermek üçin çagyrylýar. Ekspert bilen müşderiñ arasynda gelnen kararyñ netijeligine jogapkärçiligiñ

gyzyklanmasyny tebigy ýagdaýda kesgitleýär. Ýöne amalyýetçi anyk " muşderi" bilen iş salyşýar. Eýsem ol müşderiniñ işiniñ ugry bilen, onuñ jemgyýete bähbitli ýa-da jemgyýete garşy gönükdirilenligi bilen aladalanmalymy? Ýa-da onuñ üçin esasy zat "sargydyñ barlygy" bolup, onuñ ýerine ýetiriliş ýerligine aralaşmaly dälmi ? Elbetde, bu sowallaryñ çözlüşi amalyýetçiniñ şahsy saýlawy bolup, ýöne saýlawyñ jogapkärçiligi derñewçi üçin has möhümdir. Sebäbi islendik derñew, şol sanda amaly derñew, belli bir sosial meselä goşulan bolýar. Elbetde, jemgyýetiñ umumy sosial we syýasy ýagdaýy her bir amaly meseläni belli bir galypa salýar, ýöne onuñ amalyýetçi tarapyndan çözlüşi meseläni has takyk çygra ugrukdyrýar.

Umuman amaly sosial psihologiýanyñ durmuşa goşulyş derejesi-de düýpli tapawutlydyr. "Sosial goşulyş" atly uly işiñ eýeleri bu babatda mümkingadar baş ugurlary ýüze çykarýarlar:

1) indiwidual özgerdişiñ baş ugry (haçan-da üýtgedilişiñ obýekti aýratyn adam bolup, onuñ guramadaky hereketlenişiniñ maksadalaýyklygy esasy maksada öwrülýär); 2) tehnogurluş baş ugry (haýsydyr bir guramanyñ gurluşyny kämilleşdirmek maksady bilen oña goşulyşmak ýa-da oña taý geljek guramany agtarmak, ýa-da guramanyñ daşky gurşawa laýyklygyny gazanmak); 3) belli bir maglumatlara esaslanmagyñ baş ugry (bu amalyýetçiniñ guramanyñ içinde ýa-da onuñ çäginden daşarda işleýändigine bagly bolýar);



Wundt "bitewiligi ruhy" diýen nätakyk düşünjäni ulanman, halklaryñ psihologiýasyna has anyk häsiýet bermek bilen dili, rowaýatlary we däpleri amaly öwrenmekligiñ maksatnamasyny-da teklip edýär. Halklaryñ psihologiýasy onuñ işinde kanunlary açmaklyga daknyşyk etmeýän beýan ediji ders häsiýetinde bolýar. Russiýada halklaryñ psihologiýasy belli lingwist A.A.Potebniniñ işlerinde ösdürilýär. Lasarusyñ, Şteýntalyñ, Wundtuñ we Potebniniñ çemeşişlerindäki tapawuda garamazdan, taglymatlaryñ esasy pikiri umumydyr. Başgaça aýdanyñda, psihologiýa indiwidual añda däl-de, halkyñ añynda bolýan hadysalar bilen iş salşyp, olary öwrenmek üçin ýörite bölüm, psihologiýanyñ adaty usullaryndan tapawutly usullar ulanmaly bolýar. Halklaryñ psihologiýasynyñ meseläni ýönekeýleşdirýänligine garamazdan, bu taglymat indiwidual añdan başga-da toparyñ psihologiýasyny häsiýetlendirýän hadysa bolup, ol belli bir derejede indiwidual añy kesgitleýär diýen möhüm meseläni goýdy.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyñ düşündirişine görä "millet ruhdan we onuñ maddalaşmasy bolan medeniýetden başlanýar, islendik daşky toplumy – halky içki topluma – millete öwürmek üçin ony, ilki bilen, ruhy taýdan bitewileşdirmelidir"[1].

Köpçüligiñ psihologiýasy ilkinji sosial psihologik taglymatlaryñ başga bir görnüşi bolup, ol şahsyýetiñ we jemgyýetiñ özara gatnaşyk maselesiniñ çözlüşini

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001. Sah.160-161

“indiwiduallyk” nukdaýdan berýär. Bu taglymat XIX asyryñ ikinji ýarymynda Fransiýada döredi. Onuñ esasy G.Tardyñ öýkünmeklik taglymatynda tutuldy. Onuñ pikiriçe sosial özüñi alyp barşyñ öýkünmeden başga düşündirilişi ýokdur. Resmi, intelliktual häsiýetde guralan akademiki psihologiýa ony duýgy – affektiw düzüjileri nazara almazdan düşündirmekçi bolýanlygy üçin şowsuzlyga sezewar bolýar. Öýkünme taglymaty bolsa sosial özüñi alýp baryşda irrasional-añlanylmaýan hadysalary göz öñünde tutunlygy sebäpli has netijelidir. Tardyñ bu iki pikiri – sosial özüñ alyp baryşda irrasional düzüjileriñ we öýkünmäniñ ähmiýeti – köpçüligiñ psihologiýasyny döredijiler tarapyndan bada-bat özleşdirildi. Bular italiýaly ýurist S.Sigele / 1868 – 1913 / we fransuz sosiology G.Lebondyr / 1841 – 1931 /. Sigele esasan jenaýatçylyk işleri derñäp, onuñ mazmunynda duýgy- affektiw düzüjileriñ ähmiýeti bilen gyzyklanýar. Lebon sosiolog hökmünde esasy ünsi jemgyýet köpçüligini we saýlama-elitany bir-birine garşy goýmak meselesine berýär. 1895-nji ýylda onuñ "Halklaryñ we köpçüligiñ psihologiýasy" diýen esasy işi çap edilip, onda öz taglymatynyñ esasy mazmunyny beýan edýär.

Lebonyñ pikiriçe adamlaryñ islendik üýşmeleñi "köpçülik" bolup, onuñ esasy häsiýeti syn etmeklige ukybynyñ ýoklugydyr. Adamyñ köpçülikde özüni alyp barşy özbaşdaklygy ýitirmek / bu ýüzinugra, instinktiw hereketleriñ agdyklyk etmegine getirýär /, duýgynyñ pähimde agdyklyk etmegi / bu täsirlenmä ýykgyn



“Ulanylyşyñ añyýetiniñ” garşysyna başga düzgün kabul edilmelidir: amalyýetiñ özi mesele goýýar, onda diñe bir anyklaýyş bilen çäklenmän, eýsem onuñ bejerilişi **usulyny** teklip edilmelidir. Şeýlelikde amalyýetçi psihologyñ urukmasy ol ýa-da beýleki zady ulanmaklyk däl-de çözülmäge degişli ýumşy hususy añlamakdyr.

M.Doýç tarapyndan aýdylan ikinji bir pikir amalyýetiñ bu ugrukmasynyñ has bölekleýin kemala gelşine dahyllydyr. Munuñ üçin Doýç derñewçiniñ we amalyýetçiniñ takyk orunlarynyñ tapawudyny beýan edýär. Derñewçi öz pikir jemlemesinde köp derejede seljermä gönükdirilip, amalyýetçi bolsa birleşdirmä-sinteze ugrukýar; derñewçi öz alýan netijelerine şübhelenmäge hukukly bolsa, amalyýetçi öz müşderisiniñ öñünde özüni has ynamly alyp barmalydyr; derñewçi nämäniñ “gyzyklydygy” dogrusynda pikir etse, amalyýetçi nämäniñ “peýdalydygy” hakynda oýanýar; derñewçi üçin özüniñ sargytçy bilen aragatnaşygy biparh bolsa (eger kanuny edilmeleri nazara almasañ), amalyýetçi üçin müşderi bilen aragatnaşyk guramak onuñ işiniñ hökmany şert bolup durýar; muña laýyklykda onuñ üçin özi hem möhüm we gyzyklydyr.

Sosial psihologiýanyñ tutuşlygyna raýatlyk orny dogrusyndaky has giñ meseläniñ bölegi hökmünde derñewçiniñ we amalyýetçiniñ raýatlyk ornuny deñeşdirmek hem möhümdir. Her bir alym tarapyndan kabul ( ýa-da ret) edilýän jemgyýetiñ gymmatlyklary onuñ derñewiniñ ugruny we netijeleri ulanmaklyga

Nusgadan görnüşi ýaly, düýpli we amaly derñewler özara tapawudyna garamazdan iki meñzeş hyzmaty ýerine ýetirýärler: olaryñ ikisi-de ol ýa-da beýleki ýagdaýa, hadysa **seljerme** berip, olaryñ ösüşine **çaklama** bermelidirler. Seljermäniñ we çaklamanyñ derejeleri başga-başgadyr. Ýöne düýpli we amaly derñewleriñ ikisiniñ-de netijesiniñ **teklipler** bolýandygy örän möhümdir. Olaryñ derejelerinde hem tapawut bardyr: düýpli derñewler has umumy, dowamly wagt ulgamyna niýetlenen teklipleri döredýän bolsa, amaly derñewleriñ teklipleri takyk häsiýetdedir: olar has anyk bolup, göni "görkezmeler" ýa-da "maslahatlar" häsiýete eýedir. Ýöne şol bir wagtyñ özünde bular amalyýetçä gönükdirilen diñe **tekliplerdir.**

Amalyýetçi sosial psihologyñ iş ulgamy düýpgöter başgaçadyr: ol sargytçylara teklip bermeýär, hiç hili derñew geçirmän, özi degişli sosial hadysa **goşulýar**, özi belli bir meseläni **çözýär.** Onuñ işi hat-da amaly derñew geçirýän adamyñkydan hem düýpli başgaçadyr. Bu babatda daşary ýurt sosial-psihologik edebiýatynda iki hili delil getirilýär.

Olaryñ birinjisi ylym belli bir hakykaty **açyp**, soñra ony amalyýete **ornaşdyrýar** diýen düzgüni kabul edýän "ulanylyşyñ añyýetine" dahyllydyr. Bu añyýeti tankytlaýjylyryñ biri bolan J. Potteriñ pikiriçe, ylmy derñewiñ netijesiniñ amalyýete endigan ornaşdyrylyşy barada gürrüñ bolup bilmez, çünki, derñewiñ öz gymmaty bolaýanda hem onuñ ulanylýan sosial ýerligine laýyklykda netijeleriniñ özgermesi ýüze çykýar.



etmeklige getirýär /, pähimiñi düýpgöter ýitirmek /, bu logikadan ýüz öwürmeklige getirýär /, şahsy jogapkärçiligiñi ýitirmek / bu meýillere gözegçilik ýitmegine getirýär/ ýaly umumy häsiýetleri özünde jemleýär. Köpçülik öz mazmuny boýunça tertip düzgüne salynmadyk hadysa bolup, adamyñ köpçülikleýin özüni alyp barşynyñ bu oñaýsyzlygyny aradan aýyrmak üçin "serdara" mätäçlik döreýär. Soñkynyñ wezipesini "elita" saýlama adamlar ýerine ýetirip bilýär. Bu pikir jemlemeler köpçüligiñ özüni alyp barşynyñ aýry-aýry pursatlaryny synlamaklygyñ, onda-da dowul tapmak ýagdaýyndaky häsiýetlerini göz öñünde tutup edilendir. Başga hiç hili amaly tassyknamalar getirilmänden soñ dowul tapmak köpçüligiñ, märekäniñ hereketiniñ ýeke-täk görnüşi bolup galýar. Soñ-soñlar bu baradaky syn etmeler köpçülikleýin hereketleriñ islindik beýleki görnüşlerine hem ýaýradylýar. Köpçüligiñ psihologiýasynda synpy öwüşgin has ýiti ýüze çykyp ugraýar. XIX asyryñ aýagynda, işçileriñ köpçülikleýin çykyşlarynyñ güýçlenmegi onuñ öñüni almaklyga gönükdirilen dürli çärelere esaslandyrma tapmak zerurlygyny döretdi. XIX asyryñ ahyry XX asyryñ başy göýä "mähelläniñ zamany" bolup, adam bu döwürde öz indiwiduallygyny ýitirip, instinktlere tabyn bolýanlygy zerarly ýeñillik bilen dürli añsyz hereketleriñ täsirine düşýär. Köpçüligiñ psihologiýasy bu pikirleriñ ruhunda bolup, hut Lebonyñ özi soñra sosial rewolýusiýalary göýä köpçüligiñ añsyz hereketiniñ ýüze çykyşynyñ mysaly hökmünde häsiýetlendirýär.

Beýik Türkmenbaşynyñ pikiriçe,"Köpçülik –ýüz müñlerçe, millionlarça şahsyýetleriñ jemidir. Diýmek, ahyrky netijede şahsyýetiñ ykbalyny-da şahsyýet kesgitleýändir. Erkinligiñ añ edilmegi düýp manysy şundan ybaratdyr."[1]

Köpçüligiñ psihologiýasynyñ hususy nazaryýet ähmiýeti dogrusynda aýdylanda bolsa, bir tarapdan, şahsyýet bilen jemgyýetiñ özara gatnaşygy dogrusyndaky möhüm mesele goýlup, ikinji tarapdan, onuñ çözlüşi hiç bir tarapdan esaslandyrylman galýar. Resmi ýagdaýda bu ýerde indiwidiñ jemgyýetden üstemdigi ykrar edilip, emma jemgyýet "mähellä" syrykdyrylýar. Jemgyýet mähelle manysynda hem köpçüligiñ özüni alyp barşynyñ ýeke-täk nusgasynda, ýagny dowul tapmaklygyñ mysalynda ýazylýanlygy üçin örän dar mazmuna eýe bolýar. Şonuñ üçin köpçüligiñ psihologiýasy ylym hökmünde sosial psihologiýanyñ gelejekki ykbalyna täsiri örän çäkli boldy.

Sosial psihologik ilkinjileriniñ hatarynda duran üçünji bir taglymat iñlis psihology W.Makdugall / 1871 – 1938/ tarapyndan işlenen sosial özüñi alyp barşyñ instinktleri taglymatydyr. Awtor 1920-nji ýylda ABŞ-a göçüp, soñra şol ýerde hem işleýär. Makdugallyñ "Sosial psihologiýa giriş" işi 1908-nji ýylda çykyp, şol ýyl hem sosial psiholiýanyñ özbaşdak ösüşiniñ gutarnykly ykrar edilen ýyly hasaplanylýar / hut şol ýylda ABŞ-da sosiolog E.Ross "Sosial psihologiýa" kitabyny çap edip, bir ýylda psiholog we sosiolog şol bir dersde ilkinji

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001. sah. 399



| | **Düýpli derñew** | **Amaly derñew** |
|---|---|---|
| **seljerme** | Şahsyýetiñ gurluşy.<br>Köpçülikleýin añ.<br>Dartgynlyklaryñ nusgasy.<br>Gymmatlyk ugrukmasy. | Özüñi alyp barşyñ nusgalary.<br>Hakyky toparlardaky ýagdaýlar .<br>Aragatnaşygyñ kiçi we uly toparlardaky görnüşleri. |
| **çaklaýyş** | Köpçülikleýin özüñi alyp baryş.<br>Täzelikleriñ kabul edilişi.<br>Karara gelmekligiñ uzak soñky netijeleri. | Ýüzünugra çaklamalar (“şu wagt we indi”-näme bolar)<br>Jahyllyk jenaýatçylygy.<br>Iş taşlaýyşlar. |




Surat. Düýpli, amaly we amalyýetçi sosial psihologiýanyñ özara gatnaşygy.

Ikinjiden, amaly sosial psihologik derñew oñat teklipleri işläp düzmäge ukyply bolsa-da, oña eýermek, ony ornaşdyrmak köp sanly amaly pähimler – ykdysady mümkinçilikler, meýilnamalaşdyrylan ýumuşlar we ş.m. bilen kesgitlenýar. Sosial psihologiýanyñ netijeliliginiñ çägini takyk bellemek üçin ilki bilen onun kömegi bilen çözüljek ýumuşlaryñ görnüşleri jemgyýetiñ her bir ugruna laýyklykda ýüze çykarylmalydyr.

**Amaly sosial psihologiýa** Kähalatlarda “sosial psihologik gatyşmaklyk” adalgasy bilen çalşyrylýan "amaly sosial psihologiýasy" söz utgaşmasy bilermen psihologlaryñ iş tutumynyñ düýpgöter aýratyn ulgamydyr. Amaly sosial psihologiýany amalyýete ornaşdyryjy sosial psihologiýanyñ görnüşi hasaplamak ýerlikli hem bolsa, olary gatyşdyrmak maksadalaýyk däldir. Bularyñ özara baglanyşygyny anyklamak üçin aşakdaky nusga ýüzlenmek peýdalydyr.



ulgamlaýyn dersi neşir edýär/. Bu ýyly sosial psihologiýany ösüşindäki täze eýýam diýip diñe şertli ýagdaýda aýtmak bolar, çüñki baryp 1897-nji ýyldaky DJ. Bolduiniñ "Sosial psihologiýa boýunça derñewler" işini hem ilkinji ulgamlaýyn gollanma hasaplamak bolar. Bolduin şol wagtyñ özünde / Tardyñ täsiri astynda / nesle geçijiligiñ tebigy we sosial görnüşleri baradaky taglymatyny ösdüripdi. Nesle geçijiligiñ sosial görnüşi öýkünmeklik esasynda guralýar. Jemgyýetde "yrylmak çalşygy" bolup, ol hem adamlaryñ özara gatnaşygyny dolandyrýar.

Makdugallyñ taglymatynyñ esasy nutugy sosial özüñi alyp barşyñ sebäbi hökmünde dogabitdi instinktleri ykrar etmegidir. Bu ideýa Makdugall tarapyndan kabul edilen, haýwanlara we adama mahsus bolan maksada ymtylyş diýen has umumy düzgüniñ amala aşyrylmagydyr. Hut bu düzgün Makdugallyñ taglymatynda has ähmiýetlidir. Bihewiorizm taglymatynyñ tersine ol öz döreden psihologiýasyny "maksatly" ýa-da "gormiki" /grekçeden "gorme"– ymtylyş, höwes, meýil / psihologiýa diýip atlandyrypdyr. Gorme sosial özüñi alyp barşy düşündirýän induktiw häsiýetli hereketlendiriji güýç hökmünde düşünilýär. Makdugallyñ adalgasynda gorme "instinkt" / has soñlar "meýil" manyda / hökmünde amala aşýrylýar.

Her bir adamda instinktleriñ düzümi onda belli bir psihofiziologik ymtylyşyñ nerw energiýasyny boşatmak üçin nesil üsti bilen geçýär kanallaryñ bardygy netijesinde döreýär. Instinktler affektiw /reseptiw/,

merkezi /emosional/ we afferent /hereket/ böleklerden durýar. Şeýlelikde, añyñ çäginde bolup geçýän ähli zatlar añlanylmaýan başlangyja tabynlykda bolýar. Instinktleriñ içki ýüze çykyşy duýgy-emosiýalardyr. Instinktler bilen emosiýanyñ özara baglanyşygy üznüksiz we kesgitli häsiýetde bolýar. Makdugall instinktleriñ we emosiýalaryñ özara baglanyşygynyñ ýedi jübütini görkezýär: göreş instinkti we oña laýyk gazap, gorky; gaçmak instinkti we özüñi goramak duýgusy; nesli dowam etmek instinkti we gabanjañlyk, aýal çekinjeñligi; zat edinmek instinkti we eýeçilik duýgusy; gurluşyk instinkti we gurmak duýgusy; süri instinkti we degişlilik duýgusy. Ähli sosial edaralar hem instinktlerden getirilip çykarylýar: maşgala, söwda, sosial gurluşlar, ilkinji nobatda uruş. Hut şu soñky pikiri üçin Makdugally Darwiniñ çemeleleşişini amala aşyryjy hökmünde kabul etmeli bolunýardy. Ýöne bu çemeleşiş gös-göni jemgyýet hadysalaryna geçirilen wagtda öz ähli ylmy ähmiýetini ýitirýärdi.

Özüniñ uly meşhurlygyna garamazdan, Makdugallyñ pikirleri ylmyñ taryhynda iññän oñyn däl orny eýeledi. Ol sosial özüñi alyp barşy haýsydyr bir öz – özünden döreýän maksada ymtylyş boýunça düşündirip añlanylmaýan köre-kör meýilleriñ diñe bir indiwidiñ däl, eýsem bütin adamzadyñ hereketlendiriji güýji bolup durýanlygy dogrusyndaky pikir ýöretmäni kanunlaşdyrýardy. Şonuñ üçin edil umumy psihologiýadaky ýaly sosial psihologiýanyñ kemala



kärdeşler arkalyşygynyñ, administrasiýa bilen işçileriñ, kärdeşler arkalyşygy bilen işçileriñ we ş.m. Sosial psihology bu gatnaşyklaryñ ähli jähtleri gyzyklandyryp, ol öz tekliplerini bu gatnaşyklarynyñ ähli taraplaryna degişlilikde döredýär. Ol kärdeşler guramasyna, işçilere, administrasiýa “täsir” etmän, olaryñ arasyndaky gatnaşyklara “täsir edýär”, olary kadalaşdyrýar.

Bu ýerde ýene-de bir ýagdaýy göz öñünde tutmalydyr. Amaly derñewleriñ netijesinde alnan teklipler esasynda jemgyýetiñ dürli ugurlarynda döreýän ähli meseleleri çalt çözüp bolar diyip oýlamak bolmaz. Amaly derñewleriñ mümkinçiligine aşa baha bermek, edil oña kembaha garamak ýaly nädogrydyr. Bu ýerde iki sany çäklendirmäni göz öñünde tutmalydyr.

Ilkinji nobatda sosial psihologiýa jemgyýetçilik hadysalarynyñ diñe bir tarapy - psihologik tarapy bilen iş salyşýar. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ ösüşi özüniñ hususy kanunlary bilen amala aşyrylýar: şonuñ üçin psihologik tarapyñ ähmiýetini ulaltmak nädogrydyr. Toparda şahsyýetara gatnaşyklaryñ islendik derñewi näçe göwnejaý geçirilenligine garamazdan, öwrenilýän toparyñ agzalarynyñ özüni alyp barşyny döredýän ähli şertleri öz içine almaýar. Toparyñ hereket edişiniñ göwnejaý nusgasy diñe jemgyýetçilik ylymlarynyñ ähli toplumynyñ gatnaşmagynda geçirilýän toplumlaýyn derñewiñ netijesinde döredilip bilner.

hadysalardan üzñe däldir. Olardaky üýtgeşmeler, onuñ häsiýeti, taryhyñ ösüşi sosial syýasat arkaly döredilip, şahsýetiñ orny, ösüşi bolsa bu şertlere baglydyr.

Jemgyýetçilik ylymlarynyñ bütin toplumy hut sosial hadysalary dolandyrmagy kämilleşdirmäge gulluk etmelidir. Bu umumy wezipäni çözmekde sosial psihologiýa hem aýratyn orun eýelemelidir. Ol öz serişdeleri we usullary bilen netijeliligini ýokarlandyryp biljek sosial hadysalary tapmalydyr. Şeýlelikde, umumy görnüşde sosial psihologiýanyñ mümkinçilikleri we çäkleri dogrusyndaky meseläniñ çözlüşi şeýle bolmalydyr: sosial psihologiýa her bir aýratyn şahsyyeti tabyn etmekligi, derñew tejribä öwürmegi maksat edinip bilmez. Ol adamlaryñ arasyndaky **gatnaşyklary gowulandyrmaga**, adamyñ mazmuny güýçleriniñ doly ýüze çykmagyna ýardam etmelidir. Sosial psihologiýa öz tekliplerini görkezme bermäge, her bir adama näme we nähili etmelidigini salgy bermäge däl-de, adamlaryñ arasyndaky gatnasyklarda her bir adam özüniñ erk-islegini amala aşyryp biler ýaly, bu erk-islegiñ jemgyýetiñ we aýratyn şahsyýetiñ isleg-nukdaýyndan netijeli bolar ýaly edip ösdürmäge gönükdirýär. Indi meseläniñ şeýle umumy goýluşyndan amalyýetde işleýän sosial psihologyñ ornuny beýan etmäge geçmek bolar.

Eger sosial psiholog öz derñewini senagat kärhanasynda geçirýän bolsa onuñ ýagdaýyny, şertli ýagdaýda, dürli gatnaşyklaryñ merkezinde durýan adam hökmünde görkezmek mümkin: administrasiýa bilen



gelşinde instinktler taglymatynyñ pikirlerini ýeñip geçmek möhüm öwrülişik döretdi.

Eýsem sosial psihologiýa bu ilkinji taglymatlar döredilenden soñra nähili nazaryýet tutumy bilen galdy? Birinji nobatda oñyn ähmiýetli zat hökmünde görkezilmeli zat – bu taglymatlarda hakykatdan-da örän möhüm meseleleriñ goýulmagydyr: indiwidiñ añy bilen sosial toparyñ özara gatnaşygy, sosial özüñi alyp barşyñ hereketlendiriji güýçleri we ş.m. Ýene-de bir möhüm zat goýlan meseleleriñ ilki başdan iki taraplaýyn - psihologiýa we sosiologiýa nukdaýdan çözlüşini tapmaklyga synanyşyk edilmegidir. Birinji çemeleşişde meseläniñ çözlüşi indiwidiñ nukdaýyndan berlip, onuñ psihikasynyñ toparyñ psihologiýasyna geçişi onçakly takyk işlenilmändi. Ikinji çemeleşişde resmi ýagdaýda "jemgyýetden indiwide geçmeklik" bolup, ýöne "jemgyýetiñ" özi psihologiýa siñip gidip, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ ruhulaşdyrylmagyna getirdi. Bu ýagdaý, eger-de ylmy çemeleşiş esasy usulyýet taýdan nädogry bolsa "psihologik" ýa-da "sosiologik" çemeleşişler meseläniñ takyk çözlüşini berip bilmeýänligini subut edýärdi. Galyberse-de, ilkinji sosial psihologik taglymatlaryñ gowşaklygy olaryñ belli bir derñew amalyýetine daýanman, ýöne pelsepe pikir ýöretmeleriñ çäginde galýan sosial psihologiýa hakyndaky oýlanmalarda çäklenendigi bilen düşündirilýär. Şeýle-de bolsa esasy wezipe amala aşyryldy - sosial psihologiýanyñ özbaşdak ylym hökmündäki ady jemgyýetçilik añyna ornaşdyryldy. Indi

ol özüniñ hususy tejribe üpjünçiligine mätäçdi. Şu wagta çenli psihologiýa tejribe usulyny ulanmakda belli bir tejribe toplapdy. Sosial psihologiýanyñ mundan beýläkki ösüşi diñe tejribe esasynda amala aşmalydy. Bu döwrüñ häsiýetnamasyna geçmezden öñürti sosial psihologiýanyñ nazaryýet esaslarynyñ ösüşinde düýbünden täze däbiñ döreýşi barada aýtmalydyr.

Gürrüñ marksizmiñ içinde sosial psihologik bilime şertleriñ döreýşi hakynda barýar.

**Marksizm ulgamynda sosial psihologik bilimlere şertleriñ döreýşi.**

XIX asyryñ ortasynda markistik dünýäga-raýyş döräp, jemgyýeti öwreniş ulgamy jemgyýetçilik ösüşiñ buržuaz taglymatlary bilen çekişmä goşuldy. Sosiologiýada marksizm bilen çekişme açyk häsiýetde bolup, sosial psihologiýada ýagdaý başgaçarak boldy. Çekişme köp derejede psihologiýa gönükdirilenligi sebäpli, sosial psihologiýada onuñ dartgynlygy onçakly güýçli bolmasa-da, marksizmiñ sosial psihologiýa bilen "duşuşugy " gutulgysyzdy. 1913-njy ýylda Ž.Bolduin Marksyñ "Kapitalyny" indiwidual we jemgyýetçilik añynyñ gatnaşygy meselesine bolan garaýyşda düýpli özgeriş döreden işleriñ hatarynda tutýar. Emma bu özgeriş resmi sosial psihologiýanyñ marksizmi kabul etmekligine getirmedi. Marksizmiñ usulyýet düzgünlerini kabul etmezlik sosial psihologik taglymatlarynda dürli görnüşlerde ýüze çykdy. Meselem, Lebon marksizme göýä ol jemgyýetiñ ösüşiniñ hereketlendiriji güýjüni iýmite bolan islegden getirip



jemgyýet hem-de azatlykdan, derejeden we ş.m. "boşadylan" adamlar utuşda bolýar.

Bu işde öñe sürülen teklipler ynsanperwerlik şahsyýetiñ azatlygy añyýetine aç-açan çapraz gelýänligi üçin, amerikan psihologik edebiýatynda inkär ediji seslenme tapdy. B.Skinneriñ köp sanly tankytçylary onuñ öñe süren pikiriniñ faşizme ýakynlaşýandygyny aýdýar. Logiki toýnugyñ ahyryna ýetirilen şahsyýetiñ tabyn edilmek añyýeti psihologiýanyñ hiç bir jähtden ýol berip bolmajak, adamyñ mertebesini peseldýän, mukaddes zada "gatyşmaklygyna" getirýär. Añyýet we nazaryýet jähtde Skinnriñ pikirleri bu kitabynda hem bihewiorizme esaslanýar. Sebäpler nukdaýdan bu işde teklip edilýän psihologiýa ylmynyñ mümkinçilikleri dogrusyndaky mesele kabul edilip bilinmez.

Häzirki döwürde psihologiýada ynsanperwerlik ugrukmasy uly ähmiýete eýe bolýan döwründe bu ugruñ talaplaryny sosial–psihologik derñewiñ netijeliligi meselesi gozgalañda nazarda tutmak has möhümdir. Psihologiýanyñ ynsanperwerçilik ugry (A. Maslou, K. Rojers we beýl) adamyñ şahsyýetiniñ öz-özünden işjeñleşmegini we öz-özüni amal etmegini, onuñ ähli mümkinçilikleriniñ ýüze çykarylmagyny gözbaşy meselä öwrülýär. Bu maksat üçin degişli usullaryñ we serişdeleriñ toplumy, ilkinji nobatda, sosial–psihologik türgenleşik topary döredilýär. "Şahsyýetiñ ösüşi" adamyñ öz–özünden işjeñleşmeginiñ esasy şertidir. Elbetde, bu ösüşi üpjün edýän şertler, şol sanda türgenleşik toparlary jemgyýetde bolup geçýän

jemgyýetdäki orny nukdaý nazardan nämä garaşmalydygy, oňat ýola goýlan derňewiň ahyr netijede näme getirmelidigi barada barýar. Sosial psihologiýanyň ösüşiniň depgini güýçlendigiçe amaly derňewi guramagyň bölekleýin meseleleriniň üstünlikli çözüljekdigine bil baglamak bolýar. Şeýle ýagdaýda jemgyýet sosial psihologiýadan nämäni talap edip biler? Ol oňa näme berip biler? Başgaça aýdanyňda, köne sowal-sosial psiholog näme berip, nämäni berip bilmeýär?” - indi has giň jähtde, tutuş psihologiýa ylmynyň mümkinçilikleriniň ýerliginde seredilmelidir.

Bu meseläniň günbatar sosial psihologiýasynda teklip edilen çözlüşiniň biri - bu ylma şahsyýeti öz maksadyna tabyn etmeklige hukuk berilmegini ykrar etmekdir.

Bu pikir B.Skinneriň “Azatlygyň we mertebäniň beýleki tarapynda” diýen kitabynda has doly beýan edilip, onda **“pähimli özüňi alyp barşyň tehnologiýasy”** diýip atlandyrylýan närse işlenendir. Onuň mazmuny –jemgyýetde operatorlaryň aýratyň topary ýüze çykarylyp, olar pähimli özüňi alyp baryş hakyndaky düşünje esasynda beýleki ähli adamlary öz maksadyna tabyn etmeklige mümkinçilik berýär. Şunuň bilen şeýle adamlara uly kömek edilýänligi, olaryň karara gelmek, üznüksiz saýlawlar etmek ýaly muşakgatlardan boşadylýanlygy nygtalýar. Operatorlar adamlary her bir ýagdaýda özüne tabyn dolandyryp, göwnejaý özüňi alyp barşy döredýär. Şol sebäpli tutuş



çykarýar diýen pikiri ýöňkeýärdi. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy markizmiň tebigy kanunlary jemgyýetiň ösüşine gös-göni ýaýradyp, jemgyýet hakyndaky ylmy esaslandyrmak ýörelgesini häsiýetlendirip, şeýle ýazýar: "Adam nebsi tebigatdan bolup, tebigatyň kanunlaryna görä-de ýaşamak isleýär. Emma, jemgyýet başga bir giňişlik, başga bir kanunlardyr, onda tebigat kanunlary ýöremeýär…"[1] , Türkmenbaşynyň pikiriçe "Marksizm taryhy gaýtgynsyz, diňe ýokary galyp barýan birtaraplaýyn döwür hökmünde göz öňüne getirýär".[2]

Marksizmiň ynsanperwer ylymlaryň ösüşinde, şol sanda psihologiýanyň-da käbir ugurlaryna degişlilikde belli bir döwür bolup durýanlygy onuň taryhyň bu babatdaky bir pursaty hökmünde seredilmegine zerurlyk döredýär.

Hünärmen psihologiýasy-da marksizmiň pikirini kabul etmeýänligi üçin sosial psihologik bilimiň ösüşinde iki özbaşdak ugur döretdi. Olaryň biri bu ylmy buržuaz dünýägaraýşynyň umumy ulgamy jähtden ýöretse, beýlekisi marksizmiň içinde sosial psihologik bilimleriň düzgünlerini döredýän ugurdyr.

Marksizmiň bu ugrunyň sosial psihologik bilimleriň ulgamynda ösüşiniň birnäçe özboluşlylyklary bardyr.[3]

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap. 435 sah.
[2] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001, 159 sah.
[3] Seret: Andreýewa G.M. Razwitiýe marksistskoý tradisii w sisteme sosialno-psihologiçeskogo znaniýa/ Westnik MGU, seriýa Psihologiýa, 1967, N 3

Sosial psihologiýanyñ belli bir derejede jemgyýetçilik ylmy häsiýetde bolýanlygy onuñ jemgyýetçilik hadysalarynyñ mazmuny, adamyñ we jemgyýetiñ tebigatyna düşünmek dogrusyndaky meselelerde marksizmiñ käbir nazaryýet düzgünlerini özleşdiripdi. Bu ýerde marksistik ugur bu düzgünleriñ nähili derejede takyk sosial psihologik hadysalaryñ öwrenilişine goşulýanlygyny kesgitlemek häsiýetde yzarlanyp bilner.

Marksistik taglymatyñ we marksistik usulyñ özleşdirilmekliginiñ dürli wagt döwürlerinde dürli derejede amala aşyrylmaklygy marksistik sosial psihologiýanyñ taryhy ösiniñ aýratynlygy bolup durýar. Mälim bolşy ýaly sosial psihologik düşünjeleriñ möhüm nazaryýet esaslary eýýäm K.Marksyñ, F.Engelsiñ, W.I.Leniniñ, şeýle hem marksistler bolan G.W.Plehanowyñ, A.Gramşiniñ, A.Bebeliñ, A.Labriolanyñ we beýlekileriñ işlerinde esaslandyrylypdy. Bu işlerde diñe bir sosial psoholigiýanyñ özeni düzgünleri hökmünde jemgyýetçilik ösüşiñ umumy nazaryýeti berilmän, eýsem, umumyrak häsiýetde bolsa-da onuñ takyk meseleleri hem goýulypdy.

Sosial psihologik hadysalaryñ marksizm ulgamynda seljerilişi taryha materialistik häsiýetde düşünilmek esasynda amala aşyryldy. Sosial durmuş jemgyýetiñ maddy şertleri bilen esaslandyrylan hadysa hökmünde seredilýärdi. Şeýle çemeleşiş sosial şertleriñ psihikanyñ ösüşine edýän täsirini düşündirýän adaty



Bu ýerde ýene-de bir möhüm mesele ýüze çykýar. Sosial psihologiýada **“ornaşdyrmak”** meselesi özboluşly çözülýär. Sosial psiholog hemişe öz teklibini özi ornaşdyryp bilmeýär. Ol, mysal üçin, haýsydyr bir kärhanadaky ýolbaşçylaryñ işine düýpli seljerme berip, aýry-aýry toparlardaky gatnaşyklaryñ erbetligi hut ýolbaşçynyñ amatly iş ýagdaýyny döredilip bilmeýändigi bilen döredilýändigini subut edip biler. Psihologyñ teklibi ol ýa-da beýleki ussa, topar ýolbaşçysy, müdiri özüni ödemeýändigi we ony çalşyrmalydygy görnüşinde beýan edilip biler. Ýöne olary sosial psiholog çalşyrmaýar. Her bir kärhanada, edarada hünärmenleri bellemegiñ we çalşyrmagyñ öz ulgamy bolup, bu mesele boýunça karar kabul etmek edaranyñ, kärdeşler arkalaşygynyñ we beýleki jemgyýetçilik guramalarynyñ garamagynda bolýar. Şeýlelikde, kähalatlarda meseläni “bilmek” we ony “çözmegiñ” arasynda aralyk döreýär: bilmeklik we çözüş subýektleri sosial hadysanyñ dürli guramaçylyk derejeleri bolup durýarlar. Eger-de amaly derñewlerde sosial psihologyñ orny diñe maslahat bermeklik bolup durýanlygy bilen ylalaşsañ, şeýle derñewleriñ netijeliligi hakyndaky mesele barada ýene-de bir gezek oýlanmaga mejbur edýär. Bu meseläni çözmek üçin degişli tejribeler toplamak zerurdyr.

Sosial psiholog derñewleriñ netijeliligi meselesiniñ ikinji bir tarapy diñe bir amaly jähte degişli bolman, tutuş ylma degişlidir. Ýöne amaly derñewleriñ amalyýeti bilen baglanyşyklykda bu mesele aýratyn ähmiýetlilige eýe bolýar. Gürrüñ sosial psihologiýadan

Mesele munda hem däl. Aýdaly, biz sosial psihologik ornaşdyrmalaryñ peýdasyny hasaplamany öwrendik. Ýöne bu biziñ amaly derñewleriñ netijeliliginiñ ähli tarapyny göz öñünde tutup bilýändigimizi añladýarmy? Elbetde ýok. Sosial psihologik derñewiñ netijeliligi diñe bir toparyñ ykdysady netijeliligi bilen kesgitlenip bilinmez. Meseläniñ ikinji bir tarapy - tutuş toparyñ we onuñ her bir agzasynyñ **sosial ösüşi** - onuñ ýene-de bir möhüm häsiýetnamasydyr. Amatly psihologik klimat diñe bir zähmet öndürijiliginiñ, tertip düzgüniñ ýokarlanmagyny, işde adamlaryñ geldi-geçerliginiñ ýoklugyny añlatmaýar. Şol bir wagtyñ özünde amatly psihologik klimat toparyñ, her bir işgäriniñ keýpini gowulandyrýar, ony öz hususy medeniýetini ýokarlandyrmaga höweslendirýär, adamlarda işjeñligi, sözleşmeklige meýli, birek-birege duýgudaşlygy ösdürýär we ş.m. Şeýle ahlak, sap psihologik utuşyñ ölçeg birligi ýokdur. Diýmek, sosial psihologiýada amaly derñewleriñ netijeliligi bahalandyrylanda nähili hem bolsa /hiç bolmanda beýan etmek häsiýetde/ meseläniñ bu tarapy-da bellenilmelidir. Iki sany öwrenilen topary deñeşdirip, olaryñ biri gowy, beýlekisi erbet diýip bolmaz. Ikinji toparda dörän üýtgeşmeleriñ birnäçe wagtdan soñra oñyn netijeleri bermegi mümkindir: şonuñ üçin entek onda derñew geçirilenleriñ işiniñ netijesini tankytlanmak bolmaz. Sosial psihologiýada amaly derñewleriñ netijeliligini kesgitlemegiñ usullaryny gowulandyrmak wajyp meseledir.



sosial psihologik çemeleşişden düýpgöter tapawutlanýardy. Belli bolşy ýaly sosiologik jähtden sosiallygyñ indiwid we jemgyýete garanda ilkinjidigi hakyndaky teklip E.Dýurkeýmiñ taglymatyndan gelip çykýardy. Emma "sosiallyk" şeýle has "güýçli" görnüşde hem iññän birtaraplaýyn düşünilip, ol jemgyýetçilik durmuşyñ maddy şertleriniñ ilkinjiligi hakyndaky pikir bilen baglanyşdyrylmaýardy. M.G.Ýaroşewskiniñ belleýşi ýaly bu "maddylygy bolmady sosiallykdy". Şonuñ üçin sosial psihologik pikirleriñ hut taryha materialistik häsiýetde düşünmekligiñ esasynda ösmegi marksizmde özboluşly täzelik bolup, ol bada-bat jemgyýetiñ ähli gatnaşyklar ulgamynda jemgyýetçilik hadysalaryñ psihologik tarapynyñ bardygyny ykrar edýärdi. Şeýle psihologik tarapyñ ykrar edilmegi bu nazaryýetde aýgytlaýjydy. Şeýle psihologik tarapyñ ykrar edilmegi adamlaryñ maddy durmuşynyñ has çuññur gurluşlar arkaly döredilýänligini nygtamak bilen utgaşdyrýardy.

Hut şeýle esaslarda sosial psihologik hadysalaryñ degişli kanunlary açyldy. Esasy üns synplaryñ we beýleki sosial toparlaryñ psihologiýasynyñ jemgyýetçilik añyndaky ornuny anyklamaga berildi. Jemgyýetçilik psihologiýasy jemgyýetçilik añynyñ bir derejesi anyýete-ideologiýa seredeniñde aşaky dereje hasaplanyp, ýöne onuñ jemgyýetçilik ösüşde uly orun eýeleýändigi nygtalýardy. Şeýle esasda kapitalistik jemgyýetiñ dürli gurluşy öwrenildi. Köpçülikleýin añda uly taryhy

özgerişler döwründe aňyýetiň we gündelik aňyň özara täsiri ýaly häsiýetnamalara uly üns berilýär. Görnüşi ýaly synplarynyň jemgyýetçilik keýpi, aldanmalary, azaşmalary ýaly adamlaryň köpçülikleýin meýilleriniň marksizmde, esasan, rewolýusion göreşiň taglymatyny esaslandyrmaklyga ähmiýeti bolan meseleler aýratyn ösdürilipdi.

Bu meseleleriň goýulmasy marksizmiň sosial taglymatynyň umumy mazmunynda bolup, sosial psihologiýanyň aýratyn ylym ders hasiýetdäki ýörite meseleleri däldi. Ýöne sosial hadysalaryň psihologik tarapynyň seljerilişiň umumy sosiologik jähtde seredilmegi sosial psihologiýa belli-bir usulyýet kadasy bolup biljekdi. Bu sosial ýerligi sosial psihologik bilimler ulgamyna goşmak dogrusyndaky aladalar bilen baglanyşykly meseledi.

Hut şeýle çözlüşler sosial psihologiýanyň şahsyýeti, onuň kemala gelşiniň ýakyn gurşawyny öwrenmek /bu soň-soňlar kiçi toparlaryň meselesine öwrüldi/, aragatnaşygyň usullaryny, sosial psihologik täsiriň döredijilerini anyklamak ýaly meselelere degişlilikde hem tapyldy. Bu ugurlarda hem ýörite sosial psihologik taglymatlar ýa-da takyk derňew usullary döredilmän, sosial psihologik bilimleriň pelsepe esaslary, şunuň bilen baglanyşyklykda sosial psihologik derňewiň umumy usulyýeti anyklanýardy. Elbetde, takyk ylmyň pelsepe maksatnamasy arkaly döredilýän seljerme usulyny özleşdirmekligi – her bir bilermeniň erkin saýlawydyr. Bu sosial psihologlaryň belli bir pelsepe



biriniň has öndürijilikli, haýsy biriniň bolsa ondan pesräk derejeligi nukdaýdan deňeşdirilip bilner.

Sosial psihologiýada netijelilik meselesi ýönekeý çözülmeýär. Onuň iki tarapy tapawutlandyrylmalydyr: **aýratyn** derňewiň netijeliligi nämeden ybarat bolup biler /degişlilikde onuň ölçelişi/ we sosial psihologiýanyň netijeliligi sözüň **giň manysynda** nämäni aňladýar /ýagny bu ylmyň öz netijelerini ornaşdyryp bilmek babatda mümkinçiligi/ ? Bu her bir tarapyň öz hususy meseleleri bar.

Her bir aýratyn amaly derňewiň netijeliligi sosial psihologlaryň tekliepleriniň gös-göni ykdysady peýda getirmekliginde hem ýüze çykyp biler. Meselem, senagat kärhanasynyň psihologik klimatyny öwrenmek düýpli özgerişler döredip, zähmet tertibiniň we zähmet öndürüjiliginiň gowulanmagy netijesinde kärhananyň öz meýilnamasyny amal edişini, serişde tygşytlylygyny üzül-kesil ýokarlandyrýar we ş.m. Bu ýagdaýda sosial psihologyň goşulmaklygy pul görnüşinde netije berýär. Ýöne şeýle hasap-hesip hiç wagt kepillendirilip bilinmez: senagat kärhanasyndaky üýtgeşmeleriň diňe psihologik täsiriň netijesinde ýüze çykandygyny bir agyzdan tassyklamak kyndyr. Bu ýerde şol bir wagtyň özünde düýpgöter başga hadysalar hereket edip, görkezilen üýtgeşmeleri döredip biler /meselem, zähmet şertleriniň sosial psihologlaryň teklipleri esasynda däl-de, maddy üpjünçiliginiň üýtgemegi netijesinde özgermegi /. Bu sebäpleri aýyl-saýyl etmek hemişe başartmaýar.

psihologik maglumatyñ mümkingadar ýoýulmagy bilen baglanyşykly meseleler has ähmiýetlidir. Şonuñ üçin amaly derñew geçirmek sosial psihologdan ýokary ahlak sypatlaryny we sosial jogapkärçilik duýgusyny talap edýär. Ýönekeý sypaýyçylyk, sözleýşe ukyplylyk –bular islendik adam bilen iş salyşýana zerur sypatlardyr. Ýöne bu ýerde gürrüñ öz geçirýän derñewiñi hakyky durmuşyñ, jemgyýetiñ anyk talaplarynyñ, her bir adamyñ derñewe goşulanda bu tutumyñ oña zyýan getirmejekdigine bolan mümkinçiliginiñ ýerliginde düşünmek ýaly esasy zada tabyn etmek barada gidýär.

**Sosial psihologiýada amaly derñewleriñ netijeliligi.** Sosial psihologyñ ahlak we sosial jogapkärçiligi amaly derñewleriñ netijeliligini çözmekligiñ hökmany şertidir. Ýokarda aýdylanlardan görnüşi ýaly, anyk sargyt ediji tarapyndan maliýeleşdirilýän amaly derñew belli bir netije bermese zerur serişdeleri alyp bilmeýär. Amaly derñewleriñ amalyýetiniñ has ösen ylmy pudaklarynda netijelilik meselesi uly kynçylyk döretmeýär. Bu aýratyn-da ykdysady amaly derñewlere degişlidir.

Psihologiýa ylmynda zähmet psihologiýasy we inženerçilik psihologiýasy ýaly ugurlarda özleriniñ derñewleriniñ netijeliligini kesgitlemegiñ ähtibar görnüşleri bardyr. Bu ýagdaýda adatça ykdysady netijelilik, ýagny derñewiñ netijesiniñ ornaşdyrylyşyndan alynýan gös-göni ykdysady girdeji göz öñünde tutulýar. Derñewiñ netijeleri olaryñ haýsy



dünýägaraýşyny özleşdirmekligine degişlilikde hem hut şeýledir. Bu babatda sosial psihologiýada marksistik dünýägaraýyş ugrukmasyndaky edilen işler hem hiç bolmanda taryhy ähmiýetli ýörelge hökmünde ýatlanylmaklyga laýykdyr.

**Sosial psihologiýanyñ ösüşiniñ tejribe döwri** Belli bir wagta çenli bu döwür diñe Günbatar sosial psihologiýasynyñ çäginde amala aşyrylýardy. XX asyryñ başy, aýratynam birinji jahan urşundan soñraky döwür sosial psihologiýanyñ tejribe ylma öwrülýän döwri hasaplanýar.Ýewropada W.Mýodäniñ we ABŞ-da F.Olportyñ sosial psihologiýanyñ tejribe derse öwürmek baradaky talaby bu ugurda resmi maksatnama boldy. Sosial psihologiýanyñ tejribe görnüşiniñ ösüşi ABŞ-da has rowaç bolup, bu ösüş ykdysadyýetde kapitalistik üýtgedip gurulmalaryñ hajatlary üçin amaly derñewleriñ depginini güýçlendirmek talaby arkaly ugrukdyrylýardy. Şeýle amalyýet şol döwürde başlanan ykdysady krizis şertlerinde hasda ähmiýetli boldy. Köne sosial psihologiýanyñ täze wezipeleriniñ öñünde nalajedeýinligi has-da aýan boldy.

Nazaryýet jähtde köne däbi ýeñip geçmeklik Makdugalyñ taglymatyny ýeñip geçmek häsiýetine eýe bolup, ol öñki sosial psihologiÿanyñ gowşaklygyny köp derejede özünde şöhlelendirýärdi. Psihologiÿanyñ ösüşinde bu döwürde üç sany esasy çemeleşiş ýüze çykdy: psihoanaliz, bihewiorizm we geştaltizm. Sosial psihologiÿa öz ösüşinde bu çemeleşişlerde döredilen

pikirlere daýanyp başlady. Esasy üns bihewioristik çemeleşişe berlip, ol takyk tejribe dersini döretmegiñ matlabyna has laýyk görüldi.

Derñewleriñ obýekti hökmünde kiçi toparlar üns merkezine geçýär. Muña belli bir derejede tejribe usullary bilen gyzyklanmaklyk itergi berdi: bu usullary diñe kiçi toparlarda ulanyp bolýardy. Esasy üns tejribe usullarynyñ ösdürilişine berilýärdi. Emma şol döwrüñ takyk şertlerinde bu ugruñ ABŞ-da ösüşi sosial psihologiýanyñ bir taraplaýyn ösüşine getirdi: bu ders diñe bir taglymat bilen gyzyklanmasyny bes etmek bilen çäklenmän, eýsem nazary sosial psihologiýanyñ hakykylygyna şübhe döretdi. Birnäçe amerikan alymlarynyñ şaýatlyk etmegine görä, ol ýa-da beýleki ýazaryñ taglymat bilen gyzyklanmasy onuñ ylmy derejesiniñ çäkligi dogrusynda pikiri, olara kembaha garamaklygy döredýärdi. Edil şol wagtlarda amerikan sosiologiýasynda hem tejribe derñewi ylmy işi guramagyñ nazaryýet ugruna garşy goýmak güýçlendi. Derñewi ylmy düşünjeleri guramagyñ esasy görnüşi hasaplamak pikiri belli bir çäklerde dogry hem bolsa, ol soñabaka nazaryýet derñewleri gysyp çykarmak ýaly bimany netijelere getirdi. Bu ýerde nazary derñewler mesawy "pikir oýnatma" bilen gatyşdyrylýardy. Şonuñ üçin sosial psihologiýanyñ tejribe ösüş döwri özüniñ amerikan görnüşinde /sebäbi bu ugur Günbatarda aýgytlaýjydy/ çalt ýiti gapma-garşylyklara uçrap ugrady.

Bir tarapdan, hut şu döwrüñ çäginde sosial psihologiýa ylmy ders hökmünde gerim alyp, köp sanly



ýene-de bir sebäbe görä berjaý etmeli bolýar: aýry-aýry adalgalar düşnüksiz bolup, ýa-da ýagdaýalaýyk kabul edilmegi mümkindir /meselem, “Siz kino çalt-çaltdan gidýärsiñizmi? - diýen sowalda teklip edilýän wagt aralagy sallah adam, garry adam we saglygy gurat bolmadyk aýal üçin örän dürli-dürli bolar/. Adalgalaryñ diñe bir özi möhüm bolman, onuñ adamlaryñ öz hususy durmuş orny esasynda ulanýan ýerligi-de möhümdir.

Amaly derñewleriñ dil meselesiniñ ikinji bir tarapy birnäçe özboluşly sosial psihologik adalgalaryñ ulanylyşy bilen baglanyşyklydyr: käbir adalgalar dürli sebäplere görä özleriniñ ylmy çäginden daşda ulanylyşynda asyl manysyndan oñyn däl mazmuna eýe bolýar. Kitabyñ degişli bölümlerinde şeýle düşünjeler ýatladylypdy: “konformist”, “awtoritar” “lider”, “resmi topar” we ş.m. Bu adalgalaryñ ulanylyşy bilen baglanyşykly aýry-aýry alymlaryñ terjimehalynda pajygaly pursatlar kändir. “Konformist” sözi gündelik durmuşda we syýasy ulgamda oñyn däl öwüşgünli bolup, ol derñewde synag edilýäne gönükdirilse ol ony göwnüne alýar. Uly zawodyñ jemagatynda ýolbaşçylygyñ iş usuly dogrusynda derñewiñ netijesi aýdylanda, öz usuly “awtoritar” diýip kesgitlenen ýolbaşçylar uly gopgun turuzdylar. Sosial psiholog adalgalaryñ gündelik durmuşda ulanylýan kadalaryny göz öñünde tutman bilmez.

Elbetde, amaly sosial psihologik derñewiñ dil kynçylygy esasy zat däldir. “Hakyky durmuşyñ” şertlerinde we ahlak meselesinde ýüze çykýan social

bolup durýanlaryñ salgysyna aýdylýar. Sosial psiholog özüniñ gatyşmaklygy bilen hakyky toparda gatnaşyklaryñ erbetleşmezligi üçin hüşgär bolmalydyr. Onuñ ornuny has takyk anyklamagy örän möhümdir. Özünde ilkinji gezek sosial psihologik derñew geçirilýän hakyky toparlarda kähalatlarda derñew geçirilýän adamy haýsydyr bir barlag toparyñ agzasy derñewçi we ş.m. hökmünde kabul edýärler. Soraglara jogaba derek haýyşlar şikaýatlar aýdylýar. Şeýle kesekiniñ ornuny edinmek kähalatlarda usulçada zerur hem bolsa, ýöne oña köplenç mätäçlik bolmaýar. Şeýle ýagdaýda derñewçiniñ borjy öz gelşiniñ maksadyny, öz hususy hyzmat-wezipelerini doly beýan etmekdir. Bu zatlar beýan edilende ol derñewiñ wezipesinde göz öñünde tutulan düzgünleri berjaý etmelidir.

Ähli amaly derñewe mahsus bolan dil dogrusyndaky kynçylyk sosial psihologiýada has-da artýar. Tutuş psihologiýa ylmynda bolşy ýaly sosial psihologiýa üçin gündelik durmuşda giñden ýaýran, hem-de tötänleýin mazmunlar bilen utgaşýan düşünjeleri ulanmak aýratyn çylşyrymlydyr. “Şahsyýet”, “Iş”, “Gymmatlyk” ýaly psihologik adalgalar gündelik durmuşda giñden ulanylýar. Eger-de synag edilýänler bu adalgalara olaryñ öwrenişen manysynda we ýörite işewir mazmunda kesgitleme berilmese, usulça garaşylýanyndan ters netijäni bermegi mümkin. Diýmek, derñewiñ diline bildirilýän talap dogrusynda sosial psihologyñ öñünde döreýän ilkinji mesele – bu dili derñew edilýäne, “uýgunlaşdyrmakdyr”. Bu düzgüni



usullar döredilip, kiçi toparlary derñemek ugrunda köp işler geçirilip, olaryñ netijeleri nusgawy işler hökmünde soñ-soñlar ähli okuw kitaplaryna girdi. Hut şu döwürde amaly derñewleri geçirmekde uly tejribe toplandy. Başga bir tarapdan, kiçi toparlar bilen çenden aşa gyzyklanmak olary tiz wagtdan sosial psihologiýanyñ özboluşly "çişine" öwürdi. Köpçülikleýin hadysalar, olaryñ psihologik tarapyny derñemek bilen baglanyşykly meseleler seljerişiñ çäginden daşda galdy. Bu hadysalaryñ ilkinji sosial psihologik taglymatlardaky seljermesiniñ tankydy bilen bir hatarda bu meseleleriñ özi-de gün tertibinden aýryldy. Bu gapma-garşylyklar sosial psihologiýa gymmat düşdi. Tejribe ugruñ esasy ähmiýeti jemgyýetiñ anyk meseleleri dogrusynda ähtibar düşünjeler almak bolýan bolsa-da, ýöne derñewleriñ diñe tejribehana şertlerde geçirilmekligi alynýan netijelerde sosiallykdan nyşan-da goýanokdy. Bu zatlaryñ netijesinde häzirki zaman Günbatar sosial psihologiýasynda tankydy meýil güýçlenip başlady. Şeýle krizisiñ görkezijisi hökmünde nazary bilimlere höwes janlanyp ugrady.

Tejribe deñewleriñ 30-njy ýyllarda gülläp ösen döwründe-de nazaryýet işler ýitip gitdi diýmek bolmaz. Olar meşhur däl bolsalar-da, az sanly ugurlarda dowam edýärdi. Häzirki döwürde olara höwes ýokarlanýar. Bu işler esasan dört ugruñ-bihewiorizmiñ, psihoanaliziñ, kognitiw taglymatlaryñ, interaksionizmiñ töwereginde

jemlenýär.[1]

Dört ugruñ üçüsi esasy psihologik akymlarynyñ sosial psihologik görnüşleri bolup, dördünjisi – interaksionizm-sosiologik çeşmeden gelip çykýar.

Bihewiorizm-sosial psihologiýada häzirki wagtda bu umumy psihologik akymyñ neobihewiorizm (neo – täze, täze bihewiriorizm) bilen baglanyşykly ugurlaryny ulanýar. Mälim bolşy ýaly bu ugurda iki akym bolup, olaryñ biri K.Halkyñ /aralyk üýtgeýjileri taglymy girizýän/ we B.Skinneriñ /nusgawy bihewiorizmiñ has adaty görnüşlerini saklaýan/ atlary bilen baglanyşyklydyr. Hallyñ çemeleşişiniñ çäklerinde sosial psihologiýada birnäçe taglymatlar döredilip, olaryñ arasynda ilkinji nobatda N. Milleriñ we D.Dollardyñ frustrasiýa (lapykeçlik)-agressiýa (howp salyjylyk) taglymatlaryny agzamalydyr. Mundan başga-da bu çemeleşişiñ çäginde diadalaýyn (iki adamyñ) özara täsiriñ köp sanly nusgalara işlenilip, olaryñ arasynda J.Tibonyñ we G.Kelliniñ işleri has mälimdir. Bu işleriñ esasy häsiýeti onda oýunlaryñ matematiki taglymaty dogrusyndaky düşünjeleriñ ulanylmagydyr. Sosial psihologik neobihewiorizmde aýratyn agzalmaly pikirleriñ biri-de D.Homansyñ işlerinde ösdürilýän sosial alyş-çalşyñ taglymatydyr. Ady tutulan taglymatlarda bihewioristik pikirleriñ ähli tutumy bolup, bu ýerde merkezi düşünje berkitmekdir /nusgawy we operant dörediliş ugurlarynda/. Neobihewiorizm

[1] Seret: Andreýewa G.T., Bogomolowa N.N., Petrowskaýa L.A. Sowremennaýa psihologiýa na Zapade./ teoretiçeskiýe naprawleniýa/ M.,1978: Şihirýew P.N., Sowremennaýa sosialnaýa psihologiýa w SŞA., M., 1979



hasaplaýan işçä ýüzlenip biler. Ýagdaýyñ geçirilýän pursatdaky sap duýgy-emosional häsiýeti özara gatnaşyklaryñ ähli keşbini üýtgedýän görnüşde alynýan maglumatlary paýhynlap biler. “Meýdanda” derñew geçýän sosial psiholog şeýle üýtgeýişleriñ koeffisientini tapmalydyr. Ýöne bu ýeñil-ýelpaý iş däldir. Ikinji bir mesele amaly derñewiñ geçirilýän **wagty** bilen baglanşyklydyr. Ähli sosial psihologik usulçalar örän cylşyrymly bolup, olaryñ ulanylyşy ep-esli wagty talap edýär. Eger derñew iş wagtyndan soñ geçirilse, onda bu wagta öz hususy meýilnamalaryny göz öñünde tutan adamlary uzak wagtlap saklamaly bolýar, “Döwtalaplary” galdyrmak seçgini belli bir derejede üýtgedip, birnäçe usulçalarda zerur bolan ähliumumy sorag edilişe bökdenç döredýär. Bu meseleleri çözmäge bir bütewi ülñülik ýetmezçilik edýär: her bir takyk ýagdaýda has amatly usullar barada netijä gelmeli bolýar. Ýöne bu kynçylyklary bilmeli we olary göz öñünde tutmaly. Şeýle edilse derñewiñ oñyn däl täsirleriniñ öñüni almaga we çözlüşiñ maksadalaýyk görnüşini tapmaga mümkinçilik döreýär.

Birnäçe **ahlak kadalaryny** amal etmek hem möhümdir. Amaly derñew geçirýän sosial psiholog edaranyñ ýolbaşçysynyñ we ş.m. sargydyny ýerine ýetirýär. Toparlaryñ birnäçe häsiyetnamalaryny, olaryñ jebisliligini, oñşuklylygy ýüze çykarmak köplenç aç-açan ýa-da gizlin häsiyetde belli bir tankydy bellikler döredýär. Bu bellik köplenç kemçilikleriñ günäkärleri we şol bir wagtyñ özünde derñewi dargyt edýänler

Bu kynçylyklar sosial psihologiýada ulanylýan **usulçalaryñ** aýratyn-lyklary bilen baglanşyklydyr. Bilşimiz ýaly, bu aýratynlyklar maglumat alynýan çeşmäniñ adam bolup durýandygyna esaslanýar. Amaly derñewiñ ähli ugry derñew geçirijiniñ hemişe anyk iş-durmuşa goşulan adamlar bilen özara täsirde bolýandygyndan ugur alyar. Anyk sosial ýagdaýdaky adam bu tejribehanada synag edilýän adam däldir. Haçanda ol tejribä gelende ol belli bir duýgy-pikire gulluk edip, belli bir derejede öz durmuşy meselelerinden "boşaýar". Dürli soraglara jogap berip, tejribeçiniñ "tolkunyna düzülýär". Özüniñ zähmet, okuw ýa-da sport işinde, sosial psihologyñ öñünde şeýle "synag edilýän" sözüñ adaty manysynda synag edilýän adam bolmagyny bes edýär: ol ilkinji nobatda öz toparynyñ agzasy, aýratyn hyzmatlary ýerine ýetiriji bolup, derñewiñ esasy artykmaçlygy hem şu işi öwrenýänligindedir. Diýmek, sorag-jogap alýana jogap bermek, sosiometrik kartoçkany doldurmak we ş.m. bilen synag edilýän ozüni gurşaýan gatnaşyklardan doly üzñe däldir. Bu meýdan sosial psihologik derñewine uly utuş berip, tejribehanada döreýän ýagdaýyñ "saplygyndan" boşamaga kömek edýär. Ýöne hut şunuñ özi-de göz öñünde tutmasy örän kyn bolan "üýtgeýjileri" ýüze çykarmaga ünsi çekýär. Aýdaly, derñew geçirýän sehe gelip topardaky gatnaşyklaryñ häsiýetini "wertikallaýyn" - işçi bilen ussanyñ arasynda öwrenmek isleýär. Ol özüne hut ýap-ýañy ussanyñ käýinç beren we bu käýinji adalatsyz diýip



sosial psihologiýada hem hakyky ylmy derñewiñ ülgüsini döretmäge, oñat tejribehana tejribesine, ölçeg tehnikasyna daýanmaga çalysýar. Bihewiorizme edilýän esasy bellik – köp derñew işleriniñ bu ugurda haýwanlarda geçirenligi bolup, ony-da bu ugruñ wekilleri ýeñip geçmäge ymtylýarlar / meselem, A.Bandura köp işlerini adamlarda geçirýär/.

Ýöne bu derñewleriñ esasy ugry bihewiorizmiñ aýgytly düzgünlerini saklaýar /meselem, toparyñ hadysalarynyñ seljerilmesiniñ deñ çetleşdirilýänligini aýtmanyñda hem topar örän dar manyda diada hökmünde garalýar/. Şonuñ üçin bu akymyñ çäginde "sosial mazmun" az duýlup, sosial psihologiýanyñ "sosiallygy" kemelýär.

Psihoanaliz – sosial psihologiýada bihewiorizm ýaly giñden ýaýramady. Ýöne bu ýerde hem ýörite sosial psihologik taglymatlary döretmeklige birnäçe synanyşyk edildi. Adamça şeýle işler hökmünde freýdizmi, onuñ içinde bolsa E.Frommyñ we J.Salliwiniñ işlerini agzaýarlar. Mundan başga-da deslaby freýdizmiñ pikirlerini sosial psihologiýanyñ çygryna çekýän nazaryýetler bardyr. Muña mysal edip ähli toparlaýyn hadysalaryñ taglymatlaryny – W.Baýonyñ, W.Bennisiñ we G.Şepardyñ, W.Şutsyñ taglymatlaryny görkezmek bolýar. Bihewiorizmden tapawutlykda bu ýerde iki indiwidiñ diada häsiýetli özara täsiriniñ çäklerinden daşa çykylyp, köp adamly toparyñ birnäçe hadysalary seredilýär. Hut şu akymyñ çäginde T-topar /ýagny türgenleşik topary/ diýlip atlandyrylýan toparlaryñ

amalyýeti kemala gelip, onda adamlaryñ bir-birlerine täsiriniñ sosial psihologik döredijileri ulanylýar. Psihoanaliziñ hut özüne häsiýetli bolan çäklilik sosial psihologiýada hem toparyñ meseleleriniñ ylmy çözlüşini kynlaşdyrýar.

Tutuşlygyna alanyñda agzalan taglymatlary psihoanaliziñ esasy pikirlerini ulgamlaýyn amala aşyrylýan hasaplamak bolmaz; ol köp derejede ýaýrañ psihoanaliz bolup, onuñ aýry-aýry düzgünleri derñew amalyýetine ornaşdyrylandyr. Munuñ aýdyñ mysaly T. Adornonyñ "Awtoritar şahsyýet" taglymaty bolup, onda freýdizmiñ uly adamyñ şahsyýetiniñ çagalygyñ tejribesi arkaly döredýänligi pikiri ulanylýar (bu pikir öz gezeginde faşizmiñ psihologik esaslaryny ýüze çykarmakda ulanylýar). Psihoanaliz täze psihologik akymlaryñ biri bolan ynsanperwer-gumanistik psihologiýa (A. Maslou, K. Roşers) itergi berip, ol köp derejede türgenleşik toparlarynyñ amalyýetine daýanýar we onuñ esasynda özüniñ köpgyranly meselelerini esaslandyrýar. Häzirki döwürde gumanistik psihologiýa meşhurlykda öñdäki orunlara daknyşyk edýär.

Kognitiwizm – öz başlangyjyny K.Lewiniñ meýdan taglymatyndan alyp gaýdýar. Bu ugruñ esasy düzgüni sosial özüñi alyp barşa akyl ýetiriş, indiwidiñ kognitiw hadysalarynyñ nukdaýyndan seretmekdir. Sosial psihologiýanyñ bu ugrunda kognitiw laýyklyk atlandyrylýan taglymatlar aýratyn orna eýe bolup, ol indiwidiñ özüni alyp barşynyñ esasy meýillendiriji şerti



oñaýly däl , eýsem "batyrgaý" görünýär. Yöne ikinji ugur saýlananda alynjak netije sosial psihologiýa birinjä seredende kän zyýan ýetirer.

Elbetde, sosial psihologiýanyñ jemgyýetdäki abraýy köp derejede onuñ amaly goýumlarynyñ netijeliligi bilen kesgitlenýär: ýöne şeýle abraýyñ düýpli nazaryýet, "sap" ylmy barlaglar bolmasa uzak wagtlap saklanjagy şübhelidir. Amaly sosial psihologiýanyñ ösüşiniñ möhüm şerti bu ylmyñ esasy meselelerine dahylly nazary derñewleri geçirmekdir. Häzirki döwürde iñ amatly orunlaryñ biri şu günki günde sosial psihologiýanyñ nämäni başaryp, nämäni başarmaýandygyny takyk görkezmekdir. Sosial psihologiýanyñ amaly derñewleriniñ mümkin bolan ugurlarynda sosial psiholog uly jogapkärçilik bilen çemeleşmelidir. Amaly derñewleriñ özboluşly sypatlary doly derejede sosial psihologiýa hem degişlidir. Bu ýerde olar kähalatlarda özboluşly kynçylyklaryñ giden bir toplumy bilen utgaşýar.

"Meýdanda" geçirilen islendik sosial psihologik derñewiñ düzüminde özboluşly özara gatnaşyklary bolan, öz hususy pikirleriniñ, duýgularynyñ, gatnaşyklarynyñ hakyky dünýäsi bolan, hakyky adamlar hereket edýän anyk toparyñ durmuşyna derñew geçirijiniñ **gatyşmagyny** añladýar. Sosial psihologiýanyñ adamyñ iş-durmuşynyñ bu anyk ýagdaýyna goşulmaklygy bu tebigy tutumy bozmaly däldir. Hut şu ýerde sosial psiholog birnäçe kynçylyklara uçraýar.

ozýar. Sosial psihologik bilimleriñ köp sanly meseleleriniñ jedelli, doly çözülmän galmaklygy amalyýete olaryñ doly çözlüşine “garaşmaga” mümkinçilik bermeýär. Amaly sowallar diñe bir gaýra goýulmasyz bolman, olar özüniñ çalt çözlüşini talap edýär. Şeýle ýagdaý sosial psihologiýanyñ ösüşine oñyn we oñyn däl täsir edýär. Munuñ oñyn **tarapy** halk hojalygynyñ we medeniýetiñ dürli ugurlary sosial psihologik derñewleri maliýeleşdirip, ylmyñ ösmegine ýardam edýär; **oñyn däl** tarapy sosial psihologiýanyñ entek amalyýetiñ goýan köp sanly sowallaryna jogap berip bilmeýändigi, ýöne ýiti jemgyýetçilik islegleri şertlerinde ol bu jogaplary mejbury berip, kähalatlarda amaly derñewleriñ hiliniñ örän pesdigini görkezýär. Bu sosial psihologlaryñ işine sowuksalalygy bilen däl-de, ylmyñ ösüş derejesi elmydama amaly goýlan sowala hertaraplaýyn we çuññur jogap bermeýändigi bilen düşündirilýär. Bu ýagdaýda derñew alyp baryjynyñ sargyt edijä laýyklykda özüni alyp barşynyñ iki ugruny göz öñüne getirmek mümkin: öz mümkinçilikleriñi takyk anyklap, ylmyñ şu derejesinde jogap berip bolmajak sowallardan ýüz öwürmek; teklip edilen meseleleriñ ählisi bilen ylalaşyp, olary sargyt hökmünde “kabul edip”, şol bir wagtda beriljek jogabyñ, bilimleriñ çäkliligine öñünden kaýyl bolmak. Birinji orunda galmak kyn; köpler sosial psihologiýanyñ belli bir meseleleri çözmeklige ukypsyzdygyny “boýun almagy” ylmyñ abraýyny gaçyrar diýip oýlaýar. Daşyndan ikinji orun diñe bir



hökmünde onuñ kognitiw gurluşynyñ deñagramlylygyny döretmeklige bolan islegini görkezýär. Bu taglymatlara F.Haýderiñ deñagramlaşdyrylan gurluş taglymaty, L.Festingeriñ kognitiw çaprazlygy (dissonansy) taglymaty we Ç.Osgud bilen P.Tannenbaumyñ laýyklyk (kongruýentlik) taglymaty degişlidir. Mundan başga-da belli amerikan alymlary D.Kratçrild we S.Aş kognitiwizmiñ umumy çäklerinde işleýärler.

Bu taglymatlaryñ ählisinde şahsyýetiñ sosial özüni alyp barşyny düşündirmeklige synanyşyk edildi. Emma sosial özüñi alyp barşyñ düşündirilişini diñe adamyñ añynda dünýäniñ gapma-garşylyksyz şekilini döretmek isleginden getirip çykarmak pikiri bu taglymatlary usulyýet taýdan örän dar çäklere salýar. Indiwidiñ ýetmeklige çalyşýan sowa-abstrakt "laýyklygy" hakyky dünýä bilen baglanyşykly däldir.

Şeýle-de bolsa kognitiwistik ugur häzirki döwürde giñ gerim alýar. Şeýle gerim onuñ bihewiorizmden tapawutlylykda sosial psihologiýany "ynsanperwerleşdirmeklige" ýykgyn etmek, adamyñ sosial özüni alyp barşyny düşündirmekde "mentalistik" (añlanylan) hadysalara aýratyn üns bermek ýaly başlangyjyñ hasabyna gazanylýar. Bu nukdaý yzygiderli amala aşyrylmansoñ kognitiwistik çemeleşiş uly gapma-garşylyklara uçrap, "ynsanperwerlik" diñe beýannama bolup, adamyñ meselesi jemgyýet işjeñligini görkezýän adamyñ meselesi hökmünde öz çözgüdini almaýar.

**Interaksionizm** – ýeke-täk sosiologik taglymatdan gaýdýan sosial psihologiýanyñ ugry bolup, öz gözbaşyny

G.Midiñ simwoliki interaksionizm nazaryýetinden alýar. Emma häzirki zaman sosial psihologiýasynda ol diñe bir G.Midiñ pikirlerini özünde jemlemän /onuñ pikirleri çikagaly G.Blumer we M.Kun tarapyndan ösdürilýär/, eýsem rollaryñ taglymatyny /T.Sarbin/ we referent toparlaryñ taglymatyny / G.Haýmen, R.Merton / öz içine alyp. Soñky ýyllarda interaksionizmiñ ruhunda E.Gofmanyñ sosial dramaturgiýa diýip atlandyrylýan nazaryýeti hem ösýär. Interaksionizmde beýleki nazaryýet ugurlardan tapawutlykda adamyñ özüni alyp barşynyñ sosial döredilişini subut etmeklige aýratyn üns berilýäl. Onuñ üçin esasy düşünje hökmünde "özara täsir" /bu ýerden ugruñ esasy atlandyrylyşy gelip çykýar/ düşünjesi girizilip, onuñ tutumynda şahsyýetiñ kemala gelşi amala aşyrylýar diýen pikir öñe sürülýär. Ýöne bu ugurda özüñi alyp barşyñ sosial döredijilerini seljermek köplenç "özara täsiri" agzamak bilen çäklenýär. Hakyky sosial sebäpleriñ giñ görnüşleri bu seljermäniñ çäginden daşda galyp, indiwid sosial gatnaşyklar ulgamyna, jemgyýetiñ sosial gurluşyna goşulmaýar. Şonuñ üçin interraksionizmiñ ýokary "sosiologik" häsiýeti köp derejede ýüzleý bolup, sosial psihologik bilimleriñ düýpli usulyýet meseleleri bu ýerde hem doly çözülmeýär.

Ýokarda getirilen dört nazaryýet ugruñ çeşmeleri dürli-dürli bolsa-da, olaryñ aratapawudy onçakly düýpli däldir. Şu günki amerikan sosial psihologiýasyna nazaryýet köpdürliligi mahsus bolup, ol tejribe derñewleriñ amalyýetinde has aýdyñ ýüze çykýar. Şol



çäginden daşa çykýan has gyzykly netijeleriñ alynmagy mümkin. Bulary derñew geçirýän nazara alyp, ýerlikli ulanmalydyr. Ýöne amaly derñewiñ gös-göni maksady amalyýetiñ öñe süren çaklamasyny barlamakdyr.

Dördünjiden, amaly derñewde teklipleri aýdyñ beýan etmek bilen bir hatarda olaryñ haýsy ugurda ulanylýandygy, kähalatlarda bolsa olary amalyýete **ornaşdyrmaklygyñ möhletleri, tapgyrlary** gorkezilmelidir. Şeýle talapkärlik nazary derñewde hökman däldir. Şu hili ornaşdyryş meýilnamasy bolmadyk amaly derñew sargyt edijide kanagatlanmazlyk döredyär.

Aýdylanlar amaly derñewiñ alymdan ussat hünärmenligi, degişli endikleri, şonuñ ýaly-da ahlak we sosial jogapkärçiligini talap edýär. Bu zatlaryñ adamalaryñ özara gatnaşyklary ulgamy dogrusyndaky amaly derñewlerde has-da ähmiýetlidigi tebigydyr.

**Amaly derñewleriñ sosial psihologiýadaky özboluşlylygy.**

Sosial psihologik derñewiñ soñky ýyllarda pajarlap ösmegi köp derejede amalyýetiñ talaplary esasynda boldy. Bu ýagdaý ylmyñ şu pudagynyñ kemala gelşine özboluşly öwüşgin berdi. Eger-de ylmyñ beýleki ugurlarynyñ ösüşinde nazary derñewleriñ ösüşinde öñürtileýän düýpli derñew meselesini goýup, amaly derñewler ony amalyýetde barlaýan bolsa, onda sosial psihologiýada amaly derñewler nazary derñewlerden

Ikinjiden, amaly derñewleriñ hünärmen ylmyñ hünärmen däl gurşaw bilen aragatnaşyk ulgamy bolup durýanlygy sebäpli amaly derñewiñ **dili_** baradaky mesele ýüze çykýar. Beýle diýýildigi ylymlaryñ birnäçesinde olaryñ hünärmen diliniñ amaly derñewiñ netijelerini beýan etmäge ýaramsyzdygyny añladýar. Netijeler diñe bir sargyt edijä düşnükli däl-de, olary “ulanmaga taýýar” häsiýetde beýan edilýän bolmaly. Bu hakykatyñ ýönekeýdigine garamazdan bu mesele döwrümiziñ iñ bir çylşyrymly meslesi bolup durýar. Sebäbi hünärmen we gündelik diliñ aratapawudy kähalatlarda has düýpli bolýar. Ylmyñ adalgasyny amalyýetiñ diline “geçirmek” hemişe ýeñil däldir: her bir takyk ýagdaýda ýörüte adalganyñ ulanyp bilinjekdigini seljerip, başga bir tarapdan bolsa ony ýönekeýleşdirmegiñ ýerliklidigini kesgitlemeli bolýar.

Üçünjiden, amaly derñew **çaklamalaryñ ýörite görnüşini** ulanýar. Çaklamany kemala getirmek bu ýerde hemişe degişli taglymata esaslanman, köplenç çaklama amaly pähimleriñ esasynda döredilýär. Bu amaly pähimler mümkingadar çözlüşleriñ toplumy bolup, olaryñ bir görnüşi derñewde barlanýar. Bu ýerden wajyp netije gelip çykýar. Islendik ylmy derñewiñ kadasy alnan netijäniñ barlanýan çaklama gabat gelmegidir. Başgaça aýdanyñda, derñewiñ netijesi hökmünde alynýan jemleme çaklamany tassyklamakdan ýa-da inkär etmekden başga zada daknyşyk edip bilmez. Derñewiñ netijesi goýlan sowala takyk jogap bermelidir. Ýöne derñewiñ gidişinde çaklamanyñ



bir derñewde köplenç dürli nazaryýet ugurlary sepleşýärler. Başga bir tarapdan köp sanly tejribe derñewleriñ öñküleri ýaly taglymaty inkär edýänligi Günbatar sosial psihologiýasynyñ özboluşly krizisi başdan geçirýänligine şaýätlyk edýär.

Häzirki zaman Günbatar sosial psihologiýasynyñ möhüm aýratynlyklarynyñ biri-de amerikan däbinde kemala gelen, pozitiwizm filosofiýasy esasynda ösen sosial psihologiýanyñ "keşbine" tankydy meýilleriñ ösmegidir. Bu meýiller hut amerikan we kanadaly alymlarynyñ, şeýle hem Günbatar Ýewropanýn köp sanly ýurtlarynda ösýär.

## 3-nji bap. Sosial psihologik derñewiñ usulyýet meseleleri.

**Häzirki zaman ylmynda usulyýet meseleleriniñ ähmiýetiniñ ösmegi.**

Derñewiñ usulyýeti meselesi ähli ylymlar üçin ähmiýetli bolup, onuñ wajyplygy häzirki döwürde, ylmy-tehniki rewolýusiýa bilen baglanyşyklykda ylmyñ çözmeli meseleleriñ iññän çylşyrymlaşýan döwründe has-da ýokarlanýar. Mundan başga-da jemgyýetde ylmy guramagyñ täze görnüşleri ýüze çykyp, uly derñew toparlary döredilýär. Bu toparlaryñ içinde alymlar derñewiñ bitewi uguruny, kabul edilýän usullaryñ bitewi ulgamyny döretmeli bolýarlar. Matematikanyñ we kibernetikanyñ ösmegi bilen dürli ugurlarda "eriş-argaç" ulanylýan dersara usullar atlandyrylýan usullaryñ aýratyn görnüşi ýüze çykýar. Bu zatlaryñ hemmesi derñew alyp barýandan öz akyl ýetiriş hereketlerine gözegçilik etmegini, derñew amalyýetinde ulanýan serişdelerini seljermegini ýokary derejede talap edýär. Pelsepäniñ içinde ylmy derñewiñ logikasy we usulyýeti diýen ýörite şahanyñ döremegi häzirki zaman ylmynyñ usulyýet meseleleri bilen güýçli gyzyklanýanlygyna şaýatlyk edýär. Bu döwürde usulyýet meseleleriniñ seljermesi bilen diñe bir pelsepeçiler meşgul bolman



artmagy bilen ylmyñ gös-göni amalyýete "goşulmagy" aýratyn orun oýnaýar: amaly derñewleri amala aşyrýan ýörite guramalar döräp, jemgyýetçilik gurluşyñ dürli ugurlarynda ol ýa-da beýleki ylma wekilçilik edýän ýörite "gulluklar" ýüze çykýar. Amaly derñewleriñ ornunyñ şeýle artmagy bilimiñ amaly ugry bilen onuñ nazaryýet böleginĩñ arasyndaky gatnaşygyñ nähili guralmalydygy hakyndaky meseläni ýörite ara alyp maslahatlaşmaklygy talap edýär.

Amaly derñewler ylmyñ dürli pudaklarynda birnäçe umumy sypatlary bilen tapawutlanýar. Bu sypatlary soñra sosial psihologiýanyñ amaly derñewiniñ özboluşlylygyny aýan etmek üçin ýüze çykarmak zerurdyr. Islendik amaly derñewiñ maksady amaly ýumşy gös-göni çözmek, bu derñewiñ netijesini jemgyýetiñ maddy we ruhy işiniñ haýsydyr bir tarapyny kämilleşdirmek üçin çalt ornaşdyrmakdan ybaratdyr. Amaly derñewiñ aýratynlygy hut şunuñ bilen döredilýär.

Birinjiden, amaly derñew gös-göni haýsydyr bir jemgyýetçilik institutynyñ **sargydy** esasynda guralýar. Şunuñ bilen baglanyşykda ylym bilen amalyýetiñ gatnaşyklarynyñ gurluşynda "sargyt ediji-yerine yetiriji" gatnaşygy döredýär. Gatnaşyklaryñ bu ugry aýratyn kada tabynlygy talap edýänligi üçin sargyt boýunça her bir amaly derñewler ýerine yetirilende belli bir kadalar , hukuk düzgünleri hereket edip, şoña laýyklykda sargytçy we ýerine ýetiriji degişli hukuklary we borçlary öz üstüne alýarlar.

Häzirki zaman ylmynda derñewiñ birnäçe esasy görnüşleri tarapawut- landyrylýar. Görnüşe bölünmeleriñ biri derñewiñ maksadynyñ amalyýetiñ gündelik talapy bilen baglanyşygy ýaly şertiñ esasynda guralýar. Hut şu şertiñ esasynda ähli derñewleri **nazaryýet** we **amaly** diýen iki topara bölmek mümkin. Bu ylmy derñewiñ şeýle bir güýçli sypaty bolup, ol derñew işiniñ ähli beýleki häsiýetnamalaryny özgerdýär. Has umumy jähtde islendik nazaryýet we amaly derñewiñ tapawudy birinjiniñ öwrenilýän dersiñ ösüş kanunlaryny agtarmaga gönükdirilip, ikinjiniñ bolsa nazaryýet derñewiñ kömegi bilen açylan kanunlarynyñ amalyýetde ulanyş usullaryny ýüze çykarmaga gönükdirilendigindedir. Olaryñ utgaşyşy dogrusyndaky sowal häzirki zaman ylmy öwrenişiniñ derwaýys meseleleriniñ biridir. Bu mesele jemgyýetiñ durmuşynyñ ähli tarapyna, adamlaryñ psihologiýasyna täsiri edýän ylmy-tehniki rewolýusinyñ şertlerinde has ýitileşýär. Ylmy - tehniki rewolýusiýa şertlerinde jemgyýetde ylmyñ orny we roly düýpgöter üýtgäp, onuñ abraýy köp derejede artyp, şol bir wagtyñ özünde ylmy derñewiñ, şol sanda amaly derñewiñ guralyşy has çylşyrymlaşýar.

Ylymda amaly derñewleriñ ýüze çykmagy ylmyñ häzirki zaman jemgyýetinde ornunyñ artandygyna şaýatlyk edýär. Onuñ gös-göni öndüriji güýje öwrülýändigi ylmy derñewleriñ netijesiniñ jemgyýetçilik durmuşyñ örän dürli-dürli ugurlarynyñ ösüşine goşulýanlygynda ýüze çykýar. Adalat jemgyýetinde sosial hadysalary añly dolandyrmak mümkinçiliginiñ



eýsem takyk ylymlaryñ wekilleri-de meşgul bolýarlar. Usulyýet öz-özüñi añlaýşyñ – (refleksiýanyñ) aýratyn bir görnüşi bolan ylmyñ içindäki usulyýet refleksiýasy ýüze çykýar. Bu aýdylanlar sosial psihologiýa hem mahsus bolup[1], bu ders degişlilikde aýratyn meseleler ýüze çykýar: birinjiden, bu ylmyñ çenden ýaşlygy, onuñ gelip çykyşynyñ we keşbiniñ çylşyrymlylygy derñew işinde birbada iki ylmyñ – psihologiýanyñ we sosiologiýanyñ usulyýeti düzgünlerini ulanmak zerurlygyny döredýär. Bu sosial psihologiýadan özboluşly ýumşy – jemgyýetçilik ösüşiñ we adamyñ psihikasynyñ ösüşiniñ kanunlaryny bir-biri bilen baglanyşdyrmagy talap edýär: Ýagdaý üstesine-de sosial psihologiýanyñ öz hususy düşünjeler ulgamynyñ ýoklugy bilen çylşyrymlaşyp, ony iki dürli adalgalary ulanmaga mejbur edýär. Sosial psihologiýanyñ "ýaşlygy", derñew üpjünçiliginiñ çäkliligi toplanan tejribäniñ ujypsyzlygyny döredip , heñize çenli doly aýan bolmadyk usulyýet meselelerini örboýna galdyrýar.

**Ylmy derñew usulyýeti düşünjesi**

Sosial psihologiýada usulyýet meseleleri dogrusynda anyk gürrüñe geçmezden ozal usulyýet düşünjesiniñ mazmuny bilen tanyşmak zerurdyr. Häzirki zaman ylmynda "usulyýet" adalgasy bilen ylmy çemeleşişiñ üç sany dürli derejesi añladylýar.

[1] Metodologiýa i metody sosialnoý psihologii./ Otw.red. E.W.Şorohowa. M. 1977

**1. Umumy usulyýet** – derñew alyp baryjy tarapyndan kabul edilen umumy pelsepe çemeleşişi, akyl ýetirişiñ umumy usulydyr. Umumy usulyýet birnäçe giñişleýin düzgünleri döredip, olar derñewde añlanylýan ýa-da añlanylmadyk ýagdaýda ulanylýar. Meselem, sosial psiholog jemgyýetçik barlygyñ we jemgyýetçilik añynyñ, jemgyýetiñ we şahsyýetiñ özara gatnaşygy we ş.m. meselelerine öz düşünişini beýan etmeli bolýar.

**2. Bölekleýin ( ýa-da ýörite ) usulyýet** – bilim – düşünjeleriñ şol bir ugrunda ulanylýan usulyýet düzgünleriñ toplumydyr. Bölekleýin usulyýet bu pelsepe düzgünleriniñ derñewiñ özboluşly obýektine laýyklykda ulanylyşydyr. Ol akyl ýetirişiñ özboluşly, bilimleriñ has dar ulgamyna uýgunlaşdyrylan usulydyr. Sosial psihologiýada onuñ iki çeşmeden gelip çykyşyna laýyklykda ýörite usulyýet psihologiýanyñ we sosiologiýanyñ düzgünleriniñ özboluşly uýgunlaşdyran ýagdaýynda döreýär. Meselem, sözüñ has giñ manysynda pelsepe iş düzgüni işi adamyñ ýaşaýşynyñ guralyşynyñ usulyny añladyp, ol öz gezeginde has umumy düzgün bolan şöhlelenme düzgüniniñ amala aşyrylmagy bolýar; bu ýagdaýda añ şahsyýetiñ işjeñligini göz öñünde tutýan şöhlenmäniñ iñ ýokary görnüşi hökmünde seredilýär. Sosiologiýada iş adamzat jemgyýetiniñ ýaşaýyş usuly, adamlaryñ işiniñ üsti bilen ýüze çykýan sosial kanunlarynyñ amala aşyrylyşy bolup durýar. Iş indiwidleriñ hem-de tutuş jemgyýetiñ ýaşaýyş şertlerini döredýär we özgerdýär. Hut işiñ üsti bilen şahsyýet jemgyýetilik gatnaşyklaryñ ulgamyna goşulýar.



# V BÖLÜM
# SOSIAL PSIHOLOGIÝANYÑ AMALY ULANYLYŞY

## 20-nji bap. SOSIAL PSIHOLOGIÝADA AMALY DERÑEWLERIÑ AÝRATYNLYKLARY

**Häzirki zaman ylmynda amaly derñewiñ keşbi**

Sosial psihologiaýanyñ meseleleri häzirki döwürde diñe bir öz ylmy ösüşi üçin däl-de, amaly durmuşyñ gös-göni zerurlyklary üçin hem iññän möhümdir. Sosial psihologik bilimleriñ amalyýetde ulanylyşynyñ mümkingadar esasy usullaryny seljermekden ozal amaly derñewleriñ “sap” ylmy derñewden tapawudy barada durup geçeliñ.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ylmyñ amaly ulgamynyñ ähmiýetini nygtap şeýle ýazýar: "Jemgyýete peýdasyz ylym bimanylykdyr. Jemgyýete miwe, netije bermän, ylma güýmenmek sapaksyz iññe bile eşik tikmek bilen barabardyr"[1].

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001, 350 sah.

Bu gelejek sosial psihologik bilimleriñ amaly ulanylýan esasy ugurlary seredilende has-da aýdyñlaşýar.



Psihologiýada iş adamyñ işjeñliginiñ özboluşly görnüşi hökmünde seredilip, onda adam subýekt – obýekt gatnaşyk ýagdaýynda bolup, obýekte belli bir gatnaşykda bolup, ony özleşdirýär. Iş tutumynda adam maddy dünýäni özgerdip, öz höwesini amala aşyrýar. Bu tutumda adam isleginiñ bir toparyny kanagatlandyryp, şol bir wagtyñ özünde täze islegler döreýär. Şeýle iş öz akymynda adam ösdürýän tutum hökmünde ýüze çykýar.

Sosial psihologiýa özüniñ ýörite usulyýetiniñ bir düzgüni häsiýetde iş düzgünini kabul edip, ony özüniñ esasy dersi bolan – topara uýgunlaşdyrýar. Şonuñ üçin sosial psihologiýada iş düzgüniniñ manysy şu aşakdaky mazmunda ulanylýar:

a) işe öz tutumynda düýpgöter aýratyn baglanyşyklar, (meselem, kommunikatiw) döreýan adamlaryñ bilelikdäki sosial işi hökmünde düşünmek;

b) işiñ subýekti hökmünde ine bir indiwidi däl-de, topary we jemgyýeti göz öñünde tutmak; başgaça aýdanyñda işiñ jemleýji subýekti hakyndaky pikiri girizmek;

ç) topar işiñ subýekti hökmünde düşünilende işiñ subýektiniñ ähli häsiýetlerini – islegleri, meýilleri, toparyñ maksadyny we ş.m. öwrenmeklige mümkinçilik açylýar;

d) islendik derñewi diñe tejribäniñ netijesini beýan edilişe, indiwidual işi ýönekeý häsiýetnamasyna

syrykdyrmak bolmaz; indiwidual işiñ belli bir "sosial ýerlikde"- jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ ulgamynda seredilmelidir. Şeýlelikde, iş düzgüni sosial psihologik derñewiñ özboluşly talabyna öwrülip, derñewiñ ugruny kesgitleýär. Bu onuñ ýörite usulyýet wezipesidir.

**3. Usulyýet takyk usullaryñ toplumy** hökmünde. Bu köplenç rus dilindäki "metodika" adalgasy bilen manydaş bolup, birnäçe dillerde, meselem, iñlis dilinde bu adalga ýok bolup, usulyýet diýlip usula - metodika düşünilýär. /Bu ýagdaý diñe bir diliñ aýratynlygy bilen döredilmän, usulyýet meseleleri has ýokary derejede seretmekden ýüz öwürýän pozitiwistik pelsepäniñ ylmy garaýşy bilen kesgitlenýär/. Sosial psihologik derñewlerde ulanylýan takyk usullar umumy usulyýet pikir jemlemelerinden doly garaşsyz däldir.

Usulyýet derñewleriñ esasy maksady sosial psihologiýada ähli usulyýet meseleleri olaryñ diñe üçünji derejesine – usula syrykdyrmazlykdyr. Islendik amaly ýa-da tejribe usullar ulanylanda olar umumy we ýörite usulyýetden üzñe seredilip bilinmez. Beýle diýildigi islendik takyk usul – sowalnama, test, sosiometriýa – elmydama belli bir "usulyýet açarda", ýagny derñewiñ has düýpli sowallaryny çözmek şertinde ulanylýar. Başga bir tarapdan pelsepe düzgünler her bir ylmy derñewde gös - göni ulanylman ýörite usulyýet düzgünleriniñ üsti bilen amala aşyrylýar. Takyk usulçalar bolsa usulyýet düzgünlerinden çendan garaşsyzlykda; islendik diýen ýaly usulyýet ugrukmasynda ulanylyp bilner. Ýöne bu ýagdaýda hem



mümkinçilikleriñ açylýandygyny göz öñünde getirmek kyn däldir. Şeýle çemeleşiş ýene-de bir çözülmedik meseläni anyklaşdyrmaga ýardam edip biler: sosial we parhlandyryjy-differensial psihologiýalaryñ utgaşmasy meselesini. Sosial psihologiýany adamyñ indiwidual psihologik aýratynlyklaryny göz öñünde tutmaýanlykda aýyplamak belli bir derejede adalatlydyr. Şahsyýeti kemala getirmekde sosial şertleriñ ornuny ýüze çykarmagy maksat edinip, sosial psihologiýa belli bir döwürde adamlaryñ arasyndaky indiwidual aýratynlyklary seljermekden çetleşdi. Häzir adamyñ indiwidual aýratynlyklaryñ we onuñ gazanylan sosial psihologik sypatlarynyñ bir-biri bilen nähili utgaşýandygy dogrusyndaky meselä gelmek möhümdir. Şahsyýetiñ sosial psihologik sypatlary hakyndaky mesele adamyñ beýleki sypatlaryndan üzñelikde däl-de, olar bilen bilelikde seredilmelidir. Hakyky bilelikdäki işde we aragatnaşykda diñe bir “sosial psihologik sypatlar” däl-de, adamyñ hasiýetleriniñ ähli toplumy ýüze çykarýar. Hut şolaryñ esasynda bilelikdäki iş we aragatnaşyk ýagdaýynda şahsyetiñ özüni alyp barşynyñ umumy “şekili” döreýär. Indiwidual aýratynlyklaryñ we toparlaýyn täsiriñ degişlilikdäki ”agramyny” kesgitlemek sosial psihologiýanyñ indi jogap bermeli meselesidir.Şonuñ üçin şahsyýeti sosial psihologiýada derñemegiñ gelejegi hakynda aýdylanda birbada umumy, sosial parhlandyryş-differensiýal psihologiýa gatnaşyp bilýän toplumlaýyn çemeleşişiñ mümkindigini hem bellemek gerek.

baglanyşyklarynyñ baýlygyndan ybaratdyr. Bir tarapdan, bu “keseleýin-gorizontal” ýerleşdirilen toparlar bolup /maşgala, mekdep synpy, ýaşlar guramasy topary, sport bölümçesi /, başga bir tarapdan “ýokarlaýyn” ýerleşdirilen toparlardyr /brigada, seh, zawod, birleşik/. Bu ugurlaryñ ikisinde-de şahsyýetiñ beýleki şahsyýetler bilen “duşuşýan” bilelikdäki işi we aragatnaşygy amala aşyrylýar. Onuñ sosial psihologik häsiýetleri bu toparlaryñ ählisi tarapyndan kemala getirilýär. Bu aýdylanlaryñ üstüne şahsyýetiñ gysga wagtlaýyn goşulýan, meselem, onuñ köpçülikleýin hereketlere goşulmagy bilen baglanyşykly bolan birleşmelerini-de goşmalydyr. Şahsyýete täsir edýän ähli toparlaýyn täsirleriñ netijesine düşünmek, olaryñ “deñleşdirijisini” tapmak meselesi entek sosial psihologiýada çözlen däldir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şahsyýete daşky täsiriñ zerur we ýeterlik derejesi dogrusynda şeýle belleýär: "Daşyndan täsir etmek adamyñ ruhy taýdan öz-özüni ele alýança netijelidir we ýerliklidir. Emma, ösüşiñ şol hetdine ýetilenden soñ, ösüş diýilýän zat bir giñişlikden - adamyñ daşky dünýä bolan gatnaşygyndan ikinji bir giñişlige – adamyñ öz içki dünýäsine geçýär. Adam özüni añlandan soñ, "menini" duýandan soñ, onuñ öz-özüne gatnaşygy esasy ruhy we akyl hereketlendiriji güýjüne eýe bolýar"[1]

Eger-de bu meseläni ýokarda goýlan her bir topary şahsyýetlerden durýan birleşme hökmünde seretmek meselesi bilen birleşdirseñ, bu ugurda nähili giñ

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap, 433-434 sah.



olaryñ ulanylyşynyñ baş ugry usulyýet aýratynlygynyñ täsirini özünde saklaýar.

Indi häzirki zaman ylmynyñ logikasynda we usulyýetinde "ylmy derñew" diýlip nämä düşünülýändigini anyklalyñ. XX asyryñ sosial psihologiýasynyñ XIX asyryñkydan özüniñ "sap nazaryýete" däl-de, derñewe daýanýanlygy bilen tapawutlanýandygy hakyndaky pikiri ýada salalyñ. Derñewiñ yzy gelmeýän nazaryýete garşy goýulmagy haçanda "derñewiñ – taglymata" garşy goýulmagy bilen çalşyrylman, kanuny ulanylan ýagdaýynda ýerlikli bolýar. Şonuñ üçin häzirki zaman ylmy derñewiniñ häsiýetleri ýüze çykarylanda şeýle sowallary goýmak maksada laýykdyr. Adatça ylmy derñewiñ esasy sypatlary hökmünde aşakdakylar görkezilýär:

1) ol hemişe anyk obýektler, başgaça aýdanyñda tejribe maglumatlaryñ ylma elýeter serişdeler bilen toplap bolýan, göze görünýän toplumy bilen iş salyşýar;

2) onda tejribe /hadysalary ýüze çykarmak, ölçeg usullaryny döretmek/ logiki /bir düzgüni beýlekiden getirip çykarmak, olaryñ arasyndaky baglanyşyklary ýüze çykarmak/ we taglymat /sebäpleri agtarmak, düzgünleri ÿüze çykarmak, çaklamalary ÿa-da kanunlary kesgitlemek/ ýaly akyl ýetiriş ýumuşlary tapawutlandyrylýan häsiýetde çözülýär;

3) oña ýüze çykarylan hadysalar bilen çaklamalary tapawutlandyrmak mahsusdyr;

4) onuñ maksady diñe bir hadysalaryñ we tutmalaryñ düşündirişini bermek däl-de, eýsem olaryñ gelejegini öñünden kesgitlemek bolup durýar. Bu tapawutlandyryjy häsiýetleri jemlesek, olary üç görnüşde añlatmak mümkin: endigan toplanan maglumatlary almak, olary düzgünlere birikdirmek, bu düzgünleri öñünden görüjilikde barlamak we ulanmak.

**Sosial psihologiýada ylmy derñewiñ özboluşlylygy**

Bu ýerde agzalan ylmy derñewiñ häsiýetleri sosial psihologiýada belli bir özboluşlyga eýedir. Ylmyñ logikasynda we usulyýetinde göz öñünde tutulýan ylmy derñewiñ nusgasy adatça takyk dersleriñ, ilkinji nobatda fizikanyñ mysalynda guralýar. Şol sebäpli beýleki ylymlara mahsus bolan ylmy dersleriñ häsiýetleri ýitirilýär. Meselem, sosial psihologiýa degişlilikde görkezilen sypatlaryñ her biriniñ özboluşlylygyny ýörite nygtamaly bolýar.

Bu ýerde birinji döreýän mesele – tejribe maglumatlaryñ, gazanylmalaryñ meselesidir. Sosial psihologiýada maglumatlar indiwidleriñ topardaky açyk özüni alyp barşy ýa-da bu indiwidleriñ añynyñ käbir häsiýetnamalary, ýa-da toparyñ özüniñ psihologik häsiýetnamasy bolup biler. Bu iki maglumatlary derñewe goşmalymy ýa-da dälmi diýen sowal boýunça sosial psihologiýada güýçli çekişme gidip, ol dürli nazaryýet



hökmünde öwrenmegiñ zerurlygyny añladýar. Şahsyýet toparda diýmek bu onuñ toparlaýyn kadalaryny “partladýan” ýeke-täk agzasy bolman, toparyñ her bir agzasydyr. Şeýle çemeleşişiñ amaly gelejeginiñ ähmiýeti demokratlaşdyrma, sosial adalatlylygyñ berkaralygynyñ ösüş we ş.m. ýaly jemgyýetçilik hadysalaryny seljermekde has-da ýokarydyr. Şeýle amaly meseleleri çözmek üçin sosial psihologiýadaky düýpli nazaryýet derñewleri “şahsyýet toparda” meseleden “şahsyýetler toparda” diýen meselä öwürmek uly ähmiýete eýedir.

Başga bir ýeñip geçilmeli kynçylyk - şahsyýetiñ derñewinde toparlaýyn ýerlik göz öñünde tutulsa hem bu nukdaýnazar toparyñ ýerligi hökmünde amala aşyrylýandygy bilen baglanyşyklydyr. Ýöne sosial psihologik seljerişiñ beýleki ugurlary adamy toparlaryñ ulgamyna goşulan we onda hereket edýän häsiýetde seretmegiñ zerurdygyny aýdyñ görkezdi. Sosial psihologiýa girizilen “toparara gatnaşyklaryñ psihologiýasy” bölüm toparlaryñ iş-durmuşynyñ hut şu ugruny beýan edýär. Ýöne bu jäht diñe toparlaryñ derñewine göz öñünde tutulýar. Mesele şahsyýetiñ derñewinde geçirilen badyna sosial psihologiýa özüniñ özleşdiren şeýle möhüm jähti bolan toparara gatnaşyklaryñ seljerişini ýitirýär: şahsyýet ýene-de dert-azar diñe bir topara ýerleşdirilýär. Üstesine-de topary şahsyýetleriñ toplumy hökmünde derñemek düzgüni-de amala aşyrylman galýar. Her bir şahsyýetiñ dünýä bilen baglanyşyklarynyñ hakyky baýlygy hut onuñ goşulan toparlarynyñ ulgamy bilen döredilýän

pikir jemleme şahsyýet indiwidden has ýokary, özünde döredijilik ukyplaryny jemleýän gurluş hökmünde seredýän derñewlerde goldaw tapýar. Şeýle aratapawutlylygy ýüze çykarmak jedelli hem bolsa şahsyýet bilen indiwidi deñeşdirmek sowa- abstrakt derejede mümkindir.

Ýöne meselä has takyk, aýdaly, sosial psihologik derejede seredilende şol bada birnäçe kynçylyklar ýüze çýkýar. Eýsem hakykatda **bir şahsyýet** topar bilen özara täsirde bolýarmy? Olar birnäçe bolup biler: umuman aýdanyñda bütin topar şahsyýetlerden ybarat bolup biler. Bu yagdaýda şahsyýete şahsyýetden durmaýan haýsydyr bir närsä gapma-garşy goýmak aýrylýar. Şahsyýetlerden durýan topar bu şeýle hakykat bolup, onda toparyñ bir agzasyna mahsus sypatlar beýleki agzalara mahsus sypatlardan düýpli tapawutlanmaýar: toparyñ ähli agzalary şahsyýet bolup, hut şolaryñ özara täsiri toparyñ hakyky iş-durmuşy hökmünde ýüze çykýar. Şeýlelikde, mesele “şahsyýet toparda” jähtden “şahsyýetler toparda” diýen meselä öwrülýär. Munuñ özi diñe aýgytly usulyýet ähmiýetli bolman, uly amaly ähmiýete eýedir /aýratyn hem adalat jemgyýetiniñ ösüş şertlerinde/. Şeýle jemgyýetiñ maksadynda şahsyýetiñ hertaraplaýyn ösüşini gazanmak göz öñünde tutulýar. Adalat jemgyýetiñ nusgasy jemgyýetiñ ähli agzalarynyñ şahsyýet bolmagyny gazanmakdyr. Muny sosial psihologiýanyñ diline geçirsek, her bir topary şahsyýetlerden durýan /iñ bolmanda içki mümkinçilik ýagdaýda / bütewililik



ugurlarynda dürli–dürli çözülýär. Meselem, bihewiorizmde maglumat hökmünde açyk özüñi alyp barşyñ hadysalary kabul edilýär; kognitiwizm, tersine, diñe indiwidiñ akyl ýetiriş dünýäsine üns berýär: keşpler (obrazlar), gymmatlyklar, gönükdirilmeler we beýlekiler ylmy sosial psihologiýada maglumatlaryñ iki görnüşi-de kabul edilýär. Ýöne bu ýagdaý olary toplamagyñ usullaryna belli bir talaplar goýýar. Sosial psihologiýa islendik maglumatyñ çeşmesi adam bolup, ýöne usullaryñ bir hatary onuñ özüni alyp barşyna ýaramly bolup, beýlekisi onuñ akyl ýetiriş hadysalaryny hasaba alýar. Maglumatlaryñ ikisiniñ-de deñhukukly hasaplanylmagy derñewde köp sanly usullary ulanmak zerurlygyny ykrar etmegi talap edýär.

Maglumatlar meselesiniñ başga bir tarapy hem başdyr: Olaryñ möçberi nä- derejede bolmaly? Sosial psihologik derñewde maglumatlaryñ näçe möçberiniñ gatnaşýanlygyna baglylykda olar iki topara bölünýärler: a) **korrelÿasion** maglumatlar – toplanan hadysalaryñ uly toplumyna esaslanýan bolup, olaryñ arasynda dürli baglanyşyklar ýüze çykarylýar we b) **tejribe** maglumatlar, onda derñew alyp baryjy maglumatlaryñ çäkli möçberi bilen iş salşyp, onda esasy zat -täze üýtgeýjileri girizip, olara gözegçilik etmekden ybaratdyr. Bu ýerde hem derñewçiniñ nazaryýet orny has ähmiýetli bolup: haýsy obýektler onuñ pikiriçe sosial psihologiýada, umuman, "ÿerlikli" /meselem, obýektleriñ

sanyna ol uly toparlary goşýarmy ýa-da ýok?/ hasaplanylýar.

Ylmy derñewiñ ikinji bir häsiÿeti– **maglumatlary düzgünlere birleşdirmek,** çaklamalary we taglymatlary guramakdyr. Bu sypat hem sosial psihologiÿada özboluşlydyr. Taglymat özüniñ ylmyñ logikasynda we usulyýetinde düşünilýän manysynda sosial psihologiýada düýbünden ýokdur. Ähli ynsanperwer ylymlarda bolşy ýaly sosial psihologiýada hem taglymatlar deduktiw häsiÿetde däldir; başgaça aýdanyñda, olar biriniñ mazmunyndan beýlekisini getirip çykaryp bolýan düşünjeleriñ arasyndaky kadaly guralan baglanyşyk görnüşde bolmaýar. Matematikanyñ we logikanyñ taglymatlarynda bolşy ýaly sosial psihologiýanyñ taglymatlarynda takyk düzgünlilik ýokdur. Bu ýagdaýlarda derñewde aýgytly orny **çaklamalar** oýnaýar. Çaklama sosial psihologiýada düşünje-nazaryýet mysalynda bolýar. Şonuñ üçin bu derñewde esasy zat çaklamany kesgitlemekdir. Derñewleriñ köpüsiniñ gowşaklygy olarda çaklamalaryñ ýoklugy ýa-da nädogry goýlanlygy bilen düşündirilýär

Başga bir tarapdan sosial psihologiýada taglymaty döretmeklik näçe çylşyrymly bolsa-da meselä düşünmeklik belli bir nazaryýet jemlemelerine esaslanmazdan amala aşyrylyp bilinmez. Şonuñ üçin hatda iñ oñat çaklama hem taglymatyñ derñew amalyýetine ornaşdyrylanlygynyñ kepilnamasy däldir. Çaklamanyñ barlagy we onuñ tassyklanmasynyñ esasynda alnan jemlemeler entek maglumatlaryñ



nüşi ýaly, mundan beýläkki kämilleşdirmeklige mätäçdir.

Onuñ çakliligi dine bir şahsyyetiñ sosial psihologik sypatlaryna düşünmekde köp sanly çekişmeli we gapma-garşylykly sowallaryñ galýandygynda däldir. Ýene-de keminden iki sany ýalan stereotipi ýeñip geçmek zerurdyr. Olaryñ biri hakynda öñ aýdylypdy: bu **şahsyýeti we topary bir-birine adaty garşy goýmakdyr.** Şeýle çemeleşişiñ çäkliligi şahsyýetiñ we toparyñ diñe bir utgaşdyrylyp, şahsyýetiñ topardaky durmuşynyñ içki tarapynyñ seljermesiniñ meseläniñ çäginden daşda galýanlygynda däldir. Şeýle däpde amala aşyrylan derñewiñ ýene-de bir kemçiligi - onda diñe **bir şahsyýetiñ** seljerilýänligindedir. Toparyñ özi bolsa bu ýagdaýda haýsydyr bir bütewilik hökmünde ýüze çykyp, onuñ düzümi bu ýerlikde anyklanmaýar. Munuñ hut şeýledigi derñewlerde açyk aýdylmasa-da, topar bu ýerlikde şahsyýetlerden däl-de, indiwidlerden durýan bütewilik hökmünde seredilýär. Şeýle nukdaýyñ hic ýerde açyk beýan edilmeýändiginiñ sebäbi şahsyýetiñ sosial psihologik derñewinde umumy psihologiýadaky ýaly şahsyýet bilen indiwidiñ aratapawudy ýörite nygtalmaýandygy bilen düşündirilýär. Ýöne eger-de seljerişiñ bir nusgasyny nämede bolsa beýlekisiniñ üstüne goýsak, onda mundan gelip çykýan netije bir mazmunly bolmalydyr: sosial psihologiýada ornaşan däbe görä şahsyýet topar bilen baglanyşykda bolup, onuñ beýleki agzalary göýä şahsyýet däl bolmaly. Bu

kognitiw çylşyrymlylygy dürli-dürli bolan adamlar bir-birine gabatlaşýan bolsalar, onda özara düşünilişiñ kyn boljakdygy düşnüklidir: biri ähli zady ak-gara reñkde görüp, ähli zat dogrusynda aýgytly netijelere gelýär, beýleki öwüşginleri inçelik bilen syzyp, birinjiniñ bahalandyryşyny kabul etmezligi mümkin. Has bölekleýin seredilmekligi netijesinde adamyñ "çylşyrymlylygy" iki ölçegde – ýagny çylşyrymly (ýa-da ýönekeý) içki dünýäsi we başga bir tarapdan, daşky dünýäni hem çylşyrymly ýa-da ýönekeý kabul edip bilýänligi anyklandy. Bu iki ornuñ dürli utgaşmalary durmuş dünýäsiniñ umumy görnüşlerini döredýär: çylşyrymly içki we daşky dünýäli, ýönekeý içki we daşky dünýäli adamlar. Bu ýerde şeýle görnüşleriñ 4-si ýüze çykýar.

Getirilen üç mysal şahsyýetiñ aragatnaşykdaky ähli aýratynlyklaryny öz içine almaýar. Olar diñe şahsyýetiñ häsiýetleriniñ umumy psihologiýada ýazylanlarynyñ köpüsiniñ onuñ sosial psihologik sypatlarynyñ häsiýetnamasy üçin aýratyn ähmiýetlidigini tassyklaýar. Bu ugurda derñewiñ mundan beýläkki dowamy şahsyýetiñ topardaky bilelikdäki iş we aragatnaşyk bilen baglanyşykly özboluşly ýüze çykmalarynyñ has aýdyñ keşbini ýüze çykarmaga mümkinçilik berer.

**Şahsyýeti sosial psihologiýada derñemegiñ gelejegi.**

Şahsyýet meselesiniñ sosial psihologiýada adatça goýluşy, gör-



guralyşynyñ ilkinji görnüşidir. Indiki ädim - jemlemeleriñ has ýokary, taglymat derejesine geçmekdir. Elbetde, meseläniñ çözlüşi üçin indiwidiñ topardaky sosial özüni alyp barşynyñ we işiniñ, toparyñ dinamikasynyñ mehanizmi ýaly ähli meselelerini düşündirýän umumy taglymat döretmek has amatly bolardy. Ýöne entek sosial - psihologik hakykatyñ diñe käbir taraplary dogrusynda ýörite taglymatlar döretmek /günbatar edebiýatynda bular orta derejedäki nazaryýet diýip atlandyrylýar/ has oñaýlydyr. Şeýle taglymatlara mysal edip toparyñ jebislilik taglymatyny, toparlaýyn netijä gelmek taglymatyny we ş.m.görkezmek bolar. Edil ýörite usulyýeti döretmegiñ zerurlygy ýaly ýörite taglymatlary döretmek hem derwaýys meseledir. Şeýle taglymatlar bolmasa toplanan tejribe materialyñ sosial psihologiýanyñ esasy wezipesi bolan sosial özüñi alyp barşyñ gelejek keşbini döretmekde ähmiýetli bolmaýar.

Ylmyñ logikasynyñ we usulyýetiniñ talabyna laýyklykda ylmy derñewiñ üçünji sypaty – **çaklamalaryñ hökmany barlanylmagy we onuñ esasynda esaslandyrylan gelejegi kesgitlemegi guramakdyr.** Çaklamalaryñ barlanmagy ylmy derñewiñ hökmany düzümi bolup, onsuz derñew öz manysyny ýitirýär. Şol bir wagtyñ özünde gelip çykyşynyñ goşalygy sebäpli sosial psihologiýa çaklamalary barlamakda uly kynçylyklara sezewar bolýar.

Tejribe dersi hökmünde sosial psihologiýa çaklamalary barlamagyñ islendik tejribe ylmy üçin döredilen kadalaryna tabyn bolýar. Bu babatda

çaklamalaryñ birnäçe tejribe barlag nusgasy bardyr. Emma şol bir wagtyñ özünde ynsanperwer dersiñ sypatlaryny özünde jemleýändigi üçin sosial psihologiýa bu meselede belli bir kynçylyklara sezewar bolýar. Çaklamalary barlamak we olaryñ ähtibarlygy dogrusynda neopozitiwizm pelsepesinde köneden gelýän çekişme bardyr. Pozitiwizm ähtibarlygyñ diñe bir görnüşini – ylmy pikir ýöretmeleri gös-göni duýgy agzalary bilen kabul edip bolýan tejribe bilen deñeşdirmek görnüşini ykrar edýärdi. Eger-de şeýle deñeşdirme mümkin bolmasa, onda barlanýan pikir ýöretmelere degişlilikde dogrusynda hakyky ýa-da hakyky däl diýmek bolmaýar. Ol bu ýagdaýda pikir ýöretme bolman, "howaýy pikirlenme" bolýar. Eger-de şeýle düzgüne talapgär eýerilse /ýagny "berk" ähtibarlyk pikirine/ ylmy islendik umumy pikir ýöretmesi hereket etmäge mynasyp däldir. Bu ýerde poziwitiwistik nukdaýly derñewçileriñ kabul edýän iki sany netijesi gelip çykýar:

1) ylmy diñe tejribe usulyny ulanyp bilýär /sebäbi diñe şeýle ÿagdaýda pikir ýöretmäni tejribe bilen deñeşdirip bolýar/ we 2) ylym nazaryýet bilimler bilen iş salşyp bilmez /sebäbi islendik nazaryýet bilimiñ ähtibarlygyny barlap bolanok./

Neopozintiwizmiñ pelsepesinde bu talaplaryñ öñe sürülmegi islendik tejribe däl ylmyñ ösmegine böwet bolup, islendik nazaryýet bilime çäklendirme goÿdy. Bu garaÿyş öz wagtynda tankytlandy. Ýöne tejribeçileriñ arasynda henize çenli tejribe däl ylymlara, derñewlere



sypatlaryñ toplumy **adamyñ kognitiw çylşyrymlylygynyñ** belli bir derejesini döredýär. Kognitiw çylşyrymlylyk bilen adamyñ daşky dünýäni seljerip bilmek ukybynyñ arasynda baglanyşygynyñ bardygy tejribede subut edilendir : kognitiw çylşyrymlylygy ýokary bolan adamlar hatda obýektiñ sypatlary gapma-garşylykly bolan ýagdaýynda hem kabul edişiñ maglumatlaryny ýeñil jemlemäge ukyply bolup, has az ýalñyş goýberýärler. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adamlarda bu häsiýetiñ dürli derjelerini görkezýär. Bu häsiýetiñ birinji basgançagynda "öz gün-güzerany bilen … işine gadyrdanyp ýören adamlaryñ adaty durmuşy durýar. Ikinji basgançakda kitap baryny okap…"[1] agzalan häsiyetiñ şahsyýetara gatnaşykda, aragatnaşykda haçan-da adamlar şol bir wagtyñ özünde kabul edişiñ hem obýekti, hem-de subýekti bolup durýan wagtynda iññän ähmiýetlidigi öz-özünden düşnüklidir. Aragatnaşyk tutumynyñ mazmuny köp derejede agzalan sypatyñ toparyñ agzalarynda “ýaýrañlygynyñ” häsiýeti bilen kesgitlenýär. Şol bir wagtyñ özünde hut toparyñ özüniñ kognitiw çylşyrymlylyk diýen häsiýetiñ kemala gelşine nähili täsir edýär diýen sowal ýüze çykýar.

Aragatnaşyk tutumy köp derejede agzalan häsiýetleriñ topar agzalarynda özara utgaşmasy boýunça kesgitlenýär: topar agzalarynda "kognitiw ýönekeý" adamlaryñ özara mukdar gatnaşygy nähili? Eger bilelikdäki işiñ gidişinde we aragatnaşykda

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap, 312 sah.

ýalan garaşylma esaslanýan häsiýetde öz garşydaşyny kabul etmegi /aragatnaşykda/ soňabaka asla aragatnaşykdan ýüze öwürmeklige baryp ýetýän oňaýsyzlyk duýgusynyň döremegine getirip biler. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adamlaryň özara gatnaşygyndaky şeýle garaşmany häsiýetlendirip: "Sen öz gözüňe özgeleriň diňe owadan hem oňat görünmegini isleýärsiň, eýsem, özüňi-de iliň şeýle halda görmek isleýändigi hakda pikir etmeýärmiň?!"[1].

Köp gezek gaýtalanyan şeýle ýalňyşlyk soňabaka durnukly häsiýetiň - aragatnaşykda aç-açanlykdan gaçmaklygyň döremegine getirýär. Başgaça aýdanyňda şahsyýetiň kesgitli "kommunikatiw sypaty" döreýär. Bu sypatyň topardaky umumy ýagdaý bilen döredilýändigi ýörite derňelmelidir.

**Akyl-ýetiriş – kognitiw çylşyrymlylygy hadysasy** J.Kelli tarapyndan ýüze çykarylan her bir adamda hut özüniň şahsyýet konstruktlar ulgamynyň bardygy, başgaça aýdanyňda dünýäni özüňçe görüp, onuň düzüjilerine bir-birine meňzeşlik ýa-da aýrybaşgalyk görnüşde düşündiriş bermek usulynyň bardygy, adamlaryň bir-biri bilen ulgama girýän konstruktlaryň sany, olaryň häsiýeti, olaryň arasyndaky baglanyşyklaryň görnüşi ýaly sypatlar boýunça tapawutlanýandygyny göz öňünde tutýar. Bu

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap, 280 sah.



göwniýetmezçilik dowam edýär. Sosial psihologiýanyň içinde iki başlangyjyň bolmagy onuň tejribe üsti bilen derňäp bolmaýan meselelerine degişlilikde şeýle garaýşyň döremegine esas berýär. Emma sosial psihologiýada uly toparlaryň psihologik häsiýetnamasy, köpçülikleýin hadysalaryň öwrenilişi ýaly ugurlary düýpgöter başga usullar talap edip, olara degişlilikde pozitiwizmiň talap edişi ýaly ähtibarlyk gazanmak mümkin däl. Ýöne bu ýagdaý agzalan meseleleri ylmy derňewiň çäginden daşa çykarmaga esas bermeýär. Bu ýerde çaklamalary barlamagyň başga usullaryny işläp düzmeli bolýar. Özüniň bu bölüminde sosial psihologiýa ynsanperwer ylymlaryň köpüsine meňzeş bolup, edil şonuň ýaly-da özüniň özboluşlygyny ykrar etdirmäge hukuklydyr. Başgaça aýdanyňda bu ýerde ylmylygyň takyk ylymlardan başgarak şertlerini girizmek bolýar. Umuman, dersiň derňewine ynsanperwer bilimiň düzüjilerini goşmak onuň "ylmylyk ülňüsini" peseldýär diýmek nädogrydyr. Tersine, häzirki zaman günbatar psihologiýasyndaky krizis hadysalarynyň onuň "ynsanperwer ugrukdyrylmasynyň" ýetmezçilik edýänligi sebäpli döreýändigi aýan edildi. Diýmek, ýokarda görkezilen ylmy derňewe edilýän talaplar sosial psihologiýa degişlilikde belli bir şertleşmeler esasynda kabul edilip bilinýär we öz gezeginde usulyýet kynçylyklary köpeldýär.

**Sosial psihologik maglumatyň hil meselesi** Ýokardaky bilen berk baglanyşykly ýene- de bir mesele sosial

psihologik derñewde maglumatyñ hili meselesidir. Bu meselä başgaça ähtibar maglumat almak meselesi diýlip hem bilner. Umumy häsiýetde maglumatyñ hili meselesi wekilçilik-reprezentatiwlik düzgünini üpjün etmegiñ, şeýle hem alnan maglumatlaryñ ähtibarlygyny barlamagyñ hasabyna çözülýär. Sosial psihologiýada bu umumy meseleler özboluşly mazmuna eýe bolýar. Tejribe ýa-da baglanyşyk-korrelýasiýa derñewi bolsun, onda alnan maglumatlar belli bir talaplary kanagatlandyrmalydyr. Tejribe däl derñewleriñ özboluşlylygyny göz öñünde tutmak maglumatyñ hiline bolýan talabyñ peselmegine getirmeli däldir. Adam hakyndaky beýleki ylymlardaky ýaly sosial psihologiýa üçin maglumatyñ iki hiliniñ - obýektiw we subýektiw taraplaryny ýüze çykarmak mümkin. Şeýle şertlilik bu dersde maglumatyñ çeşmesi adam bolup durýanlygy bilen ýüze çykýar. Bu ýagdaýy göz öñünde tutmazlyk mümkin däldir. Şonuñ üçin "subýektiw" diýlip atlandyrylýan häsiýetleriñ ähtibarlygyny mümkingadar has ýokary üpjün etmäge çalyşmalydyr. Elbetde, anketa, sowalnamalara jogaplar "subýektiw" maglumatlardyr. Ýöne olary hem mümkingadar dolulykda, ähtibarlykda gazanmak ýa-da tersine, köp möhüm zatlary ünsden düşürmek mümkin. Şeýle ýalñyşlyklaryñ öñüni almak üçin maglumatyñ ähtibarlygyna degişlilikde birnäçe talaplar girizilýär.

Maglumatyñ ähtibarlygy ilki bilen maglumat toplanýan serişdeleriñ ähtibarlygyny barlamak arkaly



**“Garaşmak” täsiri. “şahsyýetiñ içki-implisit taglymatlarynda”**

Bu täsir, mysal üçin, amala aşyrylyp, onda her bir adamda şahsyýetiñ ol ýa-da beýleki sypatlaryna, onuñ gurluşyna, kähalatlarda bolsa özüni alyp barşynyñ motiwlerine degişlilikde olaryñ arasynda belli bir baglanyşygyñ barlygyny ykrar edýän adaty düşünjeler öñe sürülýär. Ylmy psihologiýada şahsyýetiñ sypatlarynyñ iññän köp görnüşleriniñ ýüze çykarylandygyna garamazdan, olaryñ arasynda durnukly baglanyşyklar ýüze çykarylan däldir. Ýöne adaty añyñ derejesinde köplenç añlanylmaýan häsiýetde şeýle baglanyşyklar ýüze çykarylýar we hiç bir düýpli esaslandyrylmadyk ol ýa-da beýleki sypaty hökmany ýagdaýda beýleki birleri bilen “baglamak” düşünjesi döreýär /meselem, “ähli hökmany adamlar şübhelidirler”, “ähli şadyýan adamlar ýeñilkelledir” we ş.m/. Şahsyýetiñ ähliumumy durnukly gurluşy baradaky şeýle düşünjeleriñ toplumy diñe goşa dyrnak içinde “taglymat” diýmeklige dogry gelýän-de bolsa, olaryñ amaly ähmiýeti munuñ bilen peselmeýär. Bu aýratynda adamlaryñ topardaky aragatnaşyk ýagdaýynda uly orun oýnaýar. Bu ýerde toparyñ dürli agzalarynda bar bolan, bir-biri bilen ylalaşmaýan, kähalatlarda bolsa bir-birlerine gapma-garşylykly bolan "şahsyýetiñ içki-implisit taglymatlary" bir-birleri bilen utgaşýar we bu hadysa özara gatnaşyklaryñ ähli ulgamyna, ilkinji nobatda aragatnaşyga düýpli täsir edip bilýär. Şahsyýetiñ

Bu adalatlydyr.Başga bir tarapdan, adam üçin adalatsyzlyga ynanmak kyn bolýar. Ol hiç hili "günäsiz" özüne ýamanlygyñ bolup biljekdigine ynanmaýar. Adalatsyzlyk bilen ýüzbe-ýüz bolmaklyk perseptiw goranyşy herekete getirýär: adam "adalatly dünýä" ynanjy bökdäp biläýjek ähli maglumatdan ýüz öwürýär. Beýleki adamy kabul etmeklik bu ynanja laýyklanýar: islendik howp salýan adam ýa-ha kabul edilmeýär, ýa-da ol saýlanylyp kabul edilýär (kabul ediji onda diñe daşky dünýäniñ durnuklylygyny we "dogrulygyny" tassyklaýan sypatlary görýär). Toparda ýagdaý "adalatly dünýä" ynanç üçin amatly ýa-da amatsyz bolup bilýär; bu ýagdaýlaryñ her birinde topar agzalarynyñ kabul edişinden dürli hili garaşmalar kemala getirilýär. Şeýle usulda döreýän perseptiw goranyş hem topardaky aragatnaşygyñ we özara täsirli häsiýetine täsir edýär. Gynansak-da, perseptiw goranyşyñ döredijisi aragatnaşyk tutumynda şahsyýetiñ sypatyna öwrülip bilýärmi, eger bilýän bolsa ol haýsy netijelere alyp barýar diýen sowal derñelmän galyp gelýär. Edil şonuñ ýaly-da haýsy şertlerde, toparlaýyn işiñ we aragatnaşygyñ haýsy ýagdaýlarynda bu döredijiniñ berkeýändigi anyklananok. Bu sowallar usulyýet-nazaryýet derejede öwrenilmelidir. Munuñ sebäbi dürli toparlaryñ gündelik amaly durmuşynda olaryñ aýry-aýry agzalarynyñ perseptiw goranyşy ýeñip geçmek zerurlygy wajyp meseleleriñ biri bolup durýanlygy bilen düşündirilýär.



gazanylýar. Her bir ýagdaýda ähtibarlygyñ keminden üç häsiýetnamasy üpjün edilýär: **esaslandyrylmaklyk (walidlilik), durnuklylyk we takyklyk.**

Derñew serişdesiniñ **esaslandyrylmagy** (walidligi**)** - onuñ obýektde ölçemeli häsiýetleri ölçäp bilmek ukybydyr. Sosial psiholog derñewçi hökmünde haýsy-da bolsa bir şkalany gurup, şu şkalanyñ hut şol häsiýetleri ölçeýändigine göz ýetirmelidir (meselem, indiwidiñ gönükdirilmesini). Derñew serişdesiniñ ähtibarlygyny barlamagyñ birnäçe usullary bardyr. Kähalatlarda eminleriñ-ekspertleriñ, ýagny öwrenilýän meseleden oñat baş çykarýan adamlaryñ kömegine ýüzlenip bilner. Öwrenilýän häsiýetiñ şkalanyñ kömegi bilen alnan netijelerini emin-ekspertleriñ (şkalasyz ölçeýän) netijeleri bilen deñeşdirmek mümkin bolýar. Alnan netijeleriñ gabatlaşmaklygy ulanylýan şkalanyñ esaslandyrylanlygynyñ subutnamasy bolýar. Deñeşdirmeklige esaslanan ýene-de bir usul - goşmaça sorag-jogap geçirmek. Onda soraglaryñ gurluşy öwrenilýän häsiýet dogrusynda goşmaça maglumat alar ýaly häsiýetde düzülmelidir. Bu ýerde hem netijeleriñ gabat gelmegi şkalanyñ esaslandyrylanlygynyñ şaýady bolýar. Görnüşi ýaly bu usullar ulanylýan derñew serişdesiniñ esaslandyrylanlygyna doly kepilnama berip bilmeýär. Bu sosial psihologik derñewiñ düýpli kynçylyklarynyñ biridir. Bu ýagdaý öñden guralan, özüniñ walidliligini subut eden usullaryñ ýoklugyny, her gezek derñew

serişdesini täzeden gurmaly bolýanlygy bilen düşündirilýär.

Maglumatyñ **durnuklylygy-** bu onuñ bir dürlüligi, dürli ýagdaýlarda alnanda birmeñzeş bolmaklygydyr. Kähalatlarda maglumatyñ bu häsiýetine onuñ anyklygy hem diýilýär. Maglumat durnuklylygy şeýle barlanýar: a) gaýtadan ölçemek; b) şol bir häsiýeti dürli derñewçileriñ üsti bilen ölçemek; ç)"şkalany bölekleme k", şkalany bölekleýin barlamak. Görnüşi ýaly bu barlag usullary ölçegleriñ köp gezek gaýtalanmagyna esaslanýar. Olaryñ hemmesi derñew geçirýände alnan maglumatlara ynanç döretmelidir.

Maglumatyñ **takyklygy** ulanylýan metrikalaryñ böleklere bölnenlik derejesi, başgaça aýdanyñda derñew serişdesiniñ duýgurlyk derejesi bilen ölçelýär. Bu ölçegiñ netijeleriniñ derñelýän ululygyñ hakyky mazmunyna ýakynlaşmak derejesidir. Elbetde, her bir derñewçi has takyk maglumatlary almaga çalyşmalydyr. Emma zerur derejedäki takyklygy bolan derñew serişdesini döretmek kyn meseledir. Hemişe takyklygyñ haýsy derejesiniñ kanagatlanarlydygyny kesgitlemek zerur bolup durýar. Bu derejäni kesgitläniñde derñewçi obýekt barada özüniñ ähli nazaryýet düşünjelerini ulanýar.

Bir talabyñ bozulmagy bölekleriñ dagynyklygyna getirýär. Meselem, maglumatlar esaslandyrylan bolup, ýöne durnukly däl ( sosial psihologik derñewde şeýle ýagdaý haçan-da geçirilen sorag ediş gysga wagtlaýyn bolanda ýüze çykýar; wagtyñ gysgalygy sebäpli bir



masy hökmünde döreýär.

Mälim bolşy ýaly bu dörediji kabul edişiñ umumy taglymatynda beýan edilip, ol adamyñ özüni howp salýan zatdan stimuldan “goranmaklyga” bolan ymtylyşyny añladýar.

Günbataryñ sosial psihologiýasynda Bruneriñ “Täze garaýyşlar” nazaryýetiniñ işleýän döwründe perseptiw goranyş düşünjesi sosial kabul edişiñ meselesine, has takygy, adamyñ adamy kabul edişi meselesine goşulypdy. Subýektiñ özüne howp salýan zatlardan - stimullardan añlanylmaýan ýagdaýda “sowlup” geçmekligi dogrusyndaky umumy psihologiýadaky tejribe derñewleriñ maglumatlary tankyt edilse-de, bu pikir üýtgedilen görnüşde saklanyp galdy: sosial kabul ediş hadysalarynda motiwasiýanyñ ähmiýetini ykrar etmek görnüşde.

Başgaça aýdanyñda, sosial psihologiýada perseptiw goranyş kabul edişde beýleki adamyñ haýsydyr bir sypatlaryny ünsden düşürmek we onuñ netijesinde bu adamyñ etjek täsirini böwetlemeklige synanyşyk hökmünde seredilip bilner. Ýöne eger toparyñ ýerliginde ýüzlensek, onda şeýle böwet bütin topara degişlilikde döredilip bilner. Şol bir wagtyñ özünde perseptiw goranyşyñ dörediji si bolup ýene-de bir hadysa – sosial psihologiýada **adalatly dünýä bolan ynam** hadysasy hyzmat edýär. M Lerner tarapyndan açylan bu hadysa adama öz edýän işi bilen onuñ yzysüre oña hutma-hut sylagyñ ýa-da temminiñ boljakdygyna ynanjyñ mahsusdygyny häsiýetlendirýär

aýratyn şahsyýetiñ işiniñ netijeliligine täsir edýär. Munuñ uly amaly ähmiýeti bardyr: bu toparyñ öz agzalarynyñ işiniñ netijeliligini höweslendirýändigini ýa-da tersine ony togtadýandygyny görmäge mümkinçilik berýär.

Nazaryýet jähtde şeýle çemeleşiş şahsyýetiñ işiniñ netijeliligini we onuñ umumy işjeñligini has inçe tapawutlandyrmaga mümkinçilik berip, soñkynyñ bilelikdäki işiñ hemişe öndürjilikli netijä getirmeginiñ hökman däldigini aýan edýär. Şahsyýetiñ umumy işjeñ durmuş orny hem örän möhüm bolup, ýöne psihologik seljeriş üçin şahsyýetiñ bilelikdäki işiniñ takyk görnüşiniñ nähili şertlerde üstünlikli boljakdygyny anyklamaklygyñ-da ähmiýeti pes däldir. Şahsyýetiñ **aragatnaşykda** ýüze çykýan sypatlary /kommunikatiw häsiýetler/ sosial psihologik türgünleşigiñ derñewleri bilen baglanyşyklykda has doly beýan edilendir[1]. Ýöne bu ugurda hem uly derñew ätiýaçlary bar. Bularyñ biri hökmünde şahsyýeti umumy psihologiýada öwrenmegiñ birnäçe netijeleriniñ sosial psihologiýanyñ diline geçirip, olar bilen kabul ediş tutumyñ birnäçe ýörite döredijilerini baglanyşdyrmaklygy görkezmek bolar. Mysal hökmünde şu aşakdakylary getirmek mümkin.

**Kabul ediş - perseptiw goranyşyñ döredijisi.** Bu psihologik goranyşyñ bir görnüşi bolup, ol subýektiñ öz töweregi bilen özara täsiriniñ bir ýüze çyk-

[1] Seret: Petrowskaýa L.A.Teoretiçeskiýe i metodiýe problem sosialno-psihologiýaskogo treninga. M., 1982.



ýagdaýda ýüze çykýan hadysa beýleki bir ýagdaýda ýüze çykmaýar). Başga bir mysal. Maglumatlar durnukly bolup, ýöne esaslandyrylan bolmaýar /meselem, ähli sowallar geçiriş süýşürilen bolup, şol bir hadysa uzak wagtyñ dowamynda gaýtalansa-da ol esaslandyrylan bolmaýar/.

Köp alymlary sosial psihologiýada maglumatyñ ähtibarlygyny barlamak usullarynyñ kämil däldigini belleýärler. R. Pento we M. Grawits bu usullar diñe taýýarlykly hünärmenleriñ elinde işleýär diýip belleýär. Taýýarlygy pes hünärmenleriñ elinde barlag "nädogry netijeleri görkezip, sarp edilen zähmeti ödemän, nädogry pikir jemlemelerine getirýär" .[1]

Ylmyñ beÿleki pudaklarynda ÿönekeÿ hasaplanÿan kynçylyklar sosial psihologiÿada **maglumatyñ çeşmesiniñ** özboluşlylygy zerarly derñew tutumynda has dartgynly häsiÿetde bolÿar. Eÿsem şeÿle çeşme bolup durÿan adamyñ nähili özboluşlyklary bar? Maglumatyñ çeşmesi bolmazyndan öñürti adam sowala, derñewçiniñ talapyna düşünmeli bolÿar. Ýöne adamlarda düşünmeklik ukyby dürli-dürli bolÿar. Diýmek, bu ýerde derñewçä birnäçe düÿdansyzlyklar garaşÿar. Maglumatyñ çeşmesine öwrülmezden ozal adam ol maglumaty özleşdirmeli bolÿar; ÿöne sowal – jogap üçin çagyrylan adamlar ilki bilen olaryñ maglumaty özleşdiren ÿa-da özleşdirmedikligini anyklanmazdan toplanÿar. Ýene-de bir mesele adamyñ ÿadynyñ häsiÿeti bilen baglanyşyklykda ÿüze çykÿar. Eger-de adam

[1] Pento R., Grawits M. Metody sosialnyh nauk. M., 1972 sah. 461.

sowala düşünip maglumaty özleşdiren bolsa, ol ÿene-de maglumatyñ dolulygy üçin ähli zerur zatlary ÿada salmaly bolÿar. Ýöne ÿadyñ hili indiwidual aÿratynlyga bagly bolup, derñewe çekilen adamlaryñ birmeñzeş ÿatkeşligini gazanyp bolmaÿar. Ýene-de bir mesele – adam maglumaty aÿtmaklyga öz razylygyny bermeli bolÿar. Onuñ razylygy ugrukdyrma (instruksiÿa), derñewiñ şertleri arkaly döredilip bilinýän-de bolsa, bularyñ hiç biri synag edilÿäni derñewçi bilen hyzmatdaşlykda bolmagyna hemişe kepil bolup bilmeÿär.

Şonuñ üçin maglumatlaryñ ähtibarlygy bilen bir hatarda sosial psihologiÿada wekilçilik (reprezentatiwlik) meselesi ÿüze çykÿar. Bu meseläniñ goÿulmagy sosial psihologiÿanyñ goşalaÿyn häsiÿeti bilen baglanyşyklydyr: eger bu ders diñe tejribe häsiÿetde bolan bolsa mesele hiç bir kynçylyksyz çözlerdi, sebäbi wekilçilik (reprezentatiwlik) tejribede takyk kesgitlenÿär we barlanÿar. Ýöne baglanyşyk (korrelÿasion) derñewde sosial psiholog düÿpgöter täze mesele bilen ÿüzbe-ÿüz bolup, bu ÿagdaÿ köpçülikleÿin hadysalar öwrenilende has-da örboÿna galÿar. Bu mesele – nusga seçmek meselesidir. Onuñ çözlüş şerti sosiologiÿadaka meñzeş bolsa-da "psihologik ugrukmaly" sosial psiholog üçin belli bir derejede özboluşlydyr.

Elbetde, nusga seçip almaklygyñ kadalary sosial psihologiýada hem edil hasaplaýyşda – statistikada beýan edilişi ÿalydy. Sosial psihologiÿada derñew alyp



Sypatlaryñ iki hatary-da şahsyýetiñ hereket edýän hakyky sosial toparlarynyñ şertlerinde kemala gelýär. **Bilelikdäki işde** gös-göni ýüze çykýan sypatlar özleriniñ bütewiliginde şahsyýetiñ topardaky işiniñ netijeliligini döredýär. “Işiñ netijeliligi” düşünjesi sosial psihologiýada çalt ulanylsa-da, ol adatça toparyñ sypatyny añlatmak üçin ulanylýar. Şol bir wagtyñ özünde her bir şahsyyetiñ goşandy toparlaýyn netijeliligiñ möhüm düzüjisi bolup durýar. Bu goşant şahsyýetiñ näderejede beýlekiler bilen özara tasirde bolup, olar bilen hyzmatdaşlyk edip, toparlaýyn karara gelmeklige, dartgynlyklary çözmeklige gatnaşyp, beýlekiler bilen işiniñ indiwidual usulyny utgaşdyryp, täzeligi kabul edip bilijilik we ş.m. başarjañlygy bilen kesgitlenýär. Bu ýagdaýlaryñ ählisinde şahsyýetiñ belli bir sypatlary ýüze çykyp, ýöne olar bu ýerde şahsyýeti “döredýän” düzüjiler hökmünde bolman, onuñ takyk sosial ýagdaýlarda ýüze çykyşy hökmünde bolýar. Bu ýüze çykmalar şahsyýetiñ “döredýän” düzüjiler hökmünde bolman, onuñ takyk sosial ýagdaýlarda ýüze çykyşy hökmünde bolýar. Bu ýüze çykmalar şahsyýetiñ netijeliliginiñ gönükdirilmesini we onuñ derejesini kesgitleýär. Topar özüniñ her bir agzasynyñ işiniñ netijeliligi dogrusynda öz hususy şertlerini döredip, onuñ kömegi bilen netijeli hereket edýän şahsyýeti ýa-ha oñyn kabul edýär /bu toparda amatly gatnaşyklaryñ ösýändiginiñ subutnamasydyr/, ýa-da ony kabul etmeýär /bu dartgynly ýagdaýyñ döreýändiginden habar berýär/. Toparyñ ol ýa-da beýleki orny öz gezeginde her bir

şahsyýetiñ sypatlaryny ýüze çykarmak üçin ulanylýan usullar beýan edilende “sypat” adalgasy ulanylyp /häsiýetiñ ady däl-de, ony beýan edýän “sypatlar”/, onda şol bir hatarda “akylly”, “zähmetsöýer”, “rehimli”, “şübheli” we ş.m. ýaly sypatlar sanalýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şahsyýetiñ özeni sypatlarynyñ biri hökmünde ruhybelentligi görkezýär: "Oñat gylyklaryñ içinde-de iñ oñady, elbetde, ruhubelentlikdir. Ruhubelentlik adamyñ baş ömür gymmatlygydyr... Ruhubelentlik başyñy dik tutup, mertebäñi duýup, durmuşyñ şatlygyna we hezilligine barabarlykda ýaşamakdyr"[1] .

Adatça adamyñ ukyplarynyñ ähli toplumyndan aragatnaşyk tutumynyñ dürli toparlarynda kemala gelýänleri ýüze çykarylýar. Meselem, W.A.Labunskaýa “kabul ediş ukyby”, A.A.Bodalýow – “emosional jogap bermeklige ukyby”, Ý.A.Žukow- “synlaýjylyk”, “düşbülik” we ş.m. ýaly bölekleýin ukyplary ýüze çykarýar. Sosial psihologik ukyplary bellemek üçin kähalatlarda düýpgöter dürli düşünjeler ulanylýar: “sosial psihologik başçykaryjylyk”, "aragatnaşykda başçykaryjylyk", “şahsyýetara başçykaryjy-lyk” we “sosial kabul ediş usuly” we beýlekiler. Görnüşi ýaly mesele özüniñ diñe başlangyç döwürlerindedir.Ýöne iñ bolmanda bir meselede ylalaşyga gelmek mümkin: şahsyýetiñ sosial psihologik sypatlary – bu onuñ beýleki adamlar bilen bileleikdäki işinde, hem-de aragatnaşykda kemala gelýän sypatlarydyr.

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap. 446 sah.



baryjy nusga seçmekligiñ tötänleÿin umumylaşdyrylan (tipiki) /ÿa-da derejeleşdirilen/, kwota boÿunça seçgi we beÿleki görnüşlerinden peÿdalanÿar. Ýöne bu görnüşleriñ haÿsysyny haÿsy wagtda ulanmak döredijilikli çözülmelidir. Meselem, baş toplumy ilki synplara bölüp, soñra olarda tötänleÿin seçgi geçirmelimi diÿen ÿumşy her gezekde obÿektiñ aÿratynlygyna laÿyklykda çözmeli bolÿar.

Baş toplumyñ içinde synplara bölmek, derñew obÿektini mazmun taÿdan häsiÿetlendirmek nukdaÿda gelip çykÿar. Meselem, adamlar köpçüliginiñ özüni alyp barşy we işi öwrenilende özüñi alyp barşyñ ÿüze çykarylan sypatlarynyñ haÿsy häsiÿetler boÿunça öwreniljekdigini takyk kesgitlemek örän möhümdir.

Wekilçilik (reprezentatiwlik) meselesi özüniñ sosial psihologik tejribedäki özboluşlylygynda has çylşyrymlydyr. Oña seretmäge geçmezden sosial psihologik derñewlerde ulanylÿan usullaryñ umumy häsiÿetnamasy bilen tanyşmak möhümdir.

**Sosial psihologik derñewiñ usullarynyñ umumy häsiýetnamasy.**

Usullaryñ ähli toplumy iki uly topara bölünip, olara derñew usullary we täsir usullary degişlidir. Soñky usullar sosial psihologiýanyñ "psihologik täsir" atlandyrylýan özboluşly ugruna degişli bolup, dersiñ amaly goýumlar bölüminde serediljekdir. Hut şu ýerde hem **maglumat toplamak**

we ony hasaplamak usullary seljerilýär. Sosial psihologik derñewiñ usullarynyñ başga-da kän görnüşleri **bölünişi** bardyr:

1) tejribe-empiriki derñewler usullary;
2) nusgalamak (modelirlemek) usullary;
3) dolandyryş-terbiýe usullary[1].

Birinji topara şu bapda gürrüñi ediljek usullar girýär. Ikinji we üçünji topar barada aýdylanda bolsa, olaryñ sosial psihologiýada aýratyn bir özboluşlygy ýokdur. Hasaplaýyş usullary adatça özbaşdak bölege bölünmeýär. A.L.Swensiskiniñ adalatly belleýşi ýaly bu usullaryñ köpüsi sosial psihologiýada hiç hili özboluşlylyk döretmän , umumy ylmy tärleri ulanýar. Bu pikir bilen ylalaşyp, şol bir wagtyñ özünde sosial psihologiýanyñ usullary hakyndaky düşünjäniñ doly bolmaklygy üçin usullaryñ bu ikinji toparyny-da ýatlap ceçmek zerurdyr. Maglumat toplaýjy usullaryñ arasynda syn etme, resminamalary öwrenmek /kontent – seljermesi/,dürli sowallar /anketalar, sowalnamalar/, testleriñ dürli görnüşleri /şol sanda has ýaýran sosiometriýa testi/, galyberse-de, usuly tejribe (laboratoriýa) we tebigy görnüşleri agzalmalydyr. Şertli ýagdaýda bu ýerde şkalalaryñ dürli görnüşlerini guramaklygy-da görkezmek bolýar /sebäbi şkalany derñew usuly hem-de hasaplaýyş serişdesi hökmünde seretmek mümkin/

[1] Metody sosialnoý psihologii. Pod. Red. E. S. Kuzmina, W. E. Simonowa. I. 1997ý. sah.8



ulanylyşyny üpjün edýän sypatlar /sosial kabul edişi, hyýaly, zehini, şahsyýetara bahalandyryşyñ häsiýetnamasyny/; 2) toparyñ agzalarynyñ özara täsirinde we toparyñ sosial täsiri netijesinde kemala gelýän sypatlar; 3) has umumy, şahsyýetiñ sosial özüni alyp barşy we orny bilen baglanyşykly sypatlar /işjeñlik jogapkärçilik, kömek etmäge, hyzmatdaşlyga meýillilik/; 4) umumy psihologik we sosial psihologik häsiýetler bilen baglanyşykly sypatlar /hereketiñ we pikirlenmäniñ “awtoritar” ýa-da “demokratiki” usulyna meýillilik , meselelere “durgun-dogmatiki” ýa-da “açyk” gatnaşykda bolmak we[1]/. Şahsyýetiñ sosial psihologik sypatlaryny ýüze çykarmak pikiri näçe ähmiýetli bolsa-da, ony amala aşyrmak, görnüşi ýaly yzygiderli däl; teklip edilen görnüşlere bölünmede agzalan sypatlaryñ “ikinjilik” şertiniñ berjaý edilişi ýabygorly bolup, görnüşleriñ esasy-da doly aýan bolman galýar.

Şahsyyetiñ “sosial psihologik **ukyplary”** diýen düşünje edebiýatda giñden üns berilmegine, tejribe derñewlerde işjeñ ulanylmagyna garamazdan, entek işlenilmedik düşünjeleriñ derejesinde galýar. Tutuşlygyna ukyplaryñ bu topary şahsyýetiñ aragatnaşykda ýüze çykarýan sypatlary bilen baglanyşdyrylýar.

Bu meseläniñ ýeterlik derejede işlenilmänligi netijesinde köp sanly daşary ýurt derñewlerinde

[1] Bobnewa M. I. Psihologiçeskiýe problemy sosialnago razwitiýa liçnosti. M., 1979

çykyşyñ başga birlikleri bolan belli bir ulgam hökmünde seretmek.[1]

Sosial psihologiýada şahsyýet meselesiniñ çözlüşi umumy psihologiýanyñ şu agzalan aýgytly meseleleriniñ çözlüşine baglydyr. Bu düýpli meseleleriñ çözgüdini tapman, has bölekleýin meseleleriñ çözgüdine garaşmak bolmaz. Şonuñ üçin sosial psihologik seljerişiñ derejesinde şu aşakdaky ugurlar boýunça gapma-garşylyklar bar: a) şahsyýetiñ sosial psihologik sypatlarynyñ **sanawy** we olary ýüze çykarmagyñ esaslary: b) şahsyýetiñ sypatlarynyñ we **ukyplarynyñ** utgaşmasy /hut "sosial psihologik ukyplar" göz öñünde tutulýar/. Sypatlaryñ sanawy dogrusynda aýdylanda bolsa, köplenç, sosial psihologik seljerişiñ dersi hökmünde şahsyýet testleri bilen öwrenilýän ähli häsiýetler göz öñünde tutulýar /ilkinji nobatda Aýzengiñ we Kettelanyñ testleri/. Başga bir ýagdaýda şahsyýetiñ sosial psihologik sypatlaryna adamyñ ähli indiwidual psihologik aýratynlyklaryny degişli edip, aýry-aýry psihologik hadysalaryñ geçiş aýratynlyklary /pikirlenme, ýat erk we beýlekiler/ bellenilýär. Diñe kähalatlarda häsiýetleriñ aýratyn toparlary ýüze çykarylýar. Meselem, M.I.Bobnewanyñ işlerinde şahsyýetiñ sosial-psihologik sypatlary umumy psihologiýada öwrenilýän "özeni" sypatlara seredeniñde "ikinji" sypatlar hasaplanylýar. Bu umumy sosial psihologik sypatlar dört topara syrykdyrylýar: 1) sosial ukyplaryñ ösüşini we

[1] Seret: 1.Asmolow A.G.Lisnost kak predmet psihologiçeskogo issledowaniýa. M., 1984. 59-60-sahh.



Umumy dersiñ başynda bu usullaryñ her birini häsiýetlendirmeklige uly bir zerurlyk ýoklugy sebäpli olary sosial psihologiýanyñ degişli meseleleri seredilende seljermek has ýerliklidir. Bu ýerde her bir usulyñ umumy häsiýetnamasyny, olary ulanmakda ýüze çykýan kynçylyklary görkezmek zerurdyr.

**Syn etme** sosial psihologiýanyñ "köne" usullarynyñ biri bolup, ol kämil däl usul hökmünde tejribä garşy goýulýar. Şeýle-de bolsa sosial psihologiýada şu günki güne çenli syn etme usulynyñ ähli mümkinçilikleri doly ulanylmaýar. Açyk özüñi alyp baryş, indiwidleriñ hereketleri dogrusynda maglumat toplananda bu usul möhüm orna eýedir. Syn etme usuly ulanylanda ýüze çykýan esasy mesele ol ýa-da beýleki häsiýetnamalar toplumy bellenilip alnanda nähili ýol bilen olaryñ ýazgysynyñ beýleki bir syn edijä düşnükli bolmagynyñ we şol bir çaklamanyñ adalgasynda düşündirmek mümkinçiligini gazanmaly. Ýönekeý dilde aýdanyñda bu mesele – nämäni synlamaly, synlanan zady nädip bellemeli?- diýmekdir. Syn etmäniñ maglumatlaryny kadalaşdyrmagyñ, ýagny ilki başdan birnäçe synplara bölmegiñ birnäçe usullary bardyr: meselem, şahsyýetleriñ topardaky özara täsiri we yzysüre bu özara täsiriñ sanyny, çaltlylygyny we ş.m. ýüze çykarmak.

Aşakda şeýle synanyşyklaryñ R.Beýls tarapyndan amala aşyrylan bir görnüşi bilen tanşarys. Synlanýan hadysalaryñ synplaryny ýüze çykarmak, bu syn etmäniñ **birligi** bolup, ol psihologiýanyñ beýleki bölümlerinde

has wajyp meseleleriñ biridir. Sosial psihologiýada bu meseleler her bir takyk ýagdaý üçin derñewiñ dersine laýyklykda aýratyn çözlüp bilner. Başga bir wajyp mesele –syn etmäniñ birligini belläp almaga ýeterlik bolan **wagt aralygyny_** kesgitlemekdir. Bu birlikleri belläp almaklygyñ olary kodlaşdyrmaklygyñ köp sanly usullary bar hem bolsa, bu mesele gutarnykly çözlen däldir. Görnüşi ýaly syn etme usuly şeýle bir ýönekeý usul bolman, ol sosial psihologik derñewde üstünlikli ulanylyp bilner.

**Resminamalary öwrenmek** örän möhüm usullaryñ biri bolup, onuñ üsti bilen adamyñ işiniñ önümleri seljerilýär. Kähalatlarda bu usuly "obýektiw" usul hökmünde "subýektiw" usul bolan sowal usulyna garşy goýýarlar. Şeýle garşy goýmaklygyñ esassyzlygy bolup, resminamalarda hem maglumatyñ çeşmesiniñ adam bolup durýanlygy bilen düşündirilýär. Elbetde, resminamayñ "subýektiwlilik" derejesi onuñ resmi ýa-da resmi däldigini baglylykda üýtgese-de, bu häsiýet onda belli bir derejede saklanýar. Bu ýerde döreýän ýene-de bir mesele-resminama seljerme berýäniñ ýene-de öz indiwidual aýratynlygy bolan adam bolup durýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Resminamalary öwrenmekde ýazga düşünmek ukyby rol oýnaýar. Düşünmeklik meselesi psihologiýanyñ aýratyn meseleleriniñ biri bolup, ol bu ýerde usulçany ulanmak tutumyna goşulyp, üns bermeli zatlaryñ birine öwrülýär. "Subýektiwligiñ" bu täze görnüşini ýeñip geçmek üçin "kontent-seljerme " atlandyrylýan /sözme-söz



1. "Şahsyýet" düşünjesiniñ, ýokarda bellenişi ýaly, umumy psihologiýada düşündirilişlerini tapawutlandyrmak. Eger "şahsyýet" "adam" adalgasynyñ manydaşy bolýan bolsa, onda onuñ sypatlarynyñ toplumy adamyñ ähli häsiýetnamalaryny öz içine almalydyr. Eger-de "şahsyýet" adamyñ diñe sosial sypatlary bolýan bolsa, onda onuñ häsiýetleriniñ sanawy sosial häsiýetler bilen çäklenmelidir.

2. "Şahsyýetiñ sosial sypatlary" we "şahsyýetiñ sosial psihologik sypatlary" düşünjeleriniñ ulanylyşynda aýdyñlygyñ ýoklugy. Bu düşünjeleriñ her biri belli bir nukdaýnazardan ulanylýar: haçan-da "şahsyýetiñ sosial sypatlary" diýlende bu adatça biologiki we sosial esaslaryñ utgaşmasy baradaky umumy meseläniñ çözlüş çäginde ulanylýar: haçan-da "şahsyýetiñ sosial psihologik sypatlary" diýlende bu adatça sosial psihologik we umumy psihologik çemeleşişler bir-birine garşy goýlanda ulanylýar /"ikilenji" we "esasy" sypatlary tapawutlandyrmagyñ nusgasy/. Ýöne düşünjeleriñ şeýle ulanylyşy gutarnykly däldir: olar kähalatlarda manydaş hökmünde hem ulanylyp, seljerişi kynlaşdyrýar.

3. Galyberse-de, iñ esasy zat: şahsyýetiñ gurluşyna düşünmekde umumy usulyýet çeşmeleşişlerdäki tapawutlylyk-onuñ gurluşyna "toplama" "kolleksiýa" hökmünde belli bir sypatlarynyñ jemi häsiýetde seretmek ýa-da düzüjileri şahsyýetiñ "sypatlary" däl-de, ýüze

bahalandyrmak ýaly toparlaýyn gözegçiligiñ görnüşini kabul etmekligiñ ýa-da ýüz öwürmekligiñ derejesini kesgitleýär.

Getirilen subutnamalaryñ ikisi-de şahsyýetiñ sosial psihologik seljerilişine **many dörediş** meselesini girizmekligi talap edýär.Adatça umumy psihologiýada öwrenilýän bu mesele entek sosial psihologiýa tarapyndan özleşdirilenok. Şol bir wagtyñ özünde şahsyýeti sosial psihologik derñemekligiñ çägini anyklamak, (meselem, "şahsyýet toparda") many dörediş hadysasyny sosial deñeşdirme, sosial bahalandyryş we ş.m. ýaly hadysalaryñ ýerliginde öwrenmekligi göz öñünde tutýar. Edil şahsy many ýaly "toparlaýyn many" hem şahsyýet bilen toparyñ özara täsirinde belli bir hakykylyk bolup durýar. Bu özara täsiriñ iki tarapyna – bilelikdäki işe we aragatnaşyga – degişlilikde şertli ýagdaýda şahsyýetiñ sosial psihologik sypatlarynyñ iki hataryny ýüze çykarmak mümkin: gös-göni bilelikdäki işde ýüze çykýan we aragatnaşyk tutumynda zerur bolan sypatlar.

**Şahsyýetiñ sosial psihologik sypatlary.**

Şahsyýetiñ sypatlary meselesi umuman gowşak işlenilendir. Onuñ sosial psihologik sypatlarynyýüze çykarmak örän kyn meseledir. Psihologik edebiýatda çözülmesi has umumy usulyýet meseleleriñ çözlüşine bagly bolan bu mesele dogrusynda dürli pikir ýöretmeleriñ bardygy tötänden däldir. Bularyñ iñ esasylary şu aşakdakylardyr:



"mazmuny-seljermesi" aýratyn usul ulanylýar. Bu aýratyn belli bir derejede resmileşdirilen resminamany seljermek usuly bolup, onda tekstde ýörite "birlikler" ýüze çykarylýar we olaryñ ulanylyşynyñ çaltlygy sanalýar. Kontent-seljerme haçan-da derñewçi maglumatyñ uly möçberi bilen iş salşanda, köp sanly tekstleri işlemeli bolan ýagdaýynda ulanylyp bilner. Sosial psihologiýada bu usul adatça köpçulikleýin habar beriş ugrunda ulanylýar. Elbetde, kontekt-seljerme usuly ulanylanda hem köp kynçylyklar öz güýjünde galýar. Meselem, tekstiñ birliklerini ýüze çykarmak derñewçiniñ nazaryýet ornuna, onuñ bilim derejesine, döredijilik mümkinçiliklerine bagly bolup galýar. Beýleki usullaryñ ulanylyşyndaky ýaly bu ýerde üstünlik ýa-da şowsuzlyk derñewçiniñ sungatyna baglydyr.

Soragnama - sowallar - sosial psihologiýada giñden ýaýran, şol bir wagtyñ özünde örän köp tankytlanýan usuldyr. Tankydyñ esasy manysy psihikasy öwrenilýän adamyñ gös-göni jogaplary esasynda alynýan maglumata ynanmak bolarmy diýen şübhede jemlenýär. Şeýle pikir ýöretme düşünmezlik ýa-da sowal geçirmekden başy çykmazlygyñ esasynda döreýär. Sowallaryñ arasynda sosial psihologiýada has giñden ulanylýany **interwýu** bilen **anketadyr.** Bu usullar ulanylanda esasy usulyýet meseleleri sowalnamany düzmekde ýüze çykýar. Bu ýerde ilkinji talaplaryñ biri - sowalnamany guramaklygyñ logikasydyr. Başgaça aýdanyñda, sowalnama diñe

çaklama laýyk gelýän maglumaty berip, şol bir wagtyñ özünde bu maglumat ýokary ähtibarlykda bolmaly. Her bir sowaly guramaklygyñ, olary belli bir yzygiderlikde ýerleşdirmekligiñ, aýratyn toplumlara birleşdirmekligiñ we ş.m. köp sanly usullary bardyr. Psihologik edebiýatda sowalnama nädogry gurlanda ýüze çykýan ýalñyşlyklar giñişleýin ýazylandyr.[1] Bularyñ hemmesi sowalnamada gös-göni "mañlaý" jogaplary talap edýän soraglaryñ, onuñ mazmunynyñ haçanda ýazar belli bir niýeti sowalnama siñdiren ýagdaýynda düşnükli bolmagyny, bu niýetiñ sowalnamada däl-de, derñewçiniñ döreden derñew maksatnamalarynda, çaklamasynda bolmagyny gazanmaga gönükdirilendir. Sowalnamanyñ guralyşy örän çylşyrymly iş bolup, ol howlukmaç edilmeli däldir. Howlukmaçlyk diñe usulyñ körsowatlygyna getirýär. Aýratyn uly meseleleriñ biri interwýu geçirmek bolup, bu ýerde interwýu geçirýän bilen respondentiñ / jogap beriji / özara täsiriniñ hut özi sosial psihologik hadysa bolup durýar. Interwýu tutumynda bir adamyñ beýleki bir adama täsir edişiniñ, adamlaryñ biri-birini kabul edişiniñ, olaryñ aragatnaşyk kadalarynyñ sosial psihologiýada belli bolan ähli usullary, kanunlary ýüze çykýar. Bu häsiýetnamalaryñ her biri maglumatyñ hilini täsir edip, ýokarda görkezilen "subýektiwligiñ" ýene-de bir görnüşini emele getirýär. Bu meseleleriñ hemmesi sosial psihologiýada mälim bolup, olaryñ her birine

[1] Leksii po metodike sosialnyh issledowaniý. /pod. Red. G. M. Andreýewoý. M., 1972 ý.



indiwidual aýratynlyklarynyñ hem-de bahalandyryşy döretmekde toparyñ özüniñ hususy sypatlarynyñ orny ýüze çykarylanok[1].

Subutnamalaryñ ikinjisi topardaky islendik bilelikdäki işiñ aragatnaşygyñ hökmany ýagdaýlarynyñ toplumyny göz öñünde tutýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Bu ýagdaýlarda hem şahsyýetiñ belli bir sypatlary ýüze çykýar: bu dartgynly ýagdaýlarda has aýdyñ ýüze çykarýar: üstesine-de şahsyýet hemişe özüni beýlekiler bilen deñeşdirmek ýa-da özüni beýlekileriñ arasynda ykrar etdirmek arkaly ýüze çykarýar. Ýöne bu "beýlekiler" hem şol toparyñ agzasy bolup, diýmek, aragatnaşykda şahsyýetiñ ýüze çykarýan bu häsiýetlerine toparlaýyn şertler girizmek arkaly "edara edilýär". Hut onuñ özi-de şahsyýete topara "zerur" sypatlaryñ "bermekligine" ýardam edýär. Şahsyýetiñ şeýle toparlaýyn gözegçiligi kabul edip etmezligi onuñ topara goşulmaklyk derejesine bagly bolýar. Toparyñ ösüş derejesi nähili bolsa-da aýry-aýry şahsyýetiñ indiwidual orny onuñ üçin toparlaýyn işiñ ähmiýetlilik derejesi bilen kesgitlenýär. Hatda toparyñ ýokary ösüş derejesinde, - kollektiwde bilelikdäki işiñ maksady ähli agzalar tarapyndan hut öz hususy maksatlary ýaly kabul ediläýende hem bu maksadyñ her bir aýry şahsyýet tarapyndan kabul ediliş derejesi, ýagny şahsyýetiñ toparlaýyn iş-durmuşa goşulyş derejesi baradaky meseläni aradan aýyrmaýar. Hut şu görkeziji hem iş we aragatnaşyk şertlerinde zerur bolan sypatlary

[1] Seret: Kronik A.A.Mežliçnostnoýye oseniwaniýe w malyh gruppah.K.1982.

/şahsyýetiñ toparyñ beýleki agzalarynyñ berýän bahalaryny özleşdirilmegi /; 2) sosial deñeşdirme /ilkinji nobatda toparyñ beýleki agzalary bilen/; 3) öz-özüñi sebäpli düşündirmek /mundan öñki iki tutumy ýerine ýetirmekligiñ esasynda özüñe häsiýetler ýöñkemek/; 4) durmuşy başdan geçirmeleriñ many tarapdan düşündirilişi[1]. Bu tutumlaryñ takyk görnüşleriniñ kollektiwiñ häsiýetnamasyna bagly bolýandygy dogrusynda pikir aýdylýar. Meselem, toparyñ her bir agzasynyñ öz-özüni bahalandyryşynyñ toparlaýyn pikire baglydygy gürrüñsizdir /ýöne şeýle baglylyk belli bir şertlilikdedir: öz-özüñe baha beriş toparyñ pikirine çapraz hem gelip biler, meselem, bu ýagdaý mekdep synpy şertlerinde dartgynly ýagdaýlaryñ giden bir toplumyny döredip bilýär /: sosial deñeşdirme başlangyç nokat hökmünde haýsydyr bir “ortalygyñ” bolmagyny göz öñünde tutýar: bu “ortalyk” baradaky düşünje hem toparda kemala gelýär we ş.m[2]. Kiçi toparlarda şahsyýetara bahalandyryşyñ tejribe derñewleri bu hadysanyñ toparyñ has ýokary ösen we pes ösüş derejelerinde dürli-dürli bolýandygyny anyklady.

Hut bahalandyryş ülñüleriniñ özüniñ dürli-dürli bolýandygy, üstesine-de şol bir toparyñ içinde toparyñ düzüminiñ birmeñzeş däldigi, agzalaryñ indiwidual psihologik aýratynlyklarynyñ dürli-dürlüligi zerarly şeýle ülñüleriñ başga-başgadygy aýan edildi. Gynansak-da, bahalandyryşy döretmekde toparyñ agzalarynyñ

[1] Seret: Kon. I.S.W poiskah sebýa.M., 1974.234-sah

[2] Seret: Kon. I.S.W poiskah sebýa.M., 1974.236-sah.



degişlilikde öñüni alyş serişdesi döredilendir. Esasy wezipe bu usullary jogapkärçilikli özleşdirmekdir. Sowal – sorag usulyna ylmy däl nukdaýdan gelip çykýan iñ “ýeñil” usul hökmünde garaýyş, hakykatda onuñ sosial psihologik derñewiñ iñ bir kyn usulydygyna düşünmezlik bilen baglaryşyklydyr.

**Testler** sosial psihologiýanyñ hususy usuly bolman, ol psihologiýanyñ dürli ugurlarynda giñden ulanylýar. Testler hakynda sosial psihologiýada gürrüñ edilende adatça şahsyýet testlerini göz öñünde tutýarlar. Ýöne bu testler hem şahsyýetiñ umumy psihologiýada öwrenilişinde ulanylyp, sosial psihologiýada hem şol bir görnüşde ulanylýar. Testleriñ umumy psihologiýada ulanylyşynda kabul edilen usulyýet kadalarynyñ ählisi sosial psihologiýada hem öz güýjüni saklaýar. Mälim bolşy ýaly test – bu aýratyn synag bolup, onda synag edilýän ýörite taýýarlanan ýumuşlary ýerine ýetirip ýa-da sowallara jogap berip, bu sowallar anketanyñ we interwýuñ soraglaryndan tapawutlanýar. Soraglar testde gös-göni däl-de, aralaşdyrylan gytak häsiýetde bolýar. Alnan maglumatlar ýörite “açaryñ” kömegi bilen, synag edilýäniñ belli bir sypatlary, meselem, şahsyýetiñ häsiýetnamasy bilen baglanyşdyrmak arkaly işlenilýär, hasaplanýar. Şeýle şahsyýet testleriñ köpüsi patopsihologiýada döredilip, olar kliniki synaglar bilen utgaşyklykda ulanylýar. Belli bir çäklerde test şahsyýetiñ patologiýasy barada möhüm maglumat berýär. Adatça şahsyýet testleriniñ kemçiligi hökmünde olaryñ şahsyýetiñ dine bir tarapy dogrusynda maglumat

berýändigi görkezilýär. Bu kemçilik Ketteliñ testi, MMPI test ýaly çylşyrymly testlerde ýeñlip geçilýär. Ýöne bu testleriñ şikeslilikde (patologiýa) däl-de, norma ýagdaýynda ulanylyşy / sosial psihologiýa normal bilen iş salyşýar / köp usulyýet düzedişlerini talap edýar. Bu ýerde döreýän esasy mesele – teklip edilýän sowallaryñ şahsyýet üçin näderejede ähmiýetli bolup durýanlygydyr. Sosial psihologiýada bu ugurda döreýän ýene-de bir mesele – şahsyýetiñ test arkaly ölçenen dil häsiýetnamalaryny näderejede onuñ topardaky işi bilen baglanyşdyryp bolar? Bu ýerde has ýaýran ýalñyşlyklaryñ biri – ol ýa-da beýleki toparda şahsyýetleriñ köpçülikleýin test arkaly öwrenmek, toparyñ we oña girýän şahsyýetleriñ ähli meselelerini aýdyñlaşdyrýar - diýen pikir ýöretmesidir. Sosial psihologiýada testler derñewiñ kömekçi serişdesi bolup hyzmat edýär. Olaryñ kömegi bilen alnan maglumatlar hökmany ýagdaýda beýleki usullaryñ berýän maglumaty bilen deñeşdirilmelidir. Galyberse-de, testleriñ ulanylyşy sosial psihologiýada örän çäkli bolup, ol onuñ diñe bir şahasynda – şahsyýetiñ meselesinde ulanylýar. Toparyñ anyklaýşyna niýetlenen testler kän däldir. Mysal hökmünde giñişleýin ýaýran sosiometrik testi görkezmek bolar.

/ Bu hakynda kiçi toparlar bölüminde gürrüñ ediler /.

**Tejribe** – sosial psihologiýanyñ esasy usullarynyñ biridir. Tejribe usulynyñ mümkinçiligi we çäkliligi baradaky çekişme usulyýet meseleleriniñ arasynda



/başgaça aýdanyñda dürli toparlarda bütin durmuş ýolunyñ dowamynda gazanylan tejribe / we ş.m. Öz döwründe W.S. Merlin örän möhüm pikir aýdypdy: “Kollektiwdäki özara gatnaşyklaryñ häsiýeti şahsyýetde şu kollektiwe adaty bolan sypatlary döredýär”[1]. Ähtimal, şahsyýetiñ topara goşulanynda döreýän hakyky ýagdaýy anyklanjak bolsa hut şu pikir mundan beýläk ösdürilmelidir. Şahsyýetiñ gös-göni iş gurşawy bolan toparyñ näme üçin hakykatdan-da şahsyýete belli bir sypatlary “ýöñkeýändigini” haýryna iki sany subutnama getirmek mümkin.

Bularyñ **birinjisi** her bir şahsyýetiñ işjeñliginiñ netijesi, onuñ işiniñ netijeliligi umumy häsiýetde “berilmän”, ol onuñ döredilen, amala aşyrylan ýerinde berlip, ol belli bir hakykat hökmünde ýüze çykýanlygy bilen düşündirilýär. Ýöne şahsyýetiñ toparda ýüze çykýanlygy üçin her bir şahsyýetiñ umumy güýç sarp edişlige gatnaşýanlygy aýandyr. Toparyñ işiniñ umumy göwrümindäki paýynyñ üsti bilen şahsyýet jemagatyñ - kollektiwiñ beýleki agzalary tarapyndan duýulýar, olar tarapyndan bahalandyrylýar. Ýöne şeýle bahalandyryş belli bir kadalary göz öñünde tutýar. Diýmek, hut şu topar üçin, işiñ hut şu şertleri üçin adamyñ ähmiýetli şahsy sypatlary bolýar. Bahalarda berkidilenden soñra bu sypatlar toparyñ agzalaryna “ýöñkelýär” I.S.Kon şahsyýetara bahalandyryşyñ hereket edýän dört tutumyny ýüze çykarýar: 1) interiorizasiýa

[1] Merlin W.S.Wzaimootnoşeniýa w sosialnoý gruppe i swoýstwa liçnosti // Sosialnaýa psihologiýa liçnosti.M., 1979. 259-sah./

"Göwni diñe haýyr işe hyýal eder.
Elleri diñe haýyrly işiñ başyny tutar.
Aýaklary diñe haýyrly ýola gadam urar.
Başynda diñe oñat pikirler gopar
Dili diñe ýagşy sözleri sözlär
Gözi diñe ýagşylygy gözlär.
Gursagynda gözel duýgular bolar."[1]

"Goýlan sowallara has giñişleýin jogap haçan-da şahsyýetiñ häsiýetlerini onuñ işi amala aşyrylýan hakyky toparlarda öwrenilenden soñra tapmak bolýar. Ýöne bu pikir örän dar manyda, ýagny şahsyýetiñ diñe öz ilkinji gurşawynda hereket edişi hökmünde düşünilmeli däldir. Bu maksat üçin şahsyýetiñ öz goşulýan toparlarynyñ ulgamy, şol sanda uly sosial toparlar öwrenilmelidir. Sebäbi jemgyýetiñ umumy gymmatlyklaryny, medeniýetini şahsyýet hut şu toparlarda özleşdirýär.

Bu meseleleriñ çözgüdi dogrusynda sosial psihologiýada hiç bir hili çemeleşiş ýok diýmeklik nädogrydyr. A.W.Petrowskiniñ we W.A.Petrowskiniñ işlerinde şahsyýetiñ topara "girmekligi" şertiniñ ähmiýeti öwrenildi: Ý.L.Kolominskiniñ derñewlerinde her bir toparyñ öz hususy "ýüzüniñ" bardygy dogrusynda pikir öñe sürlip, munuñ topara goşulýan indiwidler üçin ähmiýetlidigi görkezildi; birnäçe derñewlerde toparda şahsyýetiñ özüni alyp barşyny döredýän beýleki şertler bilen bir hatarda " indiwidiñ at-abraý" tejribesi öwrenildi

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap, 443 sah.



häzirki döwürde iñ bir dartgynly meseleleriñ biridir[1]. Sosial psihologiýada tejribäniñ tebigy we laboratoriýa (tejribe) görnüşleri bardyr. Bularyñ ikisine degişlilikde birnäçe umumy düzgünler bolup, olar tejribeçi tarapyndan erkinlikde garaşsyz üýtgeýjileri girizmek, olara we garaşly üýtgeýjileriñ üýtgemelerine gözegçilik etmekden we ş.m. ybaratdyr. Şeýle umumy talaplara ölçegleriñ netijesini belli bir ülñi (etalon) bilen deñeşdirer ýaly gözegçilik (kontrol) we tejribe topar döretmek hem degişlidir. Bu umumy talaplar bilen bir hatarda laboratoriýa tejribesi we tebigy tejribeler öz hususy düzgünleri bilen tapawutlanýarlar. Sosial psihologiýada has çekişmeli meseleleriñ biri laboratoriýa tejribesini ulanmak mümkinçiligi hakyndaky meseledir.

**Sosial psihologik derñewiñ usullaryny ulanmagyñ çekişmeli meseleleri.**

Häzirki zaman edebiýatynda bu babatda iki me sele öñe sürülýär: tejribede alnan maglumatlaryñ gurşaw esaslandyrylanlygy (walidliligi) ýa-da bu maglumatlary "hakyky durmuşa" geçirmek mümkinçiligi; syn edilýänleriñ ýörite saýlanyp alynýanlygy sebäpli bu maglumatlary hakyky durmuşda ulanmaklygyñ birtaraplylygy meselesi. Has möhüm usulyýet mesele hökmünde bu ýerde laboratoriýa tejribesi jemgyýetçilik gatnaşyklaryny, sosial psihologik

[1] .Seret:Žukow Ýu.M.., Gregoritewskaýa I.A.Eksperiment w sosialnoý psihologii. Problemy i perspektiwy // Metodologiýa i metody sosialnoý psihologii.M.,1977.

derñewiñ möhüm ýerlili (konteksti) bolan “sosiallygy” ýoga çykarmaýarmy diýen sorag ýüze çykýar.

Goýlan meseleleriñ birinjisi dogrusynda dürli garaýyşlar ýüze çykýar. Köp ýazarlar laboratoriýa tejribesiniñ bu çäkliligi bilen ylalaşyp, ondan umumy gurşaw
esaslandyrylmany talap etmeli däl hasaplaýarlar, onyñ netijelerini hakyky durmuşa geçirmezden, tejribede taglymatyñ aýry-aýry taraplaryny barlap, hakyky ýagdaýlaryñ seljermesinde bu taglymatyñ mazmuny esasynda düşündiriş bermeli diýip nygtaýarlar. Ýazarlaryñ başga bir topary, meselem, D.Kempbell, sosial psihologiýada “kwazi-tejribe” diýip atlandyrylýan tejribäniñ aýratyn görnüşini ulanmaklygy teklip edýär[1]. Bu tejribeleriñ tapawudy – tejribäniñ doly möçberde däl-de, özboluşly "kesilen" görnüşde geçirilmegidir. Şol bir wagtyñ özünde Kempbeliñ pikiriçe tejribäniñ bu ugrundaky daşky we içki esaslandyrylmasyna bolan "howplary" göz öñünde tutup, olary ýeñip geçmekligi başarmaly. Esasy pikir sosial-psihologik derñewde, aýratynda tejribede mukdar we hil seljermäni eriş-argaç utgaşdyrmaly. Bu pikir ýöretmeler hakykata golaý bolsalar-da, ýüze çykýan meseleleri doly çözmeýärler, sebäbi taglymaty barlamak hem hakyky durmuşa golaý ýagdaýlarda amala aşyrmalydyr.

Laboratoriýa tejribesinde başga bir çäklilik **wekilçilik (repezentatiwlik)**__meselesiniñ özboluşly

1 Kempbell D.Modeli eksperimentow w sosialniý psihologii i prikladnyh issledowaniýah./ Per.s angl.M., 1980.

1



işleýän, onuñ sosiallaşmagy amala aşyrylýan toparyna bagly bolýar? Bu meseläniñ ikinji bir tarapy: toparyñ ol ýa-da beýleki sypatlarynyñ psihologik häsiýetnamalarynyñ kemala gelşi näderejede bu toparyñ ilki “gözbaşy” ýagdaýyna /şahsyýetleriñ psihologik häsiýetnamasyna/ bagly bolýar?

Mälim bolşy ýaly “şahsyýetiñ sypatlarynyñ” derñewiniñ umumy hem-de sosial psihologiýada düýpli däbi bardyr. Şahsyýetiñ dürli häsiýetleriniñ sanawyndan başlap /K.K.Platonow şeýle häsiýetleriñ müñ ýaryma golaýy dogrusynda maglumatlary getirýär/, olaryñ gurluşyny beýan etmeklige geçip, sosial psihologiýa şahsyýetiñ häsiýetleriniñ ulgamyna düşünmeklik zerurlygy dogrusynda netijä geldi. Ýöne şeýle ulgamy guramagyñ düzgüni entek doly işlenen däldir. Has umumy jähtde meseläniñ çözgüdi A.N.Leontýewiñ işlerinde bardyr. Şahsyýetiñ hut özüni ulgamlaýyn häsiýet hökmünde seredip, ol şeýle çemeleşiñ psihologiýa üçin şahsyýeti ölçemekde täze usuly teklip etmelidigini aýdýar. Ýazaryñ pikiriçe, şeýle derñew “adamyñ öz dogabitdi we gazanan häsiýetlerini nämäniñ haýryna we nähili ulanýandygyny derñemek häsiýetde bolmalydyr.”[1] Elbetde, bu esasa laýyklykda şahsyýetiñ sypatlarynyñ belli bir ulgamyny gurmak mümkin. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şahsyýetiñ aýratyn ähmiýetli sypatlary hökmünde aşakdaky jemleýji häsiýetleri görkezýär:

[1] Seret: Leontýew A.N.Izbrannyýe psihologiçeskiýe proizwedeniýa T.I.M.,1983.385 sah.

takyklaşdyrmagyñ usuly -meseläni “şahsyýet toparda” diýen jähtde goýmakdan ybaratdyr.

“Adam şahsyýet hökmünde dogulman, şahsyýet hökmünde kemala gelýär”[1] diýen ilkibaşdan kabul edilen esasy usulyýet düzgüni hem anyklanmalydyr: şahsyýet hökmünde kemala gelinýär, şol sebäpli şahsyýet üçin bu kemala gelşiñ haýsy toparlarda amala aşyrylýandygy, haýsy şahsyýetler bilen özara täsir edýändigi parhsyz däldir. Eger şahsyýetiñ ähli ýoluny yzarlamaga mümkinçilik berýän uzak wagtlaýyn derñew geçirip bolýan bolsa, bu goýlan sowala jogap tapmak bolardy. Bu ýagdaýda şahsyýetiñ kemala gelmegi üçin onuñ ýokary derejede ýa-da pes ösen toparlarda bolmaklygynyñ, olarda şahsyýetara dartgynlygyñ köplüginiñ /ýa-da ýoklugynyñ / we ş.m. näderejede ähmiýetlidigini ýüze çykarmak bolardy. Geñ galmaly zat, gündelik durmuşda bu şertler nazara alynýar. Meselem, ýetginjegiñ düzgün bozuş özüni alyp barşynyñ sebäpleri anyklananda maşgala, mekdep synpy, ýaşaýan ýerindäki deñ-duşlar toparlaryndaky gatnaşyklarynyñ häsiýeti öwrenilýär. Şol bir wagtyñ özünde bu ýagdaýda bizi subýektiñ şeýle toparlarda tutýan orny hem gyzyklandyrýar. Ýöne amaly jähtden möhümligi aýan bolan bu meseläniñ göwnejaý nazaryýet we tejribe düşündirilişi henize çenli ýok. Nazaryýet derñewiñ jähtinde mesele şeýle añladylmalydyr: şahsyýetiñ ol ýa-da beýleki häsiýetleriniñ kemala gelşi näderejede onuñ

[1] Lomow B.F. Metodologiçeskiýe i terretiçeskiýe problemy psihologiýa M., 1984. 300-sah.



çözlüşi bilen baglanyşyklydyr. Adatça tejribe üçin wekilçilik-reprezentatiwligi berjaý etmek hökmany hasaplanmaýar; başgaça aýdanyñda netijäniñ ulanyp boljak obýektleriniñ topary takyk göz öñünde tutulmaýar. Emma sosial psihologiýada bu mesele aýratyn hasiýetde bolýar. Tejribehana şertlerinde synag edilýänleriñ toparyny jemlemek, bu adamlary uzak wagtlap hakyky durmuşdan “goparmak” diýmekdir. Bu şert has çylşyrymly bolansoñ tejribeçiler has ýeñil ýoly saýlaýarlar: has golaý, elýeter synag edilýänleri saýlap alýarlar. Köplenç olar tejribä gatnaşmaga razyçylyk beren psihologiýa fakultetiñ talyplary bolýar. Hut şu ýagdaýyñ özi tankydy bellikleriñ esasy obýekti bolup durýar. / ABŞ-da “ikinji ýyl talyplaryñ sosial psihologiýasy” diýen göwniýetmezçilikli adalga hem bar /. Munuñ esasy sebäbi sosial psihologiýada synag edilýänleriñ ýaş, hünär keşbiniñ ähmiýeti uly bolup, bu zatlary hasaba almazlygyñ alynýan maglumatlaryñ düýpli birtaraplygyna getirýändigi bilen düşündirilýär. Mundan başga-da synag edilýäniñ tejribä gatnaşmaklyga dewitalaplygy-da maglumatlaryñ özbolușly üýtgemegine täsir edýär. Meselem, birnäçe tejribelerde synag edilýäniñ tejribeçiniñ garaşmasyna laýyklykda hereket edýänligi, onuñ "öñürtleýji bahalandyryşy" ýüze çykaryldy. Mundan başga-da sosial psihologiýadaky laboratoriýa tejribesinde tejribeçiniñ gatnaşmak täsiri bilen döreýän Rozental täsiri mälimdir (ony ýazan Rozentaldyr).

Laboratoriýa tejribesine garanda tebigy tejribe ýokarda agzalan taraplara degişlilikde birnäçe artykmaçlyga eýe bolsa-da, ol özüniñ “saplygy” we takyklygy boýunça tejribehana görnüşinden pes bolýar. Eger-de sosial psihologiýanyñ hakyky sosial toparlary, olarda hakyky şahsyýetleriñ işini öwrenmek talabyndan ugur alynsa, tebigy tejribe sosial psihologik derñewiñ uly gelejegi bolan usulyna öwrülýär. Emma bu usulda derñewiñ takyklygy bilen maglumatlaryñ hil seljeriminiñ arasynda gapma-garşylyk bolup, bu mesele öz çözgüdine garaşýar.

Görkezilen usullarynyñ ählisiniñ hut sosial psihologik derñewe mahsus bolan özboluşlygy bardyr. Derñewiñ islendik görnüşinde maglumatyñ çeşmesi adam bolup durýanlygy üçin derñewçi bilen derñelýäniñ özara täsiri diýip atlandyrylýan aýratyn ululyk, üýtgeýji ýüze çykýar.Bu özara täsir interwýu usulynda has aýdyñ bolup, hakykatda bolsa usullaryñ ählisine-de mahsusdyr. Bu ýagdaý sosial psihologiýada has ir mälim bolsa-da, onuñ gutarnykly çözlüşi heniz ýok.

Usulyýet meseleleriñ birnäçesi usullaryñ ikinji toparynyñ – **maglumatlary hasaplamak,** jemlemekligiñ häsiýetnamasyna degişlilikde ýüze çykýar.Bu topara statistikanyñ ähli usullary / korrelýasiýa seljermesi, faktor seljermesi / we jemlemäniñ logiki we nazaryýet usullary / tipologiýany gurmak, düşündiriş bermekligiñ dürli usullary we ş.m. / degişlidir.Bu ýerde özboluşly gapma-garşylyk döreýär. Derñew alyp barýan maglumatlary düşündirmekde haýsy derejede diñe bir



onda şahsyýet şu aşakdaky jähtlerde seredilýär:[1] 1) subýektiñ indiwidual durmuşynyñ giñişliginde “ýerleşýän” häsiýet hökmünde; 2) indiwiduallara baglanyşyklar giñişliginde hereket edýän häsiýet hökmünde; 3) beýleki adama “siñdirilme”, beýleki adama “goşant”, “şahsyýetleşmek” hökmünde /Görnüşi ýaly ýazaryñ ikinji jähti sosial psihologiýada ýüze çykarylan derñew dersi bilen gabat gelýär/. Üçünji jäht barada aýdylanda bolsa munuñ çäginde hem sosial psihologiýa dahylly häsiýetleri ýüze çykarmak mümkindir.

Şeýlelikde sosial psihologiýa üçin şahsyýete **özara täsir edýän** hem-de **aragatnaşykda** bolýan subýekt hökmünde düşünmek möhümdir. Şahsyýetiñ sosiallaşmak tutumynda ähli gazananlary, onda kemala getirilen sosial gönükdirilmeler üýtgemeýän, durgun häsiýetde däl-de, olar şahsyýet sosial gurşawda, takyk toparda hereket edende üznüksiz düzedilişe sezewar bolýar. Munda hakyky toparyñ orny örän uludyr: has ýokary derejedäki sosial täsirler, sebäpler, jemgyýet, medeniýet sosiallygyñ gös-göni görnüşi bolan toparyñ üsti bilen şahsyýete geçirilýär. Bu tutumda şahsyýetiñ jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ dürli görnüşlerine nähili goşulýandygyny hem-de bu jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ dürli derejedäki amala aşyrylyşynyñ nä haldadygyny anyklamak möhümdir. Seljermäni şeýle

[1] Petrowskiý W.A. K ponimaniýu liçnosti w psihologii // Wopr. Psihologii. 1981. N.2.

## 19-njy bap. ŞAHSYÝET TOPARDA

**Şahsyýet meselesiniñ sosial psihologiýada goýluşy**

Şahsýetiñ sosial psihologiýada seredilen sosial-laşmak we sosial gönükdirilme atlandyrylan iki ugry şahsyýetiñ sosial ýerlikde ýaşaýşynyñ iki tarapyny açyp görkezýär: onuñ sosial tejribäni özleşdirişini we bu tejribäniñ amala aşyrylyşyny. Indi bu iki tarapy birleşdirip, şahsyýetiñ hakyky özüni alyp barşyny şol bir topara girýän beýleki adamlar bilen baglanyşyklykda seljermek zerurdyr. Şeýle edilmese şahsyýetiñ öwrenilişine sosial psihologik çemeleşmek ýarpy ýolda galýar: çünki şeýle çemeleşişiñ özeni-şahsyýete bilelikdäki iş we aragatnaşyk şertlerinde seretmekdir. Şeýle çemeleşiş şahsyýetiñ derñewiniñ gutarnykly seljermesine daknyşyk etmeýär. Bu mesele umumy psihologiýanyñ-da öwreniş dersi bolup galýar /bu ugurda soñky döwürlerde seljerşiñ sosial psihologik jähtini-de öz içine alýan täze garaýyşlar ýüze çykyp ugrady/. Meselem, W.A.Petrowskiý şahsyýetiñ derñewiniñ üç sany mümkingadar ugruny ýüze çykaryp,



logikanyñ däl-de, mazmunly nazaryýetiñ hem usulyny goşup bilýär? Şeýle zatlaryñ goşulmagy derñewiñ obýektiwligini peseltmeýärmi, oña **gymmatlyklar meselesini** ýöñkemeýärmi? Eger-de tebigy, takyk ylymlara degişlilikde gymmatlyklar meselesi ýörite mesele hökmünde durmaýan bolsa, adam hakyndaky ylymlarda, sosial psihologiýada bu mesele örboýna galýar.

Häzirki zaman ylmy edebiýatynda gymmatlyklar meselesi dogrusyndaky çekişme ylmy bilimleriñ “ylmy--siýentik“ we “ynsanperwer” atlandyrylýan iki nusgasyny teswirlemekligiñ we olaryñ bir-birine gatnaşygyny kesgitlemek arkaly çözülýär. Ylmy -siýentik nusgasy neopozitiwizm pelsepesinde döredilýär. Şeýle nusgany döretmegiñ esasynda ähli ylymlary has takyk we ösen tebigy ylymlara, ilkinji nobatda, fizika meñzetmeklik pikiri ýatýar. Ylmy maglumatlaryñ takyk esasyna daýanyp, derñewiñ ähtibar usullaryny, işewir düşünjeleri / özüniñ añladýan sypatlaryny ölçeg operasiýalary döredilen düşünjeler/ ulanyp, çaklamalary tassyklamagyñ kämil usullaryny özünde jemleýän bolmaly. Ylmy derñewiñ tutumyna we onuñ netijesine düşündirmeklige hiç bir hili gymmatlylyk pikir ýöretmeleri goşulmaly däl. Şeýle goşulyş bilimiñ hilini peseldip, subýektiw pikir jemlemelerini döredýär. Alymyñ jemgyýetdäki orny-da ylmyñ şeýle nusgasyna laýyklykda kesgitlenipdir. Bu orun hiç bir meýilsiz syn ediji, öwrenýän dünýäsiniñ wakalaryna gatyşmaýan hökmünde göz öñüne getirilýär. Alym takyk teklipleri

döredýän, ýöne düýpli meseleleri çözmekden, derñewiñ netijesiniñ nirä gönükdirilýändigi bilen gyzyklanmadan çetleşdirilen inžener , tehnik hasaplanýar.

Bu garaýşyñ döreýsiniñ entek irki döwürlerinde oña garşy nukdaýlar ýüze çykýar. Bu garşy çykmalar adam, jemgyýet, aýry-aýry jemgyýetçilik hadysalaryny öwrenýän ylymlara degişlilikde has-da dartgynly bolýär. Şeýle garaýyş neokantian pelsepesinde ýüze çykyp, onda "tebigat hakyndaky ylym" we "medeniýet hakyndaky ylymlaryñ" tapawudy mowzugy aýgytlaýjy bolýar. Bu mesele takyk psihologiýa has golaýlykda W.Dilteý tarapyndan goýlup, ol öz döreden "düşünýän psihologiýasynda" **düşünmek düzgünini** pozitiwistleriñ öñe sürýän **düşündirmek düzgüni** bilen deñ derejede goýýar. Şeýleleikde, çekişmäniñ uly taryhy bolup, häzirki döwürde bu ilkinji ugur bilen birleşdirip, köp derejede Frankfurt mekdebiniñ pelsepe pikirleri tarapyndan goldanyldy. Ynsanperwer däp siýentik ugra garşy çykyp, adam hakyndaky ylymlar öz ylmy mazmunyna gymmatlyk pikir ýöretmelerini goşmalydyr diýen mowzugy öñe sürýär. Sosial psihologiýa hem bu talap bilen ugurdaş alymlaryñ hatarynda bolýar. Meseläni goýmak bilen alym özüniñ derñewiniñ maksadyny añlap, jemgyýetiñ belli bir gymmatlyklaryndan ugur alýar, olary kabul edýär ýa-da ýüz öwürýär; soñra onuñ kabul eden gymmatlyklary onuñ döreden tekliplerini ulanmaklygyñ ugurlaryny añlamaga kömek berýär; galyberse-de, gymmatlyklar hökmany ýagdaýda maglumatlaryñ jemlenilýän



Seljerilişe edilýän bu talaplary diñe bir jähtde, haçan-da gönükdirilmäniñ işiñ ýerliginde sereden wagtymyzda amala aşyryp bilýäris. Ýañy-ýañylara çenli sosial gönükdirilme düşünjesi şahsyýeti iş düzgüniniñ nukdaýyndan düşündirmekde ulanylmaýardy. Şeýle üzñelige gönükdirilmäniñ hatda umumy psihologik döredijileri seljerilende ýol berilmesiz bolsa-da, sosial psihologik jähtde bu oñaýsyzlyk has-da güýçli duýulýardy. Eger sosial gönükdirilme adamyñ işiniñ belli bir ugrunda döreýän bolsa, onuñ üýtgeýşine hut işiñ özündäki üýtgeşmeleri seljermek arkaly düşünmek mümkin. Bu üýtgeşmeleriñ arasynda bu ýerde işiñ motiwi bilen maksadynyñ arabaglanyşygynyñ üýtgemesi has ähmiýetlidir[1]. Sebäbi diñe şahsy ähmiýetiñ üýtgemegine baglanyşyklykda sosial gönükdirilme üýtgeýär. Bu pikir ýörite üns bererlikdir: ol sosial gönükdirilmeleriñ üýtgeýşini işiñ motiwiniñ we maksadynyñ üýtgemegi bilen, maksat döretmek tutumynyñ häsiýetiniñ üýtgemegi bilen baglanyşyklykda çaklamaga mümkinçilik berýär.

Elbetde, bu umytly gelejek sosial gönükdirilmäniñ iş düzgüniniñ ýerliginde düşündirilişi bilen baglanyşykly birnäçe meseleleri çözmekligi talap edýär. Diñe bu meseleleriñ ähli toplumyny çözmek şu bölümde goýlan sowala jogap bermäge mümkinçilik berýär: eýsem, sosial gönükdirilmeleriñ özüni alyp barşyñ motiwlerini seçip almakdaky ähmiýeti nämeden ybarat?

[1] Seret: Asmolow A.G.Deýatelnost i ustanowka. M., 1979.

düşürilmek nusgasy biziñ kabul eden usulyýet düzgünlerimiziñ jähtinden maksadalaýyk däldir.

Sosial gönükdirilmeleriñ üýtgeýşi meselesine dogry çemeleşişi tapmak üçin bu düşünjäniñ özboluşly sosial psihologik mazmunyny göz öñüne getirmeli bolýar. P.N.Şihirewiñ adalatly belleýşi ýaly, bu özboluşlylyk bu hadysanyñ “sosial ulgamda hereket edýänligi, şeýle hem adamyñ özüni alyp barşyny onuñ işjeñ, añly, özgerdiji önümçilik işine ukyply jandar hökmünde dolandyrmak häsiýeti”[1] arkaly döredilýänligindedir. Şonuñ üçin sosial gönükdirilmeleriñ üýtgeýşini sosiologik beýan etmekden tapawutlykda bu ýerde diñe onuñ öñüsyrasy bolup geçýän sosial üýtgeşmeleriñ toplumyny ýüze çykarmak ýeterlik däldir. Şol bir wagtyñ özünde umumy psihologik çemeleşişden tapawutlylykda bu ýerde diñe islegleriñ ony kanagatlandyrýan ýagdaý bilen “duşuşýan” şertleriniñ üýtgeşmesini seljermek hem ýeterlik däldir. Sosial psihologiýada sosial gönükdirilmeleriñ üýtgemek meselesi, bir tarapdan, dispozisiýalaryñ hut şu derejesine dahylly obýektiw sosial üýtgeşmeleriñ mazmuny jähtden, ikinji tarapdan bolsa şahsyýetiñ işjeñ ornunyñ üýtgemegi jähtden /ýöne bir ýagdaý “jogap” hökmünde däl-de, şahsyýetiñ hut öz ösüşiniñ döredýän üýtgeşmesi nukdaýyndan/ seljerilmelidir.

[1] Şihirew P.N.Serialnaýa ustanowka kak predmet sosialno-psihologiçeskogo issledowaniýa // Psihologiçeskiýe predmet sosialno-psihologiçeskogo issledowaniýa// Psihologiçeskiýe problemy sosialnoý konsepsii powedeniýa.M.,1976-282-sah.



toparynda hem ýüze çykyp, ol bilimleriñ hilini peseltmän, sosial ýerligi (konteksti) göz öñünde tutýanlygy sebäpli düşündirişe has añlanylan häsiýet berýär.

Gymmatlyklar meselesi sosial psihologiýa üçin sowal-abstrakt däl-de, anyk işjeñ meseledir. Takyk usulçalary endigan saýlap almak, döretmek we ulanmak, meseläni umumy, tutuşlygyna görmezden, "sosial ýerliksiz (kontektsiz)" sosial psihologik derñewe öz-özünden üstünlik getirip bilmez. Ýöne her bir takyk derñewe laýyklykda, bu "sosial ýerligi" tapmak usuly esasy mesele bolup galýar. Ýöne bu ikinji mesele. Esasy zat sosial psihologiýa ýaly ylymlarda gymmatlyk pikir ýöretmeleriniñ bolýanlygy añlamak, olaryñ üsti bilen öz sosial ornuna, ol ýa-da beýleki gymmatlyklary kabul edişine gözegçilik etmekdir. Aýry-aýry derñewlere degişlilikde derñewiñ başynda usulçany saýlamanyñ özüñ üçin derñewiñ esasy manysyny aýan etmek, onuñ näme maksat bilen geçirilýänligini, derñewçiniñ oña girişmekde nämeden ugur alýanlygyny anyklamak zerurdyr. Bu talaplary amala aşyrmagyñ esasy serişdesi sosial psihologik derñewiñ **maksatnamasyny** gurmakdyr. Görkezilen usulyýet kynçylyklaryñ şertlerinde çözülýän wezipeleri anyk goýmak, obýekti saýlamak, derñelýän meseläni añlatmak örän möhümdir. Bu derñewiñ "usulyýet üpjünçiligini" ýokarlandyrýar. Hut maksatnamanyñ

kömegi bilen her bir derñewiñ nähili "sosial ýerlige (kontekste)" goşulýanlygyny anyklap bolýar. Derñew maksatnamasy pikiri entek sosial psihologik amalyýete kynlyk bilen ornaşdyrylýan-da bolsa, ol derñewiñ kämilleşmegine, onuñ her bir aýratyn ýagdaýda "ýöne maglumat toplamakdan" öwrenilýän obýektiñ hakyky ylmy seljermesine öwrülmegine ýardam edýär.



öñki ýaşaýyş tejribesiniñ esasynda döreýän bolsa, onda onuñ üýtgeýşi-de diñe sosial şertleriñ “goşulmagynda” amala aşyrylyp bilner. Berkitmek bihewioristik däpde şeýle şert bilen baglanyşykly däldir. Sosial gönükdirilmäniñ hut özüniñ dispozisiýanyñ has ýokary derejelerine tabyn bolup durýanlygy attitýudyñ üýtgeýşini derñemekde sosial şertleriñ ähli ulgamyna ýüzlenmelidigini ýene-de bir gezek subut edýär.

Kognitiw sosial psihologiýanyñ däbinde sosial gönükdirilmeleriñ üýtgeýşi “laýyklylyk taglymaty” diýip atlandyrylýan ugruñ adalgalarynda berilýär /F.Haýder, T.Nýukom, L.Festinger, Ç.Osgud, P.Tannenbaum /. Beýle diýildigi gönükdirilme haçan indiwidiñ akyl ýetiriş - kognitiw gurluşynda aýrybaşgalyk dörän ýagdaýynda ýüze çykýandygyny añladýar: meselem, indiwidiñ haýsydyr bir obýekte bolan oñyn däl gönükdirilmesi bu obýekte oñyn baha berýän adama bolan gönükdirilme bilen çaknyşýar. Aýrybaşgalyk başga sebäpler boýunça hem döräp biler. Esasy zat attitýudyñ üýtgemegi üçin itergi hökmünde indiwide akyl ýetiriş-kognitiw laýyklygy dikeltmeklige bolan islegiñ döremegidir. Şeýle isleg daşky dünýäni kadaly, “birmazmunly” kabul etmeklige bolan islegdir. Bu ýerde hem kognitiw laýyklygy düzgüniniñ aşa ähmiýetlendirilişi dogrusyndaky tankydy bellikleriñ üstünde duruljak däldir. Bu mesele psihologik edebiýatda giñişleýin seredilendir. Bu ýerde bellemeli zat şeýle düşündiriş nusgasy kabul edilende sosial gönükdirilmeleriñ üýtgeýşiniñ sosial sebäpleriniñ ünsden

Attitýudlary üýtgemek meselesi günbataryñ sosial psihologiýanyñ möhüm bölümidir. Bu ýerde sosial gönükdirilmeleriñ üýtgeýiş tutumyny düşündirýän köp sanly nusgalar teklip edilendir. Bu düşündiriş nusgalary ol ýa-da beýleki derñewde kabul edilen düzgünleriñ esasynda guralýar. Attitýudlaryñ derñewi esasan iki sany esasy nazaryýet ugur- **bihewioristik** we **kognitiwistik** ugurlary boýunça amala aşyrylýandygy üçin bu ugurlaryñ düzgünlerine esaslanýan düşündiriş nusgalary has giñ ýaýrandyr.

**Bihewioristik** ugra gönükdirilen sosial psihologiýada /bu ýerde sosial gönükdirilmeleriñ derñewi K.Howlandyñ ady bilen baglanyşyklydyr/ attitýudlaryñ üýtgeýşine düşünmekligiñ esasy düzgüni hökmünde öwretmek düzgüni ulanylýar: adamyñ attitýudlary ol ýa-da beýleki sosial gönükdirilmeleriñ berkidilmeginiñ nähili guralandygyna baglylykda üýtgeýär. Höweslendiriş we temmi beriş ulgamyny üýtgetmek arkaly sosial gönükdirilmäniñ häsiýetine täsir edip, ony üýtgetmek bolýar. Berkitmek düzgüniniñ çäkliligi dogrusyndaky tankydy bellikler bize oñden mälim bolansoñ bu ýerde onuñ giñişleýin düşündirişi artykmaçdyr.[1] Biziñ kabul eden derñew düzgünlerimiziñ jähtinden sosial gönükdirilmeleriñ üýtgeýşini berkitmek arkaly düşündirmek maksadalaýyk däldir. Eger islendik attitýut öz mazmuny boýunça sosial – durmuşy bolan

[1] Seret: Andreewa G.M.Bogmolowan.,Petrowskaýa L.A. Sowremennaýa sosialnaýa psihologiýa na zapade/teoretiçeskiýe naprawleniýa/.M.1978.



# II BÖLÜM. ADAMLARYÑ ARAGATNAŞYGYNYÑ WE ÖZARA TÄSIRINIÑ KANUNALAÝYKLYGY.

## 4-nji bap. Jemgyýetçilik gatnaşyklary we şahsyýetara gatnaşyklary.

**Jemgyýetara we şahsyýetara gatnaşyklaryň baglanyşyklaryny derňemegiň usulyýet meselesi.**

Belleýşimiz ýaly, sosial psihologiýa adamyň özüni alyp barşynyň we işiniň adamlaryň hakyky sosial toparlara goşulmaklygy bilen döreýän kanunlaryny öwrenýän ylym bolýanlygy sebäpli, onuň iş salyşýan ilkinji tejribe hadysalarynyň biri adamlaryň aragatnasygy we özara täsiridir. Bu hadysalar haýsy kanunlar esasynda amala aşyrylýar, näme bilen döredilýär, nähili gurluşdan durýar, galyberse-de, olar ynsan gatnaşyklarynyň çylşyrymly ulgamynda nähili orun tutýar ?

Sosial psihologiýanyñ öñünde durýan esasy wezipe indiwiduallygyň sosial hakykata goşulyşynyň takyk mehanizmini açyp görkezmekdir. Hut şu mehanizmiň esasynda sosial şertleriň şahsyýetiň işine edýän täsiriniň netijesine göz ýetirmek bolýar. Bu

netijä" ilki bilen "sosial däl" özüňi alyp baryş bolup, soňra oňa "sosiallyk" goşulýan manyda düşünilmeli däldir. Ilki özbaşdak şahsyýetiň, soňra onuň sosial baglanyşyklara goşulyşyny öwrenmek bolmaz. Şahsyýetiň özi, bir tarapdan, bu sosial baglanyşyklaryň önümi bolup, başga bir tarapdan, olaryň işjeň döredijisidir. Şahsyýetiň we sosial baglanyşyklaryň ulgamynyň (makrogurluş – jemgyýetiň we mikrogurluş-golaý, daşky gurşawyň) özara täsiri iki bir-birinden üzñe mazmunyň täsiri däldir. Olar özara baglanyşykly bolup, şahsyýeti derňemek, hemişe jemgyýeti derňemegiň bir tarapydyr.

Diýmek, şahsyýeti turuwbaşdan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň umumy ulgamynda, belli bir, "sosial ýerlikde" seretmeli bolýar. Bu "ýerlik" – şahsyýetiň daşky dünýä bilen hakyky gatnaşyklary arkaly döredilýär. Gatnaşyklar meselesi psihologiýada uly usulyýet ähmiýete eýe bolup, ol belli bir derejede W.N.Mýasişewiň[1] işlerinde derňelendir. Gatnaşyklary öwrenmek tebigatyň obýektlerini daşky gurşaw bilen baglanyşyklykda öwrenmek ýaly umumy usulyýet düzgüniň amala aşyrylmaklygyny aňladýar. Adam üçin bu baglanyşyk gatnaşyk bolup, çünki ol bu baglanyşykda subýekt, dörediji hökmünde ýüze çykýar. Şonuň üçin Mýasişewiň aýdyşy ýaly, onuň dünýä bilen baglanyşyklykdaky orny takyk obýektlere bölnendir. Daşky dünýä bilen baglanyşyk haýwanlara hem mahsus bolup, ýöne Marksyň aýdyşy ýaly "haýwan hiç bir zada

[1]Seret: Mýasişew W.N. Liçnost i newrozy. L., 1960



has pes derejesi /meselem, gymmatlyk ugrukmasyna seredende/ göz öñünde tutulsa, onda onuñ üýtgeýiş meselesi has ähmiýetli bolýar. Sosial psihologiýa şahsyýetiñ haýsy ýagdaýda attitýud bilen hakyky özüñi alyp barşyñ aýrybaşgalygyny döredip biljekdigini ýüze çykarmagy öwrenäýende hem şeýle özüñi alyp barşyñ gelejegini çaklamaklyk bizi gyzyklandyrýan wagt aralygynda ol ýa-da beýleki obýekte bolan attitýudyñ üýtgäp ýa-da üýtgemezligine bagly bolýar. Eger attitýut üýtgeýän bolsa, onuñ haýsy tarapa üýtgejekdigi anyklanýança özüñi alyp barşyny çaklamak mümkin bolmaýar. Sosial gönükdirilmeleriñ üýtgeýşini döredýän şertleri öwrenmek sosial psihologiýa üçin möhüm meselä öwrülýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şahsyýetiñ özüni alyp barşynyñ öñüsyrasynda döreýän akyl ýetiriş gönükdirilmesiniñ ýagdaýa laýyk üýtgäp bilmän, adamy nähili gözgyny ýagdaýa salýandygyny iki monahyñ aragatnaşygynda görkezýär. Berlen sowala dzen okuwy boýunça jogap, gaýtaran goñşy ybadathananyñ hyzmatkärinden gepde basylan birinji ybadathananyñ hyzmatkäri halypasyna maslahat salanda, ol oña gepde nähili utmagyñ ýoluny öwredipdir. Ertesi ol basdaşyna şol önki sowalyny berende garşydaşy dzen boýunça däl-de, adaty dünýewi jogap gaýtarma boýunça gürleşip, ony ýene-de çykgynsyz ýagdaýa salýar.[1]

[1] Mukaddes Ruhnama. II kitap, 327-328sah.

arasyndaky gabat gelmekligi-de anyklamak bolýar. Elbetde, bu entek çaklama derejesindäki pikir ýöretmedir. Emma şahsyýetiñ özüni alyp barşynyñ dispozision dolandyrylyşy taglymatynyñ mümkinçiligi başga derñewlerde barlanyp görlüp, bu işlerde onuñ tejribe maglumatlarynyñ düşündiriş nusgasy hökmünde hyzmat edip biljekdigi anyklandy.

Bu taglymatyñ esasy pikiriniñ ähmiýetliligi bu ugurda ýüze çykýan usuly we nazaryýet meseleler kynçylyklar bilen utgaşýar. Olaryñ biri dispozision ulgamyny üýtgedýän şertler seljerilende edilende sosial ähmiýetli şertler bilen bir hatarda subýektiñ indiwidual psihologik aýratynlyklaryny göz öñünde tutmaly bolýar. Bularyñ nähili usulda baglanyşdyrylmalydygy adamyñ şahsyýet we indiwidual-psihologik aýratynlyklarynyñ baglanyşygy, ýagny şahsyýetiñ umumy psihologik taglymatynyñ esasy meseleleriniñ biriniñ çözülmegine talap edýär.

**Sosial gönükdirilmeleriñ üýtgeýşi.** Sosial gönükdirilmeleri derñemekde döreýän esasy meseleleriñ biri-de olaryñ üýtgeýşi dogrusyndaky sowaldyr. Gündelik durmuşyñ görkezişine görä, subýektde bar bolan islendik dispozisiýa üýtgäp bilýär. Olaryñ üýtgeýjilik we çeýelik derejesi dispozisiýanyñ ol ýa-da beýleki derejesine bagly bolýar: şahsyýetiñ dispozisiýasynyñ gönükdirilen sosial obýekti näçe çylşyrymly bolsa, dispozisiýa şonça-da durnuklydyr. Eger-de gönükdirilme-attitýud hökmünde dispozisiýanyñ



atnaşykda bolmaýar, hiç bir zada gatnaşyk döretmeýär".[1]

Bir ýerde gatnaşyk bar bolsa, ol diňe adamyň gatnaşygy hökmünde ýüze çykyp, ol subýektiň işjeňligi esasynda gönükdirilendir.

Ýöne adamyň dünýä bilen gatnaşygynyň mazmuny, derejesi dürli-dürlüdir: her bir indiwid gatnaşyga goşulyp, şol bir wagtyň özünde tutuş toparlar hem özara gatnaşykda bolýarlar. Diýmek, adam köp dürlülikden gatnaşyklaryň iki esasy görnüşi tapawutlandyrmalydyr. Bular jemgyýetçilik gatnaşyklary we Mýasişewiň atlandyryşy ýaly şahsyýetiň "psihologik" gatnaşyklarydyr.

Jemgyýetçilik gatnaşyklaryň gurluşy sosiologiýa tarapyndan öwrenilýär. Sosiologik taglymatda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir bir-birlerine tabynlyk gurluşy ýüze çykarylandyr. Bu gurluşyň esasynda maddy gatnaşyklar bolup, onuň üstünde sosial gatnaşyklar / sözüň dar manysynda, umumy sosiologiýada bu düşünjäniň iki – giň jemgyýetçilik gatnaşyklary manysy we dar – sosial toparlaryň özara gatnaşygy manysy bardyr /, syýasy, aňyýet gatnaşyklar durýar. Bularyň hemmesi jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamydyr. Olaryň özboluşlylygy – bu ulgamda ýöne indiwid indiwid bilen "duşuşman" ýa-da bir-birine "gatnaşman", onda indiwidler belli bir jemgyýetçilik toparlaryň / synplaryň, zähmetiň paýlaşylýan ulgamynda döreýän hünär toparlarynyň,

[1] Marks K., Engels F. Soç.t. 3. 29-sah.

şeýle hem syýasy durmuş ulgamynda dörän toparlaryň – syýasy partiýalaryň we ş.m. / wekili hökmünde ýüze çykýarlar. Marks jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň mazmunyny häsiýetlendirip ýörite belläpdi: "Bu - bir indiwidiň beýlekä gatnaşygy bolman, işçiniň kapitaliste, fermeriň ýer eýesine bolan gatnaşygydyr".[1] Şeýle gatnaşyklar sulhuň alyp – almazlygyň esasynda däl-de, her kimiñ jemgyýetiň ulgamynda eýeleýän ornuna baglylykda guralýar. Şonuň üçin bu gatnaşyklar obýektiw döräp, olar sosial toparlaryň ýa-da bu toparlaryň wekilleri hökmünde ýüze çykýan indiwidleriň arasyndaky gatnaşykdyr. Bu jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň şahsy däl häsiýetlidigini aňladýar. Olaryň mazmuny takyk şahsyýetleriň özara täsirinde däl-de, takyk orunlaryň özara täsirindedir.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ynsanyñ iş-durmuşynda kabul edilen ýörelgä eýerilip we öwredilip bolmaýan, ýürek emri bilen amal edilýän gatnaşyklaryñ özboluşlylygyny nygtap: "Adama ylym öwredip bolar, emma iman öwredip bolmaz, yşk hem öwredip bolmaz".[2]

**Sosial orun (rol)** – bu adalga indiwidiň jemgyýetçilik ulgamynda eýeleýän ornuny aňladýar. Has takygy orun munuň özi "şol bir orny eýeleýän adamdan garaşylýan özüňi alyp barşyň kada taýdan ykrar edilen nusgasy, wezipesidir." [3] Bu garaşylma sosial ornuň umumy keşbini kesgitläp, takyk

[1] Marks K., Engels F. Soç. T. 4. 125 sah.
[2] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap. 373 sah.
[3] Kon I. S. Sosiologiýa liçnosti. M., 1967, 12-42 sah.



bilen hakyky özüñi alyp barşyñ gabat gelmezligi diñe bir özüñi alyp barşyñ dolandyrylyşyna “obýekte bolan attitýudyñ” hem-de “ýagdaýa bolan attitýudyñ” goşulmagy ýa-da şol bir derejede attitýudyñ kä akyl ýetiriş -kognitiw, käte bolsa duýgy-affektiw düzüjisiniñ agdyklyk etmegi bilen däl-de, eýsem has çuññur sebäpler bilen düşündirilýär. Her bir takyk ýagdaýda dispozisiýanyñ dürli derejeleri “işleýär”. Olar öz mazmunlary boýunça dürli-dürli bolup bilýär. Meselem, Lapýeriñ beýan edýän ýagdaýynda myhmanhana eýeleriniñ gymmatlyk ugrukmasy /bular belli bir gatlagyñ wekili bolup durýar/ höküm sürýän añyýetiñ täsiri astynda kemala gelip biler. Amerikaly däl adamlara oñyn däl gatnaşykda bolmak ýa-da bolmasa hytaýlylara nädogry stereotipde bolmak we ş.m. Disposiýanyñ hut şu derejesi hytaýlylara myhmandarlyk edilermi diýen sowala ýazmaça jogap berlende “işe” giripdir. Şol bir wagtyñ özünde hytaýlylaryñ myhmanhana ýerleşdirilmegi hakyndaky mesele takyk çözlen wagtynda dispozisiýanyñ ýönekeý, adaty özüñi alyp barşy dolandyrýan derejesi “işe” girýär. Şonuñ üçin şeýle attitýud bilen hakyky özüñi alyp barşyñ arasynda hiç hili gapma-garşylyk döremän, bu aýrybaşgalyk dispozisiýanyñ ýokary derejesi bilen özüñi alyp barşyñ ýagdaýyñ başga derejesine laýyk görnüşiniñ arasynda döreýär. Eger haýsydyr bir usulçanyñ kömegi bilen wajyp durmuşy meseleleriñ derejesinde hakyky özüñi alyp barşyñ häsiýetini ýüze çykarmak başartsa, onda şu derejede gymmatlyk ugrukmasy bilen hakyky işiñ

derejelerinde dispozision döredijileriñ belli bir derejeleri goşulýanda bolsa, onuñ ýokary derejeleri gös-göni bolmasa-da, çylşyrymly aralaşdyrylmalar arkaly sosial özüñi alyp barşyñ pes derejelerine hem öz dolandyryş täsirini ýetirýär.

Dispozisiýanyñ ýokary derejelerinde kognitiw, affektiw we özüñi alyp baryş düzüjileriñ özboluşly görnüşlerde ýüze çykýandygy aýratyn ähmiýetlidir. Onda esasy zat - bu düzüjileriñ her biriniñ ähmiýet agramynyñ dürli-dürlüligidir. Has ýönekeý ýagdaýlarda sosial obýektleriñ takyk görnüşleri bilen iş salşylanda duýgy - affektiw düzüjiniñ aýgytly orny oýnaýandygy tebigydyr. Şahsyýetiñ özüni alyp barşynyñ we işiniñ dolandyrylyşynyñ iñ ýokary derejeleri barada aýdylanda, bu ýerde işiñ özi diñe düşünjeleriñ has çylşyrymly ulgamlarynda añlanylan ýagdaýyñda özleşdirilip bilinýär. Bu ýerde dispozisiýalaryñ kemala gelmeginde /esasy sosial gönükdirmeler ýa-da gymmatlylyk ugrukmasy/ dispozisiýanyñ akyl ýetiriş-kognitiw düzüjisi has güýçli ýüze çykýar. Şahsyýetiñ zähmet, ahlak, syýasy añyýetler ýaly durmuşyñ esasy gymmatlyklaryna bolan gatnaşyklaryny diñe duýgy-emosional bahalandyryşda göz öñünde getirmek kyndyr. Şeýlelikde, dispozisiýalaryñ çylşyrymly özara tabyn ulgamy dispozision hadysalaryñ üç düzüjileriniñ özara utgaşmasyna täzeçe düşünmäge mümkinçilik berýär.

Teklip edilen taglymatyñ jähtinden Lapýeriñ tejribesini täzeçe düşündirmek mümkinçiligi döreýär. Söz üsti bilen ýüze çykarylýan gönükdirilme-attitýud



indiwidiň aňyna we özüni alyp barşyna bagly däldir; bu garaşylmalaryň subýekti indiwid däl-de, jemgyýetdir. Bu ýerde ýene-de bir bellemeli zat - hukuk we borçlaryň göz öňünde tutulmagy /"garaşma" adalgasynyň mazmuny / esasy däl däl-de, sosial ornuň şahsyýetiň sosial işiniň belli bir görnüşleri bilen baglanyşygy has düýpli bolup durýar.[1] Şonuň üçin sosial orna "sosial işiň jemgyýete zerur görnüşi we şahsyýetiň özüni alyp barşynyň usuly" [2] - diýip aýtmak bolar.

Mundan başga-da sosial orun hemişe belli bir jemgyýetçilik bahalandyrylyşy özünde jemleýär: jemgyýet käbir sosial orunlary makullap ýa-da makullaman biler / meselem, "jenaýatçy" diýen sosial orun makullanmaýar. / Kähalatlarda şeýle makullanmak ýa-da makullanmazlyk dürli sosial toparlarda tapawutlandyrylyp, ol ýa-da beýleki jemgyýetçilik toparynyň sosial tejribesine laýyklykda bu baha dürli mazmunda bolup biler. Makullanýan ýa-da ret edilýän takyk adam bolman, sosial işiň belli bir görnüşi bolýar. Şeýlelikde orun arkaly biz adamy belli bir sosial topara goşýarys.

Hakykatda her bir indiwid bir däl-de, birnäçe sosial orunlary ýerine ýetirýär: ol hasapçy, çagalaryň atasy, arkadaşlar agzasy, futbol ýygyndy toparynyň oýunçysy we ş.m. bolup biler. Orunlaryň birnäçesi adam doglanda oňa berilýär. /Meselem, aýal ýa-da erkek

[1] Kon I. S. Sosiologiýa liçnosti. M., 1967, 12-42 sah.
[2] Seret: Bulýewa L.P. Sosialnaýa sreda i soznamiýe liçnosti. M., 1967

bolmak/, beýlekileri durmuşda gazanylýar. Ýöne sosial roly ony takyk ýerine ýetirijiniň işini we özüni alyp barşyny bölekleýin kesgitlemeýär: bu indiwidiň orny özleşdirişine, kabul edip özüne ornaşdyryşyna bagly bolýar. Ornaşdyrylyş tutumy orny alyp baryjynyň birnäçe indiwidual psihologik aýratynlyklary bilen kesgitlenýär. Şonuň üçin jemgyýetçilik gatnaşyklary öz mazmuny boýunça orunly, şahsy däl gatnaşyklar bolsa-da, özüniň takyk ýüze çykyşynda belli bir "şahsyýet öwüşginini" alýar. Seljerişiň käbir jähtinde, meselem, sosiologiýada we syýasy ykdysadyýetde bu "şahsyýet öwüşgini" kän bir hasaba alynmasa-da, ol anyk hadysadyr. Şonuň üçin bilimleriň ýörite bölümlerinde, meselem, sosial psihologiýada ol giňişleýin derňemelidir.

Marks jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň mazmunyny häsiýetlendirip, onda adamlaryň indiwid hökmünde däl-de, synpyň agzasy hökmünde hereket edýändigini nygtap şeýle belläpdi: "Muny rantýe, kapitalist we ş.m. şahsyýet bolmaklygyny bes edýär diýen manyda däl-de, olaryň şahsyýeti takyk synpy gatnaşyklary arkaly döredilýär we kesgitlenýär diýen manyda düşünmelidir."[1] Şahsy däl jemgyýetçilik gatnaşyklaryň ulgamynda şahsyýet bolmak bilen adamlar hökmany ýagdaýda özara täsire, aragatnaşyga goşulyp, bu tutumda olaryň indiwidual häsiýetnamalary ýüze çykýar. Şonuň üçin her bir sosial orun absolýut ýagdaýda özüňi alyp barşyň

[1] Marks K. , Engels F. Soç. T. 3. 77 sah.



derejede göýä bir "durmuş meýilnamasy" ýaly bolup, onuñ mohüm düzüjileri hökmünde adamyñ işiniñ zähmet, akyl ýetiriş, maşgala we jemgyýetçilik durmuşy ýaly esasy sosial ugurlary bilen baglanyşykly aýry-aýry durmuş maksatlary öñe saýlanýar." [1]

Teklip edilen nazaryýet esaslandyrmasy gönükdirilmeler - attitýudlar meselesine düýpgöter täzeçe çemeleşmäge mümkinçilik berýär. Bu taglymat sosial gönükdirilmäniñ giñ jemgyýetçilik ýerliginden üzñeligini ýeñip geçip, oña şahsyýetiñ işiniñ ähli ulgamynyñ dolandyrylyşynda möhüm, emma şol bir wagtyñ özünde çäkli orun berýär. Aragatnaşygyñ takyk ýagdaýlarynda, gündelik özüñi alyp barşyñ ýönekeý görnüşlerinde sosial gönükdirilmeleriñ kömegi bilen şahsyýetiñ ol ýa-da beýleki häsiýetde hereket etmeklige taýýarlygyna göz ýetirmek bolar. Emma has çylşyrymly ýagdaýlarda, durmuşyñ has wajyp meselelerini çözmekde, möhüm durmuşy maksatlary goýmakda attitýud şahsyýetiñ işiñ haýsy motiwlerini saýlajakdygyny kesgitläp bilmeýär.

Işiñ dolandyrylyşyna bu ýerde has çylşyrymly döredijiler goşulýar: şahsyýet işiñ diñe bir "golaý" görnüşinde däl-de, sosial baglanyşyklaryñ we gatnaşyklaryñ has giñ ulgamynyñ birligi hökmünde seredilýär: şahsyýet bu ýerde sosial özara täsiriñ diñe bir golaý gurşawyna däl-de, jemgyýetiñ ulgamyna goşulan häsiýetde göz öñünde getirilýär. Bu işiñ dürli

[1] Ýadow W.A. Samoregulýasiýa i prognozirowaniýe sosialnogo powedeniýa liçnosti. L., 1979. Str 98

ugurlarynda kemala gelýär. Edil attutýudlar ýaly özeni sosial gönükdirilmeler hem üç düzüjili gurluşdan durýar: ýöne bu aýratyn sosial obýekte gatnaşyk däl-de, haýsydyr bir ähmiýetli sosial ugurlara bolan gatnaşygyñ ýüze çykyşydyr. IV Dispozisiýalaryñ dördünji ýokary derejesi **şahsyýetiñ gymmatlyk ugrukmasynyñ** ulgamyny emele getirip, ol şahsyýetiñ özüni alyp barşyny we işini onuñ sosial işjeñliginiñ has ähmiýetli ýagdaýlarynda dolandyrýar. Gymmatlyk ugrukmasynyñ ulgamynda şahsyýetiñ iş durmuşynyñ maksadyna, bu maksady kanagatlandyryş serişdelerine, ýagny şahsyýetiñ durmuşynyñ diñe umumy sosial şertler, jemgyýetiñ görnüşi , onuñ ykdysady, syýasy, añyýet düzgünleri bilen döredilýän ýagdaýlaryna bolan gatnaşygy ýüze çykýar.

Dispozision hadysalaryñ teklip edilen özara tabynlygy tutuşlygyna alanda şahsyyetiñ özüni alyp barşyna degişlilikde dolandyryş ulgamy hökmünde ýüze çykýar. Dispozisiýanyñ her bir derejesini belli bir takyklykda işiñ belli bir takyk görnüşiniñ dolandyrylyşy bilen baglanyşdyrmak mümkin: **Birinji dereje** subýektiñ işjeñ ders, zat, ýagdaýyna bolan gös-göni jogap hereketini dolandyrmaklygy añladýar. **Ikinji dereje** şahsyýetiñ adaty ýagdaýlaryndaky hereketlerini dolandyrýar. **Üçünji dereje** eýýäm **hereketleriñ** birnäçe **ulgamyny** dolandyryp, ol özüñi alyp barşy ýa-da şahsyyetiñ hususy işini dolandyrýar. Galyberse-de, **dördünji dereje** özüñi alyp barşyñ bitewiligini ýa-da şahsyýetiñ **işini** dolandyrýar. “Maksat goýmak bu



ülňusi bilen döredilmän, ol özüni ýerine ýetiriji üçin belli "mümkinçilikleriň giňişligini" galdyrýar. Muny şertli ýagdaýda "orny ýerine ýetirişiň usuly" – diýip atlandyrmak bolar. Hut şu "giňişlik" şahsy däl jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ikinji hataryny - şahsyýetara /ýa-da Mýasişewiň aýdyşy ýaly psihologik / gatnaşyklary döretmäge mümkinçilik berýär.

**Şahsyýetara gatnaşyklaryň orny we mazmuny**

Şahsyýetiň gatnaşyklarynyň adamyň iş-durmuşyndaky ornuny anyklamak örän möhümdir. Sosial psihologik edebiýatda şahsyýetara gatnaşyklaryň orny, ilkinji nobatda jemgyýetçilik gatnaşyklary ulgamyna degişlilikdäki orny barada dürli pikirler aýdylýar. Kähalatlarda olary jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen bir hatarda, olaryň özeni, ýa-da tersine, iň ýokarky gatlagy hökmünde seredýärler. Başga bir ýagdaýda bolsa aňda jemgyýetçilik, gatnaşyklarynyň şöhlelenmesi hökmünde we ş.m.garaýarlar. Eger-de şahsyýetara gatnaşyklary jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen "bir hatarda" goýulman, her bir jemgyýetçilik gatnaşygynyň içinde döreýän gatnaşyklaryň aýratyn bir hatary hökmünde seredilse, onuň mazmunyny obýektiw açmak bolar. Aýdyň keşpde muny aýratyn tekizlik bilen kesilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryň ulgamy hökmünde göz öňüne getirmek bolar: ykdysady, sosial, syýasy we beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň "kesiminde" göze ilýänler şahsyýetara

gatnaşyklary bolup durýar. Şeýle nukdaýda şahsyýetara gatnaşyklarynyň göýä şahsyýete täsir edýän sosial bitewiligi "aralaşdyrýan" häsiýetde ýüze çykýanlygy düşnükli bolýar. Bu gatnaşyklaryň iki hataryda bilelikde berlip, ikinji hatardaky gatnaşyklara çuňňur düşünmäge päsgel berýär.

K. Marks "Kapitalda" şeýle belleýär: "Eger-de haryt eýesi A. uly mekir bolup haryt eýesi B-ni aldan bolsa – 40 funt sterling durýan çakyr üçin bahasy 50 funt sterling bugdaý alan bolsa, alşykda bolan gymmatlyk ýekeje atomlyk köpelmände bolsa, A bilen B –niň arasyndan paýlanyşyk düýpli üýtgeýär. Şonuň üçin Marks diňe öz tebigaty boýunça şahsy däl obýektiw jemgyýetçilik gatnaşyklaryny derňemegiň ýeterlik däldigini üznüksiz nygtapdy. "Biz adamlary indiwidual däl-de, diňe personofisirlenen düşünje – kategoriýa hökmünde seredip kyn ýagdaýa düşdük."[1]

Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň dürli görnüşleriniň içinde şahsyýetara gatnaşyklarynyň bolmagy bu şahsy däl gatnaşyklary takyk şahsyýetleriň işinde, olaryň aragatnaşygynda we özara täsirinde "amala aşyrmakdyr". Şol bir wagtyň özünde gatnaşyklaryň şeýle "amala aşyrylyşynda" gatnaşyklar /şol sanda jemgyýetçilik gatnaşyklary/ gaýtadan döredilýär. Başgaça aýdanymyzda, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň obýektiw jisiminde "indiwidleriň aňly erkinden we aýratyn maksadyndan," gelip çykýan pursatlar bardyr. Sosial we psihologik hadysalar hut şu ýerde gös-göni

[1] Seret: Marks K., EngelsF. Soç.T.23 sah 173.



dürli tabynlygyna seretsek, onda degişli dispozisiýany her bir islegiñ derejesiniñ we ony kanagatlandyryş ýagdaýynyñ kesişýän ýerinde bellemek maksadalaýykdyr. W.A.Ýadew muña degişlilikde dispozisiýanyñ dört derejesini tapawutlandyrýar: I.Birinji derejani **ýönekeý berkidilen gönükdirilmeler** / D.N.Uznadzeniñ düşünişinde/ düzýär: olar ýönekeý tebigy isleglerin we ýönekeý ýagdaýlaryñ duşuşmaklygynda /W.A.Ýadowyñ nusgasynda maşgala agzalarynyñ we has ýönekeý "ders ýagdaýlarynda"/ döreýär. Dispozisiýalaryñ bu derejesini "gönükdirme" diýip añlatmak bolar. /günbataryñ derñewlerinde bu "set" diýip atlandyrylýar/. II. Ikinji dereje – bu has çylşyrymly dispozisiýalar bolup, ol adamyñ kiçi toparda aragatnaşyga bolan islegi esasynda kemala gelýär we bu toparyñ işi arkaly döredilýän ýagdaýlarda ýüze çykýar. Şeýle häsiýetdäki dispozisiýalar berkidilen **sosial gönükdirilmä ýa-da attitýuda** laýyk bolup, ol ýönekeý berkidilen gönükdirilmeden tapawutlykda çylşyrymly üç düzüjini - kognitiw, affektiw we hereket - özüñi alyp barşy özünde jemleýän hadysadyr. III. Üçünji dereje şahsyýetiñ sosial işjeñliginiñ takyk ugruna degişlilikde höwesleriniñ umumy gönükdirilmesinden ybarat bolup, **özeni gönükdirilmeleri** döredýär. Şeýle dispozisiýalar adamyñ takyk "iş", boş wagtyny geçirmegiñ takyk ugry we ş.m. görnüşde ýüze çykýan şahsyýetiñ isjeñlige bolan islegini kanagatlandyrýan işiñ

dynç alşyñ, durmuşyñ belli bir ugry bilen baglanyşykly bolan işiñ giñ kesimi bolup durýar: galyberse-de indiwidiñ jemgyýetiñ añyýet we medeni gymmatlyklaryny özleşdirmek arkaly goşulýan sosial – synpy gurluşy hökmünde düşünilýän işiñ ugry. Işiñ haýsy ugrunda özüniñ kanagatlandyryşyny tapyşyna laýyklykda islegleriñ dört derejesi ýüze çykýar.

Indi bu nusga belli bir islegler bilen "duşuşýan", indiwidiñ hereket edip biljek ýagdaýlarynyñ tabynlygyny döretmeli bolýar. Bu ýagdaýlar işiñ şerti hökmünde seredilip, özleri-de "hut şu şertleriñ esasy durky saklanýan" **wagt__**dowamlylygy esasynda düzülendir. Şeýle bolanda ýagdaýlaryñ iñ pes derejesi zat ýagdaýlary bolup, olar çalt üýtgeýän , gysga wagtlaýyndyr. Indiki dereje – toparlaýyn aragatnaşyk ýagdaýy bolup, ol indiwidiñ kiçi topardaky işine mahsusdyr. Zähmet işinde bolup geçýän /haýsydyr bir hünäriñ, pudagyñ we ş.m. çäginde dynç alyşda, hyzmatda we ş.m. ýüze çykýan/ iş şertleri ýagdaýlaryñ üçünji derejesini döredýär. Galyberse-de, şahsyýetiñ iş-durmuşynyñ has giñ ugruna häsiýetli bolan uzak wagtlaýyn, durnukly, jemgyýetiñ belli bir görnüşiniñ, onuñ giñ ykdysady, syýasy we añyýet gurluşynyñ çäginde herekete gelýän iş şertleri. Şeýlelikde, şahsyýetiñ hereket edýän ýagdaýlarynyñ gurluşyny onuñ derejesiniñ häsiýetnamasynyñ kömegi bilen suratlandyrmak mümkin .

Eger-de ýene-de D.N.Uznadzeniñ nusgasyna dolanyp, onuñ nukdaýyndan dispozision hadysalaryñ



çaknyşýarlar. Şonuň ucin bu meseläniň goýluşy sosial psihologiýa üçin iňňän ähmiýetlidir.

Sosial psihologiýa üçin gatnaşyklaryň teklip edilen gurluşynyň möhüm netijesi bardyr. Bu gatnaşyklar her bir şahsyýetara gatnaşygyna goşulýany üçin ýeke-täk anyk gatnaşyk bolup durýar. Hakykatda şahsyýetara gatnaşygynyň mazmunyny ahyr netijede jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ol ýa-da beýleki **görnüşi** düzýän bolsa-da /ýagny belli bir sosial iş/, emma olaryň **mazmuny**, manysy köp derejede näbelli bolup galýar. Şahsyýetara, jemgyyetçilik gatnasyklarynyň tutumynda adamlar pikir alşyp, bu gatnaşyklary aňlaýan-da bolsalar, bu aňlamaklyk köplenç adamlaryň özleriniň **şahsyýetara gatnaşyga** goşulandygyny aňlamakdan aňry geçmeýär.

Jemgyýetçilik gatnasyklarynyň aýry- aýry pursatlary oňa goşulanlar tarapyndan diňe şahsyýetara gatnaşyklara ýaly kabul edilýar: kimdir- biri "betpäl telekeçi", "mekir söwdagär" we ş.m. kabul edilýär. Adaty aňyň, ýagny, jemgyýetçilik psihologiýasynyñ derejesinde, ýörite nazaryýet seljermesi tutumy hut şeýle geçýär. Şonuň üçin özüňi alyp barşyň meýilleri bolmasa, aňlamaklyk tutumy hut şeýle geçýär. Özüňi alyp barşyň meýilleri köplenç gatnaşyklaryň şu ýüzleý ýagdaýy bilen düşündirilip, bu ýagdaýyň esasynda duran obýektiw gatnaşyklar aýan bolman galýar. Bu zatlaryň üstesine-de şahsyýetara gatnaşyklary jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ýeke-täk hakykylygy bolup durýar. Olarsyz "sap" jemgyýetçilik gatnaşyklary

ýokdur. Şonuň üçin her bir toparlaýyn hereketlerde onuň gatnaşyjylary iki häsiýetde bolýarlar: şahsy däl, sosial orun-rollaryň ýerine yetirijisi we gaýtalanmaz adam şahsyýetleri. Bu adamyň jemgyýetçilik gatnaşyklar ulgamyndaky ýagdaýyny däl-de, diňe toparlaýyn baglanyşykdaky ornuny aňlatmak üçin "şahsyýetara orny" diýen düşünjäni girizmäge esas berýär; bu orun adamyň görkezilýän ulgamdaky obýektiw orny esasynda däl-de, şahsyýetiň indiwidual psihologik aýratynlyklary esasynda ýüze çykýar. Şeýle şahsyýetara orunlaryň mysalyny gündelik durmuşdan görmek bolýar: toparda aýry-aýry adamlara "sada ýigit", "özümiziňki", "gara keçeli" we ş.m. diýýärler. Sosial orunlaryň ýerine ýetiriliş usulynda şahsyýetiň sypatlaryny ýüze çykarmak toparyň beýleki agzalarynda jogap hereketini döredip, toparda şahsyýetara gatnaşyklarynyň giden bir ulgamyny emele getirýär.

Şahsyýetara gatnaşyklaryň häsiýeti jemgyýetçilik gatnaşyklaryň häsiýetinde düýpgöter tapawutlanýar: olaryň möhüm aýratynlygy – duýgy-emosional esasydyr. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şahsyýetara gatnaşyklaryñ özboluşlylygy hökmünde "adam şahsyýetine ruhy gözlegler meselesinde erkinlik, azatlyk , "menlik" bermegiñ zerurlygyny" belleýär. Şonuň üçin şahsyýetara gatnaşyklary toparyň psihologik ýagdaýynyñ şerti hökmünde seretmek bolar. Şahsyýetara gatnaşyklarynyň duýgy-emosional tarapy adamlaryň bir-birlerine döreýän duýgulary esasynda



kesgitlemek D.N.Uznadzeniñ nusgasynyñ esasynda amala aşyrylýar. Muña laýyklykda gönükdirilme hemişe bir tarapdan haýsydyr bir isleg, ikinji tarapdan bu islegi kanagatlandyrmaga ýagdaý bolanda ýüze çykýar. Ýöne D.N.Uznadzeniñ göz öñünde tutýan gönükdirilmeleri adamyñ diñe ýönekeý isleglerininiñ olary kanagatlandyrmagyñ çylşyrymly bolmadyk ýagdaýy bilen “duşanda” ýüze çykýar.

W.A.Ýadow islegleriñ has ýokary, şol sanda sosial derejelerinde üýtgeşik dispozision (orun eýeleýiş) hereket edip, olar her gezekde islegleriñ we olary kanagatlandyryş ýagdaýlarynyñ belli bir derejesi “duşuşan” halatda ýüze çykýarlar. Bu dispozisiýalaryñ ählisiniñ umumy nusgasyny beýan etmek üçin islegleriñ we adamyñ hereket edip biljek ýagdaýlarynyñ bir-birine tabynlygyny, hiç bolmanda şertli ýagdaýda ýüze çykarmaly bolýar. Islegleriñ tabynlygy dogrusynda aýdylanda bu ugurda köp sanly görnüşlere bölmeler teklip edilenligini bellemek gerek. Bu synanyşyklaryñ hiç biri bu günüñ talabyna ödemeýär. Şonuñ üçin bu nusgany gurmakda haýsydyr bir öñden mälim görnüşlere ýüzlenmän, islegleriñ mümkingadar tabynlygynyñ özboluşly beýany bermelidir. Bu ýagdaýda islegler ýeke-täk esas boýunça – **şahsyýetiñ sosial işiñ dürli ugurlaryna, goşulýanlygy** nukdaýdan görnüşlere birleşdirilýär. Islegleriñ “tabynlygy” bu işleriñ tabynlygyny gaýtalaýar.

Adamyñ isleglerininiñ amala aşyrylýan ilkinji ýeri onuñ ýakyn maşgala topary, ondan soñkusy zähmetiñ,

jähtden amala aşyryljak bolsa onuñ netijesi birtaraplaýyn bolar.

**Sosial gönükdirilmeleriñ tabynlylykly gurluşy.** Sosial gönükdirilmeleri mundan beýläk öwrenmegiñ häzirki döwürdäki maksady ýüze çykan kynçylyklary ýeñip geçmäge mümkinçilik berýän täze pikirleri öñe sürmekden ybaratdyr. Mälim bolşy ýaly, attitýudyñ bütewiligi onuñ häsiýetlerini we gurluşyny has çuñlaýyn beýan etmeklige bolan synanyşyklar netijesinde ýitirilipdi. Şonuñ üçin ilkinji wezipeleriñ biri sosial gönükdirilmäniñ bitewi hadysa hökmündäki düşünilişini gaýtadan dikeltmekdir. Ýöne şeýle gönükdirilmäniñ ilki derñelip başlan döwründäki pikirlerine dolanyş bolmaly däldir. Sosial gönükdirilmäniñ bütewilik nazaryýetine öwrülip gelmek bu bütewiligi sosial ýerlikde düşünmek bilen utgaşdyrylmalydyr.

Bu meseleleri çözmeklige synanyşyk W.A.Ýadowyñ "şahsyýetiñ sosial özüni alyp barşynyñ dolandyryşynyñ dispozision taglymatynda" amala aşyryldy. Bu taglymatyñ esasynda durýan esasy pikir adamyñ dispozision hadysalaryñ (orun eýeleýiş) dürli ulgamyny özünde jemläp, bu hadysalaryñ bolsa onuñ özüni alyp barşyny we işini dolandyrýanlygy bilen baglanşyklydyr. Bu dispozisiýalar bir-birine tabyn häsiýetde guralyp, olarda has ýokary we pes derejeleri ýüze çykarmak mümkin. Şahsyýetiñ sosial özüni alyp barşynyñ dispozision dolandyrylyşynyñ derejelerini



döreýär. Duýgularyň "toplumy" çäksizdir. Ýöne olaryň ählisini iki uly topara goşmak mümkin:

1) **konýuktiw** duýgular – adamlary ýakynlaşdyrýan, birleşdirýän duýgular. Gatnaşygyň şeýle görnüşinde beýleki tarap ýakymly, höwes bildirilýän obýekt hökmünde kabul edilip, oňa degişlilikde subýekt özüniň bilelikde aragatnaşygy ýola goýmaklyk meýlini ýüze çykarýar.

2) **dizýunktiw** duýgular – bu topara adamlary daşlaşdyrýan duýgular girip, beýleki tarap makul däl, biynjalyk dörediji obýekt hökmünde kabul edilip, subýektde oňa aragatnaşyga bolan höwes döremeýär. Duýgularyň ikisiniň hem depgini dürli-dürli bolup biler. Olaryň ösüş derejesi toparyň işi üçin uly ähmiýetlidir. Ýöne diňe şeýle şahsyýetara gatnaşyklaryň seljermesi toparyň häsiýetnamasy üçin ýeterlik däldir. Adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar hiç wagt diňe duýgy emosional galtaşmalaryň esasynda döremeýär. Işiň hut özi gatnaşyklaryň başga bir hataryny döredip, olary aralaşdyrýar. Şonuň üçin topardaky iki hatar gatnaşyklary bir wagtda seljermek sosial psihologiýa üçin iňňän kyn wezipe bolup durýar. Bu şahsyýetara gatnaşyklar hem-de iş bilen aralaşdyrylan gatnaşyklardyr. Şahsyýetara gatnaşyklarynyň öwrenilişine degişlilikde usuly serişdeleriň bir topary döredilendir. Şeýle serişdeleriň esasylarynyň biri sosial psihologiýa giňden belli bolan amerikan alymy J. Moreno tarapyndan teklip edilen sosiometriýa usulydyr.

Usulyň mazmuny toparyň agzalarynyň arasynda "sulh alyşmaklyk" we "sulh alyşmazlyk" ulgamyny ýüze çykarmakdan ybaratdyr. Başgaça aýdanyňda, belli bir şert boýunça toparyň her bir agzasynyň onuň ähli beýleki agzalaryny "saýlamak" esasynda duýgy-emosional gatnaşyklaryň ulgamy aýdyňlaşdyrylýar. Şeýle "saýlawlaryň" netijesi aýratyn bir jedwele-sosiometrik matrisa ýerleşdirilip ýa-da diagramma – sosiogramma görnüşinde beýan edilip, soňra indiwidual, toparlaýyn diýen ýaly dürli "sosiometrik indeksler" hasaplanylýar. Sosiometriýanyň maglumatlarynyň kömegi bilen toparyň her bir agzasynyň şahsyýetara gatnaşyklar ulgamyndaky ornuny kesgitlemek mümkin. Usulyň geçirilişini doly ýazmak bu ýerde artykmaç bolansoň, okyja degişli edebiýatlary salgy berýäris. Jemläp aýdylanda, sosiometriýa topardaky şahsyýetara gatnaşyklarynyň "suratyny" almak, topardaky oňyn ýa-da oňyn däl emosional gatnaşyklarynyň ösüş derejesini bilmek üçin giňden ulanylýar.

**Şahsyýetara we jemgyýetçilik gatnaşyklar ulgamynda aragatnaşyk.**

Şahsyýetara gatnaşyklaryň seljermesini jemgyýetçilik gatnaşyklaryndan aýyrman, olaryň içinde emele gelýän hadysa hökmünde bermek, adamyň daşky dünýä bilen bolan baglanyşyklaryň çylşyrymly ulgamynda aragatnaşygyň orny baradaky meseläni maksadalaýyk



“herekete”gelmekligi mümkin. Lapýeriñ tejribesinde obýekte bolan attitýud oñyn däl häsiýetli bolup /hytaýlylara bolan gatnaşyk/, ýöne ýagdaýa bolan attitýud “agdyklyk” edýärdi - myhmanhananyñ eýesi takyk ýagdaýda hyzmat edilişiñ kabul edilen kadalaryna laýyk hereket edýär. D.Katsyñ we Stotlendiñ pikiriçe attitýudyñ dürli taraplarynyñ aýratyn ýüze çykyşy şeýle düşündirilýär: dürli ýagdaýlarda attitýudyñ kognitiw ýa-da affektiw düzüjileri ýüze çykýanlygy sebäpli netije dürli-dürli bolýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adamyñ pähim –paýhas ulgamynyñ köptaraplylygyny häsiýetlendirip, şeýle belleýär: "Adam şahsyýetiniñ ruhy kämilligi we ruhy bitewiligi üçin akyl derejesinde saklanman, göwün menziline geçmek gerekdir".[1] Lapýeriñ tejribesiniñ netijesini özüçe düşündirýän başga-da birnäçe pikirler bar hem bolsa, attitýudy öwrenmegiñ umumy ýagdaýy çylşyrymlylygyna galýardy.

Attitýudyñ kanagatlanarly düşündiriş nusgalaryny döretmek entek başartmaýanlygy sebäpli bu ýerde mesele usulyýet kemçilikleriniñ keminden ikisine baryp direnýär. Bir tarapdan, ähli derñewler esasan tejribehana şertlerinde geçirilýär: bu bolsa derñew ýagdaýyny ýönekeýleşdirýär we ony hakyky sosial ýerlikden aýyrýar. Başga bir tarapdan, tejribeler “meýdana” çykarylaýanda hem olaryñ düşündirilişi ýene-de kiçi gurşawa laýyklykda, şahsyýetiñ özüni alyp barşynyñ giñ sosial ýerliginden üzñelikde berilýär. Sosial gönükdirilmeleriñ öwrenilişi diñe şu teklip edilen

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap, 397 sah.

edip hat üsti bilen ýüz tutýar. 128 myhmanhanadan jogap gelip, olaryñ diñe birinde haýyşy kanagatlandyrmaga razyçylyk berlip. 52% ýagdaýda haýyş ret edilip, galanlarynda bolsa göni jogapdan gaçmaklyk häsiýetdäki jogaplar bardy. Lapýer bu maglumatlary myhmanhana eýeleriniñ **attitýudy** bilen /hytaý milletinden bolanlara gatnaşyk/ **hakyky özüñi alyp barşynyñ_** arasynda **gabat gelmezligiñ** bardygy hökmünde düşündiripdir. Hata gelen jogaplardan oñyn däl attitýudyñ bardygy aýdyñ bolup, hakyky özüñi alyp baryşda bolsa ol ýüze çykman, tersine, özüñi alyp baryş edil oñyn attitýuda esaslanýan ýaly amala aşyrylýar. Bu maglumatlar "Lapýeriñ çaprazlygy" adyny alyp, attitýudy öwrenmek dogrusynda çuññur şübhelenmekligiñ döremegine getirdi. Eger-de hakyky özüñi alyp baryş attitýuda laýyklykda gurulmaýan bolsa, onda bu hadysany öwrenmegiñ manysy näme? Attitýudlara bolan höwesiñ peselmegi şu täsiriñ ýüze çykarylmagy bilen baglanyşykly boldy.

Soñky ýyllarda bu kynçylyklary ýeñip geçmek üçin dürli çärelere ýüzlenildi. Bir tarapdan, attitýudlary ölçemek tärini kämilleşdirmeklige üns berlip /Lapýeriñ tejribesinde şkala kämil bolmandyr diýen ýaly çaklamalar hem edildi/, ikinji tarapdan, täze düşündiriş çaklamalary öñe sürüldi. Bu teklipleriñ birnäçesi aýratyn gyzyklanma döredýär. N.Rokiç adamda birbada iki attitýud: **obýekte** we **ýagdaýa** degişlilikde döreýän attitýudlar bolýar diýen pikiri öne sürdi. Islendik pursatda olaryñ biriniñ ýa-da beýlekisiniñ



goýmaga mümkinçilik berýär. Adamyň gatnaşyklarynyň ikisi-de jemgyýetçilik we şahsyýetara gatnaşyklary hut aragatnaşykda amala aşyrylýar. Şeýlelikde, aragatnaşygyň köki adamlaryň maddy iş durmuşyndadyr. Aragatnaşyk adamyň gatnaşyklarynyň ähli ulgamynyň amala aşyrylyşydyr. Bu ýerde adamyň hakyky aragatnaşygynda diňe bir şahsyýetara gatnaşyklarynyň, onuň emosional begenji ýa-da gynanjy ýüze çykman, eýsem aragatnaşyga jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň-da goşulýanlygyny nygtamak zerurdyr. Adamyň köp sanly gatnaşyklary diňe şahsyýetara baglanyşygyna syrykdyrylmaýar. Adamyň şahsyýetara gatnaşyklarynyň çäginden daşdaky, giň sosial ulgamyndaky orny özara täsir edýän indiwidleriň garaşmalary bilen kesgitlenýär. Bu ulgamda hem onuň baglanyşyklarynyň gurluşy anyklanmak möhümdir. Ýöne bu tutum hem ýene-de aragatnaşygyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Aragatnaşyksyz adamzat jemgyýetini göz öňüne getirmek mümkin däl. Aragatnaşyk jemgyýetde indiwidleri birleşdirýän usul bolup, şol bir wagtyň özünde indiwidleriň hut özleriniň serişdesi bolup durýar. Aragatnaşygyň bir wagtyň özünde jemgyýetçilik gatnaşygynyň hem-de şahsýyetara gatnaşyklarynyň hakykaty bolup durýanlygy hem şundan gelip çykýar. Hut şuňa esaslanyp Sent-Ekzýuperi aragatnaşygyň şahyrana keşbini adama bar bolan ýeke-täk zynat diýip şekillendirdi.

Gatnaşyklaryň her bir hatary aragatnaşygyň özboluşly görnüşlerinde amala aşyrylýar. Aragatnaşyk

şahsyýetara gatnaşyklarynyň amala aşyrylyş tutumy hökmünde sosial psihologiýada has giňişleýin öwrenilendir.Toparlar arasyndaky bolsa köp derejede sosiologiýada öwrenilendir. Kähalatlarda aragatnaşygy şahsyýetara gatnaşyk bilen gatyşdyrýarlar. Bu iki hadysa baglanyşykly bolsa-da, olary gatyşdyrmak bolmaz. Aragatnaşyk şahsyýetara gatnaşyklaryň ulgamynda hem adamlaryň bilelikdäki işi arkaly döredilýär. Şonuň üçin ol şahsyýetara gatnaşyklaryň dürli görnüşlerinde bir adamyň beýlekä oňyn we oňyn däl gatnaşygy bolan ýagdaýynda hem amala aşyrylýar. Aragatnaşyk şahsyýetara gatnaşygynyň gurluş usulyna belli bir derejede baglydyr. Ýöne aragatnaşyk şahsyýetara gatnaşyk has dartgynly bolan ýagdaýynda hem özboluşly görnüşlerde amala aşyrylýar.

Bu ýagdaý aragatnaşygyň has ýokary derejesine jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň amala aşyrylyşyna-da häsiýetlidir. Bu ýagdaýda hem toparlar ýa-da indiwidler sosial toparlaryň wekili hökmünde aragatnaşykda bolýarmy, parhy ýok, aragatnaşyk hat-da toparlar gapma-garşylyk bolanlarynda hem amala aşyrylmalydyr.

Eýsem şahsy däl gatnaşyklaryň ulgamynda öz tebigaty boýunça şahsyýetleriň gatnaşyklaryny talap edýän tutum nähili amala aşyrylyp bilinýär? Belli bir sosial toparyň / mes. synpyň / wekili hökmünde adam beýleki sosial toparyň wekili bilen /mes. beýleki synpyň wekili / aragatnaşyga girýän we bir wagtyň özünde şahsy däl we şahsy gatnaşyklary amala aşyrýar. Daýhan harydy bazarda satyp, oňa derek belli bir mukdarda pul alýar;



bahalandyryş, hereket etmäge taýýarlyk hökmünde düşünilýärdi. Bu üç düzüji köp sanly tejribe derñewlerde, şol sanda K.Howland tarapyndan geçirilen /“Iýel derñewleri”/ derñewde ýüze çykaryldy. Bu käbir gyzykly netijeleri almaga mümkinçilik beren-de bolsa, köp sanly meseleler çözülmän galdy. Öñküsi ýaly şkalalaryñ nämäni ölçeýändigi nämälim bolup galýardy: attitýudyñ tutuş özüñimi ýa-da onuñ haýsydyr bir obýektiñ diñe duýgy-emosional bahalandyrylyşyny, ýagny attitýudyñ affektiw düzüjisini ölçeýändigi hakynda pikir döredi? Galyberse-de, tejribehana şertlerinde geçirilen tejribelerde derñew ýönekeýleşdirilen nusgada geçirilip, diñe bir obýekte gönükdirilen attitýud derñelip, onuñ şahsyýetiñ hereketi giñ sosial gurluşa goşulan ýagdaýynda nähili boljakdygy düşnüksiz bolup galýardy.

Bu ugurda ýene-de bir kynçylyk attitýudyñ hakyky özüñi alyp baryş bilen baglanyşygy dogrusynda döreýärdi. Bu kynçylyk 1934-nji ýylda Lapýeriñ meşhur tejribesinden soñra ýüze çykdy.

Tejribe şeýle häsiýetdedi. Lapýer iki sany hytaýly talyp bilen ABŞ-a syýahat edýärdi. Olar 252 myhmanhana baryp, birinden özgesinde, hyzmat edişiñ ýokary derejesine laýyk gelýän kabul edilişi gördüler. Lapýeriñ özüne hyzmat edilişi bilen onuñ ýanyndaky hytaýly talyplara edilýän hyzmatyñ tapawudy ýokdy. Syýahatdan iki ýyl geçenden soñra Lapýer 251 myhmanhana ýene-de syýahat bilen düşmekçi bolanda şol iki hytaýly bilen özlerini kabul etmeklerini haýyş

landyrmak zerurlygy ýüze çykdy. Usuly serişdeleriñ agtarylyşy mundan beýläkki nazaryýet agtarylyşlaryna höweslendirdi. Bu agtaryşlar iki esasy ugur boýunça amala aşyryldy: attitýudyñ hyzmatlaryny aýan etmek we onuñ gurluşyny seljermek.

Attitýudlaryñ subýektiñ haýsydyr bir möhüm isleglerini kanagatlandyrmaga hyzmat edýänligi mälim bolsa-da bu islegleriñ haýsydygy aýan bolman galýardy. Attitýudlaryñ dört **hyzmaty** ýüze çykaryldy: 1) **uýgunlaşmak_** hyzmaty esasynda attitýud subýekti onuñ maksadyna ýetmäge hyzmat edýän obýektlere gönükdirýär: 2) **bilim beriş_** hyzmaty- attitýud takyk obýekte degişlilikde özüñi alyp barşyñ usuly dogrusynda ýönekeýleşdirilen görkezme berýär. 3) **añladyş** hyzmaty /kähalatlarda gymmatlylyk, öz-özüñi dolandyryş diýip atlandyrylýar-attitýud subýektiñ öz içki dartgynlygyndan boşamaklygyna serişde bolup hyzmat edýär: 4) **goraýyş** hyzmaty – attitýud şahsyýetiñ içki dartgynlyklaryny çözmekligine ýardam edýär.

Attitýud bu hyzmatlary özüniñ çylşyrymly we köptaraply gurluşy mynasybetli amala aşyrýar. 1942-nji ýylda M.Smit tarapyndan attitýudyñ üç düzüjili gurluşy teklip edilip, ol şeýle böleklerden durýardy: a) **kognitiw** düzüjisi /sosial gönükdirilmäniñ obýektini añlamak/; b) joşgunly düzüjisi (obýetiñ duýgy-emosional bahalandyrmak, oña sulh alyjylyk ýa-da sulh almazlyk duýgusyny ýüze çykarmak); w) özüñi alyp baryş düzüjisi /obýekte degişlilikde yzygiderli özüñi alyp baryş /. Indi sosial gönükdirilme añlamak,



pul bu ýerde, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir ulgamynda aragatnaşyk serişdesi bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde daýhan alyjy bilen söwdalaşyp, onuň bilen "şahsy" aragatnaşyga goşulýar. Bu aragatnaşygyň serişdesi adamyň sözleýşi bolup durýar. Aragatnaşygyň bu gös-göni görnüşi-kommunikasiýa daşdan göräýmäge özakymlaýyn ýaly bolup görünse-de, onuň arkasynda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamy durup, ol haryt önümçiliginiň gatnaşyklary arkaly döredilýär. Sosial psihologik seljermede bu "ikinji tarapy" ünsden düşürmek mümkinçiligi bolsa-da, ol hakyky durmuşda hemişe bardyr. Ol köp derejede sosiologiýanyň dersi bolýan-da bolsa sosial psihologik derňewde hem göz öňünde tutulmalydyr. Marks özüniň irki işlerinde "Verker" adalgasyny baglanyşyk, söz üsti bilen aragatnaşyk / häzirki "kommunikasiýa" adalgasynyñ manysynda / görnüşinde ulanyp, has giçki döwürde bu düşünjäniň iki mazmunyny tapawutlandyrýar. Aragatnaşygyň bu iki tarapynyň derňewini dürli dersler amala aşyrmak mümkinçiligi bar hem bolsa, olaryň her biriniň seljermesinde onuň doly mazmuny göz öňünde tutumalydyr. Meselem, aragatnaşyk filogenezde seredilende, ol etologiýanyň we sosiologiýanyň dersine has golaýlaşyp, onuň ikinji tarapy derňelende sosial psihologiýa birinji orna geçýär. Ýöne bu taraplaryň ikisi-de bir-birlerinde üzňelikde seredilip bilinmez.

**Aragatnaşygyň gurluşy.** Aragatnaşygyň çylşyrymlylygyny göz öňünde tutup, onuň her bir düzüjisini seljermek üçin onuň gurluşyny anyklamak zerurdyr.

Aragatnaşygyň gurluşyny kesgitlemeklige dürli nukdaýdan çemeleşmek mümkin. Aragatnaşygyň gurluşynda **kommunikatiw** - maglumat alyşmak, **interaktiw** - hereket alyşmak we **perseptiw**-bir-biriñi kabul etmek ýaly düzüjileri ýüze çykarmak mümkin. Aragatnaşygyň kommunikatiw tarapy ýa-da sözüň dar manysynda kommunikasiýa aragatnaşyk saklanýan indiwidleriň özara maglumat alyşmagyny göz öňünde tutýar. Interaktiw tarapy aragatnaşyk saklaýan indiwidleriň özara täsirini, ýagny diňe bir bilim, pikir alyşmaklygy däl-de, eýsem hereketleriň alyşylmagyny göz öňünde tutýar. Aragatnaşygyň perseptiw tarapy aragatnaşyk saklaýanlaryň bir-birini kabul etmeklerini we onuň esasynda özara düşünişmekligi gazanmaklygy aňladýar. Bu adalgalar şertlidir. Elbetde, hakyky durmuşda bu taraplar özbaşdak ýagdaýda bolman, bir-biri bilen baglanyşykda bolup, olar diňe seljerme maksady bilen bölünýär. Aragatnaşygyň görkezilen bölünişi kiçi toparlarda, ýagny adamlaryň bir-birleri bilen gös-göni ýüzbe-ýüz şertinde ýüze çykýar. Adamlaryň bir-birlerine **köpçülikleýin** hereket şertlerindäki edýän täsiriniň serişdeleri we mehanizmi baradaky meselä aýratyn seretmek zerurdyr. Şeýle mehanizmlere sosial psihologiýada adatça psihologik ýoñlanma yrylma / ýa-da suggestiýa / we öýkünme hadysalary degişlidir. Olaryň her bir gös-göni galtaşma ýagdaýynda döräp bilýän bolsa-da, olar adamlar köpçüligindäki aragatnaşyk ýagdaýynda aýratyn ähmiýete eýe bolýar.



tarapyndan nygtalýan taraplary ýüze çykarylýar. Gutarnykly kadalaşdyrylan görnüşde bu sypatlar şu aşakdakylardan durýardy:

a) añyñ we nerw ulgamynyñ belli bir ýagdaýy,

b) herekete bolan taýýarlygy añladýan ,

ç) geçen tejribäniñ esasynda,

d) özüñi alyp barşa gönükdiriji we dinamiki täsir edýän.

Şeýlelikde, attitýudyñ önki tejribä baglylygy we onuñ özüñi alyp baryşdaky möhüm dolandyryjy ähmiýeti ýüze çykarylýar.

Şol bir wagtyñ özünde attitýudy öwrenmekligiñ usullary dogrusynda birnäçe teklipler ýüze çykdy. Esasy usul hökmünde L.Týorustoun tarapyndan ilkinji gezek teklip edilen dürli şkalalar ulanylýar. Şkalalary ulanmak zerurlygy we mümkinçiligi attitýudlaryñ sosial ýagdaýlara we obýektlere degişlilikde entek aýdyñ ýüze çykmadyk görnüşde bolup, öwüşgünlik, söz üsti bilen añladylyp bilinmek häsiýetleri özünde jemleýändigi bilen düşündirilýär /söz üsti bilen añladylmak mümkinçiligi mynasybetli attitýudlara synag edilýäniñ jogaplary arkaly belli bir derejede göz ýetirmek bolýar/. Ýöne tiz wagtda şkalalary döretmek meselesi attitýudlaryñ mazmun tarapy dogrusyndaky meseleläniñ çözülmänligi sebäpli düýpli kynçylyga uçrady: şkalanyñ nämäni ölçeýändigi nämälim bolup galýardy. Mundan başga-da ähli ölçegleriñ söz üsti bilen alynýan jogaplara daýanýanlygy üçin attitýud düşünjesi pikir, bilim, ynanç we ş.m. düşünjelerden tapawut-

1818-nji ýylda amerikan alymlary U.Tomos we F.Znaneskiý Ýewropadan Amerika göçüp gelen daýhanlaryñ uýgunlaşyşyny öwrenip, iki sany baglanyşygy ýüze çykarýarlar /şeýle baglanyşyk bolmasa uýgunlaşmak tutumyny beýan edip bolmaýardy/: indiwidiñ sosial guramadan we sosial guramanyñ indiwidden garaşlylygy. Bu baglanyşyklar diñe şahsyýetiñ we jemgyýetiñ özara täsiri baradaky öñki meselesiniñ täzeçe goýluşynyñ netijesidi. Tomas we Znaneskiý görkezilen gatnaşygyñ iki tarapyny "sosial gymmatlyk" /sosial guramany häsiýetlendirmek üçin/ we "sosial gönükdirme" – "attýutýud" /indiwidi häsiýetlendirmek üçin/ düşünjeleriñ kömegi bilen häsiýetlendirmegi teklip etdiler. Şeýlelikde, ilkinji gezek sosial psihologik edebiýatda attýutýud düşunjesi girizilip, ol “indiwidiñ sosial obýektiñ gymmatyny, ähmiýetini, manysyny psihologik syzmaklygy” ýa-da “sosial gymmatlyklara degişlilikde indiwidiñ añynyñ ýagdaýy” hökmünde kesgitlenipdir. Bu düşünjäniñ sosial psihologiýa girizilmegi belli bir tejribe psihologik derñewlere daýanýan-da bolsa, ol bu ýerde täzeçe düşündiriş aldy.

Attitýud hadysasy açylandan soñra, onuñ derñewinde özboluşly “öñbaraklyk” başlandy. Attitýudyñ köp sanly düşündirilişi, gapma-garşylykly kesgitlemeleri döredi. 1935-nji ýylda G.Olport attitýudyñ derñewi dogrusynda jemleýji makala ýazyp, onda bu düşünjäniñ 17 kesgitlemesini getirýär. Bu kesgitlemeleriñ ählisinden attitýudyñ ähli ýazarlar



## 5-nji bap. <u>ARAGATNAŞYK MAGLUMAT ALYŞMAK HÖKMÜNDE.</u>

### (Aragatnaşygyň kommunikatiw tarapy)

**Kommunikatiw tutumda maglumat alyşmaklygyň özboluşlygy.**

Kommunikasiýa barada sözüň dar manysynda aýdylanda ilkinji nobat-da adamlaryň bilelikdäki iş tutumynda özara dürli pikirler,düşünjeler, höwesler, keýpler, duýgular, gönükdirilmeler alyşýandygy göz öňünde tutulýar. Bularyň hemmesini maglumat hökmünde kabul edip, kommunikasiýany maglumat alyşmaklyk hadysasy manyda düşünmek bolar. Bu pikirden ugur alyp, birnäçe sosial psihologik ulgamlarda edilişi ýaly adamyň ähli kommunikatiw tutumyny maglumat taglymatynyň adalgasynda aňlatmak maksatnamasyna geçmek mümkin. Emma beýle çemeleşiş usulyýet taýdan birtaraplaýyn bolup, onda kommunikasiýanyň hut **adama** mahsus häsiýetnamasy ünsden düşürilýär. Sebäbi kommunikasiýa diňe maglumat alyşmaklyga syrykdyrylmaýar. Bu çemeleşişde maglumatyň diňe bir ugrunyň – kommunikatordan (maglumat berýän)

resipiýenite (maglumaty kabul ediji) gönükdirilýändiginiň nazara alynýandygyny hasaba almanyňda-da /“yza dolanýan” baglanyşyk” düşünjesiniň girizilmegi meseläni doly çözmeýär/, bu ýerde düýpli ýetmezçilik bardyr. Maglumat taglymaty nukdaýyndan adamyň kommunikasiýasy seljerilende işiň diňe görnüş tarapy göz öňünde tutulýar. Bu taglymat nukdaýyndan maglumatyň nähili geçirilýändigi göz öňünde tutulyp, adam aragatnaşygy şertlerinde maglumatyň diňe bir geçirilmän, eýsem **kemala gelýänligi, anyklanýandygy, ösýändigi** ünsden düşürilýär.

Şonuň üçin maglumat taglymatynyň käbir düzgünlerini aragatnaşygyň maglumat tarapyny öwrenmekde ulanmak mümkinçiligini inkär etmän, kommunikasiýada hut maglumat alyşmaklygyň özboluşlygy we beýleki ähli aýratynlyklary göz öňünde tutulmalydyr.

Birinjiden, aragatnaşyga maglumatyň haýsy-da bolsa bir geçiriji ulgamdan ugradylyp, beýleki ulgam arkaly kabul edilişi hökmünde düşünilmeli däldir. Sebäbi iki sany hasaplaýjy maşynyň arasyndaky “maglumatyň hereketinden” tapawutlylykda bu ýerde biz her biri işjeň subýekt bolup durýan iki sany indiwidiň gatnaşygy bilen iş salyşýarys. Olaryň özara maglumat alyşmaklygy bilelikdäki işi guramaklygy göz öňünde tutýar. Başgaça aýdanyňda, kommunikatiw tutumyň her bir gatnaşyjysy öz garşydaşynyň işjeňligine bil baglaýar, oňa ýöne bir obýekt hökmünde garamaýar. Beýleki gatnaşyjy hem subýekt hökmünde hereket edýänligi üçin maglumaty



derñew ugrunyñ esasy aýratynlygy onda ähli düşünjeleriñ sosial psihologik bilimler meselesine gönükdirilmegindedi. Günbataryñ sosial psihologiýasynda sosial gönükdirilmeleri añlatmak üçin “attitýud” adalgasy ulanylyp, ol rus dilinde “sosial ustanowka” ýa-da terjimesiz iñlisçe görnüşinde “attitýut” diýip ulanylýar. Bu düşündirişi bermek zerurlygy “gönükdirilme” adalgasynyñ D.N.Uznadze mekdebinde ulanylýan görnüşiniñ iñlis dilinde “set” diýip añladylýanlygyndan gelip çykýar. Attitýudlary derñemek bu ýerde sosial psihologiýanyñ özbaşdak pudagyna öwrülip, ol günbataryñ sosial psihologiýasynyñ iñ bir işlenen ugurlaryna degişlidir.

P.N.Şihirow attitudlaryñ Günbataryñ sosial psihologiýasynda derñelişiniñ taryhyny öwrenip, ony üç döwre bölýär.: 1) bu adalganyñ 1918-nji ýylda girizilenden ikinji jahan urşuna çenli döwür /bu döwre meseläniñ meşhurlygy we derñewleriñ sanynyñ pajarlap ösmegi häsiýetlidir/; 2) 40-50-nji ýyllar /birnäçe kynçylyklaryñ we gelejegi bolmadyk garaýyşlaryñ ýüze çykmagy bilen baglanyşykly meseläniñ derñewiniñ pese düşmegi bilen tapawutlanýar/; 3) 50-nji yyllaryñ ahyryndan häzirki döwre çenli /meselä höwesiñ gaýtadan döremegi, birnäçe täze pikirleriñ ýüze çykmagy, şol bir wagtyñ özünde derñewiñ pese düşmek ýagdaýynyñ ykrar edilmegi häsiýetlidir/. Bu umumy ýagdaýyñ käbir taraplaryna seredip geçeliñ.

taglymatyndaky orny baradaky meselä çuñlaşmazdan häzirki döwürde sosial gönükdirilmäni bu ýerlikde “motiwiñ maksada bolan gatnaşygy bilen döredilýän” şahsy many hökmünde düşündirmeklige synanyşyk edilendigini belläsimiz gelýär[1]. Meseläniñ şeýle goýluşy sosial gönükdirilme meselesini umumy psihologiýanyñ çäginden çykarmaýar. Bu “gatnaşyk” we “şahsyýetiñ gönükdirilmesi” düşünjeleri dogrusynda hem hut şeýledir. Tersine, bu ýerde seredilen pikirleriñ ählisiniñ “sosial gönükdirilme” düşünjesi bilen baglanyşyklydygyna güwä geçýär. Bu düşünje häzirki wagtda umumy psihologiýada D.N.Uznadzeniñ mekdebinde esaslandyrylan “gönükdirilme” düşünjesi bilen bilelikde hereket edýär.

Şu sebäplere görä sosial gönükdirilýäniñ sosial psihologik bilimler ulgamyndaky özboluşlylygyny mundan beýläk anyklamak üçin bu düşünjäniñ umumy psihologiýanyñ ulgamynda däl-de, sosial psihologiýada döreýiş däbine seretmek zerurdyr.

**Sosial gönükdirilme meselesiniñ sosial psihologiýasynda döreýşi**

Sosial gönükdirilmeleri öwrenmek däbi günbataryñ sosial psihologiýasynda we sosiologiýasynda kemala geldi[2]. Bu

[1] Seret: Asmolow A.G., Kowalçuk M.A.O. Sootnoşenii ponýatýa ustanowki w obşeý i sosialnoý psihologii // Teoretiçeskiýe imetodologiýe problemy sosialnoý psihologii. M., 1977.
[2] Seret: Sosialnaýa ustanowka// Amerikanskaýa sosiologiýa. Perspektiwy. Problemy, metody. Per. Ş angliýskogo. M., 1972



oňa ugradyp, oňa ugrukmaly, ýagny, onuň meýillerini, maksatlaryny, gönükdirilmelerini seljermeli bolýar. Ýöne bu ýagdaýda ugradylan maglumatyñ jogap hökmünde garşydaşynda täze maglumaty döretjekdigi göz öňünde tutulmalydyr. Şonuň üçin kommunikatiw tutumda diňe bir “maglumatyň hereketi” bolman, keminden maglumatyň işjeň çalyşygy bolýar. Ý.Ýanouşekiň pikiriçe adamyň maglumat çalşygynda özboluşlylyk, bu tutumda her bir gatnaşyjy üçin maglumatyň ähmiýetiniň bolmagydyr. Maglumatyň şeýle ähmiýete eýe bolmaklygy, A.Leontewiň belleýşi ýaly, adamlaryň aragatnaşykda diňe bir mazmun “alyşman”, olaryň umumy many döretmeklige ymtylýanlygy bilen düşündirilýär.[3] Bu haçan-da maglumat diňe bir kabul edilmän, eýsem düşünilip, aňlanylan ýagdaýynda mümkin bolýar. Şonuň üçin her bir kommunikatiw tutumda iş, aragatnaşyk we akyl ýetiriş hakyky birlikde berlendir.

Ikinjiden, adamlaryň arasynda maglumat alyşmaklygyň kibernetiki gurluşlardan tapawudy gatnaşyjylaryň belgiler ulgamy arkaly bir-birlerine täsir edip bilmegindedir. Başgaça aýdanyňda şeýle maglumat alyşmaklyk hökmany ýagdaýda garşydaşyň özüni alyp barşyna täsir etmeklik bilen utgaşýar - belgi kommunikatiw tutuma gatnaşyjylaryň ýagdaýyny üýtgedýär. /A.Leontew hut şu manyda “ aragatnaşykda belgi edil guralyň zähmetde bolşy ýaly häsiýetdedir” diýip belleýär/. Bu ýerde döreýän kommunikatiw täsir

[3] Seret: Leontew A.N. Problemy razwitiýa psihiki M.,1972, 291 sah.

gatnaşyjylaryň biriniň beýlekiniň özüni alyp barşyny üýtgetmek üçin edýän psihologik täsiridir. Kommunikasiýanyň netijeliligi hut şeýle täsiriň barlygy ýa-da ýoklugy bilen kesgitlenýär. Bu kommunikasiýa gatnaşýanlaryň arasynda dörän gatnaşyklaryň hiliniň üýtgemegini aňladýar. ”Sap” maglumat tutumlarynda beýle zatlar bolmaýar.

Üçünjiden, kommunikatiw täsir maglumat alyşmaklygyň netijesi hökmünde haçan-da maglumaty ugradýan /kommunikator/ we ony kabul edýän adam /resepiýent/ **kodifikasiýanyň we dekodifikasiýanyň bir bitewi ýa-da meňzeş ulgamyny** gollanýan wagtynda mümkin bolýar. Gündelik durmuşda bu düzgün “hemme bir dilde geplemelidir” diýip aňladylýar. Bu ýagdaý kommunikatiw tutumda resipiýent bilen kommunikatoryň üznüksiz orunlaryny çalyşýanlygy sebäpli has-da möhümdir. Olaryň arasynda maglumat çalşygy belginiň subýektara ýagdaýynda, ýagny, belgileriň, esasanam, olaryň aňladýan manysynyň kommunikatiw tutumyň ähli gatnaşyjylaryna düşnükli bolan ýagdaýynda mümkindir. Diňe manylaryň bitewi ulgamynyň kabul edilmegi garşydaşlaryň bir-birlerine düşünmegini üpjün edýär. Bu ýagdaýy beýan etmek üçin sosial psihologiýa lingwistikadan “tezaurus” adalgasyny alýar. Bu adalga toparyň ähli agzalary tarapyndan kabul edilen manylaryň umumy ulgamyny aňladýar. Ýöne şol bir sözleriň manysyny bilip, adamlar başga-başga düşünmekligi mümkin. Şeýle dürli-dürlüligiň sosial, syýasy, ýaş aýratynlygy sebäpleriniň bolmaklygy



Özboluşly nazaryýet nusgada bu hadysalar L.I.Božowiçiñ işlerinde hem seredilýär. Şahsyýetiñ kemala gelşini çagalyk döwrüne laýyklykda derñemekde awtor gönükdirilmäniñ şahsyýetiñ sosial daş-töwerege, gurşawyñ aýry-aýry obýektlerine degişlilikde döreden **içki orny** hökmünde kesgitleýär. Bu orunlar dürli ýagdaýlara we obýektlere degişlilikde dürli-dürli bolup bilýän-de bolsa, olarda belli bir umumy häsiýeti ýüze çykarmak mümkin.

Bu umumy häsiýet özüñi alyp barşy öñden näbelli ýagdaýlara we obýektlere degişlilikde öñünden kesgitlemäge, onuñ nähili boljakdygyny öñünden aýtmaga mümkinçilik berýär. Şahsyýetiñ gönükdirilmesi aýratyn bir ornuñ öñüsyrasy ýagdaýy onuñ ähli ýaşaýyş giñişligini öz içine alýan obýektlere we ýagdaýlara laýyklykda belli bir häsiýetde hereket etmekligi hökmünde seredilip bilner[1]. Şahsyýetiñ gönükdirilmesiniñ şeýle düşündirilişi ony sosial gönükdirilme bilen bir mazmunda seretmäge mümkinçilik berýär.

Gönükdirilme düşünjesi bilen A.N.Leontýewiñ **şahsy many** nazaryýetini hem baglanyşdyrmak mümkin. Haçan-da şahsyýet taglymatynda işiñ daşky obýektiw şertleriniñ şahsy ähmiýeti nygtalanda şol bir wagtyñ özünde bu many-ähmiýete laýyklykda garaşylýan özüñi alyp barşyñ ugry, gönükdirilmesi hakyndaky mesele hem orta atylýar. Bu ýerde gönükdirilme meselesiniñ iş

[1] Seret: Božowiç L.I.Liçnost i ýeýo formirowaniýe w detskom wozroste. M., 1969.

we añyýetleriniñ sosial psihologiýanyñ meselelerine degişlilikde işlenilip bilinjekdigini inkär etmeýär. Şeýle synanyşyklar häzirki wagtda amala aşyrylýar[1]. Ýöne bu ýerde bizi meselä D.N.Uznadzeniñ mekdebinde we başga birnäçe taglymatlarda çemeleşilişiniñ esaslarynyñ tapawudy gyzyklandyrýar.

Şahsyýetiñ hakyky özüni alyp barşynyñ öñisyrasynda bolup geçýän aýratyn ýagdaýy ýüze çykarmak pikiri köp adamlaryñ işlerinde gozgalýar. Ilkinji nobatda bu mesele W.N.Mýasişewiñ adamyñ gatnaşyklary nazaryýetinde derñelýär. Gatnaşyk bu taglymatda "adamyñ şahsyýet-subýekt hökmünde bütin barlyk bilen ýa-da onuñ aýry-aýry taraplary bilen wagtlaýyn baglanyşyklarynyñ ulgamy"[2] häsiýetde düşünilip, ol sahsyýetiñ geljekki özüni alyp barşynyñ gönükdirilmesini düşündirýär. Gatnaşyk bu haýsydyr bir obýekte degişlilikde adamyñ orny, oña bolan ýykgynlygy bolup, ol adamyñ hakyky hereketlerde özüni belli bir häsiýetde ýüze çykarmaklygyna garaşmaga esas berýär. Onuñ gönükdirilmeden tapawudy bu ýerde gatnaşygyñ dürli obýektlere, şol sanda sosial obýektlere we dürli ýagdaýlara, şol sanda sosial psihologik nukdaýdan has çylşyrymly ýagdaýlara ýaýraýanlygydyr. Gatnaşyklar nukdaýdan şahsyýetiñ bu esasy hereket ediş giñişligi çäksizdir.

[1] Seret: Nadiraşwili Ş / A.Ponýatiýe ustanowki w obşeý i sosialnoý psihologii. Tbilisi. 1974.
[2] Seret: Mýasişew W.N.Liçnost i newrozy. L., 1960. 150-sah.



mümkin. Öz wagtynda L.S.Wygotskiý "pikir hiç wagt sözüň doly manysyna laýyk däldir"[1] diýip belläpdi. Şonuň üçin aragatnaşyk saklaýanlarda sesli sözleýişde diňe bir leksiki we sintaksiki ulgamlary birmeňzeş bolman, eýsem olarda aragatnaşygyň ýagdaýyna birmeňzeş düşünmeklik bolmalydyr. Bu haçan-da kommunikasiýa işiň umumy ulgamyna goşulýan ýagdaýynda mümkin bolýar.

Bu ýagdaýy Ş. Miller durmuşyň mysalynda şeýle düşündirýär. Biziň üçin sözleýiş düşündirilişi bilen onuň düşünilişiniň arasyndaky tapawudy aýdyňlaşdyrmak has möhümdir, çüňki düşünmeklige takyk sözleýiş bilen baglanyşykly bolan lingwistik ýazgydan ýokarda durýan haýsydyr bir zat ýardam edýär. Gapyda aýalyny garşylan adamsy aýalynyň : "Men şu gün birnäçe elektrik lampoçkalaryny satyn aldym"-diýenlerine diňe sözme-söz düşünmeklik bilen çäklenmeli däldir. Ol aşhana baryp köýen lampoçkanyda çalşyrmagy–da aňlamalydyr.

Galybersede, dördünjiden, adamyň kommunikasiýa şertlerinde düýpgöter özboluşly kommunikatiw päsgelçilikler döräp bilýär. Bu päsgelçilikler haýsy-da bolsa bir kommunikasiýa kanalynyň ýabygorly taraplary ýa-da kodirlemegiň we dekordirlemegiň nogsanlyklary bilen baglanyşykly däldir. Olar sosial ýa-da paýhasy häsiýetli bolýar. Birinjiden, şeýle päsgelçilikler gatnaşyjylaryň dürli

[1] Wygotskiý L.S. Izbrannyýe psihologiçeskiýe issledowaniýa M., 1956. 379 sah.

“dilde” gepleýändigi zerarly däl-de, garşydaşlaryň arasyndaky düýpli tapawutlyklar esasynda aragatnaşyk ýagdaýyna birmeňzeş düşünmezligi sebäpli döräp bilýär. Bular sosial, syýasy, dini, hünär tapawutlyklary bolup diňe bir meňzeş düşünjeleriň dürli aňlanylmagyny döretmän, eýsem dürli dünýägaraýşy, dünýä düşünilişi emele getirýär. Şeýle päsgelçilikler kommunikasiýa goşulýan garşydaşlaryň dürli sosial toparlara degişliligi ýaly obýektiw sebäpler arkaly döredilip, olaryň ýüze çykyşynda kommunikasiýanyň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň has giň ulgamyna goşulýanlygy anyk duýulýar. Kommunikasiýa bu ýagdaýda özüniň diňe aragatnaşygyň bir tarapy bolup durýanlygy häsiýetnamasyny ýüze çykarýar. Kommunikasiýa tutumynyň şeýle päsgelçilikler bar bolan ýagdaýynda hem amala aşyrylýanlygy tebigydyr, çünki, hat-da harby duşmanlar hem gepleşik geçirýärler.Ýöne olar mynasybetli kommunikatiw işiň ähli ýagdaýy has çylşyrymlaşýar.

Başga bir tarapdan, kommunikasiýadaky päsgelçilikler “sap” psihologik häsiýetde hem bolup bilýär:olar aragatnaşyk edýänleriň indiwidual psihologik aýratynlygy /meselem, olaryň biriniň has ýygra bolmaklygy, beýlekisiniň dymma bolmaklygy, olaryň birinde “sözleýşe meýilli däl” diýip atlandyrylýan sypatlaryň bolýanlygy/ ýa-da olaryň arasynda aýratyn psihologik gatnaşyklaryň döremegi /birek-birege ýigrenç, ynamsyzlyk we ş.m// netijesinde döräp bilýär. Bu ýagdaýda aragatnaşyk bilen gatnaşygyň arasyndaky



we degişli obýektiw ýagdaý”[1]. Şu pursatda dörän islegi kanagatlandyrmak üçin özüñi alyp barşa gönükdirilmeklik ýagdaýy birnäçe gezek gaýtalanandan soñra ol berkeýär we pursatlaýyn /diñe ýagdaýa laýyk/ gönükdirilmeden tapawutlykda berkleşdirilen gönükdirilme döreýär.

Daşyndan göräýmäge gürrüñ şahsyýetiñ hereketiniñ gönükdirilmesini belli bir şertlerde kesgitlemek hakynda barýan ýaly görünýär. Ýöne meselä has içgin aralaşylanda onuñ şeýle goýluşy sosial psihologiýa degişlilikde makdsadalaýyk däldigi anyklanýar. Gönükdirilmäniñ ýokarda getirilen düşünilişi şahsyýetiñ özüni alyp barşynyñ sosial şertleriniñ seljermesi bilen baglanyşykly däldir: onda indiwidleriñ sosial tejribäni özleşdirmek bilen baglanyşykly, şahsyýetiñ hereket edýän sosial ýagdaýynyñ hut şol mazmunyny kesgitleýän dörediji şertleriñ çylşyrymly baglanyşygy kesgitlemä goşulmaýar. Gönükdirilme D.N.Uznadzeniñ taglymatynda esasan adamyñ ýönekeýje fiziologik isleginiñ amala aşyrylyşyna degişlidir. F.N.Bassiniñ adalatly belleşi ýaly, D.N.Uznadzeniñ gönükdirilmäni añlanylmaýan psihika hökmünde düşündirişi bu düşünjäni adamyñ işiniñ has çylşyrymly, ýokary görnüşlerine degişlilikde ulanmaga mümkinçilik bermeýär. Ýöne bu ýagdaý meseläniñ umumy psihologiýanyñ derejesindäki işlenilişiniñ ähmiýetiniñ

[1] Uznadze D.N.Eksperimentalnyýe osnowy psihologii ustanowki. Tbilisi, 1961

kesgitlenýänligi nämälim bolup galýar. Bu meseläniñ iki tarapy bardyr: näme üçin adamlar belli bir ýagdaýlarda ol ýa-da beýleki görnüşde özlerini alyp barýarlar? Olar hut şu motiwi saýlanlarynda nämeden ugur alýarlar ? Motiwiñ saýlanyşyny belli bir derejede düşündirýän düşünje **sosial gönükdirilmedir.** Bu düşünje gündelik amalyýetde şahsyýetiñ özüñi alyp barşy "çaklananda" giñden ulanylýar: "N., bu konserte gitmese gerek, sebäbi onda estrada sazynyñ garşysyna şübhelik bar", "K. maña ýaramasa gerek, sebäbi men umuman matematikleri halamok" we ş.m. Şeýle gündelik durmuş derejesinde sosial gönükdirilme adalgasynyñ öz hususy mazmuny, öz derñew däbi bolup, şonuñ üçin bu düşünjäniñ "sosial gönükdirilme" düşünjesi bilen baglanyşygyna üns bermelidir.

Mälim bolşy ýaly, gönükdirilme meselesi D.N.Uznadzeniñ mekdebinde ýörite derñew dersi bolupdy. "Gönükdirilme" we "sosial gönükdirilme" adalgalarynyñ daşky taýdan gabat gelmekligi kähalatlarda bu düşünjeleriñ mazmunynyñ birmeñzeş seredilmegine getirýär. Üstesine-de bu iki düşünjäniñ mazmunyny açyp görkezmek üçin ulanylýan kesgitlemeleriñ toplumy hakykatdan-da meñzeşdir: "gönükdirilme" "ýykgyn etme", " taýýarlyk". Ýöne gönükdirilmäniñ D.N.Uznadze tarapyndan düşünilen we "sosial gönükdirilmäniñ" ulanylyş ugurlaryny aýyl-saýyl etmek zerurdyr: "Gönükdirilme bu subýektiñ bütewi dinamiki, belli bir işjeñlikdäki ýagdaýy bolup, bu ýagdaý iki şert arkaly kesgitlenýär: subýektiñ islegi



baglanyşyk has aýdyňlaşýar /bu kibernetiki ulgamlarda ýokdur/. Bularyň hemmesi aragatnaşygy öwretmek /meselem, sosial psihologik türgünleşik ýagdaýynda/ meselesini düýpgöter başgaça goýmaklyga mümkinçilik berýär.

Adamyň kommunikasiýasynyň agzalyp geçilen taraplary bu tutumy diňe maglumat taglymatyň adalgalarynda beýan etmekligiň ýeterlik däldigini subut edýär. Bu taglymatyň kommunikasiýanyň tutumyny ýazmak üçin ulanylýan adalgalary ýokarda görkezilen düzedişleri göz öňünde tutmak arkaly gaýtadan işlenilmelidir. Emma beýle diýildigi kommunikatiw tutumlaryň görnüşleri döredilende maglumat taglymatyň käbir adalgalaryny ulanmak mümkinçiligini inkär etmeýär /Meselem, "signallaryň gönükdirilmegi" adalgasy/. "Signallaryň gönükdirilmegi" adalgasy kommunikasiýa taglymatynda birnäçe aýratynlyklary ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär: a/ <u>aksial</u> kommunikatiw tutum /latynçadan axis – ok/, haçan-da signallar maglumatyň ýeke-täk kabul edijisine, ýagny aýry-aýry adamlara gönükdirilendäki aragatnaşyk; b/ <u>retial</u> kommunikatiw tutum /latynçadan retio – tor/, haçan-da signallar köp sanly ähtimal salgylara gönükdirilendäki aragatnaşyk.[1] Ylmy–tehniki ösüşiň şertlerinde köpçülikleýin aragatnaşyk serişdeleriniň iňňän ýokary ösmegi bilen baglanyşyklykda retial kommunikatiw tutumlarynyň derňewi aýratyn ähmiýete

[1] Seret: Brudnyý A.A.K teorii kommunikatiwnogo wozdeýstwiýa // Teoretiçeskiýe i metodologiçeskiýe problamy sosialnoý psihologii.M.,1977, 39 sah.

eýe bolýar. Bu ýagdaýda signallaryň topara gönükdirilmegi adamlara özleriniň topara degişlidigini aňlamaga mejbur edýänligi sebäpli retial kommunikasiýa şertinde diňe bir maglumatyň geçirilmekligi bolman, eýsem kommunikatiw tutuma gatnaşyjylaryň sosial ugrukmasy bolup geçýär. Kommunikasiýanyň garşydaşda belli bir ugrukma döredip bilmek ukyby ýene-de bir gezek bu tutumy diňe maglumat taglymatyň adalgalarynda beýan edip bolmajaklygyny subut edýär. B.F.Porşnewiň pikiriçe maglumatyň jemgyýetde ýaýramagy "ynanjyň" we "ynamsyzlygyň" özboluşly "süzgüjiniň" üsti bilen amala aşyrylýar. Bu süzgüjiň täsiri netijesinde aňrybaş hakyky maglumat inkär edilip, nädogry maglumatyň kabul edilmegi mümkindir. Psihologik jähtden haýsy şertlerde maglumatyň ol ýa-da beýleki kanalynyň bökdelmegini anyklamak has möhümdir. Tersine, maglumatyň kabul edilmegini, süzgüjiň gowşamagyny üpjün edýän serişdeler hem bardyr. Bu serişdeleriň toplumy **fassinasiýa** diýip atlandyrylýar. Fassinasiýa hökmünde esasy maglumatyň gapdalyndan hereket edýän, maglumaty "ugradýan" oňa goşmaça "ýerlik" döredýän serişdeler hyzmat edýär; şeýle "ýerligiñ" ýüzünde ynamsyzlyk süzgüjiniň kem-käs aýrylýanlygy üçin esasy maglumat has täsirli bolýar. Fassinasiýa mysal hökmünde sözleýşiň saz bilen giňişlik ýa-da reňk bilen utgaşdyrylyşyny görkezmek bolar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy baryp gadymyýetde "Ýiti pikirli, ýerlikli geplemegi başarýan adamlar bir jümle bilen uly uruşlaryñ öñüni almagy, ölüme höküm



## 18-nji bap. SOSIAL GÖNÜKDIRILME.

**Gönükdirilme meselesi we onuñ psihologiýada öwreniliş däbi.**

Şahsyýeti sosial psihologik derñemekde sosial gönükdirilmeler meselesi möhüm orun tutýar. Eger sosiallaşma tutumy şahsyýetiñ nähili sosial tejribäni özleşdirip, şol bir wagtyñ özünde ony işjeñ döredýändigini düşündirýän bolsa, onda şahsyýetiñ sosial gönükdirilmelerini kemala getirmek şeýle sowala jogap berýär: özleşdirilen sosial tejribe şahsyýet tarapyndan nähili özboluşly hereketlerde, edim-gylymlarynda ýüze çykarylýar? Diñe şu dörediji öwrenilenden soñra adamyñ özüni alyp barşynyñ we işiniñ nähili dolandyrýandygy hakyndaky sowaly çözmek mümkin. Hakyky hereketiñ öñüsyrasynda nämäniñ bolup geçýänligine düşünmek üçin ilkinji nobatda islegleri we motiwleri seljermeli bolýar. Şahsyýetiñ umumy taglymatynda islegleriñ we motiwleriñ utgaşmasy adamy herekete ugrukdyryjynyñ içki döredijisine düşünmek üçin ulanylýar. Ýöne bu ýagdaýda, polşaly alym K.Obuhowskiniñ adalatly belleýşi ýaly, hut motiwiñ saýlawynyñ näme bilen

Sosiallaşmanyñ psihologik netijeliligi hökmünde onuñ çärelerine we çuñlugyna şaýatlyk edýän psihologik hadysalara düşünilýär. Bu netijeliligiñ sany köp dürlüdir. B.G.Ananyýew sosiallaşmanyñ netijeliligi hökmünde sosial gönükdirilmeleriñ kemala gelşini, işiñ motiwasiýasynyñ çylşyrymly hadysalaryny gylygyñ sypatlarynyñ, şol sanda sosial umumy we milli umumy sypatlarynyñ kemala gelşine düşünýärdi. Uly toparlaryñ seljermesinde şeýle bir hadysa ýüze çykaryldy: şeýle toparyñ psihologiýasy sosial- umumy häsiýeti özünde jemläp, bu häsiýetler topary düzýän aýry-aýry şahsyýetlerde dürli derejede bolýar. Indiwidual psihologiýada sosial umumy häsiýetleriñ goýluşy düşündirişi talap edýän hadysalaryñ biridir. Sosiallaşma institutynyñ özi şahsyýete täsir etmek bilen bir hatarda öz gezeginde uly toparlaryñ däp-dessur, öwrendikler, durmuş keşbi ýaly zatlaryñ üsti bilen amala aşyrylan uly toparlaryñ täsiri bilen utgaşyar. Şeýle täsir ulgamlaryñ şahsyýete täsiriniñ kadalaşyp ýa-da kadalaşmazlygy sosiallaşma netijeliligini kesgitleýär. Şeýlelikde, sosiallaşmanyñ meselesiniñ mundan beýläkki derñewi şahsyýetiñ ösüşinde kiçi we uly toparlaryñ utgaşykly täsirini öwrenmekde birleşdiriji sepgit hökmünde ýüze çykmalydyr.



edileni ölümden alyp galmagy başarypdyrlar" diýip belleýär.[1]

Kommunikatordan çykýan maglumat **meýil döredij**i we açyp görkeziji häsiýetde bolup bilýär. Meýil dörediji maglumat buýrukda, maslahatda, haýyşda aňladylýar. Ol haýsy-da bolsa bir hereketi ugrukdyrmaklyga niýetlenýär. Ugrukdyrmak öz gezeginde dürli hili bolup biler. Ilkinji nobatda ol **işjeňleşdiriji**, ýagny belli ugur boýunça herekete meýillendirmek häsiýetde bolýar. Bu başga bir ýagdaýda **interdiksiýa**, ýagny käbir gadagan edilen hereketlerden saklanmaga meýillendirýän häsiýetde bolup bilýär. Galyberse-de, bu **sazlaşyklygy bozmak -destabilizasiýa** ýa-da özüňi alyp barşyň, ýa-da işiň özbaşdak görnüşleriniň bozulmagy, sazlaşyksyzlygy häsiýetde bolýar.

**Açyp görkeziji** maglumat habar beriji häsiýetde bolup, ol dürli bilim beriş ulgamlarda ulanylyp, özüňi alyp barşy gös-göni üýtgetmekligi göz öňünde tutmaýar. Ýöne bu ýerde hem adamyň kommunikasiýasynyň umumy düzgünleri hereket edýär. Berilýän habar dürli häsiýetde bolup bilýär. Obýektiwlik derejesi "biperwaý" beýan ediş äheňinden tä habar tekstine ynandyryş düzüjilerini goşmaklyga çenli bolup bilýär.

Habaryň görnüşleri kommunikator-maglumaty berýän adam tarapyndan kesgitlenýär.

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap. 320 sah.

**Kommunikasiýanyň serişdeleri. Sözleýiş.** Islendik maglumat belgiler ulgamlarynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Kommunikatiw tutumda ulanylýan birnäçe belgiler ulgamy bolup, olara degişlilikde kommunikatiw tutumlaryň görnüşlerini gurmak mümkin. Has giňişleýin häsiýetde dil üsti /belgiler ulgamy hökmünde sözleýiş ulanylýan / we dil üsti däl (sözleýişden aýry belgi ulgamy ulanylýan) kommunikasiýa tapawutlandyrylýar. Ikinji görnüş öz gözeginde birnäçe görnüşlere bölünýär. Dil üsti däl kommunikasiýa dogrusynda baý material toplanyp, şu günki günde onuñ dört görnüşini görkezmek mümkin: kinesika, paralingwistika, proksemika, göz üsti (wizual) aragatnaşyk. Olaryñ her biri özüniñ hususy belgiler ulgamyny ulanýanlygy üçin, hakykatda kommunikatiw tutumyñ bäş görnüşi ýüze çykýar. Olaryñ her birine aýry-aýrylykda seredeliñ .

**Dil üsti** kommunikasiýa – ýokarda görkezilişi ýaly belgiler ulgamy hökmünde adamyñ sözleýşini ulanýan / fonetiki belgileriñ ulgamy / aragatnaşyk bolup, onuñ leksiki we sintaktiki düzgünleri bardyr. Sözleýiş kommunikasiýanyñ iñ bir toplumlaýyn serişdesi bolup, onda berilýän maglumatyñ manysy köp derejede ýitirilmän saklanýar. Ýöne şeýle häsiýeti üpjün etmek üçin kommunikatiw tutuma gatnaşýanlarda dörän ýagdaýyñ birmeñzeş düşünilişi bolmalydyr.

Sözleýşiñ üsti bilen maglumatyñ kodlaşdyrylmagy we dekodlaşdyrylmagy amala aşyrylýar: habar beriji geplän wagtynda kodlaşdyryp,



kollektiwiniñ belli bir taraplaryny sosiallaşma instituty hökmünde häsiýetlendirýär.

Sosiallaşmanyñ zähmetden soñky döwrüniñ hut özüniñ jedelli bolşy ýaly onuñ institutlary dogrusyndaky mesele hem çekişme häsiýetlidir. Elbetde, bu ýerde hem durmuşy syn etmeleriñ esasynda şeýle institutlar hökmünde agzalary esasan napygaçylar bolup durýan dürli jemgyýetçilik guramalary görkezmek mümkin. Yöne bu meseläniñ çözlüşini bermeýär. Eger gartaşan ýaşa degişlilikde sosiallaşma düşünjesi ulanyljak bolsa, onda bu döwrüñ instituty hakynda oýlanmalydyr.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adamyñ zähmetden soñky, ýaşynyñ gaýdyşýan döwrüniñ özboluşlylygyny şeýle häsiýetlendirýär: "Ýaşulylykda ömür tejribäñ hazynasy baýap, paýhaslanarsyñ… Nesihatçy bolarsyñ. Öz ömrüñde gören – bilen zatlaryñdan çen tutup, öz eden ýalñyşlyklaryñ hem säwlikleriñ başa getirýän hossalarynyñ ajy miwesini dadyp, özgeleriñ bulardan sowlup geçmegini islärsiñ…"[1]

Bu ýerde görkezilen sosiallaşma institutlaryna birnäçe hyzmatlar degişli bolup, onuñ işini diñe olaryñ tejribäni geçirmek hyzmatyna syrykdyrmak bolmaz. Agzalan edaralary sosiallaşmanyñ ýerliginde seretmek, diñe olaryñ amala aşyrýan jemgyýetçilik wezipeleriniñ içinden şoña laýygyny “saýlap almaklygy” añladýar.

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap, 222 sah.

tejribe derñewde işjeñlik köplenç **karara gelmeklik** usullaryny seljermek arkaly öwrenilýär. Bu nukdaýdan jahyllyk döwri sosial psihologik üçin tebigy tejribehanadyr: bu adamyñ durmuşyñ möhüm meseleleri dogrusynda karara gelýän döwrüdir: sosial psihologiýa bu tutumda mekdep ýaly sosiallaşma institutyñ şeýle karara gelmekligi ýeñilleşdirip ýa-da kynlaşýanlygy bilen gyzyklanýar. Adatça kemalyýtiñ kömegi bilen çözlüp gelnen mekdep meseleleri üznüksiz sosial psihologik bilmiñ ýetmezçiligini çekýär. Bu ýagdaý "adaty däl" toparlar, toparlaýyn çagalar jenaýatçylygy we beýleki meselelerde has-da aýdyñ duýulýar.

Sosiallaşmanyñ ikinji döwrüne ýokary bilim berşi goşmak ýa-da goşmazlyga laýyklykda onuñ ýokary okuw mekdebi sosial instituty dogrusynda gürrüñ etmeli bolýar. Entek ýokary okuw mekdeplerini şeýle ýerlikde derñemek işi alnyp barylmasa-da , talypçylyk meselesi dürli jemgyýetçilik ylymlarynda uly rol tutýar. Sosiallaşmanyñ zähmet döwründäki instituty barada aýdylanda bolsa olaryñ iñ bir möhümi zähmet kollektiwidir. Sosial psihologiýada derñewleriñ köpüsi kollektiwleriñ mysallarynda geçirilen-de bolsa, olaryñ sosiallaşma institut hökmündäki ähmiýeti entek ýeterlik derñelen däldir. Elbetde, bu jähtden zähmet kollektiwiniñ islendik derñewini sosiallaşma institutynyñ derñewi hökmünde düşündirmek mümkin: meselem, liderçiligiñ usuly ýa-da toparlaýyn karara gelmeklik zähmet



kabul ediji diñlände bu maglumaty dekodlaşdyrýar. Dil üsti kommunikasiýasynyñ ýagdaýynyñ psihologik düzüjilerini añlatmak üçin "geplemek" we "diñlemek" adalgalary girizilendir. Berilýän habaryñ manysynyñ geçirilişiniñ we kabul edilişiniñ nukdaýyndan H-M-K (habar beriji-maglumat-kabul ediji) nusgasy deñ möçberli däl (asimmetrik) häsiýetdedir. Habar beriji üçin maglumatyñ manysy kodlaşdyrylan tutumyñ /aýdylyşyñ / öñünden gelýär. Sebäbi ol ilki belli bir niýeti göz öñünden tutup, ony soñra belgiler ulgamyna geçirýär. "Diñleýän" üçin habaryñ manysy dekodlaşdyrmak bilen bir wagtda añlanylýar. Bu ýagdaýda bilelikdäki işiñ ýagdaýynyñ ähmiýeti has aýdyñ ýüze çykýar. Onuñ añlanylyşy dekodlaşdyrmak tutumynyñ hut özüne siñdirilendir. Berilýän habaryñ manysyny bu ýagdaýsyz añlamak mümkin däldir.

Habar beriji üçin diñleýäniñ aýdylýan habaryñ manysyna takyk düşünenligi diñe haçan-da "habar beriji orunlar" çalşan wagtynda /"gepleýäni" we diñleýjini" añlatmak üçin ulanylýan şertli adalga/, ýagny, haçan-da kabul ediji habar berijä öwrülip, özüniñ kabul eden maglumatynyñ manysyny nähili añlandygyny aýdanda aýan bolýar. Dialog ýa-da dialog sözleýşi "gürrüñiñ" özboluşly görnüşi hökmünde habar beriji orunlaryñ yzygiderli çalyşmaklygy bilen utgaşyp, onuñ tutumynda sözleýşiñ manysy aýdyñlaşdyrylýar. Başgaça aýdanyñda "maglumatyñ baýlaşmagy, ösüşi" amala aşyrylýar.

Habar berijiniñ we kabul edijiniñ özara orunlary çalyşýan ýagdaýyndaky hereketleriniñ sazlaşyklygy köp derejede olaryñ işiñ umumy ýerligine (kontekstine) goşulmaklaryna bagly bolýar. Bu baglanyşyklygy ýüze çykarýan köp sanly tejribe derñewleri geçirilendir. Bularyñ arasynda ulanylýan belgileriñ birmeñzeş manysyny ulanmaklygyñ derejesini kesgitlemeklige bagyşlanan derñewler hem bardyr. Dialog şertinde dil üsti kommunikasiýanyñ netijeliligi garşydaşlaryñ maglumatyñ tema gönükdirilmesini we onuñ iki taraplaýyn häsiýetini üpjün edip bilijiligi bilen kesgitlenýär.

Umuman, sözleýşi, kommunikasiýa tutumynda belgi ulgamy hökmünde ulanmaklygyñ häsiýetnamasy tutuş kommunikasiýa hakyndaky aýdylýan ähli sypatlary özünde jemleýär. Beýle diýildigi sözleýşiñ üsti bilen diñe bir “maglumat hereket” etmän, kommunikasiýa gatnaşyjylar aýratyn usul arkaly bir-birlerine täsir edýär, bir-birlerini ugrukdyrýar, ynandyrýar, ýagny özüñi alyp barşyñ belli bir üýtgemekligini gazanmaga çalyşýarlar. Aragatnaşykda garşydaşa ugrukdyrmaklygyñ iki hili maksady bolup biler. A.A.Leontew olary şahsy-sözleýiş ugrukdyrmasy /ŞSU/ we sosial-sözleýiş ugrukdyrmasy /SSU/ diýip atlandyrýar. Bular habaryñ salgysynyñ dürli-dürlüligini görkezmän, esasan, kommunikasiýanyñ temany, şöhlelendirýär.

Sosial psihologiýada sözleýiş üsti bilen täsir etmekligiñ netijeliligini ýokarlandyrmagyñ şertlerini we usullaryny anyklamaklyga bagyşlanan köp sanly tejribe



şahsyýetiñ kemala gelşini irki çagalyk döwründe bu tutuma haýsy sosial institutyñ goşulanlygyna baglylykda öwrenýän longitýudinal /uzak wagtyñ dowamynda / derñewler geçirilenok.

Sosiallaşmanyñ irki döwrüniñ ikinji döwründe onuñ esasy instituty **mekdepdir**. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyñ belleýşine görä "adamlar ylmy we bilimi bir-birine, nesilden – nesle geçirmek, şeýdibem, akylyñ taryhy dowamatyny üpjün etmek üçin mekdebi döredipdirler. Şol sebäpden hem mekdep – akyl öýüdir diýilýär"[1]. Ýaş we kemalyýet psihologiýasy derñewiñ bu obýektine uly gyzyklanma bildirýär. Kemalyýeti aýtmanyñda-da mekdep bilen baglanyşykly derñewler agzalan iki goñşy ugurda bireýýäm tapawutlanylandyr. Başgaça aýdanyñda kiçi mekdep, ýetginçeklik, ýokary synp ýaşlaryna degişlilikde sosial psihologiýada ayry-aýry , özbaşdak işler bolup, bu añry gitse ýaşlaryñ “tötänleýin saýlawyny” emele getirýär. Şol bir wagtyñ özünde sosial psiholog üçin uly ýaşlylara , ýagny mekdep durmuşynyñ jahyllyk bilen baglanyşykly döwrüne ayratyn üns bermek möhümdir. Sosiallaşmanyñ nukdaýyndan bu şahsyýetiñ kemala gelşi üçin aýgytlaýjy döwürdir. Bu döwrüñ yzygiderli hünär saýlamak /sözüñ giñ manysynda/ durmuş ýoldaşyny, gymmatlyklar ulgamyny we ş.m. seçmek bilen baglanşyklygy bu sebäpli I.S.Kon ony şahsyýetiñ “orun-rol çäklendirmesi” diýip atlandyrýar. Nazary jähtde şahsyýetiñ işjeñligi dürli hili kesgitlense-de,

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap, 304 sah.

toparlar **sosiallaşmanyñ institutlary** diýip atlandyrylýar.

Sosiallaşmanyñ zähmetden öñki döwürdäki şeýle institutlaryna : irki çagalyk döwürde - **maşgala** we häzirki zaman jemgyýetinde möhüm ähmiýeti bolan **mekdebe çenli çaga edaralar** degişlidir. Maşgala adatça birnäçe taglymatlarda sosiallaşamanyñ möhüm instituty hökmünde seredilýär. Mekdebe çenli çaga edaralary barada aýdylanda bolsa olaryñ seljermesi sosial psihologiýada henize çenli onçakly rowaç däldir. Muña "delil " hökmünde sosial psihologiýa öz düzüminde ösen şahsyýet hereket edýän toparlar bilen iş salşyp, şahsyýetiñ kemala gelşi bilen baglanyşykly toparlar seljerişiñ çäginden daşda galýar diýen pikir ýöredilýär. Bu jedelli pikir bolsa-da, sosial psihologiýa ýaş sosial psihologiýasy bölümini goşmak , ýa-da derñewiñ bu ugur-da özbaşdak ugruny döretmek ýaly tekliplere ýygy-ýygydan duşmak bolýar. Meselem, Ýa.L.Kolominskiý "ýaş sosial psiholo-giýasy" düşünjesini ulanyp, psihologiýa ylmynyñ şeýle ugrunyñ doly hukukly ugur bolmalydygy dogrusyndaky teklibi nygtaýar. Entek mekdebe çenli çaga edaralary diñe ýaş psihologiýasynyñ obýekti bolup galyp, onuñ sosial psihologik jähti öwrenilmän gelýär. Mekdebe çenli edaralarda döreýän gatnaşyklar ulgamynyñ sosial psihologik seljermesi dogrusyndaky zerurlyk amaly zerurlykdyr. Gynansak-da henize çenli



derñewler bar. Muña gönükdirilen çäreleriñ toplumy "ynandyryjy kommunikasiýa" diýip atlandyrylyp, onuñ esasynda tejribe ritorika - sözleýiş üsti bilen ynandyrmak ussatlygy amala aşyrylýar. Sözleýiş kommunikasiýasynyñ tutumyna goşulýan ähli üýtgeýjileri göz öñünde tutmak üçin K.Howland "ynandyryjy kommunikasiýanyñ matrisasyny" teklip edýär. Bu sözleýiş kommunikatiw tutumynyñ özboluşly nusgasy bolup, onda bu tutumyñ ähli aýry-aýry bölümleri añladylandyr. Şeýle nusgalary gurmaklygyñ esasy maksady sözleýişiñ täsiriniñ netijeliligi ýokarlandyrylanda tutumyñ her bir düzüjisini nazarda tutmakdan ybaratdyr. Muny öz wagtynda amerikan alymy G. Lassuell tarapyndan köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniñ - gazetiñ ynandyryjy täsirini öwrenmek üçin teklip edilen ýönekeý nusgasynda görkezmek bolýar. Kommunikatiw tutumyñ nusgasy Lassuelliñ pikiriçe bäş düzüjini özünde jemleýär:

1.Kim? / habar berýär / - Kommunikator
2.Näme? / berilýär / - Habar / tekst /
3.Nähili? / nämäniñ üsti bilen amala aşyrylýar / - Kanal
4.Kime? /Habar görnükdirilen / - Auditoriýa
5.Nähili netijelilik bilen? - Pes, orta, ýokary netijelilik

Bu nusganyñ her bir düzüjisi dogrusynda köp sanly derñewler geçirilendir. Meselem, **kommunikatoryñ** sözleýşiniñ netijeliligini ýokarlandyrmaklyga ýardam edýän **häsiýetnamasy** hertaraplaýyn beýan edilip, kommunikasiýa wagtynda onuñ orunlarynyñ görnüşleri anyklanandyr. Şeýle orunlar üç hili bolup bilýär: **açyk** – kommunikator aç-açan özüniñ beýan edilýän nukdaýyñ tarapdarydygyny aýdyp, ony tassyklaýan dürli mysallara baha berýär; **goşulmazlyk** – kommunikator özüniñ bitarapdygyny aýgytly nygtaýar, gapma-garşylykly garaýyşylary deñeşdirýär, olaryñ haýsy-da bolsa birine goşuljakdygyny inkär etmese-de, pikirini açyk aýtmaýar; **ýapyk** - kommunikator öz garaýşy barada dymýar, hatda kähalatlarda ony gizlemek üçin ýörite çärelere ýüzlenýär. Elbetde, bu orunlaryñ her biri habar beriş täsiriniň maksady, wezipesi bilen döredilýär, ýöne olaryñ her biri täsiriñ netijeliligini ýokarlandyrmagyñ belli bir mümkinçiliklerini özünde jemleýär. Edil şunuñ ýaly-da habaryñ **tekstiniñ** täsirini ýokarlandyrmagyñ usullary hertaraplaýyn derñelendir. Hut şu ugurda tekstiñ dürli bölekleriniñ arasynda degişli ülüşleri döredýän kontent-seljerme usulçasy ulanylýar. **Auditoriýany** öwrenmek dogrusyndaky işler aýratyn ähmiýete eýedir.Bu ugurda geçirilen derñewler logiki we möçber taýdan esaslandyrylan maglumat gös-göni auditoriýanyñ özüni alyp barşyny üýtgedýär diýen XIX asyra mahsus bolan garaýşyñ nädogrydygyny subut etdi. Bu derñewler /Klapneriñ tejribeleri/ bu tutumda hiç hili gös-gönüligiñ



iş bilen aralaşdyrylan , özara täsiriñ baý tejribesi bolan toparlarda we tersine , bu häsiýetleri pes bolan toparlarda nähili bolýär?

Entek bu tutumlaýyn meseleleriñ tejribe we nazaryýet derñewi ýokdur. Sosial psihologiýa kollektiw pikiriniñ girizilmegi entek sosiallaşma meselesine ýaýradylanok. Bu ugra kollektiw meselesi bilen baglanyşykly täze nazaryýet we tejribe öwrümleriñ goşulmagy ony has-da wajyp, gelejegi baý meselä öwürýär.

Bu baglanyşyk has hem sosiallaşmanyñ institutlaryna degişlilikde has aýdyñ ýüze çykýar.

**Sosiallaşmanyñ institutlary.** Sosiallaşmanyñ ähli

döwürlerinde jemgyýetiñ şahsyýete edýän täsiri gös-göni ýa-da toparyñ üsti bilen amala aşyrylyp, ýöne täsir ediş serişdeleriniñ toplumyny J.Piaženiñ belleýşi ýaly, kadalara, gymmatlyklara we belgilere syrykdyrmak mümkin . Belgileriñ bu ýerde beýleki düzüjiler bilen bir mazmunly däldigini nazara tutup, bu hataryñ maksadalaýykdygyna şübhelenmek mümkin. Ýöne kadalaryñ we gymmatlyklaryñ diñe belgiler arkaly geçirilýändigi sebäpli bu hataryñ ähli düzüjisi maksadalaýyk bolýar. Şonuñ üçin kemala gelýän şahsyýete jemgyýet öz kadalaryny, gymmatlyklaryny belgileriñ üsti bilen geçirýär diýmek bolar. Şahsyýeti öz kadalar, gymmatlyklar ulgamyna goşulýan, sosial tejribäniñ geçirijileri bolup hyzmat edýän takyk

döwürde diñe şahsyýetiñ işjeñliginiñ görnüşiniñ üýtgeýänligi dogrusynda gürrüñ etmek bolar.

Mesele bir mazmunly çözülmese-de, amalyýetde gartaşan ýaşdaky adamlaryñ işjeñligini ulanmagyñ dürli görnüşleri agtarylýar. Bu hem meseläniñ ara alnyp maslahatlaşmaga laýyklygyna güwä geçýär. Kemalyýetde soñky ýyllarda öñe sürülýän üznüksiz bilim bermek /şol sanda ululara-da/ pikiri hem belli bir derejede zähmetden soñky döwri sosiallaşmanyñ düzümine goşmalymy ýa-da dälmi diýen çekişmä goşulýar.

Sosial psihologiýa üçin sosiallaşmanyñ döwürleriniñ zähmet işine gatnaşygy nukdaýdan ýüze çykarylmagynyñ uly ähmiýeti bardyr. Şahsyýetiñ kemala getirilişi nukdaýdan onuñ haýsy sosial toparlaryñ üsti bilen sosial gurşawa goşulýanlygy örän ähmiýetlidir.

Görşümiz ýaly, toparlaryñ ösüşiniñ iñ ýokary derejesi bolan kollektiw, toparyñ iş-durmuşyny düzýän tutumlaryñ mazmunyny täzeçe berýär. Ýöne şahsyýetiñ esasan ýokary derejede ösen toparlara goşulmagynyñ sosiallaşmanyñ görnüşi we onuñ netijesi üçin ähmiýeti dogrusyndaky sowal entek jogapsyz galýar. Eger-de dartgynlyk meselesine ýüzlensek, onda şahsyýete onuñ uçran dartgynlygynyñ görnüşi ähmiýetlimikä? Kämil däl toparlarda bolup, esasan şahsyýetara häsiýetli dartgynlyklaryñ iñ ýokary derejesi bilen ýüzbe-ýüz bolmak şahsyýete nähili täsir edýär? Onuñ sosial işjeñligi şahsyýetara gatnaşyklaryñ



ýokdugyny görkezip, hakykatda maglumatyñ we auditoriýanyñ gönükdirilmesiniñ özara täsiriniñ aýgytlaýjy şert bolup duranlygyny anyklady. Bu ýagdaý gönükdirilmeleriñ maglumatynyñ kabul edilişindäki ähmiýeti dogrusyndaky birnäçe derñewleriñ döremegine sebäp boldy.

Ýokarda görkezilen derñewleriñ her bir ugry amaly ähmiýete eýe bolup, bu ähmiýet köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniñ netijeliligini ýokarlandyrmakda hasda saldamlydyr. Bu barada aşakda giñişleýin durlup geçiler.

Seredilen nusga kommunikasiýa tutumynda täsiriñ usulyna we serişdelerine akyl ýetirmekde belli bir ähmiýete eýedir. Emma bu nusga diñe kommunikasiýanyñ tutumynyñ düzüm gurluşyny göz öñünde tutýar. Ýöne bu tutum has çylşyrymly hadysa – aragatnaşyga goşulyp aragatnaşygyñ bu tarapynda onuñ mazmunyny anyklamak hem möhümdir. Bu mazmun kommunikasiýa tutumynda adamlaryñ bir-birine özara täsir etmeginden ybaratdyr. Özara täsir tutumyny doly beýan etmek üçin diñe kommunikatiw hereketiň gurluşyny bilmek ýeterlik bolman, aragatnaşyga goşulýanlaryñ meýillerini, olaryñ maksadyny, gönükdirilmelerini we.ş.m. seljermek zerurdyr. Munuñ üçin dil üsti aragatnaşyga goşulýan sözden başga-da belgiler ulgamyna ýüzlenmelidir. Sözleýiş aragatnaşygyñ ähliumumy serişdesi bolsa-da, ol diñe iş ulgamyna goşulan ýagdaýynda belli bir ähmiýete eýe bolýar. Şeýle goşulmaklyk bolsa beýleki, dil üsti däl belgiler

ulgamyny ulanmak bilen utgaşýar. Mälim bolşy ýaly sözleýiş diñe bir özüñi alyp barşyñ daşky aňladyjy hereketleri bilen utgaşman, onuñ semantikasy / hereketleriñ manysy / bilen üsti doldurylýar. Diýmek, kommunikatiw tutumda dil üsti däl serişdeler ünsden düşürilse, onuñ seljermesi doly bolmaýar.

**Dil üsti däl kommunikasiýa.** Bularyñ içinden ilkinji nobatda optiki-kinetiki belgiler ulgamyny görkezmek zerurdyr. Bu belgilere eliñi hereketlendirmek, ýüzüñ muskullarynyñ, tutuş göwräniñ muskullarynyñ gymyldylaryny görkezmek bolar.

Tutuşlygyna bu optiki-kinetiki ulgam bedeniñ dürli bölekleriniñ /eliñ, ýüzüñ, göwräniñ/ umumy hereket düzüminiñ belli bir derejede aýyl-saýyl kabul edilýän häsiýeti hökmünde ýüze çykýar. Bedeniñ dürli bölekleriniñ bu umumy hereketi adamyñ emosiýa-duýgusyny şöhlelendirýänligi üçin belgileriñ optiki-kinetiki ulgamynyñ kommunikasiýa goşulmagy aragatnaşyga aýratyn öwüşgin berýär. Bu öwüşginler şol bir yşaratlar dürli milli medeniýetde ulanylanda dürli mana eýe bolýar. (Rus adamy bilen bolgar sözleşende birinjiniñ ylalaşyk hökmünde baş atmasy ikinji tarapyndan ylalaşmazlyk, başyny ýaýkamasyny bolsa, tersine makullamak hökmünde düşünýänligi hemmä mälimdir). Belgileriñ optiki-kinetiki ulgamynyñ kommunikasiýadaky ähmiýeti şeýle ýokary bolansoñ häzirki döwründe bu meseläni ýörite derñeýän ugur - kinetika ýüze çykýar. Meselem, M.Argaýlyñ



ulgamy/, halkyñ düzüminde gartaşan ýaşlylaryñ sanynyñ artmagyna getirýär. Pensionerlerden durýan sosial topara degişli adamlaryñ zähmet mümkinçiligi has durnukly bolýar. Häzirki döwürde gerantologiýa we geriatriýa ýaly ylymlaryñ pajarlap ösmegi, ýaş-psihologiýasynyñ hem ýuwaş-ýuwaşdan bu meselä goşulýanlygy hut şunuñ bilen baglanyşyklydyr. Sosial psihologiýada bu mesele sosiallaşmanyñ zähmetden soñky döwrü hökmünde goýulýar. Çekişmäniñ taraplarynyñ garaýyşlary gapma-garşylyklydyr: olaryñ biri sosiallaşma düşünjesini bu döwre, adamyñ ähli sosial hyzmatlarynyñ paýawlanýan döwrüne laýyklykda ulanmak artykmaç hasaplaýarlar. Bu nukdaý nazardan görkezilýän döwre degişlilikde “sosial tejribäni özleşdirmek”, hatda onuñ döredilişi barada hem gürrüñ etmek ýerliksiz hasaplanylýar. Edil şonuñ ýaly düýpli kynçylyk adamyñ durmuşynyñ zähmetden soñky döwrüni şahsyýetiñ ösüşi hökmünde düşündirmekde hem ýüze çykýar. Bu nukdaýnazaryñ has gönümel görnüşi “sosiallaşmanyñ ýitmegi ” bolup, ol sosiallaşma tutumy gutarandan soñ başlanýar. Başga bir garaýyş, tersine, gartaşan ýaşyñ psihologik mazmunyna başgaça düşünmekligi nygtaýar. Bu garaýşyñ peýdasyna adamyñ sosial işjeñliginiñ gartaşan ýaşda hem saklanýandygyny subut edýän köp sanly tejribe derñewleri bar. Sosiallaşma tutumyny sosial psihologiýada beýän edýän ýokardaky nusga laýyklykda gartaşan ýaş sosial tejribäniñ döredilişine düýpli goşant goşýan döwür hökmünde seredilýär. Bu

kämillik döwründe, bu tutumyñ gidişinde zähmeti inkär etmek bolmaz.

Ýene-de bir mesele sosiallaşmanyñ zähmet döwrüne degişli nazaryýet we tejribe derñewleriñ ýoklugy bilen baglanyşyklykda döreýär. Ýöne beýle ýagdaý sosial psihologiýanyñ öz düşünjelerini täze usulyýet düzgünler esasynda guraýan döwründe adaty zatdyr. Gürrüñini edýän meselämiziñ amaly tarapynyñ ähmiýeti has-da uludyr: şahsyyetiñ ösüşiniñ zähmet döwrüniñ sosiallaşma meselesiniñ "orbitasyna" goşmak häzirki zaman şertlerinde üznüksiz bilim bermek pikiri bilen baglanyşykda aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Meseläniñ şeýle çözlüşinde dersara derñewlere mümkinçilik açylýar / meselem, kemalyýet bilen, onuñ zähmet terbiýesi bilen meşgullanýan bölüminiñ arasynda hyzmatdaşlyk guramak/. Soñky ýyllarda **akmeologiýa** –kämil ýaş döwri hakyndaky ylym boýunça geçirilýän derñewler has işjeñleşýär.
Sosiallaşmanyñ **zahmetden soñky** döwri has-da çylşyrymly meseledir. Bu meseläniñ sosiallaşma meselesinden hem täzeligi şeýle çylşyrymlylygy az-kem ýumşaldýar. Meseläniñ goýluşy jemgyýetiñ sosial psihologiýa bildirýän obýektiw talaplaryndan gelip çykýar. Gartaşanlyk ýaşyñ meselesi häzirki zaman jemgyýetinde birnäçe ylymlar üçin derwaýys mesele bolup durýar. Bu meseleler aýratyn hem adalat-progressiw jemgyýete ähmiýetlidir. Bir tarapdan, ömrüñ dowamlygynyñ artmagy, ikinji tarapdan, döwletiñ kesgitli sosial syýasaty /pensiýa bilen üpjün etmek



derñewlerinde el hereketleriniñ dürli medeniýetdäki ýygylygy we güýji öwrenilipdir (bir sagadyñ dowamynda finler ellerini 1 gezek, italýanlylar -80, fransiýalylar-20, meksikalylar 180 gezek hereketlendiripdirler.)

Belgileriñ **paralingwistik** we **ekstralingwistik** ulgamy-da dil üsti kommunikasiýa "goşant" bolup durýar. Paralingwistik ulgam bu ses-wokal ulgamy, ýagny sesiñ hili, onuñ diapazony, tonallygy bolup durýar. Ekstralingwistik ulgam bu sözleýşe dyngy ýa-da beýleki goşuntgylary, meselem, arçynmak,agy, gülki we ş.m. goşmak, şeýle hem hut sözleýşiñ öz depginidir. Bu goşantlaryñ ählisi ýokarda görkezilen fassinasiýa–güýçlendiriji wezipesini ýerine ýetirýärler: many-semantiki ähmiýetli maglumaty goşmaça söz goşulmalary bilen däl-de "söz gapdaly" usullar arkaly ýokarlandyrýar.

Kommunikatiw tutumyñ **guralyşynyñ giñişlik** we **wagt häsiýetnamasy-da** aýratyn belgi ulgamy bolup, kommunikatiw ýagdaýyñ özboluşly düzüjisiniñ mazmunyny özünde jemleýär. Meselem, garşydaşlaryñ ýüzme-ýüz ýerleşdirilmegi olaryñ arasynda baglanyşygyñ döremegine ýardam edip,gepleýäne ünslüligi häsiýetlendirýär. Şol bir wagtyñ özünde adamyñ ýeñsesinden çagyrmak ýakymsyz kabul edilýär. Aragatnaşygy guramakda giñişligiñ dürli görnüşleriniñ artykmaçlygy iki garşydaşa hem-de köpçülikleýin auditoriýa degişlilikde tejribe esasda subut edilendir.

Edil şonuñ ýaly-da aragatnaşygyñ wagt häsiýetnamasy dogrusynda dürli medeniýetdäki döredilen birnäçe kadalar hem semantiki ähmiýetli maglumata goşmaça häsiýetde bolýar. Diplomatik gepleşikleriñ başlanyşyna öz wagtynda gelmeklik söhbetdeşiñe sarpa goýmaklygy añladyp, tersine, gijä galmaklyk sylamazlygy añladýar. Birnäçe ýörite ugurlarda /ilkinji nobatda diplomatiýada/ gijä galmaklyga "göz ýummaklygyñ" çägi özüniñ degişli mazmunlary bilen giñişleýin işlenip düzülendir.

**Proksemika** aragatnaşygyñ giñişlik we wagt guralyşynyñ kadalary bilen ýörite iş salyşýan ugur hökmünde häzirki wagtda uly tejribe materiala daýanýar. Proksemikany esaslandyryjy E.Holl ony "giňişlik psihologiýasy" diýip atlandyryp, haýwanlarda aragatnaşygyň giñişlikde guralyşynyñ ilkinji görnüşlerini derñedi. Adamyñ kommunikasiýasyna degişlilikde onuñ giñişlikde guralyşyny öwrenmek netijesinde aragatnaşygyñ içginliginiñ bahalandylyşynyñ usulçasy teklip edildi. Bu derñewleriñ uly amaly ähmiýeti bolup, olar dürli çekişme toparlarynyñ işleriniñ netijeliligi seljerilende has peýdalydyr. Meselem, tejribeleriñ birnäçesinde iki sany çekişme guraýan toparyñ agzalarynyñ "oñatlylyk" nukdaýdan oñaýly ýerleşdirilişiniñ nusgasy görkezilýär. Ýöne ýeke proksemikanyñ serişdeleri çekişmäni geçirmegiñ netijeliligini üpjün edip bilmez; olaryñ mazmuny, geçişi, gönükdirilmegi adamyñ işiniñ has ýokary mazmunlary



edilýär. Bu mesele nazaryýet we amalyýet jähtden iññän wajypdyr: talyplyk sosial toparlarynyñ sosiallaşmasy aýratyn ähmiýetlidir.

Sosiallaşmanyñ **zähmet döwri** adamyñ kämil döwrüni öz içine alýar /ýöne "kämil" ýaşyñ demografik çäkleri örän şertlidir/. Bu döwri bir söz bilen adamyñ zähmet işiniñ ähli döwri hökmünde kesgitlemek bolar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy zähmetiñ adamyñ iş-durmuşyndaky ornuny häsiýetlendirip şeýle ýazýar: "Zähmet –ömrüñ wepasydyr. Zähmet – ýaşaýşyñ rehnetidir. Zähmet adama özi bolmaga mümkinçilik berýär"[1].

Sosiallaşmanyñ çägini bilim almak döwri bilen çäklendirýän alymlardan tapawutlylykda alymlaryñ köpüsi bu tutumyñ zähmet işi döwründe dowam edýändigini nygtaýarlar. Üstesine-de , şahsyýetiñ diñe bir sosial tejribäni özleşdirmän , ony döredýänligi bu döwrüñ ähmiýetini has-da artdyrýar. Sosiallaşmanyñ zähmet döwrüni ykrar etmek zähmet işiniñ ähmiýetiniñ aýgytlaýjydygyny ykrar etmekden gelip çykýar. Adamyñ mazmuny güýçleriniñ hereketlendirijisi hökmünde zähmet işiniñ başlanmagy sosial tejribäniñ döredilişini togtatmaýar. Bu mesele şahsyýetiñ kemala gelşi nukdaýdan seredilende hem, şeýle öwrümli pursat sosiallaşmanyñ çäginiñ jahyllyk döwri bilen gutarýandygyna subutnama däldir. Elbetde, jahyllyk şahsyýetiñ kemala gelşinde aýgytly pursat: ýöne

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap, 334 sah.

daýanýar. Sosiallaşma düşünjesiniñ sosial tejribäniñ ilkinji nobatda zähmet işi tutumynda özleşdirilmekligini göz öñünde tutýanlygy üçin, onuñ döwürlere bölünişiniñ esasynda zähmet işine bolan gatnaşyk goýulýar. Eger-de bu düzgüne esaslanylsa, onda sosiallaşmanyñ üç sany esasy döwürlerini ýüze çykarmak mümkin: zähmetden öñki, zähmet we zähmetden soñky döwürler.

Sosiallaşmanyñ ilkinji döwri adamyñ durmuşynyñ **zähmet işine çenli** döwrüni öz içine alýar. Öz gezeginde bu döwür iki sany özbaşdak döwre bölünýär: a) irki sosiallaşma – çaganyñ doglandan mekdebe gidýän wagt aralygyny öz içine alyp, bu ýaş psihologiýasynda irki çagalyk döwri diýip atlandyrylýar: b) okadylyş döwri – jahyllyk döwrini / sözüñ giñ manysynda / öz içine alýar. Bu döwre çaganyñ mekdepde okaýan bütin döwri degişlidir. Ýokary okuw jaýynda ýa-da ýörite orta okuw jaýynda okadylyş döwri dogrusynda dürli pikirler bar. Eger-de döwri ýüze çykarmaklygyñ şerti hökmünde zähmete bolan gatnaşyk kabul edilýän bolsa bilim berşiñ Ý.O.M., hünärmen mekdebi, beýleki görnüşleri indiki döwre degişli bolup bilmez . Başga bir tarapdan, bu okuw jaýlarynda okadylyş orta mekdeplerden has özboluşly bolansoñ hem-de okuwy zähmet bilen utgaşdyrmak düzgüniniñ yzygiderli durmuşa geçirýändigi sebäpli adamyñ durmuşynyñ bu döwrüni mekdep döwrüniñ ülñüsinde seretmek kyndyr. Nähili hem bolsa mesele psihologik edebiýatda iki hili beýan



arkaly üpjün edilýär /sosial degişliligi, orunlary, çekişmä gatnaşýanlaryñ maksady we beýlekiler/.

Aragatnaşygyñ giñişlik jähtini oñaýly guramak diñe başga şertler miýesser bolan ýagdaýynda ähmiýetli bolsa-da, onuñ derñewi bilen meşgullanmak zerurdyr.

Bu ugurdaky birnäçe derñewler kommunikatiw ýagdaýlaryñ giñişlik we wagt häsiýetnamalarynyñ özboluşly toplumyny öwrenmek bilen baglanyşyklydyr. Bu toplumlar "hronotoplar" diýip atlandyrylýar. "Nähoşlaryñ otagy", "wagondaky ýoldaş" we ş.m. hronotoplary toplumlar ýazylandyr. Aragatnaşygyñ ýagdaýynyñ özboluşlylygy bu ýerde garaşylmadyk täsirleri döreýär. Meselem, "wagonda ýola ugurdaşyñ ömründe görmedik adamsyna bolan göwnüaçyklygy, ilgezikligi köp derejede düşnüksizdir. Şeýle hronotoplaryñ derñewi entek başlangyç döwürlerde bolup, olaryñ çuñlaşdyrylmagy kommunikatiw täsiriñ düzüjilerini anyklamaga mümkinçilik berer.

Bu ugurdaky indiki bir özboluşly belgi ulgamy – göz üsti - wizual aragatnaşykdaky bolýan "gözleriñ sataşmasydyr". Şeýle derñewler soñky ýyllarda ýaýbañlanyp, olar keşbiñ kabul edilişi – gözüñ hereketleriniñ umumy psihologik derñewleriniñ yzy bilen baglanyşyklydyr. Göräýmäge göz galtaşmasy diñe içgin aragatnaşyga dahylly belgi ulgamy ýalydyr. Hakykatdan-da, bu meseläniñ ilkinji derñewlerinde "göz galtaşmasy" inçe içgin aragatnaşygy öwrenmek bilen baglanyşyklydyr. Iñlis alymy M.Aragaýl hatda "içginligiñ formulasyny" işläp düzüp, başga şertler bilen

bir hatarda içginligiñ aragatnaşyk aralygyna baglylygyny anyklady. Ýöne häzirki wagtda şeýle derñewleriñ örüsi has giñedi: göz hereketleri bilen añladylýan belgiler aragatnaşygyñ has giň ulgamyna ýaradylýar. Meselem, çaga üçin göz üsti aragatnaşygyñ ähmiýeti dogrusyndaky derñewler ýola goýuldy. Çaganyñ öz ünsüni ilkinji nobatda adamyñ ýüzünde saklaýandygy anyklandy. Ulular bilen geçirilen derñewlerde olaryñ ilkinji nobatda gorizontal ýerleşen iki töwerege /gözüñ keşbi/ ünsüni gönükdirýänligi subut edildi. Saglygy goraýyş amalyýetini göz öñünde tutmanymyzda hem bu hadysa pedagogyñ işinde, umuman ýolbaşçylyk bilen baglanyşykly ugurlarda uly ähmiýete eýedir. Ähli dil üsti däl serişdeler ýaly göz galtaşmasy dil üsti kommunikasiýa möhüm goşant bolup durýar. Ol adamyñ aragatnaşygy goldamaklyga ýa-da bes etmeklige taýýarlygy habar berýär, garşydaşy söhbeti dowam etmeklige höweslendirýär, galyberse-de öz "Meniñi" doly ýüze çykarmaga ýa-da tersine, gizlemeklige ýardam edýär.

Dil üsti däl kommunikasiýanyñ dört ulgamyna degişlilikde bir usulyýet häsiýetdäki sowal ýüze çykýar. Bularyñ her biri öz hususy belgi ulgamyny ulanyp, oña belli bir kod hökmünde seretmek bolar. Ýokarda aýdylyşy ýaly islendik maglumat öz kodifikasiýa we dekodifikasiýa ulgamy kommunikatiw tutuma gatnaşýanlaryñ hemmesine mälim bolar ýaly kodlaşdyrylmalydyr. Eger sözleýşe degişlilikde bu kodifikasiýa ulgamy azda-kände mälim bolsa, dil üşti



däbi hem şu ugurda döreýär. Mälim bolşy ýaly psihoanaliziñ nukdaýyndan şahsyýetiñ ösüşi üçin irki çagalyk döwri aýratyn ähmiýete eýedir. Bu pikir sosiallaşmagyñ döwürleriniñ has aýgytly kesgitlenmegine getirdi: psihoanaliziñ ulgamynda sosiallaşma wagt nukdaýdan irki çagalyk döwri bilen gabat gelýän tutum hökmünde seredilýär. Adaty psihoanalitiki däbe görä sosiallaşmany diñe şu döwürde tejribe arkaly derñemek maksadalaýyk hasaplanylýar. Başga bir tarapdan, indi köp wagtdan bäri adaty däl psihoanalitiki işlerde sosiallaşmagyñ wagt möçberi kem-kemden giñeldilýär: şol bir nazaryýet esasda sosiallaşmany ýetginçeklik, hat-da jahyllyk döwürlerine degişlilikde derñeýän işler ýüze çykyp ugrady. Freýdizmden ugur almaýan psihologiýanyñ beýleki ugurlarynda häzirki döwürde sosiallaşmany jahyllyk döwrüne degişlilikde öwrenmeklige ýykgyn edilýär. Şeýlelikde, sosiallaşmanyñ yetginjeklik we jahyllyk döwürlerine “ýaýradylmagy” sosial psihologiýada umumy kabul edilen pikire öwrülýär.

Ýöne onuñ mundan beýläkki döwürleri dogrusynda çekişme gidýär. Bu çekişmeler adamyñ kämil ýaşy döwürlerinde sosiallaşmanyñ esasy mazmunyny düzýän sosial tejribäni özleşdirmeklik amala aşyrylýalarmy diýen sowalyñ töwereginde gidýär. Sosial psihologiýada bu mesele dogrusynda, hemmeler tarapyndan ykrar edilmese-de, kesgitli garaýyşlar bardyr. Bu garaýyş umumy iş düzgünine, şeýle hem bu düzgüniñ sosial psihologik bilimde amala aşyrylyşyna

üzñe däldir: diñe işde öz-özüñ baradaky düşünjä , beýleki adamlaryñ saña berýän bahasy bilen deñeşdirilme netijesinde "düzedişler" girizilýär. "Işi diñe "daşky" şert hökmünde inkär edip, oña hakyky daýanmaýan öz-özüñi añlamaklyk, "boş" düşünjä öwrülýär. Hut şonuñ üçin sosiallaşmak tutumy görkezilen ugurlaryñ üçüsiniñ-de üýtgemekliginiñ birligi hökmünde düşünilip bilner. Olar tutuşlygyna indiwid üçin " giñelýän barlygy" döredip, indiwid onda hereket edip, akyl ýetirip, aragatnaşyk saklaýar we munuñ netijesinde diñe bir ýakyn gurşawa däl, sosial gatnaşyklaryñ ähli ulgamyny özleşdirýär. Şeýle özleşdirişde indiwid şol bir wagtyñ özünde öz tejribesinde öz döredijiligini goşýar. Şonuñ üçin barlygy işjeñ özleşdirmekden başga ony özleşdiriş usuly ýokdyr. Bu umumy düzgün sosial psihologiýadan sosiallaşmanyñ her bir döwründe bu tutumyñ iki tarapynyñ arasynda döreýän takyk "sepi" ýüze çykarmaklygy talap edýär: bu sep sosial tejribäni özleşdirmek we ony döretmegiñ arasyndaky sepdir. Bu ýumşy diñe sosiallaşma tutumynyñ döwürlerini , şeýle hem bu tutumy guraýan institutlary kesgitländen soñra çözmek mümkin.

**Sosiallaşma tutumynyñ döwürleri.** Sosiallaşma tutumynyñ döwürleri meselesiniñ psihologik bilimler ulgamynda öz taryhy bardyr. Sosiallaşma meselesi freýdizmiñ ulgamynda has yzygiderli seredilenligi üçin, bu tutumyñ döwürleşdiriş



däl kommunikasiýada her bir ýagdaýda nämäni kod hasaplamalydygyny kesgitlemelidir. Bu kesgitlemeklik garşydaşyñ hem hut kody özleşdirmekligini göz öñünde tutmalydyr. Eger şeýle edilmese dil üsti kommunikasiýa bu ulgamlar hiç hili many goşundyny ýetirip bilmeyär.

Mälim bolşy ýaly maglumatyñ umumy taglymatynda "many taýdan ähmiýetli maglumat" düşünjesi girizilýär. Bu maglumatyñ girişdäki däl-de, ulgamyñ çykyş bölümindäki möçberi, ýagny, onuñ "işleýän" bölegidir. Adamyñ kommunikasiýasynda bu düşunjäni - many taýdan ähmiýetli maglumaty adamyñ özüni alyp barşyny özgerdýän, belli bir manysy bolan maglumat görnüşinde kesgitlemek bolar. Ähli dil üsti däl belgiler ulgamy bu manyny köpeldýär, maglumatyñ many tarapyny doly açmaklyga kömek edýär. Ýöne many tarapyñ şeýle üsti ýetirilip açylmaklyga diñe kommunikatiw tutuma gatnaşýanlaryñ ulanylýan belgilere, koda doly düşünen ýagdaýynda mümkin bolýar. Hemmelere düşnükli kody gurmak üçin belgiler her bir ulgamynyñ içinde edil sözleýşiñ birlikleri ýaly belli bir birlikleri döretmek zerurdyr. Ýöne şeýle birlikleri dil üsti däl ulgamlarda ýüze çykarmak esasy kynçylyk bolup durýar. Bu mesele şu günki günde doly çözülen däldir. Ýöne oña dürli synanyşyklar edilýär.

Şeýle synanyşyklaryñ biri kinetika ulgamyna laýyklykda K. Býordwiýetli degişlidir. Bu ugruñ usulyýet meselelerini esaslandyryp, Býordwiýetl

adamyñ beden hereketleriniñ birliklerini ýüze çykarmaklygy teklip etdi. Onuñ esasy pikir ýöretmesi gurluş lingwistikanyñ tejribesi esasynda guralýar: beden hereketleri birliklere bölünip, soñra bolsa bulardan has çylşyrymly gurluşlar döredilýär. Birlikleriñ toplumy beden hereketleriniñ özboluşly elipbiýini emele getirýär. Has maýda many birligi hökmünde kin ýa-da kinema (lingwistikadaky fonema meñzeş) teklip edilýär. Aýratyn kin özbaşdak many döretmeýän hem bolsa, onuñ üýtgemeginde tutuş gurluş üýtgeýär. Kinemalardan kinemorflar (sözlemlere meñzeş) emele gelip, olar hem aragatnaşyk ýagdaýynda kabul edilýär.

Býordwiýetliñ teklipleriniñ esasynda beden hereketleriniñ özboluşly sözlügi düzülip, hatda dürli milli medeniýetlerde kinleriñ sany dogrusyndaky işler peýda boldy. Ýöne Býordwiýetliñ özi entek beden hereketleriniñ kanagatlanarly sözlügini döretmek başartmaýandygy dogrusynda netijä geldi. Kin düşünjesi bolsa nämälim we çekişmeli bolmagynda galdy. El hereketleriniñ (yşaratlaryñ) sözlügini düzmek baradaky teklipler has çäkli häsiýetdedir. Edilýän synanyşyklar kesgitli bolmasa-da ( birlikler hakyndaky sowal olarda düýbünden çözülmeýär), dürli milli medeniýetlerde el hereketleriniñ belli bir "katalogyny" beýan etmek başardýar.

Birlikleri saýlamakdan başga-da dürli muskul hereketleriniñ (mimiki), yşaratlaryñ ýa-da beden hereketleriniñ "ýerleşişi" meselesi hem döreýär.



Birinjiden, “Men keşbiniñ” kesgitlenişi ýazaryñ kabul edýän şahsyýet taglymatyna bagly bolýar. Esasy mesele, “Men keşbiñ” düzüm bölegi hökmünde nämäniñ ýüze çykarylýandygyndadyr. Adamyñ “Meniñ” gurluşyna birnäçe çemeleşişler bardyr. Olaryñ biri W.S.Merlin tarapyndan teklip edilip, onda öz-özüñi añlamaklygyñ gurluşynda dört düzüji ýüze çykarylýar: öz-özüñe degişliligiñi añlamak /özüñi daşky dünýäden tapawutlandyrmak/, "Men"-i işjeñ başlangyç, işiñ subýekti hökmünde añlamak; özüniñ psihologik häsiýetleriñi añlamak; öz-özüñi sosial-ahlak taýdan bahalandyrmak-bu aragatnaşykda we işde toplanan tejribäniñ esasynda kemala gelýär. Adamyñ öz-özüni añlaýşynyñ gurluşy dogrusynda başga çemeleşişler hem bardyr. Öz-özüñi añlamaklygyñ öwrenilişinde esasy nygtalýan zat - bu hadysany häsiýetnamalaryñ ýönekeý toplumyna syrykdyrman, şahsyýetiñ özüni añlamakda öz gurluşyny belli bir bütewilik hökmünde göz öñünde getirýänliginden ugur alynýar. Diñe şu bütewiligiñ içinde belli bir gurluş düzüjileri hakynda gürrüñ etmek mümkin. Muña adatça öz häsiýetleriñ we onuñ mazmuny, özüñi duýgy-emosional bahalandyrmak, galyberse-de, öz-özüñe hormat goýmaklyk hakyndaky düşünjeler degişli edýärler. Sosiallaşmagyñ tutumynda öz-özüñi añlamaklygyñ ösüşi bu şahsyýetiñ işiniñ we aragatnaşygynyñ giñelmekligi netijesinde gazanýan sosial tejribesi bilen hemişe dolandyrylýan tutumdyr. Öz-özüñi añlamaklyk adamyñ şahsyýetiniñ iñ bir içgin häsiýetnamasyna degişli bolsa-da, onuñ ösüşi işden

Sosiallaşmak tutumyny has umumy görnüşde adamda onuñ öz "Men"-keşbiniñ döremegi hökmünde kesgitlemek mümkin. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şeýle ýazýar: "Adamyñ beýikligi özüni açmakdan, özüne akyl ýetirmekden, öz dünýäsini açyp bilmekden başlanýar! Özgä akyl ýetirmek, özgä baha bermek añsat, iş özüñi tanamakda! Şonuñ üçinem, dana ata-babalarymyz "Özüni tanan weli" diýendirler!"[1]. Köp sanly tejribe derñewleriñ, şol sanda longitýudinal /uzak wagtyñ dowamynda/ derñewleriñ görkezişine görä, "Men"-iñ keşbi, adamda birbada däl-de, onuñ durmuşynyñ dowamynda köp sanly sosial täsirleriñ netijesinde kemala gelýär. Sosial psihologik nukdaýdan bu ýerde adamyñ dürli sosial toparlara goşulmaklygynyñ bu tutumy nähili döredýändigini ýüze çykarmak örän möhümdir. Eýsem bu tutumda toparlaryñ sanynyñ üýtgemekligi aragatnaşygyñ depginine, ondaky baglanyşyklaryñ möçberine täsir edýärmi? Ýa-da bolmasa toparlaryñ sany hiç hili **orun eýelemän**, esasy şert toparlaryñ hili /olaryñ işiniñ mazmuny we ösüş derejesi/ bolup durýarmy? Adamyñ özüni alyp barşynda we işinde onuñ öz-özüni añlaýşynyñ derejesi nähili ýüze çykýar?-bu sowallaryñ jogaby sosiallaşmak tutumy derñelende anyklanmalydyr.

Gynansak-da seljerişiñ hut şu ugrunda garaýyşlar gapma-garşylyklydyr. Bu şahsyýete düşünmeklikde köp sanly we dürli düşünişleriñ barlygy bilen baglanyşyklydyr. /Munuñ şeýledigi öñ hem bellenipdi /.

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001, 25 sah



Adamyñ ýüzüniñ, bedeniniñ, eliniñ we ş.m. esasy zolaklarynyñ birmazmunly "gözenekleri" zerur bolup durýar. Býordwiýetliñ tekliplerinde bu tarap hem göz öñünde tutulan; adamyñ tutuş bedeni 8 zolaga bölünýär: ýüz, kelle, sag el, çep el, sac aýak, çep aýak, bedeniñ tutuş ýokarky bölegi, bedeniñ tutuş aşaky bölegi. Sözlügi döretmegiñ maksady birlikler bolan kinleri belli bir zolaklara berkidip, beden hereketiniñ "ýazgysyny" almakdyr. Bu bolsa oña birmazmunlylyk berip, koduñ hyzmatyny ýerine yetirmeklige mümkinçilik berýär. Emma birlikleriñ kesgitli dälligi bu ýazgy usulyny ähtibar hasaplamaga mükmkinçilik bermeýär.

Ýüzüñ, ýüz muskullarynyñ häsiýetleriniñ ýazgysyny almak üçin has tygşytly usul teklip edilendir. Umuman, edebiýatda ýüzüñ añlatmalarynyñ 29 960 gowrak ýazgysy bardyr. Olary kadalaşdyrmak üçin Ekman tarapyndan FAST –facial Affect Scaring Technique, ýörite usulça teklip edilendir. Bu ýerde hem şol bir düzgün ulanylýar: ýüz gorizontal kesimler arkaly üç zolaga bölünýär /göz we mañlaý, burun we burun töweregi, agyz we eñegasty zolak/. Soñra mimiki serişdeleriñ kömegi bilen köplenç añladylýan alty sany esasy emosiýa-duýgy ýüze çykarylýar: şatlyk, gahar, geñ galmak, halamazlyk, gorky, gaýgy. Emosiýalary “zolaklar” boýunça berkitmek mimiki hereketleri belli bir takyklykda bellemäge mümkinçilik berýär. Bu usulça saglygy goraýyş /patopsihologik/ amalyýetde giñden ýaýrap, häzirki wagtda ony “normal” aragatnaşyk

ulgamynda ulanmaklyga synanyşyk edilýär. Bu ýerde hem kodlaşdyrmak meselesi doly çözlen däldir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy dil üsti däl aragatnaşykda taraplaryñ içki niýetiniñ we hereketleriniñ many-mazmunynyñ çendan çapraza bolýanlygyny monah bilen ybadathana gelen derwüşiñ diýip jedel etmeklerinde görkezýär. (Mukaddes Ruhnama, II-kitap, 322-323 sah.)

Şeýlelikde, dil üsti däl kommunikasiýanyñ ähli ulgamynyñ seljerilişi, onuñ kommunikatiw tutumda uly kömekçi / kähalatlarda özbaşdak / ähmiýete eýedigini görkezýär. Dil üsti hereketi güýçlendirmek ýa-da gowşatmak ukyby bilen bir hatarda dil üsti däl kommunikasiýanyñ ähli ulgamy kommunikatiw tutumyñ şeýle bir düýpli häsiýeti bolan oña gatnaşyjylaryñ niýetini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Olaryñ ylmy öwrenilişi üçin entek köp meseleleri, şol sanda usulyýet meseleleri çözmelidir. Kommunikasiýanyñ dil üsti ulgamy bilen birlikde bu ulgamlar adamlara olaryñ bilelikdäki işinde zerur bolan maglumat alyşmaklygy üpjün edýär.



birinjiden, aragatnaşygyñ baglanyşygynyñ haýsy şertlerde baýlaşandygyny we ikinjiden, şahsyýetiñ bu tutumdan näme alýandygyny anyklamakdan ybaratdyr. Aragatnaşygyñ çuñlaşmagy bu ilkinji nobatda **monologik sözleýişden** dialogik aragatnaşyga geçmeklik, merkezleşmekligi ýaýratmagy (desentrasiýa), ýagny garşydaşyña ugrukmagy başarmak, ony has takyk kabul etmekdir. Şeýle häsiýetdäki derñew dersara häsiýetli bolup, onda ýaş we sosial psihologiýanyñ öñünde deñ derejede ähmiýetli meseleler goýulýar. Bu nukdaýnazardan (bir adamyñ ösüş ýoly) birnäçe döwürleri mekdebe çenli we ýetginjeklik ýaşlary has çuññur derñelendir. Adamyñ durmuşynyñ beýleki döwürleri dogrusynda hiç bir hili derñewiñ bolmazlygy sosiallaşmagyñ başga bir meselesiniñ – onuñ döwürleriniñ çekişmeli häsiýetdeligi bilen düşündirilýär. Bu sowala biz aşakda dolanyp geleris.

Sosiallaşmagyñ üçünji ugry - şahsyýetiñ **öz-özüni añlamaklygynyñ** ösüşidir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şahsyýetiñ ösüşinde onuñ öz-özüni añlamaklygynyñ ähmiýeti dogrusynda şeýle ýazýar: "Edil özgeler bilen bolşy ýaly, adam öz "meni" bilen gatnaşyga girip, gürleşip,jedelleşip, ony ýigrenip, ýa ondan razy bolup bilýär… Akyldarlar adamy kämil etmegiñ iñ netijeli hem iñ ynamly ýolunyñ şahsyýetiñ öz-özüne bolan gatnaşygynda ýatandygyna ir göz ýetiripdirler"[1].

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap, 434 sah.

ulgamyndaky bu üýtgeşmeleriñ mazmunyny añlatmaly bolsa, onda indiwidiñ işiñ subýekti hökmünde mümkinçiliginiñ giñelýändigini aýtmak bolar.

Bu umumy nazaryýet ülñi meseläniñ tejribe derñewine çemeleşmäge mümkinçilik berýär. Tejribe derñewler adatça sosial we ýaş psihologiýasynyñ araçägindedir: bu derñewlerde dürli ýaşdaky toparlar üçin şahsyýetiñ işleriñ ulgamyndaky utgaşmasynyñ döredijisi, saýlawlaryñ näme bilen motiwirlenýändigi /bu motiw işi merkezleşdirmegiñ esasy bolup durýar/ ýaly sowallar anyklanýar. Psihologik nukdaýdan şeýle derñewlerde maksadyñ emele geliş tutumyny yzarlamak has möhümdir. Gynansak-da, bu mesele däp boýunça umumy psihologiýanyñ meselesi hasaplanyp, entek sosial psihologik jähtde doly gerim alanok. Ýone şahsyýetiñ ugrukmasy diñe bir ony gurşap alýan gös-göni baglanyşyklarda däl, şahsy manylar ulgamynda adamyñ işiniñ düzülýän sosial “birliklerinden”, sosial toparlardan üzñelikde beýan edilip bilinmez. Bu barada seredýän meselämizde, diñe ony sosiallaşmagyñ umumy sosial paýhasy çemeleşişiñ mantygyna goşmak äheñinde pikir ýöredilýär.

Ikinji ugur - **aragatnaşyk** ugry hem sosiallaşmagyñ ýerliginde özüniñ giñelmek we çuñlaşmak tarapyndan seredilýär. Aragatnaşyk ugrunyñ şeýle giñelmegi iş bilen baglanyşykly bolansoñ, bu tutum adamyñ gatnaşyklarynyñ kökelmegi we çuñlaşmagy häsiýetde bolýar. Ýone şeýle umumy pikir ýöretme ýeterlik bolman, ejribe derñewleriñ wezipesi,



## 6-njy bap. ARAGATNAŞYK ÖZARA TÄSIR HÖKMÜNDE (ARAGATNAŞYGYŇ INTERAKTIW TARAPY)

**Özara täsiriň aragatnaşygyň gurluşyndaky orny.** Aragatnaşygyň interaktiw tarapy bu adamlaryň özara täsirleri, olaryň bilelikdäki işini gös-göni guramaklyk bilen baglanyşykly düzüjileri aňladýan şertli adalgadyr. Özara täsiriň meselelerini derňemekligiň sosial psihologiýada öňden gelýän däbi bardyr. Ýöne bu däp gapma-garşylykly häsiýetdedir: bir tarapdan, bu mesele dogrusynda örän köp işler, ýörite döredilen tejribe usulçalar, özara täsiri özüniň gözbaşy edýän aýratyn nazaryýet ugur (interaksionizm) bolup, ikinji tarapdan, özara täsiriň orny sosial özüňi alyp baryşda we şahsyýetiň sosial işinde iňňän ýüzleý kesgitlenip, özara täsiriň we kommunikasiýanyň baglanyşygy, özara täsiriň aragatnaşygyň gurluşyndaky orny we beýleki möhüm meseleleriň aýdyň çözlüşi ýokdur.

Aragatnaşyk bilen özara täsiriň arasyndaky baglanyşyk şübhesiz bolsa-da, bu iki düşünjäni tapawutlandyrmak we şonuň üsti bilen tejribäni takyk

gönükdirilen häsiýetde guramak çetindir. Ýazarlaryň bir bölegi aragatnaşygy we özara täsiri bir hadysa hasaplap, ikisini-de kommunikasiýanyň dar manysynda ulanýarlar (maglumat alyşmak manyda), beýleki ýazarlar özara täsir bilen aragatnaşygy bir tutumyň görnüşi bilen onuň mazmunynyň arasyndaky gatnaşyk hökmünde seredýärler. Kähalatlarda bu hadysalary aragatnaşygyň baglanyşykly, şol bir wagtyň özünde özbaşdak hadysasy hasaplaýarlar. Bu dürli nukdaýlar belli bir derejede adalga kynçylyklar bilen döredilýär. Meselem, “aragatnaşyk” sözüň giň we dar manysynda ulanylýar. Eger-de aragatnaşygyň gurluşy dogrusyndaky nusgadan ugur alsak, ýagny aragatnaşyk sözüň giň manysynda (şahsyýetara we jemgyýetçilik gatnaşyklaryň hakykaty hökmünde) kommunikasiýany dar manyda öz içine alýan hasaplasak (maglumat alşygy hökmünde), onda özara täsire aragatnaşygyň kommunikatiw tarapynyň beýleki tarapy hökmünde  seretmek maksadalaýykdyr.

Eger-de kommunikatiw tutum belli bir bilelikdäki işiň esasynda döredilýän bolsa, onda bu iş dogrusynda bilim we pikirler alyşmak, gazanylan düşünişmekligiň işiň mundan beýläk  ösdürmekliginiñ guralmagynda amala aşyrmaklygyny göz öňünde tutýär. Bu işe birbada köp adamlaryň gatnaşmagy oňa her kimiň öz aýratyn goşandyny goşmalydygyny aňladýar. Bu bolsa özara täsire bilelikdäki işiň guralyşy hökmünde seretmäge esas berýär.



**Sosiallaşmak tutumynyñ mazmuny.** Eger-de adam şahsyýet bolup dogulmaýar, şahsyýet hökmünde kemala gelýär diýen umumy  psihologiýanyñ ýörelgesinden ugur alsak, onda sosiallaşmak hadysasy özüniñ mazmuny boýunça adamyñ durmuşynyñ ilkinji pursatlaryndan başlanýan şahsyýetiñ kemala geliş tutumydyr. Sosial psihologiýada şahsyýetiñ kemala gelşiniñ amala aşyrylýan üç ugry ýüze çykarylýar: iş, aragatnaşyk, özüñi añlamak. Bu ugurlaryñ her biri aýratyn seredilmelidir. Bu ugurlaryñ ählisiniñ umumy häsiýetnamasy şahsyýetiñ daşky dünýä bilen sosial baglanyşyklarynyñ giñelmekligi, köpelmegidir.

**Iş** barada aýdylanda bolsa, şahsyýet sosiallaşmak tutumynyñ bütin dowamynda işleriñ sanawynyñ giñelmegi, işiñ täze-täze görnüşlerini özleşdirmek bilen iş salyşýar. Bu tutumda iki sany möhüm hadysa bolup geçýär. Birinjiden, işiñ her bir görnüşinde we onuñ dürli görnüşleriniñ arasynda bar bolan baglanyşyklar ulgamyna **ugrukmak,** A.N.Leontýewiñ pikiriçe, işiñ adam üçin şahsy manysyny añlamaklygyñ üsti bilen amala aşyrylýar. Başgaça aýdanyñda, her bir şahsyýet üçin işiñ aýratyn ähmiýetli jähtlerini ýüze çykarmak, diýmek, diñe bir olara düşünmek däl-de, olary özleşdirilmekdir. Şeýle ugrukmagyñ netijesini **işiñ şahsyýet tarapyndan saýlanmagy** diýip atlandyrmak bolýar. Munuñ netijesi hökmünde ikinji tutum – esasy saýlanan işiñ **töwereginde** beýleki işleri **ýerleşdirip**, ünsi  saýlanan  işe  bermek.  Eger ösýän indiwidiñ işiniñ

diñe bir adama däl-de, jemgyýete düşünip bolýandygyny hem-de şeýle ösüşde dowamyýetligiñ bardygy mälim bolýar. Sosiallaşmagyñ şeýle düşündirilişinde adama düşünmekligiñ möhüm usulyýet düzgünleriniñ biri- adama birwagtyñ özünde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ subýekti we obýekti hökmünde düşünmeklik düzgüni derñewiñ dersine siñdirilýär.

Sosiallaşmak tutumynyñ birinji tarapy - sosial tejribäniñ özleşdirilişi - bu adama gurşawyñ nähili täsir edýänliginiñ häsiýetnamasydyr, onuñ ikinji tarapy bolan adamyñ öz işiniñ üsti bilen gurşawa täsir edişini añladýar. Sosial baglanyşyklar we gatnaşyklar ulgamyna edilýän islendik täsir belli bir karara gelmekligi, onuñ bilen baglanyşyklykda maksat döretmekligi we subýektiñ güýç sarp edişi, şeýle hem işiñ belli bir baş ugruny guramak tutumyny göz öñünde tutýanlygy mynasybetli bu ýerde şahsyýetiñ ornunyñ işjeñligi örboýuna galýar. Şeýlelikde, sosiallaşmagyñ ýokarda getirilen düşünilişi hiç bir jähtde şahsyýetiñ ösüş tutumyna çapraz gelmeýär, ol diñe meselä dürli-dürli çemeleşişleri aýyl-saýyl edýär. Eger-de ýaş psihologiýasy nukdaýyndan bu meselä "şahsyýet tarapdan" çemeleşmek oñaýly bolsa, sosial psihologiýa üçin "şahsyýetiñ gurşaw bilen özara täsiri nukdaýy tarapyndan" çemeleşmek gyzyklydyr.



Bu işiň tutumynda gatnaşyjylaryň diňe bir maglumat alyşmaklygy möhüm bolman, eýsem "hereketleri alyşmak", umumy işi meýilnamalaşdyrmak zerurdyr. Bu meýilnamalaşdyryşda bir adamyň hereketiniň "başga biriniň kellesinde dörän meýilnama"[1] arkaly dolandyrylmagy mümkin bolýär. Bu ýagdaý işi hakykatdan-da toparlaýyn häsiýetli işe öwrüp, onuň ýerine ýetirijisi aýratyn adam däl-de, topar bolýar.

Şeýlelikde, "özara täsir" düşünjesi aragatnaşygyň haýsy "beýleki" tarapyny açyp görkezýär diýen sowala indi jogap bermek bolar. Bu tarap diňe özüniň kömegi bilen beýleki garşydaşyň özüni alyp barşyny üýtgedýän belgileriň alşygyny öz içine alman, eýsem topara öz agzalary üçin umumy işi amala aşyrmaga mümkinçilik berýän bilelikdäki hereketleriň guralyşyny-da özünde jemleýär. Meseläniň şeýle çözlüşi özara täsiri kommunikasiýadan aýyrmaklygyň öňüni alyp, şol bir wagtyň özünde olary bir-birine syrykdyrmaýar: kommunikasiýa bilelikdäki işiň tutumynda we onuň "tagallasy" bilen guralýar we hut şu işiň tutumynda adamlar maglumaty we hut işiň özüni alyşmaly, bilelikdäki hereketleriň görnüşlerini we kadalaryny döretmeli bolýarlar.

Sosial psihologiýanyň taryhynda bu özara täsirleriň gurluşyny anyklamaklyga birnäçe synanyşyklar edildi. Meselem, Günbataryň sosial psihologiýasynda

[1] Lomow B.F. Obşeniýe kak problema obşeý psihologii. Metodologiçeskiýe problemy sosialnoý psihologii. M.,1975. 132 s.

“hereket taglymaty” ýa-da “sosial hereketiň taglymaty” hereketiň ýeke adama laýyk tutumynyň beýany dürli görnüşlerde teklip edildi. Bu pikire sosiologlar M.Weber, P.Sorokin, T.Parsons sosial psihologlar Ýang, Frimen we beýlekiler ýüzlendiler. Olaryň hemmesi özara täsiriň bir topar düzüjilerini – adamlary, olaryň baglanyşygyny, bir-birlerine täsir etmegini we onuň netijesi hökmünde olaryň üýtgemeklerini göz öňünde tutýarlar. Bu derňewlerde esasy wezipe özara täsirdäki hereketleriň motiwasiýasynyň kesgitleýji şertlerini anyklamak hasaplanylypdyr. Bu pikiriň amala aşyrylyşynyň mysaly hökmünde T. Parsonsyň taglymatyny görkezmek bolar. Bu taglymatda sosial hereketiň gurluşyny ýazmak üçin umumy düşünje – beýanet ulgamyny döretmek göz öňünde tutulýar. Parsonsyň agtaryşy bu hadysanyň psihologiýanyñ iş düzgüni nazaryýetde derňelişiniň gapma-garşylykly ugrunda amala aşyrylýar. Iş düzgünini ýörelge edinýän nazaryýetde mälim bolşy ýaly, ilki adamyň işiniň gurluşy seljerilip, soňra onuň içinde düzüm bölekleri hökmünde hereketler (soňra bolsa operasiýalar) ýüze çykarylýar. Aýratyn hereketiň gurluşy şeýle çemeleşişde mazmuny boýunça jemgyýetçilik häsiýetde bolan işiň umumy gurluşy arkaly döredilýär.

Parsonsda, tersine, işiň esasynda şahsyýetara gatnaşyklary ýatyp, olaryň esasynda adamyň işi özüniň giňişleýin häsiýetinde guralýar. Iş ýekelikdäki hereketleriň netijesidir. Ähli zat ýönekeý tutum hökmünde ýekelikdäki hereketden başlanýar; olaryň jeminden hereketleriň ulgamy emele gelýär. Her bir



terbiýe tutumynyñ subýekti tutuş jemgyýet ýa-da gündelik sözleýişde aýdylyşy ýaly, “bütin durmuş” bolup bilýär. Eger “terbiýe” adalgasy sözüñ dar manysynda ulanylsa, onda sosiallaşma "terbiýe" diýip atlandyrylýan tutumdan tapawutlanýar. "Terbiýe" sözüñ giñ manysynda ulanylanda bolsa şeýle tapawut ýitýär.
Şeýle takyklamadan soñra sosiallaşmagyñ mazmunyny şeýle kesgitlemek mümkin: sosiallaşmak – bu ikitaraplaýyn tutum bolup, bir tarapdan indiwidleriñ sosial gurşawa, sosial baglanyşyklar ulgamyna goşulmak arkaly sosial tejribäni **özleşdirmekligi** bolup, ikinji tarapdan indiwidiñ öz erki arkaly sosial gurşawa işjeñ goşulmaklylygy bilen sosial baglanyşyklar ulgamyny **işjeñ döretmegidir** /bu tarap derñewlerde ýeterlik nygtalmaýar/. Sosiallaşmak añyýetini psihologiýanyñ çäginde kabul edip, ony hakyky sosial psihologik mesele hasaplan ýazarlar meseläniñ hut şu iki tarapyna üns berýärler. Mesele şeýle goýulýar: adam sosial tejribäni diñe bir özleşdirmän, ony öz hususy gymmatlyklaryna, gönükdirilmelerine ugrukmasyna öwrürýär. Sosial tejribäniñ üýtgedilmek pursaty onuñ diñe işjeñ däl kabul edilişinden tapawutlykda şeýle üýtgedilen tejribäniñ ulanylyşynda indiwidiñ işjeñligini göz öñünde tutýar. Sosiallaşmak diñe bir öñden bar bolan sosial tejribäniñ “ýönekeý” üstüniñ doldurylmaklygyna syrykdyrylman, belli bir “önümiñ” döremekligini, bu tejribäniñ täze basgançaga göterilmekligini añladýar. Şeýle ýagdaýda adamyñ jemgyýet bilen özara täsiri ösüşiñ subýekti hökmünde

Ýöne şahsyýetiñ işjeñligine basym bermeklik "sosiallaşmakda" däl-de, "ösüş" pikirinde has aýdyñ duýulýar: sosiallaşmakda işjeñligiñ biraz öçügsiligi, onda esasy zadyñ sosial gurşaw bolup durýanlygy üçin onuñ şahsyýete edýän täsiri nygtalýar.

Şol bir wagtyñ özünde, eger şahsyýetiñ ösüş tutumy onuñ sosial gurşaw bilen işjeñ özara täsirinde düşünilse, onda bu özara täsiriñ her bir düzüjisi deñ derejede ähmiýetli bolýar. Eger-de bir tarapyna aýratyn üns berilse, hökmany ýagdaýda beýleki düzüjä kembaha garalmagyna getirýär. Sosiallaşmak meselesine hususy ylmy çemeleşiş hiç bir ýagdaýda şahsyýetiñ ösüşi meselesini inkär etmän, tersine, şahsyýete kemala gelýän işjeñ sosial subýekt hökmünde düşünilýär.

Ýöne "sosiallaşmak" we terbiýe düşünjeleriñ baglanyşygy we utgaşmasy çylşyrymlyrakdyr. Mälim bolşy ýaly, "terbiýe" adalgasy biziñ edebiýatymyzda sözüñ dar we giñ manysynda ulanylýar. Sözüñ dar manysynda "terbiýe" adalgasy adama terbiýäni guraýjy tarapyndan oña belli bir düşünjeleriniñ, kadalaryñ we ş.m. ulgamyny geçirmek maksady bilen edilýän täsire düşünilýär. Esasy üns bu ýerde täsir ediş tutumynyñ maksada gönükdirilmegine, maksadalaýyklygyna berilýär. Täsir etmekligiñ subýekti hökmünde bu ýerde ýörite institut, adam düşünilip, ol bolsa agzalan wezipäni ýerine ýetirmek üçin goýlandyr. Sözüñ giñ manysynda "terbiýe" diýip adama sosial tejribäni öwretmek üçin ähli jemgyýetçilik baglanyşyklary tarapyndan edilýän täsire düşünilýär. Bu ýagdaýda



tutum sowa-abstrakt nusga nukdaýdan ýekelikde seredilip, bu nusganyň düzüjileri: a)işgär, b)"beýleki" (hereketiň gönükdirilen obýekti), ç) kadalar (özara täsir olara laýyklykda guralýar), gymmatlyklar (her bir gatnaşyjynyň ymtylýany, agtarýany), d) ýagdaý (hereketiň amala aşyrylýan ýeri, pursaty) bolup durýar. Işgäriň hereketiniň ugrukmalary (islegleri) amala aşyrmaklyga gönükdirilenligi, onuň işiniň motiwasiýasy bolup hyzmat edýär. "Beýlekä" degişlilikde işgär ugrukmaklygyñ we garaşmaklygyň ulgamyny ösdürýär. Bu hadysalar maksada ýetmek üçin ymtylyş, şeýle hem beýlekiniň ähtimal jogap hereketlerini göz öňünde tutmak arkaly kesgitlenýär. Şeýle anyklanmalaryň bäş jübütini ýüze çykarmak bolar. Olar özara täsiriň mümkingadar görnüşleriniň görnüşnamasyny berýär. Bu bäş jübütiň kömegi bilen adamyň işiniň ähli görnüşlerini ýazmak göz öňünde tutulýar.

Bu synanyşyk onçakly şowly bolmady. Parsonsyň teklip eden hereketler nusgasy çenden aşa sowa-abstrakt häsiýetde bolup, ol hereketleriň dürli görnüşiniň nazaryýet seljermesi üçin ugrukma bolup bilmedi. Ol tejribe amalyýeti üçin-de ähmiýetsiz boldy: bu nazary nusganyň esasynda taglymaty dörediji tarapyndan ýeke-täk derňew geçirildi. Bu ýerde esasy düzgün ýekelikdäki hereketiň gurluşynyň birnäçe sowa-abstrakt düzüjilerini ýüze çykarmak – usulyýet nukdaýdan göwnejaý däldi. Şeýle çemeleşişde asla hereketiň mazmun tarapyny ýüze çykaryp bolmaýar. Sebäbi bu mazmun sosial işiň tutuş mazmuny bilen kesgitlenýär. Şonuň üçin seljermäni

sosial işiň häsiýetnamasyndan başlap, ondan aýry-aýry ýekelik hereketleriň gurluşyna geçmelidir (ýagny, düýbünden gapma-garşylykly ugra). Parsonsyň “hereketleriniň ýönekeý tutumlarynyň” özi birnäçe ýekelik-indiwidual kada-normalaryň we maksatlaryň amala aşyrylmagy bolup durýar. Şonuň üçin sosial hereketleriň hatda aňyýet mazmuny nazara alynmanda hem onuň usulyýet esaslary kanagatlanarsyzdyr: hereketleriň gurluşyny sosial ýerlikden üžňe seredilýän şahsyýetiň psihologik aýratynlygyndan getirip çykarmak bolmaz.

Özara täsiriň gurluşyny beýan etmekligiň başga bir synanyşygy onuň ösüş derejesini ýüze çykarmak bilen baglanyşyklydyr. Bu ýagdaýda özara täsir ýönekeý tutumlara däl-de, özüniň geçýän döwürlerine bölünýär. Şeýle çemeleşiş polşaly alymy Ý.Şepanskiý tarapyndan teklip edildi. Ý.Şepanskiý üçin sosial öžüňi alyp baryş ýazylanda merkezi düşünje sosial baglanyşyk bolup durýar. Ol şu aşakdakylaryň yzygiderli amala aşyrylyşy hökmünde seredilip bilner: a)giňişlik galtaşmasy, b) psihiki galtaşma ( Şepanskiniň pikiriçe bu özara gyzyklanma), ç) sosial galtaşma (bu ýerde bilelikdäki iş göz öňünde tutulýar), d)özara täsir (bu “garşydaşyň degişli jogap hereketini döretmek üçin hereketleriň yzygiderli amala aşyrylmagy”[1] hökmünde kesgitlenýär), d)sosial gatnaşyklary (hereketleriň bir-biri bilen utgaşýan ulgamy). Bu ýerde ähli aýdylanlar “sosial baglanyşygyň” häsiýetnamasyna degişli bolsa-da, onda “özara täsir

[1] Şepanskiý Ýa. Elementarnyýe ponýatiýa sosiologii. M.,1969. 84-sah.



birwagt rowaç bolan ýaňy dogan çaga entek adam däldir, onuñ adam bolmak üçin geçmeli ýoly entek öñdedir diýen ýalñyşlyk gaýtalanmazmy? Sosiallaşmak düşünjesi gominizasiýa, ýagny haýwanyñ adama öwrülmegi tutumy bilen gabat gelmeýärmi? Mälim bolşy ýaly, L.S. Wygotskiý çaga entek gominizasiýalaşmak tutumy öñde bolan jandar hökmünde seretmeklige düýpgöter garşy bolýardy. Ol çaga eýýäm doglandan belli bir medeniýetiñ sosial baglanyşyklarynyñ düzüjisi hökmünde dünýä inýär diýip düşünmelidigini nygtaýardy. Eger sosiallaşmak gominizasiýa bilen gatyşdyrylsa, onda bu düşünjä oñyn däl häsiýetde seretmäge ähli esas döreýär.

Galyberse-de, sosiallaşmak düşünjesini psihologiýada we kemalyýetde giñden ulanylýan başga düşünjeler bilen aýyl-saýyl etmek mümkinçiligini şübhä alynýar, meselem, “şahsyýetiñ ösüşi” we “terbiýe”. Bu bellik düýpli bolanlygy üçin onuñ üstünde ýörite durup geçmeklik maksadalaýykdyr. Şahsyýetiñ ösüşi nazaryýeti psihologiýanyñ esasy taglymatlarynyñ biridir. Üstesine-de şahsyýeti sosial işiñ subýekti hökmünde ykrar etmek şahsyýetiñ ösüşi nazaryýetine aýratyn usulyýet öwüşgin berýär: çaga ösmek bilen şeýle subýekte öwürlýär. Başgaça aýdanyñda, şahsyýetiñ ösüş tutumy onuñ sosial ösüşinden, sosial baglanyşyklaryñ ulgamyny özleşdirmekliginden üzñe däldir. Özüniñ möçberi boýunça “şahsyýetiñ ösüşi” we “sosiallaşmak” düşünjeleri bu ýagdaýda bir-birine göýä gabat gelýärler.

## 17-nji bap. SOSIALLAŞMAK

**Sosiallaşmak düşünjesi** “Sosiallaşmak” adalgasy özüniñpsihologiýa ylmynyñ dürli ugurlarynda giñden ýaýranlygyna garamazdan, bir mazmunly düşündirilişi ýokdur. Psihologiýada “sosiallaşmak” sözüniñ manydaşy hökmünde ýene-de iki adalga ulanylýar: “şahsyýetiñ osüşi” we “terbiýe”. Üstesine-de, kähalatlarda sosiallaşmak düşünjesi dogrusynda tankydy pikirler aýdylyp, bellik diñe söz ulanylyşyna degişli bolman, onuñ düýp mazmunyna syrykdyrylýar. Entek takyk kesgitleme bermezden saklanyp, sosiallaşmak düşünjesiniñ umumy häsiyetde añlanylýan mazmunyny aýtsak, bu “indiwidiñ sosial gurşawa girmegi” “onuñ sosial täsirleri özleşdirmegi” "ony sosial baglanyşyklar ulgamyna goşmak” we ş.m. häsiýetde düşünilýär.

Bu düşünjä garşy çykmaklygyñ bir görnüşi şeýle pikirden ugur alýar. Eger-de şahsyýeti sosial baglanyşyklaryñ çäginden daşarda göz oñüne getirip bolmaýan bolsa, onda onuñ sosial baglanyşyklar ulgamyna “girmekligi” dogrusynda gürrüñ etmek artykmaç dälmi? Şeýle boljak bolsa onda psihologiýada



görnüşi has giňişleýin berlendir. Özara täsiriň öňünden gelýän basgançaklaryň bir hatara ýerleşdirilişi onçakly takyk däldir: bu nusgada giňişlik we psihiki galtaşmalaryň özara täsiriň ýekelik-indiwidual tutumynyň esasy bolup durýanlygy zerarly bu taglymat mundan öňküleriň ýalňyşlyklaryny ýeňip geçip bilmeýär. Ýöne özara täsiriň bilelikdäki iş hökmünde “sosial galtaşmanyň” esasyna goşulmagy ýagdaýy köp derejede üýtgedýär: eger özara täsir bilelikdäki işiň amala aşyrylyşy hökmünde döreýän bolsa, onda mazmun tarapyny öwrenmäge ýol açylýar. Emma nusganyň gutarnykly däldigi onuň özara täsiriň gurluşyna akyl ýetirmek mümkinçiligini peseldýär. Hakykatdan-da tejribeçiler entek özara täsiriň anatomiýasyna geçmezden diňe onuň özi dogrusynda pikir ýöredýärler.

Galyberse-de, özara hereketi gurluş jähtden beýan etmeklige ýene-de bir çemeleşiş **tranzakt seljermesinde** döredilendir. Bu çemeleşişde özara täsire gatnaşyjylaryñ hereketini olaryñ orunlaryny dolandyrmak arkaly kadalaşdyrmak, şeýle hem özara hereketiñ ýagdaýyny we usulyny nazarda tutmaklyk teklip edilýär. (Bern. E. Игры, в которые играют люди. Минск,1998). Tranzakt seljermesiniñ nukdaýyndan özara herekete her bir gatnaşyjy Ata-ene, uly adam, çaga atlandyrylýan **orunlaryñ** birini eýeläp bilýär. Bu orunlaryñ degişli sosial rollar bilen baglanyşykly bolmaklygy hökman däldir: bu diñe özara hereketdäki belli bir baş ugruñ psihologik beýanydyr. (Çaganyñ orny "Men isleýärin", Ata-enäniñ orny

"Zerur!", uly adamyñ orny "Men isleýärin" bilen "Zerur" orunlaryñ birleşmesi hökmünde kesgitlenip bilner).

**I** **II**

Aýaly Adamsy




"üst dolduryjy" "kesişýän" "kesişýän"

A e – ata-ene orny; U- ulynyñ orny;
Ç- çaganyñ orny

Surat. Özara hereketde orunlaryñ bölünişi. (tranzakt seljermesi).

Tranzaksiýalar haçan-da "üst dolduryjy" bolanda, ýagny gabat gelenlerinde netijeli bolýar: eger garşy beýlekä Uly hökmünde ýüzlense, ol hem oña hut şol orundan jogap gaýtarýar. Eger-de özara herekete gatnaşyjylaryñ biri beýlekä Ulynyñ ornundan ýüzlenip, emma ol oña Ata-enäniñ ornundan jogap gaýtarsa, özara hereket bozulýar ýa-da düýpgöter togtaýar. Şeýle ýagdaýda tranzaksiýalar "kesişýän"



meselesi däl, şahsyýetiñ **sosial psihologik häsiýetler** diýip atlandyrylýan sypatlarynyñ seljerilişini hem görkezmek bolar.

öwrenilen bolsa, onda bu täsirleri işjeñ däl, özleşdirmekdäki däl-de, şahsyýetiñ ähli sosial baglanyşyklary işjeñ özleşdirmek tutumynyñ netijesiniñ nähilidigini seljermek möhümdir. Şahsyýet özüniñ işi we durmuşy bolup geçýän hakyky toparlarda we ýagdaýlarda beýleki adamlar bilen işjeñ aragatnaşykda bolýan şertlerinde nähili hereket edýär? Bu şahsyýetiñ öwrenilişi bilen baglanyşykly başga bir sosial psihologik meseledir. Ýene-de adaty psihologiýanyñ adalgasyna ýüzlensek bu meseläni **sosial gönükdirilmeler**_meselesi diýip atlandyrmak bolar. Seljerişiñ bu ugry-da sosial psihologiýanyñ şahsyýetiñ we toparyñ özara gatnaşygy düşünjeleriniñ umumy ulgamyna laýyk gelýär. Bu meseläniñ hem sosiologik we umumy psihologik jähtleriniñ barlygyna garamazdan, ol mesele hökmünde sosial psihologiýanyñ dersine degişlidir.

Şeýle meseläniñ ýüze çykarylyşy diñe bir nusgalaýyn pikir ýöretmeleriñ esasynda däldir. Çemeleşişiñ umumy mantygyny esaslandyrmaklyga synanyşyk bilen bir hatarda bu ýerde tejribe derñewleriñ amalyýetine esaslanmak hem bardyr: sanalan ugurlaryñ ikisinde hem derñewleriñ aglabasy sosial-psihologlar tarapyndan amala aşyrylandyr. Ýöne bu sosial psihologiýanyñ mundan beýläkki ösüşinde, onuñ nazaryýet agtaryşlarynyñ we tejribe amalyýetiniñ çäginiñ giñelmegi bilen şahsyýet meselesinde täze-täze taraplaryñ döremekligini inkär etmeýär. Şonuñ üçin hut şu günki günde hem şahsyýeti öwrenmek meseleleriniñ arasynda diñe bir sosiallaşmak we sosial gönükdirilmeler



häsiýetde bolýar. Aşakdaky nusgada durmuşy mysal getirilýär. (surat)

Aýaly ärine: "Men elimi kesdim" (Ula ulynyñ ornundan ýüzlenmek). Eger-de ol: "Häzir dañarys" diýse, bu Ulynyñ ornundan berilýän jogapdyr. (I). Eger-de: "Ömür saña bir zat bolaýar" diýip jogap gaýtarylaýsa, bu Ata-enäniñ ornundan jogap bolup (II), eger-de:"Men indi näme etmeli ?" diýlende çaganyñ orny (III) ýüze çykýar. Soñky iki ýagdaýda özara hereketiñ netijeliligi ýokary bolmaýar (Krigianskaýa Ý. S., Tretýakow W. R. Grammatika obşeniýa. LGU, 1990). Meñzeş çemeleşişi P.N. Ýerşow tarapyndan teklip edilip, onda orunlar ýüze çykarylyp, "ýokardan goşmaça döretmek" we "aşakdan goşmaça döretmeklik" mümkinçiligi nygtalýar. (Ýerşow P. N. Režessura kak praktiçeskaýa psihologiýa. M., 1972).

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy özara hereketde taraplaryñ biriniñ dyzmaç, ýüzünugralygynyñ beýlekisiniñ sypaýyçylygy, giñ göwrümliligi bilen utgaşanda aragatnaşygyñ belent, ahlaklylyga ýugrulan nusgasynyñ döreýändigini Buddanyñ garaşman durka ýüzüne tüýküren adamsyna gaty-gaýrym zat diýmän, ony ynsap yzasyna salyp, amana getirişiniñ mysalynda görkezýär. (Mukaddes Ruhnama, II-kitap, 388-389 sah.)

Netijeliligiñ ikinji görkezijisi - ýagdaýa dogry düşünmeklik (edil maglumat alyşmakdaky ýaly) we onda hereketiñ usul laýyklygydyr. Sosial psihologiýada özara hereketiñ ýagdaýlarynyñ birnäçe görnüşe bölünişi bardyr. Ýokarda şeýle nusgalaryñ

A. A. Leontew tarapyndan teklip edilen görnüşi getirilipdi (sosial ugrukmaly, ders ugrukmaly we şahsy ugrukmaly ýagdaýlar). Beýleki mysallary M. Argaýl we E. Bern teklip edipdi. Argaýl resmi sosial wakalary, tötänleýin seýrek duşuşyklary, işdäki we durmuşdaky resmi gabatlaşmalary, deñölçegli däl ýagdaýlary (okadylyşda, ýolbaşçylykda we beýl.) E. Bern dürli dälde, däp-dessurlary, ýarym däp-dessurlary (dynç alyşda ýüze çykýan) we oýunlary (sözüñ giñ manysynda düşünilýän, içgin, syýasy oýunlary we beýleki öz içine alýan) tapawutlandyrýar.

Her bir ýagdaý özüñi alyp barşyñ we hereketiñ özüne laýyk usulyny göz öñünde tutýar: olaryñ her bir birinde adam özüni dürli hili "teklip edýär", egerde bu teklip ediliş takyk bolmasa, özara hereket kynlaşýar. Eger-de usul haýsydyr bir takyk ýagdaýdaky hereketiñ esasynda döredilip, soñra başga ýagdaýa gös-göni geçirilen bolsa, üstünlik hakynda pikir etmek bolmaýar. Hereketiñ üç esasy usuly tapawutlandyrylýar: **däp-dessur, albaýly we ynsanperwer.** Däp-dessur usulynyn mysalynda usulyñ ýagdaýy bilen baglanyşdyrylmadygyna göz ýetirmek bolýar. Däp-dessur usuly adatça blli bir medeniýet arkaly döredilýär. Meselem, duşuşykda salamlaşmak usuly, berilýän sowallar, garaşylýan jogaplaryñ häsiýeti dürli medeniýetde özboluşlydyr. Amerikan medeniýetinde "Nähili ýagdaýlar?" sowalyna "Gül ýaly!" diýip jogap bermeklik kabul edilendir ( hakykatda ýagdaýyñ nähilidigine garamazdan). Biziñ



tarapyny öwrenmek ýa-da kollektiwleýin işe gatnaşmakda şahsyýetiñ motiwasiýasy /bu ýerde motiwasiýa toparyñ ösüş derejesine, bilelikdäki işiñ görnüşine baglylykda öwrenilmeli bolýar/; ýa-da attraksiýa meselesi, ol bu ýerde şahsyýetiñ beýleki adamy kabul etmekde ýüze çykýan duýgy - emosional ulgamynyñ käbir sypatlarynyñ häsiýetnamasy hökmünde ýüze çykýar. Sözüñ gysgasy, şahsyýet meselesiniñ şeýle özboluşly sosial-psihologik seredilmesi topar meselesine seretmegiñ beýleki tarapydyr.

Şol bir wagtyñ özünde birnäçe ýörite meseleler bolup, olar toparlaryñ seljerilişinde doly gozgalmasa-da, "şahsyýetiñ sosial psihologiýasyna" girýär. Eger şahsyýetiñ sosial psihologiýadaky seljerişiniñ esasy tarapy onuñ topar bilen özara täsiri bolýan bolsa, onda esasy mesele jemgyýetiñ şahsyýete edýän täsiriniñ haýsy toparlaryñ üsti bilen amala aşyrylýandygyny anyklamak bolup durýar. Munuñ üçin şahsyýetiñ durmuş ýoluny, onuñ ösüş ýolunyñ amala aşyrylýan kiçi we uly gurşawynyñ öýjüklerini öwrenmek möhümdir[1]. Adaty dili bilen aýtsak, bu sosial psihologiýanyñ **sosiallaşmak** meselesidir. Bu meseläniñ sosialogik we umumy psihologik jähtlerini ýüze çykarmak mümkinligine garamazdan, ol sosial psihologiýanyñ hususy meselesidir.

Başga bir tarapdan eger şahsyýetiñ kemala gelşiniñ dowamynda oña edilen täsirleriñ ähli ulgamy

[1] Seret:Psihologiýa razwiwaýuşeýsýa liçnosti /Pod.red.A.Petrowskogo M.,1987.

doredilen şahsyýetiñ” özüni alyp barşyna we işine **takyk sosial toparlarda** seredip, her bir şahsyýetiñ toparyñ işine goşýan indiwidual goşandyny, bu goşandyñ möçberiniñ sebäplerini öwrenýänligindedir. Has takygy bu ýerde sebäpleriñ iki hatary öwrenilýär: bu goşandyñ şahsyýetiñ hereket edýän toparynyñ häsiýetine we ösüş derejesine baglylygy, şeýle hem onuñ şahsyýetiñ hut öz aýratynlygyna /meselem, onuñ sosiallaşmak şertlerine/ baglylygy.

Sosial psihologiýa üçin şahsyýeti derñemekde esasy ugrukma şahsyýetiñ topar bilen özara gatnaşygy bolup durýar /diñe bir şahsyýetiñ toparda bolmaklygy däl-de, şahsyýetiñ takyk topar bilen özara gatnaşygyndan gelip çykýan netije/. Sosial psihologik çemeleşişiñ sosiologik we umumy psihologik çemeleşişden şeýle tapawutlyklarynyñ esasynda şahsyyetiñ sosial psihologiýadaky meselelerini ýüze çykarmak mümkin.

Esasy mesele belli bir sosial topara goşulan şahsyýetiñ işiniñ we ozüni alyp barşynyñ tabyn bolýan kanunalaýyklaryny ýüze çykarmakdyr. Ýöne şeýle meseläniñ derñewini toparyñ derñewinden daşda “özbaşdak” gurluş hökmünde göz öñüne getirmek bolmaz. Şol sebäpli bu wezipäni amala aşyrmak üçin topara degişlilikde çözlen meseleleriñ ählisine dolanyp, belli bir derejede öñ seredilen meseleleri indi şahsyýete degişlilikde “gaýtalamaly” bolýar. Aýdaly, liderçilik meselesi, mysal üçin, toparlaýyn hadysa hökmünde lideriñ şahsyýet häsiýetnamalaryna ýykgyn edýän



medeniýetimizde bu sowala adatça "Erbet däl" diýip jogap gaýtarmak kabul edilip, "Gül ýaly!" diýmekligi gowaldanlygyñ nyşany hasaplanýar. Eger-de kabul edilen däbe laýyk däl jogap berlende, meselem, "Aý sen sorama, men aýtmaýyn" diýilse adam mundan beýläk garşydaşyna nähili gatnaşykda boljakdygyna aladalanýar, däp-dessur bozulýar. Aragatnaşygyñ albaýly ýa-da ynsanperwer usullaryny ulanmak aýratyn we uly mesele hökmünde amaly psihologiýada goýulýar.

Özara hereketiñ bitewi gurluşynda gatnaşyjylaryñ orny, ýagdaýlar we hereketleriñ usuly ýaly düzüjileriñ ýüze çykarylmagy aragatnaşygyñ bu tarapynyñ psihologik tarapyny has düýpli seljermäge ýardam berýär.

**Özara täsirleriň görnüşleri.** Özara täsiriň meselelerini seljermekde ýene-de bir beýany çemeleşiş – onuň dürli görnüşlerini döretmekdir. Adamlaryň köp sanly özara täsire goşulýanlygy öz-özünden düş-nüklidir. Tejribe derňewler üçin bu özara täsirleriň görnüşlerini hiç bolmanda bellemek zerurdyr. Sosial psihologiýada olaryň görnüşlerini gurmaklyga köp sanly synanyşyklar edilendir. Bu babatda özara täsiriň mümkingadar görnüşlerini <u>arkalaşykly birleşme – kooperasiýa we arkalaşyksyz birleşme – bäsleşik **(konkurensiýa)**</u> diýen iki gapma-garşylykly görnüşe bölýän bölüniş has ýaýrandyr. Bu iki esasy görnüşi dürli ýazarlar dürli adalgalar bilen atlandyrýarlar.

Kooperasiýadan we bäsleşikden (konkurensiýadan) başga ylalaşyk we agzalalyk (konflikt), uýgunlaşmak we garşy durmak (oppozisiýa), birleşme (assosiasiýa) we dargama (dissosiasiýa) we ş.m. görnüşleri ýüze çykarýarlar. Bu düşünjeleriň arkasynda özara täsiriň görnüşlerini ýüze çykarmagyň degişli düzgüni ýatýar. Birinji ýagdaýda onuň bilelikdäki işi guramaklyga ýardam edýän häsiýetleri, bu nukdaýdan “oňyn” sypatlary seljerilýär. Ikinji topara bilelikdäki işi “gowşadýan”, oňa belli bir garşylyk döredýän özara täsirler girýär.

Şol bir wagtyň özünde özara täsiriň başga görnüşlerini ünsden düşürmek hem bolmaz. Meselem, özara täsiriň özboluşly görnüşi hökmünde agzalylygy (konflikti) nazary we tejribe jähtden öwrenmek iň bir wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Agzalalygyň öwrenilişi barada aýdylanda bu ýerde belli bir nazary nusga döredip, onuň çäginde bu hadysanyň sosial psihologiýada öwreniliş özboluşlylygyny kesgitlemelidir. Sosial psihologiýa agzalalygyň obýektiw tebigatyny anyklamakda esasy ünsi iki meselä gönükdirmelidir: birinjiden, her bir agzalylykda **ikinji derejeli** sosial psihologik meseleleri seljermek (meselem, gatnaşyjylaryň agzalalygy aňlamaklygy), ikinjiden, özboluşly sosial psihologik şertler arkaly döredilýän agzalylyklaryñ bölekleýin görnüşini ýuze çykarmak. Bu wezipeler haçan-da diňe derňewleriň göwnejaý düşünje – usulyýet nusgasy döredilen ýagdaýynda üstünlikli çözülýär. Şeýle nusga keminden



**takyk toparlarda** sosial täsirleri özleşdirýändigini /işiñ haýsy ulgamynyñ üsti bilen ikinji tarapdan, **haýsy takyk toparlarda** ol özüniñ sosial mazmunyny bilelikdäki işiñ haýsy takyk görnüşleri boýunça **amala aşyrýandygyny** derñeýär.

Şeýle çemeleşişiñ sosiologik çemeleşişden tapawudy sosial psihologiýanyñ şahsyýetde sosial tipiki sypatlaryñ nähili döreýänligi bilen gyzyklanmaýanlygy üçin däl-de, eýsem bu sosial tipiki sypatlaryñ nähili kemala gelýändigini, näme üçin şahsyýetiñ kemala gelşiniñ bir şertlerinde bu sypatlaryñ doly ýüze çykyp, beýleki şertlerde onuñ şol bir sosial topara degişliligine garamazdan, başga sypatlaryñ kemala gelýändigininñ sebäbini öwrenýändigi bilen düşündirilýär. Bu sebäbi anyklamak üçin sosiologik seljerişe seredende şahsyýetiñ kemala gelşiniñ kiçi ýakyn gurşawyna has güýçli üns berilýär. Beýle diýildigi sosial psihologiýa şeýle kemala gelşiñ uly, has giñ gurşawyny nazara almaýar diýildigi däldir. Sosial psihologiýa sosiologik çemeleşişe seredeniñde özüñi alyp barşyñ we işiñ dolandyryjysy bolan şahsyýetara gatnaşyklaryñ bütin ulgamyna aýratyn üns berip, bu gatnaşyklaryñ içinde iş bilen aralaşdyrylma bilen bir hatarda olaryñ duýgy-emosional dolandyrylyşy hem öwrenilýär.

Agzalan çemeleşişiñ **umumy psihologik** çemeleşişden tapawudy bu ýerde şahsyýetiñ sosial döredilişiniñ ähli sowallarynyñ öwrenilip, umumy psihologiýada bolsa munuñ şeýle öwrenilmänligindedir. Esasy tapawut sosial psihologiýanyñ “sosial esasda

pikir hem meseläni çözmeýär /kähalatlarda şeýle subutnama hakykatdan-da hödürlenýär/. Umumy psihologiýada hem şahsyýetiñ derñewiniñ beýleki şahsyýetler bilen aragatnaşygy jähtini göz öñünde tutýanlygy üçin bu nukdaýnazar kabul edilip bilinmez. Häzirki zaman umumy psihologiýasynda aragatnaşyk meselesi hut umumy psihologiýanyñ çäginde seredilmeli diýýän pikir hem bar.

Şahsyýetiñ sosial psihologik derñewleriniñ özboluşlylygyny kesgitlemekde iki zatdan ugur almalydyr: birinjiden, sosial psihologiýanyñ hut özüniñ düşünilişinden, ikinjiden bolsa şahsyýete düşünilişinden. Eger-de indi sosial psihologiýanyñ dersine ilkibaşda getirilen düşünilişinden ugur alsak /adamlaryñ özüni alyp barşynyñ we işiniñ olaryñ hakyky sosial toparlara goşulmaklygy bilen döredilýän kanunalaýyklyklaryny we bu toparlaryñ özüniñ psihologik häsiýetnamalaryny öwrenýän ylym hökmünde düşünmek / we şahsyýete bir tarapdan işiñ şerti, ikinji tarapdan onuñ önümi häsiýetde düşünilişinden ugur alsak, onda goýlan sowala şeýle jogap bermek mümkin. Sosial psihologiýanyñ şahsyýetiñ sosial şertler bilen döredilenligi dogrusyndaky sowaly ýörite derñemeýänligi bu meseläniñ onuñ üçin möhüm däldigi sebäpli däl-de, bu sowalyñ ähli psihologiýa ylmy tarapyndan, ilkinji nobatda umumy psihologiýa tarapyndan çözülýänligi üçindir. Sosial psihologiýa umumy psihologiýanyñ şahsyyete berýän kesgitlemesini ulanyp, şahsyýetiñ bir tarapdan, nähili usulda we **haýsy**



agzalylygyñ dört esasy häsiýetnamsyny öz içine almalydyr: gurluşyny, ösüşini, hyzmatlaryny we görnüşlerini.[1]

Şeýlelikde, sosial psihologiýa üçin özara täsiriň diňe kooperatiw görnüşini derňemek ýeterlik däldir. Bilşimiz ýaly, özara täsiriň islendik görnüşi işiň çäginde berilýär. Işiň mazmunynyň dürli-dürli bolmagy mümkin. Özara täsiriň kooperatiw görnüşini diňe bir önümçilikde däl, eýsem jemgyýete garşy, hukuk bozýan hereketlerde (bilelikdäki talaňçylyk, ogurlyk we ş.m.) hem ýüze çykarmak bolýar. Şol sebäpli kooperasiýa üçin sosial – oňyn däl işde ýüze çykyşynyň diňe görnüş tarapy kesgitleýji däldir, tersine, jemgyýete garşy iş şertlerinde agzala iş oňyn bahalandyrylyp bilner. Kooperasiýa we bäsleşik (konkurensiýa) özara täsiriň "psihologik şekiliniň" diňe görnüşi bolup, mazmuny bolsa ol ýa-da beýleki ýagdaýda bu iki hadysany öz içine alýan işiň giñ ulgamy bilen kesgitlenýär. Şonuň üçin özara täsiriň kooperatiw görnüşlerini derňemekligiň ähmiýetini inkär etmän, onuň beýleki görnüşlerini-de ünsden düşürmeli däldir. Esasy zat bu görnüşleriň ählisini işiň sosial ýerliginden üzňe seretmezlikdir.

**Özara täsiri belgilemegiň tejribe nusgalary.** Özara täsiriň iki gapma-garşylykly görnüşini ýüze çykarmak aragatnaşygyň interaktiw tarapyny seljermekde oňyn ähmiýete eýedir. Ýöne özara täsiriň

[1] Seret: Petrowskaýa L.Ya. o ponýatiýnoý sheme sosialno-psihologiçeskogo issledowaniýa konflikta. Teoretiçeskiýe I metodologiçeskiýe problemy sosialnoý psihologii. M.,1977, 128 sah.

görnüşlerini şeýle iki mazmunlykda seretmek tejribe amalyýeti üçin ýeterlik däldir. Şonuň üçin sosial psihologiýada tejribede synlama birligi bolup biljek özara täsiriň has “maýda” görnüşleri ýüze çykarylýar. Şeýle synanyşyklaryň biri toparda özara täsiriň dürli görnüşlerini bir bitewi meýilnama boýunça belgilemäge mümkinçilik berýän nusgany döreden R.Beýlse degişlidir. Bu nusgany döretmezden ozal Beýls syn etme usulynyň kömegi bilen bilelikdäki işi ýerine ýetirýän çagalar toparyndaky özara täsiriň görnüşleri başlangyç sanawda örän ummasyz bolup (82 görnüşe golaý), tejribäni guramak üçin ýaramsyzdygyny anyklaýar. Beýls özara täsiriň synlanylýan nusgalaryny jemleýji düşünjelere goşup, her bir toparlaýyn işiň häsiýetnamasyny dört sany düşünjäniň kömegi bilen beýan etmek bolar diýen pikirden ugur alýar: oňyn duýgy-emosiýalaryň zolagy, oňyn däl duýgy-emosiýalaryň zolagy, meseleleriň çözülýän zolagy we bu meseleleriň goýulýan zolagy. Şunlukda özara täsiriň ähli bellenilen görnüşleri dört bölege bölünipdir:

Oňyn emosiýalaryň zolagy - 1/raýdaşlyk
2/dartgynlygy aýyrmak
3/ylalaşyk

Meseleleriň çözülýän zolagy - 1/teklip, görkezme
2/pikir
3/beýlekileriň ugrukmasy



esasynda çözülmeli meseleleri sanamaly. Şeýle edilse ol hem mümkingadar usullaryñ birine öwrülýär.

Käbir awtorlar şahsyýete sosial psihologik düşünilişiniñ esasynda "şahsyýetiñ sosial görnüşiniñ sosial şertleriñ önümi , onuñ gurluşy, şahsyýetiñ orunly hyzmatlarynyñ toplumy, olaryñ jemgyýetçilik durmuşa täsiri hökmündäki özboluşly gurluş häsiýetnamasy"[1] ýatýar diýip bellenýär. Sosiologik çemeleşişden aýrybaşgalyk bu ýerde doly aýdyñlaşdyrylman, şonuñ üçin sosial psihologik çemeleşişiñ häsiýetnamasy şahsyýeti derñemekligiñ wezipelerini sanamak bilen doldurylýar: şahsyýetiñ psihologik sypatynyñ gurluşynyñ sosial döredilişi; şahsyýetiñ özüni alyp barşynyñ we işiniñ dürli jemgyýetçilik taryhy we sosial psihologik şertlerdäki motiwasiýasy; şahsyýetiñ synpy, milli, hünär aýratynlyklary; şahsyýetiñ jemgyýetçilik işjeñliginiñ kemala gelşiniñ we ýüze çykyşynyñ kanunalaýyklyklary, bu işjeñligi ýokarlandyrmaklygyñ ýollary we serişdeleri; şahsyýetiñ içki gapma-garşylygy we ony ýeñip geçmekligiñ ýollary; şahsyýetiñ öz-özüni terbiýeleýşi we ş.m. Bu wezipeleriñ ählisi möhüm bolsa-da, olaryñ esasyny düzýän belli bir kesgitli düzgüni ýüze çykarmak kyn. Şonuñ üçin şahsyýetiñ sosial psihologik derñelişiniñ özboluşlylygy dogrusyndaky sowal jogapsyz galýar.

Sosial psihologiýada şahsyýet beýleki şahsyýet bilen aragatnaşygy nukdaýnazarda derñemelidir diýen

[1] Şorohowa Ý. M. Sosialno – psihologiçeskoýe ponimaniýe liçnosti// Metodologiçeskiýe problemy sosialnoý psihologii . M., 1975. Ç 66

psihologik çemeleşişi bilen baglanyşdyrylmaklygy nädogrydyr.

Bu taglymatda ilkinji nobatda, şahsyýetiň umumy psihologiýa degişli edilýän nusgasy şübhe döredýär. Şahsyýetiň sosiologik nusgasynda esasan sosial gatnaşyklar ulgamynyň jemlenýändigini nygtap, B.D.Parygin umumy psihologik çemeleşişiň aýratynlygyny onuň "şahsyýetiň gurluşynyň diňe biosomatiki we psihofiziologiki görkezijilerini özünde jemlemek bilen çäklenýändiginde" görýär. Sosial psihologik çemeleşiş "biosomatiki we sosial maksatnamanyň bir-biriniň üstüne goýulýanlygy bilen häsiýetlendirilýär". Öň görkezilişi ýaly L.S.Wygotskiý tarapyndan esaslandyrylan adamyň psihikasynyñ medeni - taryhy döredilenligi taglymaty bu pikir ýöretmä gös-göni garşydyr: diňe bir şahsyýet däl, aýry-aýry psihiki tutumlar-da jemgyýetçilik şertleri arkaly döredilen mazmunda seredilýär. Üstesine-de bu taglymatda diňe biosomatiki we psihofiziologiki görkezijileri almak bilen çäklenilmeýär. Bu nukdaýnazardan şahsyýete onuň sosial häsiýetnamalarynyň çäginden üzňe düşünmek bolmaýar. Şonuň üçin şahsyýetiň umumy psihologik jähtde seredilişiniň sosial psihologik çemeleşişden özboluşlylygy diňe şeýle esas boýunça tapawutlandyrylyp bilinmez.

Sosial psihologik çemeleşişiñ özboluşlylygyny kesgitlemeklige beýan etme häsiýetde çemeleşmek hem mümkin. Munuñ üçin derñew amalyýetiniñ



Meseleleriň goýulýan zolagy - 1/maglumat hakynda haýyş
2/pikiriňi aýtmak hakynda haýyş
3/görkezme hakyndaky haýyş

Oňyn däl emosiýalayň zolagy –1/ylalaşmazlyk
2/dartgynlygy döretmek
3/gapma-garşylygy ýüze çykarmak

Alnan 12 topary Beýls bir tarapdan, özara täsiriň ähli mümkingadar görnüşlerini hasaba almaga zerur iň kiçi möçberi, başga bir tarapdan, tejribäni guramaga amatly uly möçberi hökmünde galdyrýar.

Birnäçe tankydy belliklere garamazdan, Beýlsiň ülňüsi iňňän giň gerim aldy.Bu nusganyñ iň ýönekeý tankydy näme üçin hut 12 sany häsiýetnamanyň we ala-böle dört düşünjäniň nusgada ýerleşýänligine hiç hili pähim esaslandyrylmanyň ýoklugy bilen baglanyşyklydyr. Şeýlelikde, bu ýerden näme üçin interaksiýanyň ähli mümkingadar görnüşleri hut şu on iki häsiýetnama bilen çäklenýär diýen tebigy sowal ýüze çykýar. Oňa ikinji bir tankydy bellik teklip edilen özara täsiriň görnüşleriniň belli bir esasynyň ýoklugydyr: sanawda indiwidleriň sap kommunikatiw häsiýetleri (maglumat alyşmak, takyk öz pikiriňi aýtmak), şeýle hem olaryň "hereketlerde" ýüze çykyşy (meselem,

haýsy-da bolsa bir hereketi ýerine ýetirenlerinde beýlekini iteklemek we ş.m) garaşyp gelýär. Bu nusga aýratyn ähmiýet bermekden saklaýan ýene-de bir esasy zat onda umumy toparlaýyn işiň mazmun häsiyetnamanyň ýoklugy, özara täsiriň diňe resmi sypatlarynyň göz öňünde tutulanlygydyr.

Bu ýerde biz iňňän ýiti usulyýet meselesi bilen ýüzbe-ýüz bolýarys. Bu mesele – sosial psihologik derňewiň usulçasy işiň mazmun tarapyny ölçäp bilermi diýen mesele bolup, onuň entek sosial psihologiýada takyk çözlüşi ýokdur. Adaty çemeleşişlerde muňa inkär ediji jogap berýärler. Üstesine-de, şeýle mümkinçiligiň ýoklugy sosial psihologiýasynyñ özboluşlylygy hökmünde garalyp, bu dersiň kesgitlemesine özara täsiriň diňe görnüşlerini öwrenmek degişli hasaplanylýar. Başgaça aýdanyňda sosial psihologiýa "Nähili" öwrenmeli diýen soraga jogap berip, "Nämäni?" diýen sowaldan çetde durmagy ykrar edilýär. Sosial ýerlikden – kontekstden aýrylmak bu ýerde aç-açandyr. Şeýle nazaryýet ýörelgäniň esasynda guralan usullar gutulgysyz ýagdaýda özara täsiriň diňe resmi-görnüş jähtine ýüzlenmeli bolýar.

Başga usullaryň ýoklugynda olar gürrüňsiz ulanylsa-da, bu usullaryň diňe özara täsiriň görnüşi dogrusynda maglumat berýändigini unutmaly däldir.

Tejribede özara täsiriň mazmunyny "tutmaklygyň" kynçylygy Günbataryň sosial psihologiýasynda seljermäni ýönekeýleşdirip özara täsiriň diňe diadalarda, ýagny iki adamyň özara täsirini öwrenmeklik däbini



mazmunda ýüze çykýan hadysa hökmünde seredýär. Şahsyýetiň hususy sosial psihologik meseleleri şeýle esasda çözlüp başlanýar.

**Şahsyýetiň sosial psihologik meselesiniň özboluşlylygy.** Eýsem bu ulgamda sosial psihologiýanyñ öňünde nähili mümkinçilikler açylýar? B.D.Parygyniň işlerinde şahsyýeti sosial psihologik derňemekligiň özboluşlylygyny ýüze çykarmak üçin bu ugurda öňe sürülýän iki sany çemeleşiş nusgasyny birleşdirmeklik göz öňünde tutulýar: sosiologik we umumy psihologik çemeleşişleri.[11] Bu pikiriň özi hiç hili şübhe döretmese-de, teklip edilýän çemeleşişleriň her biriniň beýan edilişi jedellidir. Meselem, sosiologik çemeleşişiň özboluşlylygy onda şahsyýetiň esasan sosial gatnaşyklaryň obýekti bolup durýanlygy bilen düşündirilip, umumy psihologik çemeleşişde bolsa esasy üns diňe "indiwidiň psihiki işiniň ähliumumy düzüjilerine berilýänligi" bilen düşündirilýär. Sosial psihologiýanyň wezipesi bolsa "şahsyýetiň birbada jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň obýekti hem-de subýekti bolup durýan ähli çylşyrymly gurluşyny açyp görkezmeklige" syrykdyrylýar. Sosiologyň we psihologyñ wezipäniň şeýle bölünişigi bilen ylalaşjakdygy şübhelidir: sosiologik we umumy psihologik nazaryýetleriň şol bir wagtyň özünde taryhy tutumyň obýekti hem-de subýekti bolup durýanlygyny nygtaýanlygy sebäpli bu pikiriñ diñe şahsyýetiñ sosial

[1]Parygin B.D.Osnowy sosialno-psihologiçeskoý teorii.M., 1971. 109-sah.

döreýän zat hökmünde däl-de, edil onuň aňy ýaly iş arkaly döredilýändir" diýen aýgytly pikiri belli bir ýumşadylmaga mätäçdir. Eger gelip çykyş-genetiki jähtde bu pikir sülä gelýän-de bolsa, hereketleniş, kämil gurluş jähtde şahsyýet hut işiň öňüsyrasynda gelýär, ony işi öz meýil-niýetinde döredýän,bu subýektiw döredilişleriň diňe çäkli bölegini işde amal edýän gurluş hökmünde ýüze çykýar. Ikinjiden, şahsyýeti, onuň döreýşini, gurluşyny diňe iş bilen baglanyşdyrsaň, ony bahalandyrmaklyga ýekeje serişde - işiň maddy ýa-da ruhy önümi galýar. Ýöne şahsyýetiň bahalandyrylyşynda onuň içki meýil, niýetleriniň, möwç alyp duran, emma entek işde amalyýete ornaşmadyk düzüjileri nazara alynmasa, onuň örän birtaraplaýyn boljakdygy öz-özünden düşnüklidir.

Meselä özboluşly sosial psihologik nukdaýnazary ýüze çykarmaklygyň kynçylygy hut şu ýerden başlanýar. Eger esasy mesele şahsyýetiň sosial döredilişini ýüze çykarmakda çäklenýän bolsa, ol onçakly kyn hem däl.Ýöne şeýle çemeleşiş diňe şahsyýeti turuwbaşdan sosial baglanyşyklardan üzňe seredýän psihologik ulgamlarda ýerlikli bolardy (şeýle garaýyş hakykatdan-da duşýar). Hakyky ylym hökmünde sosial psihologiýa haçan-da şeýle sosial baglanyşyklaryň seljerilişine girişilenden soňra başlanýar.

Psihologiýa ylmynyň ähli bölümleri şahsyýete turuwbaşdan sosial baglanyşyklaryň we gatnaşyklaryň ulgamynda berlen jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen döredilen, işiñ erkin işjeň subýekti we obýekti



döretdi. "Diada özara täsiri" taglymatynyň çäginde geçirilýän şeýle derňewler näçe içgin öwrenilse-de diňe görnüşi derňemekligiň çäklidigininiň ýene-de bir subutnamasydyr. "Diada özara täsir" öwrenilende / bu amerikan sosial psihologlary J.Tibo we G.Kelli tarapyndan yzygider öwrenilendir / onuň matematiki taglymatynda belli bolan "bendiniň iki çykalgasy (dilemmasy)" ulanylýar.Tejribede birnäçe diada berilýär; gabawda bolan we sözleşmek mümkinçiliginden mahrum edilen iki bendi. Jedwel-matrisa düzülip, onda sorag edilendäki olaryň mümkingadar baş ugry – strategiýasy bellenilýär: bu ýerde sorag wagtynda biri jogap berende beýlekisiniň özüni nähili alyp barjakdygy mälim däldir. Eger-de olaryň özüni alyp barşynyň iň ahyrky iki mümkingadarlygy "boýun almak" we "almazlyk" nazara alynsa, onda olaryň her birinde şeýle bu iki çykalga bolýar. Emma olaryň hersiniň çykalgalaryň haýsysyny saýlaýşyna baglylykda netije başga bolar. Olaryň dürli çykalga saýlawlarynyň utgaşmasyndan dört hili ýagdaý döräp biler: ikisi-de boýun alýar, birinji boýun alyp, ikinji almaýar, ikinji boýun alyp, birinji almaýar, ikisi-de boýun almaýar. Matrisa bu dört mümkin bolan ýagdaýy belleýär. Şunuň bilen bu çykalgalaryň dürli utgaşmalarynda her bir "oýunçynyň" gazanjak utuşy hasaplanýar. Bu utuş her bir oýun ýagdaýynyň nusgasynyň netijesi bolup durýar. Bu ýagdaýda oýunlar taglymatynyň aýry-aýry düzgünleriniň ulanylmagy özara täsire gatnaşyjylaryň özüni alyp barşyny diňe bir takyk beýan etmän, eýsem

onuň çaklamasyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Ýöne şol bir wagtyň özünde bu usuly adamyň özara täsiriniň hakyky ýagdaýlarynda ulanmaga birnäçe çäklilikler ýüze çykýar.Birinjiden, mälim bolşy ýaly, oýunlar taglymatynda oýnuň iki görnüşi - nol jemli we nol däl jemli görnüşleri seredilýär. Birinji ýagdaýda adamyň utuşy ikinjiniň utulyşyna deň bolýar. Munuň özi hatda iki adam gatnaşýan hakyky özara täsirinde hem örän seýrek bolýar. Nol däl jemli oýunlar barada aýdylanda bolsa olaryň mysaly adamlaryň hakyky özara täsirlerinde iňňän köp bolup, onuň gurluşy has çylşyrymly we resmileşdiriş, ülňä salnyş derejesi has pesdir.Şonuň üçin sosial psihologik derňewlerde olar has seýrek ulanylýar.Nol jemli oýnuň ulanylýan nusgasy adamlaryň sosial psihologik özara täsiriniň özboluşlygyny aňrybaş ýitirip, onda derňewleriň daşky kaşaňlygy alynýan maglumatlaryň ähmiýetinden ýokary bolýar. Özara täsiriň köp ýagdaýlarynda adamlaryň özüni alyp barşynyň ugruny saýlaýşy örän seýrek ýagdaýda bendileriň özüni alyp barşyna meňzeş bolýar. Elbetde, bu usul özara täsiriň ugrukmasyny, resmi, ülňä laýyk seljermekde belli bir maglumat berip, umumy şeýle ugrukmalary gurmaklygyň belli bir usullaryny kesgitlemäge ýardam edýär. Şonuň üçin bu usul birnäçe ýörite derňewlerde ulanylyp bilner.

**Özara täsire “simwoliki interaksionizm”nazaryýetinde çemeleşilişi.**

Aragatnaşygyň interaktiw tarapynyň möhümligi social psihologiýada özara täsiri islendik sosial psihologik



onuň üstüne sosial baglanyşyklar “ýüklenýär” diýen pikir inkär edilýär.

Bu nusgada resmi jähtden şahsyýetiň gurluşynyň düzüjileri ýüze çykarylmasa-da, hakykatda şeýle gurluş işiň häsiýetnamasy bilen döredilýän gurluşyň häsiýetnamasy hökmünde göz öňünde getirilýär. Sosial sebäpler arkaly döredilenlik pikiri bu ýerde yzygiderli beýan edilýär. Görnüşi ýaly, bu ýerde şahsyýete umumy psihologik çemeleşiş beýan edilen-de bolsa, ol diňe biosomatiki we psihofiziologiki görkezijileriň birleşmesi hökmünde düşünilip bilinmez.Käbir tankytçylaryň belleýşi ýaly, bu nusgada şahsyýetiň umumy psihologik däl-de, hut sosial psihologik çemeleşişi berlendir diýip ykrar etmek-de mümkin.

Ýöne tutuş taglymatyň özenine, ýagny A.N.Leontýewiň paýhasnamanyň dersine düşünişine göz aýlasaň, bu ýerde şahsyýet meselesine umumy paýhasnamanyň nukdaýnazary beýan edilýändigi düşünikli bolýar: sosial paýhasnamanyň bu meselä nähili çemeleşýändigini anyklamak bolsa meseläniň ikinji tapgyry bolup duýar[1].

Ýokarda görkezilen K.K.Platonowyň nazaryýetinde bolşy ýaly A.N. Leontýewiñ şahsyýet, onuň sosial döredilişi dogrusyndaky pikirleri kemçiliklerden halas däldir. Birinjiden, awtoryň “adamyň şahsyýetiniň hiç bir jähtde onuň işiniň öňünden

[1] Leontýew A.N.Deýatelnost. Soznaniýe.Liçnost M.,1975.175sah

psihologiýada derňemegiň birnäçe umumy esaslaryny ýüze çýkarýar. Olaryň esasy mazmuny şahsyýetiň iş bilen aýrylmaz baglanyşyklykda seredilýänligine syrykdyrylýar. Iş düzgüni bu yerde şahsyýetiň derňelişiniň bütin nazaryýet nusgasyny döredijі şert hökmünde öňe sürülýär. Esasy pikir “adamyň şahsyýetiniň hiç bir jähtde onuň işiniň öňünden döreýän zat hökmünde däl-de , edil onuň aňy ýaly iş arkaly döredilýändir" diýen taglymy ykrar etmekdir.Şonuň üçin şahsyýete ylmy düşünmekligiň esasy şerti adamyň şahsyýetiniň onuň işinde döreýşi we öwrüliş tutumyny derňemeklikdir. Şeýle ýerlikde şahsyýet, bir tarapdan işiň şerti bolup, ikinji bir tarapdan onuň önümi hökmünde bolýar. Bu utgaşmanyň hut şeýle düşünilmekligi şahsyýetiň gurluşyny döretmäge esas berýär: eger-de şahsyýetiň esasynda adamyň işleriniň görnüşleriniň özara tabynlygynyň gatnaşygy ýatýan bolsa, onda şahsyýetiň gurluşyny döretmegiň esasy hökmünde bu işleriň özara tabynlygy hyzmat edýär. Ýöne işiň esasy sypatynyň onuň motiwiniň bardygy bolýanlygy üçin şahsyýetiň işiniň özara tabynlygynyň arkasynda motiwleriniň we olara degişli islegleriň özara tabynlygy ýatýar. Sebäpli döredilişiň iki hatary bolan biologik we sosial sebäpler bu ýerde iki sany deň hukukly şert hökmünde bolmaýar.Tersine, turuwbaşdan şahsyýet sosial baglanyşyklar ulgamynda berilýän hadysadyr diýen pikir öňe sürilüp, ilkibaşda diňe biologik taýdan döredilen şahsyýet bolup, soňra bolsa



seljermäniň başlangyç nokady hasaplaýan ýörite ugruň döremegine getirdi. Bu ugur G.Midiň ady bilen baglanyşykly bolup, ol muňa “simwoliki interaksionizm” diýip at berdi. / Midiň nazaryýeti kähalatlarda “sosial bihewiorizm” atlandyrylyp, bu köp derejede taglymata düşünmekligi kynlaşdyrýar. Mid hakykatdan-da öz nazaryýetini häsiýetlendirmek üçin “bihewiorizm” adalgasyny ulansa-da, bu düşünje onda düýbünden başga mana eýe bolýar. Bihewiorizm Mid üçin öz içki dünýäñi synlamak - introspeksiýany inkär edýän we özüňi alyp barşy synlama we gözegçilik etmeklige esaslanýan aňy we öz-özüňi aňlamaklygy seljermek usulynyň ugurdaş düşünjesi bolup durýar. Galan ýagdaýda Midiň taglymatynda bihewioristik delilleriň düzüjileri ulanylmaýar. /Adamyň “Men” hadysasynyň sosial tebigatyny aýdyňlaşdyrmak tutumynda Mid Džeýmsiň yzy bilen “Men”-iň kemala gelmeginde aragatnaşygyň aýgytlaýjy rol oýnaýandygy dogrusyndaky netijä gelýär. Mid şol bir wagtyň özünde Ç.Kuliniň şahsyýete adamyň daşyndakylaryň pikirine bolan psihologik jogap hereketleriniň toplumy hökmünde düşünýän “aýnada şöhlelenýän Men” diýen pikirini-de ulanýar.Ýöne Mid meseläni has çylşyrymly çözýär. “Men” adamlaryň öz daşyndakylaryň pikirine ýönekeý jogap hereketi bolýanlygy üçin däl-de, aragatnaşyk ýagdaýynyň şol bir wagtyň özünde bilelikdäki iş ýagdaýy bolup durýanlygy üçin aragatnaşyk ýagdaýynda kemala gelýär. Bu ýagdaýda şahsyýet diňe bir beýlekilere seredip däl-de, olar bilen hereket edip kemala gelýär we öz-özüni

aňlaýar. Şeýle ýagdaýlaryň nusgasy oýun bolup, ol Midiň taglymatynda "play" we "game" atlandyrylýan iki görnüşde ýüze çykýar. Oýunda adam özi üçin “ähmiýetli beýlekini” saýlap, özüniň bu “ähmiýetli beýleki” tarapyndan nähili kabul edilýänliginden ugur alýar. Şuňa laýyklykda adamda özi, öz “Men-i “ hakynda düşünje döreýär. Džeýmsiň yzy bilen Mid bu “Men-i ” iki başlangyja bölýär (bu ýerde degişli adalgalaryň bolmanlygy üçin olaryň iňlisçe atlary saklanýar): “I” we “My”. "I" Men-iñ ýüzünugra hereketli, döredijilikli tarapy, ýagdaýyñ talaplaryna gös-göni jogaby bolup durýar: “My” bu “I” -yñ refleksiýasy - öz-özüni añlaýşy, añda şöhlelendirilmegi /, “I-yñ” işine sosial özara täsiriñ adyndan gözegçilik edýän özboluşly kada, bu özara täsir ýagdaýynda dörän, özara täsir bilen sazlaşyklygy talap edýän şahsyýetiñ özleşdiren gatnaşyklary bolup durýar. ”My”-ñ kömegi bilen “I”-iñ hemişe añda şöhlelendirmegi kämil şahsyýet üçin zerur bolup, munuñ özi şahsyýete öz-özüni we öz hususy hereketlerini dogry kabul etmäge mümkinçilik berýär. / Daşky tarapdan Midiñ bu pikirleri Freýdiñ “Id” we “ego” özara gatnaşyklarynyñ nusgasyna meñzeşdir. Ýöne Freýdde bu gatnaşygyñ mazmuny jyns gözegçiligi bolup, Midde bolsa bu gatnaşygyñ üsti arkaly şahsyýetiñ beýleki adamlar bilen özara täsiriniñ ähli ulgamyna gözegçilik edilýär /.

Şeýlelikde, interaksionistik taglymatynyñ merkezi pikiri şahsyýetiñ beýleki şahsyýetler bilen özara täsirde kemala gelýändigini ykrar etmekden ybarat bolup, bu



höwes, ymtylmalar, matlap-ideallar, dünýäniň indiwidual keşbi we gönükdirilmäniň iň ýokary derejesi – ynançlar[1]. K.K.Platonowyň pikiriçe bu bölümçeler sosial we biologik mazmunyň “udel agramy” boýunça tapawutlanýar. Görkezilen bölümçeleriň biologik we sosial döredilişiniň derejesi baradaky iňňän çekişmeli pikir dogrusynda gürrüň etmän, bu gurluşda K.K.Platonowyň[2] umumy psihologiýa dersiniň sosial psihologiýa dersinden nähili tapawutlandyryşynyň üstünde durup geçeliň.

Eger-de umumy psihologiýa esasan birinji üç bölümçede ünsi jemleýän bolsa, bu nusgadan görnüşine görä , sosial psihologiýa esasan dördünji bölumçäni seljerýär. Munuň sebäbi şahsyýetiň sosial döredilişi hut şu bölümçäniň derejesi arkaly esaslandyrylýar. Umumy psihologiýanýň paýyna diňe jyns , ýaş , temperament / bu biologik bölümçä syrykdyrylýar / we aýry-aýry psihiki tutumlaryň – ýadyň , emosiýanyň , pikirlenmäniň /bular indiwidual psihologik aýratynlyklar bölümçesine syrykdyrylýar / häsiýetnamalarynyň seljermesi galýar. Sosial tejribe hem belli bir derejede şuňa goşulýar. Şeýlelikde, hususy şahsyýet psihologiýasy , bu nusgadan görnüşine görä , umumy psihologiýada öz ornuny tapmaýar.

Meseläniň özboluşly çemeleşişi A.N.Leontýew tarapyndan teklip edildi. Şahsyýetiň gurluşynyň häsiýetnamasyna geçmezden öňürti alym şahsyýeti

[1] Sosialnaýa psihologiýa. / Pod. Red. G.P. Predweçnogo, Ýu. A.Şerkowina. M., 1975. 39-40 sah
[2] Sosialnaýa psihologiýa. 42-sah

şu ikinji manyda seredilmelimi ýa-da bu ylmyň ulgamynda esasy zat şahsyýetde /ýöne bir “adamda” dälde/ sosial ähmiýetli sypatlar bilen indiwidual häsiýetleri birleşdirmekmi diýen sowalyň töwereginde döreýär. Şahsyýetiň psihologiýasy dogrusyndaky çykan ilkinji jemleýji işleriň biri bolan A.G.Kowalýowyň monografiýasynda şahsyyetiň üç tarapy tapawutlandyrylýar: psihologik tutumlar, psihiki ýagdaýlar we psihiki häsiýetler.[1] B.G.Ananýew şahsyýete toplumlaýyn integratiw çemeleşiş pikirini esaslandyryp, onda göz öňünde tutulmaly häsiýet, sypatlaryň sany has artýar.[2] Şahsyýetiň gurluşynda dürli bölümçeleri ýüze çykarýan K.K.Platonowyň taglymatynyň soňky nusgasynda şeýle bölümçeleriň sany dört bolup, olar şol bir wagtyň özünde şahsyýetiň derejelerini häsiýetlenýär : 1) biologik döredilen bölümçe /muňa temperament, jyns, ýaş , kähalatda psihikanyñ patologik sypatlary girýär/. 2) özüne şahsyyetiň sypatyna öwrülen aýry-aýry psihiki tutumlaryň indiwidual aýratynlygyny birleşdirýän psihiki bölümçe /ýadyň, duýgy-emosiýalaryň, pikirlenmäniň, duýmalaryň, kabul edişiň, duýgynyň we erkiň aýratynlygy: 3) sosial tejribäniň bölümçesi /muňa adamyň gazanan bilimleri, endikleri, başarnyklary we öwrendikleri goşulýar. 4) şahsyýetiň gönükdirilmesi bölümçesi /munuň içinde özara aýratyn tabynlykda bolýan birnäçe bölümçeler bar: meýil, göwün ýüwürtme

[1] Kowalýow A.G. Psihologiýa liçnosti. M., 1970
[2] Ananýew B.G. Çelowek kak predmet poznaniýa. L., 1986



tutumyñ mehanizmi – şahsyýetiñ hereketine ol baradaky beýleki adamlaryñ pikiri hakyndaky düşünje arkaly gözegçilik etmek bolup durýar. Şeýle wajyp meseläni ylmy derñewe girizen bolsa-da Midiñ taglymatynda düýpli usulyýet kemçilikler bardyr. Olaryñ esasysy iki sanydyr.

Birinjiden, bu taglymatda oñonlara **simwollara** çenden aşa uly ähmiýet berilýär. Ýokarda görkezilen özara täsirleriñ ählisi simwollaryñ ulgamy arkaly döredilýär. Başgaça aýdanyñda adamyñ işi we özüni alyp barşy özara täsir ýagdaýynda ahyr netijede bu ýagdaýyñ simwoliki düşündirilişi arkaly kesgitlenýär. Adam belgiler ýagdaýyna goşulan simwollar dünýäsinde ýaşaýan jandar hökmünde häsiýetlendirilýär. Bu pikir bilen belli bir derejede ylalaşmak-da bolar, çünki jemgyýet belli bir derejede hakykatdan-da, şahsyýetleriñ hereketlerini simwollaryñ kömegi bilen dolandyrýar. Ýöne Midiñ taglymatynda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ ähli ulgamy, medeniýet diñe simwollara syrykdyrylýar.

Bu ýerde simwoliki interaksionizme mahsus bolan ikinji kemçilik gelip çykýar: aragatnaşygyñ interaktiw jähti ýene-de hakyky işiñ mazmunyndan üzñe bolýar we şonuñ netijesinde şahsyýetiñ giñ sosial gatnaşyklary ünsden düşürilýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şeýle ýazýar: "Adamyñ adamdan parhy sözländen hem beter hereket edende aýan bolýandyr! Sözüñi, ynanjyñy hereketleriñ bilen tassykla" (Mukaddes Ruhnama, II-kitap, 32-33 sah.) Sosial

gatnaşyklaryñ ýeke-täk “wekili” hökmünde gös-göni özara täsiriñ gatnaşyklary galýar. Simwollaryñ özara täsiri sosial döredijileriniñ “soñkusy” bolýanlygy sebäbi seljeriş üçin özara täsiriñ şu pursatdaky meýdanyny ýazmak ýeterlik hasaplanylýar; giñ sosial baglanyşyklar özara täsiriñ esasyny düzýän-de bolsa, bu ýagdaýda seljermeden daşda galýar. Özara täsir derñewiñ obýekti bolýan toparyñ çäginde galýar. Elbetde, şeýle çemeliş hem sosial psihologiýada öz ornuny eýeläp biler. Ýöne ol örän çäklidir.

Simwoliki interaksionizmiñ bolsa-da bu ugur Günbatar sosial psihologiýasynyñ beýleki ugurlaryndan tapawutlykda özara täsiriñ sosial döredijileri baradaky meseläni has ýiti goýan taglymatlaryñ biridir. “Interaksionizm” adalgasy diñe bir bu nazaryýet çemeleşiniñ çäginde däl-de, örän giñ ulgamynda ulanylýar. Özara täsir hadysasy sosial psihologik seljerişiñ möhüm düzüjisi bolup durýanlygy sebäpli amaly nukdaýdan islendik sosial psiholog interaksiýa bilen iş salyşýar. Adalgany ulanýanlygy üçin ol ýa-da beýleki psihology interaksionizme goşmak nädogrydyr. Midiñ taglymatynyñ ähmiýeti özara täsiriñ şahsyýetiñ kemala gelşindäki orny, şeýle hem bu tutumyñ sosial döreýşi baradaky meseläniñ gün tertibine goýulmagyndadyr. Onuñ ýetmezçiligi meseläniñ ýüzleý çözülmegindedir. Midiñ taglymaty simwoliki interaksionizm atlandyrylyp, onda özara täsire üns berilýän-de bolsa, bu taglymat aragatnaşygyñ iki - maglumat alyşmak we bilelikdäki işi guramak –



psihologiýada şahsyýete düşünmeklikde birligiň ýoklugy şaýatlyk edýär.

Ýöne umumy psihologik ylymda şahsyýetiň dürli ýazarlar tarapyndan dürli-dürli beýan edilmeginiň şahsyýetiň sosial döredilişine meselesine dahyly ýokdur. Bu meselede umumy psihologiýada şahsyýet meselesini derňeýän ýazarlaryň pikiri birdir.

Şahsyýete düşünmeklikdäki tapawutlylyk onuň gurluşy dogrusynda ýüze çykýar. Mälim bolşy ýaly şahsyýeti beýan etmekligiň birnäçe usullary teklip edilip, olaryň her biri şahsyýetiň özboluşly gurluşyny göz öňünde tutýar.

Şahsyýetiň gurluşyna indiwidual psihologik aýratynlyklary goşmak ýa-da goşulmazlyk dogrusynda pikirleriň gabat gelmezligi ýokarydyr. Bu sowala dürli ýazarlar dürli hili jogap berýär.

I.S.Konuň adalatly belleýşi ýaly şahsyýet düşünjesiniň köp manylylygy birnäçe ýazarlaryň ony indiwidual häsiyetleriň we sosial orunlarynyň birligi hökmünde, başga birnäçesiniň bolsa “indiwidiň sosial häsiýetleri, bu adamyň beýleki adamlar bilen gös-göni ýa-da gapdallaýyn özara täsirde bolmaklygynda döreýän, ony zähmetiň, akyl ýetirişiniň we aragatnaşygyň subýekti edýän sosial ähmiýetli sypatlaryň toplumy”[1] manyda düşünmekligine esas berýär. Ikinji çemeleşiş köplenç sosiologik çemeleşiş hökmünde seredilse-de, umumy psihologiýada ol esasy orunlaryň biri bolup durýar. Jedel bu ýerde şahsyýet psihologiýada esasan hut

[1] Kon I.S. Sosiologiýa liçnosti. M., 1987. Sah.7

jemgyýetçilik gatnaşyklaryň önümi, bu gatnaşyklaryň aňladyjysy we takyk göterijisi, jemgyýetçilik durmuşynyň subýekti, jemgyýetçilik ulgamynyň düzüjisi, belli bir sosial umumylygynyň agzasy hökmünde ýüze çykýar"[1]. Bu sözlere takyk şahsyýetler seljerişiň çäginden düýpgöter daşda galýan manyda düşünmeli däldir. Bu takyk şahsyýetleri bilmek, olarda topar üçin ähmiýetli häsiýetnamalaryň nähili ornaşýandygyny we olaryň bu häsiýetnamalary dürli köpçülikleýin hereketlerde nähili ýüze çykarýandygyny bilmek diýmekdir. Şahsyýetiň sosiologik seljerişiniň esasy meselesi **şahsyýetiň sosial görnüşleri** meselesidir

Hakykatda sosiologik seljerişe köplenç sosial psihologiýanyñ ýörite meseleleri bolup durýan başga meseleler hem goşulýar. Olara şahsyýetiň sosiallaşmagy we beýleki meseleler degişlidir. Şeýle araçäklik sosial psihologiýanyň ylym hökmünde ösüş aýratynlygyna, şeýle hem her bir şahsyýete degişli meselede hökmany ýagdaýda belli bir sosiologik jähtiň hem bardygy bilen düşündirilýär. Sosiologik çemeleşişiň esasy gönükdirilmesi bolsa takyk kesgitlenendir.

Şahsyýet meselesinde has uly kynçylyk **umumy we sosial psihologik** nukdaýlary aýyl-saýyl etmekde ýüze çykýar. Munuň şeýledigine psihologik edebiýatda köp sanly garaýyşlaryň bardygy we umumy

[1] Şorohowa E.W. Sosialno-psihologiçeskoýe ponimaniýa liçnosti //Metodologiçeskiýe problemy sosialnoý psihologii. M.,1975. 66-sah.



taraplary tapawutlandyrylmaýar. Bu taglymata eýerijileriñ köpüsiniñ “kommunikasiýa we interaksiýa” adalgalaryny ugurdaş düşünje hökmünde ulanmaklary tötänden däldir. [1]

**Özara täsir bilelikdäki işi guramak hökmünde**.

Aragatnaşygyñ mazmun tarapy haçan-da özara täsiri haýsy-da bolsa bir takyk işi guramaklygyñ gornüşi hökmünde seredilende göz öñünde tutulyp bilner. Edil indiwidual işde onuñ maksadynyñ aýry-aýry hereketleriñ derejesinde däl-de, hut işiñ öz derejesinde bolşy ýaly, sosial psihologiýada hem özara täsiriñ doly manysy haçan-da haýsydyr bir umumy işe goşulan ýagdaýynda seljerilip bilinýär. Özara täsiriñ işiñ ýerligine “goşulyşynyñ” takyk mysaly ony işi guramaklygyñ görnüşi hökmünde seretmekdir. Bu ýerde bilelikdäki işiñ amala aşyrylýan ýeri bolan toparlaryñ seljerilişine geçmek tebigatydyr. Soñrak toparlaryñ meselesi seredilende biz bu meselä gaýdyp geleris. Häzir özara täsiriñ derñewiniñ umumy düzgünlerini ýüze çykarmak has möhümdir. Bu düzgünleriñ kömegi bilen aragatnaşygyñ özara täsir tarapy bilelikdäki işiñ guralyşynyñ görnüş hökmünde düşündirmek amala aşyrylýar.

Bu görnüşleriñ ählisiniñ takyk mazmuny işe gatnaşyjylaryñ oña goşýan ýekebara (indiwidual) “goşantlarynyñ” belli bir utgaşmasyndan ybaratdyr. Bu goşantlary haçan-da işi guramaklygyñ ähli nusgalary

[1] Seret: Şibutani T. Sosialnaýa psihologiýa. M.,1969.

ýüze çykarylýan wagtda anyklamak mümkin bolýar. Meselem, L.I.Umanskiý bilelikdäki işi guramaklygyñ üç sany mümkingadar görnüşini ýa-da nusgasyny teklip edýär[1]: I.Haçan-da her bir gatnaşyjy bir-birine garaşsyz umumy işiñ özüne degişli bölegini ýerine ýetirýär- “bilelikdäki indiwidual iş” /mysal –her bir agzanyñ öz tabşyrygy bolan önümçilik topary/: 2.Haçan-da umumy ýumuş her bir gatnaşyjy tarapyndan yzygiderlikde ýerine ýetirilýär “bilelikdäki ýzygiderli iş” /mysaly: konweýer/. 3.Haçan-da her gatnaşyjy beýleki gatnaşyjylaryñ hemmesi bilen özara täsirde bolmak häsiýetde işi ýerine ýetirýär “bilelikdäki özara täsirli iş” /mysal - sport topary (komandasy), köplenç –oýlap tapyjylar topary/. Bu nusgalardaky özara täsirleriñ psihologik “suraty” özboluşly bolup, tejribe derñewler olaryñ her birini endigan öwrenmelidir.

Emma özara täsiri derñemekligiñ wezipeleri munuñ bilen çäklenmeýär. Edil aragatnaşygyñ kommunikatiw tarapy seljerilende kommunikasiýanyñ häsiýeti bilen kommunikantlaryñ arasyndaky bolýan gatnaşyklaryñ özara baglylygynyñ ýüze çykarylyşy ýaly, bu ýerde hem özara täsiriñ ol ýa-da beýleki ulgamynyñ özara täsire gatnaşyjylaryñ arasyndaky dörän gatnaşyklar bilen utgaşýandygyny anyklamak zerurdyr. Eger-de aragatnaşyk tutumy tutuşlygyna jemgyýetçilik we şahsyýetara gatnaşyklarynyñ

1.Seret: Umanskiý L.I. Metody eksperimentalnogo issledowaniýa sosialno-psihologiçeskih fenomenow //Metodologiýa I metody sosialnoý psihologii, M.,1977. 57-58 sah.



ilkinji nobatda seljerişiň sosial institutlar, olaryň ösüşiniň we hereketlenişiniñ kanunlary, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň gurluşy we oňa laýyklykda her bir jemgyýetiň takyk görnüşiniň sosial gurluşy ýaly meseleler durýar.

Agzalanlar özüniň seljerilişinde şahsyýet meselesine orun ýoklugyny aňlatmaýar. Öň bellenişi ýaly, sosial toparlar arasyndaky jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň şahssyz häsiýetde bolmagyna garamazdan, olaryň belli bir “şahsy” öwüşgini bolýar, sebäbi jemgyýetçilik ösüşiň kanunlarynyň amala aşyrylyşy diňe adamlaryň işiniň üsti bilen ýerine ýetirilýär. Diýmek, bu jemgyýetçilik gatnaşyklaryň subýekti takyk adamlar bolup durýar. Jemgyýetçilik ösüşiň kanunlarynyň hereket ediş döredijisiniň mazmunyna şahsyýetiň hereketleriniň seljermesiniň çäginden üzňe düşünmek mümkin däl. Emma jemgyýeti şeýle uly-makroderejede öwrenmekde, taryhy tutuma düşünmek üçin şahsyýeti belli bir sosial toparyň wekili hökmünde seretmek möhümdir.

W.A.Ýadow şahsyýete sosiologik çemeleşişiň bu aýratynlygyny belläp, sosiologiýa üçin şahsyýet “indiwiduallyk hökmünde däl-de, şahssyz şahsyýet, sosial görnüş indiwiduallykdan sap, şahssyzlandyrylan şahsyýet hökmünde möhümdir”[1] -diýip belleýär.Ý.W.Şorohowa tarapyndan teklip edilýän çözlüş hem şuňa meňzeşdir: "Sosiologiýa üçin şahsyýet

[1] Ýadow W.A. O razliçnyh podhodah k konsepsii liçnosti i swýazannyh s nimi razliçnyh zadaçah issledowaniýa massowyh kommunikasiý //Liçnost i massowyýe kommunikasii. Wyp.3. Tartu, 1969,. 13-sah/

baglanyşyklydyr. Sosial psihologiýa üçin özüniň şahsyýet meselesine çemeleşişiniň aýratynlygyny iki sany gözbaşy ylmy bolan sosialogiýa we psihologiýa degişlilikde tapawutlandyrmak möhümdir. Bu mesele sosiologik we psihologik ylmyñ dürli ulgamlary üçin bir mazmunly çözlüşe eýe bolup bilmez. Bu ugurda esasy kynçylyk ol ýa-da beýleki sosiologik, ýa-da psihologik taglymatlarda diňe şahsyýetiň nähili düşünilişi anyklanandan soňra onuň sosial psihologik derňewdäki aýratynlygyna düşünip bolýanlygy bilen düşündirilýär. Elbetde, bu ýerde meseläniň seljerilişi adam hakyndaky ylymlar ulgamynyň esasynda durýan pelsepe nazaryýetleri-de öz içine almalydyr.

Sosiologik bilimleriň gurluşynda "Şahsyýetiň sosiologiýasy" bölümi bolup, umumy psihologiýada "Şahsyýetiň psihologiýasy" bu ylmyñ adaty bölümleriniň biridir. Görnüşi ýaly, öňde goýlan mesele, belli bir derejede öň seredilen – sosial psihologiýa we sosiologiýanyň, sosial psihologiýa we umumy psihologiýanyň arasyndaky "araçäk" dogrusyndaky umumy sowaly gaýtalaýar. Indi oňa has takyk seretmäge mümkinçilik döreýär.

Şahsyýetiň öwrenilişine sosial psihologik çemeleşişiň sosiologik çemeleşişden tapawudy barada aýdylanda bolsa, bu mesele belli bir derejede dürli ýazarlar tarapyndan bir manyda çözülýär. Eger-de sosiologik bilimler ulgamy esasan jemgyýetçilik ösüşiň obýektiw kanunlarynyň seljerilişi bilen iş salyşýan bolsa, onda üns merkezinde jemgyýetiň uly-makrogurluşy



hakykaty hökmünde ýüze çykýan bolsa, onda onuñ her bir tarapy, şol sanda özara täsir, birinji we ikinji häsiýetli gatnaşyklar bolan ýagdaýynda amala aşyrylýar. Jemgyýetçilik gatnaşyklary özara täsirde bir bölegi özara täsiriñ hut özi bolup durýan hakyky sosial iş arkaly "berlendir". Şahsyýetara gatnaşyklar hem özara täsirde "berlendir": olar bir tarapdan, şu takyk şertlerde ýüze çykýan özara täsiriñ görnüşini kesgitlese /onuñ hyzmatdaşlyk ýa-da bassaşlykdygyny/, ikinji tarapdan bu häsiýeti özara täsiriñ ýüze çykyş derejesini kesgitleýär /onuñ şowly ýa-da şowsuz hyzmatdaşlykdygyny/. Şahsyýetara gatnaşyklara mahsus bolan duýgy-emosional esas aragatnaşygynyñ gatnaşyjylarynda dürli bahalandyrmalary, ugrukmalary, gönükdirilmeleri döredip, özara täsire özboluşly "öwüşgin" berýär. Ýöne özara täsiriñ şeýle emosional öwüşgini /oňyn ýa-da oňyn däl/ doly ýagdaýda şeýle täsiriñ barlygyny ýa-da ýoklugyny kesgitläp bilmeýär: hatda toparlarda "erbet" şahsyýetara gatnaşyklar bolan ýagdaýynda hem /belli bir sosial iş arkaly döredilen/ özara täsir hökman bolýar. Özara täsiriñ käwagt şahsyýetara gatnaşyklary arkaly, käwagt toparyñ alyp barýan sosial işi arkaly kesgitlenýändigini, bir tarapdan, toparyñ ösüş derejesine, ikinji bir tarapdan, bu toparyñ ýaşaýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna bagly bolýar. Şonuñ üçin işiñ ýerliginden aýrylan özara täsir öz manysyny ýitirýär. Özara täsire gatnaşyjylaryñ her bir takyk ýagdaýda meýillerini kesgitläp bolmaýandygyny özara

täsiriñ işiñ giñ ulgamy arkaly döredilýänligi bilen düşündirilýär.

Edil şonuñ ýaly-da özara täsiriñ takyk ýüze çykyşlaryny sosial işiñ mazmunyndan üzñe seretmeklik peýdasyzdyr.

Munuñ sebäbi özara täsiriñ öz ýüze çykyş görnüşi boýunça “birmeñzeş” bolýanlygyndadyr. Sosial ylymlaryñ taryhynda sosial bilimler ulgamynyñ ählisini özara täsiriñ diñe görnüş tarapyny seljermek synanyşygy bolupdyr. /G.Zimmeliñ “formal sosiologiýa” atlandyrylýan taglymaty/. Ýöne şeýle synanyşyk netijeli bolmady. Häzirki wagtda Günbataryñ sosial psihologiýasynda özara täsiriñ “altruizmi” (bähbitsiz kesekä goldawlylyk) derñemek bilen baglanyşykly seljermesine hut şeýle usulda çemeleşmek däbi has güýçlüdir. Hakykatda altruizm diñe belli bir sosial işiñ ulgamynda doly mazmuna eýe bolýan adamyñ şahsyýetiniñ häsiýetine degişlidir. Mesele bu ýerde ahlak düşünjeleriniñ mazmuny bilen baglanyşyp, oña bolsa özara täsiriñ diñe “ýakynara” häsiýetleriniñ esasynda düşünmek bolmaz. Zandyýaman jenaýatça gaçmaga “kömek” edýän adamyñ özüni alyp barşyny altruizm hasaplamak bolarmy? Bu sowala diñe giñ sosial mazmun jogap berip bilýär.

Mundan başga-da umumy işe her bir gatnaşyjynyñ indiwidual işleriniñ bir-birine laýyklygy



ýüzlenýärler: şahsyýet meselesi pelsepe we sosiologik bilimleriň merkezinde durýar: onuň bilen etika hem kemalyýet we genetikada meşgullanýar. Elbetde, derňewde bu ähliumumy ähmiýetli hadysanyň bölümlerini we nukdaýnazar aýratynlyklaryny ünsden düşürip, “nämä akyl ýetirilse we beýan edilse şol hem peýdalydyr” diýen düzgün boýunça hem hereket edip bolar. Amaly jähtden şeýle pikir ýöretme hakykata golaý hem bolsa, beýle çemeleşiş derňewiň netijeliligini artdyrmaklyga ýardam edip bilmez. Üstesine hem her bir ylmy ugur üçin öz içki mantygy möhüm bolup, ol köp ylymlaryň ünsünde durýan meseleler derňelende öz hususy gurluşyny kesgitlemekden ugur alýar.

Şahsyýete düşünmekligiñ özboluşly usulyýet esaslandyrmasyny biz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyñ işlerinde görýäris. Ol şeýle ýazýar: "Şahsyýet näme? Şahsyýet adamyñ "meni" diýip jogap berersiñ. Bu jogap, umuman, dogrudyr. Emma, adatça, göz öñüne getirilişindäkiden "men" has çylşyrymly we köpjähetli ruhy hadysadyr…Edil özgeler bilen bolşy ýaly, adam öz "meni" bilen gatnaşyga girip, gürleşip, jedelleşip, ony ýigrenip ýa ondan razy bolup bilýär. Diýmek, şahsyýet iki jähetli çylşyrymly ruhy hadysadyr" [1]

Şahsyýet meselesine ähliumumy höwesiň ugurlaryny aýyl-saýyl etmekligiň ähmiýeti, meseläniñ diňe ony zerurlyk hasaplaýan ähli beýleki ylymlaryň bilelikdäki tagallasy bilen çözülýänligi bilen

[1] Mukaddes Ruhnama. II-kitap, 434 sah.

düşündiriliş berilýärdi. Nähili hem bolsa şahsýýet meselesine, onuň sosial täsir esasynda döreýän häsiýetnamasyna üns berlip, onda sosial täsiriň netijesinde degişli sypatlaryň kemala getirilmelidigi nygtalýardy. Şol bir wagtyň özünde çekişmäniň başga bir ornunda sosial psihologiýa üçin şahsyýet esasy derňew obýekti däl, çünki psihologiýanyň bu şahasynyň ýüze çykyşynyň düýp sebäbi “toparyň psihologiýasyny” öwrenmekden ybaratdyr diýen pikir ýöredilýärdi. Şeýle pikir ýöretmede /açyk aýdylmasa-da/ şahsyýet umumy psihologiýanyň derňew dersi hökmünde ýüze çykyp, sosial psihologiýa özüniň gyzyklanýan jähtiniň başgadygy bilen tapawutlanýar diýip tassyklanýar. Sosial psihologiýanyň iş-gymmatlyk düzgünine ugrukýan düşündirilişinde şahsyýet meselesi bu ylmyň kanuny meselesi bolup, ýöne ol özboluşly jähtde onuň derňew dersine goşulýar. Bu nukdaýnazaryň häsiýetnamasy, ony delillendirýän subutnamalar ýörite esaslandyrylmalydyr.

Munuň zerurlygy ýene-de bir nukdaýdan örän möhümdir. Şahsyýet meselesi bütin psihologik ylymlaryň toplumynyň meselesi bolup, şonuň üçin hatda biz olaryň şahsyýete çemeleşiş “araçäklerini” tanaýanymyzda hem seljerişiň özboluşlylygyny doly amal edip bilmeýäris.[1] Häzirki zaman jemgyýetinde ylmy-tehniki ýokary göterilişiň täsirinde adamyň şahsyýetiniň mümkinçiliklerine höwes şeýle ýokary bolup, ähli jemgyýetçilik ylymlary bu derňew dersine

[1] Problema liçnosti w sosialnoý psihoilogii? Pod red.E.W.Şorohowoý, M.I.Bobnewoý. M.1979.



nähili gatnaşykda bolýandygyny anyklamaly bolýar.[1] Bu ýerde her bir gatnaşyjynyñ umumy işe öz goşandyny nähili añlaýandygy hem ähmiýetlidir: hut şeýle añlamaklyk oña özara täsirde öz baş ugruny düzetmäge mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, özara täsiri öwrenmekde iş düzgünini ulanmaklyk meseläni psihologiýadan “çetleşdirmek” däldir. Tersine, sosial psihologa adamlaryñ özara täsir tutumynda amala aşyrylýan “hereket alyşmalarynyñ” psihologik mynasybetini bilmek möhümdir. Diñe şeýle ýagdaýda sosial psihologiýa hakykatdan-da özara täsiriñ düzümini açyp görkezýär.

Özara täsiriñ bu anyk düzümine psihologik jähtden haçan-da özara täsire gatnaşyjylaryñ arasynda birek-birege düşünmekligiñ nähili ýüze çykýanlygy seljerilende düşünmek bolýar. Özara täsire gatnaşyjylaryñ bir-birine düşünmekligini üpjün edýän şertler bilelikdäki hereketleriñ sazlaşykly guralyşynyñ netijeliligini kesgitleýär. Şeýle netijelik hereketleriñ gatnaşyjylar arasynda “alyşylmagyny” üpjün edýär. Bu ýagdaýda aragatnaşygyñ islendik ýagdaýynda bolşy ýaly “ýagdaýy birmeñzeş düşünmeklik”, ýagny garşydaşyñ özüni alyp barşynyñ **baş ugruna** we **takyk usulyna** düşünmeklik talap edilýär. Özara täsiriñ baş ugry we usuly diñe özara düşünmekligiñ esasynda döredilip bilner. Eger-de özara täsiriñ baş ugry amala aşyrylýan iş bilen berilýän jemgyýetçilik

[1] Seret: Haraş A.U. K opredeleniýu zadaç I metodow sosialnoý psihologii w swete prinsipa deýatelnosti. //Metodologiçeskiýe I teoretiçeskiýe problemy sosialnoý psihologii. M.,1977, 29-sah.

gatnaşyklarynyñ hili bilen kesgitlenýän bolsa, onda özara täsiriñ usuly garşydaş baradaky gös-göni düşünje arkaly kesgitlenýär. Bu iki ýagdaýyñ birligi esasynda özara täsiriñ anyk ýagdaýy döredilýär. Onuñ möhüm häsiýetnamasy bilelikde netijä gelmekdir. Şeýlelikde, özara täsiriñ düzüjisine akyl ýetirmek üçin bir indiwidiñ niýetleriniñ, meýilleriniñ, gönükdirilmeleriniñ beýlekiñkä nähili gabatlaşandygyny, anyklamaly bolýar. Başgaça aýdanyñda aragatnaşyk meselesini mundan beýläk-de seljermek garşydaşyñ keşbiniñ nähili kemala gelýändigi dogrusyndaky soraga seretmegi talap edýär. Bu keşbiñ takyklygy bilelikdäki işiñ netijeliligini kesgitleýär.

Meseläniñ şeýle goýluşy aragatnaşygyñ üçünji tarapyna seretmekligi talap edýär. Bu tarap, şertli ýagdaýda perseptiw diýip atlandyrylyp, onda beýleki adam, has takygy täsiriñ garşydaşy hakyndaky düşünjäniñ kemala geliş tutumy derñelýär.



# IV BÖLÜM
# ŞAHSYÝETI DERŇEMEGIŇ SOSIAL PSIHOLOGIK MESELELERI

## 16-njy bap. ŞAHSYÝET MESELESI SOSIAL PSIHOLOGIÝADA

**Meseläniň goýluşy.** Mundan ozalky pikir ýöretmeleriň ählisi biziň öňümizde şahsyýet meselesi bilen baglanyşykly meseleleriň toplumyna seretmek zerurlygyny goýýar. Ýöne bu meseläniň seljerilişine girişmezden ozal onuň hut sosial psihologiýa mahsus bolan özboluşly “kesimini” anyklamalydyr. Eýýäm sosial psihologiýanyň dersiniň köp sanly kesgitlemelerinde şahsyýet meselesiniň bu ylymda haýsy orny eýelemelidigi dogrusynda belli bir gapma–garşylykly pikir ýöretmeler bardy. Sosial psihologiýanyň dersi dogrusyndaky çekişmeleriň esasy orunlary häsiyetlendirilende, bu orunlaryň birinde bu ylmyň wezipesi hut şahsyýeti derňemek diýip nygtalyp, ýöne şahsyýet toparyň ýerliginde seredilmeli diýip

psihologiýanyň täze bölümi guramanyň psihologiýasyna goşmaga mümkinçilik berýär.

Şeýle gelejegiň amala aşyrylmagy sosial psihologiýanyň “üstüni ýetirmegiň” möhüm şerti bolup, ol onuň amaly ulanylyşyny düýpli giňeldýär, ony sosial meseleleriň has giň toplumyna goşýar. Jemgyýetiň häzirki zaman ösüşinde bu sosial hadysalary dolandyrmaklygy kämilleşdirmeklige ýardam edýän sosial ylmyň möhüm hyzmaty bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde sosial psihologiýanyň nazaryýet tarapy gutarnyklylyga eýe bolýar: toparara gatnaşyklar psihologiýa bölümi toparlaryň öwrenilişini mantygy-logiki tamamlap, şahsyýet meselesini her taraplaýyn derňemäge ýol açýar.



## 7–nji bap. ARAGATNAŞYK ADAMLARYÑ BIR-BIRINI KABUL EDIŞI HÖKMÜNDE ( aragatnaşygyñ perseptiw tarapy)

**Sosial persepsiýasy hakynda düşünje**

Ýokarda bellenilişi ýaly aragatnaşyga gatnaşyjylaryň arasynda özara düşünişmek bolmalydyr. Özara düşünişmeklik bu ýerde dürli many añladyp biler: bir jähtde özara täsiriñ garşydaşlaryñ maksatlaryna, meýillerine, gönükdirilmelerine düşünmek ýa-da iknji jähtden diñe bir düşünmek däl-de, bu maksatlary, meýilleri, gönükdirilmeleri kabul etmek, ykrar etmek: soñky ýagdaý diñe bir “hereketleri ylalaşdyrmak” däl-de, dostluk, sulh almaklyk, söýgi ýaly duýgularda ýüze çykýan golaýlyk, göwün bermek ýaly aýratyn gatnaşyklary döretmäge mümkinçilik berýär.Özara düşünişmekligiñ bu iki tarapy derñewiñ iki ugruna esas berýär: birinji ýagdaýda özara täsiri seljermek jähtden, ikinji ýagdaýda “attraksiýa” diýip atlandyrylýan hadysany seljermek nukdaýda. Emma iki ýagdaýda hem aragatnaşygyñ garşydaşynyñ nähili kabul edilýändigi

esasy ähmiýete eýe bolup, başgaça aýdanyñda bir adamyñ beýleki adamy kabul edişi aragatnaşygyñ hökmany düzüm bölegi bolup durýar. Aragatnaşygyñ bu tarapy şertli perseptiw tarap diýip atlandyrylýar.

Aragatnaşygyñ bu tarapynyñ mazmun tarapyny açyp görkezmezden ozal bu ýerde ulanylýan adalgalary anyklamaly. Köplenç adamyñ adamy kabul etmegini “sosial persepsiýa” diýip atlandyrýarlar. Bu sözüñ ulanylyşy ýerlikli däldir.”Sosial persepsiýa” adalgasy ilkinji gezek J.Bruner tarapyndan 1947-nji ýylda kabul edişe “täze garaýşyñ” döredilişinde teklip edildi. Ilki-ilkiler sosial persepsiýa diýlip perseptiw hadysalaryñ sosial döredilişine düşünilýär. Soñ-soñlar alymlar sosial psihologiýada bu düşünjä başgarak many berdiler. Sosial persepsiýa düşünjesi bilen “sosial obýektleriñ”, ýagny beýleki adamlaryñ, sosial toparlarynyñ, uly sosial umumylyklaryñ kabul edilişi añladyldy. Hut şu manyda adalga sosial psihologik edebiýatda ornaşdy. Şonuñ üçin adamyñ adamy kabul edişi sosial persepsiýa ugruna degişli bolup, ýöne bu ugur kabul edişiñ diñe agzalan görnüşinden has giñdir. Eger-de sosial persepsiýa doly göwrüminde göz öñüne getirilse, onda örän çylşyrymly, şahalanýan nusga emele gelerdi. Ol diñe kabul edişiñ obýektiniñ däl-de, subýektiniñ-de dürli görnüşlerini özünde jemleýär. Haçan-da kabul ediji hökmünde indiwid bolýan bolsa, onda ol “öz” toparyna degişli beýleki indiwidi kabul edip bilýär;(1) “keseki” topara degişli beýleki indiwidi kabul edip bilýär(2); öz hususy toparyny(3), “keseki” topary kabul edip bilýär(4). Eger-de



çykarylmaklygy toparyň ösüş derejesini kesgitlemek üçin serişde bolup hyzmat edýär.

Has giň usulyýet jähtde bu maglumatlar kiçi toparyň hiç wagt üzňe ulgam hökmünde seredilip bilinmejekdigine düşünmäge mümkinçilik berýär: islendik topar içindäki tutuma düşünmek üçin kiçi toparyň çäginden daşa çykmalydyr. Kiçi toparlaryň ähli hadysalarynyň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň has giň ulgamy arkaly döredilýänligi nutugy bu ýerde has takyklaşýar: şeýle gatnaşyklaryň has ýakyn ulgamy toparlar arasyndaky gatnaşyklar bolup durýar. Özboluşly “toparara ýerlik” döräp, bu sosial ýerligiň bir görnüşidir. Toparara gatnaşyklaryň psihologiýasyny derňemekligiň gelejegi iki sany “kesimi” öz içine almalydyr: toparara gatnaşyklaryň “keseleýin” kesimi. Bu görnüşdäki toparara gatnaşygy tabyn bolmaklyk gatnaşyklary bilen bagly bolman, olar “gapdallaýyndyr” eger kiçi toparlar göz öňünde tutulýan bolsa mekdep özüniň mekdep synpy bilen, iş topary iş topary bilen, uly toparlara degişlilikde millet millet bilen, demografiki topar bilen we ş.m. Bu kesimiň mysaly – dürli–dürli, ýöne bir-birine tabyn bolmadyk toparlaryň maşgala, mekdep, sport bölümçesi we ş.m. özara täsiridir. Ikinji kesim “dikligine” boýunça guralýan toparlar arasyndaky gatnaşyklardyr. Bu ýerde toparlaryň belli bir özara tabynlygy göz öňünde tutulýar: iş topary, seh, zawod, birleşik we ş.m. Bu ikinji ýagdaý toparara gatnaşyklar meselesine sosial

düşünjämizi baýlaşdyrýar. Toparara özara täsiriň häsiýetiniň topar içindäki hadysalara hem täsir edýänligi öz-özünden mälimdir. Häzirki zaman psihologiýasynda toparara özara täsiriň topara degişlilikden kanagatlanma, topardaky şahsyýetara gatnaşyklaryň häsiýeti, bu gatnaşyklaryň toparyň agzalary tarapyndan kabul edilişiniň takyklygy toparlaýyn karara gelmek we ş.m. ýaly topar içindäki hadysalara edýän täsirini derňemek ýaly barlag amala aşyryldy. Toparlaýyn hadysalaryň toparyň toparara bäsleşikde tutýan orny we toparyň bu orny kabul edişine /ýagny öz hususy üstünliginiň derejesini subýektiw bahalandyryşy/ baglylykdaky deňeşdirme häsiýetnamalary ýüze çykarýan tejribeler geçirildi. Degişlilikde "şowsuz" toparlara degişli maglumatlar-da alyndy. Meselem, yzygiderli şowsuzlyk bolan ýagdaýynda toparda şahsyýetara gatnaşyklaryň hiliniň erbetleşýändigi anyklandy: özara sulhy alyşmaklyklyk ýaly baglanyşyklaryň sany azalýar, oňyn däl saýlawlaryň sany artýar, dartgynlygyň sanynyň ýokarlanmagyna ýykgynlyk döreýär. Şahsyýetara gatnaşyklary meselesine höwesiň aýratyn "şowsuz" toparlarda artýandygy bu derňewleriň gapdal netijesi hökmünde anyklandy. Bu hadysalar eger-de topar bellikdäki iş arkaly birleşdirilmese onuň netijeliliginiň peselýänliginiň görkezijisidir: toparyň agzalarynyň ünsi iş boýunça baglanşyklyga däl-de, şahsyýetara esasyndaky baglanyşyklyga gönükýär. Şeýle "süýşmekligiň" ýüze



bu hatara uly sosial umumylyklary goşmanymyzda hem bu ýerde dört dürli tutum bolup, olaryñ her biri özboluşlygy bilen tapawutlanýar. Haçan-da kabul edişiñ subýekti hökmünde diñe bir aýratyn indiwid däl-de, tutuş topar bolanda mesele has-da çylşyrymlaşýar. Şeýle ýagdaýda ýokarda sanalan sosial persepsiýanyñ tutumlarynyñ hataryna toparyñ öz agzasyny kabul edişini(5), toparyñ beýleki toparyñ wekilini kabul edişini(6), toparyñ öz-özüni kabul edişini(7), galyberse-de, tutuş toparyñ beýleki topary kabul edişini(8) goşmaly bolýar. Bu ikinji hatar adaty bolmasa-da, başga adalgada bu "ýagdaýlaryñ" ählisi sosial psihologiýada derñelýär. Olaryñ ählisi aragatnaşykda taraplarynyñ özara düşüniş meselesine dahylly däldir.

Meseläni anyklamak üçin umumy sosial persepsiýa hakynda gürrüñ etmeli däl-de, şahsyýetara persepsiýasy ýa–da şahsyýetara kabul ediş barada gürrüñ etmeli (munuñ görnişi hökmünde adamyñ adamy kabul edişi ýüze çykýar). Bu tutumlar hut şu ýerde seredilýän manysynda gös-göni aragatnaşyga goşulandyr. (Eger-de aragatnaşyk tutumy biziñ ýokarda belleýşimiz ýaly has giñ jähtde seredilýän bolsa-da, onda derñewe bir toparyñ beýleki topary kabul edişini hem goşmak maksadalaýyk bolardy.)

Bu ýerde ýene-de bir düşündiriş zerurdyr. Sosial obýektleriñ kabul edilişi örän köp özboluşlyklary özünde jemleýänligi sebäpli (bu köp sanly tejribelerde ýüze çykarlandyr) "kabul ediş" sözüniñ ulanylmasy bu ýerde doly ýerlikli däldir. Beýleki adam dogrusynda

düşünjäniň kemala geliş tutumynda ýüze çykýan birnäçe hadysalar umumy psihologiýada perseptiw hadysalaryñ beýan ediş usulyna gabat gelmeýär. Şonuñ üçin şu günki güne çenli sosial psihologiýada bu tutumyñ häsiýetnamasyny añlatmaga has takyk adalga kabul ediş hadysasyna doly möçberde beýleki akyl ýetiriş hadysalary (meselem, beýleki adama akyl ýetiriş hadysasy we ş.m.) goşmakdan ybaratdyr. Köp alymlar bu ýagdaýda fransuzça añladylyş bolan "connaissanse d'antm" adalga ýüzlenip, ol beýlekini kabul etmegi däl-de, "beýlekä akyl ýetirmekligi" añladýar. Meselem, A.A.Bodalýowyñ işlerinde "beýleki adamy kabul etmek" adalganyñ manydaşy hökmünde "beýleki adama akyl ýetirmek" ulanylýar[1].
Adalganyñ şeýle giñişleýin düşünilmesi sosial obýektleriñ özboluşly häsiýetlerini derñemek bilen döredilendir. Şeýle häsiýetlere obýektiñ diñe bir fiziki sypatlary däl-de, onuñ "özüni alyp baryş" häsiýetnamasy, ýagny onuñ niýetleri, pikirleri, ukyplary, duýgy-emosiýalary, gönükdirilmeleri we ş.m. barada düşünjeleri kemala getirmek degişlidir. Mundan başga-da bu düşünjäniñ mazmunyna kabul edişiniñ subýektini baglanyşdyrýan gatnaşyklar dogrusyndaky düşünjeleri kemala getirmek girýär. Hut şu ýagdaý öz wagtynda Brunere sosial obýektler kabul edilende umuman perseptiw hadysalarda düýpli orun eýelemeýän, emma bu obýektlerde aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolýan goşmaça

[1] Bodalýow A.A. Wospriýatiýe i ponimaniýe çeloweka çelowekom. M., 1972, 5 sah.



Toparara gatnaşyklar meselesiniň iş düzgüni esasynda işlenmegi bu pikirleriň ösüşine düýpli goşant goşýar. Alnyp barylan derňewler toparara ýekirmekligiň döreýşi sosial gatnaşyklaryň diňe belli bir görnüşinde döreýändigini subut etmek bilen çäklenmän, ony ýeňip geçmekligiň serişdesini hem salgy berýär. Şeýle serişde hökmünde ýokarda görkezilişi ýaly, toparyň bilelikdäki işi hyzmat edýär. Şeýle işde kognitiw derejede ýüze çykýan toparara tapawutlandyrylmaklyk /"öz" we "keseki" toparlaryň tapawutlandyrylmagy/, hakyky durmuşy özara täsirde hökmany ýagdaýda toparara duşmançylyga getirmeýär. Toparara gatnaşyklaryň amaly meseleleri çözlende bu `düzgünlerden ugur almak zerurdyr. Meselem, kiçi toparlar we kollektiwler derejesinde bu mesele bäsleşigiň netijeli görnüşlerini agtarmakda, uly toparlar derejesinde bolsa dürli döwletleriň halklarynyň arasyndaky meseleler çözlende ýüze çykyp biler. Mukaddes Ruhnamada türkmeniñ örän gadymy medeni mirasy bolan "Ergenokon" dessanynda halkymyzyñ döwletara gatnaşygy ýörelgesiniñ: "Türkmen hiç haçan gylyjyny gynyndan goñşusynyñ garşysyna çykarmaz" mazmunda sungat kämilligine ýetirilen gylyjyñ ýüzüne ýazylandygy dogrusynda maglumat berilýär. (Mukaddes Ruhnama. I-kitap, 56 sah.) Meseläniň özboluşly "orta" derejesini dürli hünärleriň, edaralaryň we ş.m. özara gatnaşygynyň mysalynda saýgarmak bolar.

Sap ylmy jähtde toparara gatnaşyklary meselesiniň sosial psihologiýa girizilmegi biziň toparlar baradaky

**Toparara gatnaşyklary meselesiniň usulyýet we amalyýet ähmiýeti.** Ýokarda aýdylanlar toparara özara täsiriň kognitiw we sosial jähtleriniň arabaglanyşygyny has giňişleýin seretmäge mümkinçilik berýär. Görşümiz ýaly, Teşfel tarapyndan ýüze çykarylan topar içindäki gol ýapmaklygyň ähliumumylygy dogrusyndaky netije köp derejede meseläniň kognitiw we sosial jähtlerini ýeterlik aýdyňlaşdyrmanlygy sebäpli döräpdi. Munuň şeýledigine fransuz sosial psihologiýasyndaky sosial düşünjeler taglymatynyň tarapdarlary oňat düşünýärler. Meselem, bu ugra ýakynlaşýan W.Duazyň işlerinde toparara gatnaşyklary hadysalaryna subýektiw şertiň täsiri ykrar edilse-de, kognitiw düşünjeleriň sosial mazmuny nygtalýar. Kognitiwizmiň çäginden M.Kodolyň işlerinde hem synanyşyklar edilip, ol diňe bir toparara gatnaşyklar tutumynda ýüze çykýan kognitiw gurluşlar bilen gyzyklanman, bu gurluşyň gatnaşyklaryň hut özüniň üýtgemegine edýän täsirini derňeýär. Keseki topar dogrusyndaky düşünjeleriň kemala geliş aýratynlygyny obýektiw hereket edýän dartgynlyklar şertinde öwrenmeklik M.Plonuň işiniň derňew dersi boldy. Bu alymlaryň tejribelerini jemläp, S.Moskowisi toparara ýekirmekligiň hökmany däldigini we islendik toparara gatnaşyklaryna mahsus däldigi dogrusyndaky pikir ýöretmä has ýakynlaşýar.[1]

[1] Seret: Donsow A.I., Ýemelýanowa T.P. Görkezilen iş, 6-njy bap.



şertler hakyndaky pikiri ýöretmäge esas berdi. Meselem, kabul edişiñ saýlama häsiýeti sosial obýektleriñ kabul edilşinde uly özboluşlylyga eýe bolýar. Çünki saýlama hadysasyna akyl ýetirişe girişen subýektiñ maksadynyñ ähmiýeti, onuñ geçmişdäki tejribesi we ş.m. ýaly hadysalar goşulýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyn adamyñ barlygy, ondaky zat hadysalary hakyky bolşundan sowa, öz köñül-matlabyna laýyklap kabul edip, öz iş-durmuşynda esasan ýetmezçiligi görmeklige ýykgyn etmek ýagdaýynyñ bolýandygyny şahyr Enberi bilen soltan Sanjaryñ söhbetinde häsiýetlendirýär. Soltan Enberiniñ Ýerden –gökden gelýän bela soraýar:

"Niredekä Enberiniñ külbesi?!"- rubagysyny okap:

"Eý, şahyr, ähli bela–beterler diñe seniñ öýüñi sorag-ideg edip, seniñkä gelýän bolsa, täleýiñden nalap oturman, oýlan. Meniñ özümde bir günä bar bolaýmasyn diý".[1]

Kabul edişiñ obýekti hakyndaky düşünje (täsir) öñki düşünjeler bilen meñzeşligi esasynda kadalaşdyrylýandygy stereotipleşdirmäniñ döremegine esas berýär. Bu hadysalaryñ ählisi fiziki obýektleriñ kabul edilşinde tejribede ýüze çykarylýan hem bolsa (meselem, binokulýar göriş dogrusyndaky tejribelerde), olaryñ adamlaryñ bir-birlerini kabul edişlerindäki ähmiýeti has-da artýar. Şahsyýetara persepsiýanyñ sosial psihologik derñewlerinde ulanylýan kabul edişiñ meselelerine ýene-de bir çemeleşiş “tranzakt psihologiýasy” diýip

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001, 307 sah.

atlandyrylýan ugur bilen baglanyşyklydyr. (Kentril, Itelson, Kilpatrik). Bu ugurda islendik persepsiýa kabul ediji bilen kabul edilýäniñ arasyndaky çalşyk ýa-da özara täsirdir (tranzaksiýa) diýen pikir has tekrarlanýar.

Tranzaksiýa kabul edişiñ subýektiniñ işjeñ gatnaşyklygyny belläp, bu pikiriñ awtorlary perseptual ýagdaýyñ özboluşly döredijisi hökmünde subýektiñ garaşmalarynyñ, höwesleriniñ, niýetleriniñ, öñki tejribesiniñ ähmiýetini nygtaýarlar. Hut şeýle subutnamalar Bruneriñ pikirleri bilen bir hatarda sosial psihologiýada şahsyýetara kabul edişiñ aýratynlygy hökmünde ulanyldy. Bu hadysalaryñ ählisiniñ göz öñünde tutulmagy haçan-da beýleki adama akyl ýetirmek garşydaşa diñe düşünmekde däl-de, onuñ bilen ylalaşykly hereketler gurmaklygyñ, onuñ bilen has ýakyn gatnaşyk döretmegiñ esasy hökmünde seredilende has-da ähmiýetlidir.

Aýdylanlaryñ ählisi sosial psihologiýada "sosial persepsiýa” ýa-da sözüñ dar manysynda, “şahsyýetara persepsiýa”, “beýleki adamyñ kabul edilişi” erkin, deñeşdirme häsiýetde ulanylýanlygyna şaýatlyk edýär. Başga bir tarapdan, umumy psihologiýada kabul edişiñ derñelişinde kabul ediş beýleki akyl ýetiriş hadysalary bilen has golaýlaşdyrylýar. Has umumy jähtde beýleki adamy kabul etmek – bu onuñ daşky sypatlaryny kabul edip, olary kabul edilýäniñ şahsy häsiýetnamalary bilen baglanyşdyryp, onuñ esasynda bu adamyñ hereketlerini düşündirmek diýmekdir.



şertlerinde döredilen emeli toparlar bolup, onda bir-birlerini öňden tanamaýan adamlar bir umumylyga birleşdirilen hem bolsa, topar içindäki gol ýapmaklyk "ähliumumy" häsiýetde ýüze çykýar.

Teklip edilen çemeleşişiň esasynda toparara hadysalaryň döreýşiniň nusgasyny şeýle göz öňüne getirmek bolar.

Bilelikdäki toparara işiň
obýektiw şertleri
↓
Gös-göni toparara täsiriň
häsiýeti
↓
Toparara kabul edişiň hadysalarynyň
görkezijileri

Bu nusgada üç bölegiň bolmaklygy topar içindäki gol ýapmaklygy toparara özara täsiriň baş ugrunyñ we toparara kabul edişiň häsiýetnamasynyň utgaşmasy hökmünde düşündirmäge mümkinçilik berýär. Toparara kabul ediş toparyň sosial ähmiýetli bilelikdäki işinden üzňe häsiýetdäki toparara özara täsirde nätakyk /topar içindäki gol ýapmaklyk häsiýetde/ bolýar. Keseki toparlaryň işi baradaky nädogry düşünjeleriň berkleşmeginiň öňüni almaklygy, toparlary alyp barýan işi hemme üçin umumy maksatly we ähmiýetli bolan özara täsire goşmak arkaly gazanyp bolar.

tapgyryndakydan tapawutly boldy: bu ýerde gös-göni ýeňiş ýa-da ýeňliş ýoklugy sebäpli “nol jemi bolan oýun” nusgasy bolmandy /toparlar diňe üstünlik derejesi boýunça yzygiderlilikde goýuldy /. Mundan başga-da her bir tapgyrda bahalandyryş şertleri aýan we aýdyň boldy.

2.Ikinji tapgyryň iki gezegi-de bir-birlerinden tapawutly boldy: ikinji gezekde toparara iş /daýhan birleşigindäki zähmet/ özbaşdak we giň sosial ähmiýetli bolup, toparara bäsleşigiň dar, diňe topar ähmiýetli maksatlary aradan aýryldy. Bu ýerden şeýle netijä gelmek bolar: topar içindäki gol ýapmaklygyň peselmegine sebäp bolan şert / şol bir wagtyň özünde toparara kabul edişiň nätakyklygyny döredýän zat/ hut toparara özara täsir däl-de, öz ähmiýetliligi boýunça düýpgöter täze, sosial mazmuny boýunça dar, toparlaýyn maksatlardan ýokarda durýan iş bolup durýar.

Ikinji tapgyryň netijelerini birinji tapgyryňky bilen deňeşdirende toparara özara täsiriň “nol jemi bolan oýun” düzgüni boýunça guralýan şeýle görnüşiniň oňyn däl ähmiýetini /toparara kabul edişiň nätakyklygyny döredýän / toparara işiň başga bir häsiýetiniň hasabyna ýeňip geçmek bolýandygy aýan edildi. Şeýle ýeňip geçilişiň esasy serişdesi bolup has umumy “topar üsti” maksatlar, sosial ähmiýetli bilelikdäki işiň gymmatlyklary hyzmat edýär. Şol bir wagtyň özünde toparyň bilelikdäki iş-durmuş dogrusyndaky toplaýan tejribesi-de peýdalydyr. Bu netijeleriň Teşfeliň maglumatlaryndan tapawutlydygy öz-özünden düşnüklidir: sebäbi Teşfeliň tejribelerinde tejribehana



**Aragatnaşyk tutumynda özara düşünişmekligiň şertleri.**

Adam aragatnaşyk tutumyna şahsyýet hökmünde goşulýandygy sebäpli,ol öz garşydaşy tarapyndan hem şahsyýet hökmünde kabul edilýär.S.L.Rubinşteýniñ belleýşi ýaly "biz beýleki adamy özüni alyp barşynyñ daşky tarapyndan “okaýarys” we onuñ daşky sypatlarynyñ mazmunyny aýdyñlaşdyrýarys"[1]. Bu tutumda döreýän täsir aragatnaşykda möhüm dolandyryjy ähmiýete eýedir. Birinjiden, beýleki adama akyl ýetirmek bilen indiwidiñ özi hem kemala gelýär. Ikinjiden, beýleki adamy takyk “tanamak” onuñ bilen sazlaşykly hereketleri guramagyñ girewi bolup durýar.

Beýleki adam dogrusyndaky düşünje ony añlaýanyñ öz-özüne akyl ýetiriş derejesine bagly bolýar. Bu baglanyşyk iki taraplaýyndyr: bir tarapdan, öz-özüñ barada düşünjeleriñ baýlygy beýleki adam baradaky düşünjeleriñ baýlygyny kesgitleýär, ikinji tarapdan, beýleki adam näçe doly añlanylsa, tanalsa / köp derejede we çuññur häsiýetnamalary nukdaýdan, /öz-özüñ baradaky düşünje şonça-da doly bolýar. Bu mesele öz döwründe nusgawy peldepede goýlupdyr: “Adam ilki bada edil aýna seredýän ýaly beýleki adama seredýär. Diñe Pawele özüne meñzeşe gatnaşyk etmek arkaly Pýotr özüne adam hökmünde gatnaşyk edýär"[2]. Meseläniñ bu ýerde pelsepe jähtde seredilýänligine

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001, 307 sah.
[2] Marks K., Engels F. Soç. T.23, 62 sah.

garamazdan, onuñ goýluşynyñ we çözlüşiniñ sosial psihologik seljeriş üçin hem uly usulyýet ähmiýeti bardyr: beýleki adama aýna sereden ýaly garamak öz-özüñe bolan düşünjäniñ kemala getirilişine diñe bir giñişleýin, sowa – abstrakt çemeleşiş jähtinde däl-de, ony aragatnaşygyñ takyk ýagdaýyna degişlikde seljermek mümkin. Hut şeýle pikiri psihologik seljeriş derejesinde L.S.Wygotskide tapýarys: "Şahsyýet diñe beýleki adama nähili görünýän bolsa öz-özüne garaýşy hem hut şeýle bolýar"[1].

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy bu babatda şeýle ýazýar: "Adam oglunyñ gözi daşyna bakyp durandyr. Ol kimligine garamazdan, pygamberiñem kemçiligini görer, emma özüniñkini welin, añsat-añsat görmez!

Eger sen özüñi görüp, özüñe nazar aýlap, özüñi öwrenip başlasañ, beýik akyldar bolarsyñ!"[2]

Ýokarda görşümiz ýaly özara täsiriñ seljerişine “beýleki adamyñ jemlenen” keşbini girizmek bilen hut şeýle pikire meñzeş pikiri Mid hem aýdypdy.

Eger-de Midiñ nusgasynda bu keşp gös-göni özara täsiriñ ýagdaýyny jemleýän bolsa, bu pikir B.F. Porşnewde has takyk añladylandyr: “Görnüşi ýaly Pýotr öz häsiýetini Paweliñ üsti bilen añlamaklygy diñe Paweliñ arkasynda gatnaşyklaryñ ulgamy arkaly bir bitewilige baglanyşdyrylan jemgyýet, adamlaryñ ägirt

[1] Wygotdkiý L.S. Razwitiýe wysşyh psihiçeskih funksiý. M., 1960. 196 sah
[2] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama II kitap. Aşgabat, 2004, sah. 309



tapgyrynda bilelikdäki toparara iş “nol jemi bolan oýun” düzgüni boýunça guralypdy / bir topar doly utup, beýlekisi utulýardy /; mundan başga-da toparyň üstünligini bahalandyrmagyň daşky şertleri goşalaýyn häsiýetdedi / her bir agza onuň üstünliginiň ballary aýdylman, diňe toparyň işiniň delillendirilmedik umumy bahasy berilýändigi üçin tejribä gatnaşyjylara bu şertler düşnükli däldi /. Tejribeleriň ikinji tapgyrynda toparara bilelikdäki işiň şertleri düýpli üýtgedildi. Bu gezek tejribe ýetginjekleriň dynç alyş lagerinde geçirilip, onda çagalar toparlaryna iki gezek dürli guramaçylykdaky bäsleşik ýagdaýy teklip edildi: birinji ýagdaýda lager döwrüniñ ortasynda çagalar sport bäsleşigine gatnaşyp, ikinji ýagdaýda lager döwrüniñ ahyrynda bilelikde zähmet çekip, goňşy daýhan birleşigine kömek berdiler. Tejribäniň iki tapgyrynyň amala aşyrylyşy bilen bir wagtda topar ekabyrlary tejribeçiniň haýyşy boýunça çagalar bilen belli bir gündelik işleri alyp bardylar: sport bäsleşiginiň öňüsyrasy bäsleşigiň örän ähmiýetlidigini nygtap, daýhan birleşiginde işlemekligiñ öñüsyrasy bolsa bu äheñ aýryldy. Geçirilen tejribeleriň netijesinde sport bäsleşgi ýagdaýynda topar içindäki golýapmaklyk has güýçlenýändigi, daýhan birleşigindäki bilelikdäki iş ýagdaýynda bolsa, tersine, onuň üzül-kesil peselýändigi anyklandy.

Bu maglumatlaryň düşündirilişinde aşakdakylar nazara alyndy.

1.Topar arasyndaky bäsleşigiň görnüşi ikinji tapgyryň iki gezeginde hem toparara bäsleşigiň görnüşiniň birinji

edýänleriň saýlawlaryny kadalaşdyrmaklyga köp sanly synaşyklar /toparyň ýeňiş gazanmaklyga bolan mümkinçiligini ýokarlandyrýan agzalaryň çykyşlaryny goldamak, höweslendirmek we tersine, keseki toparyň has gowşak çykyş edýän wekillerini höweslendirmek/: synag alýana zor salmak /onuň çykyş edýänleri saýlaýşyna/. Mundan başga-da tejribe ýagdaýlarda, ýagny toparara bäsleşik şertlerinde gözegçilik ýagdaýy bilen deňeşdirende "biz" we "olar" çalyşmalary ulanylyp, bu hem olaryň özlerini topar bilen birleşdirýänligine güwä geçýär. Toparara kabul edişiň ähli üç görkezijisi boýunça iki sany ilkinji ýagdaýyň maglumatlary gözegçilik ýagdaýyndakydan magat tapawutlanýar. Bu has hem öz we keseki toparyň üstünliginiň we şowsuzlygyň sebäbini düşündirmekde aýan boldy: öz toparyň üstünligini topar içindäki şertler, şowsuzlygy daşky şertler bilen /tötänleýin / düşündirilip, keseki toparyň üstünligi we şowsuzlygy gapma-garşylykly düşündirildi. Şeýlelikde, **topar içindäki golýapmaklyk** hadysasy ýüze çykaryldy. Häzirlikçe bu derňewlerden toparara kabul ediş bilelikdäki toparlaýyn işiň häsiýetine bagly bolýar diýen netijä gelmek bolar: bäsleşik ýagdaýlarynda tejribe toparlaryň ikisi-de topar içindäki golýapmaklygy ýüze çykardylar.Başgaça aýdanyňda olaryň keseki topary kabul edişi nätakyk boldy. Bu netijeler belli bir derejede Şerifiň alan maglumatlaryny tassyklady.Indi bolsa toparara işiň ähli şertlerinde özara täsiriň şeýle ugry saýlanyp alynýarmy diýen sowala jogap bermelidi.Aslynda tejribeleriň birinji



köplügi duranlygy mynasybetli mümkin bolýar"[1]. Bu pikir aragatnaşygyñ takyk ýagdaýyna degişlilikde ulansak, öz-özüñ baradaky düşünje beýleki adamyñ üsti bilen haçan-da bu "beýleki" sowa – abstrakt häsiýetde däl-de, sosial işiñ giñişleýin ýerliginde seredilen ýagdaýynda mümkin bolýar. Indiwid özüni "beýleki" bilen diñe bir umumy baglanyşdyrman, eýsem bu baglanyşdyrmany bilelikdäki çözlüşleriñ döredilişiniñ ýerliginde seredýär. Beýleki adam añlanan ýagdaýynda birbada ençeme hadysalar amala aşyrylýar: beýleki adamyñ duýgy-emosional bahalandyrylyşy, onuñ hereketleriniñ gurluşyna düşünmeklige synanyşyk etmek, we muña esaslanyp onuñ özüni alyp barşyny üýtgetmek baş ugruny we öz hususy özüñi alyp barşyñ baş ugruny kesgitlemek.

Emma bu hadysalara keminden iki adam goşulyp, olaryñ her biri işjeñ subýekt bolup durýarlar. Şeýlelikde, özüni beýleki bilen baglanyşdyrmak iki taraplaýyn amala aşyrylýar: garşydaşlaryñ her biri özüni beýlekä meñzedýär. Diýmek, özara täsiriñ baş ugruny gurmakda her adam diñe bir beýlekiniñ isleglerini, meýillerini, gönükdirilmelerini göz öñünde tutmak bilen çäklenmän, eýsem öz isleglerine, meýillerine, gönükdirilmelerine beýlekiniñ nähili düşünýändigini göz öñünde tutmalydyr. Bu zatlaryñ netijesinde her bir aýry-aýry sosial-psihologik derñewiñ derejesinde özüñi beýlekiniñ üsti arkaly añlamak iki tarapy özünde jemleýär: <u>identifikasiýa</u> we <u>refleksiýa</u>. Bu düşünjeleriñ her biri

[1] Seret: Rubinşteýn S.L. Prnsipy I puti razwitiýa psihologii. M., 1959, 180 sah.

düşündirişi talap edýär.

“Identifikasiýa” adalgasy sözme-söz özüñi beýlekä meñzetmekligi añladyp, köp sanly tejribe işlerde anyklanan adaty empiriki hadysany özünde jemleýär: beýleki adama düşünmekligiñ iñ bir ýönekeý usuly özüñi oña meñzetmekdir. Bu usul ýeke-täk däldir. Ýöne özara täsiriñ hakyky ýagdaýlarynda
adamlar söhbetdeşiñ içki dünýäsi barasyndaky çaklamasyny özüni onuñ ornuna goýup görmeklige synanyşyp düzýärler. Bu babatda identifikasiýa beýleki adamy añlamaklygyñ we oña düşünmekligiñ şerti hökmünde ýüze çykýar.

Identifikasiýanyñ tutumyny, onuñ aragatnaşykdaky wezipesini derñemeklige bagyşlanan köp sanly tejribe derñewler bardyr. Meselem, identifikasiýa bilen oña mazmuny boýunça has ýakyn bolan empatiýa hadysasynyň arasyndaky ýakyn arabaglanyşyk ýüze çykaryldy.

Beýan etme häsiýetde empatiýa hem beýleki adamy añlamaklygyñ aýratyn usuly hökmünde düşündirilýär. Ýöne bu ýerde beýleki adamyñ meselesini pähimleýin añlamak däl-de, onuñ meselelerine duýgy - emosional duýgudaşlyk etmek göz öñünde tutulýar.
Empatiýa öz mazmuny boýunça düşünmekligiñ /sözüñ takyk manysynda / gapma-garşylygydyr: “düşünmek” sözi empatiýa degişlilikde diñe şertli meñzetme häsiýetde ulanylýar: empatiýa bu duýgy üsti, emosional “düşünmeklikdir”. Empatiýada aragatnaşygyñ



kabul edildi. Tejribäniň mazmuny şeýledi : talyplaryň iki topary şol bir ders boýunça şol bir mugallyma synag tabşyrmalydy. Iki sany tejribe toparda haýsy topar söhbetdeşlik sapaklarynyň gidişinde gowy ýetişik görkezseler “bada-bat” ýagdaýda hasap alyp, beýleki toparyň agzalary bolsa hasaby adaty usulda tabşyrmaly / her kim özbaşdak / diýip aýdyldy. Umumy toparlaýyn baha söhbetdeşlik sapaklaryndaky indiwidual jogap bermeleriň bahasyndan getirip çykaryljakdygy, netije ballaryň belli bir toplumynyň jemlenjekdigi hem aýdyldy. Ýöne tejribeleriň gidişinde ballaryň jemi agzalara nämälim bolup galýardy: tejribe geçiriji wagtal-wagtal öňdebaryjy topary aýdýardy. Üstesine-de birinji ýagdaýda tejribeçi bilgeýişleýin öňdebaryjy hökmünde şol bir topary agzap, ikinji ýagdaýda toparlaryň ikisi-de gezek-gezegine lider diýip biri-birine aýdylýardy. Üçünji ýagdaýda /gözegçilik tapgyry hökmünde/ talyplara hasaby bada-bat ýagdaýda ol ýa-da beýleki topar tutuşlygyna däl-de, diňe söhbetdeşlikde üstünlikli çykyş eden talyplar haýsy tarapdanlygyna garamazdan, şeýle hasap alar diýip aýdyldy.

Tejribeleriň bu tapgyry, umuman öňe sürlen çaklamalary tassyklady: tejribe ýagdaýlar gözegçilik-kontrol ýagdaý bilen deňeşdirende toparara bäsleşik şertlerinde şu aşakdakylary görkezdi: a) öz toparyň agzalaryny goldamaklyga gönükdirilen köp sanly çykyşlar we keseki toparyň agzalarynyň çykyşlaryny puja çykarmaklyga bolan ymtylyşlar; b) çykyş

bilelikdäki iş şertini öz mazmunyna goşmak zerurlygy bilen utgaşýar.

Toparara gatnaşyklaryň seljerilişine teklip edilýän çemeleşiş düzgünininiň mundan beýläk ösdürilişi bilen baglanyşyklydyr. Toparara gatnaşyklar ugrunda derňewiň özboluşly sosial psihologik dersi hökmünde ýüze çykarylan toparara kabul ediş durli toparlaryň bilelikdäki işiniň takyk mazmuny nukdaýdan düşündirilýär. Bu meseläniň tejribe derejesinde işlenilmegi adaty tejribelerdäki alnan köp sanly hadysalara täzeçe düşünmäge mümkinçilik berýär.

**Toparara gatnaşyklaryñ tejribe derňewleri.** Agzalan çemeleşişiň çäginde geçirilen tejribeleriniň maksady toparara kabul edişiň, has takygy onuň takyklygynyň bilelikdäki işiň häsiýetine baglylygy dogrusyndaky çaklamany barlamakdan ybarat boldy. Bir ýörite okuw mekdebiniň talyp toparlarynyň synag tutumy döwründe geçirilen tejribeleriň birinji tapgyrynda toparara kabul edişiň takyklygynyň görkezijisi hökmünde şu aşakdakylardan ugur alyndy:1 ) toparara bäsleşik ýagdaýynda toparlaýyn ýeňşi çaklamak ; 2 ) bu bäsleşikde öz we keseki toparyň ýeňşiniň ýa-da ýeňlişiniň sebäbini düşündirmek; 3 ) tejribe ýagdaýy bilen bagly däl iş ulgamyna degişlilikde öz we keseki toparyň mümkingadar üstünligini göz öňüne getirmek. Takyklygyň görkeziji hökmünde agzalaryň öz toparyna degişlilikde görkezilen häsiýetleri makullamak derejesi



garşydaşy pikirde “oýlanylman”, duýguda “syzylýar”. Bu ýagdaýa öz wagtynda Titçener hem üns beripdi: “Men beýleki adamlarda möhümligi, sadalygy ýa-da buýsançlygy diñe bir görmän …Men bu häsiýetleri duýýaryn, olary akylda janlandyrýaryn… “Empatiýanyñ hereketlenişi belli bir derejede identifikasiýanyñ mehanizmi bilen meñzeşdir: bularyñ ikisinde hem özüñi beýleki adamyñ ornuna goýup, wakalara onuñ nukdaýyndan garap bilmek başarnygy gatnaşýar. Emma wakalara kimiñdir biriniñ nukdaýyndan garamak diýmek onuñ bilen özüñi meñzetmek, birleşdirmek diýmekligi añlatmaýar. Eger-de men kimdir biri bilen özümi meñzedýän, birleşdirýän bolsam, onda men özümi alyp barşymy edil “beýlekiñki” ýaly guraýaryn. Eger-de men oña empatiýa döredýän bolsam, men diñe onuñ özüni alyp barşynyñ ugruny göz öñünde tutup /oña duýgudaşlyk edip/, emma özümi alyp barşymy düýpgöter başgaça gurap bilýärin. Iki ýagdaýda hem beýleki adamyñ özüni alyp barşyny “göz öñünde tutmaklyk” bar bolup, ýöne bilelikdäki işiñ netijesi başgaça bolýar: bir ýagdaýda aragatnaşykda garşydaşyña düşünip, onuñ ornuna geçip, bu orundan hereket etmek, ikinji ýagdaýda oña düşünip, onuñ nukdaýyny göz öñünde tutup, hat-da oña duýgudaşlyk edip, emma özüñçe hereket etmek. Bu jähtleriñ ikisi-de möhüm bolup, olaryñ ikisiniñ-de sosial psihologiýada tejribe däbi bardyr.

Aragatnaşygyñ häsiýetnamasy nukdaýyndan ýokarda agzalan ýagdaýlaryñ ikisi-de ýene-de bir meseläni

çözmekligi talap edýär. Eýsem "beýleki", ýagny aragatnaşygyñ garşydaşy maña nähili düşünýär? Biziñ özara täsirimiz muña bagly bolýar. Başgaça aýdanyñda birek-birege düşünmeklik hadysasy refleksiýa - öz pikiriñi añlamaklyk hadysasy bilen "çylşyrymlaşýar". Refleksiýa bu ýerde pelsepedäki ýaly subýektiñ öz-özüne akyl ýetirmekligi hökmünde düşünilmän, eýsem oña başgarak many berilýär. Sosial psihologiýada refleksiýa indiwidiñ aragatnaşykly özüniñ garşydaşy tarapyndan nähili kabul edilýändigini añlamaklygyny añladýar. Bu beýleki adamy bilmek ýa-da oña akyl ýetirmek däl-de, şol birbada beýlekiniñ meni nähili añlaýandygyny bilmek, birek-biregi goşalaýyn şöhlelendirmek, "çuññur, yzygiderli özara şöhlelendirmek bolup, onuñ mazmuny garşydaşyñ içki dünýäsini gaýtadan dikeltmekdir; üstesine-de bu içki dünýäde öz gezeginde birinji subýektiñ içki dünýäsi şöhlelenýär".[1]

Sosial psihologiýada refleksiýany derñemek däbi örän añyrdandyr. Baryp XIX asyryñ ahyrynda J.Holms haýsydyr bir Jon bilen Genriniñ diadiki aragatnaşyk ýagdaýyny görkezip, bu ýagdaýda keminden alty adamyñ bardygyny tassyklapdyr: Jonuñ hakykatdaky ýagdaýy /Holms muny "onuñ Hudaý tarapyndan ýaradylyşy" diýip atlandyrýar/; Jonuñ öz-özüni kabul edişi ýagdaýynda; Jony Genriniñ kabul edişi edil şunuñ ýaly-da Genriniñ üç "orundaky" ýagdaýy.

[1] Kon I.S. Otkrytiýe "Ýa". M., 1978, 110 sah.



ýaýran hadysadyr. Onuň iki tarapy tapawutlandyrylmalydyr: stereotip kabul edilýän topary çalt we ähtibar düşünjede aňlatmaga, ýagny ony hadysalaryň has giň synpyna goşmaklyga kömek edýär. Bu nukdaýdan özüniň çalt we nusgalaşdyrylan düşünjäni döredýänligi üçin stereotip zerur we peýdalydyr.

Ýöne beýleki topar dogrusyndaky stereotip oňyn däl häsiýetnamalara eýe bolýanlygy üçin ("olaryň hemmesi şeýle") bahalandyryş örän güýçlendirilip, toparara duşmançylygyň döremegine getirýär. Bellenilişi ýaly bu kanunalaýyklyk halklaryň arasyndaky gatnaşyklarda has ýiti ýüze çykýar.Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy öňki SSR soýuzy dargaýan pursatlary döwletara gatnaşygynyň ýokary ynsanperwer nusgasyny esaslandyryp: "Biz SSSR-den dostlugy alyp galdyk, emma onuñ duşmançylygyny kabul etmedik"[1].

Bu ýerde şeýle stereotipleriň döreýşinde we hereketlenişinde gös-göni toparara özara täsirleriň nähili ähmiýetiniň bardygy dogrusyndaky sowal ýerliklidir. Baryp 50-nji ýyllarda (XX a.) D.Kempbell tarapyndan "galtaşmaklyk çaklamasy" döredilip, onda toparlaryň arasynda amatly gatnaşyklara amatly şertler näçe köp boldugyça, olar şonça-da bir-biri we indiwidler bilen dowamly we çuňňur özara täsirde bolup, stereotipiň mazmunynda hakyky sypatlaryň agramy ýokarlanýar. Görnüşi ýaly, toparara gatnaşyklaryň psihologiýasynyň derňewiniň ösüşi

[1] Saparmyrat Türkmenbasy. Ruhnama. A., 2001, 55 sah.

kabul edilýän taraplarynyň sany şahsyýetara kabul edişdäkiden has dardyr: keseki toparyň “keşbi” bilelikdäki toparara işiň ýagdaýyna gös-göni baglylykda kemala gelýär.[1]

Bu bilelikdäki toparara iş diňe bir gös-göni özara täsire syrykdyrylmaýar /Şerifiň tejribelerinde bolşy ýaly/. Toparara gatnaşyklar, meselem, “keseki toparlar” baradaky düşünjeler gös-göni özara täsir ýok wagtynda hem ýüze çykyp biler / aýdaly, uly toparlar arasyndaky gatnaşyklar/. Bu ýerde aralaşdyryjy şert hökmünde sosial şertleriň has giň ulgamy, bu toparlaryň jemgyýetçilik taryhy işi öňe çykýar. Şeýlelikde, toparara iş dürli toparlaryň gös-göni özara täsiri hökmünde, şeýle hem aralaşdyrylan, şahsy däl görnüşde bolup bilýär /meselem, medeniýet gymmatlyklary, folklary alyşmak we ş.m./. Şeýle mysallary halkara durmuşynda näçe diýseň tapmak bolýar: bu ýagdaýlarda kesekiniň “keşbi” /beýleki ýurduň , beýleki halkyň / hökman gös-göni özara täsiriň netijesinde däl-de, çeper edebiýat, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden we ş.m. maglumat, täsir almak arkaly döreýär.

Toparara kabul edişiň hut öz tebigatynda bolşy ýaly onuň medeniýetiň häsiýetine baglylygy bu tutumda stereotipleriň aýgytlaýjy täsirini döredýär. Keseki topary stereotipiň üsti bilen kabul etmeklik giňden

[1] Ageýew W.S. Mežgruppowoýe wzaimodeýstwiýe Sosialno-psihologiçeskiýe problemy, M.,1990.



Soñ-soñlar T.Nýukom we Ç.Kuli gatnaşyjylaryñ sanyny sekize ýetirip, ýagdaýy has-da çylşyrymlaşdyrdylar: Jonuñ özüni Genriniñ añyndaky keşbinde görşi we degişlilikde Genriniñ öz keşbini garşydaşynyñ añynda görşi. Umumy şeýle özara şöhlelenme keşpleriniñ sanyny islendikçe köpeltmek mümkinçiligi bar hem bolsa tejribe derñewlerde bu tutumyñ iki derejesini seljermek bilen çäklenýärler. G.Gibş we M.Forwerg refleksiýanyñ teklip edilen nusgalaryny umumy görnüşde getirýärler. Olar özara täsir tutumyna gatnaşyjylary A we B diýip belleýärler. Şeýle ýagdaýda diadiki özara täsir ýagdaýynda döreýän refleksiw gurluşyñ umumy nusgasyny şeýle getirmek bolýar.

A we B iki garşydaş bar. Olaryñ arasynda A-B kommunikasiýasy we B–niñ A bolan jogaby dogrusyndaky B -A yza dolanýan maglumaty döreýär. Mundan başga-da A we B-niñ özleri hakynda düşünjesi bardyr. $A^1$ we $B^1$ şeýle hem olaryñ her biriniñ beýleki barada düşünjesi bolýar: A-da B-$B^{11}$ barada we B-da A-$A^{11}$ barada düşünjeleri. Kommunikatiw tutumda özara täsir şeýle amala aşyrylýar: B-e ýüzlenip A $A^1$ hökmünde gepleýär. B $B^1$ hökmünde $A^{11}$ -nyñ sözüne jogap berýär. Bularyñ hemmesiniñ hakyky A we B golaýdygyny subut etmeli bolýar; sebäbi A we B obýektiw hakykata gabat gelmeýän $A^1$, $B^1$, $A^{11}$ we $B^{11}$ –nyñ barlygyny bilmeýärler : bu ýagdaýda A we $A^{11}$-nyñ hem-de B we $B^{11}$ –nyñ arasynda kommunikasiýa kanaly ýokdur.

$A$-$A^1$-$A^{11}$ we $B$-$B^1$-$B^{11}$ ugurlarda aralyk has golaý bolanda aragatnaşygyñ netijeliliginiñ has ýokary boljakdygy düşnüklidir. Bu gabat gelmekligiñ ähmiýetine oratoryñ auditoriýa bilen özara täsiriniň mysalynda göz ýetirmek bolýar. Eger-de oratoryñ A özi hakynda /$A^1$/, diñleýjiler hakynda /$B^{11}$/ we iñ esasy özüniñ diñleýjiler tarapyndan kabul edilişi hakynda /$A^{11}$/ nädogry düşünjesi bolsa, onda onuñ auditoriýa bilen düşünişmekligi, özara täsirde bolmaýar. Bu düşünjeleriñ toplumyny bir-birine gabat getirmek ýörite tagallary talap edýän çylşyrymly tutumdyr. Şeýle serişdeleriñ biri hökmünde bu ýerde sosial psihologik türgünleşigiñ görnüşi ulanylyp bilner.

Nazaryýet we tejribe jähtden seredilen nusgalaryñ görnüşlerini gurmak möhüm ähmiýete eýedir. Häzirki wagtda özara täsiriñ baş ugrunyñ we pursatynyñ mümkingadar ugurlaryny kesgitlemekde oýunlaryñ matematiki taglymatynyñ ülñülerini ulanmaklyga synanyşyk edilýär. Ilki–ilkiler şeýle usulda dartgynlyk ýagdaýlary, häzirki döwürde bolsa kooperasiýa ýagdaýlary seljerildi.

**Şahsyýetara kabul edişiñ mazmuny we täsirleri.**

Özara düşünmekligiñ ýokarda seredilen usullary indi adamlaryñ bir-birine akyl ýetiriş tutumynyñ hususy seljerilişine geçmäge mümkinçilik berýär. Sosial psihologiýada şahsyýetara kabul edişe degişli köp sanly tejribe derñewleri bardyr. Olaryñ ählisini iki sany uly topara bölmek bolar: I /şahsyýetara kabul edişiñ mazmunyny öwrenmek /kabul edişiñ



hadysalaryň seljermesiniň täze toparara derejesini döredýändigini aňladýar. Bu bolsa öňden adaty bolan şahsyýetara kabul edişi toparara kabul ediş bilen deňeşdirmegi talap edýär.

Toparara kabul edişiň mazmunynda indiwidual akyl ýetiriş –kognitiw gurluşlar kadalaşdyrylyp, bir bitewilige baglanyşdyrylýar. Bu indiwidleriň toparlaýyn subýekt hökmünde keseki topary kabul edişiniň diňe bir ýönekeý jemi bolman, düýpgöter täze mazmunly toparlaýyn hadysadyr. Ol özüniň iki häsiýetnamasy bilen tapawutlanýar: kabul edişiň subýekti bolup durýan topar üçin ol şu toparyň agzalarynyň beýleki topar baradaky düşünjeleriniň gabat gelşi derejesi mazmunda kesgitlenýän “bitewilikdir” (keseki topar dogrusynda “hemme” ýa-da “hemmeler däl” şeýle pikirdemi ). Kabul edişiň obýekti bolýan topara degişlilikde bu keseki topar baradaky düşünjeleriň toparyň aýry-aýry agzalaryna ýaýran derejesini görkezýän “birmazmunlylykdyr” (keseki toparda “hemmeler” ýa-da “hemmler däl” şeýlemi ) Bitewilik we birmazmunlylyk toparara kabul edişiň özboluşly gurluş häsiýetnamalarydyr. Onuň dinamiki häsiýetnamalary-da şahsyýetara gatnaşyklaryň häsiýetnamasyndan tapawutlanýar: onuň subýekti bir adam däl-de, topar bolýanlygy üçin toparara sosial-perseptiw hadysalar uly durnuklylygy çeýe dälligi bilen tapawutlanýar. Bu hadysalaryň kemala gelşi diňe bir dowamly bolman, özünde her bir topar agzasynyň we toparyň durmuş tejribesini jemleýän has çylşyrymly tutumdyr. Toparyň

ugrukmadan tapawutlykda teklip edilýän çemeleşişde subýektiw toparara gatnaşyklaryň diňe bir derňelýän toparyň hakyky işi bilen ýakyn baglanyşygy göz öňünde tutulman, bu gatnaşyklary dolandyrýan ähli kognitiw hadysalaryň bu iş arkaly döredilýändigi göz öňünde tutulýar. Edil toparyň öz düşündirilişinde bolşy ýaly, kognitiw hadysalaryň bilelikdäki toparlaýyn işiň görkezijileri bilen döredilýänligi dogrusyndaky sebäp-netije baglanyşyklar derňewiň esasy ugry bolup durýar. Bu ýerde meňzetme boýunça pikir ýöretmek ýerliklidir: toparlar obýektiw hadysa bolup, sosial psihologiýa üçin toparyň haçan indiwid üçin psihologik hakykata öwrülýändigini anyklamak möhümdir: edil şonuň ýaly toparara gatnaşyklary obýektiw hadysa bolup /bu nukdaýdan olar sosiologiýanyň dersidir/, sosial psihologiýa üçin bu hadysanyň toparyň agzalarynyň aňynda **nähili şöhlelenip,** olaryň bir-birini kabul edişini kesgitleýändigini anyklamak möhümdir.

Ikinji bellik "toparara gatnaşyklaryň kabul edilişi - persepsiýasy" adalgasyna degişlidir. Ýokarda "sosial kabul ediş-persepsiýa" adalgasynyň sosial psihologiýada haýsy manyda ulanylýandygy dogrusynda aýdylypdy: onuň belli bir derejede meňzetme häsiýetdeligi we umumy psihologiýadaky "persepsiýa" adalgasyndan has baýdygy görkezilipdi. Şeýle hem sosial –perseptiw hadysanyň haçan-da kabul edişiň subýekti we obýekti hökmünde topar bolup durýan nusgasynyň kynçylyk döredýändigi bellenipdi .Toparyň sosial persepsiýanyň bitewi subýekti hökmünde düşünilmegi sosial perseptiw



subýektiniñ we obýektiniñ häsiýetnamalary, olaryñ häsiýetleri we beýlekiler/; II / şahsyýetara kabul edişiñ hut öz tutumyny öwrenmek /onuñ şertlerini, onuñ döredýän täsirlerini seljermek.

Şahsyýetara kabul edişiñ mazmuny kabul edişiñ subýektiniñ we obýektiniñ häsiýetnamasyna bagly bolýar. Munuñ sebäbi şeýle kabul edişiñ şol bir wagtyñ özünde bu tutuma gatnaşýan iki gatnaşyjynyñ özara täsiri bolup durýanlygy bilen düşündirilýär. Üstesine-de şeýle özara täsiriñ iki tarapy bolup, olaryñ biri birek-birege baha bermek, ikinjisi bolsa bu tutuma gatnaşmaklyk mynasybetli birek-biregiñ haýsy-da bolsa häsiýetnamalaryny üýtgetmekdir. Birinji ýagdaýda özara täsiriñ mazmuny her bir gatnaşyjynyñ birek-biregi bahalandyryp, onuñ özüni alyp barşynyñ belli bir düşündiriş ulgamyny, onuñ sebäbini döretmäge ymtylyşyny özünde jemleýär. Beýleki adamyñ özüni alyp barşyny **düşündirmek** bu özüňi alyp barşyñ sebäbini bilmeklige esaslanyp biler; bu ýagdaýda ol ylmy psihologiýasynyñ wezipesi bolup durýar. Ýöne gündelik durmuşda adamlar köplenç beýleki adamyñ özüni alyp barşynyñ hakyky sebäbini bilenoklar ýa-da ýeterlik derejede bilenoklar. Şeýle ýagdaýda maglumatyñ ýetmezçilik edýän wagtynda adamlar birek-birege özüñi alyp barşyñ sebäbini ýa-da umumy häsiýetleri ýöñkäp başlaýarlar. **Ýöñkemeklik** kabul edilýäniñ öñki tejribesinde bolan adamyñ özüni alyp barşyna meñzeşligi esasynda ýa-da şeýle ýagdaýlarda bolup

biläýjek öz hususy meýilleriňi seljermek esasynda /bu ýagdaýda identifikasiýanyñ mehanizmi hem hereket edip biler/ amala aşyrylar. Nähili sebäpler bolsa-da şeýle ýöñkemekligiñ **/atribusiýanyñ/** usullarynyñ tutuş ulgamyny döredýär.

Sosial psihologiýanyñ **kauzal atribusiýa** atlandyrylýan ýörite ugry hut şeýle hadysalary derñeýär. Kauzal atribusiýanyñ günbatar sosial psihologiýasyndaky taglymatlary /G.Kelli, E.Jons, K. Dewis, D.Kennouz, R.Nisbet, L.Striklend / esasan bihewioristik ýa-da kognitiwistik ülñülerden ugur alýar. Bu tutumyñ tejribe öwrenilişi belli bir gyzyklanma döredýär. Meselem, Kollinsiñ tejribelerinde /1956/ ýöñkelýän häsiýetnamalaryñ toplumy kabul edişiñ subýektiniñ aýratynlygy bilen kesgitlenýändigi görkezildi: käbir adamlar şahsyýetara kabul ediş tutumynda beýleki adamlaryñ fiziki sypatlaryna aýratyn üns berse /bu ýagdaý ýöñkemeklik çäkli bolar/, beýlekileri olaryñ psihologik häsiýetnamalaryna üns berýär /bu ýagdaýda ýöñkelýän häsiýetnama kabul edişiñ obýektiniñ öñki bahalandyryşyna bagly bolýar/. Sillihiñ tejribelerinde, /1928/ kabul edişiñ subýektiniñ çagalaryñ iki sany toparyna berýän bahasy beýän edilýär. Toparlaryñ biri "söýgüli" beýlekisi bolsa "halanmaýan" çagalardan düzülýär. "Söýgüli" çagalar /bu ýagdaýda göze ýakymly/ ýumuşlary ýerine ýetirenlerinde ýalñyş /bilgeşleýin/ goýberip, "halanmaýan" çagalar ony göwnejaý ýerine ýetirseler-



soňra sosial psihologiýada uly sosial toparlaryň arasyndaky gatnaşyklara aýratyn üns bermeklige çagyryşlar döräp ugrady. Ünsüň hut uly sosial toparlara berilmegi sosial psihologiýanyň abraýyny göterer diýip çaklandy. Bu düzgün Teşfeliň derňewlerinde saklanyp, bu işlerde kiçi toparlaryň çäginden çykyp, meseläniň has giň möçberlerine aralaşmaklyga ýykgyn edilýär. Ýöne toparara gatnaşyklaryň çägini diňe uly toparlar ugry bilen çäklendirmek hem nädogrydyr.

Edil toparlar meselesiniň sosial psihologiýada uly we kiçi toparlary öz içine alşy ýaly, toparara gatnaşyklary-da öz obýekti hökmünde özara gatnaşyklaryň kiçi we uly toparlar arasyndaky görnüşlerine seretmelidir.Sosial psihologiýanyň özboluşlygy seljerişiň haýsy "birlikleriniň" göz öňünde tutulýanlygynda däl-de, onuň çemeleşişiniň haýsy **nukdaýdan** berilýänligindedir.

Bu ýerden ikinji "düwnüň" mazmuny gelip çykýar: eýsem toparara gatnaşyklary ugrunda sosial psihologiýa nämäni derňeýär? Bu meselä sosial psihologik nukdaýyň özboluşlylygy onuň üns merkezinde /sosiologiýadan tapawutlylykda/ ýöne bir toparara gatnaşyklaryň ýa-da olaryň sebäpli dörediliþini däl-de, olaryň <u>içki mazmunynyň</u> - toparlaýyn özara täsiriň dürli jähtleri bilen baglanyşykly akyl ýetiriş - kognitiw ulgamyň durýanlygyndan getirilip çykarylýar. Sosial psihologik seljerme esasy ünsi toparlaryň özara täsiri içki psihologik hadysa hökmünde ýüze çykýan gatnaşyklara gönükdirýär. Ýöne kognitiwizm

**Toparara gatnaşyklar meselesiniñ iş düzgüni nazaryýetinde derňelişi.**

Edil beýleki meseleler işlenendäki ýaly toparara gatnyşyklar meselesini derňemekligiň umumy usulyýet birligi iş bolup durýar. Bu ýerde ol toparara kabul edilişiň iş bilen aralaşdyrylmagy hökmünde ýüze çykýar.

Bu düzgüniň mazmuny seredilýän jähtde düşnükli bolar ýaly, ilki bilen, toparara gatnaşyklary meselesiniň umumy düşünilişine birnäçe bellikler etmek zerurdyr. Birinjiden, bu meseläniň sosial psihologik dersini kesgitlemeklige degişlidir. Görnüşi ýaly, bu mesele umumy nazaryýet ugrukma baglylykda dürli-dürli çözlüp biler: interaksionizmde bu gös-göni özara täsir ugry, kognitiwizmde - özara täsir bilen utgaşýan kognitiw hadysalardyr. Ýöne bu çemeleşişleriň ikisinde-de meseläniň iki "düwni" aýyl-saýyl bolman galdy: sosial psihologiýanyň haýsy toparlary derňemelidigi we bu toparlaryň gatnaşyklarynda nämäniň öwrenilmelidigi doly aýan däldir. Bu "düwünleriň" ikisi-de sosial psihologiýanyň sosiologiýa bilen psihologiýanyň arasyndaky araçäre ylym bolup durýanlygy zerarly döreýär.

Hakykatdan hem, eger-de uly sosial toparlaryň ähli ugry sosiologiýanyň dersine goşulsa, onda toparara gatnaşyklar ugrunda sosial psihologiýanyň dersi hökmünde diňe kiçi toparlar galýar. Şeýle çemeleşiş uzak wagtlap sosial psihologiýada däp boldy. Emma kiçi toparlara adatdan daşary ähmiýet berlişi tankytlanandan



de, kabul ediji oñyn bahalary "söýgüli", oñyn däl bahalary bolsa "halanmaýan" çagalara beripdir.

Psihologlardan ilkinji ýöñkemeklik nazaryýetini teklip eden F.Haýder bolup, ol sosial psihologiýada "köçe adamsynyñ" "türkana" psihologiýasyna, ýagny sagdyn pikiriñ pähimine salgylanmagyñ ýerliklidigini aýgytly belledi. Haýderiñ pikiriçe adamlara umuman şeýleräk pikir ýöretme mahsus bolýar: "erbet adamda erbet sypatlar bolýar" , "gowy adamlarda gowy sypatlar bolýar" we ş.m. Şonuñ üçin özüñi alyp barşa sebäp ýöñkemek we häsiýetnama bermek hut şeýle nusgada amala aşyrylýar: "erbet" adamlara hemişe erbet hereketler ýöñkelip, "gowulara" bolsa-gowusy ýöñkelýär. Şeýle düşündiriş sagdyn pikiriñ has bir giñden ýaýran häsiýetini açyp görkezýän-de bolsa, bu şol bir wagtyñ özünde atribusiýa tutumynyñ çenden subýektiwligini subut edýär. Ylmy psihologiýa bu hadysany adamyñ gündelik kabul edişiniñ şerti hökmünde kabul etse-de, esasy mesele şeýle subýektiw çemeleşişiñ ýüze çykyş çägini derñemek bolup durýar.

Kauzal atribusiýa taglymatynda gapma-garşylykly düşünjeler pikirine hem uly orun berilýär: haçan-da "erbet" adama oňyn däl sypatlar ýöñkelip, kabul edijiniñ özi bolsa özüne gapma-garşylykly ýagdaý oňyn sypatlar bar hasaplaýar. Düýpli derejede bu pikir G.Kelliniñ belli tejribelerinde açylyp görkezilendir. Bu derñewlerde üstünligiñ ýa-da şowsuzlygyñ sebäbini ýöñkemekligiñ mazmunynyñ waka gatnaşýanyñ we syn edýäniñ orunlary üçin

tapawutly bolýandygy subut edildi. Görüp otursañ özara täsirdäki şowsuzlyk gatnaşyjy we syn ediji tarapyndan dürli-dürli bahalandyrylýar: gatnaşyjy şowsuzlykda esasan obýektiw ýagdaýlary "günäkärlese", syn ediji orunda durýan adam şowsuzlykda hut ýerine ýetirijini "günäkärleýär".

Şeýle häsiýetdäki tejribe derñewleri özüniñ nazaryýet düşündirilişiniñ jedellidigine garamazdan, umumy jähtde örän wajyp meseleleriniñ biri bolan adamyñ kabul etmeginde **gönükdirilmeleriñ** ähmiýeti dogrusyndaky möhüm meseläni goýdy. Onuñ roly nätanyş adam hakynda ilkinji täsiriñ kemala gelşinde aýratyn hem uludyr. Bu ýagdaýda gönükdirilmeleriň ähmiýetini açyp görkezýän A.A.Bodalýowyñ tejribeleri giñden mälimdir. Tejribeleriñ birinde talyplaryñ iki toparyna şol bir adamyñ suratyny görkezýärler. Ýöne toparlaryñ birine ilkibaşda suratdaky adamyñ zannyýaman jenaýatkärdigi, beýlekisine bolsa onuñ tanymal adamdygy aýdylýar. Soñra bolsa her toparyñ agzalaryna suratdaky adam barada onuñ söz keşbini döretmeklik tabşyrylýar. Birinji ýagdaýda talyplar degişli häsiýetnamalary ýazypdyrlar: çuñlukda ýerleşen gözler gizlin gahar-gazabyñ, öñe çykyp duran eñek bolsa jenaýatçylykda "soñuna çenli" gitjekdiginiñ we ş.m. häsiýetnamasy hökmünde kabul edilipdir. Degişlilikde ikinji toparda şol bir "çuñlukda ýerleşen gözler" pikiriñ çuñlugy, öñe saýlanýan eñek akyl ýetirişdäki kynçylyklary ýeñýän erkiñ güýji hökmünde we ş.m.kabul edilipdir.



gatnaşyklaryň belli bir görnüşlerini düşündirmek tutumy gutarýar. Şeýle düşündirişde topararasyndaky gatnaşyklaryň möhüm şerti olaryň bir-birini **kabul edişinde** ýüze çykarylan hem bolsa, seljerişiň möhüm bir bölegi ýatdan çykarylandyr. Bu mesele – toparara tapawutlary ýüze çykarmak nähili derejede takyk, ýagny kabul edilýän tapawutlyklar nähili derejede **hakykata laýyk?** Bu sowala jogabyň ýoklugy, Şerifiň interaksionistik çemeleşişiniň garşysyna kognitiw çemeleşiş esasynda işlenen bu taglymat ýene-de öz birtaraplylygyny ýüze çykardy. Munuň çözgüdini täze usulyýet çemeleşiş ugrunda gözlemelidir.

Toparara gatnaşyklar meselesini sosial psihologiýada galdyran hut Teşfeliň öz goşandy barada aýdylanda bolsa, ol dogrudan-da ýokary baha mynasypdyr. Ýöne şol bir wagtyň özünde bu meseläniň ornunyň takyk çözlüşi doly kanagatlanarly däldir. Teşfeliň pikiriçe hut toparara gatnaşyklarynyň sosial psihologiýa goşulmaklygy bu ylmyň hakyky sosial ylma öwrülmegini üpjün etmelidir. Amerikan däbinde sosial ýerligiň ýitirilmegi onuň diňe "şahsyýetara" psihologiýa gönükdirilmeginiň netijesidir. Bu subutnamalary kabul edip, şol bir wagtyň özünde akyl ýetiriş - kognitiw çemeleşişiň aşa ähmiýetlendirilmegi göz öňünde tutulan maksatnamanyň amala aşyrylmagyna päsgel bolandygyny bellemelidir: toparara gatnaşyklar ugrundaky sebäp-netije gatnaşyklaryň düşündirilişi bu hadysalaryň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň has giň ulgamy arkaly döredilýänligi unudyldy.

nukdaýdan A.Teşfeliň tejribeleri amala aşyrylyp, onda sosial psihologiýada toparara gatnaşyklar meselesiniň düýpgöter başgaça seredilişiniň aýgytlaýjy esasy goýuldy.

Toparara ýekirmäni - diskriminasiýany öwrenip, (agzalaryň öz toparyna bolan topar içindäki gol ýapmaklyklygy - faworitizmi we keseki topara bolan duşmançylygy) bu hadysalaryñ sebäbi dogrusynda Teşfel Şerif bilen jedelleşýär. Toparara hadysalarda kognitiw hadysalaryň ornuny aýratyn nygtamak bilen Teşfel öz toparyňa bolan oňyn gatnaşygyň topararasyndaky dartgynlyga obýektiw esas ýok bolan ýagdaýda hem döreýändigini, ýagny bu hadysanyň toparara gatnaşyklaryň **ähliumumy hemişeligi** bolup durýandygyny görkezdi. Bu ýerde has giň netijä gelnip, toparara gatnaşyklaryň aslynda dört sany esasy akyl ýetiriş kognitiw tutumy özünde jemleýän, aňyň kognitiw ulgamy bolup durýandygy aýdyldy. Bu hadysalara: sosial kategorizasiýa, (düşünjede aňlatma), sosial identifikasiýa (özüňi birleşdirme), sosial deňeşdirme, sosial /toparara/ diskriminasiýa (ýekirme) degişlidir. Hut şu hadysalaryň seljermesi Teşfeliň pikiriçe toparara gatnaşyklaryny öwrenmegiň sosial psihologik jähti bolmaly. Onuň düşündirişine görä obýektiw gatnaşyklara dahylsyz, toparlaryň arasynda garşylyklaryñ barlygyna ýa-da ýoklugyna garamazdan, topara agza bolmaklygyň özi bu dört akyl ýetiriş - kognitiw hadysany ösdürip, ahyr netijede toparara ýekirmä-diskriminasiýa getirýär. Şonuň bilen onuñ taglymatyndaky topararasyndaky



Agzalan derñewleriñ ählisi şahsyýetara kabul ediş tutumynda kabul edijiniñ häsiýetnamasynyñ ähmiýeti dogrusyndaky sowala jogap bermeklige synanyşýarlar: haýsy häsiýetnamalar bu ýerde ähmiýetli, olar haýsy şertlerde ýüze çykýarlar we ş.m. Tejribe derñewleriñ başga bir topary kabul edişiñ obýektiniñ häsiýetnamasyna bagyşlanandyr. Mälim bolşuna görä, olar hem şahsyýetara kabul edişiñ üstünligine ýa-da şowsuzlygyna uly täsir edýär. Adamlaryñ indiwidual aýratynlyklary, şol sanda beýleki adamlary ýokary ýa-da pes "açyp" görkezişleri dürli-dürli bolýar. Adaty pähimiñ derejesinde bu dürli –dürlülik has aýdyñ añladylýar /"ol-içi pikirli" , "onuñ etjegi içinde" we ş.m./ Emma adaty pähimiñ bu pikir ýöretmeleriniñ agzalan hadysanyñ sebäbine düşünmäge, şol sanda şahsyýetara kabul edişiñ üstünligini çaklamaga peýdasy azdyr.

Şahsyýetara kabul edişiñ ýagdaýynyñ şeýle çaklanan işini üpjün etmek üçin derñewiñ ikinji bir ugruny göz öñünde tutmaly bolýar.

Bu ugur adamlaryñ bir-birlerini kabul etmekliginde ýüze çykýan dürli "täsirleri" ýüze çykarmak bilen baglanyşyklydyr. Şeýle täsirleriñ üçüsi has giñişleýin derñelendir. Täç /oreol/ täsiri /galo täsir/, täzelik we birinjilik täsiri we stereotipizasiýa täsiri ýa-da hadysasy. "Täç täsiriniñ" mazmuny kabul edilýän adam dogrusynda özboluşly gönükdirilme döretmek arkaly oña belli bir häsiýetleri ýöñkemekden ybaratdyr. Başgaça aýdanyñda, haýsy-da bolsa bir adam hakynda

alnan maglumat belli bir usulda “ülñüleşdirilip”, öñden döredilen keşbiñ üstüne goýulýar. Bu öñden döredilen keşp kabul edişiñ obýektiniñ hakyky häsiýetlerini görmeklige päsgel döredýän “täjiñ” wezipesini ýerine ýetirýär. Täç täsiriniñ adam hakyndaky ilkinji düşünjäni kemala getirmekdäki mazmuny eýsem nämeden ybarat? Bu ýerde adam hakyndaky umumy gowy pikir onuñ nämälim häsiýetleriniñ-de oñyn kabul edilmegine we tersine, umumy erbet pikir oñyn däl bahalandyryşyñ agdyklyk etmegini döredýär. Tejribe derñewlerde täç täsiriniñ haçan-da kabul ediji kabul edilýän dogrusynda örän ujypsyz maglumata daýanýan, şeýle hem pikir ýöretmeler ahlak sypatlaryna degişli bolan ýagdaýynda has güýçli ýüze çykýar. Bu ýagdaý adam adamy kabul edende özboluşly täç bolup, belli bir häsiýetnamalary peseldip, beýlekilerini güýçlendirýär.
Agzalan täsir bilen “täzelik” we “ilkinjilik” täsirleri has ýakyndan baglanyşyklydyr. Olaryñ ikisi-de adam hakynda düşünje döretmek üçin maglumatyñ berlişi, yzygiderligi dogrusyndaky hadysa degişlidir. Laçinsiñ tejribelerinde /1957/ talyplaryñ dört toparyna nätanyş adam görkezilip ol barada: birinji toparda onuñ ekstrawertligi, (temperamentiniñ häsiýeti), ikinji toparda introwertligi, üçünji toparda ilki onuñ ekstrawertligi, soñra bolsa onuñ introwertligi, dördünji toparda – bu häsiýetler ters yzygiderlikde aýdylypdyr. Toparlaryñ dördüsine hem nätanyşyň şahsyýetiniñ häsiýetnamasyny teklip edilen adalgalarda beýan etmeklik tabşyrylypdyr. Birinji iki toparda beýan



fransuz sosial psihology S.Moskowisiniň “Sosial düşünjeler” taglymatynda uly üns berilýär[1].

Emma has öňräk bu ugurda tejribe derňewler M.Şerif /1954/ tarapyndan amerikanyň ýetginjekler üçin lagerinde geçirilipdi. Bu tejribeler we olaryň netijeleri mälimdir. Bu ýerde toparara gatnaşyklar meselesine goşulan goşant dogrusynda aýtmalydyr. Freýdiň taglymatyna ugrugýan alymlardan tapawutlykda /bu ugurda toparara gatnaşyklaryna “motiwasiýa” jähtden çemeleşilýär we üns merkezine beýleki toparyň wekilleri bilen gatnaşykda bolýan aýratyn şahsyýet durýar/, Şerif toparara gatnaşyklary derňemegiň hususy “toparlaýyn” çemeleşişini teklip etdi: toparara duşmançylygyň ýa-da hyzmatdaşlygyň çeşmesi bu ýerde aýratyn şahsyýetiň meýlinden gözlenilmän, **toparara özara täsir** ýagdaýyndan gözlenýär. Bu özara täsiriň tebigatyna düşünmeklige interaksionizmiň usulyýet kemçilikleri öz täsirini ýetirdi /derňew bu ugruň çäginde ýerine ýetirildi/. Bir tarapdan, “sosial” diýlip düşündirilýän özara täsir hakykatda sosial işiň giň ulgamyna goşulmaýan şahsyýetara özara täsire syrykdyrylyp, ikinji bir tarapdan bu şahsyýetara özara täsirde bu täsiri dolandyrýan kognitiw we duýgy-emosional hadysalar ýaly sap psihologik häsiýetnamalar ýitirilýär. Hut şu sebäpden soň-soňlar Şerifiň derňewiniň tankydy kognitiwistik ugruň jähtinden berildi . Bu ugrukma

[1] Donsow A.I., Ýemelýanowa T.P.Konsepsiýa sosialnyh predstawlen i w sowremennoý fransuzskoý psihologii.M., 1987.

Muňa sosial psihologiýanýň 20-30-njy ýyllarda kiçi toparlaryň öwrenilişine has ýokarlandyrylan höwesiň döremegi hem köp derejede ýardam edip, ähli derňew ugrunyñ öz ünsüni diňe topar içindäki dinamiki hadysalarda jemlenmegine getirdi. Sosial psihologiýanýň sosial ýerliginiň "ýitirilmeginiň" takyk ýüze çykyşynyň biri hem toparara gatnaşyklar meselesine kembaha garalmagy boldy.

Şonuň üçin adaty sosial psihologiýa tankydy çemeleşmeklik başlanandan soňra ýagdaý düýpgöter üýtgedi. Toparara gatnaşyklarynyň psihologiýasyny öwrenmek, jemgyýetçilik durmuşynyň çylşyrymlaşmagy, onda toparara gatnaşyklaryň etniki, synpy we beýleki dartgynlyklaryň meýdanyna öwrülmekligi bilen zerurlyga öwrüldi. Ýöne şunuň bilen bir hatarda sosial psihologik bilimiň öz içki ösüş logikasy, bu ylmyň dersini takyklamak zerurlygy hem bu çylşyrymly ugruň hertaraplaýyn seljerilmegini talap edýär. Adaty sosial psihologiýanyñ neopozitiwistik ugrunyň tankyt edilmeginiň netjesinde toparara gatnaşyklaryň psihologiýasyny her taraplaýyn öwrenmeklige çagyryş döretdi: hut şu ugurda topar içindäki hadysalaryň sebäpli düşündirilişiniň ýetmezçiligi ýeňlip geçiler diýip çaklanyldy. Bu babatda 50-nji ýyllaryň başlary öwrülişikli pursat bolup, ýöne sosial psihologiýada toparara gatnaşyklar derňewiň özbaşdaklygyny ykrar edýän aýgytly garaýşyň has gijräk, A.Teşfeliň işlerinde ýüze çykdy. Häzirki wagtda Günbatarda bu mesele W. Duazyň işlerinde, aýratyn-da



etmeklik hiç bir kynçylyksyz ýerine ýetirilipdir. Üçünji we dördünji toparda nätanyş hakyndaky düşünjäniñ mazmuny maglumatyñ teklip ediliş yzygiderligine laýyk bolupdyr: ilkinji nobatda berlen maglumat häsiýetnamada agdyklyk edipdir. Şeýle täsir "ilkinjilik" täsiri atlandyrylyp, ol nätanyş adam kabul edilen ýagdaýynda ýüze çykarylypdyr. Tersine, tanyş adam kabul edilende "täzelik täsiri" ýüze çykyp, onda soñky, ýagny has täze maglumat has aýgytlaýjy bolýar.

Has giñ jähtde bu täsirleriñ ählisini adamyñ adamy kabul edişine hemra bolan aýratyn bir tutumyñ, **stereotipleşdirme** hadysasynyñ ýüze çykyşy hökmünde seretmek bolar. Umuman aýdanyñda, stereotip munuñ özi haýsy-da bolsa bir hadysanyñ ýa-da adamyñ durnukly keşbi bolup, bu keşp hadysa ýa-da adam bilen özara täsir edilende "gysgaldylan" ýagdaýda ulanylýar. Aragatnaşykdaky stereotipler adamlar bir-birlerine akyl ýetirenlerinde ýüze çykanda özboluşly döreýşe we mana eýedir. Adatça stereotip çäkli geçmiş tejribesiniñ, çäkli maglumatyñ esasynda netijä gelmek ymtylyşynda döreýär. Köplenç stereotip adamyñ topara degişliligi, meselem, onuň haýsy hünäre, haýsy käre degişliligi dogrusynda döreýär. Şeýle ýagdaýda öñki tejribede şu hünäriñ wekillerinde gabat gelnen häsiýetler bu hünäriñ ähli wekiline mahsus hasaplanylýar /"ähli mugallymlar nesihat beriji," "ähli hasapçylar (buhgalterler) ownuk talapkärçilikli" we ş.m./. Bu ýerde öñki tejribeden "sapak almaklygyñ",

çäkliligine garamazdan, bu geçmiş tejribesine meñzeşlik esasynda pikir jemlemek meýli ýüze çykýar.

Adamlaryñ bir-birlerine akyl ýetiriş tutumynda stereotipleşdirmek iki sany netijä getirip biler. Birinjiden, ol beýleki adama akyl ýetirmekde belli bir ýönekeýleşdirmeklige getirýär; bu ýagdaýda stereotipiñ bahalandyryş wezipesini alyp barmaklygy hökman däldir: beýleki adamyñ kabul edişinde onuñ duýgy-emosional ýakymlylygy ýa-da ýakymsyzlygy barada üýtgeşme bolmaýar. Bu ýagdaýda diñe ýönekeýleşdirilen çemeleşiş galyp, ol beýleki adamyñ keşbini döretmegiñ takyklygyny döretmäge ýardam etmese-de, bu keşbi ülñi bilen çalşyrmaga mejbur edip, ol her näme-de bolsa akyl ýetiriş tutumyny gysgaldýanlygy üçin belli bir derejede zerur bolup durýar. Ikinji ýagdaýda stereotipleşdirmek ters pikir ýöretmeleriñ döremegine getirýär. Eger-de pikir ýöretme geçmişde gazanylan çäkli tejribe esasynda guralan bolsa, bu tejribe hem oñyn däl häsiýetde bolan bolsa, onda toparyñ wekiliniñ her bir täze kabul edilişi ýigrenç öwüşginini alýar. Şeýle ters pikir ýöretmeleriň döreýşi köp sanly tejribe derňewlerde ýüze çykarylan-da bolsa, ýöne olar öz oňyn däl häsiýetlerini tejribehana şertlerinde däl-de, hakyky durmuşda has aýdyň ýüze çykarýar. Şeýle ýagdaýda olar diňe bir adamlaryň özara sözleýşine däl-de, olaryň özara gatnaşyklaryna örän uly zyýan ýetirýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmeniñ halal, merdana halkdygy häsiýetnamasynyñ birtaraplaýyn mahabatlandyrylyşly stereotipe öwrülmekligiñ öñüni alyp şeýle ýazýar: "Türkmen halky



## 15-nji bap. TOPARARA GATNAŞYKLARYŇ PSIHOLOGIÝASY

**Sowalyň taryhy.** Şeýlelikde, sosial psihologiýada Toparlary derňemekligiň logiki dowamy toparara gatnaşyklar ugrudyr. Şol bir wagtyň özünde bu mesele has soňky döwre çenli onçakly derňelmedik meseledir. Munuň sebäpleriniň biri bu meseläni araçäre häsiýeti bolup, ol köp derejede sosiologik bilimiň we beýleki jemgyýetçilik ylymlar ulgamyna goşulýanlygy onuň hususy psihologik jähtiniň psiholo-giýanyñ çäginden daşda seredilmegine getirdi. Haçanda bu meselelere sosial psihologiýada höwes dörände ol aýratyn bir ders ugry hökmünde seredilmän, bu ylmyň beýleki böleklerine “siňdirildi”. Muňa mysal edip, G. Lebonyň taglymatynda toparara agressiýanyň, Adornonyñ işinde oňyn däl gönükdi-rilmäniň we beýlekileriň, psihoanalitiki taglymatlarda duşmançylygyň we gorkynyň we ş.m. derňelmegini görkezmek bolar. Toparara meselesiniň ikinji derejeli häsiýeti bu meselä sosial psihologiýanyñ nähili täze çemeleşiş girizýändigi dogrusyndaky sowalyň derňelmän galmagyna getirdi.

Kollektiw meselesi sosial psihologik bilimler ulgamynda düýpgöter täze mesele bolup, ol şol bir wagtyň özünde bu ugurda toplanan bilimlere täzeçe akyl ýetirmäge, jemlemäge ýardam edýär.



beýik halk, emma ol ikinji bir bir halkdan beýik däl. Türkmeniñ zandynda onuñ ýaly peslik ýok".[1] Bu babatda milli-etniki stereotipler has ýaýran bolup, haçan-da belli bir etniki toparyň aýry-aýry wekilleri dogrusynda çäkli maglumata esaslanyp, bütin topar hakynda nädogry pikir ýöretmeler döredilýär. Bu mesele dogrusynda biz soňra has giňişleýin gürrüň ederis. Bu ýerde bolsa şahsyýetara kabul ediş tutumynyň çylşyrymly tebigatynyň sosial psihologiýada adamy adamyň kabul edişiniň takyklygy meselesini has çuňňur öwrenmekligi talap edýändigini bellemelidir.

**Şahsyýetara kabul edilişiň takyklygy.** Bu mesele has umumy nazary-usulyýet meseläňiň çözlüşi bilen baglanyşyklydyr. Eýsem sosial obýektleriň kabul edilişiniň “takyklygy” näme? Fiziki obýektler kabul edilende biz kabul edişiň takyklygyny onuň netijesini obýektiň belli bir häsiýetlerini obýektiw ölçemek bilen deňeşdirmek arkaly barlap bilýaris. Beýleki adama akyl ýetirilen wagtynda bolsa, ol barada alnan täsiri hiç zat bilen deňeşdirip bolmaýar, çünki beýleki adamyň şahsyýetiniň köp sanly häsiýetleriniň gös-göni ölçeg usullary ýokdur. Dogrusy, bu ýerde dürli şahsyýet testleri belli bir kömek berip biler. Ýöne, birinjiden, adamyň ähli häsiýetnamalaryny ölçeýän testler ýokdur /şonuň üçin eger-de deňeşdirme ulanylýanda-da hem diňe özleriniň ölçegi üçin testler döredilen häsiýetlere degişlilikde ulanylyp bilner/, ikinjiden, öň bellenilişi

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001, 94 sah.

ýaly, test usulyny şahsyýeti derňemegiň ýeke-täk guraly hökmünde seretmek bolmaz, sebäbi islendik şahsyýet testine ol ýa-da beýleki çäklilikler mahsusdyr.

Testleriň usul hökmünde çäkliligi, olaryň ölçäp bilýän häsiýetnamalarynyň sanynyň we umumy akyl ýetiriş mümkinçiliginiň çäkliligi, olaryň diňe tejribeçiniň göz öňünde tutan zadyny ýüze çykarýandygy bilen düşündirilýär /bu ýagdaýda köplenç "hakykatda bar zatlar" ölçegiň çäginden daşda galýar/. Şonuň üçin bu usulda daýanyp deňeşdirme ulanylanda bu hemişe üçünji bir adamyň häsiýetnamalary bilen deňeşdirme bolup, ol bolsa öz gezeginde başga bir adamyň akyl ýetirişiniň netijesidir. Hut şeýle mesele emin-ekspert bahalandyryş usuly ulanylanda hem ýüze çykýar. Emin-ekspert hökmünde kabul edişiň obýekti bolup durýan adamy oňat tanaýan adamlar saýlanýar. Bu adam barada olaryň pikir ýöretmeleri ("ekspert bahasy") kabul edişiň subýektiniň maglumatlary bilen deňeşdirilýär. Testlere seredende ekspert bahalary möhüm artykmaçlyga eýedir: bu ýerde biz şahsyýetara kabul edişiň häsiýetleriniň seçilmesini çäklendirmeýän şert bilen iş salyşýarys. Testlere bolsa şeýle çäklilik mahsusdyr. Bu ekspert bahalary "obýektiw maglumatlar" bolup durýan daşky şertleriň wezipesini ýerine ýetirýärler. Ýöne bu ýagdaýda hem biz subýektiw pikir ýöretmeleriň iki hataryny alýarys: kabul edişiň subýektiniň we ekspertiň (ekspert hem kabul edişiň subýekti bolup durýanlygy sebäpli, onuň piker ýöretmesi-de bahalandyryşy özünde jemleýär).



Sosial psihologiýa özüniň ösüşiniň ähli döwürlerinde we dürli nazaryýet ugurlarynda bu sowala ýüzlenýärdi. Entek baryp sosial psihologiýanyñ pelsepe öňbaşlaýjylary tarapyndan goýlan şahsyýetiň azatlygy we jemgyýet tarapyndan döredilenligi meselesi täze öwüşgin alýar. Şahsyýet sosial işiň subýekti bolup, şahsyýetiň topara goşulmasy onuň subýekt häsiýetli sypatlaryny birjik-de kemeltmeýär.Tersine, eger-de topar öz ösüşinde kollektiw derejesine ýetende ol öz agzasyna şahsyýet hökmünde garşy durman, hut toparyň özi agzalarynyň subýekt häsiýetli sypatlarynyň birleşdirijisi bolup, işiň aýratyn jemleýji subýektine öwrülýär.

Ikinji bir tarapdan şahsyýetiň kemala gelşi hem täzeçe düşündiriş alýar. Şeýle kemala gelşiň sosial täsirleri özleşdirmek hem-de jemgyýetçilik gatnyşyklary işjeň döretmek arkaly amala aşyrylýanlygy dogrusyndaky umumy görkezme indi has takyk açylyp görkezilýär: her bir aýratyn ýagdaýda jemgyýetçilik täsiriň şahsyýete haýsy takyk toparlaryň üsti bilen amala aşyrylýanlygy ýörite seljerilmelidir. Çak boýunça, şeýle kemala gelşiň netijesi takyk ýagdaýlara laýyklykda dürli-dürli bolýar. Bu laýyklyk şahsyýetiň toparyň hödürleýän özüni alyp baryş nusgasyny işjeň däl ýagdaýda "siňdirýänligi" üçin däl-de / "gowy" ýa-da "erbet" /, şahsyýetiň işjeň ornunyň hakyky kollektiwde ýa-da kollektiwe ýetmedik toparda döreýänligine baglylykda dürli ugurda we dürli derejede ýüze çykýanlygy bilen düşündirilýär.

3) şekil işiniň häsiýeti boýunça jemgyýete garşy topar bolup, ýöne onda şahsyýetara gatnaşyklarynyň bu jemgyýete garşy iş bilen aralaşdyrylmagy ýokary bolýar, /muňa mysal - ýokary derejede guralan jenaýatçylyk topary, aýdaly, jenaýatlaryň uly birleşmesi bolup biler/, 4) şekil hem jemgyýete garşy topary häsiýetlendirip, ýöne onuň agzalarynyň arasyndaky gatnaşyklar pes derejede jemgyýete garşy iş bilen aralaşdyrylan bolýar / jemgyýet üçin şeýle toparyň "howpy" onçakly ýokary bolman , ýöne özüniň barlygy bilen jemgyýetçilik ösüşine päsgel berýär/; galyberse-de, 5) şekil işiniň sosial mazmuny gowşak topar hökmünde ýüze çykyp /oňyn we oňyn däl jähtde /, şol bir wagtyň özünde bu işiň ähli toparlaýyn tutumlar üçin ähmiýeti pes bolýar / nusganyň awtorlary mysal hökmünde tötänleýin adamlardan jemlenen tejribe topary teklip edýän-de bolsa, bu mysal hakyky toparyň görnüşe bölüniş şertine çapraz gelýär: nusga hakyky tebigy toparlar üçin niýetlenip, emeli tejribe topar oňa laýyk gelmeýär. Tebigy toparlarda bolsa bu şekile mysal tapmak kyndyr/.

Nusga mundan beýläk-de kämilleşdirilip bilner, çünki onda taglymatyň esasy düzgünleri örän göwnejaý ýerleşip, görnüşe bölüniş üçin teklip edilen toparlaryň şertini esaslandyrmaga möhüm ugrukdyryjy bolup hyzmat edýär.

Kollektiw düşünjesini girizmekligiň, galyberse-de, ýene bir ähmiýeti - onuň **toparyň we şahsyýetiň özara gatnaşygy** meselesiniň çözgüdine ýardam edýänligidir.



Näme-de bolsa testler we ekspert bahalary belli bir ýagdaýlarda kynçylyklar bilen baglanyşykly bolsalar-da, daşky esaslar hökmünde ulanylýar. Bu kynçylyk – beýleki adamyň kabul edişiniň takyklygyny obýektiw usullaryň maglumatlary bilen gös-göni deňeşdirip bolmaýandygy bilen baglanyşyklydyr. Bu ýagdaý meselä düýpgöter başgaça düşünmekligi we çözlüşi gurmaklygy talap edýär.

Şeýle usullaryň biri-de şahsyýetara kabul edişiň ýolundaky ähli "päsgelçilikleri" aňlamakdyr. Şeýle "päsgelçiliklere" bu tutumda döreýän, ýokarda seredilen döredijiler, täsirler mysal bolup biler. Beýleki adam hakyndaky täsiriň kabul edijiniň öňki tejribesi esasynda ülňüleşdirilýändigi, bu täsiriň kemala gelşinde ilkinjilik täsiriniň gatnaşýandygy, şol bir wagtyň özünde şahsyýetara kabul edişdäki nätakyklary ýüze çykarmaga kömek edýär. Emma şeýle döredijileri bilmek diňe şeýle nätakyklygyň bardygyny görkezip, onuň derejesini kesgitlemäge kömek etmeýär. Hut şeýle ýagdaý kabul edişiň subýektiniň kabul ediş-perseptiw ukyplaryny öwrenmeklikde hem ýüze çykýar. Bu ýagdaýda kabul edijiniň we kabul edişiň obýektiniň häsiýetnamalarynyň nähili utgaşýandygyny kesgitlemek mümkin bolýar. Şahsyýetara kabul edişe degişli tejribelerde dört topar şert ýüze çykarylýar: a) kabul edişiň subýektiniň öz-özüni beýan edýän üýtgeýjiler; b)öňden tanyş şahsyýetleri; ç)özüniň we kabul edişiň obýektiw özara gatnaşygy; d) kabul edişiñ tutumynyň amala aşyrylýan ýagdaý ýerligi. Bu dört topar şertleri bir-birleri bilen

baglanyşdyryp, iň bolmanda, her bir takyk ýagdaýda kabul edişiň haýsy tarapa ýykgyn edýändigini kesgitlemek mümkin.

Ir döwürden başlap sosial psihologiýada dürli adamlarda kabul ediş-perseptiw ukyplary ösdürmekligiň serişdelerini agtarmak pikiri döredi. Tejribeleriň bir topary aýry-aýry indiwidleriň beýleki adamlaryň häsiýetnamasyny “okamak” ukybynyň durnuklylygyny ýüze çykarmaklyga gönükdirilendi. Bu tejribeler goýlan sowala kesgitli jogap berip bilmedi: 50% ýagdaýda şeýle durnuklylyk ýüze çykarylyp, 50% - bu häsiýeti anyklamak başartmady.

Hut şeýle gapma-garşylykly netijeler bir adamyñ beýleki adamy takyk kabul edip bilmek sungatyny öwretmek meselesine degişlilikde hem alyndy. Mesele çekişmeli bolsa-da bu ugurda birnäçe synanyşyklar edilýär. Bu synanyşyklar şeýle maksat üçin sosial-psihologik türgenleşigi ulanmak bilen baglanyşyklydyr. Türgenleşik tutuşlaýyn aragatnaşyk etmek sungatyny öwrenmekde ulanylýan bolsa-da, onuň ýörite usullary kabul ediş “duýgurlygyny” ýokarlandyrmaklyga, ýagny kabul edişiň takyklygyny özleşdirmäge gönükdirilendir.

Bu ýagdaýda ulanylýan türgenleşigiň maksatnamasy iňňän dürli-dürlüdir. Olaryň arasynda iň ýönekeý we garaşylmadyk görnüşi – hünärleri boýunça beýleki adamlaryň takyk kabul edilişi aýratyn ähmiýetli bolup durýanlaryň (mugallymlar, tebipler, dürli derejedäki ýolbaşçylar) ünsüni iň bir giňden ýaýran hadysa gönükdirmekdir. Bu hadysa adamyň fiziki



Özüniň şahsyýetara gatnaşyklarynyň iş bilen aralaşdyrylmagy taglymatynyň umumy gönükdirilmesine laýyklykda, A.W. Petrowskiý toparlary görnüşe bölmekde iki kesimi ýüze çykarýar: 1) şahsyýetara gatnaşyklarynyň toparlaýyn işiň, mazmuny bilen aralaşdyrylyşynyň barlygy – yoklugy* we 2) toparlaýyn işiň jemgyýetçilik ähmiýeti (U) "Aralaşdyrylma" kesimi birtaraplaýyn gönükdirilme häsiýetde bolup, “işiň mazmuny” kesimi topary “nol nokadynyň” iki tarapynda ýerleşdirmäge mümkinçilik berýär: bu işiň “mazmunynyň” jemgyýetiň ösüşine laýyk gelýän we oňa laýyk gelmeýän iki sany düýpgöter başga-başga görnüşiniň mümkindigini görkezýär.




Bellenen bäş şekil toparlaryň dürli görnüşlerine laýyk gelýär: 1) şekil kollektiwleri aňladyp, onda işiň ýokary derejede sosial ähmiýeti we şahsyýetara gatnaşyklarynyň ýokary derejede iş bilen aralaşdyrylmagy bolýar: 2) şekil işiniň sosial ähmiýeti ýokary bolan umumylygy aňladyp, ýöne aralaşdyrylmaklygyň derejesi pes bolýar / muňa mysal - hut şu pursatda döredilen topar bolup, onda gatnaşyklar entek kollektiwlige çenli ösüp ýetmedik bolýar;

özünde jemleýär. Onuň pikiriçe bularyň zandyýaman, jemgyýete garşy toparlar bolmagy hökman däldir (meselem jenaýatkärler toparçasy, işden boýun towlaýanlaryň topary/, bular sosial –makul toparlaryň özboluşly görnüşi bolup, soňkularyň sosial oňyn däl toparlara öwrülmekligine “howp” bolup durýar. Teklip edilen nusgada bu öwrülişigiň nähili bolup biljek şertleri görkezilýär /ýagny topar kollektiwe tarap ösüş ýolundan sowlup biler/ : şeýle ýagdaýa merkezden daşlaşyjy hadysalar, aýratyn toparlaýyn öz bähbidini aramaklygyň - egoizmiň döremegi we beýlekilere getirip biler. L.I. Umanskiniň görnüşindäki ikinji kesim toparyň şahsyýete edýän täsiriniň derejesini görkezmeklige gönükdirilendir. Tutuşlygyna nusga şeýle görnüşe eýe bolýar /nusga gyzgaldylyp getirilýär/

| | |
|---|---|
| Kollektiw | Toparyň şahsyýete oňyn täsir edýän zolagy |
| Awtonomiýa-topar<br>Korporasiýa-topar | |
| Toparyň şahsyýete oňyn däl täsir edýän kesimi. | Bitewiligiň dargamagy<br>Topar içindäki öz bähbidini aramaklyk<br>“Ters kollektiw” |

Eger-de adalga biraz düzediş girizilse, bu nusgada iki sany teklip edilen "ölçeg", hakyky sosial toparlaryň sosial-psihologik görnüşini doretmeklikde has öňe gidişlik gazanmaga mümkinçilik berýär.



häsiýetnamalarynyň onuň psihologik häsiýetnamalary bilen baglanyşyklygydyr. Bu özboluşly “stereotipler” diňe bir “durmuş tejribesine” esaslanman, eýsem geçmişde bolan dürli psihologik taglymatlar dogrusyndaky bölek-büçek bilim-düşünjelere esaslanýar (Kreçmeriň konstitusiýa tipleriñ gylygyñ sypatlary bilen baglanyşygy taglymaty, fiziognomikanyň adamyň ýüzüniň käbir psihologik häsiýetnamalara laýyklygy baradaky taglymaty we ş.m.). Şeýle hadysalara ünsüň çekilmeginiň özi iňňän möhümdir, çünki adatça bularyň şahsyýetara kabul edişiň tutumyny çylşyrymlaşdyrýandygyna ähmiýet berilmeýär. A.A.Bodalýow bu babatda örän gyzykly maglumatlar alypdyr: onuň beýleki adamlaryň daşky sypatyny nähili kabul edýärsiňiz diýen sowal bilen ýüzlenen 72 adamlarynyň 9-sy inedördül eňek-erkliligiñ, uly maňlaý-akyllylygyň alamaty diýip jogap berip, 3-si gaty saçlary tabyn bolmazlygyň, 16-sy semizligi – hoşniýetliligiň, 2-si galyň dodaklary – seksuallygyň, 5-si kiçi boýy – häkimliligiň, 5-si bolsa owadanlygy – samsyklygyň alamaty hasaplapdyr. Bu durmuşy pikir jemlemeleri hiç bir hili türgenleşik doly aýryp bilmese-de, türgenleşik adama beýleki adamlar barada pikir ýöredende eserdeň bolmaklygy öwredip biler.[1]

**Görüş türgenleşiginde** – wideotreningde ulanylýan başga bir usulyň biri adama özi hakyndaky düşünjesini beýleki adamlaryň özüni nähili kabul

[1] Seret: Bodalýow A.A. Formirowaniýe predstawleniý o drugom çeloweke kak o liçnosti. L.,1972

edýänligi bilen deňeşdirip, özüne daşdan seretmegi öwretmekdir. Bu ýagdaýda subýektiň özüni we beýleki adamlaryň ony häsiýetlendirmekleri üçin berilýän düşünjeleriň, pikir jemlemeleriň toplumy uly ähmiýete eýedir. Özüň barada hususy we başga biriniň garaýşynyň ýakynlaşmagy-da kabul edişiň takyklygyny ýokarlandyrýar. Emma bu babatda, şeýle hem sosial psihologiýanyñ beýleki köp sanly meselelerine degişlilikde, haýsy toparlarda türgenleşik bilen meşgullanmaly diýen düýpli sowal ýüze çykýar. Bu ugurda Günbatarda toplanan tejribeler ýörite türgenleşik toparlarynda kemala getirilen endikler soňra hakyky durmuş ýagdaýlarynda saklanyp galmaýar. Şonuň üçin kabul edişiň takyklygy dogrusyndaky türgenleşik bilelikdäki iş esasynda birleşen hakyky toparlarda has ähmiýetlidir. G.Gibş we M.Forwerg öz wagtynda bu meselä üns berip, bir adam dogrusyndaky onuň öz hususy we başganyň berýän bahasynyň meňzeşligi bir iş ulgamy bilen baglanyşykly uzak wagtlaýyn toparlarda has ýokarydygyny anykladylar.

Emma kabul edişiň takyklygyna bilelikdäki işiň talaplary bilen döredilen şol adam bilen uzak wagtlaýyn aragatnaşykda bolmaklygynyň ýardam edýändigi ýa-da däldigi hakyndaky sowal doly çözlen däldir. Birnäçe tejribe derňewler uzak wagtlaýyn aragatnaşykda bolmak esasynda döreýän kabul edişiň obýektine bolan meýillilik kabul edilýäniň keşbiniň ýoýulmagyna getirýändigini subut edýär. Şeýlelikde, aragatnaşygyň häsiýetnamasyna degişli bu bölekleýin meseläniň



Şeýlelikde, toparyň has ösen görnüşini beýan we seljerme etmek ähli beýleki toparlaryň derňewine açar bolup hyzmat edýär.

Kollektiwiň häsiýetnamalaryny seljermek adaty sosial psihologiýada toparlaryň we toparlaýyn tutumlaryň derňewiniň arasyndaky **boşlugy** aýyrmaga mümkinçilik berdi. Şeýle üzňeligiň ýerliksizdigi subut edilen zatdyr:eger islendik toparlaýyn tutumyň mazmuny toparlaýyn işiň mazmunyna, üstesine-de bu işiň takyk ösüş derejesine bagly bolýan bolsa, onda toparlaýyn tutumlary bu zatlardan üzňe, “öz-özi üçin” derňemek bolmaz. Ne tejribehana şertleri, ne-de tutumlary “sap” görnüşde öwrenmek kanagatlanarly düşündiriş nusgalaryny gurmaklyga esas bolup bilmez. Sebäbi bu ýagdaýda tutumlaryň hereket edýän, toparlaýyn işiniň mazmuny seljerişiň çäginden daşda galýar. Diýmek, kollektiwiň sosial-psihologik taglymatyny döretmek sosial psihologiýada düýpgöter **täze düşündiriş düzgünini** döretmäge mümkinçilik berýär.

Kollektiwiň toparyň ösüşiniň aýratyn ösüş derejesi hökmünde açylmagy toparlaryň düýpgöter täze **görnüşlerini** döretmäge mümkinçilik berýär. L.I.Umanskiniň[1] esaslandyran görnüşinde toparlaryň görnüşleri diňe bir “nol nokady” däl (toparyň döredilýän pursaty), eýsem jemgyýete garşy toparlara laýyk gelýän “oňyn däl dowamy” bolan kesimini-de

[1] Umanskiý L.I.Kriterii diagnostiki obşestwennoý aktiwnosti gruppy kak kollektiwa // Sosialno-psihologiçeskiýe woprosy aktiwnosti şkolnikow i studentow.Kursk,1973.

bu maksat üçin usullaryň ulgamyny döretmek entek wezipeligine galýar. Ikinji mesele topar kollektiwe öwrülende, onda her bir toparlaýyn tutumda bolup geçýän üýtgeşmeleri takyk beýan etmek bilen baglanyşyklydyr.

**Kollektiwiň sosial-psihologik taglymatynyñ usulyýet ähmiýeti.** Kollektiw meselesini sosial psihologiýanyñ özbaşdak bölümi hökmünde ýüze çykarmagyň uly usulyýet ähmiýeti bardyr.Kollektiw meselesini social psihologiýanyñ "bedenine" girizmegiň bu ylymdaky umumy ýagdaýy üýtgedişini birnäçe ugur boýunça yzarlamak mümkin.

Kollektiw hökmünde şeýle täze toparyň döreýşiniň özboluşlylygyny ýüze çykarmak sosial psihologiýada **iş düzgünini** ulanmaklygyň gelejegini anyklamaga mümkinçilik berýär. Bu düzgün diñe bir agzalman, derňewde anyk işleýär. Toparyň işiň subýekti bolup biljekdigi dogrusyndaky çaklama indi tejribe taýdan tassyklama alýar. Hut kollektiw derejesinde topar şeýle subýektiň sypatlaryna eýe bolýar. Munuň sebäbi diňe toparyň agzalarynyň hemmesi toparlaýyn işiň maksadyny kabul edende, toparyň agzalarynyň hemmesiniň gymmatlyk ugrukmasynyň birligi bolanda, topardaky gatnaşyklaryň hemmesi ders işi bilen aralaşdyrylan ýagdaýynda her bir işiň subýektiniň häsiýeti bolup durýan toparlaýyn isleg, toparlaýyn motiw, toparlaýyn maksat hadysalaryň döredijileri dogrusyndaky meseläni goýup bolýar.



derňewinde hem biz onuň hakyky toparlaryň hakyky işinde seredilmelidigini görýäris.

**Şahsyýetara özüňe çekijilik – attraksiýa.** Şahsyýetara kabul edişiň meseleleriniň aýratyn bir topary bu tutuma ýörite duýgy - emosional dolandyryjylaryň goşulmaklygy bilen döreýär. Adam diňe bir-birlerini kabul etmän, eýsem bir-birlerine belli bir gatnaşyklary kemala getirýärler. Şeýle bahalandyryşyň esasynda ol ýa-da beýleki adam dogrusynda ony ret etmeklikden, tä ony söýmeklige çenli bolan duýgularyň toplumy döreýär. Kabul edilýän adam dogrusynda dürli emosional gatnaşyklaryň döreýiş tärlerini anyklamaklyga bagyşlanýan derňew ugruna ýakymlylyk, özüňe çekijilik – **attraksiýa** diýilýär. Sözme-söz attraksiýa - çekmek diýmekligi aňladyp, ýöne türkmen dilinde bu adalganyň özboluşly öwüşgini "çekmek" sözi arkaly doly berilmeýär. Attraksiýa şol bir wagtyň özünde kabul ediji haýsy-da bolsa adam dogrusynda ýakymlylygyň kemala geliş **tutumy** hem-de bu tutumyň **netijesi,** ýagny gatnaşygyň hili bolup durýar. Bu adalganyň şeýle köp manylylygy esasan hem attraksiýa özbaşdak däl-de, aragatnaşygyň üçünji perseptiw tarapynyň ýerliginde seredilende has-da nygtalmalydyr. Bir tarapdan, beýleki adam kabul edilende ol barada dostlukly duýgularyň ýa-da ýigrenjiň kemala geliş täri hakyndaky sowal ýüze çyksa, ikinji tarapdan, bu hadysanyň tutumynyň we "önüminiň" tutuş aragatnaşygyň gurluşyndaky orny, onuň maglumat alyşmak we özara täsir hem-de özara

düşünişmekligi öz içine alýan belli bir ulgam hökmündäki ösüşindäki ähmiýeti hakynda mesele ýüze çykýar. Attraksiýany şahsyýetara kabul ediş tutumyna goşmak, adam aragatnaşygynyň ýokarda bellenilen häsiýetnamasyny has-da aýdyň açyp görkezýär: aragatnaşyk hemişe belli bir gatnaşyklaryň amala aşyrylmagydyr (jemgyýetçilik we şahsyýetara). Attraksiýa esasan gatnaşyklaryň aragatnaşykda amala aşyrylýän ikinji görnüşi bilen baglanyşyklydyr.

Attraksiýanyň sosial psihologiýada derňelişi entek täze ugurdyr. Derňewleriň bu ugrunyň döremegi belli bir ters düşünjeleriň ýeňip geçilmegi bilen baglanyşykly bolup durýar. Uzak wagtlap dostluk, sulh almaklyk, söýgi ýaly hadysalar ylmy seljerişiň dersi däl-de, sungat, edebiýat we ş.m. ugurlaryň dersi bolup durýar diýen pikir bardy. Henize çenli bu hadysalaryň ylmy derňewi olaryň çylşyrymlylygy zerarly däl-de, bu tutumda ýüze çykýan ähli ahlak meseleleriň döreýänligi üçin ýeňip geçip bolmajak päsgelçiliklere uçraýar diýen pikir höküm sürýär.

Emma şahsyýetara kabul edişi öwrenmeklige çuňňur aralaşmak sosial psihologiýany bu meseläni-de "kabul etmeklige" mejbur edip, bu ugurda häzirki wagtda köp sanly tejribe we nazaryýet işleri toplanandyr.

Attraksiýany beýleki adam dogrusyndaky sosial gönükdirilmäniň (attitýudyň) aýratyn bir görnüşi hökmünde seretmek bolar. Ýöne bu gönükdirilmede duýgy - emosional düzüji agdyklyk edip, onda beýleki adam esasan duýgy – emosional bahalandyrylyşa mahsus



Toparyň ösüşiň özboluşly nazaryýeti L.M.Umanskiý tarapyndan teklip edildi. L.I.Umanskiniň taglymatynda ösüş derejesini ýüze çykarmak kollektiwiň birnäçe hökmany görkezijilerini ýüze çykarmak bilen utgaşýar: bu görkezijilere laýyklykda onuň ösüş derejesi kesgitlenýär. Şeýle görkezijiler hökmünde kollektiwiň gönükdirilmesi, guramaçylygy, taýýarlygy we psihologik aragatnaşygy ýüze çykarylýar. Soňra hakyky toparlaryň öňden nätanyş adamlaryň haýsydyr bir bilelikdäki işi üçin birleşmesinden başlap, bu toparyñ kämil, hakyky kollektiw diýip atlandyrylýan döwrüne çenli aralyk kesgitlenýär. Bu aralykda şeýle "nokatlar" ýüze çykarylýar: Topar-korporasiýa, topar-awtonomiýa we topar-kollektiw. Bir döwrüň beýlekiden tapawudy ýokarda görkezilen görkezijiler boýunça yzarlanýar. Käbir tapawutlyklar bilen toparyň bu görkezilen üç ösüş döwri we kollektiwe öwrülişi A.W.Petrowskiý tarapyndan ýüze çykarylan üç gatlaga dogry gelýär. / Petrowskiý munuň esasynda toparyň degişli ösüş derejelerinde onuň ähli gatnaşyklar ulgamynyň dürli derejede iş bilen aralaşdyrylýandygy nazaryýetini işläp düzdi /.

Kollektiwiň sosial psihologik taglymatynyň häzirki döwürde işlenişinde iki mesele aýratyn ähmiýete eýedir. Olaryň birinjisi - her bir takyk toparda bu toparyň ösüş derejesini netijeli kesgitlemäge esas berýän, toparyň häsiýetleriniň ýüze çykyş derejesini tejribede ölçeýän takyk usul serişdelerini agtarmak. Bu ugurda köp sanly teklipler eýýäm synagdan geçirilen-de bolsa,

Bu gatlak has giňişleýin beýan edilendir: tejribe derňewlerde iş bilen aralaşdyrmaklygyň pes ösen ýagdaýynda toparda döremeýän birnäçe özboluşly hadysalar ýüze çykaryldy. Galyberse-de, toparlaýyn gurluşyň dördünji gatlagy (D) ýüze çykarylyp, onda toparyň agzalarynyň arasyndaky ýüzleý baglanyşyklar bolýar. Bu şol adybir şahsyýetara gatnaşyklary bolup, ýöne onuň gös-göni duýgy-emosional baglanyşyga esaslanýan “bölegidir”; bu ýerde bilelikdäki işiñ maksady, topara umumy ähmiýetli bolan gymmatlyk ugrukmalary topar agzalarynyň şahsy baglanyşyklaryny aralaşdyrýan şert bolup bilmeýär. Bu ýerde hiç hili aralaşdyrma ýok diýmek esassyz bolsa-da, bu ýerde gatnaşyklar esasan toparyň umumy işi bilen aralaşdyrylan däldir.

Toparlaýyn gatnaşyklaryň köp derejeli gurluşy dogrusyndaky bu düşünje her bir toparyň bilelikdäki işiň onuñ agzalaryň arasyndaky baglanyşyklary yzygiderli aralaşdyryşy hökmünde geçýän ýoluna seretmäge mümkinçilik berýär. Ýöne beýle diýildigi göýä haýsydyr bir topara belli bir ösüş döwründe gatnaşyklaryň diňe bir gatlagy mahsus diýilmekligi aňlatmaýar. Şol bir wagtyň özünde toparyň kollektiwlige bolan hereketi onda gatnaşyklaryň pes gatlaklaryny inkär etmeýär. Bu pikir diňe şeýle toparda bolup geçýän hadysalaryň aşaky gatlaklardaky gatnaşyklar nukdaýyndan düşündirip bolmaýandygyny aňladýar.



bolan düşünjelerde häsiýetlendirilýär. Bu ugurdaky takyk amaly (şol sanda tejribe) derňewler esasan adamlaryň arasynda oňyn duýgy - emosional gatnaşyklaryň döremegine getirýän şertleri anyklamaklyga bagyşlanandyr. Meselem, attraksiýanyň döremeginde kabul edişiň subýektiniň we obýektiniň häsiýetnamalarynyň meňzeşliliginiň ähmiýeti, aragatnaşygyň “ekologik” häsiýetnamalarynyň, tutumynyň orny (aragatnaşyk edýän taraplaryň ýakynlygy, duşuşygyň çaltlygy we ş.m.) ýaly meseleler öwrenilendir. Köp sanly işlerde attraksiýa bilen taraplaryň arasynda döreýän özara täsiriň aýratyn görnüşiniň (meselem, “kömek ediji” özüňi alyp barşyň şertlerinde) arasyndaky baglanyşyk ýüze çykaryldy. Eger-de şahsyýetara kabul edişiň ähli tutumyny bu ýagdaýda ýüze çykýan gatnaşyklardan üzňe seredip bolmaýan bolsa, onda attraksiýanyň tutumy beýleki adam kabul edilende döreýän oňyn gatnaşyklaryň ýüze çykmaklygy bolup durýar. Alnan maglumatlara berilýän nazary düşündirişler attraksiýanyň entek kanagatlanarly taglymatynyň ýoklugyna şaýatlyk edýär. Günbatar sosial psihologlarynyñ derňewlerinde bu hadysanyň düşündirilişi bihewioristik çemeleşigiň usulyýet (attraksiýa “berkidilen” ýagdaýda döreýär diýen pikir ýöretme esasynda) ýörelgesinde berilýär. Bu düşündiriş tejribe barlaglarda tassyklanmaýar.

Attraksiýany toparyň işiniň ýerliginde derňemek attraksiýanyň wezipelerini täze düşündirmeklige giň gelejek açýar. Meselem, toparda şahsyýetara

gatnaşyklaryň duýgy - emosional dolandyrylyşynyň wezipeleriniň düşündirilişi muňa mysal bolup biler. Şeýle işler diňe başlanýar. Ýöne turuwbaşdan bu işleriň sosial psihologiýanyñ umumy çygryndaky ornuny anyklamak zerurdyr. Adam aragatnaşygyň üç tarapynyň (maglumat, özara täsir, bir-biriňi kabul etmek) bitewiligi bilen döredilýän özboluşlylyk dogrusyndaky pikiriň tebigy ösüşi attraksiýany indiwidiň topardaky aragatnaşygyň ýerliginde seretmekligiň ýollaryny bellemäge mümkinçilik berýär.



Toparyň ösüşiniň ýeterlik derejesini subut etmek üçin üç sany şert teklip edilýär: 1) toparyň alyp barýan esasy jemgyýetçilik hyzmatyny bahalandyrmak /zähmetiň jemgyýetçilik bölünişine üstünlikli gatnaşmak; 2) toparyň sosial kadalara laýyklygyny bahalandyrmak; 3) toparyň öz her bir agzasynyň hertaraplaýyn ösmegine döredýän mümkinçiligini kesgitlemek. Kollektiwiň ösüş derejesini ýüze çykarmak bu görkezijileriň her biriniň hil-mukdar taýdan bahalandyrylmagyny göz öňünde tutýar. Birnäçe tejribe derňewlerde toparda bolup geçýän ähli hadysalaryň onuň işiniň ýadro gatlagyna baglylygy yzarlandy. Gürrüň edilýän gatlak psihologik mazmunly hadysa däl bolsa-da, ony indiki gatlaklardaky psihologik hadysalar bilen baglanyşdyrmak mümkinçiligi bolýar.

Toparlaýyn gurluşyň ikinji gatlagyny toparyň her bir agzasynyň toparlaýyn işe, onuň maksadyna we wezipelerine bolan gatnaşygy düzýär. Öň GUB /“gymmatlyklar ugrukmasynyň birligi”/ diýip atlandyrylan bu gatlak häzirki döwürde diňe bir bilelikdäki işe degişli gymmatlyklaryň gabat gelşi hökmünde beýan edilmän, toparyň agzalarynyň belli bir motiwasiýasynyň ösüşi, topar bilen duýgy-emosional syzylyşyň birligi we ş.m. hökmünde häsiýetlendirilýär.

Şeýlelikde, toparlaýyn gatnaşyklaryň bu derejesiniň bitewi ulgamyny iki gatlaga bölmek örän möhümdir: işe bolan gatnaşyklardan durýan ýokarda häsiýetlendirilen gatlak (B diýip atlandyrylýar) we iş bilen aralaşdyrylan, husysy şahsyýetara gatnaşyklaryny özünde jemleýän üçünji gatlak (C).

Bu taglymatda toparda üç psihologik gatlak ýüze çykarylyp, olaryň her biri toparyň agzalarynyň özara gatnaşyklarynyň görnüşini döredýän düzgüni özünde jemleýär. Birinji gatlakda adamlaryň duýgy-emosional sulh almaklygyna ýa-da almazlygyna esaslanýan gös-göni aragatnaşyklar amala aşyrylýar; ikinji gatlakda bu gatnaşyklar bilelikdäki işiň häsiýeti bilen aralaşdyrylýar; üçünji gatlakda /toparyň ýadrosy hasaplanýan/ toparyň ähli agzalary tarapyndan toparlaýyn işiň bir bitewi maksadyny kabul etmekligine esaslanýan gatnaşyklar ösýär. Bu gatlak toparyň ösüşiniň ýokary derejesini häsiýetlendirip, onuň barlygy şu toparda kollektiwiň barlygyna güwä geçýär. Bu taglymatyň soňky nazaryýet we tejribe jähtden ösüşi onuň esasy pikirini – "iş bilen aralaşdyrylmaklygyň kollektiwiň ulgam dörediji sypaty hökmünde" bolandygyny has aýdyň ýüze çykarmaga mümkinçilik berdi.

Bu nukdaýnazardan toparyň köp derejeli gurluşynyň seljermesine takyklama girizilip, toparda bolup geçýän dürli hadysalaryň bir-birlerine tabynlygyny ýüze çykarmak esasy maksat edilip goýuldy.

Ýazarlar häzirki döwürde toparlaýyn gurluşyň derejelerini ters yzygiderlilikde, ýagny ýadro gatlagyň gatnaşyklarynyň  häsiýetnamasyndan başlap seljermegi oňaýly tapýarlar. Toparlaýyn gurluşyň merkezi bölegini /A diýip bellenýän / toparyň dersleýin  işi düzýär. Bu topary öz içine alýan uly sosial gurluş arkaly döredilýär. Ders işi bu ýerde hökmany ýagdaýda sosial peýdaly iş bolup durýar /eger-de kollektiw derňelýän bolsa/.



## 8-nji bap. ARAGATNAŞYK TUTUMYNDA TÄSIR ETMEKLIGIÑ PSIHOLOGIK  USULLARY.

**“Köpçülikleýin” özüni alyp baryş ýagdaýlarynda täsir edişiň meseleleri**

Aragatnaşyk tutumynyñ üç tarapynyñ öwrenilişi olaryñ her birinde indiwid-leriñ bir-birlerine täsir ediş usullaryny jemleýändigini görkezýär.Ýöne aragatnaşygyñ hökman haýsy-da bolsa-da bir işiñ tutumynda bolýanlygy, işiñ bolsa toparlarda guralýandygy sebäpli adamlaryñ bir-birlerine täsir edişiniñ esasy dörediji güýji bilelikdäki toparlaýyn işiñ tutumy bolup durýar. Täsir edişiñ ähli psihologik tärleri bu iş arkaly aralaşdy-rylandyr.Täsir edişiñ usullaryny diñe seljerme maksady üçin işiñ ýerliginden üzñe öwrenmek mümkin. Hakykatda belgiler üsti bilen täsir etmek, indentifikasiýanyñ, refleksiýanyñ tärleri işiñ tutumynda amala aşyrylyp, mazmun jähtde bu işiñ hasiýetnamalary bilen döredilýär. Eger-de täsir edişiñ maksady aragatnaşygyñ garşydaşynyñ özüni alyp barşyny we işini üýtgetmek bolsa, onda bu üýtgeýşiñ ugry bilelikdäki işiñ maksady bilen kesgitlenýär. Emma aragatnaşyk görnüşi boýunça  köp dürli bolup,

kähalatlarda aragatnaşyga bolan isleg tötänleýin dörän, umumy iş bilen baglanyşykly bolmadyk toparlarda hem ýüze çykýar. Aşakda sosial psihologiýanyñ iş salyşýan toparlarynyñ görnüşleri giñişleýin serediler. Bu ýerde aragatnaşyk tutumyndaky täsir edişiñ usullarynyñ diada-iki adamly ýa-da kiçi toparda  däl-de, aragatnaşygyñ sözüñ doly manysynda topar diýip atlandyryp bolmaýan, tötänleýin sebäp boýunça gysga wagtlaýyn adamlar birleşmelerindäki ýörite seljerilişiñ zerurdygyny nygtamalydyr.

Bu ýerde adamlaryñ arasynda uzak wagtlaýyn galtaşmanyñ ýoklugy, aragatnaşygyñ bu ýagdaýda olaryñ işi-durmuşy üçin ähmiýetliligini peseldenok.

Sosial psihologiýada adatça bu ýagdaýda täsir edişiñ aşakdaky usullary ýüze çykarylýar: **ýokançlanmak, yrmak, ynandyrmak, öýkünmek.** Köplenç bu hatarda şeýle özboluşly hadysa bolan **ýoñlanmak** /moda/ hem seredilýär. Bu hadysalaryñ köpüsiniñ öwrenilişi ilkinji sosial-psihologik taglymatlar bilen baglanyşykly bolup /meselem, öýkünme G.Tard tarapyndan ýörite öwrenilýär,  şol sebäpli olar uly birleşmeleriñ psihologiýasynyñ /köpçülik, üýşmeleñ we ş.m./ ýerliginde derñelipdir. Şonuñ üçin sosial psihologiýanyñ tejribe derñewleriñ işjeñ özleşdirilişine geçmekligi, esasy ünsüñ kiçi toparlara gönükdirilmegi sebäpli ýokarda agzalan täsir ediş usullaryna gyzyklanma peselýär. Üstesine-de käbir sosial psihologlar häzirki wagtda bu meseläni könelişen hasaplap, onuñ derñewi zerur däl diýip nygtaýarlar.



häsiýetlendirmek bolar. Bu ilkinji nobatda adamlaryñ belli bir **jemgyýetiñ makullaýan maksadyna** ýetmek üçin birleşmesidir (bu babatda jebis, emma jemgyýete garşy topar, meselem, hukuk bozanlaryñ topary, kollektiw däldir). Ikinjiden, birleşmäniñ **erkinlik** häsiýeti; erklilik kollektiwiñ özakymlaýyn, tötänleýin döreýşini añlatman ýa-da diñe daşky şertler boýunça berilmän, eýsem agzalaryñ umumy işiñ esasynda özleriniñ işjeñ guran häsiýetnamasydyr. Kollektiwiñ düýpli sypatlarynyñ biri onuñ **bitewiligi** bolup, onda kollektiwiñ özüne  mahsus guramasy, hyzmatlaryñ paýlanylyşy, belli gurluşly ýolbaşçylyk we dolandyryş mahsus bolan  işiñ  ulgamy hökmünde ýüze çykýar. Galyberse-de, kollektiw öz agzalarynyñ özara gatnaşyklarynyñ aýratyn bir görnüşi bolup, ol **şahsyýetiñ ösüşi** düzgünini kollektiwiñ ösüşine çaprazlykda däl-de (käbir alymlar kollektiwiñ has ösen derejesi şahsyýetiñ özbaşdak, öz-özüni kesgitleýji ösüşini basmarlaýar diýen pikiri hem aýdýarlar), eýsem onuñ bilen ugurdaşlykda üpjün edýär.

**Kollektiwiñ psihologik taglymatynda toparyñ ösüşiniñ döwürleri we derejeleri**

Sosial psihologiýada topa-ryñ ösüşiniñ aýratyn dö-würlerini ýa-da bu tutum-daky derejelerini ýüze çykarýan birnäçe “ülñüler” bardyr. Şeýle synanyşyklaryñ has giñişleýin görnüşleriniñ biri A.W.Petrowskiniñ işläp düzen kollektiwiñ psihologik taglymatynda berlendir.

zolaklaryny”, “talaplaryñ dialektikasyny” ýüze çykarmaga, “ertirki şatlygy” guramaklygy göz öñunde tutýar. Bu şertleriñ ählisiniñ üstünlikli utgaşdyrylmagy kollektiwde oña goşulýan şahsyýetleriñ ösüşine laýyk duýgy-psihologik ýagdaýy döredýär.

Kollektiwiñ içki hereket-tutumlarynyñ üstünligi diñe haçan-da onuñ işi tutuş jemgyýetde ösýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ giñ ulgamyna laýyklykda guralanda gazanylýandygy dogrusyndaky pikir A.S.Makarenkonyñ ähli pikir ýöretmelerinden eriş-argaç bolup geçýär. Kollektiw ýapyk ulgam däldir, ol jemgyýetiñ ähli gatnaşyklar tutumyna goşulandyr. Şonuñ üçin onuñ hereketiniñ üstünligi diñe kollektiw bilen jemgyýetiñ maksatlarynda çaprazlyk aradan aýrylan halatda mümkin bolar.

Baryp garaşsyzlygyñ şapagy döwründe Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy täze gurulýan türkmen döwletiniñ beýlekilerden üzñe, diñe öz-özündelik häsiýetdäki gurluş däl-de, özüne ähli hoşniýetli uzaýan elleri mähirli gysmaga taýýar ýurtdugyny mälim edip: "Biz ozalky dostlarymyz bilen saçakly gatnaşarys, täze dostlar tutunarys, duşmançylygymyz bolsa ýok, bize-de duşman boljak bolup ary köýüp ýatan ýok" – diýip bütin dünýä ýüzlenipdi.[1] Şu günki günde derñew geçirýänleriñ köpüsi kollektiwiñ esasy sypatlaryny kesgitlemekde özara ylalaşýarlar. Eger-de käbir adalga aýrybaşgalygyndan sowulynsa, onda dürli awtorlaryñ kollektiwde hökmany hasaplaýan sypatlaryny

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001, 55 sah.



Hakykatda mesele bu derñew ugruñ könelendiginde däl-de, ylmyñ täze ösüş döwri bu meseleleriñ täzeçe derñew usullaryny talap edýänligindedir. Bu hadysalaryñ hut özi hakynda aýdylanda bolsa **köpçülik, üýşmeleñ** ýa-da **köpçülikleýin tomaşaçy auditoriýa** ýaly özboluşly adamlar birleşmeleriniñ hakykatlygy we olar aragatnaşygyñ we täsir edişiñ özboluşly görnüşleriniñ bardygy äşgärdir.Tersine, jemgyýetçilik durmuşynyñ görnüşleriniñ çylşyrymlaşmagy, medeniýetiñ we sungatyñ eserlerini, boş wagty özleşdirmegiñ köpçülikleýin görnüşleriniñ ösmegi, köpçülikleýin maglumat serişdeleriniñ ýaýbañlanmagy bu hadysalara aýratyn üns bermekligi talap edýär.

Günbatarda bu meseleleriñ toplumy “kollektiwdäki özüñi alyp baryş” diýip atlandyrylýar. Şeýle özüñi alyp barşyñ esasy aýratynlygy bu ýerde maglumatyñ özakymlaýyn geçirilişi döräp, şahsyýetiñ bu döreýän aragatnaşyk ýagdaýynda öz üstünden dolandyryşy duýman hereket edýänliginden ybaratdyr. Şol sebäpli täsir edişiñ usullary-da bu ýerde guramaçylykly topardan pes dörejede ösen, umumy iş bilen baglanyşykly toparlardakydan tapawutly bolýar.

Sosial psihologiýanyñ bu bölüminde däp boýunça beýan edilýän täsir ediş usullary barada aýdylanda bolsa, olaryñ hakykatdan-da bardygy hiç hili şübhe döretmeýär. Bu täsir usullaryna ýeke-ýekeden seredip geçeliñ.

**Ýokançlanma.** Bu köp wagtdan bäri adamlar köpçüligini belli bir häsiýetde birleşdirýän /esasan hem

dini howalalyklar - ekstazlar, köpçülikleýin psihozlar we ş.m./ ýaly zatlar bilen baglanyşyklykda täsir edişiñ aýratyn usuly hökmünde derñelip gelindi. Ýokançlanma hadysasy adamzat taryhynyñ has irki döwürlerinde belli bolup, köp sanly ýüze çykyş däp-dessur usullary - ritual tanslar, sport janköýerleri, dowul tapmak ýagdaýy, dürli ruhy ýagdaýlaryñ köpçülikleýin döreýişleri we ş.m. bardyr. Umumy häsiýetde ýokançlanmany indiwidiñ añlanylmaýan, biygtyýar ýagdaýda belli bir psihologik ýagdaýlara ýolukmagy diýip kesgitlemek bolar. Ol haýsydyr bir maglumatyñ añlanylan häsiýetde kabul edilmegi netijesinde däl-de, belli bir duýgy - emosional ýagdaýyñ kabul edilmegi netijesinde döreýär. Bu duýgy ýagdaýyñ adamlar köpçüliginde döreýänligi sebäpli aragatnaşykda bolan adamlaryñ emosional täsirleriniñ köp derejede özara güýçlenmek täri ýüze çykýar. Indiwid bu ýerde guramaçylykly, ýörite niýetlenen täsiri duýman, añlanylmaýan ýagdaýda kimdir biriniñ özüni alyp barşyny özleşdirip, oña tabyn bolýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Geradat eýýamynda hökümet goşunyny ýeñlişe sezewar edip ýören gozgalañçy gullary bir ýeser kişiniñ on atly bilen gullaryñ akyl-paýhasyny togtadýan, öñki iýen gamçylarynyñ awusyny ýatladýan azmly hereketler bilen ýaraglaryny taşlatmagy başarandygyny ýazýar.[1] Köp sanly adamlar aýratyn "ýokançlanma hereketiniñ " bardygyny aýdýarlar; bu hereket uly açyk auditoriýalarda döräp, onuñ tutumynda emosional ýagdaý adaty zynjyr

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap, 227 sah.



nazara alynsa, sosial psihologiýa hem ony adalga hökmünde ulanyp bilner.

Meseläniñ peder psihologiýasyndaky derñewiniñ taryhy hakynda aýdylanda bolsa, onda köp sanly peýdaly işleriñ bardygy şübhesizdir. A.S.Makarenkonyñ işlerinde kemalyýet meseleler bilen bir hatarda kollektiwiñ sosial-psihologik jähti hem ýüze çykarylypdy. Alymyñ pikiriçe kollektiwiñ möhüm sypaty islendik bilelikdäki iş däl-de, jemgyýetiñ islegine laýyk gelýän sosial-oñyn iş bolup durýar. Şonuñ üçin topar hökmünde kollektiwiñ ilkinji sypaty – onuñ gönükdirilmesidir. Bu häsiýet oña girýän şahsyýetleriñ aýratyn häsiýetini – maksadaokgunlygyny üpjün etmek bilen ol degişli dolandyryş düzüjileri bolan guramany we belli bir hyzmatlaryñ ýerine ýetirilmegine ygtyýarly adamlary döretmäge mümkinçilik berýär. Kollektiwdäki gatnaşyklaryñ tebigaty aýratyn häsiýete eýe bolýar: bilelikdäki işi kollektiwi dörediji şert we onuñ agzalarynyñ özara gatnaşyklaryny aralaşdyryjy hökmünde ykrar etmek. Şeýle çemeleşiş şol bir wagtyñ özünde kollektiwiñ ösüşiniñ zerurlygyny, onuñ birnäçe döwürleri geçmekligini göz öñünde tutýar. Bu döwürleriñ geçildigiçe agzalan häsiýetler doly möçberinde öz many-mazmunyna eýe bolýar.

A.S.Makarenko bu döwürleri ýüze çykaryp, kollektiwiñ basgançaklar boýunça hereketiniñ nähili üpjün edilmelidigini häsiýetlendirdi. Bu babatda möhüm şertleriñ biri kollektiwiñ döredilmegine esas bolan jemgyýet ähmiýetli maksatlaryñ yzygider ösdürilmegidir. Bu bolsa kollektiwiñ ösüşiniñ "geljekki

Sosial psihologiýa öz düşündiriş nusgasynyñ çäginde we öz derñew serişdeleriniñ mümkinçiliginde bu adalganyñ giñ manysyndan diñe belli bir jähti bölüp alýardy. Hut şunuñ özi-de seredilýän çemeleşişiñ takyk ylmy mazmunynyñ özboluşlygyny döredýärdi. Bu jähti anyklamak üçin öñki peder sosial psihologiýasynda topara çemeleşmäniñ umumy düzgünini ýatlamalydyrys. Sosiologik seljermede ýüze çykarylan, obýektiw häsiýetde hereket edýän toparlar sosial psihologiýada işiñ alyp baryjysy – subýekti, subýektiñ hut psihologik häsiýetnamasy hökmünde öwrenilýärdi. Başgaça aýdanyñda agzalaryñ bu toparyñ psihologik sypatlary hökmünde kabul edýän toparlaýyn häsiýetleri öwrenişiñ dersi görnüşinde ýüze çykarylýardy. Toparyñ psihologik häsiýetnamalarynyñ ýüze çykarylyşy iş düzgüni esasynda amala aşyrylýanlygy üçin toparyñ sosial psihologik derñewi onuñ işiniñ ösüş **derejesini** hem-de bu bilelikdäki işiñ psihologik birligi kemala getirmekdäki **ornuny,** ähli toparlaýyn hadysalaryñ iş bilen aralaşdyrylanlygyny anyklamaklygy göz öñünde tutýar.

Toparyñ umumy iş bilen baglanyşykly aýratyn sypaty toparyñ ösüşiniñ netijesi hasaplanýar. Toparyñ öz aýratyn sypatynyñ, onuñ ösüşiniñ ýokary derejesiniñ "kollektiw" adalgalanmasy ýokary agzalan däbe laýyklygy añladýar. Şu günki günde "kollektiw" düşünjesiniñ marksistik däpde ulanylyşy örän çekişmeli bolsa-da, gündelik sözleýişde ol entek belli bir derejede saklanýar. Onuñ özboluşly ylmy mazmunynyñ bardygy



reaksiýasynyñ nusgasy boýunça köp sanly "şöhlelenme" arkaly güýçlenýär. Şeýle hadysa ilkinji nobatda guramaçylyksyz toparlarda, köplenç üýşmeleñde döreýär.

Täsir edişiñ ýokançlanma üsti bilen güýçlenýän ýagdaýlarynyñ biri-de **dowuldyr**. Dowul adamlar köpçüliginde belli bir emosional ýagdaý hökmünde ýüze çykyp, ol haýsy-da bolsa gorkuly ýa-da düşnüksiz täzelik hakynda maglumatyñ ýetmezçiligi, ýa-da onuñ artykmaçlygy netijesinde döreýär. Dowul grekçe panika bolup, ol çopanlaryñ, örüleriñ we padanyñ goraýjysy grek hudaýynyñ ady Pana bilen baglanyşyklydyr. Pana özüniñ gazaby bilen padanyñ telbeligini döredip, ony ujypsyz sebäp esasynda oda ýa-da uçruma oklamaga mejbur edipdir. Dowul döremegine gös-göni sebäp bolýan zat özboluşly sarsgyn ýagdaýa getirýän ol ýa-da beýleki habaryñ ýüze çykmagydyr. Soñabaka, ýokarda aýdylan özara köp mertebeli şöhlelenmek täri netijesinde dowul güýçlenýär. Dowul netijesinde döreýän ýokançlanma kembaha garamak bolmaz. Bu talap häzirki döwre hem degişlidir. 1938-nji ýylyñ Garaşsyzlyk aýynyñ 30-nda ABŞ-da En-bi-si radiokompaniýasy tarapyndan G.Uellisiñ "Dünýäleriñ urşy" kitaby boýunça guralan gepleşigiñ netijesinde dörän köpçülikleýin dowul hemmä mälimdir. Dürli ýaş we bilim derejeli radio diñleýjiler köpçüligi /resmi maglumatlara görä takmynan I 200 000 adam/ marsianlaryñ Ýere çozuşyna ynanyp, köpçülikleýin psihoza ýakyn ýagdaýy başdan geçirdiler. Olaryñ köpüsi radioda edebi eseriñ sahnalaşdyrylyşynyñ

berilýändigini bilseler-de /bu üç gezek diktor tarapyndan düşündirilipdir/, 400 000 golaý adam “marsianlaryñ gelendigini” “magat” görendiklerini aýdypdyr.

Dowul derñemesi kyn bolan hadysalaryñ biridir. Dowly gös-göni synlap bolmaýar. Munuñ sebäbi, birinjiden, onuñ döreýiş “möhleti” hiç wagt mälim bolmaýar, ikinjiden, dowul ýagdaýynda diñe synlaýjy bolup galmak kyndyr: adam dowluñ “içinde” bolanda onuñ bilen gurşalýar we oňa tabyn bolýar. Dowly derñemek onuñ örküji geçilenden soñra ony beýan etmek häsiýetindedir. Bu beýan etmeler dowluñ tutuş tutumyna mahsus bolan esasy döwürleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berdi. Döwürleri bilmek bolsa dowly togtatmak üçin möhümdir. Dowly togtatmak haçan-da pajygaly ýagdaýa pähim ornaşdyryp bilýän, ýagdaýa “ýolbaşçylyk” edip bilýän güýçler dörände mümkin bolýar. Döwürleri bilmek bilen bir hatarda dowluñ psihologik tärini bilmek-de möhümdir. Şeýle täre ýokançlama mahsus bolan añlanylmaýan ýagdaýda özüñi alyp barşyñ belli bir nusgalaryny kabul etmeklik degişlidir. Eger-de dowul ýagdaýynda özüñi alyp barşyñ göwnejaý nusgasyny teklip edip biljek adam bar bolsa, onda üýşmeleñiñ kadaly emosional ýagdaýyny gaýtadan dikeldip, dowly togtatmak mümkinçiligi döreýär.

Ýokançlanmanyñ möhüm meseleleriniñ biri-de oña uçran adamlar köpçüligine mahsus bolan bahalandyryşyñ we gönükdirilmeleriñ umumylygynyñ ösüş derejesiniñ ähmiýeti dogrusyndaky meseledir.



kollektiwlik sözüñ takyk manysynda dine sosialistik jemgyýetde amala aşyrylyp, kollektiwler adamlaryñ guralyşy görnüşinde dine şeýle jemgyýetde mümkin bolýar. Bu añyýetiñ tassyklaýşyna görä buržuaz jemgyýeti kollektiwiñ dine “suduryny” döredip, onda hereket edýän toparlar kollektiwiñ hakyky sypatlaryna eýe bolup bilmeýär.

Şeýle añyýet ülñüsi agzalan däbiñ ilkinji çeşmesini döredip, ol XX asyryñ 20-30-njy ýyllarynda jemgyýeti öwrenişiñ dürli ugurlarynda kollektiwiñ işjeñ derñewi bilen baglanyşyklydyr. Derñewiñ dabarasy biziñ ýurdumyzdaky hakyky toparlaryñ düýpgöter aýratyn tebigatyny nygtamak bilen baglanyşyklydy. Bu “kollektiw” sözüniñ adaty, gündelik ulanylyşynda hem ýüze çykdy. Bu düşünjäniñ biziñ jemgyýetimizde giñ ýaýran manysy aýratyn kärhananyñ, edaranyñ, senagat pudagynyñ, geografiki sebitiñ we ş.m. çägindäki islendik diýen ýaly toparlaryna degişli bolup galýardy. “Maşyngurluş zawodynyñ kollektiwi”, “ylmy-barlag institutynyñ kollektiwi”, “ýeñil senagat zähmetkeşleriniñ kollektiwi” we ş.m. biziñ añymyza berk ornaşan añlatmalardyr. Sanalan toparlaryñ umumy sypaty olaryñ sosialistik jemgyýetiñ özboluşly gurluşlary bolup durýanlygydy. Hut şu manyda ol resmi syýasy we añyýet edebiýatda ulanylýardy. Sosial psihologiýa topar meselesini derñemek bilen sözüñ belli bir manysynda agzalan añyýete öz laýyklygyny görkezýärdi: toparyñ ösüşi onuñ iñ ýokary derejesi hasaplanyp, adalgada bu dereje **kollektiw** diýip atlandyrylýardy.

aragatnaşykda ýokary  açyklyk, toparyñ maksadyny hususy maksadyñdan ileri tutmak ýaly özüñi alyp baryş kadalarynda ýüze çykýar.

Ol we beýleki ugrukma toparyñ ösüşi hadysasy bilen gös-göni baglanyşyklydyr: ösüşiñ bir döwürden beýlekä  geçmekligi köp derejede toparda haýsy ugrukmanyñ, ýagny özüñi alyp barşyñ “üstün” çykmagyna bagly bolup, onuñ netijesinde täze döwre geçmeklige ýardam ýa-da päsgelçilik döreýär. Edil derñewleriñ birinji toplumynda bolşy ýaly bu ýerde toparyñ ösüşiniñ onuñ hereket edýän jemgyýetiniñ görnüşine bagly bolýandygy pikiri has möhümdir.

**Kollektiwiñ psihologik taglymaty.** Toparyñ ösüşi meselesi kollektiwiñ psihologik taglymatynda özüniñ özboluşly çözgüdini aldy. Bu çemeleşişiñ aýratynlygy iki ýagdaý bilen baglanyşyklydyr. Bir tarapdan, bu kollektiw iş düzgüni jähtden derñemek däbi bilen baglanyşykly bolup, ol öz gezeginde iki çeşmeden öz gözbaşyny alýar. Birinjiden, kollektiw meselesiniñ marksistik jemgyýeti öwrenişde goýulmagy we oña özboluşly añyýet mazmunynyñ berilmegi: Nusgawy pelsepede kollektiwiñ sosialistik jemgyýetiñ  adamlarynyñ guralyşynyñ özboluşly görnüşidigi dogrusyndaky pikir ilkinji gezek aýdylýar. Bu pikire laýyklykda hakyky kollektiwlik gapma-garşylykly synplaryñ şertlerinde mümkin bolman, kollektiwleýin zähmet erkin zähmet hökmünde jemgyýetçilik eýeçiligine esaslanýar. Şeýlelikde, hakyky



Bu sowal ylymda entek ýeterlik öwrenilmese-de amalyýetde bu häsiýetnamalaryñ ýokançlanma ýagdaýyna goşulyş görnüşleri anyklandy. Meselem, köpçülikleýin tomaşa ediş ýagdaýynda meşhur aktýoryñ çykyşyndan öñ onuñ şöhratyny artdyrýan höweslendirijileriñ biri el çarpyşma bolup durýar. Bu özboluşly itergi bolup, onuñ yzy bilen ýagdaý ýokançnamanyñ kanunlary boýunça ösýär. Şeýle täri bilmeklik faşistik propagandada ulanylyp, ol ýerde açyk auditoriýa täsir etmekligiñ aýratyn taglymaty işlenilip düzülýär. Auditoriýa açyk gyjynmaklyk, ekstaz-kelle göçgün ýagdaýyna ýetirilýär.

Auditoriýanyñ ýokançlanma tabyn bolmak derejesi ony düzýän şahsyýetleriñ ösüş derejesine, has takygy, olaryñ öz-özlerini añlaýyş derejesine bagly bolýar. Bu babatda häzirki zaman jemgyýetinde ýokançlanma adamzat taryhynyñ başlangyç döwürlerine seredende has pes orun eýeleýär diýen pikir ýöretme adalatlydyr. Belli psiholog B.F.Porşnew öz wagtynda jemgyýetiñ ösüş derejesi näçe ýokary bolsa indiwidleriñ özlerini biygtyýar ýagdaýda ol ýa-da beýleki hereketlere, duýgulara çekýän güýçlere bolan tankydy garaýşy şonça-da güýçli, şunuñ bilen baglanyşyklykda, ýokançlanma täriniñ täsiri şonça-da gowşak diýip belläpdi.

Günbatar sosial psihologiýasynda dörän däbe görä ýokançlanma hadysasy adatça jemgyýete garşy we guramaçylyksyz özüñi alyp baryş şertlerinde /dürli tebigy heläkçilikler we ş.m./ seredilýär. Emma kähalatlara özüñi alyp barşyñ bu görnüşine köpçülikleýin

añlanylan, sosial hereketleriñ alamatlaryny-da goşýarlar. Olaryñ diñe ýokançlanmagyñ nukdaýyndan düşündirilmesi bu hereketleriñ ähmiýetini peseldýär. Bu bolsa ahyr netijede seljerişiñ nädogry nazaryýet nusgasyny ulanýan özboluşly ideologiki nukdaýyñ alamaty bolup durýar. Mysal hökmünde Günbataryñ alymlarynyñ bir toparynyñ köpçüligiñ rewolýusion çykyşlaryny şeýle äheñde düşündirmeklerini görkezmek bolar.

Sosial paýhasnamanyñ esasy wezipesi ýokançlanmaklygyñ tärine takyk seljerme berip, onuñ görnüşleriniñ dürli ähmiýetini, sosial ýagdaýlarda ýüze çykyşyny görkezmekden ybaratdyr. Meselem, şu günki güne çenli ýokançlanmanyñ guramaçylykly, sosial taýdan ykrar edilýän özüñi alyp baryşdaky /meselem, dürli köpçülikleýin onümçilik ýagdaýlarynda, ýowarlarda we ş.m./ ähmiýeti derñelmän galýar. Belki, bu ýagdaýlarda ýokançlanma hadysasynyñ haýsydyr täze taraplary, meselem, guramaçylyk pes bolanda onuñ öwez dolduryjy wezipesi we ş.m. açylyp görkeziler.

Diýmek, häzirki şertlerde ýokançlanma meselesi könelişdi diýmek bolmaýar. Öz-özüñi añlamaklygyñ ösüşi hiç wagtda paýhasy ýokançlanmanyñ şeýle köpçülikleýin görnüşi bolan sport ýaryşlary wagtynda stadionlardaky “janköýerleri” ret etmeýär. Bu meseläni öwrenmekde sosial paýhasnama jemgyýetiñ öñünde uly borçdadyr: bu ugurda bölek-püçek beýan etmeler, synlamalar bar hem bosa, düýpli derñewler ýok.



Toparyñ ösüşiniñ seljermesine bagyşlanan tejribe derñewleri entek örän çäkli, onuñ nazaryýet nusgasyna köp nägilelikler bildirmek ýerliklidigine garamazdan, hut şeýle pikiriñ peýda bolmaklygy oñyn hadysadyr.

Toparyñ ösüşiniñ derñewiniñ ikinji bir ugry şahsyýetiñ **kollektiwlik– ýekebaralyk** ugrukmalaryny deñeşdirmek bilen baglanyşyklydyr. Munda şahsyýetiñ ugrukmasy ýüze çykarylýan hem bolsa, derñew medeni-eriş-argaçlyk (kross-medeni) – deñeşdirme häsiýetde bolýandygy üçin onda hakykatdan hem topar meselesine garalýar. Kollektiwlik we ýekebaralyk gapma-garşylykly gymmatlyklar bolup, dürli jemgyýet gurluşlarynda dürli hili ýaýrandyr. Derñewiñ köp bölegi ABŞ-da ileri tutulýan ugrukmany onuñ Günorta-Gündogar Aziýadaky görnüşi bilen deñeşdirme esasynda geçirildi.

Ýüze çykarylan tapawudy düşündirmekde dürli ýurtlaryñ medeni we taryhy däpleri, olaryñ kiçi toparlardaky adamlaryñ özüni alyp barşyna ornaşyşy göz öñünde tutulýar. Ýekebaralyk – indiwidualizm amerikan medeniýetine mahsus bolup, indiwidiñ toparda özüni alyp barşynda toparlaýyn maksatlara däl-de, hususy maksatlaryna gönükdirilmeklik, toparyñ işine öz goşandyñy nygtamaklyk, aragatnaşykda ýakynlyk, öz durmuşy üçin toparyñ ähmiýetiniñ pesdigini ykrar etmeklik ýaly kadalary döredýär. Kollektiwlik hem adaty jemgyýetleriñ kadasy hökmünde indiwidiñ kiçi topar bilen özara gatnaşygyny kesgitleýär. Ol adamda toparyñ maksatlaryna oñyn gatnaşykda bolmak, onda gymmatlyklaryñ gyradeñ paýlanmagyna hormat,

döwürleri” düşünjesi girizilip, olar bir-birinden özleriniñ esaslandyryjy şertleri bilen tapawutlanýar. Her bir ýagdaýda her bir döwür toparyñ düzüminiñ çalşyrylmagy bilen baglanyşyklydyr: oña täze agzalar goşulyp, öñküleriñ bir bölegi gidýär, gory, ukyby ätiýaç häsiýetdäkiler “doly” agza, soñra bolsa, kähalatda “çetleşdirilen” agza öwrülýär (eger topar ony kanagatlandyrmasa); galyberse-de, topar bilen aýrylyşmak hem mümkindir. Topar agzalarynyñ orunlarynyñ şeýle çalşyrylmagynyñ şertleri bir tarapdan toparyñ her bir agzany kabul edişiniñ derejesi we tersine, agzanyñ toparyñ hakykylygyny kabul edişidir.

Ikinjiden, toparyñ sosiallaşmagynyñ ýönekeý boşlukda amala aşyrylmalydygy dogrusyndaky pikir döredildi: toparyñ özgermegine onuñ hereket edýän medeni gurşawy we jemgyýetçilik gatnaşyklary täsir edýär. Şeýle täsiriñ mehanizmi her bir täze topar agzasynyñ jemgyýetiñ gymmatlyklaryna öz goşandyny añlamaklygy we ony topardaky ýagdaýy, ondaky öz ornuny we ş.m. bahalandyrmakda ulanmaklygynyñ üsti bilen açylyp görkezilýär. Eger-de jemgyýetde üstünligi we netijeliligi ileri tutmak kada öwrülen bolsa, topardaky ýagdaýy bahalandyrmak hut şeýle şertlere esaslanýar. Eger-de jemgyýetde şahsyýetara sazlaşyklyk meşhur bolsa, toparda bahalandyryş şertleriñ şeýle kada eýerjekdigine garaşmak bolar. Şeýlelikde, toparyñ ösüş döwri jemgyýetdäki belli bir üýtgeşmeler bilen baglanyşyklydyr.



**Yrmak.** Yrmak - maksada gönükdirilen, delillendirilmedik häsiýetde bir adamyñ beýlekä ýa-da topara edýän täsiridir. Yrmakda maglumat özüniñ hiç bir hili tankytsyz kabul edilmegine niýetlenilip, bir adamdan beýlekä geçirilýär. Köplenç adamdan adama geçirilýän ähli maglumaty kommunikatoryñ – habar berijiniñ ornunyñ işjeñlik derejesine laýyklykda tapawutlandyrylyp, onda **habar bermek, ynandyrmak** we **yrmak** ýaly görnüşleri ýüze çykarýarlar. Bularyñ üçünjisi maglumatyñ tankytsyz kabul edilmekligi bilen baglanyşyklydyr. Yrmak ýagdaýynda adam maglumaty tankydy bahalandyrmaga ukypsyz hasaplanýar. Dürli ýagdaýlarda we dürli toparlarda maglumaty tankytsyz kabul etmeklige ýardam edýän delilsizligiñ derejesi dürli-dürlüdir.

Yrmak hadysasy psihologiýada öñden bäri öwrenilip, esasan, saglygy goraýyş amalyýetine ýa-da okatmaklygyñ bir näçe takyk görnüşlerine degişlilikde derñelipdir. Sosial psihologik derejede yrmak entek ýeterlik derejede öwrenilen däldir. Sosial psihologik hadysa hökmünde yrmak ýa-da “suggestiýa” çuññur özboluşlylyga eýe bolup, şonuñ üçin “sosial suggestiýa” aýratyn hadysa hökmünde garamak mümkin. Başga jähtde sosial psihologik derñewde psihologik ylmyñ beýleki bölümlerinde bu hadysa öwrenilende ulanylýan adalga saklanylýar. Yrmaklygy amala aşyrýan adam **suggestor** diýip atlandyrylyp, yrmaklygyñ obýekti bolup durýany, ýagny yrylýana **suggerend** diýilýär. Yrmaklyga gaýtawul berýän täsire kontrsuggestiýa diýilýär.

Yrmaklyk täsir edişiñ özboluşly serişdesi hökmünde seljerilende onuñ ýokançlanmak bilen baglanyşyklygy hakyndaky mesele ýüze çykýar. Meselem, B.D.Porşnew yrmaklygy öýkünmek bilen bir hatarda ýokançlanmagyñ bir görnüşi hasaplaýar. B.D.Parygin bolsa, tersine, yrmaklygy ýokançlanmakdan tapawutlandyrýar. Bu tapawutlyk şu aşakdakylara syrykdyrylýar: 1/ýokançlanmakda adamlar köpçüligine umumy psihiki ýagdaýy syzmaklyk mahsus bolup, yrmakda bilmeñzeş duýgulary syzmakda şeýle "deñlik" göz öñünde tutulmaýar: suggestor bu ýerde suggerendiñ syzýan ýagdaýyna sezewar edilmeýär. Yrmak tutumy birtaraplaýyn gönükdirilen bolup, ol toparyñ ýagdaýynyñ özakymlaýyn üýtgemesi däl-de, şahsylaşdyrylan häsiýetde bir adamyñ beýlekä ýa-da topara işjeñ täsir etmegidir; 2/ yrmak adatça dil üsti häsiýetde bolup, ýokançlanmada bolsa söz üsti täsirden başga-da birnäçe serişdeler /ýüzlenme, ritmler we ş.m./ ulanylýar. Başga bir tarapdan yrmak ynandyrmakdan tapawutlanýar. W.M.Behterew öz döwründe yrmaklygyñ subutnamasyz we logikasyz gös-göni psihiki ýagdaý döredip bilýändigini görkezipdi. Tersine, ynandyrmak logiki esaslandyrmak arkaly maglumaty kabul edýän adamyñ razylygyny gazanmak bolup durýar. Yrmakda ylalaşyk däl-de, taýýar netijä esaslanýan maglumaty kabul etmek gazanylýar: ynandyrmakda bolsa netijä gelmek maglumaty kabul ediji tarapyndan özbaşdak amala aşyrylmaly bolýar. Şonun üçin ynandyrma esasan pähim, yrmak bolsa-esasan emosional-erk täsiri bolup durýar



nusga bolup, ony beýleki toparlaryñ beýanynda ulanmak mümkinçiligi örän şübhelidir. Ýöne özboluşly bolsa-da, hakyky durmuşy toparlary bilen iş salyşmaklyk ýazarlara heniz derñew dersi bolmadyk toparlaryñ hereketlenişine ünsi bermeklige mejbur edipdir.

Soñky ýyllarda toparyñ ösüşi nazaryýeti has giñ gerim aldy. R.Morlend we J.Liwaýn "toparyñ sosiallaşmagy" düşünjesini girizip, onuñ kömegi bilen indiwidiñ - aýratyn adamyñ sosiallaşma hadysasyna ugurdaşlykda toparlaýyn ösüş tutumy seredilýär. Toparyñ ösüşiniñ dürli döwürlerini deñeşdirmeklige esas hökmünde aşakdakylar getirilýär: bahalandyrmak (toparyñ maksatlaryny, onuñ beýleki toparlaryñ arasyndaky ýagdaýyny, agzalary üçin toparyñ maksadynyñ ähmiýetini); toparyñ öz agzalaryna degişlilikdäki borçnamalary (agzalaryñ topara has "borçly" şertleri, bu özara borçnamalaryñ dowamy, yzy); topar agzalarynyñ orunlarynyñ – rollarynyñ özgerdilmegi (topar agzalarynyñ oña ýokary ýa-da pes goşulyşmaklygy, topar bilen özlerini birleşdirmekleri). Bu şertleriñ esasynda toparyñ durmuşynyñ döwürleri we olara laýyklykda topar agzalarynyñ dürli orunlary ýüze çykarylýar. Döwürleriñ we orunlaryñ özara utgaşmasy M.Çemersiñ teklip eden we toparyñ ösüşiniñ "ulgamlaýyn – tutumlaýyn nusgasy" atlandyrylan nusgasynda şöhlelendirilýär.

Nusga örän çylşyrymly bolup, onuñ endigan seredilmesi ýörite mesele bolup durýar. Bu ýerde iki ýagdaýy bellemek möhümdir. Birinjiden, "ösüş

nazaryýetinden ugur alýan taglymatynyñ wekilleri tarapyndan goşuldy.

Bu nazaryýete girişmezden ozal toparyñ ösüşi taglymatynyñ beýleki çemeleşişlerde kemala gelşi bilen tanyşmak has maksadalaýykdyr. Bu babatda gozgalýan nazaryýetiñ sosial psihologiýanyñ düzümine goşulyşynyñ iki akymyny görkezmek bolar.

Ilkinji nobatda toparyñ ösüşi nazaryýeti psihoanalitiki taglymatda gozgalyp, oña Z.Freýdiñ "Toparlaýyn psihologiýa we Ego-nyñ seljermesi" işi itergi berdi. Taglymat psihologik bejerilişiñ amalyýeti esasynda döräp, emma hakyky toparlaryñ mysalynda öz mazmunyny alýar. Psihoanalitiki ugrukmanyñ çäginde L.Bennisiñ we G.Şepardyñ toparyñ ösüşi taglymaty döredi[1]. (Andreýewa, Bogomolowa, Petrowskaýa, 1978, 161 s.). Ol T-toparlarda, ýagny türgenleşik toparlarynda ýüze çykýan hadysalary nazaryýetde jemlemek esasynda düzülendir. Bu ýerde aýratyn mesele bolup durýan türgenleşigiñ mazmunyna aralaşmazdan bu taglymatda toparyñ ösüşi nazaryýetiniñ bardygyny belläliñ: toparyñ hereketlenişinde 2 döwür ýüze çykarylyp, olaryñ her biri topar meseleleriñ belli bir toplumyny çözýär. Her bir aýratyn toparyñ ösüşiñ umumy nusgasyny dürli hili amala aşyryp bilýändigi bellenýär: haýsydyr bir gyşarmalary ýüze çykarmaklygy ýa-da maksada ýetilmedik ýagdaýynda bütinleý dargamaklygy. Elbetde, türgenleşik toparynyñ ösüş nusgasy örän özboluşly

[1] Andreýewa G.M., Bogomolowa N.N., Petrowskaýa L.A. Sowremennaýa sosialnaýa psihologiýa na zapade. Teoretiçeskiýe oriýentasii. M., 1978



Hut şonuñ üçin yrmaklygy öwrenmekde onuñ haýsy ýagdaýlarda we haýsy şertlerde netijeliliginiñ ýokarlanýandygy dogrusynda birnäçe kanunalaýyklar anyklandy. Eger-de saglygy goraýyş amalyýeti göz öñünde tutulman, sosial suggestiýa – yrylma nazara alynýan bolsa, onda yrmaklygyñ netijeliliginiñ ýaşa baglylygy subut edildi: umuman, ululara garanda çagalaryñ yrmaklyga tabynlygy has ýokarydyr. Edil şonuñ ýaly-da ýadaw, fiziki taýdan gowşak adamlar özüni duýşy oñat adamlardan çalt yrylýarlar. Iñ esasy bellemeli zat yrmaklykda sosial psihologik şerteriñ gatnaşýanlygydyr.Köp sanly tejribe derñewlerde yrmaklygyñ esasy şertleriniñ biri suggestoryñ – yryjynyñ at-abraýy bolup durýanlygy, onuñ maglumatyñ çeşmesine bolan ynam hökmünde täsir edişe goşmaça şert döreýändigi anyklandy. Şeýle "ynanç täsiri" suggestoryñ şahsyýetine hem-de onuñ degişli bolan sosial toparyna degişlilikde döreýär. Suggestoryñ at-abraýy iki ýagdaýda hem özboluşly "gapdallaýyn delillendiriş" hyzmatyny ýerine ýetirip, gös-göni delillendirmäniñ ýoklugynyñ öwezini dolýar. Bu yrmaklygyñ özboluşly sypatydyr.

Edil ýokançlanmada bolşy ýaly, yrmakda hem netije suggerendiň şahsyýetiniñ häsiýetnamasyna bagly bolýar. Kontrsuggestiýa – yrlyşa garşy durmak hadysasy aýry-aýry şahsyýetiñ yrmaklyga görkezýän garşylygynyñ derejesini görkezýär. Sosial suggestiýanyñ amalyýetinde bu "psihologik öz-özüñi goranyşy" belli bir derejede togtadýan usullar işlenip düzülendir. Bu

serişdeleriñ toplumyny B.D.Porşnew kontrsuggestiýa – yrylmaklyga garşy durmak diýip atlandyrmagy teklip etdi. Edil logikada (mantykda) ýalñyşlaryñ taglymaty ret etmek hem-de ret etmeklikden goranmak üçin ulanylyşy ýaly sosial suggestiýa taglymatynda hem kontrsuggestiýa bir tarapdan şahsyýeti suggestiw täsirden “goramak” üçin ulanylsa, ikinji tarapdan, bu goranyşy ret etmeklikde ulanylýar. Meselem, eger kontrsuggestiýanyñ serişdesi hökmünde suggestora ynamsyzlyk hyzmat edýän bolsa, bu ýagdaýda suggestor hakynda goşmaça maglumat goşup, bu ynamsyzlygy ýoga çykaryp bolýar: bu ýerde serişdeler toplumyny kontrsuggestiýa üpjün edýär. Elbetde, bu ýagdaýda şahsyýet öz gezeginde birnäçe goşmaça goranyş çärelerini öñe sürmegi mümkin: ýöne şu günki güne çenli bu ugurdaky derñewler kontrsuggestiýanyñ birinji “gatlagyndan” añry geçenok.

Nazaryýet jähtden suggestiýa hadysasy sosial kabul edişiñ meseleleri bilen baglanyşyklykda hem-de toparyñ jebisliligini döretmegiñ ýerliginde öwrenilýär. Aragatnaşygyñ adamlaryñ bir-birini añlamaklygy hadysasy hökmünde öwrenilişi şeýle akyl ýetirişiñ gurluşynda kabul edişden öñki döredilen /ýa-da kemala gelen/ sosial gönükdirilmäniñ aýgytlaýjy orun oýnaýandygyny görkezdi. Şeýle gönükdirilmäni seredýän ýerligimizde yrmaklygyñ şerti hökmünde seretmek mümkin. Şu jähtde derñelende yrmaklyk özüniñ beýan edijilik häsiýetini bes edip, tejribe derñew esasa geçýär. Suggestiýa hadysasynyñ indiwidleriñ



## 14-nji bap. TOPARYÑ ÖSÜŞINIÑ SOSIAL-PSIHOLOGIK JÄHTI.

**Toparyñ ösüşine täze çemeleşişler.** Dinamiki hadysalar toparyñ ýagdaýyny onuñ ýaşaýşynyñ her bir takyk pursatyna laýyklykda häsiýetlendirýär. Ýöne tejribe toparlaryndan tapawutlylykda hakyky toparlar uzak wagtlaýyn hereket edip, olar belli bir derejede özüniñ hususy durmuşyny “ýaşaýar”. Başga bir tarapdan, kiçi toparyñ “ýaşaýşynyñ” dowamlylygy taryhy ösüşiñ hereketine goşulýan uly toparlaryñ durmuşy bilen deñeşdirilip bilinmez. Eýsem, kiçi toparyñ ösüşiniñ dürli döwürlerinde nähili üýtgeşmeler bolýar? Bu sowala jogap diñe toparyñ ösüşi meselesine seredilen ýagdaýynda alnyp bilner. Sosial psihologiýanyñ ylmyñ bu bölegíniñ derñewine bolan isleg-ünsi tejribe toparlaryna däl-de, hakyky sosial toparlara gönükdiren ýagdaýynda ýüze çykyp bilýärdi. Şonuñ üçin agzalýan mesele sosial psihologiýada täzeräkdir. Onuñ derñewine düýpli goşant sosial psihologiýanyñ iş düzgüni

tejribe toparlarynda ýüze çykman, gatnaşyklaryň toparda döreýän düýpgöter täze ulgamynda, onuň ösüşiniň iň ýokary derejesinde döreýär. Bu nukdaýdan kiçi toparyň işiniň netijeliligini öwrenmek toparyň ösüşiniň iň ýokary derejesi- jemagaty-kollektiwi seljermek bilen baglanyşyklydyr.

Jemagatyñ - kollektiwiň seredilýän sosial-pshologik taglymaty nukdaýdan geçirilen tejribe derňewler bu çaklamanyň ilkinji tassyknamasyny berdi. Mundan başga-da bu taglymat toparlaýyn netijeliligiň hut öz şertlerine täzeçe seretmäge esas döredip, olary has giňeltmäge münkinçilik döretdi: toparyň döredijiligi, onuň agzalarynyň zähmetden kanagatlanmagy bilen bir hatarda indi kollektiwiň şahsyýete terbiýeçilik täsiri hem-de "talapdan artyk" işjeňligiň bardygy hakynda /kollektiwiň agzalarynyň ýokary netijä ymtylmagy / gürrüň edilýär. Adaty şertler barada aýdylanda bolsa, olaryň belli anyklanma talap edýändigini bellemelidir: mysal üçin, zähmetden kanagatlanma derňelende her bir zähmet işinde bolýan taýýarlyk we instrumental döwürleriň bardygyny aýtmak gerek. Derňewleriň köpüsiniň instrumental ösüş döwre üns berýändigi sebäpli ýokary derejede ösen toparlarda hut birinji ösüş döwrüň aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolýandygy unudylýar: bu döwürde toparyň her bir agza edýän täsiri bilen baglanyşykly onuň täze häsiýetleri ýüze çykýar. Kiçi toparlardaky dinamiki hadysalar bilen baglanyşykly beýleki meselelerde bolşy ýaly netijelilik meselesi-de toparyñ ösüş meselesi bilen baglanyşykly bolmalydyr.



konformlygy – kişi pikirine tabynlygy bilen, şunuñ bilen baglanyşykda toparyñ jebisliligi bilen baglanyşygy hakynda aýdylanda bolsa, bu meseläniñ ýörite seredilişi aşakda beriljekdir.

Amaly jähtde yrmaklygyñ derñewi wagyz hem-de reklama-mahabat ugurlary üçin uly ähmiýetlidir. Täsir edişiñ serişdeleri ulgamynda wagzyň görnüşi, maksady we mazmunyna laýyklykda yrmaklygyñ ähmiýeti dürli-dürlüdir. Onuñ ynandyrma bilen bir hatarda belli bir orny bardyr. Bu ýerde sosial suggestiýanyñ tejribe derñewiniñ esasy bölegi wagyz üsti täsir edişiñ meseleleri bilen baglydyr. Yrmaklyk usuly bu ýerde auditoriýany "psihomaksatnamalaşdyrmagyñ" özboluşly usuly, ýagny şahsyýeti öz maksadyña tabyn etmek täsiri usulyna girýär.

Bu usulyñ has aýdyñ ulanylýan ugry mahabat - reklamadyr. Bu ýerde "imejiñ-keşbiñ" aýratyn taglymaty işlenilip döredilendir. "Imej" adalgasy bu ýerde sözme-söz manysynda /keşp / däl-de, ýörite manysynda ulanylýar. Imej mahabatda ulanylýan suggestiýanyñ usulynda bir düzüji hökmünde ýüze çykýar. Imej –bu kabul edilýän zadyñ özboluşly "keşbi" bolup, onda kabul edişiñ äheñi bilgeşleýin üýtgedilip, obýektiñ diñe belli bir taraplaryna üns berilýär. Şonuñ esasynda obýektiñ ýa-da hadysanyñ aldawly şöhlelendirilmesi gazanylýar. Imejde keşbiñ reñkiniñ goýulaşdyrylýandygy we şonuñ esasynda yrmaklyk hyzmatyny ýerine ýetirýänligi sebäpli imej bilen hakyky obýektiñ arasynda "ähtibarlyk boşlugy" ýatýar. Imej duýgy - emosional daýançlaryñ

hasabyna guralyp, mahabat sungatynyñ esasy wezipesi imejiñ suggestiw taraplarynyñ psihologik täsirini üpjün etmekden ybaratdyr.

Häzirki döwürde ulanylýan sosial suggestiw täsirleriñ ählisi elmydama onyñ däl häsiýetli diýmek bolmaz. Adamlaryñ bir-birlerine edýän täsirleriniñ ähli usullaryny yrmaklyga syrykdyrmak hem nädogrydyr. Bu aýratyn hem biziñ jemgyýetimize degişlikde ýerliksizdir, çünki bu ýerde esasy maksat şahsyýeti ulanmak däl-de, terbiýelemek bolup durýar. Terbiýäniñ mazmun tarapy jemgyýetde agalyk edýän añyýet, jemgyýetiñ kadalary we gymmatlyklary bilen kesgitlenýär. Täsir ediş tärleriniñ psihologik üpjünçiligi bu mazmun tarapy nazara almaly bolýar. Şonuñ üçin esasy wezipe täsir edişiñ amatly usullaryny we serişdelerini saýlap almak bolup bolýar. Bu usullaryñ arasynda maglumatyñ añly kabul edilişini üpjün edýän ynandyrma usuly bolup durýar. Ýöne kömekçi serişde hökmünde terbiýeçilik tutumynyň aýratyn ýagdaýlarynda, suggestiw täsir edişiň usullary-da ulanylyp bilner. Bu düzüjileri täsir edişe goşmak mümkinçiligi yrmak meselesiniň sosial psihologiýanyñ çäginde çözlüş derejesine bagly bolýar. Ýokançlanma hadysasyna seredende bu meseläniň tejribe öwrenilişi has elýeter bolup durýar. Şonuň üçin bu meselä elujy seretmän, ony häzirki zaman sosial psihologiýanyñ düzümine goşmak zerurdyr.

**Öýkünme.** Öýkünme, esasan hem köpçülikleýin şertlerde amala aşyrylýan adamlaryň bir-birlerine täsir ediş usullaryň birine degişlidir. Ýöne öýkünme diňe bir



bilelikdäki işiniň toparyň möhüm birleşdirijisi hökmündäki ähmiýetinden gelip çykýar: edil şonuň ýaly-da bu tarap toparyň ösüş derejesi, onuň belli bir tapgyrda jemagata-kollektiwe öwrülýändigi baradaky taglymat işlenilip düzülmekligi bilen baglanyşyklydyr.

Toparyň işiniň netijeliligini yzygiderli öwrenenleriň biri R.S.Nemowyň belleýşine görä dürli sosial psihologik ösüş derejesinde bolan toparlar ähmiýeti we kynçylygy boýunça tapawutlanýan meseleleri çözlenlerinde dürli netijelilik görkezýär*[1]/. Mysal üçin, ösüşiň irki tapgyrynda durýan topar bilelikdäki işiň çylşyrymly endiklerini talap edýän ýumuşlary çözüp bilmän, oňa has ýeňil ýumuşlar elýeterdir. Şeýle topardan haçan-da özüniň çözlüşi üçin toparyň bitewilik hökmünde gatnaşmagyny talap etmeýän yumuşlarda has ýokary netijelilige garaşmak bolar.

Toparyň indiki ösüş döwründe toparlaýyn ýumuş bilelikdäki işe gatnaşýan her bir adam üçin şahsy ähmiýete öwrülende ýokary toparlaýyn netijäni berýär.Haçan-da toparyň ähli agzalary işiň durmuş ähmiýetli maksadyna raýdaşlyk bildiren ýagdaýynda çözülýän ýumuş toparyň agzalaryna gös-göni şahsy peýdasy bolmadyk halatynda hem ýokary netijelilik ýüze çykýar. Toparyň öňünde goýlan ýumşuň toparlaýyn çözlüşiň üstünligi üçin düýpgöter täze şerti ýüze çykýar. Bu şert-ýumşuň jemgyýetçilik ähmiýetlidir. Bu şert

*Nemow R. S. Sosialno-psihologiçeskiý analiz effektiwnosti deýatelnosti kollektiwa. M., 1984

ösdürmek meselesine laýyklykda has-da möhümdir. Emma netijeliligiñ ikinji tarapy adaty sosial psihologiýada derñelmän galdy.[1] Has dogrusy, kanagatlanmak meselesi derñewlerde resmi ýagdaýda bolan hem bolsa, ýöne onuñ düşündirilişi örän birtaraplaýyn boldy: kanagatlanmak esasan indiwidleriñ topardan duýgy-emosional kanagatlanmagyna syrykdyryldy.Şol bir wagtyñ özünde tejribe derñewleriñ netijeleri örän gapma-garşylykly boldy: şeýle kanagatlanma toparyň işiniñ netijeliligini ýokarlandyrýarmy ýa-da ýok diýen sowal ýüze çykdy.Munuñ sebäbi netijeliligiñ toparyň bilelikdäki işi bilen, kanagatlanmanyñ bolsa esasan şahsyýetara gatnaşyklar ulgamy bilen baglanyşdyrylýandygynda düşündirilýär. Kanagatlanma meselesi şol bir wagtyñ özünde **zähmetden** kanagatlanmak hökmünde, ýagny bilelikdäki toparlaýyn işe gös-göni baglanyşykda hem ýüze çykýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy işiñ ähmiýetiniñ diñe bir netije gazanmaklyga syrykdyrylman, adamda şahsy kanagatlanma, lezzet duýgusyny döretmelidigini nygtap: "Özüñi, işiñi tertibe we çäge sal, şonda zähmetiñ netijesini we lezzetini görersiñ" diýip belleýär.[2]

Meseläniñ hut şu tarapyna üns bermeklik örän möhümdir. Nazaryýet jähtden bu ähmiýet toparyň

[1] Seret:Ýemelýanow Ýu.N.Aktiwnoýe sosialno-psihologiçeskiýe obuçeniýe. L.,198

[2] Mukaddes Ruhnama. II-kitap., 369 sah.



köpçülikleýin şertlerde däl-de, onuň ähmiýeti işiň ýörite görnüşlerine degişlilikde toparlarda hem uludyr. Öýkünme ýokarda seredilen ýokançlanma we yrmak hadysalary bilen birnäçe umumy häsiýetleri bolup, ýöne onuň özboluşlylygy – bu ýerde diňe bir beýleki adamyň özüni alyp barşynyň ýa-da köpçülikleýin psihologik ýagdaýynyň häsiýetleri kabul edilmän, eýsem indiwid özüne görkezilýän özüňi alyp barşyň nusgalaryny gaýtadan dikeldýär. Sosial psihologiýanyň taryhynda öýkünmä uly orun berlipdir. Öň bellenilişi ýaly öýkünmäniň jemgyýetdäki ähmiýeti G.Tardyň öýkünme taglymatynda häsiýetlendirilipdi. Umumy häsiýetde bu taglymatyň mazmuny aşakdakylardan ybaratdyr: öýkünme jemgyýetiň ösüşiniň we ýaşaýşynyň esasy düzgüni hökmünde hyzmat edýär. Hut öýkünmäniň netijesinde toparlaýyn kadalar we gymmatlyklar döreýär. Öýkünme has umumy “gaýtalanmanyň dünýä kanunynyň” bölekleýin ýagdaýy bolup durýar. Eger-de haýwanat dünýäsinde bu kanun neslegeçijilik üsti bilen amala aşyrylýan bolsa, adamzat jemgyýetinde ol öýkünme üsti bilen amala aşyrylýar. Ol jemgyýetçilik ösüşiň çeşmesi bolup durýar: jemgyýetde yzygiderli açyşlar, oýlap tapyşlar amala aşyrylyp, köpçülik bolsa oňa öýkünýär. Bu açyşlar we oýlap tapyşlar soňra jemgyýetiň gurluşyna goşulyp ýene-de öýkünme arkaly özleşdirilýär. Öýkünme haçan-da “biriniň beýnisiniň duýgur plastinkasy arkaly beýlekiniň beýnisiniň ülňüsini gaýtadan dikeldýän” ýagdaýynda biygtyýar “gipnotizmiň

görnüşi” hökmünde seredilip bilner. (Tard)[1]

Jemgyýetde bolup geçýän sosial dartgynlyklar öýkünmäniň dürli ugrukmalarynyň arasyndaky gapma-garşylyklar bilen düşündirilýär. Şonuň üçin bu dartgynlyklaryň tebigaty indiwidual aňyň dartgynlyklarynyň tebigatyna meňzeşdir: bu ýerde hem edil adamyň özüni alyp barşyň täze nusgasyny saýlaýan pursatyndaky ikirjeňlenişi ýaly ýagdaý bolup geçýär. Öýkünmäniň birnäçe görnüşleri bardyr: logiki, logiki däl, içki we daşky, öýkünme-ýoň we öýkünme-däp, bir sosial synpyň içindäki öýkünme we bir synpyň beýlekä öýkünmegi. Öýkünmäniň şeýle dürli görnüşlerini seljermek, öýkünmäniň kanunlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berdi. Bu kanunlaryň arasynda: öýkünmäniň içden daşa amala aşyrylýandygy (ýagny içki nusgalar daşkylara garanda öýkünmäni öň we çalt döredýär: diniň ruhuna onuň kada-däplerinden öň öýkünýärler); aşakylar (sosial basgançakdaky orny boýunça) ýokarkylara öýkünýärler (gyrak-çetler - merkeze, dworýanlar – korolyň howlusyna) we ş.m.

Bu nazaryýetiň jemgyýetde öýkünmäniň ähmiýetine has artykmaç ähmiýet berýänligi aýdyňdyr. E.Dýurkgeýmiñ adalatly belleýşi ýaly, bu çemeleşişde iññän dürli-dürli jemgyýetçilik hadysalary bir üýşmege üýşürilýär. Emma hakykatda bolsa çaganyñ ululara öýkünmegi, mysal üçin, jemgyýetde synplaryñ özara gatnaşyklaryndan düýpgöter başga kanunlar arkaly amaly aşyrylýar. Tardyñ teklip eden ýönekeý sosiologik

[1] Tard G. Zakony podraşaniýa. SPB., 1892.



ösdürmek meselesine laýyklykda has-da möhümdir. Emma netijeliligiñ ikinji tarapy adaty sosial psihologiýada derñelmän galdy.[1] Has dogrusy, kanagatlanmak meselesi derñewlerde resmi ýagdaýda bolan hem bolsa, ýöne onuñ düşündirilişi örän birtaraplaýyn boldy: kanagatlanmak esasan indiwidleriñ topardan duýgy-emosional kanagatlanmagyna syrykdyryldy.Şol bir wagtyñ özünde tejribe derñewleriñ netijeleri örän gapma-garşylykly boldy: şeýle kanagatlanma toparyň işiniñ netijeliligini ýokarlandyrýarmy ýa-da ýok diýen sowal ýüze çykdy.Munuñ sebäbi netijeliligiñ toparyň bilelikdäki işi bilen, kanagatlanmanyñ bolsa esasan şahsyýetara gatnaşyklar ulgamy bilen baglanyşdyrylýandygynda düşündirilýär. Kanagatlanma meselesi şol bir wagtyñ özünde **zähmetden** kanagatlanmak hökmünde, ýagny bilelikdäki toparlaýyn işe gös-göni baglanyşykda hem ýüze çykýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy işiñ ähmiýetiniñ diñe bir netije gazanmaklyga syrykdyrylman, adamda şahsy kanagatlanma, lezzet duýgusyny döretmelidigini nygtap: "Özüñi, işiñi tertibe we çäge sal, şonda zähmetiñ netijesini we lezzetini görersiñ" diýip belleýär. [2]

Meseläniñ hut şu tarapyna üns bermeklik örän möhümdir. Nazaryýet jähtden bu ähmiýet toparyň

[1] Seret:Ýemelýanow Ýu.N.Aktiwnoýe sosialno-psihologiçeskiýe obuçeniýe. L.,198

[2] Mukaddes Ruhnama. II-kitap., 369 sah.

Toparlaýyn çekişmäniñ toparlaýyn karara gelmek tutumyndaky ornuny anyklamak boýunça geçirilen tejribe derñewleriñ sany kän däldir.Şonuñ üçin wezipäniñ birinji bölegi sosial-psihologik türgenleşigiñ görnüşi hökmünde toparlaýyn çekişme alyp barmagy öwrenmek, wezipäniñ ikinji bölegine garanda /çekişmäniñ dowamynda toparlaýyn karara gelmekligiñ döredijisini ýüze çykarmak we bu çekişmäniñ oña gatnaşyjylar üçin soñky ähmiýeti/ has oñat işlenendir. Toparlaýyn çekişmäni alyp barmak endigi ýolbaşçynyñ üstunlikli edara etmekliginiñ hökmany şert bolup, şonuñ üçin türgenleşik bu ýagdaýda onuñ üçin has peýdalydyr.

**Toparlaýyn işiñ netijeliligi.** Kiçi toparda bolup geçýän dinamiki hadysalaryñ hemmesi belli bir derejede toparlaýyn işiñ netijeliligini üpjün edýär. Bu meseläni toparlaýyn dinamika meselesiniñ düzüm bölegi hökmünde seretmek maksadalaýykdyr. Kiçi toparyň toparlaýyn işiniñ netijeliligi dürli derejelerde derñelip bilner. Haçan-da kiçi topar ilkinji nobatda tejribehana topary hökmünde garalanda, onuñ işiniñ netijeliligi hut onuñ derñew pursatyndaky tejribeçiniñ tabşyran takyk ýumşunyñ netijeliligini añladýar. Şonuñ üçin bu mesele dogrusyndaky tejribe işleriñ aglaba köpüsi adaty sosial psihologiýada tejribehana derñewleri hökmünde ýerine ýetirilendir.

Bu işleriñ gözbaşy “toparlaýyn dinamika” mekdebinden başlaýar. Bu işlerde toparyň işiniñ netijeliliginiñ birnäçe umumy häsiýetnamalary ýüze



nusgasyny göz öñünde tutmanymyzda hem hususy psihologik jähtde bu nusga meseläni birtaraplaýynlaşdyrýanlygy sebäpli ähmiýeti çäklidir.

Öýkünme taglymatynyñ birtaraplaýynlygyny nazara almasak, Tardyñ teklip edýän seljermesinde birnäçe peýdaly synlamalar ýüze çykarmak mümkin. Emma bu günki günde bu synlamalar däl-de, tejribe derňewleriň saldamly amalyýeti psihologik täsiriň bu özboluşly serişdesiniň takyk häsiýetnamasyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy öýkünmäniñ çaga terbiýesindäki aýgytly ornyny nygtap: "Özi towşan awlap, çagasyna ot iýmegi öwretjek bolýan möjegi görüpmidiñ?!"[1] –diýýär. Öýkünme dogrudan-da çaganyň ösüşinde ägirt uly orun eýeleýär. Şonuň üçin hut çagalar psihologiýasynda häzirki döwürde öýkünmäni öwrenmegiň giňişleýin tejribe derňewleri geçirilýär. Bu hadysanyň aragatnaşyk meselesiniñ ýerliginde seredilmegi onuň derňewlerine sosial psihologik gyzyklanma döredýär.

Öýkünmäniň çagalykda eýeleýän orny bu hadysanyň ulularyň durmuşyndakydan tapawutlydyr. Hatda çaganyň durmuşynda hem hakykaty özleşdirişiniň belli bir döwründe esasy görnüşi bolup durýan döwürdäki ähmiýetini ýa-da onuň ösüşiniñ dürli döwürlerindäki ähmiýetini ýüze çykarmak mümkin: ulularyň özüni alyp baryş nusgalaryna köre-körlük bilen öýkünmekden başlanýan nusgalaryndan tä esaslandyrylan öýkünmä çenli döwürler. Soňky

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap, 90 sah.

ýagdaýda öýkünmekligiň “nusgasy” onuň ululardaky geçiş tutumyna meňzeşdir. Bu ýerde öýkünme dünýäni özleşdirmegiň goşmaça usuly bolup durýar: haýsydyr bir nusgasynyň täsiri bu ýerde bar hem bolsa-da, bu täsir diňe özüňi alyp barşyň daşky sypatyna degişli bolup, ol adamyň düýpli şahsy häsiýetnamasyna täsir etmeýär /meselem, şahsyýetiň gönükdirilmesini üýtgedip bilmeýär/. Uly adamlarda öýkünme nätanyş hereketi özleşdirmegiň başga usulyny ulanmak mümkinçiligi ýok wagtynda ulanylýar. Şeýle görnüşde öýkünme endigi özleşdirmegiň, kähalatlarda ýönekeý hünärmen hereketi özleşdirmegiň düzüjisi hökmünde gatnaşýar.

Bu ýagdaýlaryň ählisinde öýkünme “sap” görnüşde berilmeýär: okatmagyň, öwretmegiň islendik tutumynda aýgytlaýjy orun bilimleriň berliş usulyna degişlidir.

Şonuň üçin öýkünmäniň usuly ululardа has çylşyrymlydyr /bu häsiýetnama ýokançlanmagyň we yrmagyň usullaryna degişlilikde hem şeýledir/. Her bir ýagdaýda görkezilen usullar arkaly täsir etmek belli bir derejede şahsyýetiň tankydy garaýşyna gabat gelýär. Täsir ediş meselesi umuman birtaraplaýyn gönükdirilen tutum hökmünde seredilip bilinmez: mydama şahsyýetden oňa edilýän täsire tarap yza dolanýan täsir bolýar. Bu zatlaryň toparda ähmiýeti hasda uludyr. Öýkünme bu babatda ýokançlanma we yrmaklyga seredende toparlaýyn ýerlige has goşulan bolýar. Gürrüň teklip edilýän özüňi alyp baryş nusgalaryny özleşdirmek barada bolansoň



toparlaýyn çekişmäniñ toparlaýyn karara gelmekligiñ öñüsyrasyndaky pursaty bolup durýanlygy şertine daýanýar. Netijeli toparlaýyn çekişme alyp barmak başarnygyny we endigini sosial psihologik türgenleşmäniñ üsti bilen ösdürmeklige çalyşýarlar. Sosial psihologik türgenleşmäniñ esasy üç görnüşiniñ arasynda / açyk sözleýiş, orunly oýun, toparlaýyn çekişme / toparlaýyn çekişme has ösendir. Toparlaýyn çekişmäni öwretmek diňe bir netijeli toparlaýyn karara gelmekligi üpjün etmekligi göz öñünde tutman, toparlaýyn gurluşyñ has möhüm häsiýetnamalaryny üýtgetmekligi göz öñünde tutýar.

Toparlaýyn çekişme toparyñ gurluşynyñ içinde özboluşly hadysanyñ döremegine getirip, ol “toparyñ kenarlanmagy” adyna eýe boldy.Bu hadysanyñ manysy toparlaýyn çekişmäniñ dowamynda toparjyklarda bar bolan gapma-garşylykly pikirler diňe bir ýüze çykman, ol bu pikiriñ toparyň agzalarynyñ ähli köpçüligi tarapdan kabul edilmegini ýa-da ret edilmegini döredýänliginden ybaratdyr.Has “orta” pikirler ýitip gidip, tersine, has gyraky pikirler iki kenaryñ arasynda aýdyñ bölünýär. Bu gyraky orunlaryñ aýdyñlaşmagy çekişme guralýan meseläniñ toparyň agzalaryna has düşnükli bolar ýaly ýardam edýär. Ýöne iki gapma-garşylykly nukdaýyñ haýsy biriniñ toparlaýyn karara gelmekligiñ esasynda goýuljakdygy bir mazmunly çözülmeýär.Köp sanly tejribe derñewleriñ esasynda toparlaýyn çekişmäniñ köpüñ pikirini “berkidýändigi” anyklandy.Ýöne bu maglumatlary gutarnykly hasaplamak bolmaz.

bolmalydyr). Ýöne tejribede bu çaklama tassyklanmady. Has takygy, bu kabul edilýän karar töwekgellik bilen utgaşýan ýagdaýynda tassyklanmady.1961-nji ýylda amerikan alymy Ž.Stoner toparlaýyn gelinýän karar indiwidual häsiýetde gelinýän karardan has köp töwekgelligi özünde jemleýändigini görkezdi. Henize çenli bu hadysany düşündirmekde ýiti çekişmeler gidýär. Bu mesele sosial psihologiýanyñ has umumy meselesine goşulýar: topar indiwidlerden ýokarda durýan hadysa hökmünde seredilip bilnermi, toparlaýyn işiñ haýsydyr bir önümini oña goşulan indiwidual goşantlaryñ esasynda öñünden göz öñüne getirip bolarmy? Elbetde, bu meseleler diňe toparlaýyn karara gelmekligiñ mysalynda çözlüp bilinmez. Ýöne näçe çekişmeli bolsa-da, haýsydyr bir toparlaýyn hadysalaryñ bardygyna hiç kim şübhelenmeýär / topara girýän indiwidleriñ häsiýetnamalarynyñ ortaça arifmetiki jemi hökmünde däl / we şonuñ ýaly-da toparlaýyn karara gelmekligiñ-de toparlaýyn işiñ özboluşly önümi hökmündäki hakykatdygy şübhesizdir /bu ýagdaýyñ toparlaýyn kadalar jähtde derwaýyslygy onuñ nazaryýet derñewlerine itergi berýär/.

Toparlaýyn dinamiki hadysalaryñ ikinji jähti bolan toparyň **ösüşi** barada aýdylanda bolsa, toparyň kabul edýän kararlarynyñ onuñ ösüşiniñ dürli tapgyrlaryndaky hili baradaky meseläni seljermek has ähmiýetlidir.Başga bir möhüm nazaryýet meseläniñ biri toparlaýyn karara gelmekligi dürli toparlarda kämilleşdirmek meselesidir. Bu meseläniñ işlenilişi tejribe derñewlerde anyklanan



öýkünmäniň mydama iki ugry bolýar: takyk haýsy-da bolsa bir adama ýa-da toparyň döreden özüñi alyp baryş kadasyna öýkünmek. Soňky ýagdaýda öýkünme meselesi konformizm – keseki täsirine tabynlyk meselesi, ýagny toparyň indiwidi öz täsirine tabyn etmek meselesi bilen baglanyşýar. Bu mesele haçan-da toparyň beýleki sosial psihologik meseleleri bilen çuňňur tanşylandan soňra giňişleýin öwrenilip bilner.

Öýkünmekligiñ döredijilerini öwrenmek neobihewiorizm ugrukmasynyñ çäginde N. Miller, D. Dollard we A. Bandura tarapyndan esaslandyrylan öýkünmäniñ ýörite taglymatynyñ dersine öwrüldi. "Berkitme" düşünjesine daýanyp A. Bandura berkidilme arkaly döredilýän özüñi alyp baryş nusgasynyñ, ýagny öýkünmäniñ üç "usulyny" häsiýetlendirýär: a) haçan-da nusgany synlamak arkaly täze jogap hereketleriniñ döräp bilmekligi; b) haçan-da höweslendirmäni ýa-da temmi bermek nusgasyny synlamak özüñi alyp barşy togtatmagy güýçlendirip ýa-da gowşadyp bilmekligi; ç) haçan-da nusgany synlamak synlaýja öñden mälim bolan özüñi alyp baryş usullaryny işjeñleşdirmeklige ýardam edip bilýär. Öýkünmäniñ bu üç usulynyñ köpçülikleýin özüñi alyp baryş ýagdaýlarynda ýüze çykyp biljekdigi düşnüklidir. Bu ýagdaýda öýkünmäniñ döredejisi ýokançlanmanyñ we yrmanyñ döredijileri bilen ýakyn arabaglanyşykda ýüze çykýar.

Täsir etmekligiñ görkezilen usullar arkaly amala aşyrylmagy köpçüligi düzýän şahsyýetleriñ ol ýa-da

beýleki derejedäki tankydy garaýşy bilen çaknyşýar. Täsir etme aslynda bir ugrukmaly tutum hökmünde seredilip bilinmez: hemişe şahsyýetden özüne edilýän täsire tarap yza dolanýan hereket bolýar. Bu tötänleýin toparlarda aýratyn ähmiýete eýedir. Tötänleýin toparlar we olarda ýüze çykýan köpçülikleýin özüñi alyp baryş dürli sosial hereketleriñ esasy düzüji bolup durýar.

Seredilen täsir ediş usullarynyň ählisini köpçülikleýin, özakymlaýyn hem-de bilelikdäki toparlaýyn işiň yagdaýlarynda seredilip bilner. Edil aragatnaşygyň hakyky sosial toparsyz öwrenilip bilinmeỳşi ỳaly, täsir ediş usullary-da diňe sosial toparlaryň özboluşlylygy nazara alnan ỳagdaỳynda göwnejaỳ öwrenilip bilinỳar.

Aragatnaşygyň çylşyrymly, köptaraplaỳyn tutum hökmündäki seljermesi onuň görnüşleriniň dürli-dürli bolỳandygyny görkezỳär. Aragatnaşygyň "sap" nusgalaryny, elbetde, laboratoriỳa tejribesi, aỳratyn-da iki adamyň aragatnaşygy ỳaly ỳönekeỳ ỳagdaỳlarda ỳüze çykarmak mümkin. Şeỳle derňewleriň belli bir ähmiỳeti şübhesiz bolsa-da olaryň çäkliligi-de gürrüňsizdir. Olar diňe bu tutumyň geçiş "usullaryny", ýagny onuň geçiriliş görnüşini ỳüze çykarỳar. Bütin adaty sosial psihologiýa meseläniň hut şu jähtine üns beripdi. Onuň öwreniliş usullary, seljerişiň tehniki serişdeleri şu maksada tabyn edilipdi. Şol bir wagtyň özünde aragatnaşygyň mazmun tarapy derňewiň çäginden daşda galỳardy. Haỳsy



haýsydyr bir tehniki tutum bilen suw akymy, walyñ aýlanyşy we ş.m. bilen meñzedýär. Beýleki ylymlaryñ tejribesine salgylanýan has ýönekeý meñzetmeler hem giñden ulanylýar. Edil beýni hüjüminde bolşy ýaly, şeýle çekişmeler tehniki meseleleriñ çözlüşinde giñden ulanylyp, belli bir oñyn netije berýär.

Toparlaýyn çekişmäniñ seredilen görnüşleri, görnüşi ýaly, amaly häsiýetdir. Meseläniñ nazaryýet jähti barada aýdylanda bolsa, bu ýerde esasy mesele toparlaýyn we ýekebara-indiwidual çözlüşleriñ deñeşdirme ähmiýetliligi bolup durýar. Bu meseläniñ derñelişinde "töwekgelligiñ süýşmegi" diýip atlandyrylýan adatdan daşary gyzykly hadysa açyldy. Bu hadysa açylmazyndan ozal kiçi toparlarda geçirilen barlaglar toparyň öz agzalarynyñ indiwidual pikirleriñ özboluşly "ortaçalygy-moderatory" bolup durýandygyny görkezdi: topar has birtaraplaýyn çözlüşleri ret edip, indiwidual çözlüşlerden ortada durýan çözlüşi kabul edýär.Bu hadysany esaslandyrmakda däp boýunça derñelýän konformizmiñ, toparlaýyn kadalaryñ döreýşiniñ barlaglary we beýleki derñewler orun oýnady. Fransuz alymy S.Moskowisiniñ teklip edişi boýunça toparlaýyn çözlüşleriñ ortalanyş tutumy "kadalanyş" tutumy diýip atlandyryldy.

Bu däpden ugur alyp, toparlaýyn çözlüşe gelmekligiñ dörediјisi öwrenilende hem "kadalanyş" hadysasy ýüze çykarylmalydyr diýip çaklama döretmek bolar (başgaça aýdanyñda toparlaýyn çözlüş toparyň aýry-aýry agzalarynyñ çözlüşiniñ ortaça görnüşi

soñabaka bu usulyñ mümkinçiligine şübhe döräp ugrady.

Elbetde, “beýni hüjümi” başga usullaryñ öwezini tutup bilmez, şonuñ üçin ony gereginden artyk mahabatlandyrmak nädogrydyr.Takyk ýagdaýlarda bu usul peýdalydyr.

Toparlaýyn çekişme usulynyñ başga bir görnüşi U.Gordon tarapyndan işlenen sinektika usuly bolup, ol sözme-söz dürli-dürlüligi birleşdirmek diýmekdir. Bu usul köp derejede “beýni hüjümi” usulyna meñzeş bolup, bu ýerde hem esasy pikir birinji tapgyrda mümkingadar köp sanly dürli-dürli, bu ýerde-gapma-garşylykly, bir-birini inkär edýän teklipleri almakdyr.Bu maksat bilen toparda “sinektorlar”-çekişmäni döredijiler ýüze çykarylýar.Çekişmäni hut şular alyp barýar / bütin toparyň gatnaşmagynda/. Sinektorlar –bular toparda öz ornuny işjeñ ýüze çykarýan adamlardyr. Tejribe barlaglar netijesinde anyklanyşyna görä olaryñ oñaýly sany 5-7 adamdyr. Olar çekişmäni başlap, soñra oña toparyň beýleki agzalary goşulýar: ýöne sinektorlaryñ esasy wezipesi gapma-garşylykly pikirleri orta atmakdyr:topar meseläniñ çözlüşindäki dörän iki “gyraky” pikiri “görüp”, ony soñra bahalandyrmalydyr. Çekişmäniñ dowamynda bu “gyraky” pikirler zyñlyp, hemmäni kanagatlandyrýan çözlüş kabul edilýär. Sinektika usulynda meñzetmä esaslanýan logiki pikir ýöretme giñden peýdalanylýar. Meselem,tehniki meseleler boýunça guralýan çekişmelerde hatda şeýle meñzetme hem ulanylýar: sinektorlaryñ biri özüni



“dersiň” ulanỳandygyna baglylykda “usul” başgaça işleỳär. Aragatnaşygyň amala aşyrylỳan toparlarynyň görnüşlerininiň köpdürlüligi bu hadysanyň resmi häsiỳetnamalarynyň düỳpgöter başga mazmuna eỳe bolmagyna getirỳär. Mundan hem başga öň agzalan aragatnaşygyň iki ugry her bir aỳratyn ỳagdaỳda özboluşly baglanyşỳar. Şahsyỳetiň bu tutumlara nähili goşulỳandygyny bilmek onuň üçin aragatnaşygyň tutumlarynyň dürli toparlarda nähili takyk ỳüze çykỳandygyny , ỳagny dürli mazmunly işlerdäki häsiỳetnamasyny anyklamaly bolỳar. Aragatnaşygyň we işiň birligi düzgüni aragatnaşygyň umumy häsiỳetnamalaryna seretmekden ony takyk toparlaryň ỳerliginde seretmeklige geçmekligi talap edỳär.

## III BÖLÜM. TOPARLARYŇ SOSIAL PSIHOLOGIÝASY.

### 9-njy bap. Sosial psihologiýada topar meselesi.

**Topar işiň alyp baryjysy hökmünde.** Aýdylanlaryň ählisi sosial psihologiýa üçin adamlaryň köpçüligini ýa-da hatda onuň içindäki gatnaşyklary ýüze çykarmak ýeterlik däldigini subut edýär. Sosial psihologiýanyň öňünde topara sosiologik we “umumy psihologik” çemeleşişleri birleşdirmek wezipesi durýar. Eger-de sosial psihologiýa ilkinji nobatda adamlaryň özüni alyp barşynyň we işiniň olaryň toparlara goşulmaklygy arkaly döreýän kanunlaryny derňeýän bolsa, onda üns merkezinde bu toparlaryň mazmun häsiýetnamasy, her bir sosial toparyň şahsyýete täsir edişiniň özboluşlygy ýaly meseleler bolup durýar. Şeýle täsiriň diňe “tärlerini” seljermek ýeterlik däldir. Toparyň şahsyýet üçin ähmiýeti, onuň zähmetiniň jemgyýetçilik bölünişindäki ulgamynda berlen işiň belli bir ulgamy bolup durýanlygy bilen düşündirilýär. Toparyň özi işiň belli bir görnüşiniň alyp baryjysy - subýekti bolup, onuň üsti bilen jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ähli ulgamyna goşulýar.



bölünýär: “pikiri döredijiler” we “tankytçylar”. Çekişmäniñ birinji tapgyrynda “pikiri döredijiler” hereket edip, olaryñ wezipesi gozgalýan meseläniñ çözlüşi dogrusynda mümkingadar köpräk teklipler etmekden ybaratdyr. Teklipler hiç bir hili subutnamasyz, hatda hyýaly häsiýetde bolmagy hem mümkindir, ýöne bu tapgyrda esasy talap edilýän şert olary tankyt etmezlikdir. Esasy maksat mümkingadar köpräk dürli-dürli teklipleri almakdyr. Şunuñ bilen baglanyşyklykda karara gelmek tutumynda şahsyýetiñ öz-özüne tankydy göz bilen garaýşynyñ möhüm ähmiýeti bardyr.Adatça tankydylyk suggestiw-/yryjy täsire garşy durýan oñyn sypat hasaplanylýar.Emma barlaglaryñ görkezişine görä toparlaýyn karara gelmek tapgyrynda adatdan daşary tankydylyk oñyn däl ähmiýete eýe bolýar./

Ikinji tapgyrda “tankyt” öz güýjüne girip, gelip gowşan teklipleriñ görnüşlere bölünmegi başlanýar: derege ýaramaýanlary seçilip, çekişmelilerini saklap, göwne makullaryny bolsa şol birbada kabul edýärler.Gaýtadan seljeriş edilende çekişmeli teklipler ara alnyp maslahatlaşylýar we olardan mümkingadarlary kabul edilýär. Ahyr netijede topar meseläniñ çözlüşiniñ dürli görnüşleriniñ toplumyny edinýär. “Beýni hüjümi” usuly birnäçe ýyl mundan ozal has meşhur bolup, aýratyn hem dürli tehniki çözlüşleri taýýarlamakda özüniñ artykmaçlygyny görkezdi. Angliýada hatda “beýni hüjümi” usuly boýunça iki sany ýörite maslahat hem geçirildi. Ýöne köp täze başlangyçlarda bolşy ýaly, bu usulyñ hem käbir taraplary aşa mahabatlandyrylyp

netijesidir we ol hemme gatnaşyjylar tarapyndan goldanylyp, toparlaýyn kada öwrülýändigi mynasybetli onuñ ähmiýeti artýar.Toparlaýyn çekişmäniñ netijesi soñ-soñlar diñe bir karara gelmekligiñ ähmiýeti dogrusynda däl-de, çekişmäniñ hut özüniñ topar içindäki gatnaşyklaryñ gurluşyny üýtgetmekdäki ähmiýeti nukdaýdan öwrenildi.Toparlaýyn çekişmäniñ toparlaýyn karara gelmekligiñ öñüsyrasyndaky derejesi hökmündäki täsiri hakynda aýdylanda bolsa, onuñ mundan beýläkki seljermesi has aýdyñlaşdyryldy: amaly jähtde toparlaýyn çekişmäniñ karara gelmekligi ugrukdyrýan dürli görnüşleriniñ işjeñ agtaryşy başlandy.

Bularyñ käbir görnüşleri sosial psihologiýa tarapyndan açylman, durmuşy amalyýetiñ öñe süren meselesi hökmünde öñden belli bolup, nakyllarda ornaşandyr/ “akyl gowy, ikisi ondan hem gowy” we ş.m. /. Munuñ giñişleýin amalyýetde ulanylýanlarynyñ biri ýygnak-maslahat bolup, ol sosial psihologiýanyñ adalgasyna geçirilende toparlaýyn çekişmäniñ özboluşly görnüşidir. Sosial psihologiýa ýygnagyñ psihologik gurluşyny aýan etmekde, toparlaýyn karara gelmekligiñ amatly görnüşleriniñ ätiýajyny ýüze çykarmakda amalyýetiñ öñünde borçludyr.

Bular bilen bir hatarda häzirki zaman barlaglarynda toparlaýyn çekişmeleriñ täze görnüşleri açylandyr.Olaryñ A.Osborn tarapyndan girizilen görnüşi “breýnstorming” / “beýni hüjümi”/ diýip atlandyryldy. Çekişmäniñ şeýle görnüşinde toparlaýyn karara gelmek üçin ýygnalan topar ýolbaşçy tarapyndan iki bölege



Şeýle häsiýetli seljerişi üpjün etmek üçin sosial psihologiýa toparyň sosiologik seljerişiniň netijelerine ýüzlenmeli bolýar : ýagny toparyň jemgyýetiň şol bir görnüşinde sosiologik şert boýunça ýüze çykarylan hakyky sosial toparlaryna ýüzlenip, soňra şonuň esasynda her bir şeýle toparyň psihologik häsiýetnamasyny, olaryň aýry-aýry agza üçin ähmiýetini beýan etmeli bolýar. Bu seljerişiň möhüm tarapy, onda toparyň şeýle psihologik häsiýetnamalaryň döredijisi bolup durýanlygydyr. Sosial psihologiýanyñ taryhynda "toparlaýyn aň" diýip atlandyrylýan hadysany seljermeklige köp synanyşyklar edilipdi. Şeýle hadysa toparda döräp, ýöne ol topara girýän indiwidleriň psihologik häsiýetnamalarynyň ýönekeý jemine syrykdyrylmaýar.

Eger-de mesele topara sosial işiň subýekti hökmünde düşünmek häsiýetde goýulsa, onda hakykatdan-da işiň subýektine mahsus häsiýetleri ýüze çykarmak mümkin. Toparyň işiniň mazmunynyň umumylygy toparyň psihologik häsiýetnamalarynyň umumylygyny döredip biz ony « toparlaýyn aň » ýa-da başga adalga bilen aňladyp bileris. /Şeýle adalga hiç hili şübhe döretmeli däldir, çünki ol "jemgyýetçilik aňy" adalgasynyň belli bir derejede manydaşy bolup durýar/. Toparyň psihologik häsiýetnamalaryna toparlaýyn höwesler, toparlaýyn kadalar, toparlaýyn gymmatlyklar, toparlaýyn pikir, toparlaýyn maksatlar degişlidir.

Häzirki zaman sosial psihologiýasy bu hadysalary derňemekligiň zerur usullaryny özleşdirmedik bolsa-da, şeýle seljerişiň "kanunylygyny" ykrar etmek zerurdyr, çünki her bir topar psihologik jähtde beýlekiden hut şeýle häsiýetleri boýunça tapawutlanýar. Topara girýän indiwid üçin onuň topara degişliligi ilkinji nobatda şeýle häsiýetnamalary kabul etmekligi, ýagny şu sosial toparyň beýleki agzalary bilen psihologik umumylygyny aňlamaklygy arkaly amala aşyrylýar. Başgaça aýdanyňda toparyň "araçägi" bu psihologik umumylygyň araçägi hökmünde kabul edilýär.

Sosial psihologik edebiýatda "umumylyk" düşünjesi dürli manyda ulanylýar. Kähalatlarda bu düşünje topar düşünjesi bilen gatyşdyrylyp, kähalatlarda bolsa, onuň aragatnaşyk hadysasy bilen baglanyşyklygy nygtalýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy "umumylyk" düşünjesiniñ ulgamlaýyn mazmunynda halklaryñ bitewiligine degişlilikde "halkyýet", "millet" düşünjeleri ýüze çykýarýar. Türkmenbaşynyñ düşündirişine görä, "millet halkyýetden tapawutlanýar. Halkyýet özüniñ degerli döwlet-syýasy amalyny we şekilini edinip bilmedik, şol sebäpdenem, taryhy gelejegi näbelli umumylykdyr".[1] Derñelýän meseläni B.F.Porşnewiň düşündirişi üns bermäge mynasypdyr. Toparlaryň ösüşini we olaryň adamzat jemgyýetiniň taryhyndaky ornuny seljerip, B.F.Porşnew toparyň esasy we sap psihologik häsiýetnamasy onda "biz-duýgusynyň" bolmagydyr diýen netijä geldi. Beýle

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001, 159 sah.



toparlaýyn çekişmelerde her kim özüni karara gelmeklige goşulan häsiýetde duýup, bu girizilýän täzelige garşy durmaklygy peseldýär.Çekişme wagty toparyñ beýleki agzalarynyñ-da belli bir karara gelmeklige ymtylýandygy aýan bolup, bu her kimiñ hususy ornuny berkidipdir. Şeýlelikde, karara gelmeklik ädimme-ädim taýýarlanyp, karara gelmeklige özboluşly toparlaýyn kada öwrülýär we bu kada çekişmä gatnaşyjylar tarapyndan goldanylýar we kabul edilýär. Şeýle netijä, karara gelmek daşdan teklip edilmän, topary hut özi tarapyndan kabul edilýändigi mynasybetli döreýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ýurt ykbally maslahatlary mawy ekranda göni görkezilişde geçirmek bilen her bir raýaty olar dogrusyndaky kararlaryñ kabul edilişine dahylly edýär. Kararlar boýunça islendik raýatyñ öz pikirini "Prezident poçtasynyñ" üsti bilen ýurt ýolbaşçysyna yetirip bilýänligi nazarda tutulsa, bu dahyllylyk hakyky mazmuna eýe bolýar.

Lewiniñ bu tejribesinden bäri sosial psihologiýada toparlaýyn karara gelmek we bu tutumda çekişmäniñ orny dogrusynda köp sanly tejribeler geçirildi.Bu derñewlerde iki sany möhüm kanunlaýyklyk ýüze çykaryldy: I/toparlaýyn çekişme gapma-garşylykly orunlary çaknyşdyrmaga mümkinçilik döretmek bilen oña gatnaşyjylara meseläniñ dürli taraplaryny synlamaga we adamlaryñ täze maglumata bolan garşylygyny kemeltmäge kömek edýär; 2/eger-de çözlüş topar tarapyndan döredilen bolsa, onda ol çekişmäniñ logiki

hojalykçy aýallaryñ pikirine adaty reklamanyñ ulanýan täsirleriniñ /umumy okuwlar / we şeýle täsiriñ täze görnüşiniñ - toparlaýyn çekişme esasan-da hususy toparlaýyn netijä gelmekligiñ-netijeliligini deñeşdirmekden ybarat bolupdyr. Her bir 13-17 adamdan durýan Gyzyl haç guramasynyñ öý hojalykçy aýallaryñ alty sany meýletin topary döredilipdir.Bu toparlaryñ birnäçesine emele iýmit önümleriniñ peýdasy, olary satyn almaklygyñ zerurlygy barada umumy okuw okalyp, beýleki toparlarda bolsa bu mesele boýunça çekişme guralypdyr.Bir hepdeden soñra aýallaryñ pikiriniñ nähili üýtgändigi dogrusynda olardan sorag-jogap alnypdyr.Umumy okuw diñlän toparlarda pikiriñ üýtgeýşi 3% , toparlaýyn çekişme guralan toparlarda bolsa pikiriñ üýtgeýşi 32% bolupdyr. Alnan netijä Lewin psihologik düşündiriş beripdir.

Öý hojalykçy aýallar umumy okuw teklip edilýän pikir ýöretmeleri işjeñ däl ýagdaýda diñläp, beýan edilýän maglumatlara özleriniñ öñki tejribeleri esasynda düşündiriş berýärler. Umumy okuwdan soñra olarda özüñi alyp barşyñ iki saýlawy bolupdyr: emeli önümleri satyn almak ýa-da almazlyk.

Umumy okuw wagtynda karara gelmeklik bolmansoñ olar kabul edilen karara degişlilikde hiç hili goldaw almaýarlar: aýallaryñ umumy okuw diñlän toparynda hiç hili sosial kada döremän, toparyñ agzalary hiç bir hili kada-kanuna tabyn bolmaýarlar. Şonuñ üçin pikiriñ üýtgemegi diñe ynandyrylyşyñ netijeliligine esaslanyp, ol bolsa pes derejede bolýar. Tersine,



diýildigi umumylygyň psihologik guralyşynyň ähliumumy düzgüni topara girýän indiwidler üçin beýleki "olar" hadysasyndan tapawutlykda "biz" hadysasynyň bolmaklygydyr. "Biz-duýgy" bir umumylygy beýlekiden tapawutlandyrmak islegini aňladyp, haýsydyr bir topara degişliligi aňlamaklygyň özboluşly görkezijisi bolup durýar. Biraz soňrak şeýle görkezijiniň absolýut däldigine we kähalatlarda "biz-duýgynyň" indiwidiň hakyky goşulýan toparyna degişlilikde döremeýändigine seredip geçeris. Şeýle-de bolsa topara degişliligi ýüze çykarmak sosial psihologiýa üçin düýpli gyzyklanma döredip, psihologik umumylyga hakyky sosial toparyň özboluşly psihologik "kesimi" hökmünde seretmäge mümkinçilik berýär. Topara sosial psihologik seljerişi esaslandyrmagyñ özboluşlygy hut şu ýerde ýüze çykýar : sosiologiýanyň serişdeleri arkaly ýüze çykarylan hakyky sosial toparlar seredilip, ýöne soňra olaryň topary psihologik umumylyga öwürýän sypatlary, ýagny her bir agza özüni topar bilen birleşdirmäge esas berýän häsiýetleri kesgitlenýär.

Meseläniň şeýle goýluşynda "toparlaýyn aň" adalgasy ulanylsa-da toparyň psihologik häsiýetnamalary göz öňünde tutulýar. Sosial psihologiýa üçin topara "aňlanylýan maksadyň hatyrasyna özara täsir edýän adamlaryň umumylygy, obýektiw häsiýetde hereketiň subýekti hökmünde çykyş edýän umumylyk"[1] diýip düşünmek möhümdir. Bu umumylygyň

[1] Sosialnaýa psihologiýa /Pod.red. G.P.Predweçnogo, Ý.A.Şerkowina. M.,1975, 50 sah.

häsiýetnamasynyň seljerilişiniň dolulyk derejesi bu meseläniň sosial psihologiýada takyk çözlüş derejesine bagly bolýar. Meselem, käbir ýazarlar toparyň toparlaýyn islegler, maksatlar, höwesler ýaly häsiýetnamalaryny derňemek bilen çaklenmän, edil psihologiýadaky ýaly indiwidiň toparlaýyn ýat, toparlaýyn erk, toparlaýyn pikirlenme we ş.m. görkezijilerini-de seretmegi teklip edýärler. Häzirki döwürde şeýle çemeleşişiň netijeliligi dogrusynda ýeterlik nazaryýet we tejribe subutnamalar ýok. Şol bir wagtyñ özünde soñky getirilen häsiýetnamalaryñ toparyñ hut psihologik jähtine degişlidigi çekişme döredýär. Toparlaýyn kadalar ýa-da toparlaýyn gymmatlyklar, toparlaýyn çözlüş ýaly hadysalar köp wagtdan bäri sosial psihologiýada aýratyn toparlaýyn hadysalar hökmünde seredilip gelinýär. Sosial psihologiýanyñ bu hadysalara bolan gyzyklanmasy ýöne ýerden däldir: diñe olaryñ düýpli öwrenilmegi şahsyýet bilen jemgyýetiñ baglanyşygynyñ döredijisini açmaga kömek edip biler. Jemgyýet diñe toparyñ üsti bilen şahsyýete täsir edýän bolsa, nähili usulda toparlaýyn täsiriñ şahsyýet bilen jemgyýetiñ arabaglanyşygyny döredýändigini anyklamak möhümdir. Bu wezipäni ýerine ýetirmek üçin topara diñe bir ýönekeý "köplük" hökmünde seretmeli däl-de, ony sosial işiñ giñişleýin ýerligine goşulan jemgyýetiñ hakyky öýjügi hökmünde derñemelidir. Sosial işe, onuñ takyk görnüşine sosial toparyñ birleşdiriji şerti we onuñ esasy sypaty hökmünde seretmek bolar. Toparyñ agzalarynyñ bilelikdäki toparlaýyn işe umumy



bireýýämden bäri toparlaýyn karara gelmekligiñ dürli usullary işlenip düzülip, ylmyñ wezipesi –olaryñ mümkinçiliklerini doly ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Toparlaýyn karara gelmekligiñ takyk görnüşleri hakynda gürrüñ etmezden ozal, sosial psihologiýanyñ jogap bermeli birnäçe aýgytly meselelerine seredip geçmek zerurdyr. Bu meseleleriñ esasylary şulardyr: “toparlaýyn karar” näme, ýagny toparyñ agzalarynyñ indiwidual pikirleri nähili bir bitewi karara birleşýär?

Toparlaýyn karara gelmek tutumynda onuñ öñüsyrasyndaky çekişme nähili orun oýnaýar? Hakykatdan-da toparlaýyn karara geliş onuñ indiwidual görnüşinden hemişe gowumy? Eger-de ýok bolsa, onda haýsy ýagdaýlarda gowy? Galyberse-de, toparlaýyn umumy karara gelşiñ netijeleri nähili, onuñ bu tutuma gatnaşan her bir indiwid üçin nähili ähmiýeti bar? Bu sowallaryñ hemmesi sosial psihologiýada döräp, ýöne olaryñ derñelişi deñ däldir. Meselem, has derñelen meseleleriñ biri toparlaýyn karara gelmekligiñ öñüsyrasyndaky toparlaýyn çekişmäniñ ähmiýetidir. Tejribe derñewi derejede bu mesele we beýlekiler K.Lewin tarapyndan öwrenilendir.

Tejribe ikinji jahan urşy ýyllarynda ABŞ-da geçirilip, onuñ amaly ähmiýeti bardyr. Ykdysady kynçylyklar şertlerinde /uruş zerarly/ ABŞ-da söwda nokatlaryna gelýän iýmit önümleri azalýar. Ete derek ilata köp sanly emeli iýmit önümleri teklip edilip, emma öý hojalykçy aýallar olary satyn almakdan ýüz öwürýärler. Lewiniñ tejribesiniñ esasy maksady öý

Kiçi toparlaryñ hakyky durmuşynda ýolbaşçy bilen bir hatarda haýsydyr bir taraplary boýunça toparyñ agzalary tarapyndan öñe sürülýän liderleri bolýar: emosional özüñe çekijiligiñ merkezi hökmünde ýa-da başga häsiýetleri boýunça. Mysal üçin, lider bilen ýolbaşçynyñ arasynda ylmy kollektiwlerde zähmetiñ özboluşly bölünişi bolýar. Psihologik jähtden ýolbaşçynyñ işi bilen köp sanly liderleriñ işiniñ utgaşyşyny kesgitlemek möhümdir.

Ýolbaşçynyñ işiniñ toparyň dürli ösüş derejelerindäki aýratynlygy, onuñ wezipeleriniñ bu ösüşiñ iñ ýokary, ýagny kollektiw derejesindäki özboluşlylygy entek derñelmän galýar. Şeýlelikde, liderçiligiñ sosial psihologiýada giñden berlenligine garamazdan, onda çözülmeli meseleler entek köpdür. Bu esasan hem amaly derñewlerde möhümdir.

**Toparlaýyn karara gelmek tutumy.**

Toparlaýyn karara gelmek tutumy liderçilik we ýolbaşçylyk meselesi bilen baglanyşykly bolup, karara gelmek ýolbaşçynyñ möhüm wezipeleriniñ biridir: topary şeýle karara gelmäge guramak bolsa has çylşyrymly wezipedir. Toparlaýyn karara gelmekligiñ köp derejede ýekelik - indiwidual karara gelişden netijelidigi sosial psihologiýada bir wagtdan bäri mälimdir. Häzirki zaman şertlerinde, toparlaýyn işiñ jemgyýetiñ köp ugurlarynda işjeñleşýändigini mynasybetli bu mesele aýratyn ähmiýete eýedir. Diñe bir sosial psihologiýada däl, gündelik amalýetde



gatnaşmagy olaryñ arasynda psihologik umumylygy kemala getirýär. Şeýle ýagdaýda topar hakykatdan-da sosial psihologik hadysa, ýagny sosial psihologik derňewiñ obýektine öwrülýär.

**Topar meselesi Günbataryň sosial psihologiýasynda.**

Günbatar sosial psihologiýasynda bu meselä uly üns berilýär. Iññän köp sanly derñewler toparyñ dürli häsiýetnamalaryna, olaryñ indiwide edýän täsirine we ş.m. bagyşlanandyr. Şol bir wagtyñ özünde bu derñewleriñ birnäçe aýratynlyklaryny bellemek mümkin. Birinjiden, "toparlaýyn çemeleşmegiñ" hut özi sosial psihologik çemeleşmegiñ mümkingadar nukdaýlarynyñ biri hökmünde seredilýär. I.Ştaýneriñ "Sosial psihologiýada topara näme boldy?" diýen maksatnamalaýyn nutugynda amerikan sosial psihologiýasynda "toparlaýýn" çemeleşiş bilen bir hatarda "indiwidual" çemeleşişiñ-de bardygy bellenýär. Bu iki çemeleşiş sosial psihologiýanyñ iki çeşmeden – sosiologiýadan we psihologiýadan gelip çykyşy bilen baglanyşyklydyr. Bu çemeleşişleriñ wekilleriniñ ikisine-de adamlaryñ sosial özüni alyp barşynyñ sebäplerini agtarmak häsiýetlidir. Emma indiwidual çemeleşişiñ tarapdarlary diñe şeýle özüñi alyp barşyñ has golaý sebäplerini agtarýarlar. Şol sebäpli olary topar diñe adamlaryñ bir wagtdaky gatnaşygy, bir-birleriniñ ýanynda bolmagy hökmünde gyzyklandyryp, bu ýerde toparyñ özüni-de içine alýan giñ sosial ulgamdan sowulýarlar. Şu ýerde toparyñ sap resmi-görnüş

düşünilişi ýüze çykýar. Başga bir tarapdan Ştaýneriñ pikiriçe "toparlaýyn" çemeleşiş indiwidiñ öz kadalaryny we gymmatlyklaryny susup alýan topardan daşda bolan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ ulgamyna aralaşýar. Ýöne şeýle çemeleşiş diñe göz öñünde tutulyp, onuñ hakyky amala aşyrylyşy entek öñde bolýar. Bu çemeleşişi Ştaýner sosiologiýa mahsus hasaplap, onuñ düşündirişiçe sosial psihologlar agzalan iki çemeleşişiñ arasynda "köpri gurup" bilmediler. Olar topary daşyndan öwrenmekligiñ çäginde hem galdylar; bu ýagdaýda toparlaýyn tutumlar maýda böleklere bölünip, toparyñ mazmunly işiniñ ähmiýeti doly ýitirilýär.

Ikinjiden, topar Günbataryñ sosial psihologiýasynda nähili düşündirilse-de bu ýerde dörän däbe görä sosial psihologik derňewleriñ iki esasy ugruny belli bir derejede bir-birinden aýyrmak häsiýetlidir. Ugurlaryñ biri adatça adamyñ aragatnaşygyny we özara täsirini häsiýetlendirýän dürli tutumlary öwrenmek bilen baglanyşyklydyr. Mundan öñki bölümde gürrüñi edilen hadysalaryñ hemmesi günbatar sosial psihologiýasynda düýpli tejribe amalyýetine daýanýar: kommunikasiýa, interaksiýa, persepsiýa, attraksiýa we ş.m. derñewleri tejribe esasda guralandyr. Umuman, bu hadysalaryñ boşlukda däl-de, toparda geçýänligi göz öñünde tutulýar. Ýöne bu derňewlerde şeýle möhüm üýtgeýji – toparlaýyn iş göz öñünde tutulmaýar. Gaty gitse ol diñe ýatlanylyp, mesele şunlugynda hem galýar. Oña derek däp boýunça toparlaryñ öwrenilişi bilen baglanyşykly derňewleriñ toplumy aýratyn üns merkezinde bolýar. Bu



meselesini çendan ýönekeý-leşdirmegiñ biri-de şol bir adamda lideriñ we ýolbaşçynyñ jemlenýändigini görmeklige ýykgyn etmeklikdir. Bu pikir belli bir derejede liderleri “resmi” we “resmi däl” görnüşlere bölüp, “resmi” lider hökmünde ýolbaşçynyñ düşünilmegini
hem goldaýar. Gynansak-da, şeýle pikir giñden ýaýran bolup, kähalatlarda derñewler hut toparda lideriñ we ýolbaşçynyñ gabat gelip gelmezligine bagyşlanýar. Gabat gelmezlik ýüze çykarylanda bada-bat ýolbaşçyny çalşyrmagy, oña derek lider hökmünde tanalýan adamy goýmaklygy /köplenç sosiometriýa usuly esasynda/ teklip edýärler. Şeýle teklipleri kabul etmek köplenç toparyñ işini
dargadyp, lider hökmünde goýlan adamyñ ýolbaşçynyñ ornunda nalajedeýinligini görkezýär.

Dogrusyny aýtsak gürrüñ diñe bir liderçiligi ýüze çykarmak usulynyñ ýolbaşçylygyñ usulyny kesgitlemäge gös-göni dogry gelmeýändigi barada edilmän, umuman, lideri kesgitlemek usullarynyñ göwnejaý däldigi we ýolbaşçyny kesgitlemekde ýaramly däldigi hakynda edilmelidir: ýolbaşçyny psihologik usullar bilen “kesgitlemän”, onuñ topardaky goşulýan giñ sosial gatnaşyklary arkaly döredilýändigini göz öñünde tutmalydyr. Sosiometrik usul bu ýerde ýeterlik däldir: ol lideri diñe alnan oñyn saýlawlaryñ sany boýunça kesgitleýändigi üçin, ol gaty gitse , “emosional lideri” ýüze çykaryp biler /ýolbaşçy bolsa şeýle orna daknyşyk etmeýär/.

Köplenç liderçiligi ýüze çykarmak üçin niýetlenen usulçalar ýolbaşçylygyñ usulyny anyklamaga hem ýaramly hasaplanýar. Ýöne hakykatda bu usulçalar hemme wagtda bir-birlerine laýyk däldirler: lideriñ we ýolbaşçynyñ hyzmatlarynyñ we işiniñ häsiýetiniñ tapawutlylygyny göz öñünde tutup, haýsy wagtda ýolbaşçynyñ lideriñ işiniñ psihologik şekilini "gaýtalanýandygyny" we haýsy wagtda onuñ başga şertler bilen döredilýändigini anyklamak zerurdyr. Liderçiligiñ we ýolbaşçylygyñ usulyny öwrenmekligiñ usuly hakyndaky mesele entek özüniñ mundan beýläkki derñewine garaşýar. Teklip edilen usullaryñ köpüsi ýolbaşçynyñ däl-de, lideriñ işine degişlidir. Bu babatda usullaryñ görnüşleri örän köpdür. Mysal üçin, L.I.Umanskiniñ ýolbaşçylygynda "tejribehana abzally derñew" ady bilen birleşdirilen usullaryñ toplumy döredilip, oña toparda lideri ýüze çykarmaga, onuñ iş usulyny kesgitlemäge mümkinçilik berýän täzeçil abzallaryñ bir topary goşulandyr.

Şeýle abzallara toparlaýyn sansomotor integratory, "Arka" konstruksiýasy, "Estakada"abzaly we beýlekiler degişlidir. Ýöne bu derñewler belli bir toparlarda, has takygy, ýaşlaryñ jemgyýetçilik işjeñ toparlarynda geçirilip, olarda lider şol bir wagtyñ özünde ýolbaşçy hökmünde bolýar. Şonuñ üçin bu takyk ýagdaýda lideri ýüze çykarmak maksadalaýyk bolup, bu ýerde lideriñ ýolbaşçy hökmünde bolýanlygy üçin ony hakyky kesgitlemek bolýar. Başga toparlarda, meselem, işçi toparlarynda şeýle mümkinçilik ýok. Liderçilik



toplumyñ çäginde toparyñ möçberi, onuñ düzümi we gurluşy öwrenilip, köplenç, "toparlaýyn dinamika" ýaly toparlaýyn hadysalar hem agzalýar. Ýöne soñky hadysa başga zady göz öñünde tutup, bu toplumda birinjidäki käbir zatlar seredilse-de, olar bilelikdäki işden üzñe garalýar. Netijede, toparlaýyn hadysalaryñ we toparlaryñ üzñelikde beýan edilmesi ýüze çykyp, hadysalar öwrenilende toparyñ düýpli görkezijileri ünsden düşürilýär.

Galyberse-de, üçünjiden, günbataryñ sosial psihologiýasyna toparyñ diñe bir görnüşine – kiçi toparlara üns bermek häsiýetlidir. Soñrak biz munuñ sebäbi dogrusynda durup geçeris. Bu ýerde ýene-de bir bellemeli zat, kiçi toparlaryñ içinde diñe şahsyýetara gatnaşyklaryny derñemek bu ugurda has ýörgünlidir. Soñky mesele sosial psihologiýa iññän möhüm-de bolsa, seljerişi möhüm ýerinde bölünýär: şahsyýetara gatnaşyklarynyñ toparlaýyn işiñ häsiýete baglylygy, ýagny onuñ jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen baglanyşygy ýüze çykarylmaýar. Soñky döwürlerde günbataryñ sosial psihologiýasynda derñewi "sosial ýerlige" goşmak teklipleri köp derejede amala aşyrylman galýar. Toparlaryñ derñewinde esasy wezipe adamyñ aragatnaşygynyñ we özara täsiriniñ kanunlarynyñ umumy görnüşde derňelmeginiň üsti olaryň hakyky ýüze çykýan sosial bütewiliginde derňemek bilen doldurylmalydyr. Bu ýumşy amala aşyrmak üçin kabul edilen usulyýet düzgünlerinden başga-da topary sosial psihologiýada derňemäge mümkinçilik berýän ýörite

nazaryýet ýörelgesini işläp düzmelidir. Bu düşünjeler ulgamy toparlary bir-birleri bilen deňeşdirmek, tejribe derňewlerden deňeşdirmäge mümkinçilik berýän netijeleri almak üçin zerurdyr.

**Toparyň esasy häsiýetnamalary**. Adatça sosial psihologiýada ilki bilen toparyň ýönekeý görkezijileri öwrenilýär : toparyň **düzümi** , toparyň **gurluşy**, **toparlaýyn tutumlar, toparlaýyn kadalar** we **gymmatlyklar, çäklendirmeler ulgamy**. Bu görkezijileriň her bir topary derňemekligiň umumy çemeleşişine laýyklykda dürli mazmuna eýe bolup biler. Meselem, toparyň düzümi takyk ýagdaýda toparyň agzalarynyň ýaş, hünär ýa-da sosial häsiýetnamalaryna baglylykda düýpgöter başga-başga görkezijiler esasynda ýazylyp bilner. Toparlaryň düzümini beýan etmegiň ýeke-täk usulyny teklip etmek kyndyr, çünki hakyky toparlaryň görnüşi dürli-dürlüdir : her bir takyk ýagdaýda haýsy takyk toparyň derňewiň obýekti hökmünde saýlanylýandygy göz öňünde tutulmalydyr : mekdep synpy, sport topary ýa-da önümçilik topary. Başgaça aýdanyňda toparyň esasy işi bilen baglanyşyklykda onuň düzüminiň häsiýetnamasy üçin birbada birnäçe görkezijiler toplumy berilýär.

Şeýle ýagdaý toparyñ gurluşyna hem häsiýetlidir. Toparyñ gurluşynyñ birnäçe görnuş sypatlary bardyr : kommunikasiýanyñ gurluşy, parhlandyrmaklygyñ gurluşy, "häkimiýet" gurluşy we ş.m. Emma eger-de topar yzygiderlikde işiñ subýekti hasaplansa, onuñ



täze liderden itergi alýar.

Lideriň orny bilniksizden toparyň daşynda.

Elbetde, islendik nusga ýaly, bu nusga hem liderçiligiň ähli taraplaryny we ýüze çykyşyny öz içine alyp bilmez. Nusgany mundan hem çylşyrymlaşdyryp, onuň esasynda iki däl-de üç şerti goýmak-da bolar: meselem, lideriň işiniň mazmuny, täri ýa-da usuly /sözüň dar manysynda/ işiň häsiýeti ýaly esaslar girizmek.[1] Eger görnüşe bölünende bu esaslary göz öňünde tutup, olaryň mümkingadar utgaşmalary guralsa, onda biz lideriň giňişleýin häsiýetnamasyny alsak-da, onuň ähli taraplaryny göz öňunde tutup bilmeris. Şonuň üçin tejribe derňewlerde birnäçe nusgalar getirilip, olaryň her biriniň täzelik taraplary bardyr. Meselem, L.I.Umanskiniň işlerinde lideriñ şeýle görnüşleri agzalýar: guramaçy lider, täzelikçi lider, okumyş lider, duýgy-emosiýany sazlaýan lider, duýgy-emosional özüñe çekijiligi guraýan lider, başarjañ lider. Bu häsiýetnamalaryñ köpüsi ýolbaşça hem degişlidir. Ýöne entek liderçilik hadysasynyñ özi, onuñ ýolbaşçylyk bilen meñzeşligi we tapawudy gutarnykly derñelen däldir. Liderçiligiñ usuly meselesinde bu ýetmezçilik has hem duýulýar.

Tejribe derñewlerde liderçiligiñ usuly bilen bir hatarda ýolbaşçylygyñ usuly-da ýüze çykarylýar.

[1] Parygin B.D.Osnowy sosialno –psihologiçeskoý teorii.M., 1971,306-sah.

**Demokratik usul**

| | |
|---|---|
| Görkezmeler teklip ediji görnüşde. | Çäreler öňünden däl-de, toparda meýilnamalaşdyrylýar. |
| Sözi gurak däl, ýolbaşçylyk äheňinde. | Teklipleriň amala aşyrylyşyna hemme jogap berýär. |
| Öwmek we käýinç bermek | Işiň ähli bölümleri diňe bir teklip maslahat beriji äheňde edilmän, ara alnyp maslahatlaşylýar. |
| Buýruk bermek we gadagan etmek çekişmeler bilen utgaşýar. | |
| Lideriň orny toparyň daşynda. | |

**Başyna goýberilýän usul**

| | |
|---|---|
| Äheňi-ylalaşykly | Iş toparda öz akymyna gidýär. |
| Öwmek, käýinç bermek ýok | Lider görkezme bermeýär. |
| Hiç hili hyzmatdaşlyk ýok. | Işiň bölümleri aýry-aýry höweslerden durýar ýa-da |



gurluşyna-da şu jähtden çemeleşmek mümkin. Bu ýagdaýda esasy zat toparlaýyn işiñ gurluşynyñ seljermesi bolup, bu bolsa toparyñ her bir agzasynyñ bilelikdäki işdäki hyzmatyny seljermekligi göz öñünde tutýar. Başga bir tarapdan toparyñ möhüm häsiýetnamalarynyñ biri toparyñ duýgy-emosional gurluşy, şahsyýetara gatnaşyklaryñ gurluşy hem-de onuñ toparlaýyn işiniñ hyzmat gurluşy bilen baglanyşygydyr. Sosial psihologiýada bu iki gurluşyñ baglanyşygy köplenç « resmi däl » we « resmi » gatnaşyklaryñ arabaglanyşygy diýip atlandyrylýar.

Görnüşi ýaly "toparlaýyn tutumlaryň" görnüşlerini anyklamak diñe tehniki ýumuş däldir. Ýokarda bellenişi ýaly, toparda geçýän bu tutumlaryñ toparyñ beýleki häsiýetnamalary bilen "birleşdirilmegi" heniz sosial psihologiýada gutarnykly çözlen mesele däldir. Eger-de gözbaşy usulyýet düzgüninden ugur alynsa, onda toparlaýyn tutumlara toparyñ işini guraýan tutumlary goşmak maksadalaýykdyr. Bu ýagdaýda agzalan tutumlary K.Lewiniñ "toparlaýyn dinamika" mekdebinde ýüze çykarylan hadysalary bilen baglanyşdyrmak wezipesi ýüze çykýar. Esasy mesele "toparlaýyn dinamika" taglymatynda teklip edilen zatlary oñyn nazaryýet nusgasynda düşündirip, topara işiň subýekti hökmünde düşünmek taglymaty nukdaýyndan olaryñ özboluşly mazmunyny açyp görkezmekden ybaratdyr.

Toparlaýyn tutumlaryñ häsiýetnamasy bilen baglanyşykly meseläniñ başga bir tarapy adaty sosial psihologiýada umuman seýrek seredilendir. Gürrüñ

toparyñ **ösüşi** barada barýar. Toparyñ ösüşi meselesi, köplenç, bu ösüşiñ dürli derejelerini ýüze çykarmak, bu dürli derejelerdäki toparlaýyn işiñ dürli görkezijileriniñ özboluşlygyny derñemek maksatnamasyna gönükdirilendir. Şeýle çemeleşme bolmasa toparyñ ösüşini doly suratlandyryp bolmaz. Toparyñ ösüşi meselesi hakynda belli bir maglumatlar toparlaýyn tutumlaryñ agzalan nukdaýyndan öñki sowet sosial psihologiýasynda hem berlendir. Toparlaýyn tutumlaryñ ösüşi, elbetde, bölekleýin seljerilişi hem bilner. Bu ýagdaýda toparyñ kadalarynyñ gymmatlyklarynyñ, şahsyýetara gatnaşyklar ulgamynyñ we ş.m.ösüşi aýry-aýry seredilýär.

Şeýlelikde, toparyñ düzümi, gurluşy we toparlaýyn durmuşyñ işjeñligi – bularyñ hemmesi sosial psihologiýada topary beýan etmegiñ hökmany görkezijileridir.

Düşünjeler toplumynyñ beýleki bir bölegi **indiwidiñ topardaky ýagdaýy, onuñ agzasy hökmündäki orny** baradadyr. Bu ýerde ulanylýan düşünjeleriñ ilkinjileriniñ biri "dereje-at abraý" ýa-da "orun" bolup, ol indiwidiñ toparlaýyn durmuş ulgamyndaky ornuny añladýar. "Dereje" we "orun" adalgalary dürli awtorlarda bir-birine başgarak mazmunda baglanyşdyrylsa-da köplenç ugurdaş hökmünde ulanylýar.[1] "Dereje" düşünjesi sosial-psihologik derñewlerde giñden ulanylsa-da, onuñ

[1] Seret : Božowiç L.I. Liçnost i ýeýo formirowaniýe w detskom wozraste. M., 1966



aşyrylyş tilsimi /usullary, tärleri/. Şuňa laýyklykda üç usulyň her birini iki häsiýetnama boýunça şeýle beýan etmek mümkin:

| Görnüş tarapy | Mazmun tarapy |
| --- | --- |
| **Awtoritar usul** | |
| Işewür, gysga görkezmeler | Iş toparda öňünden meýilnamalaşdyryl-maýar /doly göwrü-minde/. |
| Gadagan etmeklilik sypaýyçylyksyz, gazaply, | Işiň diňe gös-göni maksatlary kesgitlenip, galany nämälim bolup galýar. |
| Dili düşnükli, äheňi ýakymsyz. | Ýolbaşçynyň sözi aýgytlaýjy. |
| Öwmekligi we käýinji subýektiw häsiýetli | |
| Emosiýalar, duýgular hasaba alynmaýar. | |
| Usullary görkezmek adaty däl | |
| Lideriň orny toparyň daşynda | |

orny bilen baglanyşyklydyr. Tejribeler Lewin Faşistik Germaniýadan, ikinji jahan urşy başlanan wagty ABŞ-a emigrasiýa gidenden soňra geçirilip, awtor üçin degişli syýasy bahalandyryşa eýe boldy. Özüniň antifaşistik garaýşyny aýan edip, Lewin “awtoritar”, “demokratiki” adalgalaryny belli syýasy manyda ulanýar.Ýöne bularyň hemmesi diňe şertli aňlatma bolup, psihologik tejribelerde awtoritarizmiň ýa-da demokratizmiň syýasy durmuşdaky manysyny ýüze çykarmak maksat edilip goýuldy diýmek nädogrydyr. Hakykatda bolsa gürrüň diňe karara gelmekligiň görnüşiniň psihologik şekili hakynda barýar. Ýüze çykarylan ýolbaşçylyk usullaryň hiç hili syýasy manysy ýokdur. Ýöne adalga derňewlerde mümkingadar syýasy gabat gelmeleriň bolýanlygy zerarly kynçylyk döredýär. Şonuň üçin sosial psihologiýada haçan-da “awtoritar”, “demokratik” ýa-da “başyna goýberilen” ýaly liderçiligiň usullary barada gürrüň açylanda her gezekde nämäniň göz öňünde tutulýandygyny ýörite nygtamak zerurdyr. Kähalatlarda bu adalgalaryň şeýle bulaşyklygyndan dynmak üçin ýörite adalgalary kabul etmek hödürlenýär. Meselem, görkezme beriji “direktiw”, köp maslahatly “kollegial” we “rugsat ediji” /liberal/ usullar girizilip, ýöne olaryň psihologik şekilleri öz durnuklylygyny saklaýar. Bu babatda Lewin tarapyndan ýüze çykarylan liderçiligiň usullarynyň nämäni aňladýandygyny takyklamalydyr. Şeýle synanyşyklar köp edilip, olaryň netijesinde meseläniň iki tarapy takyklandy: toparda lideriň teklip edýän çözüşleriniň mazmuny we bu çözüşleriň amala



mazmuny gutarnykly kesgitlenen däldir. Bu düşünje esasan şahsyýetara gatnaşyklarynyñ gurluşyny beýan etmekde ulanylyp, bu ugurda derejäni, at-abraýy öwrenmeklik üçin ýörite sosiometrik usuly uýgunlaşdyrylandyr. Ýöne şeýle usulda kesgitlenen indiwidiñ at-abraýyny doly we gutarnykly hasaplamak bolmaz. Birinjiden, indiwidiñ topardaky orny diñe onuñ sosiometrik at-abraýy bilen kesgitlenmeýär : indiwidiñ diñe toparyñ agzasy hökmünde beýleki agzalary özüne bent etmekligi möhüm bolman, onuñ toparyñ işiniñ gurluşyndaky kabul edilişi-de ähmiýetlidir. Soñky sowala diñe sosiometrik usulynyñ üsti bilen jogap bermek kyndyr. Ilkinjiden, at-abraý hemişe indiwide obýektiw mahsus bolan, onuñ topardaky ornuny kesgitleýän häsiýetnamalaryñ hem-de onuñ beýleki agzalar tarapyndan subýektiw kabul edilişiniñ birligi bolup durýar. Sosiometrik usulda at-abraýýñ iki düzüjisini häsiýetlendirmeklige synanyşyk edilse-de /kommunikatiw-maglumat alyşmak we gnostiki-akyl ýetiriş/, ýöne hakykatda onda duýgy-emosional gatnaşyklaryñ iki düzüjisi göz öñünde tutulýar /indiwidiñ beýleki agzalara bolan duýgusy we beýlekileriñ oña bolan duýgysy/. Hakykatda bolsa gürrüñ at-abraýyñ obýektiw we subýektiw häsiýetnamalarynyñ utgaşmasy barada barýar. Üçünjiden, indiwidiñ topardaky at-abraýynyñ häsiýetnamasynda bu toparyñ özüniñ-de degişli bolup durýan sosial ulgamynyñ  gatnaşyklary göz öñünde tutulmalydyr. Bu ýagdaý toparyñ agzasynyñ takyk orny üçin dahylsyz däldir. At-abraýyñ bu üçünji

sypaty-da sosiometrik usul arkaly kesgitlenişde göz öñünde tutulmaýar. Indiwidiñ topardaky at-abraýyny kesgitlemekligiñ göwnejaý usulyny döretmek meselesi diñe şol bir wagtyñ özünde bu düşünjäniñ nazaryýet çözlüşi bilen bilelikde çözlüp bilner.

Indiwidiñ topardaky häsiýetnamasynyñ başga biri **"orundyr"**. Adatça orny at-abraýyñ dinamiki-işjeñ tarapy hasap edýärler. Ýöne bu giñden ýaýran kesgitleme düşünjäniñ manysyny doly açyp görkezmeýär. At-abraýyñ işjeñ jähtini toparyñ işiniñ mazmuny arkaly şahsyýete teklip edilýän hakyky hyzmatlary anyklamak arkaly kesgitlemek maksadalaýykdyr.

Eger-de özboluşly topar bolan maşgalany alsak, onuñ mysalynda at-abraýyñ ýa-da derejesiniñ hem-de ornuñ arasyndaky özara gatnaşyga göz ýetirip bilýäris. Maşgalada onuñ her bir agzasyna degişlilikde dürli at-abraý häsiýetnamalary bolýar : enäniñ, atanyñ, uly gyzyñ, kiçi ogluñ we ş.m. at-abraýy. Eger-de indi toparyñ her bir at-abraýa "ýöňkeýän" hyzmatlarynyñ jemini beýan etsek, onda enäniñ, atanyñ, uly gyzyñ, körpe ogluñ we ş.m. orunlarynyñ häsiýetnamasyny alarys.Orny haýsydyr bir üýtgemeýän zat hökmünde göz öñünde getirmek bolmaz : onuñ üýtgeýjiligi at-abraý saklanan wagtynda oña utgaşýan hyzmatlaryñ toplumynyñ dürli toparlarda güýçli üýtgeýänliginde ýüze çykýar; bu ýagdaý hut toparyñ öz ösüşinde, şeýle hem, bu toparyñ goşulýan giñ sosial gurluşynyñ ösüşinde şeýle häsiýetdedir.



aýratyn sypatlary bilen däl-de, olara ýokary derejede täsir edip bilýänligi bilen tapawutlanýar.[1]

**Liderçiligiñ usuly** Bu meselä girişmezinden ozal bellenmeli zat-sosial psihologiýanyñ däbinde ýolbaşçylygyñ däl-de, hut liderçiligiñ usuly meselesiniñ, derñelýändigini nygtamakdyr. Adalgaryñ ýokarda görkezilen iki manyly ulanylyşy zerarly köplenç bu meseläni ýolbaşçylygyñ usuly diýip atlandyrýarlar. Gynansak-da, şeýle yzygiderliligiñ ýoklugy bu ugurdaky amala aşyrylan deslaby tejribelerinde hem /Lewiniñ, Lippitiñ we Uaýtyñ ýolbaşçylygynda «toparlaýyn dinamika» mekdebinde geçirilen tejribeler/ duýulýar. Tejribe ýetginjek çagalar toparynda /11-12 ýaşly oglanlar/ geçirilip, onda çagalar ulularyň ýolbaşçylygynda ýörite materialdan ýüzüň nikabyny ýasadylar.Üç toparyň ýolbaşçylary /çagalar toparynda özakymlaýyn dörän liderler däl-de, uly adamlardan ybarat ýolbaşçylar/ ýolbaşçylygyň dürli usulyny görkezip, tejribeçiler soňra üç toparyň işiniň netijeliligini deňeşdirdiler.Ulularyň ýüze çykaran ýolbaşçylyk usullary şu günki güne çenli sosial psihologik edebiýatda meşhur bolan “awtoritar”, “demokratiki” we “başyna goýberilen” adalgalar bilen aňladyldy. Aslynda “başyna goýberilen” adalgasy Lewiniň adalgasynyň erkin terjimesi bolup durýar./ Görkezilen adalgalaryň atlandyrylyşy Lewiniň şahsy terjimehaly we durmuş

[1] Žerebsowa N.S. Liderstwo w malyh gryppah obýekt sosialno-psihologiçeskogo issledowaniýa //Rukowodstwo i liderstwo. L.,1978, 59 sah.

diýip atlandyrylýan ugurda berlip, onda liderçilik toparda şahsyýetara gatnaşyklaryny guramak tutumyny dolandyrmaklygyñ subýektidir. Şeýle çemeleşişde liderçilik toparyñ hyzmaty bolup, onuñ öwrenilişi ilkinji nobatda toparyñ maksadynyñ we wezipesiniñ nukdaýyndan amala aşyrylmalydyr /ýöne lideriñ şahsyýetiniñ gurluşy ünsden düşürilmeli däldir/. Mundan başga-da toparyñ durmuşyna degişli beýleki üýtgeýjileri-de /meselem, onuñ ýaşaýşynyñ dowamlylygy/ öwrenmek teklip edilýär. Görnüşi ýaly çemeleşişiñ "sintetik" häsiýeti köp derejede liderçiligi öwrenmeklige toplumlaýyn çemeleşmek bilen gatyşdyrylýar. Bu babatda sintetiki taglymatyñ birnäçe artykmaçlygy bardyr.

Peder sosial psihologiýamyzdaky derñewleriñ köpüsi, daşky tarapdan, bu taglymatyñ çäginde amala aşyrylýan bolsa-da, bu işlerde topardaky dinamiki proseslere täze usulyýet çemeleşiş bilen baglanyşykly täzelikler duýulýar. Toparlardaky liderçilik hadysasyny derñemegiñ ýene-de ugry ony bilelikdäki işiñ ýerliginde seredilmek bilen baglanyşyklydyr. Bu düzgün esasynda ýöne bir "ýagdaý" seredilmän, toparlaýyn işiñ takyk wezipesi öñe sürülýär. Bu wezipäni ýerine ýetirmek tutumynda toparyñ agzalary topary belli bir maksada ýetmek üçin gurap bilijilik ukybyny ýüze çykarýarlar. Bu tutumda lider toparyñ beýleki agzalaryndan özüniñ



Maşgaladan alnan mysalymyz bu kanunalaýyklygy aýdyñ görkezýär: taryhy ösüşiñ tutumynda är-aýalyñ orunlarynyñ üýtgeýşi - häzirki zaman sosial psihologik derñewleriñ wajyp ugrudyr.

Indiwidiñ topardaky ýagdaýynyň häsiýetnamasynyñ möhüm düzüjisi **"toparlaýyn garaşmalaryñ"** ulgamydyr. Bu ýörite sosial psihologik adalga toparyñ her bir agzasynyñ diñe öz hyzmatlaryny ýerine ýetirmek bilen çäklenmän, onuñ hökmany ýagdaýda başgalar tarapyndan kabul edilýändigini, bahalandyrylýandygyny añladýar. Mundan başga-da bu adalga her bir at-abraýdan hem-de her bir orundan belli bir hyzmatlaryñ ýerine ýetirilmekligi garaşylýandygyny, üstesine-de olaryñ diñe bir toplumyna däl-de, bu hyzmatlaryñ belli bir hiliniñ ýerine ýetirilişine garaşylýandygyny görkezýär. Topar her bir orna degişli özüñi alyp barşyñ bu garaşylýan nusgalarynyñ ulgamynyñ üsti bilen özüniñ agzalarynyñ işine gözegçilik edýär. Kähalatlarda toparyñ haýsydyr bir agzasyna degişli garaşmalar bilen onuñ hakyky özüñi alyp barşynyñ, öz ornuny ýerine ýetirişiniñ hakyky usulynyñ arasynda gabat gelmezlik bolýar. Bu garaşmalar ulgamynyñ ýüze çykarylmagy, toparda kesgitlenmegi üçin toparda ýene-de iki sany hadysa bardyr: **toparlaýyn kadalar** we **toparlaýyn çäklendirmeler.**

Ähli toparlaýyn kadalar sosial kadalardyr. Başgaça aýdanyñda olar tutuş jemgyýet we sosial toparlar hem-de

olaryñ agzalarynyñ özüni alyp baryşlary dogrusynda hökmanylyk görkezmeleri, nusgalary, ülñüleridir.

Sözüñ has dar manysynda toparlaýyn kadalar – bu topar tarapyndan döredilen, ol tarapdan kabul edilen we bilelikdäki işiñ amala aşyrylmagyna mümkinçilik dörär ýaly toparyñ agzalarynyñ tabyn bolmaly belli bir düzgünleridir. Diýmek, işe degişlilikde kadalar dolandyryjy hyzmaty yerine ýetirýär. Toparyñ kadalary gymmatlyklar bilen baglanyşyklydyr. Onuñ sebäbi islendik düzgünler haýsydyr bir sosial ähmiyetli hadysalary ykrar ýa-da ret etmek esasynda döredilýär. Her toparyñ gymmatlyklary sosial hadysalara belli bir gatnaşyklary döretmek esasynda döräp, bu gatnaşyklar bolsa toparyñ jemgyýetçilik gatnaşyklaryndaky orny, onuñ belli bir işi guramakdaky tejribesi bilen kesgitlenýär. Gymmatlyklar meselesi doly ýagdaýda sosiologiýada öwrenilýän bolsa-da, sosial psihologiýa üçin sosiologiýada alnan maglumatlara daýanmak örän möhümdir. Olaryñ arasynda has möhümi toparyñ iş-durmuşy üçin dürli gymmatlyklaryñ dürli ähmiýetliligi, olaryñ jemgyýetiñ gymmatlyklary bilen baglanyşygydyr. Haçan-da gowy, erbet , bagt we ş.m. ýaly umumy we sowa düşünjeler hakynda gürrüñ edilende, bu derejede gymmatlyklar ähli jemgyýetçilik toparlary üçin umumydyr. Şonuñ üçin olar jemgyýetiñ gymmatlygy hökmünde seredilip bilner. Emma zähmet, bilim, medeniýet ýaly takyk jemgyýetçilik hadysalary bahalandyrylanda bolsa, toparlar kabul edilen bahalandyryş esasynda bir-birinden tapawutlanyp



Şeýle pikir ýöretmelerdäki göze görnüp duran kemçiligi ýeñip geçmek maksady bilen Hartli näme üçin diñe belli bir adamlaryñ lider bolýandygyny, näme üçin onuñ döreýşini diñe ýagdaýyñ kesgitlemeýändigini düşündirýän dört "ülñüni" teklip etdi. Birinjiden, Hartliniñ pikiriçe, eger-de kimdir biri bir ýagdaýda lider bolsa,onuñ başga bir ýagdaýda hem lider bolmaklygy mümkindir. Ikinjiden, stereotipleriñ täsiri netijesinde bir ýagdaýda ýüze çykan liderler kähalatlarda topar tarapyndan "umumy lider" hökmünde kabul edilýär. Üçünjiden, adam bir ýagdaýda lider bolup abraý gazanýar we bu abraý oña başga bir ýagdaýda hem lider bolmaklyga ýardam edýär. Dördünjiden, adama hakykatdan hem belli bir sypatlar mahsus bolup, şonuñ üçin aýry-aýry adamlara "kär agtarmak" häsiýetlidir: munuñ netijesinde olar özlerini hut şu "kär berler" ýaly alyp barýarlar. Liderçiligiñ pursatlaýyn taglymatyndaky onuñ çendanlyga syrykdyrylmak häsiýetini ýeñip geçmek üçin getirilen pikir ýöretmeler örän ýabygorlydyr. Hakykatda bu ýerde meseläniñ hakyky seljermesi däl-de, syn etmä esaslanýan birnäçe ýiti belliklerdir. Muña garamazdan pursatlaýyn taglymat örän meşhur boldy : hut şonuñ esasynda "toparlaýyn dinamika" mekdebinde liderçiligiñ köp sanly tejribe derñewleri geçirildi.

Ylmyň taryhynda bolşy ýaly, bu iki sany çendan birtaraplaýyn çemeleşişi üçünji, meseläniñ has ylalaşykly çözlüşini berýän görnüşini döretdi. Bu üçin görnüş **"liderçiligiñ jemleýji-sintetiki taglymaty"** –

tapawutlandyryp, birinjiniñ "asman paýhasy Hakdan berlendir" – diýip belleýär"[1].

Sypatlar taglymatynyñ deregine täze düşündiriliş döräp ol **"liderçiligiñ pursatlaýyn taglymaty"** taglymatynda jemlenipdir. Bu taglymatda sypatlar taglymaty doly inkär edilmän, ýöne liderçilik esasan ýagdaýyñ önümi hasaplanýar.

Toparlaýyn durmuşyñ dürli ýagdaýlarynda aýry-aýry agzalar öñe saýlanyp, olar beýlekilerden iñ bolmanda bir häsiýetiniñ artykmaçlygy bilen üstem bolýarlar; hut şu ýagdaýda üstem häsiýetleriñ zerurlygy sebäpli, bu sypatlary özünde jemleýän adamlar lider bolýarlar. Şeýlelikde, häsiýetleriñ dogabitdiligi pikiri ret edilip, lider takyk ýagdaýda özüne mahsus sypatlary beýlekilerden ökde, işjeñ ýüze çykarýar diýen pikir kabul edilýär. Lideriñ sypatlary ýa-da häsiýetleri çendan-otnositeldir. Liderçiligiñ pursatlaýyn taglymatynyñ hut şu häsiýeti Piaže tarapyndan tankytlanyp, onuñ pikiriçe bu ýagdaýda lideriñ işjeñligi meselesi aradan aýrylyp, ol haýsydyr bir ýelgamaga, pyrlampaja öwrülýär. Pursatlaýyn taglymatyñ bu gowşaklygyny oña soñra edilen goşuntgylar-da halas edip bilmedi : bu taglymatyñ bir görnüşinde lideriñ döreýşinde esasy pursat onuñ topar tarapyndan hödürlenmegi, toparyñ bu adam dogrusynda zerurlyk küýsemegi bolup durýar diýen pikir öñe sürülýär / bu çemeleşiş kähalatlarda hyzmatlaýyn çemeleşiş diýip hem atlandyrylýar/.

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001, 191 sah.



başlaýarlar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy gymmatlyklaryñ derejeleýin gurluşyndan ugur alyp: "Döwlet-düşünjedir, pikir gymmatlygydyr: Watan – duýgudyr, kalbyñ gymmatlygydyr" diýip belleýär[1]. Dürli sosial toparlaryñ gymmatlyklary eger-de gapma-garşylykly gatnaşyklarda bolsa, olar bir-birleri bilen gabat gelmän, bu ýagdaýda olara jemgyýetiñ "gymmatlygy" diýmek hem kyndyr. Şeýle gymmatlyklar gatnaşygyñ sosial toparyñ jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ ulgamyndaky özboluşly orny bilen kesgitlenýär.Bu ýagdaý şeýle uly sosial toparlar bolan synplaryñ kadalaryny seljermekde has aýdyñ ýüze çykýar.Toparyñ agzalarynyñ özüni alyp barşyny we işini dolandyrýan kadalar, adatça, toparlaýyn gymmatlyklara daýanýarlar ; bu ýagdaýda gündelik özüñi alyp barşyñ düzgünleri toparyñ aýratyn bir özboluşlylygyny özünde saklamazlygy-da mümkindir. Şeýlelikde, toparyñ kadalary şol bir wagtyñ özünde umumy ähmiýetli kadalary we özboluşly, hut şu topar tarapyndan döredilen kadalary özünde jemleýär. Seljerişiñ takyklygy haçan-da her bir takyk toparyñ iş-durmuşynda, şol bir wagtyñ özünde jemgyýetiñ anyk görnüşinde kadalaryñ bu iki görnüşiniñ aragatnaşygy ýüze çykarylan ýagdaýda gazanylýar.

Sosial psihologiýanyñ bu ugurdaky derñewlerde goýberýän säwliginiñ biri-de toparlaýyn kadalara, daşky, görnüş jähtden çemeleşmegidir : tejribe derñewlerde köplenç ýagdaýlarda indiwidiñ toparyñ kadalaryny kabul

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001, 246 sah.

ýa-da ret etmekliginiñ döredijisi derñelip, onuñ işiñ özboluşlylygy bilen kesgitlenýän mazmuny derñewden daşda galýar. Şol bir wagtyñ özünde indiwidiñ topar bilen özara gatnaşygyna haçan-da onuñ toparyñ **haýsy kadalaryny kabul edip, haýsysyny ret edýänligi** we onuñ **näme üçin şeýle edýänligi** anyklanan ýagdaýynda düşünmek bolýar. Bu zatlar haçan-da toparyñ we jemgyýetiñ toparyň kadalarynyň we gymmatlyklarynyň gabat gelmeýän wagtynda, haçan-da topar jemgyýetiñ kadalary bilen gabat gelmeýän gymmatlyklardan ugur alyp bilýän wagtynda aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

Toparlaýyn durmuşyň kadalarynyň başga bir tarapy her bir agzanyň kadalary kabul ediş çelgisi bolup durýar. Meseläniň bu bölegi sosial psihologiýada has oňat öwrenilendir. Indiwidiň toparlaýyn kadalary nähili kabul edýänligi, olaryň her biriniň bu kadalary berjäý etmekden näderejede "boýun gaçyrýandygy" we ş.m. sosial we "şahsy" kadalaryň nähili utgaşýandygy dogrusynda düýpli tejribe derňewleri bardyr. Sosial (şol sanda toparlaýyn) kadalaryñ hyzmatlarynyñ biri-de, olaryñ üsti bilen jemgyýetiñ talaplarynyñ adama şahsyýet hökmünde ol ýa-da beýleki toparyñ jemgyýetiñ agzasy hökmünde gönükdirilýänligidir.

Sosial psihologiýa meseläniñ şahsyýetiñ toparlaýyn kadalary kabul ýa-da ret etmek tutumynyñ görnüşi däl-de, onuñ mazmuny seljerilmelidir. Muña mysal edip toparyñ öz agzasynyñ kadalary berjaý etmeýän ýa-da "ýüz öwürýän" ýagdaýlarynda ony kada dolap getirýän çäklendirmeleriñ seljermesini görkezmek



sypatlary dürli ýazarlar "liderçilik" häsiýetleri diýip belläpdir. Olaryñ içinde ugurtapyjylyk, göwünjeñlik, sözleşmäge meýillilik, wäşilik, döwtalaplylyk, özüñe ynamlylyk, dostlaşmaga meýillik /soñ-soñlar Stogdil bulara hüşgärlik, dabaralylyk, şirin dillilik ýaly sypatlary goşupdyr./ Emma bu sypatlaryñ dürli awtorlardaky ýaýbañlygyna nazar salsak, onda bularyñ hiç biri sanawda belli bir orunda durnukly getirilmändir : agzalan sypatlaryñ 65% diñe bir gezek, 16-20%-iki gezek, 4-5%-üç gezek we diñe 5% dört gezek agzalypdyr. "Erkiñ güýji" we "akyl" diýen sypatlar dogrusynda dürli garaýyşlar döräp, bu lider üçin aslynda durnukly sypatlary seçip almak meselesine şübhe döretdi. Stogdiliñ üsti doldurylan sanawy çap edilenden soñra düýpgöter garşylykly pikir döräp, bu taglymat ret edildi.

Bu taglymatyñ garşysyna düýpli bellikleriñ biri Ý.Žennings tarapyndan edilip, ol bu taglymatyñ lideriñ däl-de, tejribeçiniñ sypatlaryny şöhlelen-dirýändigini aýdypdyr. Sypatlar taglymatyndan nägilelik şeýle güýçli bolansoñ onuñ garşysyna hatda "sypatsyz lider" taglymaty-da döredilipdir. Ýöne bu taglymat hem lideriñ nireden döreýändigi, hut liderçilik hadysasynyñ gelip çykyşy hakynda hiç zat aýdyp bilmändir.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adamlaryñ akyl-paýhas gorunyñ asyl durkuna laýyklykda, olaryñ hakaýyl, hanaýyl we hamaýyl derejelerini

çözlüşini guramaly bolup, ýöne at-abraýyñ şeýle hyzmaty ýerine ýetirmegi hökman däldir; ol ülñi, nusga häsiýetde bolsa-da ýumşuñ çözlüşini öz üstüne almazlygy mümkindir. Şonuñ üçin liderçilik hadysasy bu iññän özboluşly hadysa bolup, başga düşünjeler arkaly ony beýan edip bolmaýar.

**Liderçiligiň döreýşiniñ taglymatlary**. Sosial psihologiýada liderçilik hadysasy dogrusyndaky onuñ tebigaty,gelip çykyşy hakyndaky mesele has öñden gozgalýar. Liderçiligiñ gelip çykyşyna düşünmekligiñ üç nazaryýet çemeleşilişi bardyr.

"Sypatlar taglymaty" /kähalatlarda "harizmatiki" taglymat diýlip, "harizma" -hak nazary salnan dürli dini ulgamlarda adamyñ bagtyna inen zat hökmünde düşündirilipdir/. XIX asyryñ ahyryndaky, XX asyryñ başyndaky nemes pshologiýanyñ düzgünlerinden ugur alyp, esasan, lideriñ dogabitdi häsiýetlerine üns berýär. Bu taglymatyñ nukdaýyndan lider bolmak hemme adama başartmaýar, onuñ üçin adam şahsy sypatlaryñ belli bir toplumyny ýa-da belli bir psihologik häsiýetleriñ birleşmesini özünde jemlemeli. Dürli ýazarlar lidere zerur bolan sypatlary ýa-da häsiýetnamalary ýüze çykarmaga synanyşdylar. Amerikan sosial psihologiýasynda bu sypatlaryñ toplumy has endigan bellenilip, bu sypatlaryñ esasynda liderçilige saýlanyp alynýan adamlar üçin testler döredilýär. Ýöne tiz wagtda şeýle ýumşuñ çözülmesiniñ kyndygy aýan boldy. 1940-njy ýylda K.Berd 79 sypatdan ybarat test düzüp, ondaky



bolar. Çäklendirmeler iki görnüşde bolup bilýär : höweslendiriji we gadagan ediji, oñyn we oñyn däl. Çäklendirmeler ulgamy kadalary berjaý etmezligiñ öwezini dolmak üçin däl-de, kadalary berjaý etmekligi üpjün etmek üçin niýetlenendir. Mukaddes Ruhnamada türkmeniñ gadymyýetden gaýdýan milli däpleriniñ hatarynda azgynlyk edenleri maşgalasy bilen obanyñ gyrak-çetine göçürmeklik görkezilýär. Çäklendirmeleri derňemeklik diñe takyk toparlar seljerilende ähmiýetlidir : çünki çäklendirmäniñ mazmuny kadalaryñ mazmuny bilen baglanyşdyrylmadyr.Muña bolsa toparyñ takyk häsiýetleriniñ seljerilişinden üzñe etmek mümkin dädir.

Şeýlelikde, düşünjeleriñ seredilen toplumy diñe bir toparyñ sosial psihologik beýan edilişiniñ serişdesi hökmünde diñe bir düşündirişiñ ülñüsi bolup, ol hökman takyk mazmun bilen doldurylmalydyr.

Şeýle ülñi peýdaly we zerurdyr. Ýöne esasy mesele onuñ hyzmatyna anyk düşünip, ony hakyky toparlarda bolup geçýän anyk tutumlar "salynýan" zada öwürmeli däldir.Bu seljerişiñ ugrunda indiki ädim ätmek üçin toparlaryñ görnüşlerine seretmek zerurdyr.Bu mesele sosial psihologiýa dersiniñ esasy düzüjileriniñ biri bolup durýar.

**Toparlaryñ görnüşleri.** Sosial psihologiýada toparlaryñ görnüşlerini döretmeklige köp sanly synanyşyk edilendir. Amerikan alymy Ýubenk şeýle görnüşleriñ döredilişiniñ ýedi sany düzgünini ýüze

çykardy. Bu düzgünler dürli-dürli häsiýetdedir : medeni ösüş derejesi, gurluşynyñ görnüşi, wezipeleri we hyzmatlary, toparda agalyk edýän aragatnaşygyñ sypatlary we ş.m. Görnüşi ýaly bu esaslar toparyñ dürli erkin häsiýetnamalaryna daýanýar. Bularyñ üstüne ýene-de toparyñ ýaşaýan döwri, onuñ kemala geliş düzgünleri, onda agza bolmaklygyñ elýeterligi we beýleki esaslar goşulypdyr. Ýöne ähli teklip edilen görnüşe bölmeleriñ umumy häsiýeti toparyñ iş-durmuşynyñ görnüşi bolup durýar. Näme-de bolsa görnüşe bölünmäniñ düzgünlerinde ýokarda seljerilen umumy usulyýet çemeleşiş amala aşyrylýar. Eger-de ylmy sosial psihologiýa hakyky sosial toparlary sosial işiñ subýekti hökmünde seretmek düzgünine eýerse, onda toparlaryñ görnüşe bölnüşi üçin başga düzgün talap edilýär. Şeýle görnüşe bölünmäniñ esasy hökmünde toparlaryñ jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ ulgamyndaky ornuna laýyk döredilýän sosiologik görnüşe bölmesi hyzmat edip biler. Ýöne şeýle görnüşe bölmäni bermezden ozal toparlar düşünjesiniñ ýokarda getirilen ulanyşlaryny belli bir ulgama getirmek zerurdyr.

Ilkinji nobatda sosial psihologiýa üçin toparlary **şertli** we **hakyky** görnüşlere bölmek ähmiýetlidir. Ol öz derñewlerini hakyky toparlarda geçirýär.Ýöne bu hakyky toparlaryñ içinde umumy psihologik derñewlerde öwrenilýän hakyky tejribe (laboratoriýa) toparlary-da bardyr. Olardan tapawutlykda hakyky **tebigy** toparlar bolýar. Sosial psihologik derñew bularyñ ikisinde hem amala aşyrylyp bilinse-de sosiologik seljermede ýüze



beýleki agzalara seredeniñde işjeňligiň has ýokary derejesini görkezýän, ýumuş çözlende oña işjeñ gatnaşýan we täsir edýän adamdyr. Şeýlelikde, lider takyk ýagdaýda öñe saýlanyp, öz üstüne belli bir wezipeleri alýar. Galan agzalar liderçiligi **kabul edýärler,** ýagny lidere degişlilikde oña tabyn bolýan, onuñ mysalyna eýerýän ýagdaýdaky gatnaşygy guraýarlar. Liderçilige toparlaýyn hadysa hökmünde seretmek zerurdyr: lider ýekelikde öz manysyny ýitirip, ol mydama toparlaýyn gurluşyñ düzüjisi hökmünde ýüze çykýar: liderçilik bolsa bu gurluşdaky gatnaşyklar ulgamydyr. Şonuñ üçin liderçilik hadysasy kiçi toparyñ dinamiki hadysalaryna degişlidir. Bu hadysa belli bir derejede gapma-garşylyklydyr: lideriñ "döwtalaplyk" derejesi bilen toparyñ beýleki agzalarynyñ onuñ aýgytly hyzmatyny kabul ediş derejesiniñ gabat gelmezligi hem mümkindir. Lideriñ hakyky mümkinçiliklerini anyklamak - munuñ özi toparyñ beýleki agzalarynyñ ony nähili kabul edýändigini ýüze çykarmak diýmekdir. Lideriñ topara edýän täsiriniñ derejesi-de hemişelik ululyk däldir:belli bir şertlerde onuñ liderçilik mümkinçilikleri ýokarlanyp, başga bir şertlerde peselip biler.[1] Kähalatlarda lider düşünjesi "at-abraý" düşünjesi bilen gatyşdyrylmasy göwnejaý däldir: elbetde, lider topar üçin at-abraý bolup durýan-da bolsa islendik at-abraý ony göterýän adamyñ liderçilik mümkinçiliklerini tassyklamaýar. Lider haýsydyr bir toparlaýyn ýumşuñ

[1]Seret: Kriçewskiý R.L., Ryžak M.M. psihologiýa rukowodstwa i liderstwa w sportiwnom kollektiwe. M.,1975.

çözmeklige gönükdirmeli, bu ýumuşlary çözmek üçin zerur bolan serişdeler barada aladalanmaly bolýar. Lider bilen ýolbaşçy öz gelip çykyşy boýunça tapawutlanýanda bolsa,olaryñ işiniñ psihologik häsiýetnamasynda umumy häsiýetler bardyr. Munuñ özi olara birmeñzeş iş hökmünde seretmäge belli bir derejede esas berýär. Ýöne derñewlerde bu meseleler köplenç ýeterlik derejede saýgarylmaýar.

Liderçilik toparyñ belli bir agzalarynyñ özüni alyp barşynyñ sap psihologik häsiýetnamasy bolup, ýolbaşçylyk bolsa köp derejede topardaky gatnaşyklaryñ sosial häsiýetnamasydyr : ilkinji nobatda dolandyryşyñ we tabyn bolmaklygyñ wezipeleriniñ paýlanyşy boýunça liderçilikden tapawutlykda ýolbaşçylyk jemgyýet tarapyndan çäklendirilen hukuk tutumydyr. [1]Ýolbaşçynyñ işiniñ psihologik mazmunyny öwrenmek üçin liderçiligiñ mehanizmi hakyndaky düşünjeleri ulanmak mümkin. Ýöne diñe bu döredijini bilmeklik ýolbaşçynyñ işiniñ doly häsiýetnamasyny bermeýär. Şonuñ üçin bu meseläni seljermekligiñ yzygiderligi şeýle bolmaly : ilki liderçiligiñ döredijisiniñ umumy häsiýetnamasyny ýüze çykaryp, soñra bu döredijini ýolbaşçynyñ takyk işinde düşündirmek.

Ilki döwürde lider takyk ýumuş cözlende topary guramak üçin agzalaryñ özara täsirleri netijesinde öñe saýlanýan toparyñ agzasy hökmünde düşündirilýärdi. Ol

[1] Seret: Wolkow I.P. Stil rukowodstwa pri reşenii zadaç sosialno-razwitiýa kollektiwa predpriýatiýa //Sosialnaýa psihologiýä i sosialnoýe planirowanii. L., 1973. 84-sah



çykarylan hakyky tebigy toparlar uly ähmiýete eýedir. Öz gözeginde bu tebigy toparlar "uly" we "kiçi" diýip atlandyrylýan toparlara bölünýär / kähalatlarda "kiçi" adalgasy bilen tejribe (laboratoriýa) toparlary-da atlandyrylýar : ýöne bu ýerde tebigy kiçi toparlar göz öñünde tutulýar/. Kiçi toparlar sosial psihologiýanyñ özleşdiren obýektidir. Uly toparlar barada aýdylanda bolsa, olaryñ derñewi has çylşyrymly bolup, aýratyn seretmekligi talap edýär. Bu ýerde "uly" toparlaryň-da sosial psihologiýada yzygiderli berilmändigini bellemek gerek: olaryň bir topary has giňişleýin öwrenilip /bular, esasan, uly; **guramaçylyksyz, özakymlaýyn** dörän "toparlar" bolup, "topar" adalgasyny olara ulanmak örän şertlidir/, synp, millet ýaly guramaçylykly, uzak wagtlaýyn hereket edýän beýleki toparlar bolsa derňewiň obýekti hökmünde sosial psihologiýada örän çäkli berlendir. Sosial psihologiýanyň dersi dogrusyndaky başda aýdylan pikir ýöretmeler bu toparlaryň-da seljeriş ulgamyna goşulmagyny talap edýär. Edil şonuň ýaly-da kiçi toparlary hem iki görnüşe bölmek mümkin: daşky sosial talaplar arkaly eýýäm döräp başlan, ýöne entek sözüň doly manysynda bilelikdäki iş esasynda jebisleşmedik toparlar we jemagatlar - kollektiwler, ýagny sosial işiň özboluşly görnüşleri bilen baglanyşykly, ýokary derejede ösen toparlar. /Başga şowly adalga ýoklugy sebäpli toparlaryň birinji görnüşini "kemala gelýän" diýip atlandyrmak oňaýlydyr/. Bu görnüşe bölmäni has aýdyň, şu aşakdaky nusgada görkezmek mümkin.




"Hakyky tebigy toparlardan" başlap toparlaryň ählisi sosial psihologiýanyñ derňew obýekti bolup durýar. "Uly" we "kiçi" toparlaryň içinde özboluşly gyzyklanma döredýänleri bardyr: uly toparlaryň içinde käbir nazaryýetde taryhy ösüşiň dowamynda ýüze çykýan guramaçylykly, durnukly birleşmeler has ähmiýetli bolsa, kiçi toparlaryň içinde jemagatlar - kollektiwler aýratyn gyzyklanma döreder. Soňkular



ýolbaşçy bolsa toparyñ sosial gurama hökmünde resmi gatnaşyklaryny dolandyrýar; 2) liderçilik kiçi gurşaw şertlerinde ýüze çykyp /kiçi topar/, ýolbaşçy bolsa uly gurşawyñ düzüjisi bolup, jemgyýetçilik gatnaşyklaryñ ähli ulgamy bilen baglanyşykly bolýar; 3) liderçilik özakymlaýyn döräp, islendik sosial toparyñ ýolbaşçysy bolsa bellenilýär ýa-da saýlanýar : umuman, ýolbaşçylyk özakymlaýyn däl-de, maksada gönükdirilen, sosial gurluşyñ dürli düzüjileriniñ gözegçiligi astynda döreýär; 4) liderçilik hadysasy durnukly däldir, onuñ durnuklylygy, dowamlylygy toparyñ keýpine bagly bolup, ýolbaşçylyk hadysasy has durnuklydyr; 5) liderçilikden tapawutlylykda elastyndakylara ýolbaşçylyk etmek dürli çäklendirmeleri özünde jemleýän bolsa, bu hukuk liderde ýokdur; 6) ýolbaşçynyñ netijä gelmek tutumy örän çylşyrymly we bu topara garaşly bolmadyk köp sanly şertler bilen aralaşdyrylan bolup, lider bolsa diñe toparyñ işine dahylly meseleler dogrusynda netije gelýär; 7) lideriñ iş ulgamy esasan kiçi topar bolup, ýolbaşçynyñky bolsa has giñdir, çünki ol kiçi topary has giñ sosial ulgamda görkezýär [1]. Bu tapawutlyklary belli bir üýtgeşmeler bilen beýleki awtorlar hem görkezýär.

Görnüşi ýaly lider bilen ýolbaşçy şol bir wagtyñ özünde birmeñzeş görnüşli ýumuşlary çözýärler : olaryñ ikisi-de topary ugrukdyryp, ony belli bir ýumuşlary

---
[1] Seret: Parygin B.D. Osnowy sosialno-psihologiçeskoý teorii. M.,1971. 310-311 s

**Kiçi toparlarda liderçilik we ýolbaşçylyk.**

Kiçi toparyñ dinamiki hadysalaryny häsiýetlendirmekde topar nähili gurulýar, kim ony wezipesini öz üstüne alýar, topary dolandyrmak işiniñ psihologik "şekili" nähili diýen ýaly sowallar tebigy döreýär. Liderçilik we ýolbaşçylyk meselesi sosial psihologiýanyñ esasy meseleleriniñ biri bolup, bu hadysalar diñe bir toparlaýyn işiñ birleşdirilmesine degişli bolman, bu birligiñ alyp baryjysyny-subýektini beýan edýär. Haçan-da bu meselä "liderçilik meselesi" diýilse, onda bu hadysany derñemegiñ örän dar sosial psihologik däbine eýerildigi hasaplanylýar. Häzirki zaman şertlerinde ol topara ýolbaşçylyk etmek meselesi hökmünde goýulsa ýerlikli bolar. Şonuñ üçin adalgalary tapawutlandyryp, "lider" we "ýolbaşçy" düşünjelerini anyklamalydyr. Rus we nemes dilinden tapawutlylykda iñlis dilinde bu iki düşünje "lider" diylip añladylýar. Liderçilik düşünjesi toparda "ýokarlaýyn-wertikallaýyn" döreýän /ýagny edara etmek we tabyn bolmak manyda/ psihologik gatnaşyklaryñ häsiýetnamasyna degişlidir. Ýolbaşçylyk düşünjesi toparyñ ähli işiniñ guralyşyna, ony dolandyryş tutumyna degişlidir.

Sosial psihologiýada "lider" we "ýolbaşçy" düşünjeleriniñ mazmuny kesgitlenendir. Bu mesele has doly B.D.Parygin tarapyndan işlenilip, ol lider bilen ýolbaşçynyñ tapawudyny şeýle berýär: 1) lider esasan toparda şahsyýetara gatnaşyklarynyñ dolandyrýan bolup,



sosial psihologiýanyñ özboluşly derňew obýektidir.Toparlaryň psihologiýasynyñ mundan beýläkki seljermesi şeýle nukdaýda serediler.Ýokarda seredilen aragatnaşygyň we özara täsiriň umumy kanunalaýyklary indi hakyky toparlaryň ýerliginde serediler.

## 10-njy bap. ULY SOSIAL TOPARLARYÑ PSIHOLOGIK HÄSIÝETNAMALARY.

**Uly sosial toparlaryň psihologiýasyny derňemegiň meseleleri.** Sosial psihologik nukdaýdan uly sosial toparlary derňemek birnäçe usulyýet kynçylyklary bilen utgaşýar. Kiçi toparlardaky hadysalary öwrenmekde takyk usullaryň baýlygy şeýle usullaryň uly toparlardaky hadysalary /meselem, synplaryň, milletleriň we beýl./ öwrenmekde ýoklugy bilen çapraz gelýär. Şeýle ýagdaý uly toparlaryň psihologiýasy ylmy seljerişe laýyk gelmeýär diýen pikiriň döremegine sebäp bolýar. Bu derňew ugrunda düýpli ylmy däbiň bolmazdygy şeýle pikiri has-da berkidýär.

Şol bir wagtyň özünde sosial psihologiýa öz düzüminde uly sosial toparlaryň psihologiýasy dogrusyndaky bölüm bolmasa sözüň doly manysynda sosial psihologiýa bolup bilmeýär. Uly toparlaryň psihologiýasyny hat-da sosial psihologiýanyñ goşmaça meselesi /kiçi toparlaryň, şahsyýetiň, aragatnaşygyň psihologiýasy bilen bir hatarda / hökmünde seretmek hem takyk däldir: sebäbi ol bu dersiň köp sanly



Jebislilige şeýle çemeleşiş kiçi topary kemala getirmek meselesine täzeçe çemeleşmäge mümkinçilik berýär. Daşky şertler bilen başy jemlenýän kiçi topar psihologik umumylyk hökmünde kemala gelmek üçin uzak tutumy başdan geçirýär. Bu tutumyň möhüm mazmunlarynyñ biri-de toparlaýyn jebisliligiñ ösmegidir. Bu ösüş tutumynda topar diñe bir kadalary, gymmatlyklary "döretmek", agzalary bolsa ony ýöne «özleşdirmek» bilen çäklenilýär. Toparyñ kem-kemden has çuñ umumylygy döräp, onda toparyñ hut esasy işiniñ gymmatlyklary kem-kemden aýry-aýry indiwidler tarapyndan paýlanyşylyp başlaýar. Bu paýlanyşma gymmatlyklaryñ olara "ýarap" ýa-da "ýaramaýanlygy" üçin däl-de, bu gymmat-lyklaryñ olaryñ bilelikdäki işine goşulýandygy sebäpli döreýär. Toparyñ her bir agzasy üçin iş şeýle ähmiýetli bolup, ol bu gymmatlyklary maglumat geçirişiñ ynançlaryñ ösüşi esasynda däl-de, özleriniñ toparyñ işine doly we işjeñ goşulýandygy üçin kabul edýär. Psihologik jähtde topary döredýän esasy sebäp
bilelikdäki iş bolup durýar. Iş şeýlelikde toparyñ ýaşaýşynyñ diñe daşky şerti bolman, onuñ içki esasydyr. Bu işiñ ösüşi esasynda topar özgerýär, dürli ösüş döwürleri geçýär we kollektiwe-jemagata öwrulýär.

Ýöne toparyñ bu ösüş derejesini ýörite seljermekden ozal toparda bolup geçýän birnäçe dinamiki hadysalaryñ üstünde durup geçmek zerurdyr.

terbiýeçilik işinde amala aşyrylyşynyñ nähili gabat gelýändigini ýüze çykarmaga bagyşlanandyr. Başgaça aýdanyñda derñewde jebisliligiñ iki gatlagy ýüze çykarylýar: "nusga" okuwçyny bahalandyrmakdaky jebislilik we hakyky okuwçylary bahalandyrmakda ýüze çykýan jebislilik. Derñewiñ netijesinde mekdebiñ mugallymlarynyñ hakyky okuwçylara berýän bahalarynyñ umumylygy olaryñ okuwçynyñ nusgasy, ülñüsi hakyndaky düşünjeleriniñ jebisliliginden ýokarydygy anyklandy. Başgaça aýdanyñda hakyky jebislilik işdäki pikirleriñ umumylygy gönüşdäki jebislilikden has ýokarydyr. Dogrusy, derñewiñ ikinji bölümi has üýtgeşik netije berdi. Haçan-da bahalandyrmak üçin okuwçylar däl-de, kärdeş mugallymlar teklip edilende, bu ýagdaýda tersine, nusga mugallym dogrusyndaky gymmatlylyk düşünjeleriñ umumylygy, hakyky kärdeşlere berilýän bahalaryñ umumylygyndan has pes boldy. Bu ýagdaýyñ düşündirilişi belli bir derejede garaşylmaýan häsiýetde bolsa-da, ol esasy düzgüni tassyklaýar: mugallym üçin mugallym esasy işiñ dersi bolman soñ ony bahalandyrmakdaky gymmatlyklaryñ gabat gelmekligi bu toparyñ takyk işiniñ gös-göni düzüjisi däldir. Tersine, nusga ülñi derejedäki mugallym-kärdeş mugallymyñ gös-göni amaly işine goşulýan gymmatlyk bolup durýar. Şeýlelikde, toparyñ hakyky jebisliligi ilkinji nobatda bilelikdäki işiñ dowamynda amala aşyrylýar diýen çaklama tassyklanýar.[1]

[1] Seret : Donsow A.I.Problemy gruppowoý sploçennosti. M.,1979



meseleleriniň biri däl-de, onuň iň bir möhüm meselesi bolup, çünki adamyň psihologiýasynyñ sosial ähmiýetli mazmuny hut uly sosial gurşaw derejede kemala gelýär. Şahsyýeti kemala getirmekde kiçi toparlaryň we gös-göni şahsyýetara gatnaşyklaryň ähmiýeti uly bolsa-da, bu toparlar gös-göni taryhy takyk sosial kadalary, gymmatlyklary, gönükdirilmeleri, islegleri döretmeýär. Jemgyýetçilik psihologiýasynyñ bu we beýleki mazmuly düzüjileri ilkinji nobatda uly toparlaryň taryhy tejribeleri, belgiler, medeni, we aňyýet ulgamlar arkaly jemlenen tejribäniň esasynda döreýär. Bu tejribe adatça kiçi topar we şahsyýetara gatnaşyklary arkaly indiwide ýetirilýär. Şonuň üçin uly toparlaryň sosial psihologik seljermesine indiwidiň psihologiýasynyñ mazmunyny aňlamaklygyň "açary" hökmünde seretmek bolar.

Uly sosial toparlaryň tejribesi bilen bir hatarda jemgyýetçilik psihologiýasynyñ mazmuny düzüjilerine düşünmekde köpçülikleýin sosial hadysalaryň we hereketleriň ähmiýeti uludyr. Jemgyýetçilik üýtgeşmeleriň we özgertmeleriň häsiýeti, rewolýusion (ýa-da oňa garşy) hereketlere gös-göni gatnaşmaklyk, jemgyýetçilik pikiriniň kemala gelşiniň çylşyrymly hadysalary bularyň hemmesi uly toparlaryň psihologik häsiýetnamalaryny döredýän möhüm şertlerdir. Şonuň üçin **uly toparlaryň** hem-de **köpçülikleýin hadysalaryň** we **sosial hereketleriň** sosial psihologik seljermesiniň ulgamy diýilse has takyk bolýar. Emma bu köpçülikleýin hadysalaryň we hereketleriň subýekti uly sosial toparlar

bolup durýanlygy sebäpli bu bölümi gysgaça "uly sosial toparlaryň psihologiýasy" diýip atlandyrmak bolar.

Uly toparlaryň takyk görnüşleriniň psihologik aýratynlyklaryna seretmeklige geçmezden ozal bu seredilişiň möhüm **usulyýet meselelerini** ýüze çykarmak zerurdyr.

Şeýle meseleleriň biri - **haýsy toparlara** "uly" topar diýilýändigini anyklamak bolup durýar. Soňra uly toparlaryň **gurluşy,** onuň esasy düzüjileri, olaryň bir-birine tabynlygy, özara baglanyşygy meselesi. Üçünjiden, topara girýän aýry-aýry **indiwidleriň psihikasynyň toparlaýyn psihologiýanyñ düzüjileri** bilen **utgaşmaklygy** meselesi. Galyberse-de, dördünjiden, bu hadysalary öwrenmekde **haýsy usullaryň** peýdalanmaly ? Görnüşi ýaly bu sowallara jogaby psihologiýadan däl-de, sosiologiýadan agtarmak has maksadalaýyk ýaly. Beýle diýildigi bu meseleler psihologik edebiýatda gozgalmaýar diýildigi däl-de, olara ýeterlik üns berilmeýändigini aňladýar.

Eýsem "uly sosial topar" näme? Topara düşünmekligiň umumy düzgünlerinden ugur alyp, biz bu düşünjä diňe mukdar taýdan kesgitleme berip bilmeris.Ýokarda getirilen nusgada mukdar taýdan "uly" atlandyrylýan toparlar iki görnüşde durýanlygy aýdylypdy: tötänleýin, özakymlaýyn döräp gysga wagtlaýyn ýaşaýan birleşmeler - üýşmeleň, ýygnak auditoriýa we sözüň takyk manysyndaky sosial toparlar - /jemgyýetiň taryhy ösüşinde dörän, jemgyýetiň her bir takyk görnüşindäki jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň



jebislilik, bir tarapdan, bilelikdäki işiñ dersine degişli gymmatlyklaryñ gabat gelmekligi, başga bir tarapdan, bu gabat gelmekligiñ özboluşly işde amala aşyrylmagy hökmünde seljerilmegi maksada laýykdyr.[1]

Jebisliligiñ teklip edilen taglymatynyñ tejribe barlygy birnäçe işlerde amala aşyrylyp, olaryñ arasynda üç esasy ugry ýüze çykarmak mümkin.Olaryñ birinjisi R.S.Nemowyñ we Ý.W. Ýanotowskaýanyñ işlerinde berlip, onda işiñ dürli görnüşlerinde topar üçin aýratyn ähmiýetli gymmatlyklaryñ toplumy ýüze çykarylýar /munuñ üçin deñeşdirme mysalynda talyplar we işçiler toparlary öwrenilýär/. Ikinji ugur W.W.Şpalinskiniñ işleri bilen baglanyşykly bolup, ol jebislilik bilen /GUB-nyñ barlygy hökmünde düşündirilýän/ toparyñ işe ukyplylygy, guramaçylygy we ş.m. görkezijileriniñ arasynda baglanyşygyñ bardygyny ýüze çykarmaklyga gönükdirilendir. A.I.Donsowyñ işi bilen baglanyşykly üçünji ugur bolsa toparlaýyn işjeñligiñ ýadro gatlagyny, ýagny nähili ýagdaýda takyk toparlaryñ amaly işinde bilelikdäki toparlaýyn işe degişli bolan gymmatlyk ugrukmasynyñ gabat gelmekliginiñ ýüze çykýandygyny derñeýär.

Moskwanyñ 14 sany orta mekdebinde geçirilen A.I.Donsowyñ tejribesi mugallymlaryñ işinde olaryñ öz işiniñ gymmaty hakyndaky düşünjeleriñ olaryñ işiniñ "dersi" bolan okuwçy hakyndaky gündelik okuw-

[1] Donsow A.I. Prinsipy sosinalno-psihologiçeskago analiza // teoretiçeskiýe i metodologiçeskiýe problemy sosialnoý psihologii. M,. 1971.71-sah.

gatnaşyklaryň ýüzleý gatlagyna dogry gelýär) jebislilik hakykatdan-da duýgy-emosional baglanyşyklaryň ösüşinde ýüze çykýar. Ikinji derejede (bu gatlaga GUB dogry gelýar) toparyň mundan beýläkki jebisleşmesi bolup, ol bilelikdäki iş bilen baglanyşykly gymmatlyklaryň esasy ulgamynyň gabat gelmeginde ýüze çykýar. Üçünji derejede (muña topar içindäki gatnaşyklaryň "ýadro" gatlagy dogry gelýär) toparyň jebisligi onuň agzalarynyň toparlaýyn işiň umumy maksady paýlaşýandygynda ýüze çykýar. Bu ýerde bellemeli düýpli pursatlaryň biri jebisligiň ösüşiniň diňe maglumat alyşmak amalyýetiniň ösüşiniň hasabyna däl-de (meselem, Nýukomda bolşy ýaly), bilelikdäki işiň esasynda amala aşyrylýandygydyr. Mundan başga-da toparyň birligi onuň agzalarynyň gymmatlyk ugrukmalarynyň **meňzeşligi** hökmünde däl-de, bu meňzeşligiň toparyň agzalarynyň bilelikdäki işi ýerine ýetirende olaryň **amaly hereketleriniň düzümine goşulýandygy** hökmünde düşündirilýär. Jebislilik şeýle düşündirilende seljerişiň üçünji derejesi – gymmatlyk ugrukmasynyň birligini ýüze çykarmakdan birligiñ has ýokary görnüşini –toparlaýyn işiñ maksadynyñ birligini ýüze çykarmak meselesi döreýär. Bu soñky jebisliliginde ýokary derejesi bolup durýar. Bilelikdäki işiñ maksatlarynyñ hut özüniñ-de belli bir gymmatlyk bolup durýanlygy sebäpli toparlaýyn işiñ maksatlarynyñ gabat gelmekligini-de, şol bir wagtyñ özünde toparyñ gymmatlyk birliginiñ ýokary derejesi hökmünde seretmek mümkin. Şeýlelikde, derñew amalyýetinde



ulgamynda belli bir orun tutýan, şonuň üçin uzak wagtlaýyn, durnukly ýaşaýan toparlar.Ikinji nobatda şeýle topara sosial synplary, dürli etniki toparlary/ olaryň esasy görnüşi - millet/, hünär toparlary, jyns,ýaş toparlary /bu nukdaýdan ýaşlar, aýallar, garrylar ýaly toparlary ýüze çykarmak mümkin/ degişlidir.

Belli bir nazaryýet nukdaýda "uly" toparlaryň ikinji görnüşiniň sosial psihologik öwrenilişi has ähmiýetlidir. Çünki taryhy tutumyň psihologik häsiýetnamalaryna düşünmekde bu toparlaryň peýdasy uludyr. Üstesine-de birinji görnüşdäki "toparlarda" geçýän hadysalar sosial psihologiýanyň beýleki bölümlerinde /meselem, jemagat - kollektiwleýin özüňi alyp barşyň ýagdaýlarynda täsir ediş usullary derňelende/ giňişleýin beýan edilýär.

Şeýlelikde, bu görkezilen uly sosial toparlara sosial psihologik nukdaýdan ähmiýetli bolan birnäçe umumy sypatlar mahsus bolup, olar bu toparlary kiçi toparlardan tapawutlandyrýar. Uly toparlarda kiçide bolmaýan sosial özüňi alyp barşyň özboluşly dolandyryjylary bardyr. Bulara **ahlak, däp-dessur, adat** degişlidir.Olaryň barlygy özboluşly jemgyýetçilik amalyýeti bilen baglanyşykly bolup, oňa laýyklykda hem ýüze çykýar we ýaşaýar. Şeýle toparlaryň durmuş ornunyñ aýratynlygynyň özüňi alyp barşyň özboluşly dolandyryjylary bilen bilelikde seredilmegi olaryň möhüm häsiýetnamasy bolan **durmuş keşbini** berýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmeniñ dünýä halklarynyñ gözüne ilýän durmuş keşbiniñ

özboluşlylygyny bir jahankeşde akyldaryñ galdyran ýazgysynyñ üsti bilen berýär: "Türkmen bu dünýä şatlyk seçip, gazananyny sowurmaga geläýen ýaly"[1]…

Sosial psihologik jähtde durmuş keşbiniň öwrenilişi adamlaryň arasynda döreýän aýratyn görnüşli baglanyşyklary, aragatnaşygyň aýratyn görnüşini öwrenmekligi göz öňünde tutýar. Belli bir durmuş keşbiniň çäginde **höwesleriň, gymmatlyklaryň, isiegleriň** öwrenilişi aýratyn ähmiýete eýedir. Görkezilen uly toparlaryň psihologik häsiýetnamasynda özboluşly diliň bolmaklygy hem aýgytlaýjy orun eýeleýär. Etniki toparlar üçin bu öz-özünden düşnükli bolsa-da, beýleki toparlara degişlilikde "dil" belli bir aňlatmalaryň bolmaklygyny /meselem, hünär toparlaryna ýa-da ýaşlar toparlaryna mahsus özboluşly aňlatmalaryň ulanylyşy/ aňladýar.

Şol bir wagtyň özünde uly toparlara mahsus bolan umumy häsiýetleri çenden aşa nygtamaly däldir. Bu toparlaryň her bir görnüşiniň özboluşlylygy bardyr: synpy, milleti, haýsydyr bir hünäri we ýaşlary bir hatara goýmak bolmaz. Uly toparlaryň her görnüşiniň taryhy ösüşindäki ähmiýeti dürli-dürlüdir: edil şonuň ýaly onuň köp häsiýetleri-de dürli-dürlüdir. Şonuň üçin uly toparlaryň ähli "eriş-argaç" häsiýetnamalary özboluşly mazmun bilen doldurylmalydyr.

Geljekde esasan seljerişiň dersi boljak uly toparlaryň toplumyny kesgitlemek ikinji usulyýet sowala jogap bermäge mümkinçilik döreýär: uly sosial

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap. 100 sah.



meňzeşligi esasynda guralýar. Sosiometriýa öz usulçasyny saýlaw esasynda gurup, bu saýlawyň motiwini görkezmändi. Şol sebäpli ikinji gatlagy (GUB) öwrenmek üçin saýlawyň motiwini ýüze çykarýan başga usulça zerurdyr. Seredýän taglymatymyz bu motiwleri ýüze çykarmaga açary salgy berýär : bu – bilelikdäki işe dahylly bolan gymmatlyk ugrukmalarynyň gabat gelmekligi. Toparlaýyn gurluşyň üçünji gatlagy has çuň ýerleşip, indiwidiň bilelikdäki işe has ýokary "goşulmaklygyny" göz öňünde tutýär: bu derejede toparyň agzalary toparlaýyn işiň maksadyna raýdaş bolýar, ony paýlaşýar, eger-de bu gatnaşyklary, şeýle hem bilelikdäki iş bilen aralaşdyrylan gatnaşyklary derňemeklige usulça tapylsa, agzalaryň bir-birlerini saýlamaklygynyň has ähmiýetli motiwlerini ýüze çykarmak bolardy. Çak bilen saýlawyň motiwleri bu derejede has umumy gymmatlyklary kabul etmek, zähmete beýleki adamlara, dünýä bolan has umumy gatnaşyklar bilen baglanyşykly bolardy. Bu üçünji gatlak toparlaýyn gurluşyň «ýadrosy» hasaplanyp, derňewiň mundan beýläkki gidişi bu gatlagy anyklamaklygyň tärlerini tapmaklyga gönükdirilendir.

Aýdylanlaryň ählisi toparyň jebisliligine düşünmeklige gös-göni dahyllydyr. Bu häsiýetnama bu ýerde toparlaýyn işiň ösüşine laýyk gelýän topar içindäki baglanyşyklaryň ösüşi hökmünde ýüze çykýar. Toparlaýyn gurluşyň üç gatlagy şol bir wagtyň özünde toparyň ösüşiniň we jebisliliginiň üç derejesi hökmünde seredilip bilner. Birinji derejede (bu topar içindäki

bu tapawudy jebisliligi iş düzgüni taglymaty jähtinde düşünmeklige getirýär.

Sosial psihologiýada jebisliligi derňemegiň özboluşly düzgüni A.W.Petrowskiý tarapyndan işlenildi. Ýöne bu pikirleri A.W.Petrowskiniň öň "toparlaýyn işjeňligiň stratometriki taglymaty" soňra bolsa "toparda şahsyýetara gatnaşyklarynyň iş bilen aralaşdyrylanlyk taglymaty" diýip atlandyrylan umumy nazaryýetinden üzňelikde seretmek bolmaz. Öz gezeginde bu taglymat kiçi toparyň ýokary derejesi – kollektiwiň (jemagatyñ) sosial psihologik taglymatyny döretmek synanyşygy bilen baglanyşyklydyr. A.W. Petrowskiniň bu taglymaty soňra seredilmeli bolsa-da, bu ýerde onuň jebislilige çemeleşişiniň üstünde durup geçmeklik ýerliklidir. Esasy pikir kiçi toparyň bütin gurluşyny üç sany (soňky düzedişde – dört) esasy gatlakdan durýanlygyndan ybaratdyr ("strat" - gatlak taglymatyň birinji adyny döredýär): toparlaýyn gurluşyň daşky gatlagy – bu derejede aralaşdyrylmadyk, gös-göni duýgy-emosional şahsyýetara gatnaşyklary bolup, ol adaty sosiometrik usul arkaly öwrenilýär : ikinji gatlak, - has çuň hadysa bolup, "gymmatlyk ugrukmasynyň birligi" (GUB) adalgasy bilen bellenýär we bu ýerde gatnaşyklar bilelikde iş bilen aralaşdyrylýar. Bu aralaşdyrylma toparyň agzalarynyň bilelikdäki işiň tutumyna dahylly esasy gymmatlyklara bolan ugrukmasynyň gabat gelmekliginde ýüze çykýär. Toparyň agzalarynyň arasyndaky gatnaşyklar bu ýerde sulh almaklyk ýa-da almazlyk esasynda däl-de, gymmatlyk ugrukmasynyň



toparlaryň psihologiýasynyň gurluşy nämeden ybarat? Bu sowala jogap bermek üçin birnäçe nazaryýet düzgünlerine, has takygy, jemgyýetçilik psihologiýasynyň jemgyýetçilik gatnaşyklar ulgamyndaky orny dogrusyndaky pikir ýöretmä ýüzlenmek zerurdyr. Sosiologik ýerlikde, mälim bolşy ýaly, "jemgyýetçilik psihologiýa" jemgyýetçilik aňynyň belli bir derejesini aňladýar. Jemgyýetçilik aňy umumy jemgyýetçilik durmuşy şöhlelendirip, ýöne bu şöhlelendirişiň usuly, çuňlugy, derejesi dürli bolup bilýär. Jemgyýetçilik psihologiýa belli bir sosial toparlaryň gös-göni sosial tejribesine daýanmak arkaly ýüze çykyp, mahlasy ol uly toparlaryň, ilkinji nobatda sosial toparlaryň psihologiýasydyr.

Ykdysady ösüş bilen medeniýetiñ taryhynyñ (sözün giñ manysynda) arasyndaky aralaşdyryjy hadysa sosial-ykdysady ösüş arkaly döredilýän adamlaryñ psihologiýasyndaky üýtgeşmeler bolup durýar. Bu üýtgeşmeler her bir aýratyn şahsyýetiñ gonükdirilmesindäki, höweslerindäki ýekebara üýtgeşmeler däl-de, hut uly toparlara häsiýetli üýtgeşmelerdir. Toparyñ ýaşaýşynyñ meñzeş şertleri onuñ agzalarynyñ añyna täsiri iki ugur arkaly amala aşyrylýar:

a) her bir topar agzasynyñ tutumy toparyñ durmuşynyñ sosial-ykdysady şertleri arkaly kesgitlenýän şahsy durmuş tejribesi;

b) köp bölegi şol bir toparyñ sosial gurşawynda geçýän aragatnaşyk arkaly.

Jemgyýetçilik psihologiýasynyñ gurluşy birnäçe düzüjileri özünde jemleýär. Sözüň giň manysynda bu düzüjileri edil aýratyn adamyň psihologiýasynda bolşy ýaly, dürli psihologik ýagdaýlar, psihiki hadysalar we psihiki häsiýetler degişlidir. Has anyk seljeriş maksady bilen jemgyýetçilik psihologiýasynyñ iki düzüm bölegini ýüze çykarmak mümkin: üýtgeýji dinamiki düzüjileri (duýgy, emosiýa) we has durnukly hadysalar bolan endikler, adatlar, höwesleri we ş.m. görkezmek bolar. Alymlaryň köpüsi jemgyýetçilik psihologiýasynyñ esasy mazmuny hökmünde ýokarda görkezilen iki düzüjini görkezýärler: 1)psihiki sypat - has durnukly hadysa /oňa sosial ýa-da milli häsiýeti, ahlagy, däpleri, adatlary we ş.m. goşýarlar we 2) duýgy emosional ulgamy has üýtgeýji hadysa /oňa islegler, höwesler, keýp girýär/.

Bu düzüjileriň her biri ýörite sosial psihologik seljerişiň dersi bolmaly bolsa-da, şu günki güne deňeç sosial psihologiýanyñ bu bölümi ýeterlik işlenen däldir. Bu düzüjileriň mazmuny takyk toparlaryň psihiki aýratynlyklarynyň häsiýetnamasy bilen bilelikde seredilmelidir.

Usulyýet jähtde ýokarda goýlan meseleleriň üçünjisi uly toparyň psihologik häsiýetnamasy bilen topara girýän her bir şahsyýetiň aňynyň utgaşmaklygydyr.Has umumy häsiýetde bu mesele şeýle çözülýär: toparyň psihologik häsiýetnamasy her bir şahsyýete mahsus häsiýetleriň toplumy däl-de, hemme indiwidlere mahsus bolan **umumylykdyr.** Bu sowala jogaby belli bir derejede biz L.S.Wygotskiniň "sosial"



Toparyñ jebisliligini maksatlaryñ iki görnüşiniñ-de amala aşyrylmagyna bagly bolýar. Görnüşi ýaly jebisliligiñ düşündirilişi bu ýerde has ýaýrañdyr.

Eger-de toparyñ esasy birleşdirijisi hökmünde onuñ agzalarynyñ bilelikdäki işi kabul edilse, onda jebisliligiñ derñewine düýpgöter täze çemeleşişi esaslandyrmak mümkin. Toparyñ kemala gelşi we onuñ mundan beýläk ösüşi bu ýerde şu toparyñ jebisliliginiñ artmagy nukdaýda düşünilip, bu tutumyñ esasynda duýgy-emosional ýakymlylyk däl-de, indiwidleriñ bilelikdäki işe okgunly goşulmaklygy ýatýar. Ýöne munuñ üçin jebisliligiñ haýsydyr bir başga esasyny tapmak zerurdyr. Ilkibaşdan bellemeli zat – gürrüñ toparda adamlaryñ bir-birine laýyk gelmekligi barada däl-de, toparyñ jebisliligi dogrusynda gidýändigini nygtamakdyr. Gabat gelmeklik we jebislilik ýakyndan baglanyşykly bolsa-da, bu düşünjeleriñ her biri toparyñ häsiýetnamalarynyñ dürli jähtlerini añladýar. Toparyñ agzalarynyñ bir-birine laýyk gelmekligi toparyñ hut şu düzüminiñ **mümkindigini**, öñde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmäge ýardam edip biljekdigini, olaryñ özara täsirde bolup biljekdigini añladýar. Toparyñ jebisliligi bolsa, onuñ bu düzüminiñ diñe bir mümkindigini däl-de, onuñ iñ ýokary derejede **birleşendigini,** onda toparyñ agzalarynyñ bilelikdäki işiñ maksadyny, bu maksat bilen baglanyşykly gymmatlyklary ýokary derejede paýlaşyp bilýän gatnaşyklaryň aýratyn görnüşleriniň döreýändigini aňladýar. Jebisliligiň gabat gelmeklikden

Adaty sosial psihologiýada, dogrusy, jebisliligi derñemegiñ başga maksatnamasy-da teklip edilendir. Bu T.Nýukomyñ işleri bilen baglanyşyklydyr. Nýukom täze "ylalaşyk" düşünjesini girizip, onuñ kömegi bilen jebisliligi düşündirmekçi bolýar. Ol Morenonyñ we Festingeriñ çemeleşişinden tapawutly pikiri öñe sürüp, onda jebislilik üçin toparyñ agzalarynda belli bir ähmiýetli gymmatlyklara birmeñzeş ugrukmalaryñ döremeginiñ zerurdygyny nygtaýar. Bu pikir öz netijeliligine garamazdan, soñabaka meýdan taglymatynyñ çäklendiriji gysawajyna düşen soñ öz manysyny ýitirdi. Meñzeş ugrukmalaryñ ösüşi, ýagny ylalaşygyñ gazanylmagy indiwidleriñ hereket meýdanyndaky dartgynlygyñ aýrylmagy hökmünde düşünilip, üstesine-de, bu aýrylyş indiwidleriñ belli bir duýgy-emosional hereketleriniñ esasynda amala aşyrylýar diýip nygtalypdyr. Käbir düşündirilişler berilse-de jebisliligiñ duýgy-emosional esasy dogrusyndaky pikir düşündirilişiñ agzalan görnüşinde hem esasy bolupdyr.

Toparyñ jebisliligini onuñ bitewiligini ýüze çykarmak häsiýetde kesgitlemekden ugur alýan birnäçe tejribe derñewleri bardyr. Olaryñ arasynda A. Beýwelasyñ derñewi agzalmaga mynasyp bolup, onda toparlaýyn maksatlaryñ häsiýetine aýratyn ähmiýet berilýär. Toparyñ **operasional** (işewür) maksatlary - bu kommunikasiýa ulgamynyñ göwnejaý ulgamyny guramakdyr; **simwoliki** (oñon) maksatlar – bu topar agzalarynyñ ýekebara niýetlerine laýyk maksatlardyr



we "kollektiwleýin" psihologiýa diýen pikir ýöretmelerinde tapýarys.

Mälim bolşy ýaly "sosial psihologiýa" adalgasy bilen Wygotskiý aýratyn adamyň psihologiýasynyñ sosial döredilişini aňladypdy. "Kollektiwleýin" psihologiýa bolsa, onuň düşünişinde şu günki günde sosial psihologiýa düşünilişi bilen gabat gelýär. Şonuň üçin Wygotskiniň işlerinde "kollektiwleýin psihologiýa" adalgasyna düşünilişine üns bermek zerurdyr. Ol bu düşünjäniň manysyny şeýle düşündirýär: "Biziň ähli gurluşymyz sosial häsiýetdedir: emma bu aýratyn adamyň psihologiýasynyñ ähli häsiýetleriniň diñe bir bölegi şu kollektiwe degişli bolup
biler: şahsy psihologiýanyñ hut şu bölegini onuň kollektiwleýin häsiýetde ýüze çykyşynda kollektiwleýin psihologiýa goşunyň, buthananyň we ş.m. derňemekde öwrenýär." [1]

Topary düzýän, oňa "degişli" bolan indiwidleriň şahsy psihologiýasynyñ hut şol "bölegi" "toparyň psihologiýasy" diýip atlandyrylyp bilner. Bu ýerde "toparyň psihologiýasy" söz utgaşmasy berlendir : toparyň psihologiýasy şol toparyň wekilleriniň ählisine belli bir derejede mahsus bolan şol bir umumylykdyr. Başgaça aýdanyňda umumy ýaşaýyş şertleri bilen döredilen olara mahsus umumylykdyr. Bu umumylyk hemmeler üçin "birmeňzeşlik" däl-de, umumylykdyr. Şonuň üçin sosiologik seljerişde, meselem,

1. Wygotskiý L.S. psihologiýa isskustwa. M.,1968, 31-sah.

aýratyn **"şahsyýetiň sosial sypatyny"** döretmeklige synanyşyk edilip, bu ýerde diňe belli bir döwre ýa-da sosial gurluşa mahsus şahsyýetiň görnüşi göz öňünde tutulman, eýsem has çäkli, sosial topara mahsus görnüş göz öňünde tutulýar : köplenç şahsyýetiň sosial görnüşi belli bir synpyň wekiliniň şahsyýetiniň görnüşi / işçi, daýhan we ş.m. / hökmünde göz öňüne getirilse-de, "şahsyýetiň sosial sypaty" düşünjesi haýsydyr bir hünäriň ýa-da ýaş aýratynlygynyň häsiýetli wekiliniň psihologiýasyna degişlilikde hem ulanylyp bilner /meselem, mugallymyň görnüşi/ : ýöne bu ýerde şol bir wagtyň özünde ýurduň ýa-da döwrüň hem ady tutulýar / "XX asyryň ýaş ýigidi" we ş.m. Bu "umumylygy" bellemek gaty kyn meseledir.Bu ugurda tejribe usullary ulanmak mümkinçiligi örän çäklidir. Ýöne bu usullary ulanmaklygyň çäkliligi belli bir sosial toparyň wekilleriniň psihologiýasynda umumy sypatlaryň bardygyny inkär etmäge esas bermeýär. Bu umumylyk obýektiw bar bolup, ol toparyň hakyky işinde ýüze çykýar.

Bu ýerde tejribe obýektleriň bütin toparyna degişli umumy häsiýetleri ýüze çykarýan düşünjeleriň pelsepe seljerişine meňzeş usuldan ugur almak ýerliklidir. Her bir armyt özüne mahsus häsiýetler bilen armyt bolýan bolsa-da, ol şol bir wagtyň özünde "miwe" bolup durýar: şol bir wagtyň özünde "umuman miwe" diýen zat bolman, ol armyt, garaly we ş.m. görnüşde bolýar.Emma amaly maksatlar bilen biz obýektiw barlygy häsiýetlendirýän "miwe" düşünjesini ulanýarys. Edil



umumy esas derñewlerde ähliumumy bolup galýar. Meselem, kiçi toparlary sosiometrik jähtde derñemek ugurda jebislilik şahsyýetara gatnaşyklarynyñ özara sulh alyşmaklyga esaslanýan, saýlawlaryñ ýokary göterimi arkaly añladylýan derejesi hökmünde düşünilýär. Mälim bolşy ýaly, sosiometriýa ýörite "toparlaýyn jebisliligiñ indeksini" teklip edip, ol özara oñyn saýlawlaryñ umumy sanyny saýlawlaryñ mümkin bolan sanyna gatnaşygy hökmünde hasaplanypdyr. Bu özara saýlawlaryñ mazmun häsiýetnamasy sosiometrik taglymatda nazara alynmaýar. "Toparlaýyn jebislilik indeksi" sap resmi häsiýetnamasy bolup galýar.

Adaty sosial psihologiýada bu meselä ýene-de bir çemeleşiş L.Festinger tarapyndan teklip edilip, onda jebislilik toparda ýüze çykarylýan kommunikatiw baglanyşyklaryñ ýygylygy we berkligi görnüşde düşündirilýär. Jebislilik bu ýerde "toparyñ agzasyny onda saklamak üçin oña täsir edýän güýçleriñ jemi" häsiýetde kesgitlenýär. K. Lewiniñ mekdebiniñ Festingere eden täsiri bu kesgitlemä aýratyn mazmun berdi : "güýç" düşünjesi toparyñ indiwid üçin ýakymlylygy ýa-da onuñ toparda bolmaklygyndan kanagatlanýandygy manyda düşündirilipdir. Ýöne ýakymlylyk we kanagatlanmaklyk toparyñ gatnaşyklarynyñ sap duýgy-emosional manysynda seljerilen soñ, bu çemeleşiş sosiometriýadan tapawutly bolsa-da, jebislilik bu ýerde hem toparyñ agzalarynyñ duýma-emosional sulh alyşmaklygynyñ ulgamy hökmünde göz öñünde getirilipdir.

baglanyşykly giñ toparyna gaýtadan seretmekligi talap edýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaş toparlaýyn basyş hadysasynyñ şahsyýete oñyn mazmunly täsir nusgasynyñ-da bolup bilýändigini molla Azadynyñ ile ýakasyny tanadan ogry barada hemmeleriñ diñe gowy söz aýtmagyny haýyş edip, onuñ halal ýola ugrukmagyny gazanyşynyñ mysalynda görkezýär.[1]

Konformlygy ýüze çykarmaklyga bagyşlanan adaty tejribeler barada aýdylanda bolsa olaryñ bu hadysany ýüze çykarmaklygyñ sap öwreniş tejribeleri bolup galýandygyny bellemek gerek.

**Toparlaýyn jebislilik.** Kiçi toparlary kemala getirmegiñ ikinji bir tarapy toparlaýyn jebislilik meselesidir. Bu ýerde aýratyn indiwidiñ nähili topara goşulyp, onuñ kadalaryny, pikirini, özüñi alyp baryş ülñüsini kabul edişi däl-de, toparda baglanyşyklaryñ aýratyn görnüşiniñ kemala geliş tutumy derñelýär : hut şu baglanyşyklar toparyñ daşdan kesgitlenen gurluşyny adamlaryñ psihologik umumylygyna, öz hususy kanunlary boýunça ýaşaýan psihologik bedene öwrülmegine mümkinçilik berýär.

Toparlaýyn jebislilik meselesiniñ-de öñden gelýän derñew däbi bardyr. Bu däp topara duýgy-emosional esasy bolan şahsyýetara gatnaşyklarynyñ belli bir ulgamy hökmünde düşünmeklige daýanýar. Toparlaýyn jebislilik dürli hili düşündirilse-de ýokarda görkezilen

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001, 301-302 sah.



şonuň ýaly "toparlaýyn psihologiýa" topara girýän şahsyýetleriň aňynda bolup, şol bir wagtyň özünde ol belgiler ulgamynyň üsti bilen isleglere, däplere, medeniýetiň önümlerine we ş.m. goşulyp obýektiw ýaşaýar. Jemgyýetçilik psihologiýasy indiwidlerden, olaryň aňyndan üzňe ýaşamaýar. Ýöne aýry-aýry aňa degişlikde ol aýratyn indiwidiň aňynyň çäginden daşa çykýan we oňa durmuşyň beýleki obýektiw şertleri bilen bilelikde täsir edýän sosial hakykat hökmünde bolýar. Adamyň hereket edýän gurşawynyň goşalanmagy dogrusyndaky fransuz psihology A.Wallonyň pikiri hut şu şerte esaslanýan bolsa gerek. Bu pikir ýöretme kiçi toparlara degişlilikde adalatly bolsa-da, ol uly toparlara degişlilikde hem uly ähmiýete eýedir.

Umumylygy, häsiýetliligi diňe toparyň agzalarynyň indiwidual aňynyň mazmunyny öwrenmek arkaly ýüze çykaryp bolmaz : munuň sebäbi jemgyýetçilik psihologiýa mahsus ähli sypatlaryň toparyň aýratyn agzasyna mahsus bolmaýanlygy bilen düşündirilýär. Aýry-aýry şertlerde toparyň ol ýa-da beýleki takyk wekili bu umumy häsiýetnamalary uly bolmadyk derejede özünde jemlemegi mümkin. Bu diňe bir toparyň agzalarynyň öz aralarynda indiwidual häsiýetnamalary, topar üçin has ähmiýetli işe goşulyş derejesi we ş.m. boýunça tapawutlanýandygy bilen düşündirilmeýär. Şeýle gabat gelmezlik deň derejede jemgyýetçilik psihologiýanyň köp derejede aňyýetiň täsirini kabul edýänligi, aňyýetiň her bir şahsyýetiň dürli derejede özleşdirýänligi bilen düşündirilýär. Şeýlelikde,

toparyň "psihologik sypaty" we oňa goşulýan şahsyýetleriň "psihologik sypaty" doly gabat gelmeýär. Toparyň psihologiýasynyň kemala gelmeginde belgiler ulgamynda berkidilen kollektiwleýin tejribe esasy orny oýnap, bu tejribe her bir şahsyýet tarapyndan doly we birmeñzeş özleşdirilmeýär. Bu tejribäniñ özleşdiriliş derejesi indiwidual psihologik aýratynlyklar bilen "birleşip", L.S.Wygotskiniñ aýdan hadysasyny döredýär : toparyñ psihologiýasyna diñe şahsyýetiñ psihologiýasynyñ "bölegi" "girýär". Bu ýerde uly sosial toparlaryñ psihologiýasyny nähili "usullar bilen öwrenmek bolar" diýen sowala golaýlaşýarys.

Uly sosial toparlaryñ wekilleriniñ psihologiýasynyñ häsiýetli sypatlary ahlaklarda, adatlarda we däplerde berkidilýänligi sebäpli sosial psihologiýa bu ýagdaýda medeni önümleriñ seljermesi bilen meşgullanýan entografiýanyñ usullaryny ulanmaly bolýar. Bu usullar sosial psihologiýada umuman näbelli usullar däldir : W.Wundtyñ "Halklaryñ psihologiýasyny" bilmek üçin dili, mifleri we dini öwrenmek teklibini nazara alsak, sosial psihologiýanyñ özüniñ döreýşiniñ gözbaşynda şeýle usullary ulanma meselesine ýüzlenendigi düşnükli bolýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy halkyñ medeni mirasyny öwrenmegiñ ähmiýetini nygtap şeýle ýazýar: "Biz näme diýip "Gorkut ata" kitabyny, "Görogly" şadessanyny çyn ýürekden söýýäris, çüñki biz ol eserlerde ata-babalarymyzyñ - hakyky türkmeniñ jöwher ýaly ýanyp duran gylyk-häsiýetlerini görýäris, şol gylyk-häsiýetler



Bu pikire görä Aş tarapyndan esaslandyrylan özüñi alyp barşyñ ähli görnüşleri iññän ýönekeý bolup, onda özüñi alyp barşyñ diñe iki görnüşi-konformly we konformly däl görnüşleri tapawutlandyrylýar.Ýöne şeýle ülñi diñe laboratoriýa toparynda ýüze çykyp, bu topar "dagynyk" häsiýetli bolup, bilelikdäki işiñ ähmiýetli häsiýetnamalary esasynda jebisleşen däldir. Hakyky ýagdaýlarda bolsa şeýle işde Aşyñ görkezilenlerinden düýpgöter başga özüñi alyp barşyñ üçünji görnüşi-de ýüze çykyp bilýär. Ol konformly we konformly däl özüñi alyp barşyña sypatlarynyñ ýönekeý birleşdirilmesi bolan /şeýle netije laboratoriýa toparynda bolmagy mümkin/, şahsyýetiñ **toparyñ kadalaryny we ülñülerini añly kabul etmegini** görkezýär. Şonuñ üçin hakykatda özüñi alyp barşyñ iki däl-de, üç görnüşi bolup, bu Aşyñ tejribelerinde göz öñünde tutulmandy[1]. L.W.Petrowskiniñ nusgasy boýunça: 1/ bu bir **topar içindäki yrylmaklyk,** ýagny toparyň pikirini garşylyksyz kabul etmek, 2/ **konformlylyk** –içki tarapdan ylalaşman, daşky tarapdan añlanylan ýagdaýda topar bilen ylalaşmak, 3/ **kollektiwizm** ýa-da kollektiwleýin öz ornuñy kesgitlemek, şahsyýetiñ kollektiwiñ bahasy we wezipesi bilen añly raýdaşlygy esasynda döreýän özüñi alyp barşyñ çenden birmeñzeşligi. Görnüşi ýaly bu nusgada düýpgöter täze hadysa –kollektiw girizilip, ol diñe bir konformlyk bilen baglanyşykly meseläni däl, eýsem olaryñ kiçi topar bilen

[1] Seret: Petrowckiý A.W. Opyt pastroýeniýa sosialnoý psihologiçeskoý konsepsii gruppowoý aktiwnosti //Wopr.psihologii.1973. N-5

toplanan adamlar köpçüligi bolup durýar. Şonuñ üçin bu ýerde toparyñ indiwide edýän täsiri öwrenilenokda, tejribeçiniñ goýan ýumşuny ýerine ýetirmek üçin wagtlaýyn birleşen adamlar toplumynyñ ýagdaýy öwrenilýär diýmek adalatlydyr. Seredilýän tejribeleriñ başga bir usulyýet nätakyklygy oña gatnaşýan indiwidleriñ bir-birine dahylsyzlygy, tejribeleriñ bu aýratynlygyny P.Beýls belläp, ol Aşyñ tejribelerinde indiwidler hakynda mälim zadyñ ýokdugy baradaky meseläni ýiti goýdy. Elbetde, synag edýänleri dürli şahsyýet testlerinden geçirip, olaryñ arasynda dürli şahsyýet häsiýetnamalarynyñ paýlanylýandygyny anyklamak mümkin. Ýöne gürrüñi edilýän tejribede meseläniñ bu tarapy däl-de, indiwidleriñ **sosial** häsiýetnamalary olaryñ gymmatlyklary, ynançlary we ş.m. ýüze çykarylýar. Haýsy toparyñ göz öñünde tutulýandygyny anyklamazdan bu sowala jogap berip bolmaýar. Synag edilýänleriñ indiwidual aýratynlyklary belli bir orun oýnaýar diýiläýen-de hem, hatda bu aýratynlyklar hem ýeterlik göz öñünde tutulmaýar. Alymlaryñ biriniñ çaklaýşy boýunça Aşyñ tejribelerinde-de dürli indiwidler dürli konformlygy ýüze çykarýar : bu topara ýa-da tejribeçä bolan konformlyk bolup biler. Ýokarda seredilen laboratoriýa tejribeleriniñ dowamynda ýüze çykan täsir bu ýerde örboýuna galýar: bu ýerde "öñden görüjilikli bahalandyryş", "rozental täsiri" we ş.m. bolup biler.

Emma konformizm dogrusyndaky tejribeleriñ mazmunyny peseldýän has çuñ pikir ýöretmeler hem bar.



esasynda özümizi terbiýeleýäris"[1]. Elbetde, bu günki günde bu usullar hem düýpli özgerişlere sezewar bolup, olaryñ ulanylyşynyñ umumy nazaryýet nusgasy Wundtyňkydan tapawutly bolup, ýöne umuman şeýle usullaryň toplumynyň ulanylyp bilinjekdigini bellemek galýar. Şeýle usullaryň häzirki zamanda ulanylyşynyň görnüşleriniň biri-de **"medeniýetara"** derňewler bolup, bu ýerde "medeniýetara" adalgasy aslynda **deňeşdirme usullary** göz öňünde tutuýar: bu ýerde dürli "medeniýetleriň" deňeşdirilmesi däl-de, dürli sosial toparlaryň deňeşdirmesi göz öňünde tutuýar. Uly toparyň sosial psihologiýasy öwrenilende **sosiologiýa** adaty bolan usullar, şol sanda statistik seljeriş usullary-da ulanylyp bilner. Şeýle usullaryň kömegi bilen amala aşyrylan derňewleriň netijesi hemme wagt sebäp-netije baglanyşyklary ýüze çykarman, köplenç birnäçe hyzmatlaýyn garaşlylyklary beýan edip, bular bolsa ähmiýetli baglanyşyklary almaga mümkinçilik berýär. Ýokarda sosial psihologik derňewleriň görnüşleri hakynda aýdylanda **baglanyşdyryjy derňew** atlandyrylýan görnüş hem agzalypdy. Ol ikinji nobatda uly toparlaryň psihologik häsiýetnamalary öwrenilende oňaýlydyr. Bu usullardan başga-da belli bir derejede belgiler ulgamynyň seljermesi bilen baglanyşykly sosial psihologiýada uly toparlary öwrenmekde dili öwrenişde kabul edilen usullardan hem peýdalanylýar. Bu ýerde hem toplumlaýyn çemeleşmegi talap edýän obýektleriň seljermesinde duş gelýän meseleler ýüze çykýar.

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. II kitap. 382 sah

Şonuň üçin uly toparlaryň psihologik häsiýetnamalaryny derňemek ugry sosial psihologiýanyñ has "sosiologik" hasaplanýan bölümi bolansoň, köplenç bu bölüm sosial psihologiýa goşulmaýar. Şol bir wagtyň özünde günbataryň sosial psihologiýasynyň ösüşiniň häzirki zaman tapgyrynda hut uly toparlaryň psihologik derňewiniň ünsden düşünilýändigi bellenmelidir. Günbatar Ýewropanyň sosial psihologik nazaryýetlerinde amerikan psihologiýasyna mahsus şeýle ünsden düşünilme güýçli tankyt edilýär. Bu ýerde öňe sürülýän esasy pikir - uly toparlaryň seljermesi bolmasa, sosial psihologiýany sosial edýän esasy "sosial ýerligiň" elden giderilýändigini nygtamakdyr. Bu meseläni derňemekdäki kynçylyklar ony öwrenmeklige gönükdirilen güýçleri köpeldip, ony ünsden düşürmek meýlini ýeňip geçmelidir.

**Synplaryň psihologiýasynyñ aýratynlyklary.** Uly sosial toparlaryň görkezilen dört görnüşiniň arasynda sosial psihologik seljermäniñ dersi bolup durýanlarynyň biri synplardyr. G. Lindseýiñ we E. Aransonyñ tälimçiligindäki sosial psihologiýanyñ köp jiltli gollanmasynda "syny" düşünjesiniñ amerikan we ýewropaly bilermenler üçin dürli manysynyñ bardygy bellenýär. Ýewropalylar üçin bu düşünje has "hakyky", synp hadysasy bilen birleşdirilip, adamyñ syýasy degişliligi bilen baglanyşdyrylýar. Amerikan medeniýeti üçin "işçiler synpy", "buržuaziýa" we ş.m. ýaly düşünjeleri ulanmaklyk ýat bolup, nda "orta



ýagdaýynyñ indiwid üçin ähmiýeti meselesi umumy sosial psihologiýada ýiti durýar. Bu ýerlikde ähmiýetlilik meselesiniñ keminden iki tarapy bardyr. Bir tarapdan, teklip edilýän materialyñ indiwid üçin umuman ähmiýeti barmy ? Aşyñ tejribelerinde bu dürli uzynlykdaky kesimler. Şeýle kesimleriñ uzynlygyny deñeşdirmek umuman az ähmiýetli ýumuş bolup durýar. Birnäçe tejribelerde material üýtgedilip, kesimlere derek geometrik figuralaryñ meýdanyny deñeşdirmek we ş.m. tabşyrylypdyr. Bu özgertmeler, elbetde, belli bir derejede materialyñ synag edilýän üçin ähmiýetini ýokarlandyryp biler. Ýöne ähmiýetlilik meselesi tutuşlygyna çözülmän galýar, sebäbi onuñ başga bir tarapy bar. Ähmiýetlilik sözüñ doly manysynda bu şahsyýetiñ hakyky işi we hakyky sosial baglanyşyklary bilen utgaşan ýagdaýdyr. Bu babatda ähmiýetliligi deñeşdirilýän zady saýlamak arkaly döretmek mümkin däl. Şeýle ýumuşlaryñ çözlüşinde ýüze çykarylýan konformlyk indiwidiñ durmuşyñ çylşyrymly ýagdaýlaryndaky özüni alyp barşyna dahylsyz bolup galmagy mümkindir : kesimleri deñeşdirmekde topara eglişik edip, ýöne adamyñ öz ýolbaşçysy bilen ýüze çykýan dartgynlykda özbaşdaklygyny saklamagy ahmaldyr. Aşyñ tejribeleri hakyky toparda adamyñ hakyky özüni alyp barşynyñ şekilini bermeýär. Bu taglymaty tankyt edýänleriñ köpüsi geçirilen tejribeleriñ netijesiniñ hakyky ýagdaýlara ýaýradyp bolmajakdygyny belleýärler. Konformizmi derñeýän adaty tejribeleriñ ählisinde «topar» hakyky sosial topar däl-de, hut tejribe üçin ýörite

"Oglan geçiñi satuwa alyp barýarmyñ?" sowaly bir-birlerinden bihabar ýaly berip, oglanyñ pikirini üýtgedýärler we sygry geçiniñ bahasyna alýarlar.

Aşyñ usulçasynyñ köp sanly özgertmeleri bolup /meselem, P.Kratçfildiñ usulçasy/, ýöne onuñ hemme ýagdaýda "dildüwşikli topar" mazmuny saklanyp, üstüsine-de toparyñ özi ýörite tejribe maksady bilen tejribehana şertlerinde döredilýär. Şonuñ üçin bu hadysa düşündiriliş berlende we dürli indiwidleriñ konformlyk derejesi kesgitlenende toparyñ bu düýpli aýratynlygy göz öñünde tutulmalydyr. Synag edilýänleriñ berýän hasabaty we tejribeçileriñ gelen netijeleri esasynda birnäçe baglanyşyklar ýüze çykarylýar. Şynag edilýänleriñ hut öz-özlerine baha berşi boýunça olaryñ tabynlyk häsiýeti hut olaryñ öz şahsy aýratynlyklary esasynda düşündirilse-de /öz-özüñe kembaha garamak ýa-da hususy kabul edişiñ şikesliligi /, alymlaryñ köpüsi konformlygy doly adamyñ şahsy aýratynlygy hasaplamaýarlar. Elbetde, konformlyga zehiniñ pesligi, öz-özüñi añlamaklygyñ ýetmezçiligi ýaly şahsy häsiýetnamalaryñ täsir edýänligi-de subut edildi. Ýöne edil şonuñ ýaly-da konformlygyñ derejesine tejribäniñ geçiriliş ýagdaýy toparyñ düzümi, gurluşy ýaly şertleriñ täsir edýänligi-de anyklandy. Ýöne tejribeleriñ usulyýet ýetmezçilikleri zerarly bu häsiýetnamalaryñ konformlyga ähmiýeti ahyryna çenli derñelen däldir.

Şeýle ýetmezçilikleriñ biri-de toparyñ tejribehana-laboratoriýa häsiýeti bolup, ol aýdylýan pikiriñ indiwid üçin **ähmiýetini** doly göz öñünde tutmaýar. Tejribe



synp", "aşaky synp" we beýleki adalgalar has ýörgünlidir. Munuñ sebäbi sosiologik taglymatlarda sosial gurluş "sosial synp" adalgasynyñ ulanylmaýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Elbetde, bu ýagdaý synpyñ psihologiýasynyñ gurluşyny ýüze çykarmakda belli bir aýrabaşgalygy döredýär. Ýöne her ýagdaýda hem sosial psihologik seljermäniñ esasy maksady toparlaryñ psihologik häsiýetnamalary bilen onuñ agzalarynyñ özüni alyp baryş nusgalarynyñ baglanyşygyny ýüze çykarmaklygy gönükdirilmelidir. Sosial psihologik nukdaýdan synplaryň psihologiýasyny derňemegiň üç esasy ugruny ýüze çykarmak mümkin. Birinjiden, taryhda bolan we häzirki wagtda ýaşaýan dürli anyk synplaryň psihologik aýratynlyklaryny ýüze çykarmak. Işçiler synpynyň, daýhanlaryň intellegensiýanyň we ş.m. psihologik keşbiniň häsiýetnamasyna degişli köp derejede sosial psihologik däl-de, sosiologik häsiýetde bolan köp sanly işler bardyr. Ikinjiden, belli bir döwrüň dürli synplarynyň psihologik häsiýetnamalarynda ünsi jemlemek: bu ýerde döwrüň aýratyn "öwüşginini" döredýän dürli synplaryň psihologik häsiýetleriniň arabaglanyşygy seljerilýär. Meselem, Engels öz döwründe irki buržuaz rewolýusiýalarynyň eýýamynyň özboluşlygy, olarda dürli sosial toparlaryň aýratyn pähim-duýgusynyň bolandygyny belläpdi.

Galyberse-de, üçünjiden, synpy psihologiýanyñ we synpyň aýry-aýry agzalarynyň psihologiýanyñ utgaşmaklygy: bu toparyň psihologiýasynyñ oňa girýän

indiwidiň psihologiýasy bilen utgaşmaklygynyň bir takyk görnüşi hökmünde ýüze çykýar. Başgaça aýdanyňda bu ýagdaýda synpy psihologiýanyñ haýsy döredijiler arkaly synpyň agzalarynyň psihologiýasyna ornaşýandygy anyklanýar.

Seljerişiň haýsy usuly saýlanyp alnanda hem ähli ýagdaýlarda jemgyýetçilik psihologiýasynyñ jemgyýertçilik gatnaşyklarynyň gurluşyndaky orny kesgitlenendäki getirilen umumy esaslara-da daýanmalydyr. Sosiologik we psihologik edebiýatda bu hadysanyň häsiýeti aýdylanda ilkinji nobatda hut "synpy psihologiýa" göz öňünde tutulýardy. "Jemgyýetçilik psihologiýanyň" mazmuny, onuň düzüjileri hakyndaky mesele gozgalanda adatça synplaryň psihologik göz öňünde tutulýar .

Şeýlelikde, synpy paýhasnama seljerilende ýene-de toparlaryň jemgyýetçilik psihologiýasynyñ gurluşyna dolanyp, synpyň psihologiýasynda berlen her bir düzüjiniň özboluşlylygyna seretmeli bolýar. Şeýle düzüjileriñ has ähmiýetlisi **synpy islegler** bolup, olar jemgyýetçilik psihologiýanyñ duýgy - emosional ulgamyna degişlidir. Synpy ornuñ her bir agza degişli maddy we ruhy baýlyklaryñ möçberini we mazmunyny kesgitleýändigi üçin, bu orny isleglerïñ-de belli bir gurluşyny döredip, olaryñ her biriniñ çendan psihologik ähmiýetini we agramyny kesgitleýär. Adamyñ islegleri meselesi umumy psihologiýada has çuññur öwrenilen-de bolsa, uly toparlaryñ sosial psihologiýasyna degişlilikde olaryñ derñewi başlangyç ýagdaýlardadyr. Mysal üçin,



Ýumuş indiwidual, ýekelikde ýerine ýetirilende hemmeler ony çözüpdir. Tejribäniñ maksady "dildüwşükli toparyñ" üsti bilen toparyñ indiwidiñ pikirine edýän basyşyny ýüze çykarmakdan ybarat bolýar. Tejribeçi öñünden synaga gatnaşýanlaryñ birinden başgasy /"sada adam"/ bilen dil düwüşýär. Dildüwşügiñ manysy hemmelere çep kartoçkadaky kesim teklip edilende bilgeşleýin nädogry jogap bermek /bu kesimi sag kartoçkada has uzyn ýa-da gysga kesime deñ diýip aýtmak/ bolýar. Iñ soñundan "sada adam" jogap bermeli bolýar : bu ýerde onuñ öz pikirinde "galyp bilmekligi" /sebäbi ol indiwidual-ýekelikde çözende dogry jogap beripdi/ ýa-da toparyñ basyşyna "tabyn bolýanlygy" ýüze çykarylýar. Aşyñ synaglarynda "sadalaryñ" üçden biri /37/ nädogry jogap berýärler, ýagny konform özüñi alyp barşy ýüze çykarýarlar. Soñundan interwýu alnanda synagda başdan geçirilen ýagdaý soralypdyr. Ähli soralanlar köpçüligiñ pikiriniñ örän güýçli "bolýanlygyny" aýdyp, hatda "garaşsyzlar" hem toparyñ pikirine garşy durmaklygyñ iññän kyndygyny, her gezekde hut özüniñ ýalñyşýan ýaly bolup görünýändigini aýdypdyrlar. Ýeri gelende bellesek, toparyñ basyşynyñ ýekelikdäki adamyñ pikir-duýgusyna karara gelmekligi täsiri hadysasy türkmen halk döredijiliginde keminden giçki orta asyrlar döwründen bäri mälimdir. "Aldarköse we kyrk söwdagär" beýanýetinde kösäniñ ýaş ýetginjek ogly sygryny bazara satmaga alyp barýarka ömür ar almaklygyñ küýünde ýören söwdagärler dilleşip,

indiwide basyş edende indiwid dert-azar bu basyşa garşylyk görkezýär, toparyñ ähli ülñüsini elinden geldigiçe ret edýär. Bu terslik ýagdaýydyr. Terslik diñe göräýmäge konformlygy ret etmek ýaly bolup görünýär. Hakykatda bolsa terslik hakyky garaşsyzlyk däldir /bu köp sanly derñewlerde subut edilendir/. Tersine, bu konformlygyñ aýratyn bir ýagdaýy ýa-da "çöwrülen konformlykdyr": eger-de indiwid her edip, hesip edip toparyñ pikirine garşy durmaklygy maksat eden bolsa, ol hakykatda ýene-de topara garaşly bolýar : ol topara garşy özüñi alyp barşy, topara garşy orny ýa-da kadany işjeñ döretmeli bolýar, ýagny toparyñ pikirine ters häsiýetde bagly bolup galýar. Şonuñ üçin terslik konformlyga garşy orun hökmünde seretmek nädogrydyr. Oña garşy orun – özbaşdaklykdyr.

Konformlygyñ şeýle nusgasy uzak wagtlap ähliumumy kabul edilendi. Konformlygyñ adaty nusgasy amerikan alymy S.Aşyñ 1951-nji ýylda geçiren meşhur tejribelerinde amala aşyrylandyr. Häzirki döwürde ýiti tankydy garaýyşlaryñ barlygyna garamazdan, bu tejribeler nusgawy hasaplanylýar. Talyplaryñ toparyna /7-9 adamdan ybarat/ teklip edilen çyzyklaryñ uzynlygyny kesgitlemek tabşyrylýar. Şu maksat bilen her kimiñ sag we çep eline iki kartoçka berilýär. Çep elindäki kartoçkada bolsa göni çyzygyñ üç kesimi bolup, olaryñ diñe biri öz uzynlygy boýunça çep elindäkiniñ uzynlygyna deñ bolýar. Synag edilýänlere sagdaky kartoçkadaky üç kesimiñ haýsy biriniñ öz uzynlygy boýunça çepdäkä deñligini kesgitlemek tabşyrylýar.



tutuş topara mahsus bolan islegleriñ döreýşiniñ psihologik düzüjisi göwnejaý işlenen däldir. Elbetde, indiwidiñ synpy ýagdaýynyñ belli bir derejede onuñ «işleriniñ» özara tabynlygyny, şonuñ bilen baglanyşyklykda onuñ isleglerininiñ gurluşyny döredýänligi umuman mälimdir.Ýöne bu umumy pikir ýöretme şol bir synpyñ dürli gatlaklarynyñ hakyky durmuş ýagdaýy takyk seljerilende ýeterlik däldir. Meselem, işçi synpynyñ zähmetiniñ we durmuşynyñ umumy şertleri onuñ umuman synpy psihologiýasyny we onuñ düzüjisi hökmünde isleglerininiñ gurluşyny kesgitleýär. Ýöne näme üçin işçileriñ işjeñ bölegine jemgyýetçilik islegleriñ bähbidini ileri tutup şahsy-maddy isleglere biperwaý garamaklyk mahsus ? Belli bir şertleriñ täsirinde islegleriñ gurluşynyñ üýtgeýşi nähili amala aşyrylýar ? Bu sowala sosial psihologiýa jogap bermelidir.

Synpy psihologiýanyñ duýgy - emosional ulgamynyñ möhüm düzüjisi **höweslerdir**. Höwesleriñ tebigaty sosial psihologiýa garanda sosiologiýada has giñişleýin derñelendir. Şol bir wagtyñ özünde onuñ birnäçe meseleleri sosial psihologik seljermäni talap edýär. Synpy höwesleriñ iñ takyk mazmuny-da şol bir synpyñ jemgyýetiñ şol bir görnüşinde amala aşyrýan gatnaşyklarynyñ ähli ulgamy bilen döredilýär. Psihologik jähtden toparyñ /ýagny synpyñ/ derejesinde kemala getirilýän synpy höwesiñ her bir aýratyn indiwidiñ özüni alyp barşyny we işini nähili döredýändigini anyklamak möhümdir. Mundan başga-da

höwesler meselesinde sosial psihologiýa üçin ýene-de bir möhüm zat bar. Höwes bütin toparyñ höwesi hökmünde kemala gelip, şol bir wagtyñ özünde synpyñ her bir agzasy diñe bir bu toparyñ däl-de, birnäçe sosial toparyñ agzasy bolup durýar : birinjiden, synpyñ öz içinde hünär derejesi, meşgullanýan takyk ugry we ş.m. boýunça tapawutlanýan köp sanly toparçalar bar ; ikinjiden, synpyñ her bir wekili şol bir wagtyñ özünde bilim beriş ulgamynda haýsydyr bir toparyñ agzasy bolup / meselem, mekdepde ýa-da ÝOM-de /, ol ýerde başga synpyñ agzalary bilen gös-göni özara täsirde bolýar. Dürli höwesleriñ bir-birleri bilen utgaşmagy ýüze çykyp, olaryñ her biri indiwidleriñ ähmiýetli sosial topara degişliligi bilen döredilendir. Höwesleriñ bu ulgamynda haçan durnukly höwesleriñ we tersine, haýsy şertlerde düýpli bolmadyk höwesleriñ aýgytlaýjy orun oýnap başlaýandygyny anyklamaklygyñ aýgytlaýjy ähmiýeti bardyr. Meseläniñ ikinji bir tarapy islendik synpyñ durmuşynda synpy höwesleriñ ähli adamzat höwesleri bilen nähili utgaşýanlygyny ýüze çykarmakdyr. Bu ähli synpa we oña girýän şahsyýete ähmiýetlidir: bu ähmiýet häzirki zaman ýadro eýýamynda has-da ýokarydyr.

Isleglerden we höweslerden başga synpyñ psihologiýasyna **"sosial duýgular"**, ýagny topara mahsus duýgy - emosional ýagdaýlaryñ häsiýetnamalary degişlidir. "Sosial duýgy" düşünjesi edebiýatda umumy ykrar edilen däldir : belli bir derejede bu düşünje çekişmeli we ýagdaýly bolup, şol sebäpli ony toparyñ



manylary tapawutlandyrmak üçin sosial psihologik edebiýatda köplenç konformizme **derek konformlylyk** ýa-da **konform özüñi alyp_baryş** diýlip, indwidiñ topara degişlilikdäki ornunyñ, onuñ topara mahsus bolan pikiri kabul ýa-da ret etmekligi, indiwidiñ basyşa tabynlyk derejesi añladylýar. Konformizm düşünjesine gapma-garşylykly bolan düşünjeler "garaşsyzlyk", "ornuñ özbaşdaklygy", "toparyñ basyşyna durnuklylyk" we ş.m.ýaly sözlerde añladylýar.Tersine, oña ugurdaş düşünjeler birdürlilik, şertlilik bolup, ýöne olaryñ başga öwüşgini bardyr. Birdürlilik hem belli bir ülñüni kabul etmekligi añladyp, ýöne bu basyşyñ esasynda amala aşyrylmaýar.

Konformlylyk haçan-da indiwidiñ we toparyñ pikiriniñ arasynda dartgynlyk bolup, onuñ toparyñ peýdasyna çözlen wagtynda ýüze çykýar.Konformlygyñ derejesi - munuñ özi indiwidiñ haçan-da topar bilen öz garaýşynyñ gapma-garşylygyny dartgynlyk hökmünde kabul edip, topara tabyn bolmaklygynyñ derejesidir. Köp wagtdan bäri sosial psihologiýada daşky konformlygy /haçan-da toparyñ pikiri indiwid tarapyndan diñe daşky tarapdan kabul edilip, hakykatda bolsa ol oña garşylyk görkezmegini dowam edýär/ we içki konformizmi /onda indiwid hakykatdan-da köpçüligiñ pikirini özleşdirýär/ tapawutlandyrýarlar. Içki konformlyk topar bilen dartgynlygy onuñ peýdasyna aradan aýyrmakdyr. Konformlygyñ derñewlerinde ýene-de bir mümkingadar orun ýüze çykarylyp, ony tejribede bellemek mümkinçiligi aýan edildi. Bu **terslik** ornudyr. Topar

Toparyñ **jebisliliginiñ** derñewi hakynda hem edil şu görkezilenler häsiýetlidir. Adatça bu mesele hem hakyky sosial toparlaryñ ösüş şerti hökmünde däl-de, islendik, şol sanda laboratoriýa toparynyñ umumy, sowa häsiýetnamasy hökmünde ýüze çykdy. Bu hadysalaryñ ikisine-de topara ýokarda görkezilen düşünilişe nukdaýdan seljermelidir: daşky şertler bilen döredilen /sosial tutum/ topar adamlaryñ psihologik umumylygyna öwrülip, onuñ çäginde adamlaryñ işi diñe bir daşdan ýöñkelen hökmünde däl-de, topar tarapdan "özleşdirilen" /sosial psihologik tutum/ häsiýetde gurulýar. Bu ýagdaýda kiçi toparyñ döreýşi däl-de, has takygy kemala getirilişi bolup geçýär.[1]

**Toparyñ basyşy hadysasy.** Bu hadysa sosial psihologiýada **konformizm hadysasy** ada eýe boldy. "Konformizm" sözi adaty dilde "uýgunlaşmak" diýmekligi añladýar. Psihologlaryñ belleýşi ýaly konformizm hadysasy adaty añyñ derejesinde Anderseniñ ýalañaç korol atly ertekisinde bellenendir. Şonuñ üçin gündelik sözleýişde bu düşünje belli bir oñyn däl öwüşgine eýe bolup, bu amaly derejede geçirilýän derñewlerde aýratyn-da kynçylyk döreýär. Munuñ sebäpleriniñ biri hem "konformizm" düşünjesiniñ syýasatda ylalaşyklygyñ we kaýyl bolujylygyñ nyşany hökmünde oñyn däl mana eýe bolýandygydyr. Bu

[1] Seret: Çudnowskiý W.I. O nekotoryh issledowaniýah konformizma w zarubežnoý sosialnoý psihologii //Woprosy psihologii. 1974.N-4.



duýgy - emosional ulgamynyñ belli bir ýagdaýyny kesgitlemek üçin ýa-da B.D.Paryginiñ aýdyşy ýaly onuñ "psihologik keýpini" añlatmak üçin ulanmak bolar. Bu adalga umumy psihologiýa degişli düşünjeler bilen deñeşdirilende onuñ göwnejaý däldigi aýdyñlaşýar. Umumy psihologiýadaky adamyñ duýgy - emosional häsiýetleriniñ affektler (sarsgyn), emosiýalar we duýgular ýaly görnüşlere bölünişi sosial psihologiýada rowaç däldir: "sosial duýgular" adalgasy bilen duýgy - emosional hadysalaryñ umumy psihologiýadaky üçünji düzüjisi añladylyp, şol bir wagtyñ özünde bu kesgitlemä synpyñ emosional alamatlarynyñ beýleki görnüşleri-de girýär.

Göýä duýgularyñ aýratyn görnüşi hökmünde sosial duýgular hakynda gürrüñ etmek hem çekişmelidir. Dogrusyny aýtsak, adamyñ ähli duýgulary sosial häsiýetdedir.Şeýle-de bolsa bu adalganyñ biz şertli manyda ulanylmagy bilen ylalaşyp, "sosial" sözüni "duýgularyñ" sosial topara, biziñ ýagdaýymyzda synpa degişlidigini göz öñünde tutup ulanmaly bolýarys. Adalganyñ nätakyklygy meseläniñ ähmiýetini peseltmän, diñe sosial psihologiýanyñ şu günki ýagdaýynda bu ugry ylmy düşünjeler esasynda derñemek däbiniñ ýoklugyny subut edýär. Şonuñ üçin ol adalgalamany beýleki ugurlardan, meselem, ynsanperwer edebiýatyñ däbinden, pelsepeden we taryhdan almaly bolýar : bu ugurlarda bolsa sosial "duýgularyñ we emosiýalaryñ" barlygy bireýýäm ýüze çykarylandyr.

Mysal üçin, işçiler synpynyñ işjeñ çykyşlar döwrüne bagyşlanan taryhy derñewlerde olara rewolýusion göteriliş bilen ýokary göteriliş duýgynyñ mahsus bolandygy birnäçe gezek ýazylandyr : buržuaz rewolýusiýalary eýýämynda, haçan-da buržuaz synpy entek rewolýusion güýç hökmünde ýüze çykan döwründe bu synpyñ içinde aýgytlaýjy "sosial duýgular" döwtalaplylyk özüniñ syýasy maksatnamasynyñ göwnejaýdygyna ynamlylyk, taryhy üýtgeýişleri umytly kabul etmek ýaly häsiýetde bolupdyr.

Birnäçe görnüşe bölmelerde synpyñ psihologiýasynyñ düzüjilerine ýokarda görkezilenler bilen belli bir baglanyşykda durýan başga häsiýetleri hem goşýarlar. Meselem, G.G.Diligenskide synpy psihologiýasynyñ dinamiki üýtgeýji düzüjisi isleglerden başga "sosial orunlaryñ toplumy" we olaryñ añlanylyşyny hem-de "şahsyýetiñ sosial ugrukmasyny" (bu öz gezeginde şahsyýetiñ gymmatlyklar ugrukmasynyñ ulgamynyñ, onuñ özüni alyp barşynyñ kadalaryny we iş-durmuşynyñ maksatlaryny añlamaklygyň üsti bilen düşündirilýär) hem özünde jemleýär[1]. Bu düzüjilere has ünsli seredilende ýokarda teklip edilen düzüjileriñ bu ýerde başga mazmunda gelýändigine göz ýetirmek bolýar. Sosial orunlaryñ toplumy barada aýdylanda bolsa, olar ol ýa-da beýleki synpyñ, şol bir wagtyñ özünde olara girýän indiwidleriñ obýektiw orny arkaly kesgitlenýär. Muña birtaraplaýyn

[1] Sosialnaýa psihologiýa. Pod.red.G.P.Predweçnogo, Ýu. A. Şerkowina, M.1975, 123 sah



yzarlamakdan ybaratdyr.Bu derñewiñ iki mümkinçiligi bardyr.

Olaryñ **birinjisi** – toparlaýyn durmuşyñ öñden bar bolan kadalaryny oña her bir täze goşulýan indiwid tarapyndan kabul edilişi derñelende ýüze çykýar. Bu toparyñ döreýiş meselesi bolman, oña täze agzanyñ goşulmagy, ýöñkelmegidir. Bu ýagdaýda seljerişi **toparyñ** indiwide **basyşy hadysasynyñ, ony toparyñ özüne «tabyn ediş»** meselesiniñ töwereginde jemlemek mümkin.

Mümkinçilikleriñ **ikinjisi** – haçan-da toparlaýyn hadysalaryñ emele geliş tutumy derñelende ýüze çykýar : meselem, topara birbada köp sanly indiwidler goşulyp, soñra olaryñ toparlaýyn kadalary has doly kabul edip, agzalarynyñ ählisiniñ toparlaýyn maksatlary bölüşmekligi bilen baglanyşykly tutumyñ derñewi. Bu ýagdaýda seljerişi **toparyñ jebisliliginiñ kemala gelşini** öwrenmek meselesine syrykdyrmak mümkin.

Birinji mümkinçilik adaty sosial psihologiýada toparlaýyn dinamikanyñ çäklerinde däl-de, **konformizmiñ derñewi** diýen ada eýe bolan aýratyn şahada döredi. Şeýle derñewlerde konformizm daşky şertler bilen döredilen sosial toparyñ içinde kemala gelýän psihologik döredijileriñ biri hökmünde hakyky toparyñ ýerliginde seredildi. Konformizmiñ kiçi toparlaryñ öwrenilişine täze çemeleşişdäki ornuny anyk kesgitlemek üçin bu derñewleriñ häsiýetini çuññur derñemek möhümdir.

bu şertleriñ hiç biri toparyñ döreýşiniñ psihologik döredijisine dahylsyz bolup, olar diñe toparyñ ýaşaýşynyñ gözbaşy şerti bolup durýar. Kähalatlarda edebiýatda toparyñ “daşky” we “içki” gurluşy hakyndaky düşünjeler berlip, onda “daşky” gurluş hökmünde haýsydyr bir hususy “gurluş” däl-de, ýokarda görkezilen, topary döredýän daşky ýagdaýlar görkezilýär.

Bu meseläniñ ikinji bölümi: daşky şertler bilen döredilen bu toparyñ psihologik guralyşy, onuñ toparyñ ähli psihologik häsiýetnamalaryny özünde jemlenýän umumylyga öwrülişi nähili amala aşyrylýar? Başgaça aýdanyñda daşky tarapdan döredilen topar nähili psihologik manyda topara öwrülýär? Mesele şeýle goýlanda sosial psihologiýanyñ taryhynda ençeme gezek ýüze çykan mesele öz-özünden aýrylýar: adamlary toparlara birleşmäge näme mejbur edýär ? Bu sowala berlen jogaplary özüniñ sowalygy, jemgyýetiñ hakyky isleglerinden üzñeligi sebäpli kanagatlanarly hasaplamak bolmaz. Kähalatlarda adamlary toparlara birleşmäge aragatnaşyk etmek islegi, gorky, nämälim ýagdaýlarda özüñi goragly duýmak islegi birleşdirýär diýip aýdýarlar. Bu jogaplaryñ kanagatlanarsyzlygy olaryñ sosial hadysany / sosial toparlaryñ döreýşi sosial hadysadyr / sap psihologik sebäplere syrykdyrýandygy bilen düşündirilýär. Sosial toparlar, şol sanda kiçi toparlar sosial psihologa derñew obýekti hökmünde **berlip**, onuñ wezipesi bolsa ädimme-ädim obýektiw dörän toparlaryñ hususy psihologik umumylyga öwrülişi şertini



düşünmeli däldir: şeýle "teklip edilen" toplumyñ içinde dürli görnüşler bolup, olar aýratyn agzanyñ durmuşyndaky takyk ýagdaýlara bagly bolýar. Gürrüñ işiñ görnüşi arkaly we bu işiñ bolup geçýän ulgamy arkaly döredilýän has saldamly orunlar hakynda gidýär. Emma synpy psihologiýa orunlaryñ bu toplumy däl-de, hut olaryñ añlanylyşy degişlidir.

Ýöne sosial orunlaryñ toplumynyñ añlanylmagy munuñ özi synpy höwesleriñ başga dilde añladylyşydyr : bu ýagdaý aýratyn hem haçan-da synpy höwes düşünjesine "şahsyýetiñ sosial ugrukmasy" (gymmatlyklar ugrukmasy, iş-durmuşyñ maksatlarynyñ añlanylyşy) ýaly many berlen halatda has aýdyñ ýüze çykýar. Şonuñ üçin synpy psihologiýanyñ dinamiki düzüjisiniñ seljerilişine dürli ýazarlarda dürli çemeleşmeleriñ barlygyna garamazdan mesele tutuşlygyna has aýdyñlaşýar.

Synpy psihologiýanyñ has **durnukly** düzüjilerini aýdyñlaşdyrmak barada gürrüñ edilende meseläniñ entek göwnejaý işlenilen däldigini bellemeli bolýar. Hakykatdan-da, şeýle düzüjileriñ biri "psihiki sypat" bolup, ol işewür derejede uly toparlaryñ beýleki bir görnüşi – millete degişlilikde has oñat işlenendir. Synplar barada aýdylanda bolsa "psihiki sypat" bu ýerde belli bir sosial häsiýetde ýüze çykýan psihologik sypat hökmünde beýan edilýär. Ýene-de taryh, pelsepe, kulturologiýa ýaly dersleriñ däbinden ol ýa-da beýleki synpa mahsus bolan sosial häsiýetiñ sypatlary hakynda gyzykly maglumatlar almak bolýar : bu aýratyn hem

taryhyñ öwrümli eýýamlarynda has aýdyñ ýüze çykyp, ýöne sosial psihologik edebiýatda bu mesele örän çäkli orun tutýar. "Sosial häsiýet" adalganyñ özi neofreýdistik ugurda has giñ berlip, has takygy E.Frommyñ işlerinde çuññur derñelendir.[1] Ýöne Frommyñ pikiriçe sosial häsiýetiñ belli bir sosial toparyñ, synpyñ wekiline mahsus bolmagy hökman däldir. Bu düşünje adamyñ öz-özüni kesekileşdirmekliginiñ dürli taryhy görnüşleri bilen baglanyşdyrylýar: irki kapitalizmiñ adamsy – "toplaýjy sypatyñ", XX asyryñ 20-nji ýyllarynyñka - "bazar gylygyñ" jemgyýetiñ "ähliumumy kesekileşýän" görnüşine laýyk mahsus hasaplanýar.
Adatça sosial häsiýet şol bir synpyñ wekillerine mahsus bolan işiñ guramaçylygynyñ durugşan görnüşleriniñ toplumy hökmünde kesgitlenýär. Başgaça aýdanyñda sosial häsiýet dürli synplaryñ wekilleriniñ durugşan umumy hereket keşbinde ýüze çykyp, olaryñ iş-durmuşynyñ dürli ýagdaýlarynda gatnaşyp, bu synpyñ wekillerini beýleki synpyñ wekillerinden tapawutlandyrýar.Bu kesgitleme gutarnykly bolman, onuñ mundan beýläkki takyklanmagy, diñe bir täze maglumatlaryñ alynmagynyñ hasabyna däl-de, eýsem umuman häsiýet meselesiniñ umumy nazaryýet /şol sanda umumy psihologik/ işlenişine baglydyr. Entek bu mesele gozgaýan meselämize degişlilikde kanagatlanarly derñelmändigi sebäpli sosial häsiýetiñ kesgitlemesi beýan ediji häsiýetde bolýar. Şol bir wagtyñ özünde

[1] Fromm. E. Psihoanaliz i etika. Çelowek dlýä samogo sebä. . Iñlis. Terjime. M., 1993



hadysalary arkaly döredilýär. Toparyñ ösüşiniñ özboluşly netijesi hökmünde onuñ şeýle özboluşly derejesi – jemagaty-kollektiwi görkezmek bolar. Kollektiwiñ emele geliş tutumyna sosial psihologik jähtde toparda bolup geçýän dinamiki hadysalary goşmak bolar.

**Kiçi toparyñ emele gelşi.** Kiçi toparyñ emele gelşi bilen baglanyşykly hadysalaryñ häsiýetnamasy berlende, ilkinji nobatda, haýsy hili topar göz öñünde tutulýandygyny anyklamaly bolýar. Öñ kabul eden düzgünimize laýyklykda, biz bu ýerde hakyky **tebigy** kiçi **toparlaryñ** emele gelşini göz öňünde tutýarys. Olar jemgyýetçilik durmuşyň dürli ugurlarynda bolup, olaryñ emele geliş usullary dürli-dürlüdir. Köplenç olar toparyñ içki durmuşyna degişlilikde esasan daşky şertler arkaly döredilýär /meselem, haýsydyr bir sosial institutyñ ýa-da guramanyñ ösüş şertleri arkaly/. Sözüñ has giñ manysynda kiçi topar zähmetiñ jemgyýetçilik bölünişi, umuman, jemgyýetiñ ýaşaýyş islegi arkaly döredilýär. Meselem, önümçilik topary täze önümçiligiň döremegi, mekdep synpy– täze nesliñ bilim beriş ulgamyna gelmekligi bilen, sport komandasy-haýsydyr bir edarada sportyñ ösmegi bilen we ş.m. döredilýär. Bu görkezilen ýagdaýlaryñ hemmesinde kiçi toparyñ döreýşiniñ sebäbi onuñ we oña girýän indiwidleriñ daşyndaky has giñ ulgamda bolýar. Hut şu ýerde toparyñ gurluşy, orunlaryñ we at-abraýlaryñ bölünişi, galyberse-de, toparlaýyn işiñ maksady barada göz öñünde tutulmalar döreýär. Entek

öwrenmek üçin ýörite niýetlenen laboratoriýa tejribesiniñ aýratyn görnüşi bolup durýar. "Toparlaýyn dinamikanyñ" üçünji manysy hem bolup, ol kiçi toparda bolup geçýän dinamiki **hadysalaryñ toplumyny** añladýar. Bu manyda adalga Lewiniñ nazaryýet ugrukmasyna, onuñ tejribe amalyýetine bagly bolman, toparyñ durmuşyndaky belli bir hakykaty beýan etmäge hyzmat edýär. Hut şu üçünji manyda bu adalga biziñ psihologiýamyzda ulanylýar.Toparlaýyn dinamika toparyñ durnukly-statiki häsiýetnamasyndan tapawutlylykda, toparda belli bir wagt aralygynda bolup geçýän we toparyñ döwürden-döwre hereketini, ýagny ösüşini häsiýetlendirýän dinamiki hadysalaryñ toplumydyr.

Bu hadysalaryñ has möhümleri aşakdakylardyr. Ilkinji nobatda bu kiçi toparlaryñ **emele geliş** tutumy bolup, muña diñe bir topary kemala getiriş usullary degişli bolman, topary topar edýän psihologik dörедijilere degişlidir /meselem, **toparyñ** indiwide **basyşy hadysasy** - bu adaty sosial psihologiýada "toparlaýyn dinamika" girmeýär: edil şonuñ ýaly-da toparyñ jebisliligi, ösüşi meselesi/. Mundan başga-da "toparlaýyn dinamikanyñ" däbinde seredilýän liderçilik we toparlaýyn netijä gelmek hadysalary bu hadysalaryñ seredilişinde olaryñ diñe liderçilik we netijä gelmek tutumyna syrykdyrylman, başga-da köp dörедijileri göz öñünde tutýandygy nazara alynýar. Dinamiki hadysalaryñ başga bir jähti toparlaýyn durmuşyñ özboluşly, bilelikdäki işiñ ösüşi bilen baglanyşýan



medeniýetiñ taryhy, raýatlyk taryhy, edebiýat synplaryñ psihologik sypatynyñ takyk ýüze çykyşlarynyñ beýany hakyndaky köp mysallary özünde jemleýärler.

Dünýä edebiýatynyñ iñ oñat eserlerinde dürli synpyñ wekilleriniñ psihologik häsiýeti suratlandyrylandyr : Balzagyñ eserlerinden başlap Draýzeriñ we Gorkiniñ eserlerinde edebiýat "sosial psihologik işi" ýerine ýetiripdir : bu işler monografiki derñewler diýip atlandyrylýan derejeleriñ mysalynda bolýar. Bu derñewleriñ netijesiniñ ylmy taglymat, ylmy-düşünjeleriñ ulgamy görnüşinde däl-de, edebiýata mahsus bolan çeper keşpler görnüşde bolmaklygy olaryñ gymmatyny peseltmeýär. Haçan-da meseläni derñemekliginiñ ylmy ülñä laýyk amala aşyrmak mümkinçiligi ýok wagtynda derñewiñ başga ülñülerini agtarmak ýerliklidir. Sosial häsiýetden başga-da psihiki häsiýet **öwrendiklerde** we **adatlarda** hem-de synpyñ ýa-da sosial toparyñ **däplerinde** ýüze çykýar. Bu hadysalaryñ hemmesi sosial toparyñ agzalarynyñ özüni alyp barşynyñ we işiniñ dolandyryjylary bolup, toparyñ psihologiýasyna düşünmekde olaryñ ähmiýeti uludyr. Psihologik häsiýetiñ hut şu düzüjisi hakynda aýdylanda bolsa, ol köp derejede uly toparlaryñ başga bir görnüşi – millete degişlilikde has giñişleýin öwrenilendir. Ýöne synpy psihologiýa üçin hem öwrendikler we adatlar meselesi ähmiýetlidir. Olaryñ toplumy däpleri-de özüne goşup, synpyñ möhüm jemleýji häsiýeti bolan onuñ **durmuş keşbiniñ** häsiýetnamasydyr. Durmuş keşbini sosial psihologik jähtden derñemegiñ maksady synpyñ

obýektiw ýagdaýynyñ çäginde bu synpyñ wekilleriniñ esasy köpçüliginiñ gündelik durmuşyñ durnukly ýagdaýlarynda esasy özüni alyp baryş keşbini kesgitlemekden we düşündirmekden ybaratdyr. Öwrendikler we adatlar belli bir durmuş şertleriniñ täsirinde döräp, ýöne soñabaka özüñi alyp barşyñ dolandyryjysy hökmünde berkleşýär, öwrendikleri we adatlary seljermek hususy sosial psihologik mesele bolup durýar. Bu meseläniň derñew usullary-da adaty psihologik usullara golaýdyr. Bu ýerde syn etme usuly ulanyp bilinýär. Däpler barada aýdylanda bolsa, olaryñ bir bölegi maddy medeniýetiñ zatlarynda ornaşýandygy sebäpli olaryñ öwrenilişinde psihologiýada işiñ önümlerini seljermek ady bilen belli usullar ulanylýar.

Öwrendikler we adatlar öwrenilende sosial psihologiýa ýene-de synplaryñ sosiologik seljerilmesine ýüzlenmeli bolýar. Munuñ sebäbi sosial özüñi alyp barşyñ dolandyryjysy hökmünde öwrendikler we adatlar dürli döwrüñ dürli synplary üçin dürli-dürli bolýanlygy bilen düşündirilýär. Meselem, daýhanlaryñ sosiologik seljermesi sosial psihologiýa öwrendikleri we adatlary öwrenilende hut şu synpyñ häsiýetnamasyny ulanmaga mümkinçilik berýär. Hatda häzirki döwrüñ jemgyýetlerinde, ilkinji nobatda daýhançylykda şol bir milli medeniýete mahsus bolan köp sanly adatlar saklanýar. Uly şäher özüniñ şahalanan, aragatnaşyk ulgamlary mynasybetli dürli toparlaryň adatlaryň, öwrendikleriñ we däpleriñ garyşmagyna



täsirleri nähili amala aşyrýandygyny we belli bir «yza gaýtaryş» edýändigini ýüze çykarmalydyr. Diýmek, kiçi toparlarda **bolup geçýän** zatlaryñ kesimini bermek möhümdir. Ýöne bu meseläniñ diñe bir tarapydyr. Başga bir möhüm mesele toparyñ nähili **ösýändigini,** onuñ bu ösüşde haýsy tapgyrlary geçýändigini, dürli toparlaýyn hadysalaryñ her bir tapgyrda nähili üýtgeýändigini görkezmekdir. Şonuñ üçin kiçi toparlardaky dinamiki hadysalara degişli bolan mazmunlaryñ möçberi toparlaýyn dinamiki mekdebinde görkezilýänlerinden has giñdir.

Bu ýerde "toparlaýyn dinamika" diýen adalganyñ üç sany dürli manyda ulanylýandygyny aýtmak ýerliklidir. Bu adalga bilen ilkinji nobatda, ýokarda bellenilişi ýaly, kiçi toparlaryñ sosial psihologiýada belli bir derñew ugry atlandyrylýar. Bu başgaça aýdanyñda K.Lewiniñ mekdebini añladýar. Ýöne bu ýerde bir bu mekdebiñ çäginde öwrenilýän meseleler däl-de, oña mahsus tutuş düşünjeler ulgamy, bu meseleleri çözmekligiñ belli bir görnüşi göz öñünde tutulýar.Adalganyñ ikinji manysy belli bir, esasan, Lewiniñ mekdebinde döredilen, usulçalaryñ atlandyrylyşy bilen baglanyşyklydyr. Emma bu usulçalar soñ-soñlar beýleki nazaryýet ugurlarda hem ulanylýandygy üçin adalganyñ ikinji manysy diñe Lewiniñ mekdebine bagly bolman, laboratoriýa tejribäniñ toparyñ dürli häsiýetnamasy ýüze çykarylýan özboluşly görnüşi bilen baglanyşyklydyr. Bu ýerde "toparlaýyn dinamika" - toparlaýyn hadysalary

## 13-nji bap. KIÇI TOPARLARDAKY DINAMIKI HADYSALAR

**Kiçi toparlardaky dinamiki hadysalaryñ umumy häsiýetnamasy**

Kiçi toparlary derñemek özüniñ esasy hökmünde toparyñ belli bir durnuklylyk häsiýetnamasyny göz öñünde tutýar : onuñ çägini, düzümini, gurluşyny kesgitlemek. Ýöne sosial psihologik seljerişiñ esasy wezipesi toparyñ durmuşynda bolup geçýän hadysalary öwrenmekdir. Bu hadysalary derñemek iki nukdaýdan möhümdir : birinjiden, aragatnaşygyñ we özara täsiriñ umumy kanunlaýyklarynyñ hut kiçi toparlarda amala aşyrylyşyny anyklamak zerurdyr : munuñ sebäbi hut şu ýerde kommunikatiw habar beriş interaktiw özara hereket perseptiw hadysalaryñ takyk "dokumasy" döreýär; ikinjiden, kiçi toparyñ jemgyýetçilik täsirleri ulgamynyñ ählisiniñ täsirini şahsyýete "ýetirýän"- döredijilerini görkezmelidir /aýdaly, uly toparlarda döreýän gymmatlyklaryñ, kadalaryñ, gönükdirilmeleriň mazmunyny/. Şol bir wagtyñ özünde "yza dolanýan" hereketi, - şahsyýetiñ işjeñliginiñ toparda özleşdirilen



ýardam edýär. Şonuñ üçin derñewiñ obýektini ýüze çykarmak bu ýerde kyndyr.

Şeýlelikde, biz sosial psihologiýanyñ jemgyýetiñ dürli synplarynyñ psihologik häsiýetnamalaryny öwrenmekdäki esasy ugurlaryny görkezdik. Sosial psihologiýanyñ beýleki jemgyýetçilik ylymlary bilen bir hatarda uly sosial toparlara öwrenmekdäki umumy aladalaryna edýän goşandy toparlaýyn psihologiýanyñ görkezilen düzüjileriniñ toparyñ agzalarynyñ köpçülikleýin hereketlerini we onuñ aýry-aýry wekilleriniñ hereketlerini dolandyrmakdaky ornuny görkezýän düşündiriş nusgasyny döretmekden ybaratdyr. Başgaça aýdanyñda esasy wezipe, bir tarapdan, toparyň psihologiýasynyñ "gurluş" usullaryny, ikinji tarapdan, her bir indiwidiñ sosial hakykaty "özleşdirmegini" üpjün edýän döredijilerini seljermekden ybaratdyr.

Jemgyýetçilik psihologiýasynyñ we toparyñ agzalarynyñ indiwidual añynyñ utgaşmagy diýip bellenen uly toparlaryñ umumy meselesi synplaryñ psihologiýasynyñ seljerilişinde hem öz güýjüni saklaýar. Bu ýerde hem adamlar köpçüliginiñ özleriniñ psihologik aýratynlyklaryna garamazdan, durmuşyñ ähmiýetli ýagdaýlarynda dürli düşünjeleriñ, höwesleriñ, hatda hakykaty duýgy - emosional bahalandyryşyñ umumylygyny döredýän döredijä düşünmek bu ýerde hem ähmiýetli zadyñ biri bolup durýar. Jemgyýetçilik psihologiýasynyñ toparyñ agzalarynyñ indiwidual aýratynlyklaryny basmarlamaýanlygy hemmä mälimdir. Şol bir wagtyñ özünde şol synpyñ agzalary üçin özüñi

alyp barşyñ dürli nusgalarynyñ "ýaýrañlygynyñ" hem çäksiz däldigi gündelik syn etmeden mälimdir. Häzirki zaman jemgyýetinde işçiler synpynyñ psihologik aýratynlyklaryny öwrenmek işçiniñ şol bir wagtyñ özünde düýpgöter başga-başga orunlarda bolup bilýändigini görkezdi /meselem, iş taşlaýyş wagtynda onuñ işjeñ ýolbaşçysy ýa-da tersine, ylalaşdyryjysy bolmak /; ýöne bu üýtgeýjilik özüñi alyp barşyñ üýtgeýjiligi hökmünde belli bir çäkde bolýar : ol, mysal üçin, iş taşlaýyş wagtynda birža alyp satarlygyna başlap bilmeýär, ýagny düýbünden başga synpa mahsus özüńi alyp baryş nusgasyny ýüze çykaryp bilmeýär.

Islendik synpyń agzasy köp sanly we dürli kiçi topara - öz maşgalasyna, işçiler toparyna, sport guramalaryna we ş.m. goşulýan-da bolsa, özüńi alyp barşyń ähmiýetli döredijisi bu kiçi toparlar arkaly döredilmeýär. Eger sosial psihologik seljermäniń çäklerinde dińe kiçi toparyń derejesinde saklansak, onda gymmatlyklaryń mazmunyna we olaryń mümkingadar "toplumyna" düşünmek kyndyr.

Kiçi toparyń islendik meselesi, uly toparyń ýerliginde düýbünden başgaça düşündirilip bilner: toparyń täsirine garşy durnuklylyk, sosial gönükdirilmeleriń çalyşmaklygy, şahsyýetara gatnaşyklaryń iş bilen aralaşdyrylyş derejesi, dartgynly taraplaryń özüni alyp barşynyń baş ugry - bularyń hemmesine kiçi toparlaryń derejesinde "ahyryna çenli " düşünip bolmaz: çünki seljerişiń bu tapgyrynda bu toparda haýsy sosial gönükdirilişiń çalt üýtgeýändigi, bu



meselelerine geçirilmegine ýol berlip, Lewiniñ däplerinde bu onçakly aç-açan däldir: ýöne hiç ýerde kiçi toparyñ jemgyýetçilik gurluşyñ düzüjisi hökmündäki özboluşlylygy ýörite nygtalmaýar /bu ýagdaý umuman toparda bolup geçýän hadysalaryñ netijesiniñ topardan has daşarky ýerlik bilen baglanyşdyrylmadygyny teklip eden Meýonyñ däbine hem mahsusdyr/. Kiçi toparlara bagyşlanan günbatardaky birgiden derñewleriñ arasynda düýpgöter başgaça nazaryýet çemeleşişlere hem duş gelmek mümkin /muña mysal edip toparlaýyn hadysalaryñ sosial paýhasnamanyñ psihoanalitiki, interaksionistik däpde öwrenilişini görkezmek bolar/, ýöne olaryñ hiç birinde kiçi toparlarda jemgyýetçilik gatnaşyklaryñ belli bir görnüşiniñ amala aşyrylyşy esasy düzgün hökmünde nygtalmaýar. Şonuñ üçin bu çemeleşişleriñ hemmesi /belli bir tapawutlylykda/ sowa nazaryýet häsiýetde bolup, jemgyýetiñ belli bir görnüşinde hereket edýän kiçi toparlary derñemegiñ ähliumumy maksatnamasyny berip bilmeýär.

öz ähmiýetini ýitirmedik usulçalar işlenip düzüldi. Başga bir tarapdan, tutuş nazaryýet jähtden meýdan taglymatynyñ jedelli pikir ýöretmeleri örän köneli şendir. Şonuñ üçin "toparlaýyn dinamikanyñ" häzirki zaman sosial psihologik bilimleriñ çäklerindäki mümkinçiliklerini anyklamak meselesi ýüze çykýar. Sosial psihologiýanyñ beýleki ugurlaryna seredende gürrüñini edýän bölümimizde Lewiniñ nazaryýeti hakykatdan-da täze nazaryýet çäklerde hem "işleýär". Tutuş psihologiýa ylmynda we sosial psihologiýada Lewiniñ adyny hormatlamak, onuñ bitiren hyzmatlaryny hatyralamak onuñ derñewlerine asuda, asylly seljermek esasy ýörelge bolmalydyr.

Indi Günbataryñ sosial psihologiýasynda kiçi toparlar meselesiniñ goýluşy baradaky pikirleri umumy jemlemek mümkin. Seredilen üç ugruñ bir-birleri bilen deñeşdirilmesi kyn-da bolsa /Morenonyñ nazaryýet esaslary bilen Lewiniñ derñewleriniñ netijesini deñeşdirmek kyndyr/, olaryñ her biri kiçi toparlary derñemekde belli bir ugry döretdi. Ýöne olaryñ her biri kiçi toparlaryñ seljerilişine toparlaýyn hadysalaryñ özboluşly mazmuny nukdaýyndan çemeleşmekde degişli bärden gaýtmalary ýol berdi. Ýöne şeýle nukdaýnazarda toparlaýyn hadysalaryñ toparlaýyn işiñ takyk häsiýeti bilen döredilýänligi - resmi ýagdaýda toparlaýyn işiñ netijeliligi hökmünde goýlupdy. Toparyñ we jemgyýetiñ özara gatnaşygynyñ dürli nusgalary teklip edildi: Morenoda, görşümiz ýaly, toparlaýyn hadysalaryñ düşündirilişiniñ gös-göni jemgyýete ähmiýetli



takyk ýagdaýda toparyń agzalarynyń toparyń täsirine durnuklylyk derejesiniń nähili boljakdygy, dartgynlygyñ haýsy häsiýetinde toparyń agzalarynyń hut şu baş ugry saýlap aljakdygy barada sowallara jogap berip bolanok. Bu meseleler aýratyn şahsyýetiń derejesinde seljermek hem bu sowallara jogap berip bilmeýär. Ol ýa-da beýleki indiwidual psihologik aýratynlyklaryń ýüze çykyp ýa-da çykmazlygy-da ýagdaýyń häsiýetine, olaryń bu şahsyýet üçin ähmiýetlilik derejesine bagly bolýar. Bu ýagdaýlar uly sosial toparlaryń takyk görnüşine, hut synpa degişliligi bilen kesgitlenýän aýratyn durmuş şertleri ýagdaýlarydyr. Entek synplar jemgyýetde hakyky ýaşaýarka sosial psihologiýa adamyń özüni alyp barşynyń we işiniń düşündiriş nusgalaryny gurmakda bu hadysany inkär edip bilmez.

**Etnik toparlaryń paýhas aýratynlyklary.**

Uly toparlaryń taryhy tutumda ähmiýetli ýene-de bir görnüşi dürli etniki toparlarydyr. Synplaryń psihologiýsyndan tapawutlylykda etniki toparlaryń, ilkinji nobatda, milletleriń psihologik aýratynlyklary has düýpli derńelendir. Sosial psihologiýa bilen etnografiýanyń birleşmeginde ylmyń ýörite şahasy **etnopsihologiýa** ýüze çykdy. Ýöne etnopsihologiyanyń içinde milletleriń psihologiýasynyń has ýokary derejede derńelmegi etniki toparlaryń arasynda has üns berilýäniniń dińe millet bolmagyna getirýär. Hakykatda bolsa adamlaryń etniki birligi hökmünde millet taryhy ösüşiń giçki döwürlerinde ýüze çykýar. Millet häzirki

zaman jemgyýetiń iń bir gińden ýaýran etniki birligi bolsa-da, ondan başga jemgyýetde halkyýet, milli topar we ş.m. birlikler bardyr. Şonuń üçin ähli etnopsihologiýany dińe milletleriń psihologiýasyny öwrenmäge syrykdyrmak nädogrydyr. Ýokarda görkezilen milletler psihologiýasyna bolan birtaraplaýyn ünslülik sosial psihologiýanyñ bu bölüminde ulanylýan adalgalaryń bulaşyklygyna getirdi: etniki toparlaryń psihologik düzüjileri häsiýetlendirilende elmydam "etniki häsiýet diýilýän, "milli häsiýet" "etniki psihologiýa" derek "milli psihologiýa", "milli duýgular","milli öz-özüńi ańlaýyş" diýilýär: hakykatda bolsa bu hadysalaryń hemmesi etniki topardaky adamlaryń jemgyýetçilik psihologiýasynyñ bölekleýin alamatlary bolup durýar.

Etniki toparlaryń psihologiýasyny derńemegiń däbi sosial psihologiýada W.Wundtyń "Halklaryń psihologiýasy" baradaky işlerine baryp direýär: bu işlerde "halk" etniki birlik hökmünde düşündirilýär. Etniki toparlaryń psihologiýasyny derńemegiń usuly hökmünde rowaýatlary, adatlary we dili ulanmak pikiri hut Wuhdta degişlidir. Munuń sebäbi sońky agzalan hadysalaryń etniki toparlaryń gurluşyny düzýänligi bilen düşündirilýär. Wundtyń işlerinden soń günbataryń psihologiýasynda bu meseläni öwrenmeklige birnäçe täze çemeleşişler döräp, olaryń iń esasy - neofreýdistik medeni antropologiýanyń çäginde ösdürilen çemeleşişdir.



mundan öwrenmek bolup durýar. Bu derñewleriñ toplumy "toparlaýyn dinamika" adyny aldy. Derñewleriñ esasy meselesi şu aşakdakylara syrykdyryldy: toparlaryñ tebigaty nämeden ybarat, olary kemala getiriş şertleri nähili, olaryñ indiwidler we beýleki toparlar bilen arabaglanyşygy nähili, olaryñ üstünlikli hereketlenmeginiñ şertleri nämeden ybarat? Şol bir wagtyñ özünde şeýle toparlaryñ kadalary, jebisliligi, indiwidual meýil-motiwleriñ we toparlaýyn maksatlaryñ utgaşmasy, galyberse-de, toparlarda liderçilik diýen ýaly häsiýetnamalaryna uly üns berildi.

Adamlaryñ sosial özüni alyp barşyny haýsy islegler herekete getirýär diýen esasy sowala jogap bermek bilen "toparlaýyn dinamika" topar içindäki dartgynlyklar meselesini düýpli derñedi, arkalaşyk - kooperasiýa we bäsleşik - konkurensiýa şertlerinde toparlaýyn işiñ netijeliligini, toparlaýyn netijä gelmekligiñ usullaryny deñeşdirdi. Bu mysallary hiç bir kynçylyksyz dowam etdirip hem bolardy, çünki bu nazaryýet ugurda kiçi topar meselesiniñ ähli görnüşleri derñelendir. K.Lewiniñ ähli psihologik galdyrymy ýaly, köp alymlar onuñ sosial psihologik pikirlerini-de, "toparlaýyn dinamika" gapma-garşylykly bahalandyrylyşa laýyk hasaplaýar. Onuñ pikirleriniñ Günbataryñ we dünýäniñ sosial psihologik pikiriniñ mundan beýläkki ösüşine eden täsiri iññän uludyr. Şol bir wagtyñ özünde bu nazaryýet ugruñ çäklerinde toparlaýyn hadysalara degişli örän möhüm pikirler aýdylyp, olaryñ birnäçesi düýpli derñelip, şu wagta çenli

kesgitlemän, jemgyýetde ylmy teklipleri ulanmaklygyñ tutuş ulgamy bilen kesgitlenýär.

Meýonyñ açyşlarynyñ sosial psihologik üçin nazaryýet ähmiýeti barada aýdylanda bolsa, onda kiçi toparda **iki görnüşli gurluşyñ** barlygy anyklanyp, ol bolsa öz gezeginde barlaglar üçin giñ gelejegi açdy. Hottorn tejribelerinden soñra kiçi toparlary derñemekde tutuş bir ugur döräp, ol esasan iki görnüşli gurluşyñ seljerilişi, olaryñ her biriniñ dolandyrmak ulgamyndaky ähmiýetini ýüze çykarmak bilen baglanyşyklydyr.

**"Toparlaýyn dinamika"** mekdebi kiçi toparlary derñemekde giñ ýaýran ugur bolup, ol K.Lewiniñ ady bilen baglanyşyklydyr. Faşistik Germaniýadan emigrasiýadan soñra K.Lewiniñ amerikan döwürdäki işi Massaçusets tehnologik institutynda toparlaýyn dinamikany öwrenmek boýunça ýörite merkezi döretmekden başlanýar /ol merkez häzirki wagtda hem bardyr/. Bu merkezdäki derñewleriñ ugry Lewiniñ birnäçe nazaryýet pikirlerine esaslanýar. Lewin adaty geştalt psihologiýadan gözbaşyny alyp gaýdan «meýdan taglymatyny» düzýär we ol hem kiçi toparlary öwrenmegiñ esasynda durýar. Meýdan taglymatynyñ esasy pikiri şu aşakdakydan ybaratdyr: sosial özüñi alyp barşyñ kanunlaryny ony döredýän psihologik we sosial güýçlere akyl ýetirmek arkaly ýüze çykarylmaly diýen pikir toparlar hakyndaky ylma degişlilikde ösdürilýär. Psihologik meýdanyñ güýçlerini seljermegiñ möhüm usuly tejribehana şertlerinde ýörite göz öñünde tutulan häsiýetnamalary bolan toparlary döretmek we olary



Sosial psihologiýanyñ ýene-de bir ugrunda etniki psihologiýanyń meseleleri milletler baradaky taglymat jähtinde derńelýär. Indiwidiń milli /etniki/ degişliligi sosial psihologiýa üçin möhüm şertleriń biridir: munuń sebäbi etniki degişliligiń şahsyýetiń kemala gelýän kiçi gurşawynyń kesgitli häsiýetnamasyny özünde jemleýändigi bilen düşündirilýär. Etniki özboluşlylyk belli bir derejede her bir halkyń taryhy tejribesinde jemlenip, bu tejribäni özleşdirmek bolsa indiwidiń sosial tejribäni özleşdirmek tutumunyń mazmunyny düzýär. Adamyń daşky gurşawynyń iń ýakyny bolan maşgalanyń we mekdebiń üsti bilen şahsyýet özüniń ösüşinde milli medeniýetiń, adatlaryń, däpleriń özboluşlylygyna goşulýar, ony özüne sińdirýär. Etniki degişliligi,ilkinji nobatda milli degişliligi ańlamaklygyń usuly şol bir etniki ýaşaýyş şertlerine, agalyk edýän ańyýete baglydyr. Emma adaty ańyń derejesinde, jemgyýetçilik psihologiýasynda hem şol etniki topara degişli birnäçe häsiýetnamalary ýüze çykarmak mümkin. Etniki toparyń psihologiýasynyñ gurluşy islendik uly toparyń jemgyýetçilik paýhasnamasynyń gurluşyna mahsus bolan şol bir düzüjileri özünde jemleýär. Ýöne edil synplaryń psihologiýasynda bolşy ýaly jemgyýetçilik psihologiýanyń aýry-aýry düzüjileri dińe uly toparlaryń aýry-aýrylaryna häsiýetli bolup, olaryń her bir düzüjisi özboluşly mazmun bilen doldurylýar. Bularyń hemmesi etniki toparlara hem mahsusdyr.

Öńe sürülýän meseleleriń has işlenen ugry milletleriń psihologik aýratynlygyna degişlilikde amala

aşyrylandygy üçin, etniki toparyń jemgyýetçilik psihologiýasynyń düzüjileriniń gurluşy edil milletleriń psihologiýasynyñ düzüjileriniń gurluşy ýaly ýazylýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy milleti şeýle kesgitleýär: "Millet – adamlaryñ belli bir ruhy esaslarda bir topluma öwrülmegidir. Diñe şol ruhy binýatlaryna laýyklykda milletiñ maddy, daşky bitewiligi kemala gelýär"[1]. Milletleriń sosiologik kesgitlemesinde olaryń möhüm düzüjileriniń biri hökmünde "medeniýetiń umumylygynda ýüze çykýan psihologik sypatynyń umumylygyny" görkezýärler. Başgaça aýdanyńda uly toparlaryń jemgyýetçilik psihologiýasynyñ has durnukly häsiýetler bilen baglanyşykly möhüm düzüjisi göz öńünde tutulýar. Edil synplaryń seljermesindäki ýaly "milletiń psihologik sypaty" işewür kesgitlemä kynlyk bilen tabyn bolýan häsiýetleriń biridir. Şonuń üçin etnopsihologiýada bu düşünjäniń tejribe derńewlerde ońaýly bolan mynasybetini tapmaga birnäçe synanyşyklar edildi. "Milletiń psihologik sypaty" adalgasynyń manydaşy hökmünde "milli gylyk", "milli öz-özüńi ańlaýyş" ýa-da ýöne "milli psihologiýa" düşünjesi ulanylýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbasy şeýle ýazýar: "Her bir adamyñ özüne mahsus gylyk-häsiýetleriniñ bolşy ýaly, her bir milletiñ hem özüne bap gelip duran gylyk-häsiýetleri bar. Biziñ halk bolup, bäş müñ ýyllap döwran süren milletimiziñ

[1] Saparmyrat Türkmenbasy. Ruhnamasy. A., 2001, 160 sah



wakanyñ möhümligini we özüniñ haýsydyr bir waka gatnaşýanlygyñy añlamak, özüñe üns berilýändigini duýmak, önümçilik tutumyna has ýokary "goşulmaklyga", zähmet öndürijiliginiñ, hatda obýektiw gowulanmak bolman ýagdaýynda hem ýokarlanmagyna getirýär. Nazaryýet jähtden Meýo bu ýagdaýy aýratyn bir **sosiallyga degişlilik** duýgusynyñ – özüñi haýsydyr bir topara "degişli" duýman isleginiñ ýüze çykyşy hökmünde düşündirýär. Ýöne şol bir wagtyñ özünde düşündirişiñ ikinji ugury – işçi toparlarynyñ içinde aýratyn resmi däl gatnaşyklar döräp, şolar hem işçi aýallaryñ zerurlyklaryna, şahsy "ykballaryna" önümçilik tutumynyñ dowamynda ünsi döreden şert boldy - diýen pikir has gyzyklydyr. Meýo işçi toparlarynda diñe resmi gurluş bilen bir hatarda resmi däl gurluşyñ barlygy hakynda netijä gelmek bilen çäklenmän, resmi däl gurluşyñ ähmiýeti, aýdaly, ony kärhananyñ haýry üçin topara täsir edýän şert hökmünde ulanmaklygy hem teklip edýär. Meýonyñ barlagy sap amaly häsiýetde bolup, şonuñ üçin onuñ teklipleri diñe kärhananyñ zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen bolýar. Şonuñ üçin bu teklipleriñ esasynda soñ-soñlar aýratyn "adamçylyk gatnaşyklary" añyýeti döräp, ol monopoliýalary dolandyrmagyñ resmi maksatnamasyna öwrülýär we häzirki döwürde ähli amerikan telekeçilik mekdeplerde okuw sapagy hökmünde geçilýär. "Adamçylyk gatnaşyklary", añyýetiniñ mazmuny, elbetde, Meýonyñ tejribeleri bilen

nusgasy getirilýär. Meýonyñ bellän tejribe we gözegçilik-kontrol toparlarynda zähmetiñ dürli şertleri girizilýär : tejribe toparda ýagtylyk ýokarlandyrylyp, şoña laýyklykda zähmet öndürijiligi-de ýokarlanýar, kontrol toparda bolsa ýagtylygyñ üýtgedilmän galdyrylmagynda zähmet öndürijiligi-de ösmän galýar. Indiki tapgyrda tejribe toparda ýagtylygyñ täzeden ýokarlandyrylmagy zähmet öndürijiliginiñ täze ýokary göterilişini döredýär: ýöne birdenkä, kontrol toparda ýagtylygyñ üýtgedilmän galdyrylmagynda zähmet öndürijiligi bu ýerde hem ýokarlanýar. Üçünji tapgyrda tejribe toparda ýagtylandyrylyşyñ gowulandyrylyşy aýrylýar, zähmet öndürijiligi bolsa ösmegini dowam etdi : bu tapgyrda gözegçilik-kontrol topardaky ýagdaý hem edil şeýle boldy. Bu garaşylmadyk netijeler Meýo tejribäni kämilleşdirip, ýene-de birnäçe goşmaça derñew geçirmäge mejbur etdi : indi diñe bir ýagtylyk üýtgedilmän, zähmet şertleriñ giñ toplumy /alty sany ýygnaýjy aýaly aýratyn otaga geçirmek, zähmet hak tölenişini gowulandyrmak, goşmaça arakesmeler girizmek, hepde-de iki dynç güni we ş.m./ üýtgedilýär. Bu täze girizmeleriñ netijesinde zähmet öndürijiligi ýokarlanýar, ýöne haçan-da tejribäniñ şertine laýyklykda ähli täze girizmeler aýrylanda, zähmet öndürijiligi peselse-de, ýöne ol ilkibaşky derejesinden ep-esli ýokarlykda saklanýar.

Meýo tejribä ýene-de bir düzüji gatnaşýandygyny, onuñ hem işçi aýallaryñ hut tejribä gatnaşmaklygynyñ bolup durýandygyny belläpdir : töwerekde gidip duran



müñýyllyklarda kemala gelen onlarça ajaýyp gylyk-häsiýetleri bar".[1]

Etnografik edebiýatynda häzirki döwürde bu teklip edilýän kesgitlemeler ulgamyny kadalaşdyryp,etniki toparlaryń psihologiýasyny iń bolmanda beýan ediş derejede seljermäge mümkinçilik berýän "ülńi" döretmäge düýpli synanyşyklar bar. Şeýle synanyşyk Ý.W.Bromleýiń işlerinde bar. Uly toparlaryñ sosial psihologiýasyndaky däbe görä etniki umumylyklaryñ psihologiýasynda iki tarap tapawutlandyrylýar : I / has durnukly bölek - psihiki sypat / bu bölege milli ýa-da etniki gylyk, temperament hem-de däpler we adatlar girýär /2/ duýgy - emosional ulgam, muña milli ýa-da etniki duýgular girýär.[2] Görnüşi ýaly, «milli gylyk» synpyñ psihologik sypatynyñ düzüjisi bolup durýan "sosial gylygyñ" özboluşly mynasybetidir. Şonuñ üçin synplaryñ psihologiýasynda ýüze çykýan kynçylyklar bu ýerde hem häsiýetlidir. Esasy kynçylyk umumy psihologiýada gylyk meselesiniñ gowşak işlenendigi bilen baglanyşyklydyr : hut şunuñ özi milli gylygyñ mazmunyny kesgitlemekde köp gapma-garşylyklaryñ we çekişmeleriñ ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Şol bir wagtyñ özünde takyk derñewlerde aýry-aýry milli toparlaryñ milli gylygyny kesgitlemekde gaýduwsyzlyk, zähmetsöýerlik, çydamlylyk we ş.m. alymlaryñ pikirlerinde belli bir gabat gelmeler bar.

---

[1] Saparmyrat Türkmenbasy. Ruhnamasy . II kitap, 381 sah
[2] Seret : Bromleý Ý.W. Etnos i etnografiýa. M.,1973

Milli gylygyñ mazmuny we tebigaty dogrusyndaky meselede çekişmeli pikirler köpdür. Şeýle çekişmeleriñ biri bize öñden tanyş bolan, milli gylygyñ we bu milli toparyñ takyk wekiliniñ gylygynyñ utgaşmasy dogrusyndaky meseledir. Başga bir mesele gylygyñ haýsydyr bir sypatlary belli bir milli topara ýeke-täk mahsus, beýleki milli toparlarda bolsa ýok bolup bilermi diýen sowalyñ töwereginde döreýär.

Toparyñ psihiki sypaty oña girýän şahsyýetleriñ « sypatlarynyñ » jemine syrykdyrylmaýar diýen umumy usulyýet düzgünden ugur alyp, milli gylyk psihiki sypatyñ düzüjisi hökmünde diñe belli bir umumy sypatlaryñ toplumy hökmünde seredilip bilner. Milli gylygyñ aýry-aýry adamlarda däl-de, adamlaryñ toparynda has aýdyñ ýüze çykýandygy birnäçe derñewlerde görkezildi.

Milli gylygyñ şeýle umumy, durnukly häsiýetleri ýüze çykarylanda olar toýnuga ýetirilmeli däldir : birinjiden, hakyky jemgyýetde islendik toparda milli we sosial häsiýetnamalar bir-biri bilen utgaşýar. Meselem, synpy jemgyýetlerde her bir synpyñ içinde milli we sosial gylyklaryñ özboluşly utgaşmasyny görmek bolýar. Ikinjiden, milli gylygyñ dürli toparlarda ýüze çykarylan islendik häsiýeti belli bir millete diñe ýeke-täk şoña mahsus hökmünde baglanyşdyrmak bolmaz : hakykatda olaryñ her biri, umumyadamzat häsiýetlidir : haýsydyr bir halka zähmetsöýerlik, beýlekisine - sözleýşe ukyplylyk mahsus diýmek bolmaz. Şonuñ üçin ol ýa-da beýleki gylyk-häsiýetleriñ mahsuslygy hakynda gürrüň



anyklamakçy bolýarlar. Sosiometrik usulçanyñ giñişleýin ulanylýandygyna garamazdan, bu mesele tutuşlygyna seredilen däldir. Häzirki döwürde hiç kim sosiometriýa diñe sulh almaklygy we almazlygy ölçeýär diýip ykrar etmeýär /Morenonyñ özi-de soñky ýyllarda ölçenilýän häsiýetnamalaryñ görkezijilerini giñeldipdi/. Çaklama häsiýetde onuñ indiwid tarapyndan toparyñ beýleki agzalaryna berýän oñyn we oñyn däl bahalary ölçenilýär diýip ykrar edilse-de, bu düşünjäniñ hut özi düýpli düşündirişe mätäçdir. Usulçanyñ duýgy-emosional baglanyşyklary derñemek bilen bagly beýleki bir kemçiligi-de öñ birnäçe gezek agzalypdy : onda saýlawlaryñ meýil-motiwleri dogrusyndaky sowala jogap ýokdur.

**Sosiologik** ugur kiçi toparlary öwrenmekde adatça E.Meýonyñ Hottorn şäherindäki "Western elektrik" şereketiniñ kärhanalarynda geçirilen tejribelerindäki goýlan däp bilen baglanyşdyrylýar / hottorn tejribesi/. Bu tejribede şeýle zatlar ýüze çykaryldy. Şereketde relýe ýygnaýjy aýallaryñ zähmet öndürijiliginiñ peselýändigi aýan bolýar. Meýo çagyrylýança geçirilen köp sanly barlaglar onuñ sebäbini anyklap bilmeýär. Şeýlelikde, 1928-nji ýylda barlag geçirmek üçin Meýo çagyrylyp, onuñ ilkinji tejribesiniñ maksady iş ýeriniñ ýagtylandyrylyşynyñ zähmet öndürijiligine edýän täsirini ýüze çykarmakdan ybaratdy.Hottorndaky tejribeler 1924-nji ýyldan 1936-njy ýyllar aralygynda dowam edip, onuñ dürli taglymatlary aýgytly bir-birlerinde tapawutlanýan bolsa-da, bu ýerde tejribäniñ diñe umumy

mümkinçilik berýän-de bolsa, ol çendenaşa ähmiýetlendirilmeli däldir.

Sosiometrik ugurda kiçi toparlary derñemek meselesiniñ düýpli ýetmezçilikleriniñ biri-de onda kiçi toparyñ işiniñ ünsden düşürilýänligidir. Sosiometrik saýlawyñ "işewür" şertlerini girizmek, işdäki gatnaşyklar ünsden düşürilýänligi üçin meseläniñ çözülmegini kynlaşdyrýar. Şonuñ üçin sosiometrik usulyñ mümkinçilikleri bahalandyrylanda hemişe goşmaça sowal goýmak zerurdyr : derñewiñ haýsy dersine degişlilikde bu mümkinçilikler agzalýar? Eger-de şahsyýetara gatnaşyklaryñ duýgy-emosional gelip çykyşly ulgamyna degişlilikde bolsa, onda şeýle baha bir häsiýetde bolup, eger-de kiçi toparlaryñ umumy seljerilmesine degişlilikde bolsa - onda onuñ bahalandyrylyşy düýbünden başga bolýar. Usulyñ kemçiligi barada gürrüñ edilende bolsa, ilkinji nobatda, bu usulçany kiçi toparlary öwrenmekligiñ diñe bir mümkingadar täri hökmünde seredilmelidir.

Kiçi toparlarda duýgy-emosional gatnaşyklaryñ ulgamyny öwrenmek barada aýdylanda bolsa, Moreno tarapyndan teklip edilen usulçanyñ örän giñ ulanylýandygyny bellemek gerek. Ýöne bu ulgamda-da onuñ orny gutarnykly kesgitlenen däldir : şu günki güne çenli sosiometriki testiñ häzirki zaman görnüşinde nämäni öwrenýändigi doly anyklanan däldir. Köp ýazarlar häzirki döwürde Morenonyñ "şöhlesinden" ýüz öwrüp indi bu usulçanyñ şahsyýetara gatnaşyklarynyñ başga haýsy häsiýetnamalaryny ýüze çykarýandygyny



etmeli däl-de, ol ýa-da beýleki häsiýetiň ýüze çykyş derejesi, olaryñ ýüze çykyşynyñ özboluşlylygy hakynda aýtmak maksadalaýykdyr. Edebiýatda, mysal üçin, iñlis wäşiliginiñ özboluşlylygy /ýöne wäşilik duýgusy diñe iñlislere mahsus däldir/, italýanlaryñ şowhunlylygy /ýöne ispanlaryñ şowhunlylygy hem hiç kimiñkiden kem däldir/ we ş.m. hakynda aýdýarlar.

Milli gylygyñ esasy ýüze çykýan ulgamy işiñ dürli görnüşleri bolup, şonuñ üçin milli gylygyñ derñewini işiñ önümlerini öwrenmegiñ kömegi bilen amala aşyrmak mümkin : adatlary we däpleri öwrenmek bilen bir hatarda bu ýerde **halkyñ sungatyny** we **dilini** seljermek aýratyn orna eýedir. Milli gylygyñ häsiýetlerini sosiallaşmagyñ tutumynda indiwide esasan diliñ üsti bilen geçirilýändigi üçin dili seljermek uly ähmiýete eýedir. Sosial gurşawyñ üýtgeýjiligine garamazdan, milli gylygyñ häsiýetleriniň durnuklylygy tejribäniñ nesillere geçirilmegi bilen üpjün edilýän belli bir durgunlygyñ, dowamatyñ ýüze çykýanlygy bilen düşündirilýär.

Synpyñ jemgyýetçilik psihologiýasyndan tapawutlylykda etniki toparlarda kähalatlarda psihologik sypatyñ **temperament** we **ukyp** ýaly düzüjileri hem ýüze çykarylýar.Ýöne bu mesele entek sosial psihologiýada doly çözlen däldir : alymlaryñ birnäçesi dürli etniki toparlar üçin umumy temperamentiñ we ukyplaryñ özboluşlylygy meselesini goýmaklygy dogry hasap etmeýärler. Munuň sebäbi milletler meselesini derñemekde ýüze çykýan dürli nazaryýet ýagdaýlary

bilen düşündirilýär. Milletleriñ ukyplary baradaky mesele millet we jynsparazçylygyñ dürli görnüşleri bilen döredilýän köp sanly syýasy toslamalar bilen utgaşýar. Şonuñ üçin meseläni sosial psihologiýanyñ derejesinde derñemek aýratyn salyhatlygy, meseläniñ hut ylmy çözüljekdigine kepilligi talap edýär. Temperament barada aýdylanda bolsa, onuñ dürli etniki toparlara degişlilikde öwrenilişi bu meseläniñ umumy psihologiýada öwreniliş derejesine bagly bolýar.Temperamenti milletiñ psihologik sypatynyñ özboluşlygynyñ ýüze çykyşy hökmünde seredýän alymlar temperamentiñ belli bir görnüşini bir millete ýöñkemek däl-de, milletiñ psihologiýasynda temperamentiñ etniki toparda agdyklyk edýän görnüşleriniñ özboluşly utgaşmasyny ýüze çykarmagyñ zerurlygyny belleýärler. Ukyplar dogrusyndaky mesele mundan hem ýiti bolup, olaryñ derejesini kesgitlemekde günbatar psihologiýasynyñ däbinde dörän testler ulanylýandygy üçin mesele has hem çylşyrymlaşýar. Köp ýazarlaryñ adalatly belleýşi ýaly, islendik test hiç wagt öz mazmuny boýunça dürli medeniýetiñ özboluşlylygyny göz öñünde tutup bilmez. Bu ýerden testiñ şol bir medeniýetiñ özboluşly şertlerine uýgunlaşdyrylmaklygy sebäpli test synaglaryñ netijesiniñ peselmek ähtimallygy döreýär. Bu ýagdaý hem milletçilik toslamalarynyň döremegine esas berýär. ÝUNESKO-nyñ ýörite resminamalarynda bu barada şeýle ýazylandyr : "Antropolog adamlary näçe häsiýetnamalary boýunça bölüşdirse-de, ol hiç wagtda



gelmezlik indiwidiñ adamlara bolan psihologik gatnaşyklaryny añladýan sulh almak we sulh almazlyk ulgamynyñ makrogurluşyñ çäginde ýerleşmeýänligini añladýar : ýakyn töwerek hemişe psihologik taýdan oñaýly adamlardan durmaýar. Şeýlelikde, wezipe makrogurluşy mikrogurluş bilen gabat geler ýaly häsiýetde üýtgetmekden ybarat bolýar. Sosiometrik usul hut şu maksada hyzmat edip, nähili üýtgetmeleri amala aşyrmalydygyny görkezýän sulh almalary we sulh almazlyklary ýüze çykarýar. Bu usuly ulanmaklygyñ netijesinde kiçi toparlaryñ derñemegiñ tutuş bir ugry döredi. Bu ugur aýratyn hem amaly derñewlerde has meşhur bolup, ýöne kiçi toparlary hususy ylmy taýdan derñemek geljegi örän çäkli çygra düşdi.

Teklip edilen çemeleşiñ esasy usulyýet nätakyklygy kiçi toparlaryñ derñewinde esasy ünsüñ toparyñ diñe psihologik, şahsyýetara gatnaşyklaryna çenli daralýanlygyndadyr. Esasy maksatnama kiçi toparlarda adamlaryñ arasyndaky duýgy – emosional baglanyşyklary öwrenmekden ybarat bolup, bu maksatnama kiçi toparlary öwrenmekde çenden ähmiýetlendirilip, beýleki meseleleri tas gysyp çykardy diýen ýaly boldy. Kiçi toparlary derñemek belli bir derejede duýgy-emosional baglanyşyklary derñemeklige syrykdyrylyp, olary ýüze çykarmaga bolsa kiçi toparlary derñemegiñ esasy usuly hökmünde seredilip başlandy. Usul hakykatda hem kiçi toparlarda psihologik gatnaşyklaryñ gurluşyny öwrenmäge belli bir

seretmek zerurdyr. Munuñ esasy sebäbi kiçi toparlaryñ bu ýerde esasy meselä öwrülenligidir.Ýöne bu has giñ we özbaşdak  mesele bolup, ony sosial psihologiýanyñ umumy dersiniñ çäklerinde çözmek mümkin däldir /üstesine-de, bu ugurda birnäçe jemleýji işler bardyr/. Bu ýerde biziñ wezipämiz şeýle derñewleriñ esasy ugurlaryny ýüze çykarmakdyr.

Bu nukdaýnazardan Günbatarda üç sany dürli barlag çemeleşişlerine laýyklykda kiçi toparlary derñemekligiñ üç sany esasy ugruny ýüze çykarmak mümkin : 1/ sosiometriki, 2/ sosiologiki, 3/ "toparlaýyn dinamika" mekdebi.

**Sosiometriki** ugur kiçi toparlary öwrenmekde J.Morenonyñ ady bilen baglanyşyklydyr.Morenonyñ taglymatyna biz öñ seredipdik.Sosiometrik usulyñ mümkinçiligi we çäkliligi dogrusyndaky biziñ sosial psihologik edebiýatymyzda birnäçe gezek ýüze çykan çekişme bilen baglanyşyklykda bu nazaryýetiñ mazmunyny gysgaça ýatlamak peýdalydyr. Mälim bolşy ýaly, Morenonyñ esasy pikiri jemgyýetde gatnaşyklaryñ iki gurluşyny -  uly - makrogurluşy /bu Morenonyñ pikiriçe indiwidleriñ iş-durmuşyñ dürli görnüşlerinde özboluşly "giñişlikde" ýerleşişini aňladýar/ we kiçi - mikrogurluşy /indiwidiñ özüni gurşaýan adamlar bilen bolan psihologik gatnaşyklarynyñ gurluşy/ ýüze çykarmakdan ybaratdyr. Morenonyñ nukdaýyndan ähli dartgynlyklar, oñşuksyzlyklar, şol sanda olaryñ sosial görnüşleri, mikro - we makrogurluşlaryñ bir-birine gabat gelmezligi bilen  döredilýär. Onuñ üçin bu gabat



onuñ görnüşlerine akyl häsiýetlerini goşmaýar. Akyl ukyplarynyñ testleriniñ öz-özünden nämäniñ tebigy ukyplaryñ hasabyna, nämäniñ gurşawyñ, okatmak we terbiýäniñ hasabyna döreýändigini aýyl-saýyl edip bilmeýändigini häzirki döwürde hemmeler tarapyndan ykrar edilendir. Nirede gurşawyñ täsirinde döreýän tapawutlyklaryñ ýeñlip geçilen ýerinde testler ähli adamzat toparlarynyñ akyl sypatlarynyñ meñzeşligini görkezdi. Gysga aýdanyñda medeni şertleriñ adamyñ öz ukyplaryny amala aşyrmaga deñ mümkinçilik döredýän ýerinde islendik etniki toparyñ agzalarynyň ortaça üstünligi belli bir derejede birmeñzeşdir. Bu ýagdaý etniki toparlaryñ psihologik sypatynyñ ukyplar düzüjisi dogrusyndaky meseläni galdyrmagyñ şübhelidigine güwä geçýär".

Şeýle ähtibarlyk alymlarda etniki toparlaryñ sosial psihologik hadysalar bilen baglanyşykly beýleki aýratynlyklaryna degişlilikde hem bolmalydyr. Meselem, häzirki zaman sosial-psihologik edebiýatynda akyl ýetiriş çaprazlygy kognitiw dissonansy derñemeklige bagyşlanan işlerde medeni /ýagny, etniki/ ýerligi ünsden düşürýänligi aýgytly tankytlanýar: "çaprazlyga durnuklylyk" we "çaprazlyga duýgurlyk" düşünjeleri, meselem, günbatar we gündogar medeniýetine degişlilikde dürli-dürli düşündirilmelidir. Adatça şeýle tapawut göz öñünde tutulman, sosial psihologik derñew islenilse, islenilmese birtaraplaýyn maglumat toplap, ol hem öz gezeginde dürli galp, añyýet, taglymlarda ulanylyp bilinýär.Bu zatlar ýene-de bir gezek milletiñ

psihologiýasyny öwrenýän sosial psihologiýanyñ örän uly jogapkärçiligini subut edýär.Bu ugur milletleriñ deñligi hakyndaky syýasy mesele bilen ýakyn baglanyşykly, añyýet ýerliginde goşulan bolup, bu jähtleri sosial psihologik seljermede ünsden düşürmeklik bolmaz.

Bularyñ üstesine milli häsiýetiñ özboluşlylygyny derñemekligi çylşyrymlaşdyrýan birnäçe hadysalar adaty añyñ derejesinde hem ýüze çykýar.Bu hadysalar öñden görkezilişi ýaly islendik sosial obýektleriñ kabul edilişine mahsus, aýratyn hem beýleki etniki toparyñ wekili kabul edilende ýüze çykýan, umumylaşdyrma - stereotipleşdirme tutumy bilen döredilýär. **Etniki stereotipleriñ** ýüze çykyşy etniki özüñi añlaýşyñ, özüniñ belli bir etniki topara degişliligiñi añmaklygyñ esasynda döreýär. Islendik topara mahsus bolan psihologik umumylyk, mälim bolşy ýaly, belli bir "biz-duýgunyñ" kemala gelşinde ýüze çykýar. Etniki toparlar üçin bu "biz-duýgy" beýleki toparlardan tapawutlykda öz hususy toparyñ aýratynlyklaryny añlamaklygy özünde jemleýär. Bu ýagdaýda beýleki toparyñ keşbi köplenç halatlarda ýönekeýleşdirilýär, etniki toparlaryñ özara gatnaşyklarynyñ täsirinde beýleki toparyñ wekiline aýratyn sosial gönükdirilme /bu ýerde etniki/ döreýär. Şeýle gönükdirilmäniñ kemala gelşinde beýleki topar bilen aragatnaşyk etmegiñ öñki tejribesi orun oýnaýar. Eger-de bu gatnaşyklar oñyn däl häsiýetli bolan bolsa, edil şeýle äheñ oñyn däl gönükdirilmäniñ täsirinde bu toparyñ islendik duşan wekiline geçirilýär. Bu



adam mekdep synpy, ýaşlar guramasy ýaly agzalyk toparyna goşulýan bolsa-da, birdenkä bu toparlarda dälde, düýpgöter başga toparlarda kabul edilen kadalara uýup başlaýar ? Referent toparyñ täsir ediş döredijisi bu hadysa ýakynlaşdyrylan düşündiriş bermäge mümkinçilik döreýär :agzalyk topary indiwid üçin öz ýakymlylygyny ýitirip, ol öz-özüni alyp barşyny "başga" topar bilen deñeşdirýär. Elbetde, bu näme üçin hut "şu" topar oña möhüm bolup, "beýleki" möhümliligini ýitirýär diýen sowala jogap däldir. Görnüşi ýaly, bu sowala jogap bermek üçin ýörite barlaglar geçirmeli bolup, tutuşlaýyn referent toparlar meselesi özüniñ mundan beýläkki ösüşine garaşýar. Sebäbi bu ugurda diñe haýsy topar indiwid üçin şeýle bolýar diýen sorag entek jogapsyz galýar. Günbataryñ sosial psihologiýasynda bu meseläni öwrenmek amalyýeti has ösen bolsa-da şeýle sowala jogap berip bilmeýär, çünki bu meselede olar işiñ mazmunyny, toparyñ kadalaryna, gymmatlyklaryna üns bermeýärler : umuman, kadalaryñ we gymmatlyklaryñ döredijisi derñelip hut şu kesgitli kadalaryñ we gymmatlyklaryñ döredijisi derñelmeýär.[1]

**Günbatar sosial psihologiýasynda kiçi toparlary derňemekligiň esasy ugurlary.**

Kiçi topary öwrenmekligiñ gelejegini has aýdyñlaşdyrmak üçin bu meseläniň Günbatar sosial psihologiýasynda ösüşiniñ esasy ugurlaryna

[1] Seret : Kriçewskiý R.L. Problema maloý gruppy w zarubežnoý sosialnoý psihologii ??Problemy zarubežnoý sosialnoý psihologii. M.,1976

döredij wezipeler bolup, onda referent toparyñ indiwide öz-özüni alyp barşyny deñeşdirmek üçin nusga hökmünde ýa-da bu özüñi alyp barşy kadalaýyn bahalandyrmak üçin ulanýandygy görkezilýär.

Häzirki zaman sosial psihologiýasynda "referent topar" adalgasy iki hili ulanylyp, bir ýagdaýda ol agzalyk toparynyñ gapma-garşylygy, kähalatlarda bolsa agzalyk toparynyñ içinde döreýän topar hökmünde garalýar. Ikinji ýagdaýda referent topar adatça aragatnaşygyñ ähmiýetli toplumy , ýagny indiwidiñ hakyky toparyñ düzüminden özi üçin aýratyn ähmiýetli adamlaryñ toplumyny saýlamaklygy hökmünde kesgitleýär. Bu ýagdaýda toparda kabul edilen kadalaryñ diñe "aragatnaşygyñ ähmiýetli toplumy" tarapyndan kabul edilen halatda indiwid üçin ähmiýetli bolmagy mümkin. Başgaça aýdanyñda toparda indiwidiñ deñleşmek isleýän ortalyk ugrukmasy, nusgasy döreýär. Şeýle düşündiriş belli bir ähmiýete eýe bolsa-da, bu ýagdaýda "referent toparlar" hakynda däl-de, "referentlik" hadysasy hakynda aýdylsa has ýerlikli bolýar : toparda aýratyn häsiýetli gatnaşyklar döräp, onda toparyñ agzalarynyñ biri özüñi alyp barşyñ we işiñ hasap başysy hökmünde adamlaryñ diñe çäkli toplumyny saýlaýar.

Toparlary agzalyk we referent görnüşlere bölmek amaly derñewler üçin gelejek açýar. Şeýle derñew ugurlaryñ biri-de özüñi alyp barşyñ düzgüni bozýan görnüşidir. Düzgüni bozýan / "deviant" / özüñi alyp barşy düşündirmekde / mysal üçin, ýetginjeklerde/ referent topar düşünjesi uly orun oýnaýar : näme üçin



gönükdirilmä laýyklykda ýüze çykýan keşp **etniki stereotipi** döredýär. Bu ýerde toparyñ agzasynyñ elmydama beýleki etniki topary oñyn däl häsiýetde suratlandyrylmagy hökman däldir : ýöne ol hemişe beýleki toparyñ agzasynyñ subýektiw kabul edilişini berýär. Etniki stereotip köplenç etnikiara aragatnaşygyñ çäkliliginiñ netijesinde döreýär : beýleki etniki toparyñ aýratyn agzasyna mahsus häsiýetler ähli topara ýaýradylýar. Şeýle esasda döreýän stereotipler soñabaka etniki sulhuñ we sulh almazlygyñ döremegine täsir edýär.

Hatda şeýle täsir "bitarap" bolanda hem islendik etniki stereotip beýleki etniki toparlaryñ wekillerine etniki sypatlary, meselem, antropologik medeni kadalary we ş.m. ýöñkemekligi añladýar. Başgaça aýdanyñda ol nätakyk häsiýetnamalaryñ ýaýramagyna ýardam edip, galp añyýet şertlerinde milletçiligiñ we millet kemsitmekligiñ dürli görnüşleriniñ ýüze çykmagyna ýol açýar. Şonuñ üçin etniki stereotipleriñ ýüze çykyşynyñ sosial psihologik döredijisi bilen onuñ esasynda bilgeşleýin döredilýän syýasy eden-etdilikler tapawutlandyrylmalydyr.

Öz etniki toparyñ aýratynlyklaryny añlamaklyk beýleki toparlara garşy oñyn däl gatnaşygy özünde jemlemeýär. Ýöne beýle ýagdaý diñe bu tapawutlyklar entek ýüze çykarylýança dowam edýär. Ýöne şeýle **ýüze çykaryşdan** beýleki topara **baha bermeklige** geçmek örän ýeñildir : bahalandyryşda eýýäm beýleki toparyñ keşbiniñ üýtgedilmegi mümkindir. Psihologik jähtden

beýle ýagdaýda **etnosentrizm** hadysasy-ähli durmuş hadysalaryna "öz" etniki toparyñ ornundan seretmek meýli döreýär. Bu haçanda adam öz toparyny hormatlap, oña nusga hökmünde garaýan wagtynda bolýar. "Etnosentrizmiñ manysy öz etniki toparyňa beýleki toparlary daşyna toplaýan merkez hökmünde garaýan köpçülikleýin añlanylmaýan düşünjeleriñ toplumyndan ybaratdyr. Bu düşünjeler öz halkyñy beýleki halklara seredende has mahabatlandyryp, onuñ ýönekeýleşdirilen takyk keşbini döredýän köpçülikleýin añyñ psihologik hadysalarydyr. Şeýlelikde, etnosentrizm öz toparyñ häsiýetlerini duýgudaşlykly kabul etmekdir. Onuñ beýleki toparlara duşmançylykly garaýşyñ döremegini hökmany ýagdaýda göz öñünde tutmaýar : ýöne şeýle öwüşgin käbir şertlerde ýüze çykyp biler.

Etnosentrizmiñ nähili häsiýete eýe boljakdygy jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ görnüşine, milli syýasatyñ, añyýetiñ mazmunyna baglydyr. Etniki stereotipleriñ mydam belli bir sosial ýerlikde döräp, haçan-da olar haýsydyr bir durnukly ters pikir, ýagny oñyn däl öwüşginli duýgy - emosional hadysa öwrülen mahalynda, olar milli barlyşyksyzlygyñ guralyna öwrülip bilner. Etniki aragatnaşyk ýagdaýlarynda etniki stereotipleriñ kemala gelşiniñ döredijisini düşündirýän sosial psihologik derñew şeýle hadysalar bilen göreşmeklige uly goşant goşup biler.

Sosial psihologiýanyñ etniki toparlarda ýüze çykarýan möhüm psihologik häsiýetnamalarynyñ biri-de toparlaryñ arasyndaky psihologik tapawudyñ çendanlygy



derñewlerinde nygtalyp, soñ-soñlar onuñ esasynda günbataryñ önümçilik şertlerinde belli bir sosial manysy bolan netijelere gelindi : bu ähmiýet gatnaşyklaryñ resmi däl gurluşyny firmanyñ, şereketiñ zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakda ulanmakdan ybaratdy.

Şeýlelikde, kiçi toparlaryñ däp boýunça dörän ikinji görnüşe bölünişi-de gutarnykly hasaplanyp bilinmez. Ýöne onuñ esasynda döredilen gurluş görnüşe bölünmesi toparlaryñ tebigaty dogrusynda düşünjeleriñ ösmegine peýdaly boldy.

Üçünji görnüşlere bölmek **agzalyk toparlaryny** we **ähmiýet referent -toparlary** tapawutlandyrýar. Bu ilkinji gezek 1942-nji ýylda amerikan alymy G.Haýmen tarapyndan girizilip, "ähmiýet-referent topar" hadysasynyñ açylyşy-da oña degişlidir. Haýmeniñ tejribelerinde kiçi toparlaryñ agzalarynyñ bir bölegi ( bu ýerde talyp toparlary derñelipdi ) hut şu toparda däl-de, eýsem özleriniñ ugur alýan başga bir toparynyñ özüñi alyp baryş kadalaryny goldaýandygy ýüze çykaryldy.Indiwidiñ özüniñ hakyky goşulmazdan, ýöne onuñ kadalaryny kabul edýän toparyna Haýmen ähmiýet-referent topar diýip at berdi. Bu toparlaryñ hakyky agzalyk toparlaryndan tapawudy has giñişleýin M.Şerifiñ işlerinde bellenilip, bu ýerde referent topar düşünjesi indiwidiñ öz at-abraýyny beýleki adamlaryñ at-abraýy bilen deñeşdirmek üçin ulanýan «hasap başy ulgamy» bilen baglanyşdyrylýar. Soñ-soñlar G.Kelli referent toparlar düşünjesiniñ üstünde işläp, onuñ iki wezipesini ýüze çykarýar : bular deñeşdirme we kada

garamazdan, bilelikdäki iş döräp, topar resmi toparyñ sypatlaryna eýe bolýar : onuñ içinde, gysga wagtlaýyn bolsada orunlar we wezipeler döreýär.

Amalyýetde subut edilişine görä sap resmi we resmi däl toparlary ýüze çykarmak örän çetindir. Haçan-da resmi däl topar resmi toparyñ çäginde dörände has kyn bolýar. Şonuñ üçin sosial psihologiýada bu tapawutlygy ýumşatmak teklipleri döredi. Bir tarapdan, toparyñ resmi we resmi däl **gurluşy** düşünjesi girizilip /ýa-da gatnaşyklaryñ resmi we resmi däl gurluşy/, bu ýagdaýda toparlaryñ görnüşi däl-de, olaryñ içindäki gatnaşyklaryñ **görnüşi, häsiýeti** tapawutlandyrylýar. Meýonyñ ilkinji tekliplerinde hut şeýle many bolup, "resmi" we "resmi däl" kesgitlemeleriñ toparlaryñ häsiýetnamalaryna geçirilmegi özygtyýarly ýagdaýda amala aşyryldy. Başga bir tarapdan "topar" we "gurama" düşünjeleriniñ arasyndaky tapawut aýratyn nygtalyp, ol sosial psihologiýanyñ soñky ýigrimi - otuz ýylda ösüşine häsiýetlidir. Guramanyñ köp sanly sosiologik we sosial psihologik derñewlerine garamazdan, "gurama" we "resmi topar" düşünjelerini anyk saýgarylyşy henize çenli ýokdur. Kähalatlarda resmi toparyñ resmi däl topardan tapawutlykda guramanyñ häsiýetlerini özünde jemleýändigi aýdylýar.

Adalganyñ käbir nätakyklygyna garamazdan, görä resmi we resmi däl toparlaryñ manydaşy hökmünde "resmi" we "resmi däl" adalgalaryñ girizilmegi esasynda kiçi toparlarda iki gurluşyñ ýüze çykarylmagy örän ähmiýetli boldy. Bu ähmiýet eýýäm Meýonyñ



- otnositelligidir. Bu aýratyn hem milli gylyga degişlidir. Munuñ şeýledigini tassyklaýan birnäçe derñewler bar. Amerikan alymlarynyñ topary /Gellap adyndaky Institutda/ dürli ýurtlaryñ şäherleriniñ ýaşaýjylarynyñ arasynda milletara derñewler geçirdi : Afrika, Helsinki, Iogannesburg, Kopengagen Amsterdam, Deli, Nýu-Ýork, Oslo, Stokgolm, Toronto, Günbatar Berlin we Wenad.Dürli milletleriñ birnäçe obýektleri halaýyş ulgamlary öwrenildi : medeni derejesiniñ ýokarlygy, iñ gowy aşhana, iñ owadan aýallar, milli guwanjyñ ösüş derejesi. Derñewde añyñ derejesi, beýleki milletler dogrusynda stereotipleriñ ýaýraýşy bellendi. Derñewiñ netijesi şeýle boldy. Aşhana barada aýdylanda ähli toparyñ wekilleri öz hususy aşhanasyny gowy görýändigini aýtdylar. Medeni derejäniñ ýokarlygy barada dürli pikirler aýdyldy : iñ ýokary derejäniñ özündeligini grekler, gollandlar, induslar, amerikanlar, norwegler, şwedler, Günbatar Berliniñ ýaşaýjylary, awstriýalylar aýtdylar. Finler, daniýalylar, afrikanlar we kanadalylar bu sowala dürli hili jogap berdiler. Owadan zenanlar barada aýdylanda bolsa Günbatar Berliniñ ýaşaýjylary şwed aýallaryny, awstriýalylar-italiýan aýallary, daniýalylar-nemes aýallary aýdyp, galanlary bolsa iñ owadan zenanlar hökmünde öz halkynyñ aýallaryny görkezdiler. Haýsy halkda milli guwanç ýokary diýen sowala jogaplaryñ dürlüligi has gyzykly boldy. Bu duýgyny grekler, amerikalylar we induslar özünde bar hasaplap, finler bu babatda şwedleri, ähli galanlary bolsa iñlisleri görkezdiler. Bu derñew çuññur

jemlemelere daknyşyk etmese-de, onuñ netijesi üns bererlikdir. Çünki ol dürli milli toparlaryñ özeni häsiýetnamalarynyñ çeýeligine şaýatlyk edýär. Etniki stereotiplere hemişe güýçli etniki däl täsirler - sosial, taryhy, syýasy, medeniýetiñ mazmuny bilen döredilen we ş.m. goşulýar.

Milli psihologiýanyñ hadysalarynyñ çylşyrymlygy bizden adamlaryñ milli aýratynlyklaryñ **sebäbiniñ** näme esaslanýandygy dogrusyndaky sowaly uly jogapkärçilik bilen goýmaklygy talap edýär. Günbataryñ jemgyýetçilik pikirleriniñ taryhynda bu tapawutlyklaryñ sebäpleriniñ birnäçesi öñe sürüldi : "halkyñ ruhy" taglymatynda ol öñden berlen aýratynlyk hökmünde düşündirildi : jemgyýetçilik tutumy biologik jähtde düşündirýän taglymatlarda bu tapawutlyklar millete mahsus bolan, nesil arkaly döredilýän häsiýet hökmünde seredilýär : bu aýratynlyklaryñ köpüsini adamlaryñ antropologik, fiziki häsiýetlerinden, ýaşaýşyñ geografiki şertlerinden we ş.m. getirip çykarmakçy bolýarlar. Syýasy pähimler bilen goldanylýan bu taglymatlaryñ hakykata laýyk däldigi alymlary taryhy dörän ykdysady, sosial ýaşaýyş we medeni şertlere ýüzlenmäge mejbur etdi. Emma bu ugurda hem agtaryşlar hemişe netijeli däldir. Muny iki mysalda görkezmek bolar.

Ylmyñ özbaşdak pudagyna öwrülen etnopsihologiýa Günbatarda adamlaryñ etniki degişliligi boýunça döredilen psihologik keşbiniñ we özüni alyp barşynyñ aýratynlyklary dogrusynda uly we gyzykly maglumat toplanyldy. Emma derñewiñ irki



/aýdaly, topardaky gatnaşyklaryñ diñe kada eýermegi gurak resmiligi göz öñünde tutmaýar/. Şeýle-de bolsa, kähalatlarda "resmi" düşünjesi hökmany ýagdaýda oñyn däl mazmuny özünde jemleýänligi üçin bu adalgadan ýüz öwürmegi talap edýärler. Bu artykmaçdyr. Gynansak-da, köplenç ýagdaýda sosial psihologiýada ulanylýan adalgalar gündelik dilde oñyn däl öwüşgine eýe bolýarlar. Ýöne bu ýagdaý şeýle adalgalary ret etmekligi añlatmaýar : gürrüñ olara takyk sosial psihologik düşündiriş bermek zerurlygy barada edilmelidir.

Resmi toparlardan tapawutlylykda Meýo olaryñ içinde "resmi däl" toparlary ýüze çykarypdy : olar özakymlaýyn döräp, olarda at-abraýlar, wezipeler ýöñkelen häsiýetde bolman, olarda ýokarlaýyn özara gatnaşyklar ulgamy, ýagny takyk "häkimiýet" gurluşy ýokdur. Resmi däl topar resmi toparyñ **içinde** hem bolup biler. /Meýonyñ tejribelerinde bolşy ýaly/. Şeýle ýagdaýda, meselem, mekdep synpynda ýakyn dostlardan ybarat bolan haýsydyr bir umumy höwes bilen birleşdirilen kiçi toparjyklar emele gelýär : şeýlelikde, resmi toparyñ içinde gatnaşyklaryñ iki gurluşy utgaşýar.Ýöne resmi däl topar resmi toparyñ içinde däl-de, onuñ çäginden daşda**, "öz-özünden"** hem döräp biler: woleýbol oýnamak üçin plýažda tötänleýin toplanan adamlar ýa-da dürli resmi toparlara degişli bolan ýakyn dostlaryñ topary muña mysal bolup biler. Kähalatlarda şeýle toparyñ çäginde /aýdaly, bir günlük ýörişe giden syýahatçy topary/, onuñ häsiýetlerine

toparlaryñ ählisiniñ sypaty olaryñ galtaşma häsiýetdeligi bolýan bolsa, onda olaryñ arasynda ýene-de aýratyn toparlary ýüze çykarmaga synanyşmak maksadalaýyk däldir. Şonuñ üçin däp boýunça toparlaryñ ilkinji we ikinji görnüşlere bölünişi saklanyp /ikinji toparlar hökmünde bu ýerde adamlaryñ arasynda gös-göni baglanyşyklary bolman, aragatnaşyk üçin agzalarynyñ arasynda dürli "araçylar", meselem, aragatnaşyk serişdesi ulanylýar/, ýöne hakykatda mundan beýläk esasan ilkinji toparlar öwreniljekdir. Sebäbi diñe ilkinji toparlar kiçi topar häsiýetnamasynyñ şertlerini özünde jemleýär. Bu görnüşe bölünişiñ häzirki döwürde amaly ähmiýeti örän çäklidir.

Kiçi toparlaryñ taryhy bölünişiniñ ýene-de bir görnüşi **resmi** we **resmi däl** toparlarydyr.Bu bölüniş hem ilkinji gezek amerikan alymy E.Meýo tarapyndan meşhur Hottorn tejribeleri geçirilende teklip edildi. Meýonyñ nukdaýyndan resmi topar özünde agzalaryñ ornunyñ toparyñ kadalary arkaly takyk bellenilýändigi bilen tapawutlanýar. Degişlilikde resmi toparda toparyñ ähli agzalarynyñ wezipeleri olaryñ tabynlyk ulgamy "häkimiýet gurluşy" takyk bölünendir : bu ýerde topardaky "ýokarlaýyn" gatnaşyklar baradaky düşünje, wezipeleriñ we at-abraýlaryñ ulgamy bilen kesgitlenýän gatnaşyklara laýyk bolýar. Haýsydyr bir takyk işiñ şertlerinde döredilen islendik topar resmi topara mysal bolup biler : işçiler topary, mekdep synpy, sport topary we ş.m. Resmi toparlaryñ mazmuny şeýle kesgitlenende "resmi" sözi hiç bir hili oñyn däl öwüşgin almaýar



tapgyrlarynda etniki taýdan bir topary beýlekiden tapawutlandyrmak haçan-da derñewiñ obýekti hökmünde näçe kiçi umumylyk alynsa, şonça-da bu tapawutlaryñ aýdyñ bolýandygy anyklandy. Şeýle maglumat öwrenilýän tire-taýpa näçe derejede üzñelikde ýaşaýan bolsa, şonça-da derñewe "oñaýly" boldy. Şonuñ üçin adaty etnopsihologiýada derñewler köplenç Ýuwaş we Atlantik ummanlarynyñ adalarynda ýaşaýan taýpalaryñ /Taiti, Gaiti we beýl/ mysallarynda geçirilendir. Bu derñewlerde etniki psihologiýanyñ toparyñ ýaşaýyş şertlerine baglylygy ýüze çykarylan-da bolsa, bu şertleriñ özi takyk ýagdaýda özboluşly häsiýetdedigini aýdaly, toparyñ synplara bölünişiginiñ ýoklugy /.Şeýle derñewleriñ netijesini häzirki zaman uly milletlere geçirmek bolmaýar, çünki şeýle täze obýektlere geçende birnäçe goşmaça şertler ýüze çykyp, olary nazara almazlyk ýagdaýy düýbünden üýtgetmegi mümkin. Onuñ şeýle derñewleriñ aýry-aýrylarynyñ gymmatlygyna, ýokary hiline garamazdan, olaryñ ähmiýetli örän çäkli bolup, olaryñ kömegi bilen düýpli meseleleri çözmek kyn bolýar.

Beýleki bir mysal neofreýdizm mekdebine ugrukdyrylýan günbatar medeni antropologiýa bilen baglanyşyklydyr. Bu akymyñ çäginde **«özeni şahsyýet»** düşünjesi girizilip, ol her bir indiwidiñ ony şol bir etniki toparyñ beýleki indiwidler bilen meñzeş edýän sypatlaryny özünde jemleýär. "Özeni şahsyýeti" seljermek onuñ sosiallaşma usullaryny, ýagny maşgalany, toparyñ kabul eden kadalaryny, bu

medeniýetde kabul edilen nyşanlary we ş.m.derñemegi göz öñünde tutýar. Başgaça aýdanyñda derñew özeni şahsyýetiñ kemala gelşini, adamlaryñ etniki aýratynlyklaryny döredýän şertleri anyklamaklyga gönükdirilýär. Elbetde, bu seljeriş gelejegi bar ugur bolup, ýöne derñew başky usulyýet we nazaryýet esaslaryñ nädogrydygy sebäpli ahyryna ýetirilmän galypdy : "şertler" hökmünde diñe medeni nyşanlar düşünilip, sosial - ykdysady gatnaşyklar ünsden düşürilýärdi. Bu zatlar bolmasa adamlaryñ arasyndaky etniki, aýdaly, psihologik tapawutlary ýüze çykarmak mümkin däldir. Meseläniñ syýasy ýitiligi bu meselä aýratyn pähimlilik bilen çemeleşmekligi talap edýär. Milletleriñ deñligi düzgüni olaryñ «birmeñzeşligini» añlatmaýar. Şeýlelikde, milli aýratynlyklary, şol sanda psihologik sypatyñ tapawudyny ýüze çykarmak wajyp mesele bolup galýar. Bu aýratynlyklar çişirilmän, sosial-ykdysady şertlere tabynlykda seredilmelidir : meselem, milli gylygyñ häsiýetleri belli bir taryhy şertleriñ önümi, birnäçe nesliñ dowamynda degişli sypatlaryñ berkleşmekligi hökmünde seredilmelidir. Bu häsiýetler özüniñ durnuklylygyna garamazdan taryhy üýtgäp bilýärler. Şonuñ üçin milli psihologiýa taryhy hadysa hökmünde ýüze çykýar. Alymlaryñ belleýşi ýaly etniki stereotip diñe dürli adamlar toparlarynyñ ýaşaýyş şertleriniñ we zähmetiniñ şu pursatdaky dünýä möçberinde bölünişindäki tapawut bilen döredilýän iş-ýaşaýşynyñ hakyky özboluşlylygyny añrybaşylaşdyrýar. Etniki stereotipiñ mundan beýläkki galp pikir-garaýşa



döretmekligi talap edýär. Kiçi topar düşünjesiniñ bir mazmunly däldigi onuñ görnüşlere bölünişiniñ bir mazmunly däldigini döretdi. Psihologik edebiýatda teklip edilen görnüşleriñ sany, şeýle hem bu görnüşleriñ esaslary getirilýär. Umuman, kiçi toparlaryñ görnüşleriniñ dürli esaslary bolup biler : toparlar özleriniñ ýaşaýan wagt dowamlylygy /uzak wagtlaýyn we gysga wagtlaýyn/, agzalarynyñ arasyndaky baglanyşygyñ gysbylygy, indiwidiñ oña goşulyş usuly we ş.m. boýunça tapawutlandyrylyp bilner. Häzirki döwürde şeýle görnüşe bölünişiñ elliden gowrak dürli esaslary mälimdir. Olaryñ arasyndan diñe bir giñ ýaýranlaryny saýlap almak maksadalaýyk däl-de, ylmy sosial psihologiýa üçin ähmiýetlisini saýlamak möhümdir. Bu maksat bilen Günbatarda has ýaýran üç görnüşe bölünişe seredeliñ : 1/kiçi toparlary "ilkinji" we "ikinji" görnüşlere bölmek, 2/ olary "resmi" we "resmi däl" görnüşlere bölmek, 3/ olaryñ "agzalyk toparlara" we "ähmiýet referent toparlara" bölmek. Görnüşi ýaly, bu görnüşleriñ her biri belli bir goşalaýynlygy döredýär.

Kiçi toparlary **ilkinji** we **ikinji** görnüşlere bölmek amerikan alymy Ç.Kuli tarapyndan berlip, ol ilkibada ilkinji toparyñ beýany kesgitlemesini berip, olara maşgalany, dostlar toparyny, ýakyn goñşular toparyny we ş.m. goşýar. Soñ-soñlar Kuli ilkinji toparlaryñ düýpli häsiýetnamasy bolan –baglanyşyklaryñ gös-gönülik sypatyny girizýär. Ýöne şeýle sypat ýüze çykarylanda ilkinji toparlar kiçi toparlar bilen gatyşdyrylýar we görnüşe bölüniş öz manysyny ýitirýär. Eger-de kiçi

40 adamyñ sany görkezilýär / aýratyn-da mekdep synplary hakynda gürrüñ edilen-de/. Sosial psihologiýada toparlary seljermegiñ umumy çemeleşişine laýyk düzgün kabul edilse has maksadalaýyk bolar. Eger-de öwrenilýän kiçi topar hakyky ýaşaýan topar bolyp, ol işiñ subýekti hökmünde seredilýän bolsa, onuñ haýsydyr bir üýtgemeýän ýokarky çägini bellemeklik zerur bolman, bu çäk hökmünde bilelikdäki işiñ zerurlyklaryna laýyk gelýän derñelýän toparyñ hakyky bar bolan, hut şu pursatdaky möçberi kabul edilse oñaýly bolar. Başgaça aýdanyñda, eger-de topar hut şu jemgyýetçilik gatnaşyklarynda haýsydyr bir takyk möçberde berlip, ol hem haýsydyr bir takyk işi ýerine ýetirmäge ýeterlik bolsa, derñewde hut şu möçberi onuñ ýokarky çägi hökmünde kabul etmek bolar. Meseläniñ bu özboluşly çözlüşi bolup, onuñ hereket etmäge hukugy bardyr. Bu ýagdaýda kiçi topar bilelikdäki işiñ birligi bolup, onuñ möçberi amalyýet ýagdaýda berilýär : meselem, kiçi topar hökmünde maşgala öwrenilende, 3 adamdan, we 12 adamdan ybarat maşgalalar deñ derejede derñelýär : kiçi topar hökmünde işçiler topary seljerilende şeýle topar hökmünde 5 adamdan we 40 adamdan ybarat toparlar kabul edilip bilner /eger-de olar özlerine ýüklenen işiñ birligi hökmünde ýüze çykýan bolsa/.

**Kiçi toparlaryň görnüşleri.** Kiçi toparlaryñ jemgyýetdäki köplügi, görnüşleriniñ dürli-dürlüligi, derñew maksatlary üçin olaryñ görnüşleriniñ sanawyny



öwrülişi, soñra bolsa, bu galp pikir-garaýşy galp añyýet we syýasy nazaryýetlerde berkitmek-sosial psihologik mesele däldir. Şonuñ üçin derñewiñ obýektiniñ çylşyrymlygy toplumlaýyn çemeleşmekligi, dürli ylmy ugurlaryñ – sosial psihologiýanyñ, sosiologiýanyñ, etnografiýanyñ we ş.m. tagallalaryny birleşdirmegi talap edýär.

Bu meseläniñ sosial psihologiýa üçin aýratyn ähmiýeti köpmilletli döwletde milli syýasatyñ halklaryñ milli medeniýetiniñ gülläp ösmegini, hakyky milletara söýgüni terbiýelemek wezipesiniñ esasy wezipe bolup durýanlygy bilen düşündirilýär. Milli öz-özüñi añlaýşyñ kemala gelşiniñ sosial psihologik döredijisini ýüze çykarmak, şol bir wagtyñ özünde milletara dünýägaraýşy kemala getirmek möhüm durmuşy wezipedir. Hakyky sosial şertlerden üzñe synplaryñ psihologik sypatyny derñäp bolmaýşy ýaly, bu şertlerden üzñelikde milli psihologiýany öwrenmek mümkin däldir.

Uly sosial toparlaryñ psihologik häsiýetnamalaryny seljermek, sosial psihologiýa üçin möhüm sowaly döredýär: jemgyýetçilik psihologiýasynyñ düzüjileri nähili ýol bilen topara girýän aýratyn adamyñ psihikasy bilen "özara täsir edýär ?" Toparyñ sosial tejribesiniñ /onuñ psihologiýasynyñ düzüjilerinde şöhlelenýän/ indiwide nähili "ýetirilýändigi"» kiçi toparlaryñ seljerilişinden üzñelikde anyklanyp bilinmez. Sosial synpyñ, milletiñ hünär toparyñ çäklerinde adamlar köp sanly kiçi toparlara goşulýar. Şahsyýetiñ we jemgyýetiñ özara täsiri

meselesiniñ indiki logiki dowamy-kiçi toparlaryñ psihologik tarapyny seljermekdir.



Şonuñ üçin soñky döwürlerde Günbatarda hem diadany, umuman, kiçi topar hasaplamak bolmaz diýen seslenmeler döreýär. Diýmek, bu mesele dogrusyndaky çekişme heniz çözlenok.

Kiçi toparyñ "ýokarky" çägi dogrusyndaky mesele hem psihologik edebiýatda ýiti goýulýan meseleleriñ biridir. Sosial psihologiýanyñ taryhynda bu meseläniñ dürli çözlüşi teklip edildi. Miller tarapyndan $7^{+}_{-}2$ "jadyly san" açylandan soñra kiçi toparyñ şu möçberdäki düşünjesi has durnukly boldy. Mälim bolşy ýaly bu san işewür ýadyñ göwrümini kesgitlemekde ýüze çykarylyp, adamyñ bir wagtda ýatda saklap bilýän obýektleriniñ sany bolup durýardy. Sosial psihologiýa üçin «jadyly sanyñ» girizen çäkliligi has oñaýly bolup, uzak wagtyñ dowamynda $7_{-}^{+}2$ toparyñ ýokarky çägi hökmünde kabul edildi. Soñ-soñlar $7^{+}$-2 sanynyñ işewür ýadyñ göwrüminiñ häsiýetnamasy üçin adalatly bolsa-da, kiçi toparyñ göwrümi dogrusynda örän hordadygy anyklandy. Kiçi toparyñ hut şeýle möçberi barada köp subutnamalar getirilse-de /topar galtaşma häsiýetde bolandygy üçin indiwidiñ bir bada öz galtaşýan meýdanynda toparyñ ähli agzalaryny saklap biler ýaly $7_{-}^{+}2$ örän oñaýly möçber bolup durýanlygy/, olar tejribede tassyklanmady.

Eger-de derñew amalyýetine ýüzlensek, onda toparyñ ýokarky çägini görkezýän dürli sanlara duşýarys : 10,15,20 adam.Sosiometrik derñewiñ awtory bolan J.Morenonyñ käbir derñewlerinde, bu usulçanyñ kiçi toparlaryñ psihologiýasyna niýetlenendigi üçin 30-

şahsyýetara dartgynlygy häsiýetine eýe bolýanlygy sebäpli onda dörän agzalalygyñ çözülmesi kyn bolýar. Toparda üçünji adamyñ bolmagy täze orny - synlaýjyny döredip, ol dörän özara gatnaşyk ulgamyna düýpli täze öwüşgin goşýar : bu "üçünji" dartgynlykdaky orunlaryñ haýsydyr birine belli bir zat goşup, özi dartgynlyga goşulman, şahsyýetara däl-de, "işewür" başlangyja wekilçilik edýär. Şunlukda, dartgynlygyñ çözlüşi üçin esas döräp, onuñ gös-göni şahsy tebigaty işewür esaslaryñ girizilmegi bilen çalşyrylýar. Bu nukdaýnazar belli bir goldaw tapsa-da, meseläni doly çözlen hasaplamak bolmaz.

Hakykatda bolsa ähli derñewlerde kiçi toparyñ diadadan ýa-da triadadan "başlanýanlygy" anykdyr. Diadanyñ ilkinjiligini henize çenli tekrarlaýan Günbataryñ psihologiýasynyñ uly "diadiki özara täsir" taglymaty diýen ugry bar. Ýöne bu ýerde diadany kiçi toparyñ nusgasy hökmünde kabul etmekligiñ aýgytlaýjy ähmiýeti bardyr. Oýunlaryñ matematiki taglymatynyñ tärlerini ulanmak diadalarda özara täsiriñ köp ýagdaýlaryny "oýnamaklyga" mümkinçilik berýär. Bu oýunlaryñ netijesinde teklip edilýän çözlüşler köplenç gyzykly bolsa-da, olaryñ çäkliligi topary diada bilen gatyşdyrýanlygyndadyr : munuñ netijesinde nusgada ýol berilýän ýönekeýleşdirme toparda ýüze çykýan hakyky hadysalaryñ ýönekeýleşdirilmegine getirýär. Elbetde, diada, üstesine-de onuñ tejribehana şertlerde döredilen görnüşi kiçi toparyñ ýeke-täk nusgasy diýip görkezýän usulyýet düzgün birtaraplaýynlykdan halas däldir.



## 11-nji bap. TÖTÄNLEÝIN TOPARLAR WE KÖPÇÜLIKLEÝIN HEREKETLER

**Tötänleýin toparlaryñ umumy häsiýetnamasy we görnüşleri**

Uly sosial toparlaryñ umumy görnüşlere bölünişinde-de olaryñ aýratyn görnüşiniñ bardygy, sözüñ takyk manysynda "topar" diýip atlandyrmaklyga laýyk däldigi bellenipdi. Bu dürli höwesli, emma şeýle-de bolsa belli bir sebäp boýunça bir ýere toplanan haýsydyr bir bilelikdäki hereketleri ýüze çykarýan adamlaryñ gysga wagtlaýyn birleşmesidir. Şeýle wagtlaýyn birleşmeleriñ agzalary uly guramaçylykly toparlaryñ wekilleridir: synplar, milletler, hünär toparlary, ýaş toparlary we ş.m. Şeýle "topar" belli bir derejede kimdir biri tarapyndan guralyp bilner, ýöne ol köplenç tötänleýin döräp, öz maksatlaryny aýdyñ añlamaýar. Ýöne şeýle-de bolsa ol iññan işjeñ bolup biler Şeýle birleşmäni "bilelikdäki işiñ alyp berijisi" diýip atlandyrmak bolmaz. Şol bir wagtda oña kembaha garamak hem bolmaz. Häzirki zaman jemgyýetlerinde syýasy we sosial çözgütler köp derejede şeýle toparlara baglydyr. Tötänleýin toparlaryñ sosial psihologik edebiýatda ýygyndy, üýşmeleñ, köpçülik ýaly görnüşleri tapawutlandy-

rylýar. Başda bellenilişi ýaly sosial psihologiýanyñ taryhy belli bir derejede hut şeýle toparlaryñ seljerilişinden "başlanyldy" (Lebon, Tard we beýl.).

XX asyryñ sosial psihologiýasynda şeýle toparlaryñ psihologik häsiýetnamalary toparlaýyn özüñi alyp barşyñ görnüşi hökmünde beýan edilýär.

Tötänleýin toparlaryñ dürli görnüşleriniñ häsiýetnamasyna geçmezden ozal olaryñ kemala gelşiniñ möhüm bir şerti dogrusynda aýtmalydyr. Şeýle şert **jemgyýetçilik pikiridir.**_ Islendik jemgyýetde uly guramaçylykly toparlaryñ añyýetleri, ynançlary, sosial düşünjeleri bir-birinden üzñe ýagdaýda däl-de, özboluşly bitewiligi emele getirýär. Ony jemgyýetiñ köpçülikleýin añy häsiýetde kesgitlemek bolar. Bu köpçülikleýin añyñ añladyjysy bolsa jemgyýetçilik pikiridir. Ol jemgyçilik durmuşynyñ aýry-aýry wakalary, hadysalary dogrusynda döräp, örän çalt we çeýe täze gysga wagtlaýyn ýagdaýlaryñ täsirinde bu hadysalaryñ bahalandyrylyşyny üýtgedip bilýär. Jemgyýetçilik pikiri derñemek jemgyýetiñ ýagdaýyna düşünmegiñ açarydyr. Gynansak-da, sosial psihologiýada şeýle derñewler örän çakli bolup, ol köplenç sosiologiýada öwrenilýär.[1] Şol bir wagtyñ özünde tötänleýin toparlaryñ kemala gelşiniñ önüsyrasy bolup durýan jemgyýetçilik pikiri öwrenmek sosial psihologiýa üçin örän möhümdir: jemgyýetçilik pikiriñ güýçlenmesi, oña barlygy duýgy - emosional bahalandyryşyñ goşulmagy,

[1] Gruşin B.A. Mneniýa ö mire i mir mneniý. M., 1967



galtaşmalary özünde jemleýär /bu ýörite nygtalmasa baglanyşyk adamlaryñ ýörite guralan we tötänleýin toplumynda hem bolup bilýär/.

Bu aýgytlaýjy düzgünler anyklanandan soñra kiçi toparyñ mukdar häsiýetnamasyny-da düşündirilmeli bolýar : "kiçi topar bu - az sanly adamlar toplumy" diýmek manysyzdyr. Psihologik edebiýatda kiçi toparyñ "aşaky" we "ýokarky" çägi baradaky çekişme köpden bäri dowam edýär. Köp sanly derñewlerde kiçi toparyñ agzalarynyñ sany 2 görnüşli sanda - 2 bilen 7 arasynda görkezilýär. Bu hasap iñ kiçi topar iki adamdan ybarat "diada" bolmaly diýen düşünjä laýyk gelýär.

Adaty pikirlenmäniñ derejesinde kiçi topar diadadan "başlanýar" diýen pikir hakykata laýyk bolsa-da, bu pikire kiçi toparyñ aşaky çägi 3 adam bolmaly diýen nukdaý garşy durýar. Şeýle bolanda kiçi toparlaryñ ähli görnüşleriniñ esasynda «üçlük» diýip atlandyrylýan topar ýatýar. Kiçi toparyñ iñ kiçi çägi diadamy ýa-da triada diýen jedel, bularyñ haýsydyr biriniñ peýdasyna düýpli subutnama getiriläýmese üznüksiz bolýar. Belli bir tejribe derñewe esaslanyp, kiçi toparlara dolandyryşyñ subýekti we obýekti hökmünde seretmek bilen ýazarlar şeýle netijelere gelýärler : diadada aragatnaşygyñ ýönekeý, genetiki ilkinji görnüşi – sap duýgy - emosional gatnaşyk ýüze çykarylýar. Ýöne diadada bilelikdäki iş bilen aralaşdyrylýan aragatnaşygyñ çäkligi ýa-da ýoklugy sebäpli diada işiñ hakyky subýekti hökmünde seretmek kyn bolýar: diadada iş dogrusyndaky dartgynlyk gutulgysyz ýagdaýda

laýyklykda kiçi toparda umumy sosial işiñ barlygy topara bu işiñ subýekti hökmünde seretmäge we şonuñ bilen birlikde mundan beýläkki derñewi belli nazaryýet nusga tabyn etmäge mümkinçilik berýär. Şeýle düşündiriş ýeterlik derejede gutarnyklylyk häsiýetine eýe bolmaklygy üçin ýokarda getirilen kesgitlemede iş düzgüni seljermesi üçin has ähmiýetli we düýpli häsiýeti ýüze çykarmak mümkin : "kiçi topar munuñ özi jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ gös-göni şahsy baglanyşyk görnüşinde ýüze çykýan bitewilikdir." Bu kesgitlemede çugdam häsiýetde kiçi toparyñ beýleki sosial psihologik ulgamlarda getirilýän esasy sypatlary, şol bir wagtyñ özünde iş usulyýeti ugrukmaly sosial psihologiýa mahsus esasy pikir jemlenendir.

Şeýle düşünilişde kiçi topar ilkinji nobatda islendik toparyñ sosial psihologiýada seredilýän sypatlaryny özünde jemleýän boşluk däl-de, jemgyýetçilik gatnaşyklaryñ belli bir ulgamynda hakyky ýaşaýan, sosial işiñ takyk görnüşiniñ subýekti hökmünde belli bir jemgyýetçilik ulgamynyñ bölegi hökmünde ýüze çykýan topardyr. Şol bir wagtyñ özünde kesgitleme kiçi toparyñ ony uly toparlardan tapawutlandyrýan özboluşly sypatlaryny-da belleýär : jemgyýetçilik gatnaşyklary bu ýerde gös-göni şahsy baglanyşyklar hökmünde ýüze çykýar. Psihologiýada ýaýran "galtaşmaly topar" bu ýerde takyk mazmuna eýe bolýar: kiçi topar - bu adamlaryñ arasyndaky islendik galtaşmany däl-de, bilelikdäki iş bilen aralaşdyrylan jemgyýetçilik baglanyşyklary amala aşyrýan



onuñ ýüze çykyşynyñ gös-göni häsiýeti we beýlekiler tötänleýin toparlaryñ we onuñ köpçülikleýin hereketiniñ döreme- gine itergi bolup bilýär. Ony tötänleýin toparlaryñ dürli görnüşleriniñ kemala gelşinde has takyk yzarlamak bolýar.

**Ýygyndy** köçede dürli wakalaryñ sebäbinde döräp bilýär: ýol-ulag hadysalary, düzgün bozýany saklamak, häkimiýetiñ wekiliniñ hereketinden nägile bolmak ýa-da ýöne bir geçip barýan ötegçiniñ adaty däl özüni alyp barşy we ş.m. Onuñ dowamlylygy wakanyñ ähmiýeti bilen kesgitlenýär: ýygyndydan ýygnalanlaryñ wakanyñ gyzygy gaçan badyna dargamagy mümkin. Başga bir ýagdaýda, aýratyn-da haýsydyr bir hadysadan nägile bolnanda (dükana önümleriñ getirilmezligi, amanat kassada puly kabul etmekden ýa-da ýüz öwürmekligi) ýygyndy kem-kemden goşup, haýsydyr bir edara tarap aýgytly hereketlere geçmekligi mümkindir. Onuñ duýgy howalasy has ýokarlanyp, gatnaşyjylaryñ opurylyşykly özüni alyp barşyny döredip, ýygyndyda, eger başarjañ ugrukdyryjy adam tapylsa, guramaçylyk alamatlary döräp bilýär. Ýöne şeýle alamatlar döräýende hem ol durnuksyzdyr: ýygyndy dörän guramaçylygy ýeñillik bilen ýok edip bilýär. Tötänleýinlik, özakymlaýynlyk ýygyndynyñ esasy ýerligi bolup, ony köplenç opurylyşykly ugrukma gönükdirýär.

**Üýşmeleñ** adatça aýyl-saýyl araçägi bolmadyk has durnukly gurluş görnüşinde kesgitlenýär.

Üýşmeleñiñ ýygyndy ýaly pursatlaýyn hadysa bolmaklygy hökman däldir. Ol haçan-da halkyñ belli bir gatlagy akylly-başly haýsydyr bir sebäp boýunça toplananda köp derejede has ýokary guramaçylykly bolup bilýär: manifestasiýalar, demonstrasiýalar, mitingler. Bu ýagdýda guramaçylaryñ orny has ýokarydyr: olar hereketiñ başlanýan wagty gös-göni öñe saýlanman, gurmaçylykly toparlary liderleri hökmünde öñünden belli bolýar. Şonuñ üçin üýşmeleñiñ hereketiniñ ahyrky maksatlary we özüni alyp baryş usuly has aýdyñ we oýlanyşykly düzülen bolýar. Şol bir wagtyñ özünde edil ýygyndy ýaly üýşmeleñ hem mazmun jähtden örän dürli-dürlüdir. Onda bir wagtda dürli höwesleri çaknyşyp şoña görä onuñ hereketlenişi durnuksyz bolýar.

**Köpçülik** tötänleýin toparyñ ýene-de bir görnüşi bolup, ýöne onuñ tötänleýin düzüjisi ýygynda seredeniñde has pesdir. Köpçülik adamlaryñ haýsydyr dabara boýunça bilelikde wagt geçirmek üçin gysga wagtlaýyn toplanýan birleşmesidir (stadionyñ münberinde uly tomaşa zalynda, möhüm habary diñlemek üçin dinamigiñ öñünde jemlenmek we beýl.). Has laýyk binalarda, meselem, beýanýet zallarynda köpçülik **auditoriýa** diýip atlandyrylýar. Köpçülik hemişe haýsydyr bir umumy we kesgitli maksat boýunça jemlenip, şonuñ üçin ol has dolandyrylyşa tabyndyr. Onda adamlar özleriniñ saýlan tomaşa guramasynda kabul edilen kadalary has ýokary derejede berjaý edýärler. Ýöne köpçülik hem adamlaryñ



çykýan mesele kiçi topar näme, onuñ sypatlary we çäkleri dogrusyndaky sowaldyr. Kiçi toparlara berilýän köp sanly kesgitlemelerde iñ bir "jemleýji" häsiýetlisini alyp göreliñ: «Kiçi topar diýip, düzümi boýunça köp bolmadyk, agzalary, duýgy-emosional gatnaşyklaryñ, toparlaýyn kadalaryñ we toparlaýyn hadysalaryñ döremegine esas bolup durýan umumy sosial iş bilen, birleşdirilen we bir-birleri bilen şahsy gatnaşyklarda bolýan topara aýdylýar. Görüp otursañ bu belli bir derejede ähliumumy takyklyga daknyşyk etmeýän, köp derejede beýan ediji häsiýetdäki kesgitleme, özüne birleşdirilen düşünjelere nähili mazmun berlişine we düşündirilişine baglylykda dürli äheñe eýe bolup bilýär. Meselem, interaksionistik ugurda, başlangyç düşünjesi "özara täsir" bolup durýanlygy sebäpli, kiçi topar bu özara täsiriñ belli bir ulgamydyr, çünki kesgitlemedäki "umumy sosial iş" bu ýerde interaksionistik manyda düşündirilýär. Kognitiwistik ugur üçin bolsa bu kesgitlemäniñ başga pursaty esasy bolup durýar : umumy işiñ ýa-da ýöne özara täsiriñ esasynda döreýärmi tapawudy ýok, esasy zat toparda belli bir toparlaýyn akyl ýetiriş kognitiw gurluş-kadalar we gymmatlyklar ýüze çykýar. Bu topar üçin esasy zatdyr.

Hut şu kesgitleme iş düzgüninden ugur alýan sosial psihologiýada täze mazmun bilen doldurylýar : "umumy sosial işiñ" barlygyny ýüze çykarmak şol bada topary jemgyýetiñ sosial gurluşynyñ düzüjisine, zähmetiñ has giñişleýin bölünýän ulgamynyñ öýjügine öwürýär. Üstesine-de, iş düzgüniniñ esasy mazmunyna

çişirilip, uly toparlaryñ, köpçülikleýin sosial hadysalaryñ derñewine bolsa kembaha garalýar. Şonuñ üçin kiçi toparlaryñ derñewiniñ ýagdaýy adaty sosial psihologiýada gapma-garşylyklydyr.Bir tarapdan, köp sanly möhüm meseleler goýlup, köp sanly, tehniki taýdan iññän inçe tejribeler geçirilip, kiçi toparlaryñ köp sanly hadysalary we täsirleri çuññur öwrenildi. Başga bir tarapdan, bu maglumatlaryñ jemlenmesiniñ, takyk hazaryýet ülñüsiniñ ýoklugyny aýtmanyñda-da, köp sanly ýönekeý meseleler çözülmän galýar. Bu meseleler köplenç, düýpli, başlangyç meseleler, düzgünler bolup, olaryñ çözgüdiniñ ýok wagtynda köp sanly geçirilen derñewler düşnüksiz bolup galýar. Aýdaly, şu günki güne çenli kiçi toparyñ kesgitlemesi,onuñ düýpli sypatlary /şunuñ bilen baglanyşyklykda kiçi toparlary ýüze çykaryş düzgünleri/ çekişmeli mesele bolup galýar. Şeýle hem kiçi toparyñ mukdar görkezijileri, onuñ aşaky we ýokarky çäkleri baradaky mesele çözlen däldir. Toparlaýyn tutumlaryñ tutuş meselesi çekişme häsiýetdeliginde galýar. Bu zatlaryñ sebäpleriniñ biri bitewi nazaryýet çemeleşişiñ ýoklugydyr : kiçi topar meselesi deñ derejede dürli nazaryýet ugurlaryñ wekillerini gyzyklandyrýar, onuñ düşündirilişiniñ dürlüligi we gapma-garşylyklygy meseläniñ iñ esasy bölümlerinde "ak tegmilleriñ" galmagyna sebäp bolýar.

**Kiçi topary kesgitlemek we onuñ çäkleri.**

Kiçi toparlaryñ derñewine girişmekde ilkinji ýüze



üýşmeleñi bolup durýanlygy üçin onda köplügiñ kanunlary hereket edýär. Bu ýerde haýsydyr bir ýagdaýyñ täsirinde köpçülik dolandyrylmaýan gurluşa öwrülýär. Bu babatda uly stadionlarda janköýerleriñ agyzdyryklanmaýan howalalarynyñ nähili gabahatlyklara getirýändigine näçe diýseñ mysal bardyr.

Tötänleýin toparlaryñ dürli görnüşleriniñ umumy sypatlary bu toparlarda kommunikatiw we interaktiw tutumlaryñ meñzeş serişdeleri dogrusynda gürrüñ etmäge esas berýär. Bu toparlarda jemgyýetçilik pikiri başga çeşmelerden alnan maglumat arkaly doldurylýar. Bir tarapdan, bu köpçülikleýin maglumatyñ resmi habar beriş serişdeleri bolup, ol köpçülikleýin özüñi alyp baryş şertlerinde köplenç erkin we nädogry düşündirilýär. Başga bir tarapdan, bu toparlara gep-gürrüñ, gybat ýaly maglumat çeşmeleri hem ýörgünlidir. Bu maglumatlaryñ ýaýraýşynyñ we hereketlenişiniñ öz kanunlary bolup, olar sosial psihologiýanyñ ýörite öwreniş dersini döredýär. Bu maglumat çeşmesi öñküleriñ diñe bir üstüni ýetiriş serişdesi bolman, eýsem resmi wagyz işinden gelip gowuşýan maglumaty barlamak, takyklamak serişdesi bolup hyzmat edýär[1]. Pikir ýöretmeleriñ şeýlelikde döreýän dürüşdesi üýşmeleñde ýa-da ýygyndyda hereket edip başlap, herekete ugrukdyryjy häsiýete eýe bolýar. Bu

[1] Şerkowin Ý.A. Stihiýnoýe wliýaniýe i wnekollektiwnoýe powedeniýe.// Sosialnaýa psihologiýa. M., 1975, c. 286

ýagdaýda maglumaty hususy düşündirmek zerurlygy aradan aýrylyp, hereketiñ toparlaýyn ugrukdyrylmasy ýüze çykýar. Ähtibarlygyny barlamaklyga hiç bir isleg bolmaýan, "şu ýerde we häzir" häsiýetde alnan maglumata aýratyn ynanç täsiri döreýär. Hut şunuñ özi aragatnaşygyñ we özara täsiriñ özboluşly görnüşini döredýär.

Şeýlelikde, şeýle ýagdaýlarda adamlaryñ arasynda uzak wagtlaýyn ýüzbe-ýüzlügiñ ýoklugy adamlaryñ işi, durmuşy üçin aragatnaşygyñ örän ähmiýetliligi dogrusyndaky sowaly aradan aýyrmaýar. Gynansak-da, sosial psihologiýanyñ tejribe derñewleri işjeñ ýola goýmaklyga geçmekligi, esasy höwesiñ kiçi toparlara süýşmekligi bilen bu meseleleriñ derñewine gyzyklanma bu ylmyñ taryhynyñ uly kesiminde ýitirilmegine getirildi. Diñe soñky wagtlarda bu meseleler täzeden ünsi özüne çekip başlady.

Hakykatda bolsa gürrüñ meseläniñ könelişenliginde däl-de, ylmyñ ösüşiniñ ýokary derejä göterilmekligi bu köne meseleleriñ täze derñew usullaryny talap edýänligindedir. Adamlaryñ ýaşaýşynyñ şeýle özboluşly birleşmeleriniñ bardygy barada aýdylanda bolsa, ýygyndy, üýşmeleñ ýa-da auditoriýa ýaly köpçülikleýin tomaşa ediş ýaly birleşmeleriñ hakykatdygy, olarda aragatnaşygyñ we täsiriñ özboluşly görnüşleriniñ bardygy şübhesizdir. Jemgyýetçilik durmuşynyñ çylşyrymlaşmagy, medeniýetiñ we sungatyñ köpçülikleýin özleşdiriş



de kiçi topar meselesiniñ psihologiýa bilen sosiologiýanyñ döreden çatrygynda bolmaklygydyr. Şonuñ üçin sosial psihologiýasynyñ bu iki ylmyñ "çatrygynda" döremekligi ýokarky sebäpleriñ üstüni "ýetirdi"[1].

Aýdylanlaryñ üstüne üçünji bir sebäbi – usulyýet häsiýetdäki sebäbi goşmak mümkin. Sosial psihologik bilimiñ özboluşlygy kiçi toparlara bolan ýokarlandyrylan gyzyklanmany "makullaýar". Has takyk maglumatlary almaklyga bolan isleg, psihologiýanyñ beýleki şahalaryndaky tejribe usulyň üstünlikleri, sosial psihologiýada hem tejribe usullary, has takygy laboratoriýa tejribäni ulanyp bolýan obýekti agtarmaga mejbur etdi. Kiçi topar hut laboratoriýa hökmünde düşündirilýän seljermäniñ birligi bolup, tejribe geçirmäge mümkinçilik berýän obýektdi. Toparlaýyn karara gelmek tutumy barada aýdylanda hem bu hadysany laboratoriýa tejribesi usullarynynyñ kömegi bilen hut kiçi toparda derñemek oñaýly bolýar.we ş.m. Şeýlelikde, kiçi topar sosial psihologiýa tejribe ylmy hökmünde özüni ykrar etdirmäge mümkinçilik berdi.

Kiçi toparlara gyzyklanma döreden bu sebäpleriñ hemmesiniñ belli bir maksadalaýyklygy bar. Emma başlangyç usulyýet esaslarynyñ birnäçesi nädogry bolan ýagdaýynda kiçi topara bolan kanuny gyzyklanma onuñ ähmiýetiniñ aşa bahalandyrmagyna getirýär. Hut şeýle ýagdaý Günbataryñ sosial psihologiýasynda ýüze çykyp, bu günki günde kiçi toparlaryñ ähmiýeti adatdan daşary

[1] Seret : Ýaroşewskiý M.G. Psihologiýa XX stoletiýa. M.,1974, 413 sah.

özüniñ düzüjisi hökmünde özüne birleşdirýän giñ sosial umumylyk bilen baglanyşygynyñ nazara alynmazlygy, ony sosial gurluşyñ öýjügi hökmünde häsiýetlendirmekden we bularyñ esasynda kiçi toparda berlen sosial gatnaşyklaryñ mazmun tarapy dogrusyndaky sowaldan gaça durmaklyk. Bu babatda kiçi toparlaryñ sosial psihologik derñewine ýewropaly öwrenijileriñ çemeleşiş nukdaýy amerikan sosial psihologiýasyndan özboluşlydyr.

Günbataryñ sosial psihologiýasynyñ kiçi toparlara bolan gyzyklanmasy barada aýdylanda bolsa, bu mesele şeýle düýpli bolup, ähli adaty sosial psihologiýany kiçi toparlaryñ sosial psihologiýasy hökmünde seretmek mümkin. Kiçi toparlaryñ Günbataryñ sosial psihologiýasynda üns merkezine öwrülendiginiñ obýektiw we subýektiw sebäpleri bardyr. M.G.Ýaroşewskiý bu hadysanyñ sebäbini XX asyryñ sosial psihologiýasynyñ umumy akyl ýetiriş ýagdaýynyñ pursaty hökmünde görkezýär. Birinjiden, bu adamyñ işleriniñ böleklere bölünmeginiñ güýçlenmegi, jemgyýetçilik gurluşyñ çylşyrymlaşmagy bilen döredilen jemgyýetçilik durmuşynyñ umumy çylşyrymlaşmagydyr. Adamlaryñ işleriñ görnüşleri boýunça köp sanly birliklere goşulmagy şeýle göze ilginç ýagdaý bolansoñ, ol derñewçileriñ ünsüni özüne çekdi. Adamyñ durmuşynda kiçi toparlaryñ ähmiýetiniñ obýektiw ýokarlanmagy, meselem, önümçilikde, jemgyýetçilik durmuşda köpçülikleýin karara gelmek zerurlygynyñ köpelmegi we ş.m. Ikinjiden, özboluşly sebäpleriñ biri-



görnüşleriniñ, boş wagty geçirmekligiñ köpçülikleýin usullarynyñ, maglumatyñ köpçülikleýin serişdeleriniñ ösmegi aragatnaşygyñ bu ulgamdaky hereketlenişini öwrenmekligiñ has jogapkärçilikli çemeleşmekligi talap edýär. Bu ulgamyñ esasy aýratynlygy – onda maglumatyñ tötänleýin geçirilişi ýüze çykýar we şahsyýet aragatnaşykda özüniñ bu ýagdaýa erkli gözegçiligini syzmaýan ýagdaýda hereket edýär. Munuñ bilen baglanyşyklykda täsir ediş hem bu ýerde bilelikdäki iş boýunça düzülen topardakydan özboluşly görnüşe eýe bolýar.

**Sosial hereketler.** Sosial hereketler uly sosial toparlaryñ we köpçülikleýin özakymlaýyn özüñi alyp barşyñ psihologik häsiýetnamasynyñ seljermesi bilen baglanyşykda seredilmeli sosial hadysalaryñ aýratyn görnüşidir. Sosial hereketler öz öñünde sosial barlygy özgertmek bilen baglanyşykly belli bir maksat goýýan adamlaryñ guramaçylykly birligidir. Sosial hereketleriñ dürli derejeleri bardyr: ol bir tarapdan çendan uly maksatlary bolan giñişleýin hereketler (parahatçylyk ugrunda, ýaragsyzlanmak, ýadro synaglaryna garşy, daşky gurşawy goramak dogrusyndaky göreş we ş.m.), ikinji tarapdan belli bir territoriýanyñ ýa-da sosial toparyñ kesiminde bolýan çäkli hereketler (Semipalatinskidäki ýadro synagy poligenynyñ garşysyna, aýallaryñ deñhukuklylygy, gara adamlaryñ kemsidilmegine garşy we ş.m.) hem-de özüniñ hususy maksatlary bolan has çäkli sebitdäki

hereketler (şäher häkimliginden haýsydyr bir agzany çalşyrmak üçin) bolup bilýär.

Özüniñ haýsy derejeligine garamazdan, sosial hereket birnäçe umumy sypatlary ýüze çykarýar. Ilkinji nobatda, ol belli bir jemgyýetçilik pikirine esaslanyp, bu pikir sosial hereketi taýýarlaýar; şol bir wagtda onuñ özi-de hereketiñ ösüşinde kemala gelýär we berkeýär. Ikinjiden, islendik sosial hereket haýsydyr bir ýagdaýy onuñ derejesine baglylykda özgertmegi maksat edinýär: kähalatda tutuş jemgyýetde, kähalatda sebitde, kähalatda bolsa haýsydyr bir toparda. Üçünjiden, hereketiñ guralyşynda onuñ dürli derejede esaslandyrylan maksatnamasy kemala gelýär. Dördünjiden, hereket öz maksadyna ýetmek üçin ulanyljak serişdeleriniñ ýerlikliligi dogrusynda özüne hasabat berýär (meselem, zor salmaklyga ýol berlip ýa-da berilmezligi). Galyberse-de, bäşinjiden sosial hereketler ol ýa-da beýleki derejede köpçülikleýin özüñi alyp barşyñ dürli ýüze çykmalarynda amala aşyrylýar (demonstrasiýalar, manifestasiýalar, mitingler, gurultaýlar we ş.m.)[1].

Sosial hereketler sosial psihologiýanyñ ylym hökmünde dersiniñ çylşyrymlygyny añ görkezýär: indiwidiñ we toparyñ özüni alyp barşynyñ hereketlenýän giñişligindäki özeni psihologik hadysalar bilen sosial şertleriñ birligi. Islendik sosial hereketiñ gözbaşy **mesele ýagdaýy** bolup, ol hereketiñ ýüze çykmagyna itergi berýär. Ol şol bir

[1] Ştomka P. Sosiologiýa sosialnyh izmeneniý. M., 1996



möhüm görkezijiniñ "gapdalda durmak" däl-de, toparyñ agzalarynyñ özara täsiri bolup durýandygy ähtibar bellendi.

Kiçi toparlary derñemekligiñ üçünji tapgyry has ýaýrañ boldy. Bu ýerde diñe bir toparyñ indiwide edýän täsiri ýüze çykarylman, toparyñ hut öz häsiýetnamasynyñ oña täsiri anyklanyp başlandy : onuñ gurluşynyñ, toparda indiwidleriñ özara täsiriniñ görnüşleriniñ we ş.m. aýratynlyklarynyñ indiwide täsiri anyklanyp, toparyñ umumy işiniñ beýan edilmesine çemeleşişler döredi. Dürli toparlaýyn hadysalary ölçemegiñ usullary kämilleşdirildi. Mundan başga-da kiçi topary derñemekligiñ sosiologiýa, sosial psihologiýa we umumy psihologiýa laýyk çemeleşişleri aýdyñlaşdyryldy. Kiçi topary öwrenmekligiñ bu üç "baş ugruny" umumy häsiýetde şeýle suratlandyrmak mümkin : 1/ topar özboluşly medium –ortalyk hökmünde derñelip, onuñ içinde indiwidiñ özüni alyp barşy amala aşyrylýar /"topar şertinde indiwidiñ özüni alyp barşy"/. Bu umumy psihologik çemeleşiniñ mazmunydyr, 2/ toparyñ häsiýetleri we ýüze çykyşy derñelýär. Bu sosiologik çemeleşişiñ mazmuny düzýär: 3/ topar bilen / aýratyn hyzmaty mazmun häsiýetde / onuñ düzüjileri hökmünde indiwidleriñ arasyndaky özara täsir derñelýär. Bu sosial psihologik çemeleşişe mahsusdyr. Elbetde, bu çemeleşişleriñ tapawudy şertli bolup, bu ýerde üç "baş ugruñ" üçüsinden hem eriş-argaç bolup geçýän umumy usulyýet düzgüni has möhüm bolup durýar. Bu düzgüniñ mazmuny şu aşakdakylardan ybaratdyr: kiçi topary hut

höweslendirilişiñ ýokarlanma täsiri hökmünde düşündirilip, şol bir wagtyñ özünde indiwidiñ işiniñ netijeliligine bolsa beýleki adamlaryñ ýöne görnüşi, olaryñ "seslenmesi" /gapdalda şol bir ýumşy çözýäniñ/ täsir edýänligi anyklandy. Bu täsir sosial psihologiýada **sosial fasilitasiýa** täsiri diýip atlandyrylyp, onuñ mazmuny beýleki adamlaryñ gapdalda bolmagy şol bir adamyñ hereketini ýeñilleşdirip, oña ýardam edýänligi bilen düşündirilýär. Dogrusy, käbir tejribelerde gapma-garşylykly täsiriñ – beýlekileriñ indiwidiñ işine togtadyjy häsiýetde täsir edýänligi hem ýüze çykarylyp, bu **sosial ingibisiýa** täsiri diýip atlandyryldy. Ýöne sosial fasilitasiýany derñemek has giñ gerim alyp, bu kiçi toparlary derñemegiñ ilkinji tapgyrynda hut bu hadysanyñ açylandygy bilen düşündirilýär.

Derñewiñ ikinji tapgyrynda koaktiw toparlary öwrenmekden kiçi toparda indiwidleriñ **özara täsirini** öwrenmeklige geçildi. Derñewleriñ birinde toparda bilelikdäki iş ýagdaýynda şol bir meseleler indiwidual-ýekelik ýagdaýdakydan has dogry çözülýär: aýratynam çözlüşiñ ilkinji döwürlerinde topar az ýalñyş goýberip, meseläni çözmekligiñ has ýokary çaltlygyny görkezýär we ş.m. Tejribeleriñ birinde topar bolup işlenýän ýumşuñ ortaça tizligi özara täsire gatnaşyjylaryñ bu ýumşy indiwidual – ýeke çözmekliginiñ ortaça tizligi bilen deñeşdirilende ýene-de topary artykmaçlygyny görkezdi. Dogrusy, has bölekleýin seljerilende bu netijäniñ işiñ häsiýetine hem baglydygy anyklandy. Ýöne bu pikir ösdürilmän galdyrylyp, diñe toparyñ işiniñ



wagtda ýekebara añyñ we toparyñ añynda şöhlelenýär: pikirleriñ belli bir bitewiligi hut toparda gazanylyp, ol bolsa herekete geçirilýär. Bu ýerde toparyñ mundan ozalky ösüşiniñ dowamynda kemala gelen, durnukly düşünjeler, şeýle-de, iñ soñky maglumatyñ esasynda kemala gelen (köplenç doly däl we birtaraplaýyn) köpçülikleýin añyñ düzüjileri ähmiýetlidir. Hereketiñ çagyryşlarynyñ mazmunynyñ we maksadynyñ çendan çalt üýtgemekligi hut şunuñ bilen baglanyşyklydyr. Sosial psihologiýa üçin üç mesele iññän ähmiýetlidir: herekete goşulmaklygyñ döredijileri, köplügiñ we azlygyñ pikirleriniñ özara utgaşmasy, liderleriñ häsiýetnamasy.

**Herekete goşulmaklygyñ döredijileri** gatnaşyjylaryñ meýillerini seljermek arkaly düşündirilip bilner. Olar takyk sosial toparyñ ýaşaýyş şertleri, onuñ abraýy, haýsydyr bir hadysa, syýasy çözlüşe, kanunçylyga bolan durnukly höwesi bilen kesgitlenýän düýpli meýiller hem-de mesele ýagdaýy, jemgyýetçilik hadysasy, täze syýasy hereket bilen döredilýän gysga wagtlaýyn meýiller görnüşde bolýar. Soñky meýiller köp derejede jemgyýetde ýa-da toparda bolup geçýän wakalara duýgy-emosional islenmeler esasynda döreýär. Düýpli we gysga wagtlaýyn meýilleriñ özara utgaşmasy hereketiñ esaslandyrylanlygyny we "berkligini", maksadyñ üstünlikli ýerine ýetirilmekliginiñ çaklanylyşyny kesgitleýär.

Hereketñ tarapdarlaryny oña çekmek dürli ýollar arkaly amala aşyrylýar: çäkli hereketlerde ol gös-göni köçede, haýsydyr bir ýagdaý dogrusynda adamlaryñ gollaryny toplamak görnüşinde bolup biler. Hereketiñ has ýokary derejesinde oña adamlary çekmeklik ol barada döwtalaplygyñ dörän toparlarynda amala aşyrylýar. Meselem, raýatlaryñ hukuklary dogrusyndaky hereketiñ guramaçylary bikanun azatlykdan mahrum edilen, yzarlanan adamlar bolup biler; "Dünýä lukmanlary ýadro urşunyñ öñüni almak ugrunda" hereketi guraýanlar bu ugruñ hünär toparlary we ş.m. Her bir gatnaşyjy döwtalap toparỹñ çagyryşyna goşulyp ýa-da goşulmazlygy ýekebara çözýär. Bu ýagdaýda ol toparỹñ höwesiniñ özüniñki bilen gabat gelýänligini, töwekgelçiligiñ derejesini, eger-de hereket şowsuzlyga uçraýsa çekjek ýitgisini göz öñünde tutýar. Häzirki zaman sosiologik edebiýatynda indiwidiñ sosial herekete goşulmaklygynyñ sebäbini düşündirýän iki taglymat teklip edilendir.

**Çendan gabawlyk taglymatyñ** düşündirişine görä adamda haýsydyr bir maksada ýetmek dogrusyndaky isleg ol degişli gymmatlykdan, hukukdan düýpgöter mahrum bolan ýagdaýynda däl-de, ol haçan-da bulardan çendan mahrum bolanda ýüze çykýar. Başgaça aýdanyñda şeýle isleg haçan-da adam öz ýagdaýyny (ýa-da öz toparynyñ ýagdaýyny) beýlekileriñ ýagdaýy bilen deñeşdirilende kemala gelýär. Bu taglymatyñ tankytçylary onda meseläniñ



Ýöne kiçi topar hadysasynyñ aýdyñlygy onuñ ýönekeýligini añlatmaýar. Ilkinji nobatda, edil uly toparlarda bolşy ýaly, bu ýerde hem haýsy topary "kiçi" topar hökmünde kabul etmeli diýen mesele keserip durýar. Başgaça aýdanyñda, kiçi topar näme, onuñ haýsy görkezijileri sosial psihologiýanyñ derñew dersi bolýar diýen sowala jogap bermeli bolýar.

Bu maksat boýunça günbataryñ sosial psihologiýasynda kiçi toparlaryñ öwrenilişiniñ taryhyna ýüzlenmek ýerliklidir, çünki belli bir ýagdaýlara görä kiçi topar bu ýerde sosial psihologik derñewleriñ üns merkezine öwrüldi. Bu derñewler birnäçe tapgyrlar geçip, olaryñ her biri kiçi toparỹñ hut düşünilişine, onuñ şahsyýet üçin ähmiýetine belli bir täzelik goşdy. Derñewleriñ has irki döwürlerinde (bu döwür ABŞ-da 20-njy ýyllara dogry gelýär, esasan), indiwid ýekelikde gowy işleýärmi ýa-da beýlekileriñ gatnaşýan wagtynda oñat işleýärmi, beýlekileriñ gatnaşmaklygy her bir aýratyn agzanyñ işiniñ netijeliligini ýokarlandyrýarmy diýen sowal anyklandy. Bu derñewde hut beýlekileriñ gatnaşmaklygy şertine aýratyn agram berlip, toparỹñ özi bolsa, "gatnaşmaklyk" hadysasy hökmünde seredildi : adamlaryñ özara täsiri / **interaksiýa** / däl-de, olaryñ bir wagtda hereket etmek ýagdaýy / **koaksiýa/** öwrenildi. Şeýle "koaktiw" toparlaryň derñewi beýleki adamlaryñ gatnaşmaklygynda tizligiñ ýokarlanyp, indiwidiñ hereketiniñ hiliniñ peselýändigi anyklandy / hatda tejribäniñ şertlerinden bäsdeşlik pursaty aýrylan ýagdaýda-da /. Bu netijeler duýma - sensor

## 12-nji bap. KIÇI TOPARYÑ SOSIAL PSIHOLOGIÝADAKY UMUMY MESELELERI.

**Meseläniñ goýluşy.** Kiçi topar meselesi, sosial psihologiýanyñ iñ bir adaty we düýpli işlenen meselesidir. Kiçi toparlary derñemeklige gyzyklanma ir wagtlardan, has takygy, jemgyýetiñ we şahsyýetiñ özara gatnaşygy, şahsyýetiñ kemala geliş gurşawy dogrusyndaky meseleler orta atylandan başlap döräp ugraýar. Islendik öwreniji bu meseläniñ seljerilişine girişende öñünden syzylyş ýagdaýda kiçi topary şahsyýetiñ ilkinji kemala geliş gurşawy hökmünde kabul edýär. Adamyñ öz durmuşynyñ ilkinji günlerinden başlap belli bir kiçi toparlar bilen baglanyşyklydygy, onuñ diñe bir täsirini duýmak bilen çäklenmän, diñe olarda we olaryñ üsti bilen daşky dünýä barada ilkinji maglumaty alýandygyny we mundan beýläk öz işini guraýandygy mälimdir. Bu babatda kiçi topar hadysasy sosial psihologiýanyñ öñünde seljerişiñ dersi hökmünde gös-göni durýar.



añrybaş ýönekeýleşdirilýändigini, hakykata golaý zada çendan aşa ähmiýet berilýändigini belleýär.

**Serişdeleriñ sarp edilişi** atlandyrylýan ikinji taglymat herekete goşulmaklygyñ psihologik esaslaryny aýratyn ähmiýet berýär. Munda adamyñ topar bilen özüni birleşdirmek, özüni onuñ bir bölegi görnüşinde syzmak, şonuñ bilen baglanyşyklykda öz güýjüni duýmak, güýç-goruny sarp etmeklik islegi boýunça hereket edýänligi nygtalýar. Bu ýerde hem belli bir şertleriñ aşa bahalandyrylýandygyny bellemek bolar. Görnüşi ýaly sosial herekete adamlary çekmek meselesi entek özüniñ çözgüdine garaşýar.

Ikinji mesele islendik köpçülikleýin, şol sanda sosial hereketde **köpçüligiñ we azlygyñ orunlarynyñ utgaşmasyna** degişlidir. Bu mesele S. Moskowisiniñ nazaryýetiniñ merkezi pikir ýöretmesidir[1]. Sosial hereketleriñ birmazmunly däldigini, onda dürli sosial toparlaryñ wekilleriniñ birleşýändigini, şeýle hem hereketleriñ özboluşly görnüşlerini (ýokary duýgy dartgynlygy, dürli mazmunly maglumatyñ bolmagy) nazarda tutup, islendik sosial hereketde "ylalaşmaýanlary", has aýgytlylary, töwekgelleri we ş.m. ýüze çykarmaklyk has derwaýysdyr. Başgaça aýdanyñda hereketde azlyk çalt özüni tanadýar. Ony nazarda tutmazlyk hereketi gowşadýar. Bu ýagdaýda ikitaraplaýyn söhbet möhüm bolup, ol azlygyñ

---

[1] Moskowisi S. Obşestwo i teorii sosialnoý psihologii. Per. s frans. //Sowremennaýa zarubežnaýa sosialnaýa psihologiýa. Teksty. M., 1984

hukugyny, onuñ garaýşynyñ gelejekde dabaralanmagyna üpjün etmelidir.

S. Moskowisiniñ taglymatynda azlygyñ herekete täsir etmeklige bil baglap biljek şertleriñ häsiýetnamasy teklip edilýär. Olaryñ esasyny – özüñi alyp barşyñ yzygiderligidir. Bu ýerde yzygiderligi üpjün etmekligiñ iki "kesimi" göz öñünde tutulýar: sinhronlykda (gatnaşyjylaryñ pursatda bir pikirde bolmaklygy) we diahronlykda (azlygyñ ornunyñ we özüni alyp barşynyñ wagt dowamlygyndaky durnuklylygy). Diñe şeýle şertleriñ berjaý edilmekligi azlygyñ köplük bilen gepleşikleriniñ şowly bolmaklygyny kepillendirip bilýär. Şol bir wagtda gepleşik **usuly-da** ýörite işlenilmelidir: ylalaşygy gazanmak, artykmaç aýgytlylygy aradan aýyrmak, netijeli çözlüşe ýetmeklige taýýarlyk we beýlekiler.

Sosial hereketde döreýän üçünji mesele - **lider ýa-da liderler meselesidir.** Köpçülikleýin özüñi alyp barşyñ şeýle özboluşly görnüşiniñ lideriniñ aýratyn sypatlary özünde jemlemelidigi düşnüklidir. Munuñ bilen bir hatarda ol gatnaşyjylar tarapyndan kabul edilen maksatlary has doly añlatmaly we tutanýerli ornaşdyrmaly daşky keşbi jähtden adamlar köpçüliginiñ göwnüni awlamaly. Sosial hereketiñ lideriniñ keşbi onuñ gündelik aladasy bolmaly. Adatça, lideriñ ornunyñ berkligi we at-abraýy köp derejede hereketiñ üstünligini üpjün edýär. Hut şeýle häsiýetler lidere hereketi özüñi alyp barşyñ kabul



edilen çäklerinde saklamaga, hereketiñ başda saýlanan baş ugrundan sowulmazlygyna ýardam edýär.[1]

Aýdylanlar sosial hereketiñ öz hususy sosial – psihologik häsiýetnamalary bolan jemgyýetçilik durmuşyñ çylşyrymly hadysalygyna şaýatlyk edýär. Bu hereketler diñe bir guramaçylykly uly sosial toparlaryñ ýa-da tersine, diñe tötänleýin hadysalaryñ öwrenilişine ýeke-täk baglanyp bilinmez. Şol bir wagtyñ özünde olar adamlaryñ özüni alyp barşynyñ şeýle häsiýetdäki toparlarda ýüze çykýan usullarynyñ ähli toplumyny özünde jemleýär.

Uly sosial toparlaryñ psihologik häsiýetnamalaryny seljermek. Şahsyýetiñ we jemgyýetiñ özara meselesiniñ indiki mantygy ädimi – kiçi toparlary seljermekdedir.

[1] Ýaniskiý O. N. Sosialnyýe dwiženiýa: 100 interwýu ş liderami. M., 1991